TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

Gubaýew A., Orazgylyjow Ý., Sahydow T.

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY
## (iň gadymy döwürden VII asyra çenli)

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

Aşgabat - 2010

**A. Gubaýew, Ý. Orazgylyjow, T. Sahydow. Türkmenistanyň taryhy (iň gadymy döwürden VII asyra çenli)**. Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin synag okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň doktory **Ý. Orazgylyjowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

**©Annageldi Gubaýew, Ýazgylyç Orazgylyjow,**
**Täçmuhammet Sahydow**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

Türkmenistan döwletimiz Garaşsyzlygyny gazanandan soň, ylaýta-da Täze Galkynyşlar zamanamyzda ata Watanymyzyň, baý taryhly halkymyzyň taryhynynyň her bir wakasyny çuňňur we hemmetaraplaýyn öwrenmäge, türkmen halkymyzyň taryhy köklerine täzeçe garamaga giň ýol açyldy. Türkmeniň baý taryhly geçmişine uly sarpa goýýan Hormatly Prezidentimiz tarapyndan bu ugurda düýpli işler alyp barmaga ähli mümkinçilikler döredildi. Ata Watanymyzyň gadymy topragy umumyadamzat medeniýetiniň – siwilizasiýasynyň ilkinji ojaklarynyň biri bolupdyr. Täze gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde ýüze çykarylan açyşlar türkmen taryhynyň häzire çenli belli bolmadyk sahypalaryny ýüze çykardy. Bu açyşlar bilen taryhymyzyň gatlary baýlaşdyrylýar. Orta asyrlara degişli ruhy medeniýetimizde uly yz galdyran belli-belli alymlarymyzyň, edebiýatçylarymyzyň döredijiliginiň halkara derejesinde çuňňur öwrenilmegi hem taryhymyzyň baýlaşmagyna ýardam edýär. Türkmenistanyň taryhy dersi diňe taryhy wakalary beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem, talyp ýaşlaryň, ýurdumyzyň her bir raýatynyň watançylyk duýgularyny kämilleşdirmek wezipesini-de ýerine ýetirýär. Ol ýaşlara häzirkizaman jemgyýetçilik durmuşyna düşünmeklige we oňa girişmeklige itergi berýär. Türkmenistanyň taryhy talyplary gadymy wakalar, ata-babalarymyzyň watany goramak ugrundaky gahrymançylykly göreşleri bilen tanyş edýär. Olaryň aň-düşünjelerini häzirki durmuşda görýän çäklerinden has giňeldýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly belleýşi ýaly: “Biziň topragymyzda birmahallar meşhur bolan Parfiýa patyşalygy, ägirt uly Seljuk imperiýasy, Ürgenç imperiýasy we beýleki döwletleriň ençemesi ýerleşdi, olar özünden soň dörän gadymy siwilizasiýalaryň köp sanly ýadygärliklerini galdyrdy. Şol

ýadygärlikler geçmişde beýik sepgitlere ýetilendigine, biziň sebitimiziň gülläp ösendigine şaýatlyk edýär." Şonuň ýaly-da,ŶUNESKO-nyň Bütündünýä mirasynyň sanawyna gadymy Merwiň (1999ý.), Köneürgenjiň (2005ý.), Köne we Täze Nusaýyň (2007ý.) taryhy ýadygärlikleriniň girizilmegi, gadymy Marguş şäheriniň üstüniň açylmagy, türkmeniň köp müňýyllyk taryhyny hemmetaraplaýyn we dogruçyl ýazmak üçin täze,gymmatly taryhy çeşmeler bolup hyzmat edýärler. Biz halkymyzyň geçmişine doly göz ýetirmek üçin hökmany suratda taryhyň sahypalaryna ýüzlenmeli bolýarys. Taryh ylmy tebigatyň we jemgyýetiň özara baglanşyklylykda ösüş basgançaklaryny jikme-jikligi bilen onuň köpdürlüliginde we aýratynlyklarynda öwrenýän jemgiýetçilik ylymlaryň toplumudyr.Taryhy ösüşiň kanunalaýyklaryny öwrenmek üçin taryhy çeşmeler boýunça wakalar derňelýär.Taryhy düşünjeleriň taryh ylmyna öwrülmegi örän uzak döwrüň içinde bolup geçýär.Taryh ylmy birnäçe bölümlerden durýar.Ol dünýä (ähliumumy) taryhyndan we aýratyn ýurtlaryň taryhyndan ýa-da Watan taryhyndan durýar. Adamzat jemgyýetiniň taryhy ilkidurmuş ýa-da iň gadymy , gadymy, orta asyrlar, täze we iň täze taryh döwürlerine bölünýär.Taryh ylmynyň ykdysady taryh, harby taryh,taryhy geografiýa, taryhnama çeşmeşynaslyk, etnologiýa, arheologiýa,numizatika we ş.m pudaklary bardyr.

Gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan Türkmenistanyň taryhy ähliumumy taryhyň aýrylmaz bölegdir. Diýmek,Türkmenistanyň taryhy dersi biziň Watanymyzyň çäklerinde adamzat jemgyýetiniň döreýşini we ösüşini dünýä halklarynyň taryhy bilen baglylykda çuňňur öwrenmek maksadyny öňde goýyar.

Bu kitap türkmen taryhynyň Oguz han eýýamynyň ösüşli aýratynlyklaryny bar bolan maglumatlara esaslanyp,çuňňur öwrenmäge niýetlenendir. Ŷurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna,talyp ýaşlaryna

we giň okyjylar köpçüligine niýetlenilen bu kitapda türkmen taryhynyň şöhratly sahypalary bolan Jeýtun medeniýeti, Änew medeniýeti,Altyndepe we gadymy Marguş döwletleri, Beýik Parfiýa döwleti,gadymy Horezm döwleti we beýleki döwletler,olaryň görnükli hökümdarlary,taryhda bitiren işleri dogrusynda gadymy taryhy çeşmelere esaslanylyp ygtybarly maglumatlar berilýär.

Biziň ýurdumyzyň çäklerinde geçmişde ýaşan halklar we taýpalar barada ilkinji ýazuw maglumatlar pars klinopis ýazgylarynda,grek we rim taryhçylarynyň,geograflarynyň işlerinde duşýar.Ýurdumyzyň gadymy taryhyny öwrenmeklikde b.e.öňki I asyrdan b.e.VIII asyryna çenli bolan döwri öz içine alýan Hytaý taryhynyň çeşmelerindäki maglumatlaryň hem uly ähmiýeti bardyr. Bu çeşmeler geçmişiň maddy we ruhy medeniýetini öwrenmekde gymmatly we anyk maglumatlar berýär. Türkmenistanyň taryhynyň Oguz han döwri baradaky çeşmeleriň iň gadymysy we ygtybarlysy b.e.öň VI asyra degişlidir. Şol döwürde döredilen Bisütün gaýa ýazgysynda b.e.öň 522 ý. Margianada başlanan halk gozgalaňynyň ahemeni patyşasy Dariý I tarapyndan rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylandygy bellenilýär. Türkmenistan barada maglumaty berýän beýleki bir gadymy ýazuw ýadygärligi otparazçylygyň mukaddes kitaby “Awestadyr”. Ol kitap ýazylan wagty boýunça ilkinji orunda duryan gymmatly ýygyndylar toplumydyr. Bu taryhy ýadygärlik b.e.öň III-II müňýyllyklarda halk döredijiligi görnüşinde ýüze çykyp başlaýar. B.e. öň VII – VI asyrlarda ol doly düzülip gutarandyr diýip çak edilýär. “Awesta” käbir beýleki ýewropa dillerine-de geçirlipdir.``Awestada`` Merkezi Aziýa we Eýran halklarynyň döreden köp sanly rowaýatlary, hekaýatlary ýygnanypdyr.

Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan iň gadymy taýpalar barada ylmy hakykata belli bir derejede golaý maglumatlary biz gadymy grek alymlarynyň işlerinde görýäris. Şol döwürde

Ahemeniler Gresiýa bilen jebis syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklara girişipdir. Grek alymlary Ahemeni döwletiniň birnäçe ýerlerine baryp görüpdirler ýa-da baryp gören adamlardan maglumatlar alyp bilipdirler. Olaryň birnäçesi özlerinden öň ýazylan, emma, bize gelip ýetmedik ylmy işlerden hem peýdalanypdyrlar.Gadymy grek alymlarynyň işleriniň ygtybarly maglumat aýratynlygy olaryň öz gören zatlaryny ýoýman beýan edip bilmeklerinde jemlenipdir.

"Taryh ylmynyň atasy" Gerodot (takmynan b.e.öň 490-425 ý.ý.). öz eserlerinde ýurdumyzyň taryhynyň gadymy döwri barada ygtybarly maglumatlar beripdir. Ol ýaş wagtynda Alynky Aziýa ýurtlaryna, Gara deňziniň boýuna syýahat edip, köp maglumat toplapdyr. Soňra ol ``Grek-pars uruşlarynyň taryhy``atly eserini ýazypdyr. Bu iş ``Taryh`` ady bilen bellidir. 9 tomdan ybarat bolan bu kitabyň birinji tomunda ahemeni patyşasy Kiriň Merkezi Aziýa massagetleriniň garşysyna ýörişi beýan edilýär. Şol bir wagtda ol häzirki Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan taýpalardan çarwa we oturymly taýpalaryň atlaryny agzaýar, olaryň hojalygy, däp-dessurlary, egin-eşigi, medeniýeti barada maglumatlar berýär.

Gadymy grek geografiýaçysy we taryhçysy Strabon (takmynan b.e.63ý-23/24ý) 17 kitapdan ybarat "Geografiýa"diýen işini ýazypdyr.Ol öz işiniň 11-nji kitabyny Merkezi Aziýa bagyşlapdyr.Bu işde şol döwürde Merkezi Aziýanyň we Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen derýalar,taýpalar,halklar barada , Parfiýa,Margiana,Sogdiana barada gyzykly maglumatlar bar.

B.e I asyrynda ýaşap geçen rim taryhçysy Pompeý Trog özüniň "Filippiniň taryhy"diýen eserinde Parfiýa barada,parfiýa-rim uruşlary barada,Aleksandr Makedonskiniň döwleti we ýörişleri barada maglumatlar berýär.

Gerodotyň döwürdeşleri we ondan soňky awtorlardan Ewripidiň (b.e. öň V a.), Eforyň (b.e.öň 405-330 ý.ý.), Ksenofontyň (b.e. öň 430- 354 ý.ý.), Ktesiýniň (b.e.öň 430-354

ý.ý.) eserlerini deňeşdirmek netijesinde b.e.öň VI–IV asyrlarda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde, medeniýetinde, däp-dessurlarynda bolup geçen özgertmeleri seljermek bolýar. Bu awtorlar Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan ariý, girkan, parn, issedon, sak, dah, derbik, ksantiý, pissur, tapur we ş.m. taýpalary agzaýarlar. Olaryň eserleriniň easasynda ýerli taýpalaryň VI-V asyrlarda synpsyz jemgyýetde ýaşandyklary görünýär. Mysal üçin, grek awtorlary şol döwürde agzalan taýpalarda umumy emlägi, umumy aýallary, umumy çagalary bolan toparlaýyn nika gatnaşyklarynyň galyndylaryny belleýärler. Olaryň aýtmagyna görä, ýerli taýpalarda adamy aldamak, göriplik diýen düşünjeler ýok, talaňçylyk bütinleý ýok. Söwda gatnaşyklary giňden ýaýran. Şol zatlar ýerli taýplaryň durmuşy ilkidurmuş jemgyýetiňnyň dargamak döwrüne gabat gelýär diýip aýdyp bolar.

B.e. öň IV asyrda Aleksandr Makedonskiniň ýörişi mahalynda köp sanly grek alymlary Orta Aziýany öz gözleri bilen görüp, şol barada ýazgylar galdyrypdyrlar. Olardan Aristobuly, Ptolomeý Lagy, Kallisfeni, Onesikriti, Anaksimeni, Haresi agzamak bolar. Gynansakda, olaryň işleriniň köpüsi soň ýitip gidipdir. Ýöne şol awtorlaryň getiren maglumatlary bize gelip ýeten işlerinde soňky awtorlar Arrian, Kwint Kursiý, Ruf (I-a.), Diodor, Plutarh, Strabon, Pompeý Trog öz işlerinde giňden ulanypdyrlar. ``Alanlar barada``, ``Aleksandryň ýörişi``, ``Parfiýalylar barada`` diýen işleri ýazan Arrianyň berýän maglumatlary beýleki taryhy çeşmelerde-de doly tassyklanýar. Bu awtorlaryň berýän habarlaryna görä, Türkmenistanyň ilaty bu wagta sosial bölünişikde uly ýol geçipdir, ýokary gatlak bölünip aýrylyp, onuň häkimiýeti berkäpdir. Horezmiň, saklaryň ahemenilerden bölünip aýrylmaga ymtylandygy hem bellenilýär.

B.e. III asyrynda Parfiýa döwleti ýykylyp, Sasanylar döwletiniň ýokary galmagy, Rim imperiýasyna wagşylaryň çozup başlamagy bilen grek-rim awtorlarynyň Türkmenistan

barada ýazmaga mümkinçilikleri düýpli peselipdir. Şonuň ýalyda, soňky XX-XXI asyrlarda belli alymlar akademik W.W. Bartoldyň A.Ýu.Ýakubowskiniň, S.P.Tolstowyň ,W.I.Sarianidiniň, G.Nepesowyň, M.Ýe.Massonyň ,akademik A.Garryýewyň ,taryh ylymlarynyň doktorlary Ş. Täşliýewiň, T. Durdyýewiň, S. Agajanowyň, professorlar A. Gubaýewiň, Ş. Annagylyjowyň we beýleki onlarça türkmen alymlarynyň bu ugurda ýerine ýetiren işleri taryhymyzyň çuňňur we dogruçyl öwrenilmeginde uly ähmiýete eýe boldy.

## 1. Türkmenistanyň taryhynyň iň gadymy we gadymy döwri

Watanymyzyň taryhyny döwürlere bölüp öwrenmekde,Oguz han döwri türkmen taryhynyň ilkinji gözbaşlaryny, adamzadyň kämillik ýolundaky basgançaklarynyň iň uzak döwrüni özünde jemleýändigi bilen aýratyn häsiýetlendirilýär.

Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan iň gadymy adamlar jemgyýetiň ösüş kanunyna laýyklykda ilkidurmuş gurluşyny başdan geçiripdirler. Türkmenistanyň çäklerinde iň gadymy adamlaryň mundan 800 müň-1 mln ýyl mundan ozal ýaşandygy baradaky ylmy çaklama öňe sürülýär. Bu çaklamany Sumbar derýasynyň jülgesinden (Magtymguly etraby) tapylan ilkidurmuş adamlarynyň ýasan gödek zähmet gurallary tassyklaýar.

Ilkidurmuş gurluşynyň ýüze çykan döwri bolan paleolit zamanynyň taryhy senelenişi mundan 2 million gowrak ýyl öň başlanyp, XII müňýyllykda hem tamamlanandyr. Şol aralykda Türkmenistanyň çäklerinde uly fiziki-geografiki özgerişler bolupdyr, ýagny çygly we gurak döwürleriň bolup geçmegi Hazar deňziniň derejesiniň ýokary göterilmesi we aşak düşmesi, derýalar ulgamynyň düýpli üýtgeşmeleri, Garagum

çölüniň boş hanalarynyň emele gelmegi, has belent dag gerişleriniň (Uly Balkan, Köpetdag, Köýtendag) buz bilen örtülmegi,ösümlik we haýwanat dünýäsiniň özgermegi ýaly uly üýtgeşmeler bolup geçipdir.

Türkmenistanyň taryhynyň Oguz han döwrüni öwrenmekligiň esasy maksady Türkmenistanyň çäklerinde ýüze çykan adamzat ýaşaýşynyň ilkinji basgançaklaryny giňişleýin, çuňňur we töwerekleýin öwrenmekden ybaratdyr. Biziň ata-babalarymyz Oguz han döwründe umumyadamzat gymmatlyklaryna türkmen bedewleri, türkmen halysy, şaý-sepleri,ak bugdaýy ýaly dünýä ýüzünde ykrar edilen genji-hazynasyny goşup, taryhyň ösüşine uly itergi beripdirler. Türkmenistan döwletimiziň çäkleri adamzat jemgyýetiniň ösüşi üçin amatly şertleri bolan ýurt hökmünde, özüniň ösüş basgançagynyň dürli döwürlerinde ata-babalarymyz ekerançylygyň ilkinji mekany bolan Jeýtun medeniýeti, Änew medeniýeti ýaly ýokary ösüşleri bilen taryhda uly yz galdyran medeniýetleri, Altyndepe şäher döwleti, Marguş döwleti, Beýik Parfiýa ýaly dünýä ýaň salan ençeme döwletleri döredipdirler. Bu medeni ojaklarda we döwletlerde sungatyň gülläp ösen derejede bolmagy, ýerli halkyň ykdysady ýagdaýynyň hem ösenliginden habar berýär. Bu gürrüňi edilýän döwürde taryhda ençeme duşmanlara berk gaýtawul berip,halkymyzyň Watanyňy jandan söýmeklik ýaly häsiýetlerini ýüze çykaran wakalaryň hem ençemesi bolup geçipdir.Muňa mysal edip, Ahemeniler döwletiniň, Aleksandr Makedonskiniň we beýlekileriň biziň ýurdumyza eden basybalyjylykly ýörişlerini görkezmek bolar.Şonuň ýaly-da,



Türkmenbaşy şäheriniň golaýyndan tapylan paleolit döwrüne degişli daş gurallar


Kesgirbulakdan tapylan iň gadymy dašdan ýasalan çisler

Oguz han eýýamynda ýurdumyzyň çäklerinde dörän Kaňly-arabaçylar döwleti, Afrigiler döwleti,Eftalylar döwleti taryhyň ösüşli çarhyny aýlamaga ýardam edipdir.

Müňýyllyklary arka atan taryhy geçmişimizde mähriban Diýarymyzyň çäkleri iki zolakdan durupdyr. Onuň kiçi bölegini ekerançylyk zolagy emele getiren bolsa esasy hem uly bölegi sähra ýaýla zolagy düzüpdir. Şuňa laýyklykda ülkämiziň ilaty hem iki bölekden oturymly çomry hem göçme çarwa ilatdan durupdyr. Çomrular bilen çarwalaryň arasyndaky gatnaşyklar gadymyýetde-de,orta asyrda-da türkmen halkynyň taryhynda uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Ülkämiziň ekerançylyk etraplarynyň ýerleşiş ýagdaýyny takmynan, şu aşakdaky ýaly görkezmek bolar:

-Gadymy Dahystan ýada Dehistan, ol Etrek derýasynyň demirgazyk tarapynda ýerleşen mes toprakly çöllükdir. Mongol basybalyşlaryna çenli ol ýerde çylşyrymly suwrdyş desgalary bolup, ekerançylyk giň gerim alypdyr we şäher durmuşy möwç urupdyr. Mongollaryň wagşyçylykly hereketleri birwagt güllän bu ülkäni suwsyz çöllüge öwrüpdir.

-Ahal we Etek etraplary, olar Köpetdag etegindäki insiz zolagy öz içine alyp, bu ýerlerdäki derýajyklara hem bulaklara esaslanmak bilen, ilat ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar.

-Tejen we Sarahs etraplaryny geçmişde ekerançylyk üçin onçakly amaty bolmandyr. Çünki tomsuna Tejen derýasy bütinleýin diýen ýaly gurapdyr. Şuňa göräde ilat ekerançylyk bilen bilelikde çarwaçylyk bilen hem iş salyşmaly bolupdyr.

-Murgap oazisi. Bu ýerde bentlerdir jarlaryň çylşyrymly giň göwrümli ekerançylyk etraplary döredilipdir.

-Orta Amyderýa jülgesi ýa-da Lebap oazisi. Öň belleýşimiz ýaly, Jeýhunyň suwuny ekerançylykda peýdalanmakda çylşyrymly kynçylyklaryň hötdesinden gelmek wezipesi, taryhy geçmişde, derýanyň bol suwuna laýyklykda, ýerleriň özleşdirilişiniň giň gerim alarlykly etmäge ýol berlipdir.

-Horezm oazisiniň mes toprakly demirgazyk günbatar Türkmenistana degişli bölegine suwuň kanallarynyň sakasyndan köp almagy bilen baglanyşyklylykda, suw az baryp ýetenem bolsa, ol gadymy wagtlardan bäri ösen ekerançylygyň merkezlerinden birine öwrülipdir.

Görşümiz ýaly, ülkämiziň çäklerinde ekerançylyk we çarwaçylyk etraplary biri-birleri bilen aralaşan ýagdaýda ýerleşipdir. Bu bolsa şol etraplaryň çomry hem çarwa ilatlarynyň gatyşmagyna,özboluşly taryhynyň ýüze çykmagyna getiripdir. Hojalygyň we durmuşyň ýarym oturymly, ýarym göçme görnüşleriniň emele gelmegine sebäp bolupdyr. Adatça, çomry ilaty özüniň esasy käri bolan ekerançylygyň üstüni kem-käsleýin çarwaçylyk bilen ýetiripdir. Edil şunuň ýaly çarwa ilaty maldarçylykdan daşary düme ekerançylygy bilen hem meşgullanypdyrlar. Suwsuz ägirt giňişlige ýaýylýan çölleriň we oazisleriň, biri-birleri bilen aralaşyp ýerleşmekleri , geçmişde Türkmenistanyň durmuşynda, hojalyk-ykdysady ösüşinde, sosial-jemgyýetçilik gurluşynyň aýratynlyklaryny, syýasy taryhynyň gidişinde özüniň öçmejek yzyny galdyrypdyr. Gündogaryň hususan-da, goňşy ýurtlar bolan Eýranyň, Owganystanyň, Hindistanyň alyp baran syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary netijesinde bu halklaryň biri-birine täsiri uly bolupdyr.Olaryň ýaşaýyş durmuşynda umumylyk ýüze çykypdyr.Medeniýetdäki umumylyklara söwda ýollary boýunça alnyp barlan gatnaşyklar hem uly täsir edipdir. Gadymy Gündogaryň binagärçilik sungatynda hem

meňzeşlikler bolupdyr. Bu meňzeşlikler diňe bir ýaşaýyş jaýlarynda däl, eýsem hökümdarlaryň köşklerinin, dini ybadathanalarynyň gurluşygynda hem aýdyň görünýär.Halklaryn we yerli ilatyn agzybirligine dini dusunjeler uly tasirini yetiripdir.Irki dowirde Turkmenistanyn yerlerindeyasan ilat durli dinlere uyupdyrlar. Olar dini garayyslarynyn durli-durli bolandygyna garamazdan agzydirlikde yasapdyrlar. Dini ynançlar,däp-dessurlar babatda hiç-hili çäklendirmeler bolmandyr. Şeýlelikde, adamzat jemgyýetiniň medeni ösüşi halklaryň biri-birlerinden üzňelikde däl-de, eýsem özara hyzmatdaşlygynda ösüpdir. Taryhçy alymlar Türkmenistanyň çäginde ýaşan iň gadymy adamlaryň öz ösüşinde kanunalaýyk ençeme döwürleri geçirendiklerini nazarda tutup, iň gadymy döwri hem öz aýratynlyklaryna laýyklykda döwürlere bölýärler. Şol döwürleşdiriş boýunça alymlar iň gadymy adamzat jemgyýetinde peýdalanylan zähmet gurallarynyň esasynda bu taryhy döwri daş, mis we bürünç asyrlaryna bölýärler. Daş asyrynyň birinji döwri paleolit-(grekçe paleýos-gadymy, latynça litos-daş), ýagny, gadymy daş asyry diýip atlandyrylýar. Paleolit hem öz gezeginde irki we giçki döwürlere bölünýär. Paleolitiň irki döwri Türkmenistanyň ýerlerinde takmynan 1 mln. 700-800 müň ýyl mundan öň başlanypdyr we b. e. öňki 35-30-njy müňýyllyklara çenli dowam edipdir. Giçki paleolit bolsa, takmynan b.e.öňki 35-30-njy müňýyllyklardan b.e.öňki XI müňýyllyga çenli dowam edipdir.

Daş asyrynyň II döwri mezolit-(grekçe mezos-orta), ýagny orta daş asyry b.e. öňki XI-VII müňýyllygyň I ýarymyny öz içine alýar. Daş asyrynyň III döwri neolit-(grekçe neos-täze), ýagny täze daş asyry diýlip atlandyrylýar. Neolit b.e. öňki VII müňýyllygyň ikinji ýarymyndan b.e. öňki V müňýyllygyň birinji ýarymyna çenli dowam edipdir. Biziň eýýamymyzdan öňki V müňýyllygyň ikinji ýarymyndan

eneolit-(grekçe- enus-mis), ýagny mis-daş asyry başlanypdyr. Eneolit b.e. öňki IV müňýyllygyň ahyryna çenli bolan döwri öz içine alypdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki III müňýyllygyň başlaryndan II müňýyllygyň ahyrlaryna çenli bolan döwür bürünç asyryna degişlidir. Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda demriň önümçilikde ulanylyp başlanmagy bilen alymlar bu döwüre demir asyry diýip at beripdirler. Bu döwürleşdiriş Oguz han eýýamynyň taryhynyň entekler bu ugurda edilmeli işleriň köpdügini, taryhyň öwrenilmeli sahypasynyň ummasyzdygyny görkezýär.

## 2. Gadymy döwürde Türkmenistanyň tebigy şertleri we adamlaryň ilkinji ýaýrawy

Alymlar adamzadyň peýda bolanyndan tä häzirki döwre çenli geçen taryhy ýoluny öwrenmegiň netijesinde adamzat taryhynyň ähli döwürlerde hem birsydyrgyn ösmändigi baradaky netijä geldiler. Adamzat tebigatdaky beýleki jandarlar ýaly ýönekeýlikden, kem-kemden has çylşyrymly ösüş häsiýetine eýe bolupdyr. Ilkidurmuş adamlarynyň zähmet gurallary , onuň bilen baglylykda işi-de, aňy-da ösüpdir. Eger adam öz ösüşiniň ilkinji basgançagynda tebigatdaky taýýar önümler (ýabany agaçlaryň miweleri, mör-möjekler we beýlekiler, ýabany haýwanlar) bilen güzeran gören bolsa, soňa-baka tebigatyň syrlaryny öwrenipdir, tebigaty özüne hyzmat etdirmegiň



Oguz han ogullary bilen. Häzirkizaman suraty

ýollaryny öwrenip, jemgyýetçilik ösüşini ýokary derejä ýetirmegi başarypdyr.

Ilkidurmuş topar döwri ilkinji adamzat jemgyýetiniň haýwanat dünýäsinden adamzat döwrüne geçmegi bilen häsiýetlendirilýär. Adamzadyň ilkidurmuş topary bilen ilkidurmuş urugçylyk basgançaklarynyň arasynda tapawutly aýratynlyk bar. Bu aýratynlyk iň gadymy ata-babalarymyzyň gadymy haýwanat dünýäsinden saýlanyp, aňly-düşünjeli şahsyýete öwrülmegi bilen düşündirilýär.

Ilkidurmuş urugçylyk basgançagynda adamyň durmuşynda iňňän uly özgerişler bolup geçipdir. Bu özgeriş aýratynda enelik urugy jemgyýetine mahsus bolupdyr.

Urugçylyk jemgyýeti döwrüni iki sany basgançaga bölmek mümkin. Onuň birinjisi urugçylygyň ilkinji basgançagy, ikinjisi bolsa urugçylyk basgançagydyr. Urugçylyk basgançagy ilkinji synpy jemgyýete geçiş döwrüni öz içine alýar. Bu geçiş döwrüne L.Morgan “harby demokratiýa” basgançagy diýip at beripdir. Eger urugçylygyň ilkinji basgançagy enelik urugy döwrüne gabat gelen bolsa, ilkidurmuş jemgyýeti gurluşynyň urugçylyk we harby demokratiýa basgançaklary atalyk urugy döwrüne-patriarhat döwrüne gabat gelýär.

Urugçylygyň ilkinji basgançagynda ilkidurmuş jemgyýeti hojalygynyň goşmaça girdejisiniň peýda bolmagy eýeçilgiň bölünmegine sebäp bolupdyr.Şu döwürden başlap uruglaryň, taýpalaryň birleşmegi başlanyp,taýpalaryň arasynda ykdysady gatnaşyklar ýüze çykypdyr. Ykdysady durmuşyň aladalary erkek adamlaryň elinde jemlenip başlamagy netijesinde atalyk urugy-patriarhat emele gelipdir.Jemgyýetde erkekleriň täsiriniň güýçlenmegi kanuny ýagdaýda jübüt maşgalalaryň döremegine getiripdir.

Ilkidurmuş jemgyýeti döwründe adamzat ilkinji amaly sungaty oýlap tapypdyr. Gadymy heýkeltaraşlar öz eserlerini ilki bilen aýallaryň heýkellerini ýasamakdan başlapdyrlar.

Aýallaryň heýkelleri ilkibada mamontlaryň süňkünden,daşdan ýasalypdyr. Adatça, olar ýaşaýşyň dowamatyny häsiýetlendirýän göwreli aýalyň şekilini bejeripdirler.

Ilkidurmuş jemgyýeti döwrüniň taryhyny öwrenmekde arheologiki ýadygärlikler, maddy-medeni ýadygärlikler ýeke-täk çeşme bolup hyzmat edýär. Alymlar iň gadymy adamzat jemgyýetinde peýdalanylan zähmet gurallarynyň esasynda ol döwri daş, mis, bürünç, demir asyry ýaly döwürlere bölýärler. Meselem, adamzadyň iň gadymy wekilleri öz zähmet gurallaryny daşdan (çakmak daş we başgalar) ýasandyklary üçin adamzadyň irki döwri "daş asyry döwri" diýip at aldy. Daş asyry döwri hem öz gezeginde gadymy daş asyry (paleolit), orta daş asyry (mezolit) we täze daş asyry (neolit) döwürlerine bölünýär.


Oguz han

Adamzat ekerançylygy we maldarçylygy açmak bilen baglylykda zähmet gurallaryny, bezeg şaý-seplerini taýýarlamakda metaldan peýdalanyp başlapdyr. Ilkidurmuş jemgyýetiniň daşdan ýasalan zähmet gurallarynyň arasynda az-kem metaldan (misden) ýasalan gurallaryň peýda bolmagy adamzadyň durmuşynda düýpli özgerişlik bolup durýar. Şonuň üçin bu döwür "eneolit ",ýagny mis-daş döwri ady bilen taryha girdi. Biraz soňrak ata-babalarymyz misi galaýy bilen garyşdyryp täze görnüşdäki metal bolan bürünçden zähmet gurallaryny ýasapdyrlar. Bu döwür ilkidurmuş jemgyýetiniň taryhynda "bürünç asyry" diýip at aldy. Ýöne bürünçden zähmet gurallaryny ýasamaklyk hem daşdan ýasalan zähmet

gurallaryny doly gysyp çykaryp bilmändir. Ata-babalarymyz bürünçden hem berk metal bolan demirden gurallar ýasap başlasalar-da, bürünçden zähmet gurallaryny ýasamaklyk öz artykmaçlyklaryny saklap galypdyr. Şonuň üçin hem bu döwre arheologik döwürleşdirişde ilkinji demir asyry diýlip at berilýär. Türkmenistanyň çäklerinde ilkinji demir asyry b.e.öňki VIII-V asyrlara gabat gelýär.

Adamyň peýda bolmagy baradaky meselede ylym äleminiň öz garaýşy bar. Alymlar adamyň peýda bolmagy baradaky mesele bilen gadymy döwürlerden bäri gyzyklanýarlar. Meselem, grek alymy Aristotel "tebigaty bir merduwana meňzedip adamzat aşakdan ýokara, ýönekeýlikden çylşyrymla, haýwanat äleminden adamzat dünýäsine ösüp ýetdi" diýen pikirini öňe sürüpdir. 1848-nji ýylda Ispaniýaly işçiler Gibraltar bogazynyň ýanyndaky gaýalarda partlaýyş işleri geçirilen wagty iň gadymy adamyň aşaky eňeksiz kelle süňküni tapdylar. 1856-njy ýylda bolsa Germaniýanyň Neandertal deresindäki Feldgofer gowagy arassalanýan mahaly Gibraltardaky tapyndy bilen döwürdeş adamyň kelle süňküniň çanagy we beýleki süňkleri tapyldy. Bu kelle süňki alymlar tarapyndan öwrenilende olaryň beýni çanagynyň göwrüminiň 1400 kub santimetre ýakyndygy we onuň akylly, aň-düşünjeli adamyň kelle beýnisine meňzeşligi anyklanyldy. Iki tapyndy "neandertal adamy" diýen at bilen dünýä taryhyna girdi. Adamlar neandertallaryň ýaşan döwrüni 140 müň ýyl mundan ozal diýip bellediler.

1856-njy ýylda fransuz paleontology Larti Awstriýanyň ýokary Koranno diýen ýerinde ýer taryhynyň bioten gatlaklaryndan (5-6 mln ýyl ozal) iň ýokary görnüsdäki adam şekilli maýmynyň üç dişi bilen aşaky eňegini tapdy. Oňa alymlar "driopitek" (agaçlarda ýöreýän maýmyn) diýip at berdiler. Häzirki wagtda dünýäniň dürli ýerlerinde driopitekleriň 10-dan gowrak görnüşi tapyldy. Alymlaryň gelen netijelerine görä, olar Awstriýa driopiteklerinden

tapawutlylykda, şimpanze, gibbon, orangutan, gorilla ýaly häzirki maýmynlaryň ata-babalarydyr. Adamyň döremegi hakdaky nazaryýetde awstriýa driopitegi bilen neandertal adamynyň ilkidurmuş adamlarynyň aralyk wekilleriniň bolmagynyň mümkinligi ýüze çykaryldy. 1926-njy ýylda Gibraltar gaýasyndaky gowakdan ýene ilkidurmuş adamlarynyň süňkleri, daş gurallary tapyldy.Şuňa meňzeş daş gurllary bilen iki sany meňzeş adamynyň skeleti 1924-nji ýylda Krymdaky Kikkabo gowagyndan hem tapyldy. 1938-nji ýylda şoňa meňzeş tapyndy Özbegistanyň Deşikdaş gowagyndan gazylyp alyndy. Türkmenistanda Damdamçeşme we Jebelden tapylan şular ýaly tapyndylara häzirki wagtda dünýäniň 50-den gowrak ýerinde duş gelinýär. Neandertal görnüşdäki adamlaryň kelleçanagynyň göwrümi 1300-1400 kub sm barabardyr. Adaty adamyň kelleçanagynyň göwrümi 1400-2000 kub sm-den uly bolmaýar. (A.P.Okladnikow, W.Lýubin)

1890-njy ýylyň noýabrynda Gollandiýaly alym Ýewgeniý Dýubua Indoneziýanyň Ýawa adasyndaky Kedung-Prowus derýasynyň kenaryndaky gatlakdan adamyň aşaky eňegini tapdy. 1891-1892-nji ýyllaryň dowamynda Ýawa adasynyň çäklerinden ýene-de birnäçe adamynyň süňkleri we daş gurallary tapyldy. Adamyň kelle süňküniň göwrümi 900 kub sm eken. Şeýlelikde driopitek bilen neandertal adamynyň arasyndaky ilkinji ara tapawut ýüze çykaryldy. Ý.Dýubua Ýawa adasyndaky tapyndylary dykgatly öwrenenden soň, “adamzadyň bu ata-babalarynyň baldyr süňkleriniň gurluşyna seredip, olar iki aýak bilen ýöräpdirler” diýen, netijä geldi we oňa “pitekantrop”,ýagny “iki aýakly ýöreýän maýmyn-adam” diýip at berdi. Pitekantroplaryň ýaşan döwri alymlaryň aýtmaklaryna görä, 1 mln ýyl mundan öň diýip kesgitlendi.

1924-nji ýylda Günorta Afrikada ýeriň jümmüşiniň pliosen (mundan 3-4 mln ýyl ozal) gatlaklaryndan adamzadyň ýene bir ilkinji wekiliniň süňkleriniň galyndylary tapyldy. Alymlar ony awstralopitek (günorta “maýmyn”) diýip

atlandyrdylar. Ölçelip görlende, onuň kelle süňküniň göwrümi 700 kub sm çykdy. Adatça, driopiteklerde kelle süňküniň göwrümi 600-680 kub sm-den geçmeýär. Şeýlelikde, driopitek bilen pitekantropyň aralygyndaky aratapawut hem ýüze çykaryldy. 1929-njy ýylda Hytaý alymlary, Pekinden 60 km günorta-günbatarda ýerleşýän Çjaykautýan obasynyň golaýyndaky gowaklardan ilkidurmuş adamlarynyň süňkleriniň galyndylaryny tapdylar. Oňa çenli 1918-nji ýylda şwed alymy Anderson hem bu ýerde işläp gadymy haýwanlaryň süňklerini tapdy. Bu ýerde meýdan gözleg işleri 1936-nji ýyla çenli dowam etdi. Netijede, 40-dan gowrak adam aýaklarynyň süňkleri we onuň yzlary tapyldy. Alymlar adamzadyň ata-babalaryna “sinantrop” (hytaý adamy) diýip at berdiler we onuň ýaşan döwrüni 500-600 müň ýyl mundan ozal diýip kesgitlediler. Sinantropyň kelleçanagynyň göwrümi 1100-1200 kub sm bolup çykdy.

Şeýlelikde, pitekantrop bilen neandertaly baglaýşdyrýan umumylyk hem tapyldy. Çarlz Darwiniň adamyň peýda bolmagy hakyndaky ewolýuson nazaryýeti ylmy taýdan tassyklandy. Häzirki wagtda ylymda neandertal adamynyň alty görnüşi bellidir. Olar b. e. öňki 140-100 müňünji ýyllaryň aralygynda ýaşapdyrlar. Beden gurluşy taýdan häzirki zaman adamlaryna gaty ýakyn bolan neadertal adamlarynyň öňdäki dişleri pitekantropyňky ýaly öňe çykyp duran däl, emma boýlary gysga, elleri tagaşyksyz bolupdyr, ýüz keşbi öňe çykyp durmandyr.

1868-nji ýylda Fransiýanyň Dordoni welaýatyndaky Kromanon gowagyndan bäş sany adamyň jaýlanan ýeri tapyldy. Kromanon adamlarynyň boýy beýik(180 sm-e çenli) ,kelle süňküniň göwrümi 1590 kub sm bolupdyr. Ýüzleri giň, gaşlarynyň aşagy öňe çykyp duran ýüz keşbi häzirki zaman adamlaryna meňzeş bolupdyr. Umuman, olaryň süňkleriniň gurluşy häzirki zaman adamlarynyňkydan tapawutlanmaýar. Alymlar bu tapyndynyň adyny şu ýerdäki gowagyň ady bilen

“Kromanon adamy”,ýagny “akylly adam” diýip atlandyrdylar. Häzirki wagtda kromanon görnüşindäki adamlaryň galyndylary ýer şarynyň ýüzden gowrak ýerlerinden tapylyp öwrenildi.

1959-njy ýylda amerikaly alymlar gündogar Afrikanyň Olduwaý jülgesinde iň gadymy adamlaryň süňklerini tapdylar. Bu ýerde adamyň kelle süňki bilen bile ownuk haýwanlaryň süňkleri, doňuz we antilop süňkleri we daş gurallary tapyldy. Alymlar oňa “zinjantrop” diýip at berdiler we onuň ýaşan döwrüni awstralopitek bilen pitekantropyň aralygy diýip kesgitlediler. Zinjantropyň süňk gurluşy we kelle süňki köp babatda pitekantropa golaýlaýar, emma zinjantropyň tapylan biologiki gatlagynyň senesi 1,5-2 mln ýyl diýip kesgitlendi. Bu bolsa adamzadyň zähmet çekip başlan ilkinji ata-babasy pitekantropdan öň zinjantrop bolandyr diýen netijä getirýär.

Ýokarda beýan edilen maglumatlara esaslanyp, beýan edilen döwrüň aýratynlygy hökmünde aşakdaky ýaly netije çykarmak bolar.

1. Adamzat tebigatyň aýrylmaz bir bölegi hökmünde taryhyň belli bir döwründe haýwanat dünýäsinden bölünip aýryldy. Ol mahluk ylymda iň ýokary görnüşdäki adam şekilli “maýmyn driopitek” diýip at aldy. Driopitekleriň 10-a golaý görnüşi bolsa-da ,olaryň hemmesi adamlaryň ata-babalary bolmandyr. Adam diňe Awstraliýada tapylan Darwiniň driopiteklerinden ýaýrapdyr.

2.Ata-babalarymyzyň haýwanat dünýäsinden adamzat dünýäsine basan ilkinji ädimi awstralopitekler döwrüne gabat gelýär.

3.Adamzadyň ilkinji ata-babalary zinjantroplar we pitekantroplar daşy-daşa urup zähmet çekip başlapdyrlar. Zähmet adamzady haýwanat dünýäsinden bölüp aýyrypdyr.

4. Adamzat özüniň ata-babalary sinantroplar döwründe ody ulanmaklygy öwrenipdirler we şu sebäpli ata-babalarymyz eti otda çala bişen ýagdaýda iýip başlapdylar. Bişirilen eti ulanyp başlamaklary netijesinde olaryň pikirlenişinde öwrülişik

bolup geçipdir we adamyň biologiki beden gurluşynda häzirki zaman adamysynyňka ýakyn özgerişler peýda bolup başlapdyr.

5.Kromanon adamy döwründe ilkinji ata-babalarymyzyň biologiki beden gurluşy häzirki zaman adamsynyňkyndan tapawutlanmaýan ýagdaýa gelipdir. Kromanonlar döwründäki urugçylyk jemgyýetiniň başlanmagy ilkinji jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagydyr.

Ylmy tassyklamara görä, ülkämiziň giňişlikleri ilkinji iň gadymy adamlaryň dörän ýerleriniň biridir. Ilkidurmuş adamlarynyň ulanan sadaja, esasanam daşdan ýasalan iş gurallary, olara ýekelikde howply tebigy hadysalaryň, ýyrtyjy haýwanlaryň garşysyna göreşmeklige mümkinçilik bermändir. Şuňa görä-de, olar ýönekeý hyzmatdaşlyk esasynda, 10-20 adamdan ybarat toparjyklary emele getirip ýaşamaly bolupdyrlar. Ilkidurmuş adamlary aw awlamak we taýýar ösümlik önümlerini çöplemek bilen güzeran görüpdirler. Awlanan aw we çöplenen önüm toparjyklara giren adamlaryň arasynda deň paýlanypdyr. Şunuň ýaly şertler synplaryň döremegine ,deňsizligiň ýüze çykmagyna ýol bermändir.

Türkmenistanyň çäklerinde iň gadymy adamlaryň mundan 800 müň-1 mln ýyl ozal ýaşandygy baradaky ylmy çaklama öňe sürülýär. Bu çaklamany Sumbar derýasynyň jülgesinden (Magtymguly etraby) tapylan ilkidurmuş adamlarynyň ýasan gödek zähmet gurallary tassyklaýar.

Gadymyýeti öwrenýän alymlar ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň üýtgemeginiň sebäpleri hökmünde, esasan iň gadymy adamlaryň zähmet gurallarynyň kämilleşdiriliş derejesini göz öňüne tutýarlar. Zähmet gurallarynyň kämilleşdirilişini göz öňünde tutup alymlaryň döwürleşdirişi ilki bilen daş asyryna, soň bolsa misdir bürünç asyrlaryna syrygýar. Daş asyry hem öz gezeginde paleolit-gadymy daş asyry, mezolit-orta daş asyry, neolit-täze daş asyry

diýen döwürlere bölünýär. Olaryň arasynda iň uzaga çekeni daş asyrlar döwrüdir.

| **Gadymy dünýäniň döwürlere bölünişi** | **Senesi (biziň eramyzdan öň)** |
|---|---|
| Döwürleriň ady | |
| 1. Paleolit (irki daş asyry) 3 mln, 2.5 mln -XII müň | 3 mln ýyldan 10-12 müň ýyla çenli |
| Aşaky paleolit 3-2.5 mln-35-30 müň Orta paleolit | 3 mln ýyldan 100 ýyla çenli 100 müň ýyldan 45-40 müň ýyla çenli |
| Ýokarky paleolit 30-35 müň XII müň | 45-40 müň ýyldan 12-10 müň ýyla çenli |
| 2. Mezolit (orta daş asyry) XI-VII müň | 10-12 müň ýyldan 8 müň ýyla çenli |
| 3. Neolit (giçki daş asyry) VII-V müň | 8 müň ýyldan 5 müň ýyla çenli |
| 4. Eneolit (mis-daş asyry) Vmüň II ýarymy IV müň ýyl ahyrlary | 5 müň ýyldan 3 müň ýyla çenli |
| 5. Bürünç (mis bilen galaýynyň garyndysy) III müň başlary II müň ahyrlary | 3 müň 1 müň ýyla çenli |
| 6. Demir asyry I müň ýyllykdan başlanýar | 1 müň ýyllygyň başlaryndan bäri |

Türkmenistanyň ýerlerinde paleolit zamanynyň taryhy senelenişi b.e.öňki 2 million gowrak ýyl öň, başlanyp, XII müň ýyllykda hem tamamlanandyr. Şol aralykda Türkmenistanyň çäklerinde uly fiziki-geografiki özgerişler bolupdyr, ýagny çygly we gurak döwürleriň bolup geçmegi, Hazar deňziniň derejesiniň ýokary göterilmesi (transgressiýalar) we aşak düşmesi (regressialar), derýalar ulgamynyň düýpli

üýtgeşmeleri, Garagum çölüniň boş hanalarynyň emele gelmegi, has belent dag gerişleriniň (Uly Balkan, Köpetdag, Köýtendag) buz bilen örtülmegi, şonuň ýaly hem ösümlik we haýwanat dünýäsinde uly üýtgeşmeler bolup geçendigini bilmek bolýar. Has takygy,häzirki Türkmenistanyň ýerlerini we geografiki aýratynlyklaryny şol döwürdäki geologiki aýratynlyklary bilen deňeşdirsek, onda köpsanly tebigy üýtgeşmeleriň bolup geçendigine göz ýetirmek bolar.

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň iň bir düzlük ýurdudyr. Onuň diňe günortasynda we günbatarynda orta beýiklikdäki daglaryň (Köpetdag, Uly Balkan, Kiçi Balkan, Köýtendag) we belentlikleriň (Türkmenbaşy tekiz belentligi, badhyz, Garabil) zolagy uzalyp gidýär. Çölüň häzirki zaman haýwanat dünýäsinde gemrijileriň we süýrenijileriň köp görnüşleri bardyr. Şeýle hem bu ýerde jerenler, garsaklar, möjek şagal, ýabany pişikler we başgalar duş gelýär. Günorta etraplarynda (Köpetdag, Murgap, Tejen derýalarynyň kenary, Köýtendag) Hindistanyň, Eýranyň we Owganystanyň haýwanat dünýäsiniň wekilleri: aýraklar, dag tekeleri, geçigaplaň, tilki we beýlekiler duşýar.

Garagum esasan üç bölege bölünýär. Ol demirgazykda belentde ýerleşýän Ű̃ňüz aňyrsyndaky Garaguma, günortada-Peslik we günorta-gündogar (Tejen we Amyderýa aralygy) bölege bölünýär.

Hazar häzirki wagtda akymy bolmadyk köl-deňiz bolmak bilen onuň derejesi dünýä ummanynyň derejesinden 28 metr pesdir.

Türkmenistanyň haýwanat we ösümlik dünýäsiniň keşbini dikeldip göz öňüne getirmek gadym zaman ösümlikleriniň (paleobotanika) we haýwanlarynyň (paleozologiýa) maglumatlarynyň ýetmezçilik edýänligi sebäpli örän kyndyr. Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň baýlyklaryndan başga-da şol ýa-da beýleki sebitlerde ilkidurmuş adamsynyň ýaşamagy köp babatlarda daşdan gurallary ýasamak üçin çig

mallaryň, şeýle hem tebigy dag gaçybatalgalarynyň (gowaklarynyň) bolmagyna bagly bolupdyr.

Türkmenistanyň geografik aýratynlyklary onuň ilatynyň taryhy ösüşine düýpli täsir edipdir. Ülkämiziň köp bölegi ösümlik dünýäsine garyp çägeli çöllükden we toýunly gyrmança takyrlykdan durýar. Onuň günorta tarapynda Köpetdag gerişleri bolup, demirgazyk-günbatarynda bolsa beýle bir belent bolmadyk dag gerişler ulgamyny düzen Uly we Kiçi Balkanlar,Krasnowodsk baýyrlygydyr ,Çanak dag gaýalary ýerleşýär. Ýurdumyzyň günorta-gündogaryny Bathyz hem Garabil baýyrlyklary gurşap alýar. Türkmenistanyň günbatar kenarlaryny Hazar (Kaspi) deňzi ýuwýar. Amyderýa (gadymy döwürlerde öňa Oks diýlipdir, orta asyrlar zamanyda bolsa ol Jeýhun diýlip atlandyrylypdyr) onuň gündogar böleginiň içinden geçip, Horezm welaýatyna ýetende bolsa, şaha ýarmak bilen, ençeme gollary, emele getiripdir. Bu derýanyň şahalarynyň biri iň gadymy zamanlarda hem biziň eýýamymyzyň XIII-XVI asyrlarynda Derýalygy, ikinji bir goly bolsa Sarygamyş çöketligini suwlandyrypdyrlar. Suwarymly ekerançylyk üçin amatly şertler Murgap we Tejen derýalarynyň boýlarynda bolupdyr.

Köpetdag eteklerindäki birnäçe derýajyklar hem bulaklar, Uly Balkanlarday ençeme kiçiräk çeşmeler bu ýerlerde ilata ekerançylyk bilen meşgul bolmaklyga mümkinçilik beripdir. Ülkämiziň galan ýerlerinde, suw gaty gyt bolup, ol diňe kaklarda (ýagyş suwunyň peslige ýygnan ýeri) we guýylarda jemlenipdir.

Türkmenistanyň, çöl şertlerine laýyk, kontinental klimaty bar. Onda ygal az ýagýar (ýylyň dowamynda 100-150 mm), tomus uzak we gaty yssy, gyş gysga, ýöne örän aýazly. Klimatyň guraklygy, diňe emeli suwaryşyň bolýan halatynda, ekerançylyk bilen meşgul bolmaga mümkinçilik beripdir. Ülkämiziň çägindäki ekerançylyk üçin ýaramly ýerleriň ägirt uly giňişliklerini suwarmaklyk üçin Amyderýanyň suwy bol

ýeterlik. Ýöne, bu kuwwatly hem däli derýany (şundanam derýanyň Jeýhun diýen ady dörändir) jylawlamaga gadymy hem orta asyrlar zamanynda ýaşan adamlaryň güýji ýetmändir. Şonuň üçinem, Amyderýanyň suwunyň ekerançylyk üçin peýdalanylşy umumy möçberleriniň 10 %-den az bolmasa köp bolmandyr.

Müňýyllyklary arka atan taryhy geçmişimizde mähriban Diýarymyzyň çäkleri iki zolakdan durupdyr. Onuň kiçi bölegi ekerançylyk zolagy emele getiren bolsa esasy hem uly bölegi sähra ýaýla zolagy düzüpdir. Şuňa laýyklykda ülkämiziň ilaty hem iki bölekden oturymly çomry hem göçme çarwa ilatdan durupdyr. Çomrular bilen çarwalar arasyndaky gatnaşyklar gadymyýetde-de, orta asyrlarda-da türkmen halkynyň taryhynda uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki IV-III müň ýyllyklardan başlap, tä biziň eýýamymyzyň XIX asyrynyň aýagyna çenli ilatymyzyň esasy käri, onuň bir bölegi üçin suwarymly ekerançylyk hem beýleki bölegi üçin bolsa ýarym göçme ýada göçme çarwaçylyk bolupdyr. Göçme çarwa taýpalarda önümçilik gatnaşyklary örän haýal kämilleşip, önümçilgiň özem konserwatiw ýagdaýyny saklapdyr. Şu sebäbe görä-de göçme çarwa taýpalary özleriniň çomur ilat barada päsgelçilikli-bökdenç bolmaklyk keşbini berjaý edipdir. Şol bir wagtyň özünde göçme çarwa ilatyň atly nökerlerden ybarat bolan harby ýygymlary ülkämizi daşky duşmanlardan goramakda batyrlygyň we çylşyrymly ýagdaýlarda ezberlik bilen olardan baş çykarmaklyga Türkmenistanyň irki daş asyrlary (paleolit) döwrüniň tebigatynyň taryhy çylşyrymly özgerişmeleriň ýagdaýynda bolup geçipdir we olaryň barşynda ýurduň keşbi, adamlaryň durmuş şertleri üýtgäpdir. Ol öň ýaşan häzirki wagtda ýok bolup giden haýwanlaryň zamany bolupdyr

Eger häzirki Türkmenistan şol geologiýa döwründäki Türkmenistanyň geografiýa aýratynlyklary bilen deňeşdirsek tebigy üýtgeşmeleriň uly möçberlidigine göz ýetirip bolar.

Türkmenistan Merkezi Aziýada iň bir düzlük ýurtdyr. Onuň diňe günortasynda we günbatarynda orta beýiklikdäki daglaryň (Köpetdag, Uly Balkan, Kiçi Balkan, Köýtendag) we belentlikleriň Türkmenbaşy (tekiz belentligi, Çanak, Bathyz, Garabil) zolagy uzalyp gidýär. Türkmenistanyň çäkleriniň fizika-geografiýa aýratynlyklary onuň howa ýagdaýlarynyň üzül-kesil üýtgeýändigi (kontinentallygy), çyglylygyň uly möçberlerde ýetmezçiligi we tomsuň ýokary gyzgynlyk derejesi bilen şertlendirilýär. Örän seýrek ilaty Garagum çöli ýurduň 80% - ni tutýar. Ýurduň ýerüstüniň (landşaftynyň) galan böleklerinde-de çölüň alamatlary köpdür. Diňe derýa jülgelerinde ada görnüşinde tokaýlar duşýar, Paropamiz daglarynyň eteklerinde sähra ösümlikleri, Etrek we Çendir jülgelerinde gyrymsy agaçlaryň jeňňellikleri duş gelýär.

Çölüň häzirki zaman haýwanat dünýäsinde gemrijileriň we süýrenjileriň köp görnüşleri bardyr. Şeýle hem bu ýerde jerenler, garsaklar, möjek, şagal, ýabany pişikler we başgalar duş gelýär. Günorta etraplarynda (Köpetdag, Murgap, Tejen etraplary, Köýtendag) Hindistanyň, Eýranyň we Owganystanyň haýwanat dünýäsiniň wekilleri: aýraklar, dag tekeleri, geçigaplaň, tilki we beýlekiler duşýar. “Bize ata-babalarymyzdan tebigy baýlyklary boýunça dünýäde iň baý ülke miras galypdyr.”

Ýer togalagy emele gelmeginiň dördünji döwrüniň (antropogen-10-18 mln.ýyllyk) zamanynyň iň uzagy saýylýan soňky iki mln. ýylyna – pleýstosen zamany diýilýär. Türkmenistanyň çäklerinde iki million ýyl öňki ýeriň geologiýa taryhynyň dördünji döwri tebigy ýagdaýyň ösüşi ozaly bilen Hazar (Kaspi) deňziniň we Gadymy Amyderýanyň ösüş taryhy bilen berk baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň şol döwürdäki ýer ýüzüniň özgerişlikleriniň esasy sebäpleri bolup durýar.

Gadymy Amyderýa dördülenji döwrüň köp böleginde peslik Garagumyň içi bilen akyp geçipdir we Hazar deňzine guýupdyr. Onuň gadymky jülgesiniň giňligi 130-200 km

ýetipdir, sag kenarynda Üňüz aňyrsyndaky Garagumyň kert çüňkleri we Uzboý aňyrsyndaky etrabyň belentlikleri, çep kenarynda Köpetdag etekleri ýerleşipdir. Gadymy Amyderýanyň hanasy häzirkisinden has giň bolupdyr, oňa köp sanly goşantlar guýupdyr. Ol goşantlar Pamir-Altaý, Hindiguş, Paropamis, Köpetdag ýaly dag ulgamlary gerişlerinden ýeňip gaýdypdyrlar (Tejen, Murgap, Zerewşan, Kaşgaderýa ýaly derýalar we b.). Dag buzluklaryndan gaýdan goşantlaryň akymy daglary ýuwup, ýumrupdyrlar we derýa köp mukdarda gyrmançaly dag jynslaryny getiripdirler. Dördülenji döwürde, haçanda daglar 4-7,5km. beýiklikde göterilen we galyň buzluklar bilen ürtülen mahaly Gadymy Amyderýa aýratyn köp suwly bolupdyr. Onuň suwunda çäge toýun aşa köp bolupdyr. Derýa olary türkmen düzlügine – Günorta Garaguma çykarypdyr we giň meýdanlara çökeripdir. Ol gyrmançalar köp gezek derýanyň öňünde böwet döredipdir we derýa özüne täze akaba gözlemäge mejbur bolupdyr.

B.e.ö. VI-IV müňýyllyklardaky Amyderýanyň Sarygamyş hanalary Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşipdir we günortada Üňüz aňarsyndaky Garagum bilen demirgazykda Üstýurduň aralygynda giden bir giňişligi tutupdyr. Gadymy Amyderýanyň suwy Sarygamyş çöketligini doldyranyndan soň, bu ýerde uzynlygy takmynan 130 km we çuňlugy 100m ýakyn uly köli emele getiripdir. Şol köl darajyk aýlag emele getirip Ýokarky Uzboý hanalarynyň çäklerine aralaşypdyr. Ol ýerden Hazar deňzine tarap täze Uzboý derýasy (18-den – 2,5 müň ýyl ozal) akypdyr. Gadymy Amyderýanyň demirgazyga öwrülen pursatyndan bäri onuň goşantlary bolan Tejen we Murgap derýalary gatnaşykdan kesilipdirler we uly güýç bilen özleriniň guma siňip gurap gidýän “köphanalaryny” döredip başlapdyrlar.

Şeýlelik bilen Hazaryň we gadymy Amyderýanyň taryhy Türkmenistanyň çäklerinde has gadymy adamlaryň ýaşaýşynyň ýaýbaňlanan döwrüniň umumy ýagdaýyny

görkezýär. Olaryň pleýstoseniniň belli-belli döwürlerinde ol ýa-da beýleki ýerlerde ýaşamak mümkinçiliklerini, hereketlerini we ýaýraýyş häsiýetlerini öwrenmäge ýol açýar.

Türkmenistan gadymy adamlaryň Aziýanyň jümmüşine ilki başda aralaşmagy üçin geçip biläýjek ýollarynyň ugrunda ýerleşipýär. Ýurduň ýerüstüniň aýratynlyklary hem-de gadymy geografiýa aýratynlyklary (esasy derýasy – Gadymy Amyderýanyň 2mln. ýyl mundan ozal giňişlik boýunça uzalyp akmagy hem-de Hazaryň derejesiniň pese düşen wagtlary Demirgazyk Kawkaz bilen gury ýer aragatnaşyklarynyň mümkin bolmagy) gadymy adamlaryň bu çäklere aralaşmaga we giňden ýaýramagyna mümkinçilik döredipdir. Häzir bu netije ep-esli derejede çaklamadyr, sebäbi gadymy daş asyrlary döwrüniň galyndylarynyň ýöriteşdirilen gözlegleri henize çenli Garagumuň uly giňişliklerini öz içine alan däldir, beýleki etraplarda bolsa (Türkmenbaşy ýarym adasyndan başga) olar gysga wagtlaýyn, bölekleýin häsiýetli bolupdyr. Ýygnalan maglumatlaryň, adatça, ýeterlik däldiginden başga-da,olarda gatlakly ýadygärlikler we has takyk seneler ýok; daş gurallaryň medeni we seneleme aýratynlyklary diňe gurallaryň görnüşleriniň derňewi boýunça barlandy.

Paleolit döwrüniň esasy gonalgalary: Ýaňyja,Kesgirbulak,Begarslandag hasapalanýar. Türkmenistanda paleolit zamany 1 million 700 müň ýyl mundan ozalky döwürden başlanýar. Ýurdumyzyň çäginde daş asyryna degişli ýadygärlikler esasan häzirki çöllük zonalardan tapylýar. Bu bolsa iň gadymy zamanlarda biziň ýurdumyzda häzirkiden başgarak tebigy şertleriň bolandygyna şaýatlyk edýär. Iň gadymy döwürlerde häzirki Kaspi deňziniň tutýan meýdany has uly eken. Kem-kemden onuň suwy çekilip, Garagum çölüniň emele gelmegine getiripdir. Şol döwürlerde dürli ýerlerde paleolit adamlary ýaşapdyrlar. Arheologiýa barlaglarynyň netijesinde daş asyrynyň has irki eýýamlaryna degişli, daşdan ýasalan dürli zähmet gurallarynyň birnäçesiniň

üsti açyldy. Has gadymy döwre degişli tapyndylar ilkinji gezek 1949-njy ýylda Türkmenbaşy şäherinden gündogarda, ýagny Ýaňyja we Garateňňir duralgalarynyň aralygynda ýüze çykaryldy. Ýukajyk edilip ýonulan gyçak daş böleklerinden ýasalan iki sany el kerçewajy alymlaryň çaklamalaryna görä, mundan 300 müň ýyl öň ýasalypdyr.

Irki paleolitiň ahyrlarynda adamlar Türkmenistanyň çäginiň köp ýerinde, ýagny Krasnowodsk ýarym adasynda, Janakda, Uzboý ýakalarynda, Sumbar, Çendir derelerinde, merkezi Köpetdagyň töwereklerinde (Aşgabadyň günbatar demirgazyk tarapynda), Sarahsyň günortasyndaky Bathyz baýyrlyklarynda we şuňa meňzeş ýerlerde ýaşapdyrlar.

Şeýle bolsa-da agzalyp geçilen çaklama Türkmenistanda irki daş asyrlary döwrüniň galyndylaryny maksatly gözlenen ýerleriniň hemmesinden tapylandygy bilen tassyklanýar we häzirki döwre çenli diňe bir ýokary gadymy daş asyrlar we mustýe (has giçki daş asyrlaryň arheologiýa medeniýeti) döwrüne degişli daş gurallar däl-de, eýsem has irki daş gurallar hem tapyldy, olaryň keşbi aşel (gadymy daş asyrlary döwrüniň arheologiýa medeniýeti) döwrüne gabat gelýär we ol orta pleýstoseni görkezýär.Irki daş asyrlary tapyndylaryň Türkmenbaşy ýarym adasynyň we Bathyzyň häzirki çöllük etraplarynda, Etrek ýakalarynyň we Gowurdak sebitleriniň, häzir adam ýaşamaýan meýdanlaryndan (zolaklarynda), şor çöketlerinden we Çanak çägelerinden (Begarslandagyň eteklerinde) tapylandygyny aýratyn belläp geçmeli.

Häzirki döwürde bar bolan tapyndylaryň köp däldigi we olaryň bölek-büçek bolmagy sebäpli pleýstosende Türkmenistanyň çäklerinde ilatyň ýerleşişiniň gyradeňligi we üznüksizligi barada gürrüň etmek bolmaz. Aşel döwrüniň çak edilýän maglumatlary häzirlikçe diňe Günbatar Türkmenistanyň üç ýerinde (Etrek ýakalarynda, Türkmenbaşy ýarym adasynda we Çanakda) tapyldy. Irki daş asyrynyň orta

döwrüniň daş gurallary Türkmenistanyň gadymy adamlaryň medeniýetini öwrenmek üçin has ýaramly maglumatlar bolup, olar geçirilen gözlegleriň netijesinde ýokarda agzalyp geçilen ýerleriň hemmesinden, şeýle hem Merkezi Köpetdagdan, Bathyzdan, Gowurdagyň sebitlerinden tapyldy. Irki daş asyrynyň ýokarky döwrüne degişli tapyndylar diňe Türkmenbaşy ýarym adasyna we Bathyza degişlidir.

Irki daş asyrynyň giçki döwrüniň galyndylarynyň şeýle ujypsyzlygyny şol döwürde bolan soňky buzlanmanyň iň sowuk wagtyna gabat gelendigi bilen düşündirmek bolar. Şol döwürde Türkmenistanyň çäkleriniň köp böleginde sowuk çöllükleriň we ýarym çöllükleriň ýer üstüniň özboluşly bolan bolmagy mümkindir we adamlar megerem,haýsydyr bir howa şertleriniň has amatly ýerlerde saklanyp galan bolmaklary ähtimaldyr.3 mln ýyl mundan ozal Merkezi Aziýanyň hemme ýerinde bolşy ýaly, gaty gurakçylyk bolany üçin öňki tebigatyň taýýar önümini çöpläp ýaşaýan adam toparlarynyň ýagdaýy agyrlaşypdyr.Awstralopitekleriň birnäçesi açlykdan ölüpdirler, galan toparlary mejbury ýagdaýda köweklerdäki awlamasy aňsat bolan haýwanlary awlap, şolaryň etini iýip ýaşap başlapdyrlar. Aziýa ýerlerinde iň gadymy duralgalaryň biri Amyderýanyň ýokary akymynda ýerleşen Küldepe diýen ýerden gadymyýetde adamlaryň ýaşan yzlary öwrenilipdir. Geologlar tarapyndan Günbatar Köpetdag eteklerinden,Sumbar,Çendir derýalarynyň aşaky akymlaryndan ilkidurmuş adamlarynyň 1 mln 800 müň ýyl mundan ozal ýasan has sadaja görnüşli daş gurallary tapyldy.

Gadymy daş asyry (200-100 müň ýyl mundan ozal) döwrüne degişli 20 sany duralga Çendir derýasynyň gadymy kenarlaryndan hem tapylypdyr. Daşlaryň dürli görnüşlerinden ýasalan kiçijik iki taraply (ýüzli) pyçagyň ýerini tutan gural (skrebki) ýa-da ujy ýiti daş, ýagny taýagyň ujuna daňlyp aw awlananda adamlaryň haýwanlara zyňan gurallary, şonuň ýaly-aşaky Uzboýdan daşlardan ýasalan dürli zähmet hem-de ýarag

gurallarynyň ýasalan ussahanalary hem alymlar tarapyndan öwrenildi. Paleolit zamanyna degişli ilkinji ýadygärlikleri öwrenen alymlar P.I.Boriskowskiý (1947), A.P.Okladnikow (1949), H.Ýusupow, L.B. Wişnýaskiý we beýlekilerdir. Irki paleolit hem öz gezeginde olduwaý, aşel hem mustýe döwürlere bölünýär. Olduwaý döwri (2 mln 700 müň ýyl). Aşel döwri (700-150-120 müň ýyl ozal) mustýe döwri (150-120-35-30 müň ýyl ozal).

Türkmenistanyň ýerlerinden tapylan şol döwre degişli zähmet gurallarynyň öwrenilmegi netijesinde şol zamanyň adamlarynyň ýasan daş gurallarynyň daşky görnüşleri boýunça b.e.öňki III-II müňýyllyklara çenli Türkmenistanyň ýerinde dowam edendigi subut edildi.

Irki paleolit zamanyna degişli öwrenilen 10-dan gowrak gadymy duralgalaryň 8-sinden mustýe zamanyna degişli daş gurallary tapyldy. Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň golaýyndaky Jebel duralgasyndan tapylan daş gurallary biri-birinden öndürijiligi we durmuşda ulanmakda oňaýlylygy bilen tapawutlanypdyr. Türkmenistanyň dürli ýerlerinde paleolit zamanynyň irki, ortaky, giçki döwürlerine degişli ulanylan daş gurallary öwrenenler N.A.Beregowaýa, B.A.Ranow, A.A.Maruşenko, A.Lýapin, H.Ýusupow we beýleki alymlardyr.

Soňky ýyllarda paleolit zamanyna degişli zähmet gurallary Duşagyň golaýyndan tapylan tapyndylary alym N.A.Beregowaýa tarapyndan öwrenildi. Ýene-de, şol alym tarapyndan Sarahs etrabynyň günorta-günbatarynda bar bolan iň gadymy duralgalar öwrenildi. Paleolit zamanynyň soňky döwürlerine degişli Damdamçeşmeden tapylan zähmet gurallaryny öwrenmek arkaly ol ýerde Damdam I we Damdam II medeni gatlaklaryň bolandygy anyklanyldy. S.Hemragulyýew, H.Ýusupow tarapyndan Garateňňir, Janak, Ga-kuş, Gyzylburun, Alamgul, Begarslandag, Goýmat ýerlerinden köp sanly daş gurallary tapylyp öwrenildi.

Paleolit zamanynda Kaspi deňziniň derejesiniň ýokary galmagy we aşak düşmegi Türkmenistanyň ýerlerindäki derýalaryň (Etrek, Sumbar, Tejen, Murgap, Amyderýa) öz ugurlaryny üýtgetmekleri, Garagum çölüniň emele gelmegi, beýik daglaryň Uly Balkan, Köpetdag, Köýtendagyň buzluklarynyň döremegi we eremegi ýaly tebigy hadysalar adamzadyň durmuşyna ägirt uly täsir edipdir. Meselem, 60-70 mln ýyl mundan öň Garagum we Köpetdag deňziň düýbi bolupdyr.

Gadymy daş asyrlary döwrüniň adamlary çölüň jümmüşindäki Amyderýanyň we onuň goşantlaryna, jülgelerine, kölleriň kenarlaryna, çeşme suwlaryň çykýan ýerlerine tarap göçüpdirler. Häzirki döwürde bar bolan maglumatlaryň ýeterlik bolmandygy sebäpli Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan adamlaryň gyradeňligine doly göz ýetirip bolmaýar, ýöne arheologiki ýadygärlikleriniň ýerleşişine görä, Türkmenistanyň hemme ýerinde diýen ýaly adamlar üznüksiz ýaşapdyrlar diýip netije çykarmak bolýar.

Aşel döwrüniň çak edilýän maglumatlary häzirlikçe diňe Günbatar Türkmenistanyň üç ýerinde Etrek ýakalarynda, Türkmenbaşy ýarym adasynda we Ganakda öwrenildi. Irki daş asyrynyň orta mustýe döwrüniň daş gurallary Türkmenistanyň gadymy adamlarynyň medeniýetini öwrenmek üçin has peýdaly maglumatlar bolup, olar geçirilýän arheologiki barlag işleriniň netijesinde Türkmenistanyň köp ýerlerinde, şeýle hem Merkezi Köpetdagdan, Bathyzdan, Gowurdagyň töwereginden tapyldy. Irki daş asyrynyň ýokarky döwrüne degişli tapyndylar diňe Türkmenbaşy ýarym adasyna, Bathyza degişlidir. Adamzat jemgyýetini formasiýalara bölüp öwrenmek taglymatyna jemgyýeti öwreniji alymlaryň garaýşy dürli hili bolandygy sebäpli Oguz han döwründen öňki we şol döwrüň özüni iň gadymy, gadymy we orta asyrlar döwrüni Gorkut ata zamany diýen basgançaklar boýunça öwrenmek taglymaty taryhy taýdan dogry hasaplanýar.

Türkmen antropology O.Babakowyň beýan edişine görä, Türkmenistanyň günbatar etraplaryndan taryhyň iň gadymy zamanlaryna degişi adam süňkleri we kelleçanaklaryny öwrenmek boýunça geçirilen ylmy barlag işleriniň netijesinde adamyň aşaky eňegi,hakyky ýüz keşbi dikeldildi.Bu döwürde adamlaryň süňkleri neandertallaryňky ýaly iri bolmandyr. Aýagynyň, elleriniň hereketlerinde çalasynlyk duýulypdyr. Umuman, häzirki zaman adamlarynyň beden aýratynlyklary olarda doly öz beýanyny tapypdyr. Alymlar bu döwrüň adamlaryna homosapens (akylly aň-düşünjeli adam) diýip at berdiler. Antropolog alymlaryň ylmy gözegçiliklerine görä, soňky 35-40 müňýyllygyň dowamynda adamzadyň biologiki beden gurluşynda onçakly özgerişler bolmandyr. Antropolog alymlaryň kesgitlemelerine görä, Türkmenistanyň ýerlerinde şol zamanlarda ýaşan adamlar Ýewropa jynsly (ýewropeid), ylymda bolsa "kromanon adamy" diýip at alypdyr. Kromanon adamy tebigy şertleriň täsiri bilen belent boýly, syratly, kelle süňki ýüzi uzynak, derisiniň reňki ak, gözleri gök, saçlary sary bolupdyr.

Paleolit zamanynda Türkmenistanyň ýerlerinde hojalygyň ösüşinde zähmet gurallaryny ýasamak we olary hojalykda peýdalanmak aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr. Zähmet gurallaryny ýasamakda öňküsi ýaly çakmak daş, Köpetdagyň, Balkan we Köýten daglarynyň daşlary esasy çig mal bolmagynda galypdyr. Mustýe zamanynda zähmet gurallarynyň has kämilleşen görnüşleri peýda bolýar. Meselem, mustýe döwründäki tegelek şekilli daşyň ýerine uzyn, has gabyl daşlar peýda bolupdyr. Şular ýaly täze görnüşleriň peýda bolmagy, täze görnüşdäki zähmet gurallaryny ýasmaklygy öwrenmek we olardan peýdalanmagyň usulyndaky özgerişler bilen baglydyr. Indi daşdan ýasalan gurallary süýkemek (sürtmek) usuly bilen däl-de, ýonmak usuly bilen ýasapdyrlar. Paleolit zamanynda jemgyýetde bolan düýpli ösüşleriň ýene-de biri daş gurallarynyň arasynda çakmak

daşdan ýasalan naýzanyň uçlary, uly haýwanlaryň süňklerinden ýasalan köp dişli çeňňekler (garpunlar) peýda bolmagydyr. Bu gurallaryň peýda bolmagy paleolit zamanynyň soňky döwürlerinde jemgyýetiň hojalygynda balyk tutmagyň peýda bolandygyna şaýatlyk edýär. Daş gurallaryň kömegi bilen haýwanlaryň şahlaryndan, süňklerinden, dişlerinden zähmet gurallary ýasalyp başlanýar.

Jemläp aýdanymyzda, şu zamanda jemgyýetiň taryhynda ilkinji gezek birnäçe ösüşler bolýar.

1. Iň gadymy adamlaryň topary urug jemgyýetine geçýär.
2. Mustýe döwründe gödek tegelek görnüşli daş gurallaryň deregine uzyn has oňaýly görnüşleri ýüze çykýar.
3. Daşdan ýasalan naýzanyň üçlarynyň we haýwan süňkünden köp dişli çeňňekleriň (garpunlar) ýasalmagy.
4. Daş gurallaryň kömegi bilen uly haýwanlaryň dişlerinden, şahlaryndan has öndürijilikli gurallaryň ýasalmagy.
5. Şekillendiriş sungatynyň süňkden bejerilen nusgalarynyň ýüze çykmagy.

Paleolit döwrüni jemläp, Türkmenistanda we Merkezi Aziýa ýurtlarynda jemgyýetiň ösüşiniň umumy dünýä boýunça kabul edilen döwürlerini irki we giçki ýa-da aşaky we ýokarky paleolite bölýärler.

Dünýä boýunça alnanda, giçki paleolit örän gysga bolup, ol diňe otuz müň ýyly öz içine alýar.Bu döwrüň ahyrynda adamlaryň gurluşy, keşbi hem kämilleşip paleantropdan häzirki keşbine geçipdir. Sungatyň, dini düşünjeleriň döremegi adamlaryň aňynda hem uly özgerişlikleriň bolandygyna güwä geçýär.

Mustýe zamanyna degişli arheologiki tapyndylar Türkmenistanyň esasan hem, günbatar ýerlerinde,merkezi

Köpetdagda, Bathyzda we Gowurdak-Köýtendag sebitlerinde gabat gelipdir.

Şeýle arheologiki tapyndylar Merkezi Köpetdagda ylaýta-da, Tomçysu çeşmesiniň we Gökdepe etrabyndaky Sekizýap jülgesiniň ýanynda daşdan ýasalan zähmet gurallary duşýar.Bu bolsa agzalýan ýerlerde ýaşaýşyň bolandygyna şaýatlyk edýär, ýöne bu daşlar hil tarapyndan pesdir, çünki olar ýumşak hem pes hili daşlardan hem bejerilen bolmagy ähtimaldyr. Edil şol hili zähmet gurallary (daşyň pes hilinden) ýasalan Arçabil-Aşgabat ýerlerinde ,has takygy, Köpetgadyň eteklerinde Baharly etrabynyň Nohur obasynyň golaýyndaky dag gerişlerinde,Serdar şäheriniň golaýynda gabat gelýär.

Üçünji bir merkez Bathyzyň tapyndylary bolsa-da, ol gurallar san taýdan onçakly köp däldir. Bu topara Tejen, Murgap derýalarynyň aralygy, Türkmen-Owgan aralygy degişli bolup, bu ýerlerden tapylan paleolit zamyna degişli daşdan ýasalan gurallar gidrolog A.Lýapin tarapyndan kesgitlenildi. Gidrologlaryň berýän maglumatlaryna görä, Bathyzyň ýerleriniň irki paleolit zamanynda has suwly bolandygyna, saklanyp galan gadymy suw ýaplarynyň yzlary şaýatlyk edýär. (geomorfologlaryň maglumatlary esasynda şol pleýstosen zamanynda häzirki Bathyz we Tagtabazar sebitleriniň Daşguýy çeşmesiniň ýakynynda, Golagan

çöketliginde, Akgar, Turnaga we Pynhan gerişlerinde mustýe zamanyna degişli zähmet gurallary tapylypdyr. Irki daş asyry zamanyna degişli arheologiki tapyndylar gündogar Türkmenistanyň Balahana (Lebap etraby) ,Amulyň günorta-gündogarynda Köýtendag gerişiniň eteginde gabat gelýändir.

Paleolit zamanynyň ahyrlarynda belli bir jemgyýetçilik guramalarynyň dörändigini we jemgyýetde zähmet bölünişiginiň ýüze çykandygyna güwä geçmek bolar. Mysal üçin, erkek adamlar köplenç iri haýwanlary awlamak, awlanan haýwanlary pudarlamak, olary duralgalara getirmek, daşlardan dürli gurallary ýasamak bilen meşgul bolupdyrlar.

Aýallar öý hojalyjk işleri bilen meşgullanypdyrlar. Alymlar şol ýasalan gurallara seredip, şol zamandaky adamlaryň aňlaýyş we sözleýiş ukyplarynyň bolandygyna hem ynamly garaýarlar. Ilatyň köpelmegi, öndüriji güýçleriň kämilleşmegi adamlaryň ýaşaýyş geografiýasynyň giňelmegini talap edipdir. Adamlar täze-täze ýerleri özleşdiripdirler. Bu döwürde köp granly prizma meňzeş nukleus ulanylypdyr. Onuň häsiýetli tarapy urgynyň netijesinde pyçaga meňzeş ýukajyk uzyn zolaklar bölünip aýrylypdyr. Giçki paleolit zamanynda daş gurallaryň görnüşleri köpelip 50-den gowrak bolupdyr.Olaryň içinde has ýörgünlileri pyçaga meňzeş kesiji gurallar hem gyrgyçlar bolupdyr. Kesgiçler has gaty material bolan süňkden  ýasalypdyr.Paleolit zamanynyň obajyklarynda jemagatda ,adatça, 50-60 adam ýaşapdyr. Hojalygyň esasy pudagyny öňki döwürlerdäki ýaly haýwanlary köpçülikleýin awlamak tutupdyr. Bu döwürde haýwanlary diňe et üçin awlaman ,derisi hem ulanylypdyr .Eşik tikmek üçin haýsy haýwanyň derisiniň oňatdygyny seljermegi başarypdyrlar.

Ýadygärliklerden esasan hem ýaş haýwanlaryň süňkleriniň tapylmagy,  adamlaryň ýaş haýwanlary saýlap alandygyny görkezýär. Aýratyn hem Türkmenistanyň günorta-günbatar etraplarynda awçylyk bilen bir hatarda iýmit üçin hoz,kömelek, ösümlik köklerini, çigildem, kösük, balykgulak, guşlaryň ýumurtgalaryny we kiçijek haýwanlary awlapdyrlar. Antropologiki maglumatlara görä, paleolidiň soňky döwürlerinde Türkmenistanyň köp ýerlerinde ýaşan adamlaryň antropologiki görnüşleri häziki zaman adamlaryna golaý bolupdyr. Olaryň ählisi hem obajyklaryň ýagny, adamlaryň ýaşaýan ýerlerinde jaýlanypdyrlar. Aýratyn ýerleşen gonamçylyklar bu döwre mahsus  bolmandyr. Arheologiki maglumatlardan belli bolşy ýaly, merhum adamlaryň ýaşan jaýlarynyň içinde jaýlanypdyr we jaýyň (gowagyň) merkezinde ojak ýerleşipdir. Merhumyň ýanynda çakmak daşyndan ýasalan gurallar, haýwanlaryň şahyndan kesilip ýasalan atyň

heýkeljikleri ýerleşipdir. Heýkeljikler iki hatar edip ýerleşdirilen, nokatlar bilen bezelen bolmagy, biziň çaklamalarymyza görä, adamlaryň eýýäm hasap ulanyp başlandygyny görkezýär.

Bu ýerde iki sany aýratynlyk ýüze çykýar:

1. Atyň heýkeljikleriniň ýasalmagy ýöne ýerden däldir, çünki at we onuň keşbi türkmeniň milli sungatynda we durmuşynda uly orun tutýandyr.
2. Heýkeljikleri nokat bilen bezemek bir tarapdan sungaty,hasaby aňladýan bolsa, beýleki tarapdan zenan maşgalalaryň bezeg şaýlarynyň (abbasy) bolan bolmagy mümkindir.

Nokat bilen bezemek soňky zamanlarda eneolit we mis asyrlaryna has hem mahsus bolupdyr. Mustýe zamanynda sungat diňe bir nagyş bilen çäklenmän, eýsem ol suratkeşlikde-de, heýkeltaraşlykda-da öz beýanyny tapypdyr. Paleolidiň soňky döwürleriniň sungatynda hakykaty görkezmeklik häsiýetli bolupdyr. Adamlar öz görýän zatlaryny bolşy ýaly edip şekillendirmäge çalyşypdyrlar.

Paleolit döwrüniň sungaty gündelik durmuşda zerur bolan zatlary beýan edipdir. Şoňa görä-de, awçylykda esasan ,dag goçlary awlanansoň, şolaryň şekilleri köp duş gelýär. Bu döwrüň sungaty adamlaryň aňynda ýaňy döräp başlan yrym-ynançlar,ilkinji dini düşünjeler bilen hem baglydyr. Adamlar awa çykmazyndan öň käbir däp-dessurlar bilen bagly bolan yrym-ynançlary ýerine ýetiren bolmaklary gaty ähtimaldyr. Mysal üçin ,alym M.B.Durdyýew Mürçe we Nohur daglarynda gaýalaryň ýüzüne oýulyp çekilen haýwanlaryň şekillerinde tenine naýza çümüp duran şekilleri görüpdir. Çünki, adamlar suratda ýa-da heýkellerde görkezilen hereket hakyky durmuşda hem gaýtalanaýar diýip düşünipdirler. Ýylanlaryň, guşlaryň, balyklaryň şekillerini käbir alymlar ilkinji dini düşünjeleriň döräp başlamagy bilen baglanyşdyrýarlar.

Paleolit döwrüniň heýkeltaraşlygynda adamlaryň aýratyn hem aýallaryň heýkelleri uly orun tutupdyr. Erkek adamlar aýallaryň durmuşdaky ornuna gowy düşünipdirler. Olara adamzadyň neslini dowam etdiriji hökmünde uly sarpa goýupdyrlar. Aýal adamlaryň şekillerini ýanlary bilen boýlaryndan asyp göteripdirler. Her bir maşgalada aýal heýkellerini saklapdyrlar.

Ortaky daş asyry döwründe Hazaryň gündogar kenarynyň howa ýagdaýynda hem tebigy şertlerinde düýpli özgerişlikler bolup geçipdir. Olar giçki pleýstosen eýýamyndan başlanypdyr. Alymlar şol döwürde derýalaryň jülgelerinde tokaýlyklaryň döremegine getiren çyglylygyň, ýagny ýagynlaryň köp bolandygyny belleýärler. Bu ýagdaý dag eteklerinde, Garagumuň hem Gyzylgumuň peslik ýerlerinde, Üstýurduň üsti tekiz belentliklerinde köp sanly hemişelik ýa-da wagtlaýyn kölleriň döremegine getiripdir. Aýratynam, Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň üýtgäp durmagy täsirini ýetiripdir. Güýçli hwalyn transgressiýasy döwründe (20-10 müň ýyl mundan ozal) Hazaryň suwunyň derejesi birden ýokary galypdyr. Şonuň netijesinde Günbatar Türkmenistanyň hem Hazar ýakasynyň pesliklerini suw basypdyr. Günorta Garagumda bolsa giden meýdany tutup ýatan aýlag emele gelipdir.

Irki daş asyrynda Müňgyşlakda suwuň peselendigini, 9 müň ýyl töweregi mundan ozal bolsa täze joşgun netijesinde deňziň suwunyň täzeden galyp ugrandygyny, özem bäş gezek yzygiderli galandygyny alymlar belleýärler.Olaryň iň soňkysy 8 müň ýyl töweregi mundan ozal bolup geçipdir.

Hazaryň gündogar kenarlarynyň suw ýagdaýlarynda uly özgerişlikler ýüze çykypdyr. 9 müň ýyl töweregi mundan ozal Garagumuň peslik bölegini bol suwly Uzboý derýasy kesip geçipdir. Ol Gadymy Amyderýanyň hem Syrderýanyň suwunyň Aral-Sarygamyş hanasyny doldurmagy netijesinde döräpdir.

Ortaky daş asyry döwründe Türkmenistanyň çäkleri dürli tebigy howa ýagdaýly zonalardan ybarat bolupdyr. Çöllükdir ýarym çöllük sähralar bilen daglardyr dag etekleri, üsti tekiz belentlikli, jülgeli dag derýalary bilen utgaşypdyr. Şu hili gowy tebigy şertleriň, galyberse-de, dürli gurallary ýasar ýaly çakmakdaşlaryň ýeterlik bolmagy ortaky daş asyry döwrüniň adamlarynyň ýaşaýşy üçin amatly ýagdaý döredipdir. Olar toparlara bölünip sowukdan, ýeldir ýagyşdan wagşy haýwanlardan goranar ýaly amatly çatma kysymly öýler gurnupdyrlar. Gowaklarda hem Garabogazköl ýakalarynda, Türkmenbaşynyň üsti tekiz belentliginde, Hazar ýakasynda açyk düşelgelerde ýaşapdyrlar.

Gadymy Uzboýyň ugrunda , Hazaryň gündogar kenarynda, Uly we Kiçi Balkanyň düzlüklerinde geçirilen toplumlaýyn paleografik hem arheologik barlaglar bu çäklerde irki daş asyry döwründe köp ilatyň ýaşandygyny görkezdi.Ortaky daş asyry döwrüniň adamlarynyň yzlary Jebel, Gaýly, Damdamçeşme I we II, Garabogazköl ýakalarynyň açyk düşelgelerinde, Hojasuw-1 we 1a, Depeçanak we beýleki ýerlerde-de tapyldy. Bu ýadygärlikleriň uly ähmiýeti bar. Barlanylan köp gatlakly gowaklar Türkmenistanda we bütin Merkezi Aziýada orta daş asyrlary döwrüni öwrenmekde daýanç ýadygärlikleri boldy. Olar häzirki döwürde hem şeýle ähmiýetli bolmagynda galýar. Orta daş asyrlary döwründe Türkmenistanyň tebigy-howa şertleri bir durkuny saklaman, üýtgäp durupdyr. Häzirki wagtda barmasy kyn hem adam ýaşamaýan ýerler bolan Demirgazyk Balkan sähralary, Çilmämmetgum çöli, Üstýurduň üsti tekiz belentlikleri şol döwrüň adamlarynyň ýaýramagyna öz täsirini ýetiripdir. Ýer ýüzüniň howa şertleri ortaky daş asyry döwrüniň adamlarynyň dürli döwürlere degişli maddy medeniýtinde-de yz galdyrypdyr.

Türkmenbaşy ýarym adasynyň (Jebel gowagy, Kesgirbulak açyk düşelgesi), Garabogazköl ýakasy (Hojasuw-1

we -1a, Depeçanak), Hazarýaka (Gaýly gowagynyň aşaky gatlagy, Damdamçeşme-1, 4-nji gatlagy, Damdamçeşme II gowagynyň 8-nji we 4-nji gatlaklary, Başkäriz, Daşrabat, Garalematsaý düşelgeleri), Aşaky Uzboýyň (Seňrajy 1 hem başgalar) ortaky daş asyry döwrüniň ýadygärliklerine degişlidir.

Şol döwrüň ýadygärlikleriniň giçki (Damdamçeşme II gowagyň 7-5-nji gatlaklary, Damdamçeşme I gowagynyň 4-nji gatlagy) we irki (Jebel gowagynyň 8-6-njy gatlaklary, Hojasuw I we 1a, Depeçanak, Daşrabat, Başkäriz we beýlekiler) toplumlary bardyr. Merkezi Aziýanyň arheologiýasynda köp gatlakly toplumlar öz ähmiýetini häzire çenli ýitirmän saklaýar.

Olaryň gatlaklara bölünen sütüniniň Merkezi Aziýanyň köp sanly ortaky daş asyry we täze daş asyrlarynyň düşelgeleriniň deňeşdirme senelenmesini dikeltmekde kesigitleýji bolmagynda galýar. Türkmenistanyň orta daş asyrlary döwrüniň üýtgewsiz senelenmesi Jebel gowagynyň 3-nji gatlagynyň, Jeýtunyň irki ekerançylyk medeniýetiniň ýadygärlikleri bolan Çagyllydepe, Togalakdepe radiouglerod barlagy netijesinde alnan maglumatlary hem-de Ýakyn Gündogaryň bir meňzeş (sinhron) toplumlary bilen deňeşdirmeler arkaly kesgitlenilýär. Umuman, Türkmenistanda ortaky daş asyry döwrüniň ýaşy b.e. öňki XI-VII müňýyllyklaryň çäklerinde ýerleşýär.

Häzirki wagtda Hazaryň gündogar kenarynyň çäklerinde ortaky daş asyry döwrüne degişli ýadygärlikleriň 30-a golaýy hem maddy medeniýetiň yzygiderli ösüşiniň yzlaryny özünde saklan 4 sany köp gatlakly gowak öwrenildi.

1947-nji ýyldan başlanan olaryň ulgamlaýyn barlagy häzire çenli dowam edýär. Damdamçeşme II gowagynda dürli taryhy döwürlere irki daş asyrynyň ahyrynda (9-njy gatlak), orta daş asyrlaryyna (8 we 4-nji gatlaklar), täze daş asyrlaryna (3-nji gatlak) hem bürünç zamanyna degişli medeni gatlaklar açyldy.

Jebel gowagynda ortaky daş asyryna (8-6-njy gatlaklar), täze daş asyryna (6, 5, 5 a, 4, 3-nji gatlaklar) hem-de bürünç eýýamyna degişli bolan 10 sany medeni gatlak öwrenildi.

Ortaky daş asyry döwrüniň adamlary Damdamçeşme I gowagynda ýaşapdyrlar. Bu ýerden 5 sany medeni gatlak tapyldy. Olaryň aşakysy (5-nji gatlak) irki daş asyrynyň ahyry, 4-nji gatlak ortaky daş asyrlary, 3-2-nji gatlaklar bolsa täze daş asyrlary döwürlerine degişli hasaplanylýar.

Gowak toplumlarynyň maddy medeniýeti çakmakdaşdan ýasalan gurallardan, haýwanlaryň, guşlaryň, balyklaryň süňklerinden, olardan ýasalan şelpe görnüşli bezeglerden hem-de balykgulaklardan ybarat bolupdyr. Açyk düşelgelerden diňe çakmak daşyndan ýasalan gurallar tapyldy.

Ortaky daş asyry döwrüniň çakmakdaşdan ýasalan gurallarynda ilkinji geometrik şekilleriň peýda bolmagy ösüşli aýratynlykdyr. Adamlar çakmakdaşlaryny ýukaldyp gysgajyk bölekläp kesmegi hem dişemegi öwrenipdirler. Netijede, olar çakmakdaşdan dürli hili geometrik şekilleri,üçburçluklary, gönüburçluklary ýasapdyrlar. Ortaky daş asyry döwrüniň senagaty üçin has ownuk gurallaryň (mikroplastinalaryň) peýda bolmagynyň hem-de ýaýramagynyň hasabyna uly ösüşler gazanylypdyr. Muňa mysal hökmünde, uly çakmakdaş böleginden (nukleusdan) has kämil görnüşli gazawlary, ýüzi tygly çakgynyňky ýaly, ýasy hem galam görnüşli ownuk gurallar ýasalandygyny görkezmek bolar.

Gowak toplumlarynda gazuw-agtaryş işlerini geçirmek we köp sanly açyk düşelgeleri derňemek, öwrenmek netijesinde Türkmenistanda ortaky daş asyry döwrüniň medeni-taryhy ýagdaýyny göz öňüne getirmek mümkin. Olar Merkezi Aziýanyň hem Ýakyn Gündogaryň orta daş asyrlary, täze daş asyrlary döwrüniň anyk senelenmesini hem döwürlerini anyklamak boýunça ygtybarly çeşme bolup hyzmat edýär.

Balkan sebitiniň tapyndylarynyň Hazaryň günorta kenar ýakasyndaky Garikamarband, Hotu, Alay Tappeh

gowaklarynyň aşaky gatlaklarynda (28-22) tapylan zatlar bilen meňzeşligi bar. Olary Damdamçeşme II gowagynyň 9-njy gatlagyny irki gadymy daş asyrynyň ýokarky döwri bilen deňeşdirmek mümkin.

Çakmakdaşlardan ýasalan gurallaryň görnüşlerinden çen tutup, Hazaryň gündogar kenarlarynda ýerleşen ýadygärlikleri, ol ýerde ýaşan ilatyň başga bir toparyna degişlidir diýip hasap etmek mümkin.

Hazaryň gündogar kenarynyň orta daş asyrlary toplumlaryny Ýakyn Gündogaryň döwürdeş ýadygärlikleri bilen deňeşdirilip görlende käbir meňzeşlikleriň bardygy ýüze çykaryldy.

Çagyllydepäniň, Togalakdepäniň hem-de Ýakyn Gündogaryň ýadygärlikleriniň döwürlerine esaslanyp, bu sebitiň ortaky daş asyry döwrüni b.e.öňki XI-VII müň ýyllyklaryň çäklerine degişli etmek mümkindir.

Hazaryň gündogar kenar ýakasynyň düşelgelerinde ýaşan adamlar awçylyk, balykçylyk, dürli ösümlikleriň miwelerini ýygnamak ýaly pişeler bilen meşgullanypdyrlar. Ony Jebel, Gaýly, Damdamçeşme II gowaklarynyň aşaky hem 6-njy we 4-nji gatlaklaryndan tapylan süňkleriň galyndylary subut edýär.

Zähmet gurallarynyň ulanylmagyndan galan yzlar barlagyň maglumatlarynyň görkezişine görä, ortaky daş asyry döwrüniň ilaty esasan deri eýlemek, süňkleri, şahlary, agaçlary ýonmak, zähmet gurallaryny ýasamak, balykgulaklardan, süňkden, daşdan bezeg şaý-seplerini ýasamak, eýlenen derilerden geýim tikmek ýaly işler bilen meşgullanypdyrlar diýen netijä gelmäge mümkinçilik berýär.

Giçki we ortaky daş asyrlary eýýamynda Hazaryň gündogar kenarynda ýaşan ilatyň durmuşynda käbir özgerişlikler ýüze çykypdyr. Damdamçeşme II gowagyň 4-nji gatlagyndan alnan haýwan süňkleriniň arasynda dowarlaryň süňkleriniň bardygy anyklanyldy. Bu ýagdaý ilatyň şol

döwürde çarwaçylyga geçip, ownuk mallary köpeldip ugrandyklaryny görkezýär.

Ýakyn Gündogaryň ýadygärliklerinden hem şu hili zatlaryň tapylmagy ortaky daş asyry döwründe olaryň Hazaryň gündogar kenar sebitiniň ilaty bilen ýakyn aragatnaşykda bolandyklaryna güwä geçýär. Garabogazköl ýakalaryndaky tapyndylar bolsa şol döwürde bu ýeriň ilatynyň has demirgazykdaky ýerler bilen gatnaşygynyň bolandygyny görkezýär. Sebäbi Günorta Uralyň Ýangelka, Mysowaýa, Surtandy, Atsyzburuna döwürdeş ýadygärliklerinde şeýle hem Uralyň aňyrsyndaky Dolgiý Ýelnik düşelgesinden hem edil Garabogazköl ýakasyndaky ýaly tapyndylaryň üstünden barylmagy şeýle netijä gelmäge esas berýär. Edil şolar ýaly tapyndylar Gazagystanyň Ýewgenýewka düşelgesindenem, Üstýurduň Aýdabol 25 we beýleki ýadygärliklerindenem tapyldy.

Şeýlelikde, Balkan sebitiniň toplumlarynyň medeni däpleri Jebeliň täze daş asyrlary gatlaklarynda, Damdamçeşme II hem-de bölekleýin Jeýtunyň irki ekerançylyk medeniýetinde aýdyň görnüp durandyr. Hazaryň gündogar kenarýakasynyň medeniýetine meňzeşlikleri bolsa Damdamçeşme 1 täze daş asyrlary tapyndylarynda, Garabogazköl ýakalarynyň ýadygärliklerinde, Aşaky Uzboýyň we bölekleýin Kelteminar medeniýetinde ýüze çykýar.

Hazaryň kenarynda gadymy türkmen medeni ojaklarynyň bolanlygyna şaýatlyk edýän taryhy tapyndylaryň belli edilen ýerleri, esasan Etrek ýakalarynda (Sumbar we Çendir derýalarynyň jülgelerinde) ýerleşýär. Ol ýerler Sumbar derýasynyň jülgesinden, Magtymguly etrabynyň töwereklerindäki uly bolmadyk beýikliklerden, depelerden, baýyrlardan, bölünýän gury hanalardan ybaratdyr. Tebigy şertleriň üýtgemegi,ýagny Sumbar, Çendir we Etrek derýalarynyň akymynyň üýtgemegi zerarly Türkmenbaşy ýarym adasynda ýaşan jemagatyň ýaşaýşy has hem gürelýär.

Hazaryň türkmen kenarynyň suwunyň çekilmegi zerarly durmuşda ozaldan dowam edip gelýän balykçylyk hojalygyndan başga-da ekerançylyk hojalygy peýda bolýar. Öwrenilen daş gurallarynyň arasynda ekerançylyk hojalygyna mahsus bolan has öndüriji zähmet gurallary peýda bolupdyr. Hazaryň türkmen kenarynda ýene-de bir gadymy medeni ojaklaryň biri Begarslandag, Gakyş, Gyzylburun we Alamgul gadymy obalarydyr. Jebeliň, Turandagynyň we Belegiň sebitlerinde daşdan ýasalan palta görnişli gurllaryň öwrenilmegi şol bir taryhy döwürde Jebeliň gadymy obasynda ýasalan gurallaryň Köpetdag eteklerinde, demirgazyk Eýranda gabat gelmegi şol zamanda jemgyýetde ykdysady gatnaşyklaryň bolanlygynyň alamatydyr.

Gadymy Hazaryn kenar ýakasynda taryhyň has irki zamanlarynda daşlaryň dürli görnişlerinden haýwan süňklerinden ýasalan gurallary we bezeg şaý-sepleri jemgyýetiň durmuşynda uzak wagtlap saklanypdyr we kämilleşipdir. Jebelden, Gaýlydan we Garateňňir ussahanasyndan tapylan gurallar we balyk tutulýan senetleriň öwrenilmegi şol bir taryhy zamanda Sumbar, Çendir we dag çeşmelerinden akyp gelýän çeşme suwlarynyň ugurlarynda ýaşalan ýerleriň öwrenilmegi (I.P.Hlopin) taýpalaryň arasynda medeni-ykdysady gatnaşyklaryň bolandygyny tassyklaýar. Gadymyýetde Hazaryň kenar ýakalarynda ýaşan adamlaryň öndüren maddy we ruhy gymmatlyklary Türkmenistanyň Köpetdag eteklerindäki ekerançy taýpalaryň maddy medenýetiniň, sungatynyň kämilleşmegine itergi beripdir we Pessejikdepe, Jeýtun ýaly ýerlerde medeni ojaklaryň döremegine we ösmegineitergi beripdir. Gadymyýetde Jebeldäki, Gaýlydaky we Pessejikdepedäki daşlaryň we jaýlaryň diwarlaryna tebigy reňkler bilen çekilen haýwanlaryň şekilleri we dürli ösimlikleriň görnüşleri öz aňladýan many-mazmunlary boýunça merkezi Aziýanyň sungat äleminde uly gyzyklanma döredipdir. Hazaryň türkmen kenary ýakasynda

bolup geçen gadymy siwilizasion ösüşleriň dünýä jahankeşdeleriniň nazarynda bolmagy ýöne ýerden däldir. Bu ösüşler taryhyň diňe bir döwründe bolman, ol orta asyrlar medenýetine hem öz ösüş täsirini ýetiren ruhy, maddy gymmatlykdyr.

### 3. Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan irki iýmit çöpleýjiler we awçylar

Irki daş asyrlary döwrüne degişli sene taýdan dürli-dürli maglumatlary anyk seljermek kyn mesele bolup durýar.Daş asyrynyň has irki döwrüniň (aşel) maglumatlaryny takmynan Hazar deňziniň Baku-Hazar joşgunynyň çäklerine (500-300ýyl mundan öň) ýerleşdirmek mümkin .Mustýe zamanynyňkyny irki hwalyn joşgunynyň (60-40müň ýyl mundan öň) döwrüne degişli edip bolar. Giçki daş asyry döwrüniňkini bolsa pleýsestonyň iň soňuna (13-12 ýyl müň ýyl mundan öň) degişli edip bolar.Türkmenistanyň çäklerinde aşel döwrüniň medeni galyndylary bar,emma olaryň az sanlysy mälimdir.Günbatar Köpetdagyň gowaklarynda , Türkmenbaşy ýarym adasynda we Çanakda garyşyk aşel-mustýe tapyndylary ýygnaldy.Türkmenbaşy-Aşgabat gara ýolunyň 33-nji we 43-nji km-ligininň aralygyndan dürli döwürleriň daş gurallarynyň uly topary tapyldy.Türkmenbaşy ýarym adasy daş asyrlarynyň ýadygärliklerine baýlygy bilen tapawutlanýar. Çanakda irki daş asyrlary döwrüniň galyndylarynyň gözlegleri Begarslandag ulgamyň günbatar eteklerinde netije berdi.Bu ýerde dürli ýaşly tapyndylaryň 4 sany ýerleşýän ýeri bellidir.Olar:Begarslandag, Gakyş,Gyzylburun, Alamguldyr. Türkmenistanyň aşel we mustýe döwrüne degişli gurallarynyň başlangyjy we gatnaşyklary Ýakyn Gündogar, Kawkaz, hatda Ýewropa bilen baglanyşykly bolmak ähtimallygy aradan aýrylmaýar. Türkmen topragynyň ähli ýerinde adamzat ýaşaýşynyň irki ojaklary bar.Çanakdan tapylan mustýe el çapgyjy medeniýetiniň ýerli

ösüşiniň netijesinde dörändir diýip çak etmäge esas ýok. Şonuň üçin hem bu ýerde ýaýran ikiýüzli el çapgyjy nusgalaryny goňşy sebitler bilen baglanyşdyrmak bolar. Şeýle gurallaryň Türkmenistanyň çäklerine Hazar deňziniň üsti bilen däl-de, deňizde uly gaýytgynlar (Bakudan öňki, Hazardan soňky we hwalyndan soňky) bolan döwründe, deňziň demirgazyk böleginiň gurap Demirgazyk Kawkaz bilen Müňgyşlagyň arasynda gös-göni gury ýer gatnaşyklary açylan wagtynda aralaşan bolmagy mümkindir. Ikiýüzli el çapgyjy guraly ilatyň göçüp-gonmak ýoly bilen gündogara – Gazagystana we Günorta Türkmenistanyň Hazar ýakasyna ýaýran bolmaklary barada ähtimallygy ýüze çykarýar.Häzirki adamlar neandertal adamlardan gelip çykandyr diýlip hasaplanylýar. Şeýle adamlaryň süňki 1856-njy ýylda Germaniýanyň Neandertal diýen ýerinden tapylypdyr. Neandertal adamynyň fiziki keşbinde häzirki zaman adamlaryna mahsus bolan beden gurluşy bolupdyr. Olar süňkleri iri, göwreleri çalt hereket edip bilýän orta boýly adamlar bolan.

Neandertallar "başarjaň" adam, diýlip atlandyrylýar. Sebäbi olar zähmet gurallaryny ýasamaklygy, sowukdan we güýçli ýelden penalanmagy, haýwanlaryň hamyny eýlemegi, agaçdan, süňkden we daşdan zähmet gurallaryny ýasamaklygy başarypdyrlar. Emma welin neandertallarda heniz adama meňzeş maýmynlara mahsus bolan fiziki keşbem, häsiýetem güýçli duýlupdyr. Olaryň eňegi ýok diýen ýalydyr. Barmaklarynyň boguny gödek bolup, çeýe hereket edip bilmändirler. Beýni gurluşy hem juda ýönekeý bolup, maňlaý bölegi gowşak ösen bolupdyr. Şoňa görä-de, olarda pikirlenmek çäkli bolupdyr. Beýniniň gurluşynda maýmynyň alamatlary bolupdyr. Şoňa görä-de neandertal adamlaryň arasynda çaknyşyklar bolup durupdyr. Neandertal döwrüniň adamlarynyň ýaşan ýerleri Merkezi Aziýada Özbegistanyň çäklerinde Deşikdaş gowagyndan tapyldy. Alymlar bu ýerden 8-9 ýaşly neandertal oglanjygynyň süňkini tapdylar.

Neandertallardan soň hazirki zaman adamlaryna meňzeş-“homo sapiens”, ýagny “akylly –paýhasly” adamlar peýda bolýarlar. Adamlaryň ýaşaýyş we durmuş tejribesi kem-kemden artyp başlapdyr. Onuň şeýle bolmagyna tebigatda bolup geçýän hadysalar haýwanat we ösümlik dünýäsindäki özgerişler uly täşir edipdir. Ilki-ilkiler adamlar uly haýwanlary köpçülik bolup awlapdyrlar. Şol haýwanlaryň etleri olara köp wagtlap iýmit bolupdyr.

Gadymy Türkmenistanyň topragy günortasyny Köpetdaga direýän, günbatarsyny deňiz ýuwýan, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän ajaýyp düzlikdir.Türkmnistanyň esasy ýerini çöl tutýar, onuň gyralaryny bolsa suwarymly ýerler we Amyderýa jülgesi tutýar. Gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylan tapyndylara görä, ilkinji adamlar Hazar zolagynyň gowaklarynda ornaşypdyrlar

Iň gadymy zamanda adamlaryň mümkinçiligi gaty çäkli bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki müňýyllyklarda adamyň akyly juda kämilleşmedik ýagdaýda bolup, ol özüniň fiziki güýjüni maksada laýyk peýdalanyp bilmändir. Şeýle-de bolsa, ýaşaýyş ugrundaky göreş iň gadymy adamlary täze sepgitlere alyp gidipdir. Adamlar dünýäniň bir bölegini buz tutan müňýyllyklarynda-da doly gyrlyp gutarmandyrlar. Gadymy adamlar ýaşaýşyň kynçylyklaryndan nähili agyr hem bolsa baş çykarypdyrlar hem-de jemgyýetiň soňky ösüşine ýol açypdyrlar.

Giçki paleolit döwründe iň gadymy adamlaryň durmuşýnda düýpli özgerişler bolup geçipdir. Adamlar özlerine iň gerekli zatlary ýasamagy öwrenipdirler. Onuň şeýledigini Türkmenbaşy-Aşgabat demir ýolunyň 39-40-njy km aralygyndaky ussahanadan tapylan zähmet gurallary hem subut edýär. Gadymy ussalar çakmakdaşdan uly bolmadyk ýasy görnüşli gysgyçlary, ýuka hem ýiti uçly deşewaçlary taýýarlapdyrlar. Şol gurallar agaç, süňk kesmek üçin amatly bolupdyr. Deşewaçlaryň kömegi bilen awlan haýwanlarynyň

derisinden gödegräk hem bolsa ýönekeýje egin-eşik tikip, azyk önümlerini saklar ýaly dürli göwrümli halta, meşik edinipdirler.

Paleolit döwrüniň ýadygärlikleri öwrenilende, şol eýýam üçin häsiýetli täze bir jemgyýetçilik gurluşynyň, ýagny enelik urugynyň ýüze çykandygy anyklandy. Ol mundan öňki takmynan 35-40 müň ýyllaryň aralygynda bolup geçipdir. Häzirki zaman keşpli adamlaram hut şol döwürde kemala gelipdir.

Giçki paleolit döwründe aýallar bilen erkekleriň arasynda zähmet bölünişigi-de ýüze çykypdyr. Erkek adamlar awçylyk, balyk tutmak, zähmet gurallaryny ýasamak hem-de ýaşaýan toparlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek bolupdyr. Aýallar bolsa ir-iýmiş çöplemek, çagalar barada alada etmek, ody öçürmän saklamak, nahar taýýarlamak, geýim-gejim edinmek (tikmek), köpçülikleýin ýaşaýyş üçin ätiýaçlyk iýmit toplumyny döretmek we başgalar bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Aýallaryň we erkekleriň arasyndaky zähmet bölünişigi jemgyýetiň ösüşiniň ilerlemegine oňaýly täsir edipdir. Ol zähmet öndürijiliginiň artmagyna, aýallaryň jemgyýetdäki ornunyň ýokarlanmagyna, enelik urugynyň döremegine getiripdir. Şeýlelik bilen, arheologik barlaglarynyň aşel we mustýe adamlarynyň awçylar hem ýygnaýjylar bolandygyndan kesgitlenen ýerleri bolan beýleki birnäçe ýurtlar bilen deňeşdirip, biz Türkmenistanyň irki daş asyrlaryndaky tebigy şertleri onuň gadymy ýaşaýjylarynyň hut şeýle durmuş ýagdaýy bolmagy üçin azda-kände ýeterlik bolupdyr diýip hasap edip bileris. 60-40 müňýyllykda (hwalyn döwründe) Çanakda, Garagumda we beýleki etraplarda ýaýran sähralyklaryň we ýarym sähralyklaryň şertlerinde çalasyn, toýnakly haýwanlary awlamak üçin mustýe zamanynyň awçylarynda zyňylýan ýaraglaryň, ýagny çakmakdaşdan ýasalan uç geýdirilen naýzalaryň ýüze çykmagy bilen awçylyk aňsatlaşan bolmagy mümkindir (şeýle uçlar Çanakdan we Türkmenbaşy ýarym adasyndan tapyldy).

Häzirlikçe bizde adamlaryň duralga durmuşynyň guralyşy, oduň peýdalanylyşy, ýaşamak üçin külbäniň bolandygy barada hiç hili maglumat ýok. Beýleki sebitlerde irki daş asyrlary döwrüniň (paleolit) ýadygärlikleri öwrenilende şeýle maglumatlar toplanypdyr. Ody peýdalanmagyň irki daş asyrlary döwründen başlap adamyň durmuşynda uly orun tutandygy anyklanandyr. Otdan peýdalanmagyň alamatlary eýýäm aşel döwründe hem görünýär. Durnuksyz howa ýagdaýynda ýaşan adamlar tebigy dag gaçybatalgalary bolmadyk etraplarda ýönekeýje hem bolsa, haýsydyr bir külbäni döretmegi başaran bolsalar gerek.

Aşel we mustýe döwürlerinde adam jemagatlarynyň belli bir jemgyýetçilik guramalarynyň dörändigini we zähmetiň jynsa we ýaşa görä paýlanyşylmagynyň başlanandygyny çak etmek bolar. Erkek adamlar köplenç iri haýwanlary awlamak, tutulýan haýwanlary yzarlap uzak wagtlaýyn gözleglere gitmek, awlary soýmak, pudarlamak we olary duralgalara getirmek, daşdan gurallary, zähmet gurallaryny we ýaraglary taýýarlamak bilen meşgullanypdyrlar. Aýallar ozaly bilen öý hojalyk işleri bilen meşgul bolandyrlar. Aşel we mustýe daş önümçiligini döredijileriň tebigy taýdan häzirki görnüşdäki adamlar ýaly ösen bolmandyklaryna garamazdan, eýýäm belli bir aňlaýyş we megerem belli bir derejede sözleýiş ukyplary bolupdyr.

Mezolit döwründe Hazaryň gündogar kenarynyň howa ýagdaýynda hem tebigy şertlerinde düýpli özgerişlikler bolup geçipdir. Olar giçki pleýstosen eýýamyndan başlanypdyr. Alymlar şol döwürde derýalaryň jülgelerinde tokaýlyklaryň döremegine getiren çyglylygyň, ýagny ýagynlaryň köp bolandygyny belleýärler. Bu ýagdaý dag eteklerinde, Garagumuň hem Gyzylgumuň peslik ýerlerinde, Üstýurdyň üsti tekiz belentliklerinde köp sanly hemişelik ýa-da wagtlaýyn kölleriň döremegine getiripdir. Aýratynam, Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň üýtgäp durmagy bu sebitde ýaşan ilkidurmuş adamlaryň ýaşaýşyna güýçli täsirini ýetiripdir.

Güýçli hwalyn transgressiýasy döwründe (20-10 müň ýyl mundan ozal) Hazaryň suwunyň derejesi birden ýokary galypdyr. Şonuň netijesinde Günbatar Türkmenistanyň hem Hazar ýakasynyň pesliklerini suw basypdyr. Günorta Garagumda bolsa giden meýdany tutup ýatan aýlag emele gelipdir.Şu hili gowy tebigy şertler, galyberse-de, dürli gurallary ýasar ýaly çakmakdaşlaryň bolmagy orta daş asyrlary döwrüniň adamlarynyň ýaşaýşy üçin amatly ýagdaý döredipdir. Olar toparlara bölünip, sowukdan, ýeldir ýagyşdan, wagşy haýwanlaradan goranar ýaly amatly çatma kysymly öýler gurnapdyrlar. Gowaklarda hem Garabogazköl ýakalarynda, Türkmenbaşynyň üsti tekiz belentliginde, Hazar ýakasynda açyk düşelgelerde ýaşapdyr.

Gadymy Türkmenistanyň mezolit döwründe (b.e.öňki takmynan XI-VII müňýyllyklar) Türkmenistanyň çäginde ýaşan adamlaryň gonalgalaryna esasan Balkan welaýatynyň çäklerinde gabat gelinýär. Olara Jebel gowagy, Kesgirbulak, Garabogaz kölüniň gündogarynda ýerleşýän Hojasuw, Depeçanak gowaklary, Balkan daglarynda ýerleşýän Gaýly, Damdamçeşme I we II gowaklary we başgalar degişlidir.Olar mezolit döwründe ( b. e. öňki XII-VIII müňýyllyklar, orta daş asyry) daş gurallaryny ulanypdyrlar. Awçylaryň durmuşynda üçburçlyk görnüşindäki çakmak daşlary peýda bolupdyr. Adamlar bu döwürde hem tebigatyň eçilen miwelerini çöplemek, ösümlikleriň köklerini köwlemek we şolardan iýmitlenmek bilen güzeran görüpdirler. Şeýle ýaşaýyş gadymy adamlara köp kynçylyklar döredipdir. Gyşyň gazaply gelmegi, garyň galyň ýagmagy netijesinde ösümlikleri gar basmagy, artykmaç azyk önümleriniň bolmazlygy ýaşaýşa uly howp salypdyr.

Adamlar ýaz-tomus aýlarynda miwe çöpläp aw awlan bolsalar, gyş aýlary köplenç aw awlamak bilen meşgul boupdyrlar. Iň gadymy adamlar eti çig iýipdirler. Olar köpçülikleýin zähmet çekipdirler we ýaşapdyrlar. Zähmet

gurallarynyň has ýönekeý bolmagy olary özbaşdak zähmetden mahrum edipdir. Bu döwürde adamlara diňe köpçülikleýin zähmet çekmeklik üstünlik getiripdir.

Türkmenistanyň ýerlerinde mezolit döwründe ýaşan adamlar awçylyk, balyk tutmak, ir-iýmiş çöplemekden haýwanlary eldekileşdirmäge we ilkidurmuş maldarçylygyna geçilmegi oturumly ýaşaýşyň alamatlarynyň ýüze çykmagyna – çatmalaryň gurulmagyna itergi beripdir. Mezolit döwründe ýaşan taýpalaryň durmuşynda urug jemgyýeti emele gelip başlaýar. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda Gaýly, Damdamçeşme II we Jebel gowaklaryndan bekräniň, çökäniň, kepiriň süňk galyndylarynyň köp tapylmagy olaryň ýaşaýjylarynyň esasan şol görnüşli balyklary iýmit hökmünde peýdalanandygyna güwä geçýär. Balyk ol döwürde agaçdan ýa-da süňkden ýasalan garpun arkaly tutulandyr diýip çaklanylýar. Balyk tutmagyň iň gadymy adamlaryň durmuşynda möhüm orun oýnap başlandygyna garamazdan, mezolitde awçylyk ilatyň hojalygynyň esasyny düzüpdir. Onuň şeýledigine Jebelden, Damdamçeşme II ýabany haýwanlaryň: goýnuň, geçiniň, gulanyň, öküziň, jereniň köp mukdardaky süňk galyndylarynyň tapylmagy hem tassyklaýar. Awçylaryň zähmet we aw gurallary bolup, uly naýzalar hem-de dürli ölçegli ok-ýaýlar hyzmat edipdir. Adamlaryň ýygnaýjylyk bilen meşgullanmagy olaryň hojalygynda möhüm orny eýeläpdir. Olar köplenç deňiz düýbünde we gury ýerde ösýän ýabany ösümlikleri iýmit üçin ýygnapdyrlar.

Mezolit döwrüniň adamlary awlan haýwanlarynyň derisini eýlemegiň, agaçdan, suňkden, daşdan dürli görnüşli gurallary hem-de balykgulaklardan bezegleri-asma şelpeleri ýasamagyň hötdesinden ussatlyk bilen gelipdirler. Bu zamanda geometrik şekilli oňat işlenip bejerilen mikrolitler (grekçe mikro-kiçijik, latynça-litos-daş, ýagny kiçijik daş gurallary) peýda bolupdyr. Mezolit döwrüniň adamlary süňkden iňňe-de ýasapdyrlar. Gaýly gowagyň aşaky gatlagyndan tapylan kiçijik

gözli iňnelerde guradylan damardan taýýarlanan sapaklar bilen deriden geýim tikipdirler.

Giçki mezolit döwründe awçylykdan haýwanlary eldeki etmäge geçilmegi gadymy maldarçylygyň ýüze çykmagyna getiripdir. Damdamçeşme II tapylan geçiniň, goýnuň süňk galyndylary şol döwürde ownuk şahly mallary köpeltmäge geçiş prosesiniň başlanandygyndan habar berýär. Bu bolsa awçylyga, balykçylyga, ýygnaýjylyga daýanýan hojalygyň ykdysadyýetinde täze öndürijilikli pudagyň ýüze çykyp başlandygyny aňladýar.

Ortaky daş asyrynyň ýene bir häsiýetli aýratynlygy oduň ýuze çykmagydyr ýagny, adamlar ody ulanmagy başarypdyrlar. Eýsem ody olaryň özleri oýlap tapdylarmyka? Ýyldyrym çakmagy ýa-da wulkan atylmagy sebäpli tokaýlarda ýangyn emele gelipdir. Şol ýangyn sebäpli haýwanlaryň birnäçesi oduň içinde galypdyr. Adamlar otda bişen etiň çig etden has tagamly bolýandygyny aňlapdyrlar. Galyberse-de ot adamlary sowukdan gorapdyr, ol ýyrtyjy haýwanlardan goranmaga hem amatly bolupdyr. Şoňa görä-de, gadymy adamlar ody öz mekanlaryna-ojaklaryna getirip, onuň üstüne hemişe odun oklap, ody öçürmän saklapdyrlar. Şeýlelikde, ot gadymy adamlaryň durmuşynda uly öwrülişik döredipdir.

Oduň ýüze çykmagy adamzadyň diňe bir medeni taýdan öňe gidişliginiň ösmegi üçin däl-de, eýsem adamynyň kämilleşmeginde hem uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ot adamlaryň işeňňirligini artdyrypdyr. Olar ody öçürmän saklamaga çalşypdyrlar.

Mezolit döwründe öndüriji güýçleriň ösüşiniň taryhynda ok we ýaýyň oýlanyp tapylmagy aýratyn ähmiýete eýedir. Tutuş daş asyrynyň awçylarynyň iň haýbatly ýaragy bolan ok-ýaý giçki mezolit (VIII-VII müňýyllyklar) döwründe has giňden ýaýrapdyr. Ýaýyň oýlanyp tapylmagy, daşdan ýasalan tagaşyksyz gurallardan ok-ýaýa geçilmegi adamlaryň ýaşaýşynda uly öňe gidişlik bolupdyr. Munuň özi indi

adamlaryň ýyndam haýwanlary, guşlary awlamaklaryna hem mümkinçilik beripdir. Indi gadymy adamlaryň hojalygynda artykmaç et önümleri köp bolupdyr. Bu bolsa adamlary açlykdan halas edipdir. Emma bu döwürde-de uzynlygy 1-2 sm. bolan ownuk daş gurallary bolup, olar esasan peýkamyň ujuna geýdirilýän naýzajyklar hökmünde we süňk ýa-da agajyň arasynda goýup (oragyň dişine meňzeş), ösümlikleri ormak hem-de kesmek üçin peýdalanylypdyr.

Erkek adamlar aw awlamak bilen meşgul bolansoňlar, olar uzak wagtlap maşgalanyň arasynda bolup bilmändirler. Aýallar bolsa öý hojalyk işleri we çagalary terbiýelemek aladasy bilen bolupdyrlar. Aýallar maşgalada we bütin urug jemgyýetinde uly orna eýe bolupdyrlar. Şol sebäpli hojalygyň esasy agramy olaryň gerdenine düşüpdir. Mezolit döwrüniň çakmakdaşdan ýasalan gurallaryny ilkinji geometrik şekilleriniň peýda bolmagy tapawutlandyrýar. Adamlar çakmakdaşlaryny ýukaldyp gysgajyk bölekläp kesmegi hem dişemegi öwrenipdirler. Netijede, olar çakmakdaşdan dürli hili geometriýa şekilleri-segmentleri, üçburçluklary, trapesiýalary, gönüburçluklary ýasapdyrlar. Düzümi dürli, ýukatap hem ownuk böleklenen çakmakdaşlary agaja berkidilip her hili ýaraglar we gurallar ýasalypdyr. Pyçaklar, hanjarlar, peýkamlaryň, naýzalaryň uçlary we beýlekiler olara degişlidir.

Şeýlelikde, Balkan sebitiniň toplumlarynyň medeni däpleri Jebeliň täze daş asyrlary gatlaklarynda, Damdamçeşme II hem-de bölekleýin Jeýtunyň irki ekerançylyk medeniýetinde aýdyň görünýär. Hazaryň gündogar kenar ýakasynyň medeniýetine meňzeşlikleri bolsa Damdamçeşme II täze daş asyrlary tapyndylarynda, Garabogazköl ýakalarynyň ýadygärliklerinde, Aşaky Uzboýyň we bölekleýin Kelteminar medeniýetinde synlamak mümkindir.

Günbatar Türkmenistan çarwaçylygyň ýüze çykan irki merkezleriniň biri bolmak bilen, Merkezi Aziýanyň täze daş

asyrlary medeniýetiniň birnäçesine ownuk mallaryň ýaýramagyna özüniň täsirini ýetiripdir.

## 4. Türkmenistanda öndüriji hojalygyň ýüze çykmagy. Türkmenistan gadymy ekerançylyk medeniýetiniň ojagydyr

Daş asyrlary döwri medeniýetiniň soňky ösüşi arheologlar tarapyndan täze daş asyry-neolit döwri diýlip atlandyrylýar. Ol b.e. öňki VII-V müňýyllyklaryň dowamynda bolup geçýär.Bu döwürde daş gurallary ýasamagyň usuly kämilleşipdir. Olaryň görnüşleri köp dürli bolupdyr. Zähmet gurallaryny taýýarlamagyň usulynda bir giden üýtgetmeler, kämilleşdirmeler ýüze çykýar. Ýylmanan paltalar, isgeneler, teşeler, pyçaklar giňden peýdalanylyp başlanýar. Deri eýlemek hem-de agaç işläp bejermek üçin niýetlenen gurnama ýonguçlar (rendeler), ýabany ösen we hojalykda ýetişdirilen däneli ösümlikleri orar ýaly pyçaklar, dokma gurnamasy üçin gerekli enjamlar ýüze çykýar. Peýkamlaryň hem keltejik naýzalaryň görnüşleri artýar. Süňkden ýasalan gurallar barada aýdylanda-da, ýagdaý şeýledir. Olaryň tor hem boýra örülýän, surat çekmek üçin ulanylan gural, küýzegärçilik önümlere nagyş çekilýän gurallar ýaly bütinleý täze görnüşleri peýda bolýar. Gadymy daş hem orta daş asyrlary döwründe ulanylan agaçdyr deriden edilen gap-gaçlara derek küýzegärçiligiň durmuşa ornaşmagy täze daş asyrlary döwrüniň möhüm üstünligidir.Merkezi Aziýada täze daş asyrlar döwri üçin düşelgelerdir obalaryň köpelmegi bolup geçýär. Olar kiçiräk maşgala birleşigi bolup dowarlary bakypdyrlar, öri meýdanlaryny häli-şindi üýtgedendikleri üçin wagtlaýyn duralgalary döredipdirler. Bu ýagdaý uly medeni birlikleriň çäginde maldarçylyga hojalygyň öňdebaryjy pudagy hökmünde garalandygyny görkezýär.Giçki ,orta we irki täze daş asyrlary döwründe ilkidurmuş jemgyýetleriň ýaşaýşynda we hojalyk

işinde uly öňe gidişlik bolupdyr. Ekerançylyk-maldarçylyk ykdysadyýetine geçilmegi, hojalygyň bu esasy pudaklaryna aýratyn ünsüň berilmegi täze daş asyry döwrüniň ilatynyň oturymly bolmagyna, agaçdan hem palçykdan berk ýaşaýyş jaýlaryň salynmagyna şert döredipdir.Biziň eramyzdan öňki VI müňýyllykdan giç bolmadyk döwürde Tagtabazar şäherçesiniň golaýyndaky Murgap derýasynyň sag kenaryndaky etraplar özleşdirilipdir. Täze daş asyrlary döwrüniň ilatynyň kiçiräk bir topary Uly hem Kiçi Balkanyň gowaklarynda ýaşamaklaryny dowam etdiripdirler. Olar Damdamçeşme I we II hem orta daş asyrlary döwrüniň Gaýly gowagynda mesgen tutupdyrlar.Täze daş asyrlary döwründe Merkezi Aziýada häzirki Türkmenistany-da öz içine almak bilen, örän ähmiýetli hem dürli arheologik ýadygärlikleri galdyran köp sanly taýpa toparlarynyň bilelikde ýaşan garym-gatymlygyny düzýär. Täze daş asyrlary döwrüniň ilaty b.e. öňki VI müňýyllykda ýerli toparlara bölünip, Garabogazköl ýakasynda (Garabogazköl medeniýetini ýaýradyjylar), Demirgazyk Balkan sähralarynda (Oýukly medeniýetini ýaýradyjylar), Aşaky Uzboýyň kenarynda (Aşaky Uzboý medeniýetini ýaýradyjylar) ýaşapdyrlar. Olar b.e. öňki V-IV müňýyllykda Ýokarky Uzboýyň her Sarygamyşyň kenar ýakalaryny (Kelteminar medeni birliginiň Ýokarky Uzboý medeniýetini ýaýradyjylary), b.e. öňki VI müňýyllykda Murgabyň jülgesini (Tagtabazar medeniýetini ýaýradyjylar) özleşdiripdirler.B.e. öňki VII müňýyllygyň ahyrynda, VI müňýyllygyň başynda Köpetdag eteginiň düzlükleri eýelenýär (Jeýtun medeniýetini ýaýradyjylar). Olaryň käbiri has uly birleşmeleri düzüp ýakyn garyndaşlyk gatnaşyklaryndan ybarat toparlara birleşmek bilen, Uly Aziýanyň giň çäklerine ýaýrapdyrlar. Kelteminar hem Gissar medeni birlikleri şolara degişlidir. Häzirki Türkmenistanyň çäklerinde ýüze çykarylan täze daş asyrlarynyň medeniýeti hem medeni toplumlar jaý gurluşygynda, hojalyk ösüşinde, önümçilikde, küýzegärçilikde,

daş gurallaryň ýasalyşynda, ýaşaýyşda, gelip çykyşynda, jemgyýetçilik gurluşynda, ruhy dünýäsinde,ösüş ugurlarynda özlerine mahsus aýratynlyklar bilentapawutlanýarlar.

**Jeýtun medeniýeti.**

Türkmenitanyň günorta etraplarynyň neolit zamanyna degişli medeniýeti “Jeýtun medeniýeti” diýen at bilen taryha girdi. Jeýtun, ýagny ol at şol zamanyň ýadygärligi bolan Jeýtun obasynyň ady bilen baglanyşyklydyr. Jeýtun obasy Aşgabat şäherinden 30 km demirgazyk-günbatarynda ýerleşýär.

Irki neolit (täze daş asyry) döwrüne degişli Jeýtunda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde gymmatly maglumatlar ýüze çykaryldy.Gadym zamanda oturymly ekerançylaryň mekany bolan Jeýtun obasy beýikligi 4 metr bolan çäge belentliginiň üstünde ýerleşipdir we 4000 inedördül metr meýdany tutupdyr.Taryhy maglumatlara görä,bu ýerde her biriniň meýdany 25-den 45 inedördül metre golaý bolan 30 töweregi öýler bolupdyr.Jeýtun medeniýetiniň bütin dowam eden wagtynda bu jaýlar 5 gezek gaýtadan gurlupdyr.Ýaşaýyş jaýlarynyň ýanynda dürli maksatlar üçin kömekçi jaýlar hem gurlupdyr.Bu jaýlar biri-biriniň aralygy 0,5 metr bolan üç sany ýanaşyk diwarlardan ybarat bolupdyr.Ol diwarlaryň keseligine beklenen ýeri ýok,ýöne diwarlaryň arasyndan köp sanly haýwanlaryň süňküniň galyndylarynyň tapylmagy bu jaýlarda adamlar arassa we tämiz howada et kakadypdyrlar diýmäge esas berýär. Oturymly ekerançylyk ilatyň köpelmegine amatly şertleri döredipdir. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, Jeýtunda düzümi 5-6 adamdan ybarat 35-40 maşgala hojalygy ýaşap, onuň jemi ilaty 200-240 adam töwerekleri bolupdyr. Her bir maşgalanyň hojalyk gap-gaçlary, bezeg şaýlary şol maşgala degişli jaýlarda saklanypdyr. Emma iýmit süýşürintgileri, däne we ş.m. zatlar, bütin oba üçin niýetlenen umumy jaýda ýerleşdirilipdir. Jeýtundaky ilatyň ýaşaýyş jaýlary palçykdan bolup, esasan bir giň otagdan ybarat bolup, inedördül görnüşde salnypdyr. Gapylary darajyk bolup, olar haýwanlaryň derileri

bilen ýapylypdyr. Jaýyň diwarlarynda bolsa kiçeňräk tekjejikler bolup, onda bezeg şaý-seplerini goýupdyrlar.

Öýlerden,kömekçi jaýlaryň ýanyndan keramiki we daş gurallar tapyldy.Şol daş gurallaryň arasynda neolit eýýamyna mahsus bolan ýylmanak gurallar hem bar. Ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanmak jeýtunlylaryň esasy käri bolupdyr. Ol ýerden 533 sany çakmak daşyndan ýasalan oragyň, öý geçisiniň, eldekileşdirilen itiň, ýabany goýunyň, keýigiň, ýekegapanyň süňk galyndylarynyň tapylmagy, ýaşaýyş jaýlarynyň suwaglarynda arpadyr bugdaý dänesiniň yzlarynyň saklanyp galmagy hem olaryň kärleriniň ekerançylyk we maldarçylyk bolandygyny tassyklaýar.

Türkmenistan dünýäde iň gadymy emeli suwaryş ulgamynyň dörän ýerleriniň biri diýlip hasaplanylýar. Gadymy Jeýtunly ekerançylar ekin meýdanlary suwarmak üçin dag çeşmelerinden peýdalanypdyrlar. Jeýtunlylar şeýle-de maldarçylyk hem-de awçylyk bilen meşgullanmaklaryny dowam etdiripdirler.

Jeýtunlylar ussat küýzegärler bolupdyr. Olar toýun palçykdan düýbi ýasy gap-gaçlary ýasap, olary bişirmän, reňklemän, göni egrem-bugram çyzyklar bilen ýönekeý nagyş görnüşinde bezemegi başarypdyrlar, täze önümçilik-küýzegärçilik senedi uly ähmiýete eýe bolup başlapdyr. Jeýtunyň ähli gap-gaçlary uzalýan zolak usuly boýunça ýasalypdyr. Olar biri-birine seplenip gaplaryň belli bir şekili ýasalyp üsti ýylmanypdyr. Türkmenistanyň irki ekerançylyk döwrüniň obalarynda ýönekeý we nagyşlanan gap-gaçlar duş gelýär.

Jeýtun medeniýetiniň ýadygärlikleri üç döwre: irki, orta we giçki döwürlere bölünýär.Jeýtun medeniýetiniň bu döwürlerine degişli ýaşaýyş jaýlarynyň we olaryň bezeg işleriniň ýüze çykarylmagy döwürleri biri-birinden ösüşli aýratynlygy boýunça tapawutlandyrmaga esas berýär.Irki Jeýtun medeniýetine degişli ýaşaýyş jaýlary gönüburçly şekilde

bolup,olar diňe öz möçberleri we gapylarynyň,ojaklarynyň goýlan ýerleri bilen biri-birinden tapawut edipdir.Diwarlarynyň saman garylan palçykdan edilen uzyn kerpiçlerden örülmegi,toýun bilen diwarlarynyň suwalmagy adamlaryň gurluşyk işlerinde tejribeleriniň kämilleşendigini görkezýär. Jeýtun medeniýeti Bamy bilen Mäne-Çäçä çenli aralygy öz içine alypdyr. Onuň irki döwrüne Jeýtun depäniň özi, Çopandepe, Togalak depe degişlidir. Häzirki Gökdepe etrabyndaky Pessejikdepe, Çopandepe we başgalar bu medeniýetiň ortaky döwrüniň ýadygärlikleridir. Jeýtun medeniýetiniň giçki döwrüniň ýadygärliklerinden Mäne bilen Çäçäniň (Kaka etraby) arasyndaky Çagyllydepäni agzamak bolar. Irki Jeýtun medeniýetine degişli Togalakdepede hojalyk jaýynyň ojagynyň ýanyndan däne owradyjylaryň bölegi,durmuşda ulanylan küýze önümleriniň köp sanly bölekleri ,çakmak daşdan edilen gurallar tapyldy.

Şonuň ýaly-da,Jeýtunlylar ýuka, ýasy ýylmalan çakmak daşlaryny dişäp, agaja baglap, orak ýasamagy başarypdyrlar. Olar gallaçylygyň iki görnüşini: güýzlük hem-de düme bugdaýlary ösdürip ýetişdiripdirler. Jeýtun medeniýetiniň ortaky döwrüniň ýadygärlikleri bolan Çopandepe we Pessejikdepe Gökdepe etrabynyň çäklerinde ýüze çykaryldy.Bu ýerlere mahsus bolan gurluşy taýdan adaty,möçberi taýdan beýleki jaýlardan has uly bolan “Urug öýleriniň”ýüze çykmagy bu döwrüň esasy aýratynlygydyr.Bu döwre degişli ýadygärlikleriň has irisi Pessejikdepede ýüze çykarylan urug obasydyr. Pessejikdepe obasy onuň merkezidir. Jeýtunyň irki döwrüne mahsus bolmadyk ybadathananyň tapylmagy ortaky döwri irki döwürden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.Bu ýerden tapylan ybadathananyň diwarlarynyň düşegi ak bolup,gyzyl we gara reňki nagyşlar bilen bezelmegi,diwarlarynyň birinde irki we ortaky daş asyryna degişli awçy taýpalaryň düşünjelerine görä,hudaýyň haýwanlaryň keşbinde şekillendirilmegi adamlaryň

durmuşynda yrym-ynançlaryň belli bir derejede ähmiýete eýe bolandygyny görkezýär. Pessejikdepedäki ybadathananyň adamlaryň ,haýwanlaryň şekilleri bilen we çalaja egilen ugurdaş iki çyzyk bilen örtülmegi, ol ýerden çakmak daşdan ýasalan oragyň gysdyrma tyglarynyň , gazawlaryň, burawlaryň, däne owguçlarynyň, süňk bizleriň, iňňeleriň, küýze önümleriniň bölekleriniň, toýundan ýasalan her dürli monjuklaryň, daşdan we balykgulakdan ýasalan şelpeleriň tapylmagy hünärmentçiligiň, şekillendiriş sungatynyň ilkinji alamatlarynyň ösüşli basgançagyny görkezýär. Pessejikdepäniň ýaşaýyş jaýlarynyň umumy gurluşy, gurluşyk materiallary we gurluş usuly Jeýtunlylaryň ýaşaýyş jaýlaryndan känbir tapawutlanmandyr. Oňa garamazdan, Pessejikdepelileriň durmuşynyň köp aýratynlyklary bolupdyr. Ol ýerde üsti açylan jaý bütin taýpanyň ybadathanasy bolupdyr diýlip çaklanylýar. Bu uly jaýy şekillendiriş sungatynyň ilkinji şinesi hasaplap bolar. Sebäbi onuň ak diwarlarynyň ýüzünde gara we gyzyl reňkler bilen haýwan şekilleri çekilipdir, ugurdaş çyzyklar çyzylypdyr. Pessejikdepeden tapylan gadymy diwar bezegleri Türkmenistanyň gadymy adamlarynyň sungaty barada bize düşünje berýär. Jeýtun medeniýetiniň ortaky döwrüniň ikinji bir ýadygärligi Çopandepedir. Çopandepe Gökdepäniň etrap merkezinden 7-8 kilometr gündogarda ýerleşýär. Çopandepe hem Türkmenistanyň çäklerindäki iň gadymy ekerançylyk obalarynyň biri bolupdyr. Arheologiýa tapyndylarynyň şaýatlyk etmegine görä 8 müň ýyl mundan ozal bu ýerde ilat oturymlylyga geçip, däneli ekinleri ösdürüp ýetişdirmek bilen meşgullanypdyr. Netijede, oturymly ekerançylyk obalary peýda bolupdyr. Oturymly obanyň ýüze çykmagy bu ýerlerde ilatyň köpelmegine getiripdir. Jeýtun medeniýetiniň giçki döwründen başlap, adamlaryň durmuşynda maldarçylygyň ähmýeti has artýar. Jeýtun medeniýetinin giçki döwrüniň ýadygärliklerinden biri-de Mäne bilen Çäçäniň aralygynda ýerleşen Çagyllydepedir.Bu ýerden tapylan

birmeňzeş görnüşde salnan ýeke otagly öýleriň diwarlarynyň bezeg işleriniň irki we ortaky döwürdäkilere garanda kämilleşen görnüşde bolmagy täze daş asyrynda gurluşyk binagärligiň ýeten derejesi bolup durýar. Şol döwre degişli ýadygärlikleriň arasynda öý haýwanlarynyň süňki keýigiňkä ýa gulanyňka seredeniňde ep-esli köp duşýar. Çagyllydepäniň aşaky gatlaklaryndan öküz süňküniň tapylmagy adamlaryň diňe bir ownuk şahly mallary däl, eýsem iri şahly mallary-da eldekileşdirendiklerine güwä geçýär. Täze daş asyry zamanasynyň adamlary çig kerpiçden gurlan birmeňzeş jaýlarda ýaşapdyrlar. Tutuş urug bolup ýaşar ýaly giň we uzyn jaýlary gurupdyrlar. Jaýyň ortasynda hiç wagt söndürilmeýän ot ýanypdyr. Jaýyň girelgesinde şol söndürilmeýän oda tarap gidilýän darajyk dälizler bolupdyr. Ortadaky ojagyň sag we çep tarapynda köp sanly biş-düş üçin ojaklar hem bolupdyr.

Umuman alnanda, Günorta Türkmenistan sebiti aýratyn bir ýüze çykma bolman,eýsem irki ekerançylyk jemgyýetiniň dörän we ösen giň ulgamynada giripdir. Bu ýagdaýyň ähmiýeti az däldir. Çunki ,Garaşsyzlygyň bize beren miweleri netijesinde türkmen topragynda ilkinji ekerançylyk medeniýetiniň başlanandygy taryhyň sahypalaryndan bize mälim boldy.Jeýtunyň medeniýeti siwilizasiýanyň taryhy boýunça ÝUNESKO-nyň maglumatyna goşulandygy barada Parižde çykarylan işde-de bellenýär.

**Kelteminar.**

Amyderýanyň aşak akymlarynda ,gadymy Horezmiň çäklerinde Merkezi Aziýanyň täze daş asyry zamanyna degişli oturymly ýerleriň biri 4-nji Ýanbaşgala mekany bolup,şol mekanyň materiallary Kelteminar medeniýeti ady bilen öwrenilýär.Bu medeniýet awçylaryň we balykçylaryň medeniýeti bolupdyr.Şol gadymy mekandan ägirt köp mukdarda balyk süňkleri,esasan hem lakga balygyň we çüý balygyň süňkleri tapyldy.Haýwanlaryň süňkleriniň arasynda ýabany doňzuň,sugunyň,keýigiň bolmagy awçylygyň hojalygyň

esasyny düzendigini görkezýär.Ol ýerden pyşdylyň ,guşlaryň süňkleriniň,guş ýumurtgalarynyň gabyklarynyň,balykgulaklaryň tapylmagy ilatyň ýaşaýyş-durmuşy barada netijeler çykarmakda uly ähmiýete eýe bolup durýar. Täze daş asyry zamanynda günbatar we demirgazyk Türkmenistanda ýaşan adamlaryň ýaşaýyş durmuşlary düýpli tapawutlanypdyr. Uzboýyň Ýokary we Orta akymlarynda, Sarygamyş töwereginde Kelteminar medeniýetine degişli ýadygärliklerden şol döwrüň ýaşaýyş jaýlarynyň galyndylary, daşdan ýasalan dürli zähmet gurallary, ýönekeýje çyzyklar bilen nagyşlanan küýze önümleri tapyldy.

Kelteminar medeniýetine degişli ilat esasan balykçylyk, awçylyk hem-de ýabany ösýän ösümlikleriň miwelerini çöplemek bilen meşgullanypdyrlar. Bu medeniýetiň giçki döwürlerinde ilatyň bir bölegi maldarçylygy ösdürmäge-de üns berip başlapdyr. Neolit zamanynda Türkmenistanyň demirgazygynyň ýaşaýjylary çüý, lakga, kepir balyklary garpunlaryň, çeňňekleriň kömegi bilen tutupdyrlar. Olar jeren, gulan we ýabany atlary awlamagy-da başarypdyrlar. Kelteminarlylar suwuň içindäki mollýusklary, guş ýumurtgalaryny iýmit hökmünde peýdalanypdyrlar. Kelteminar medeniýetiniň giçki döwründäki ilat iri we ownuk şahly mallary eldekileşdirip başlapdyrlar. Bu bolsa geljekde Demirgazyk Türkmenistanda täze ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi üçin şert döredipdir. Biziň eýýamymyzdan öňki IV müň ýyllykda adamlar düýäni eldekileşdiripdirler. Şol döwürde-de mallary araba goşulýan ulag hökmünde ulanypdyrlar. Ekerançylyk işinde ilkinji ulanylan iri haýwan öküz we düýe bolupdyr. Goşa öküzi kündä goşup ýer sürseler, düýäni araba goşup ýük çekipdirler. Meýdan işleriniň artmagy hojalykda atanyň ornuny ýokarlandyrypdyr. Enelik urugy pese düşüp başlapdyr. Aýallar esasan öý işi, çagalary terbiýelemek, geýim-gejim dikmek, kir ýuwmak, biş-düş etmek bilen meşgul bolupdyrlar. Şeýlelikde jemgyýetde atalyk urugy döräpdir.

Urug ýaşulysy mal bakmak, goranmak we uruş meselelerini çožüpdir. Maldarçylyk hojalygyň möhüm pudagyna öwrülmek bilen ekerançylykdan bölünip aýrylypdyr. Erkek adamlar uzak öri meýdanlaryna ýatymlyk gidipdirler. Mallaryň kem-kemden köpelmegi giň öri meýdanlaryny talap edipdir. Indi çarwalar bir ýaýladan başga ýaýla geçmeli bolupdyrlar. Şeýle halda öz ýanlary bilen maşgalalaryny hem alyp gidipdirler. Bu bolsa çarwa maldarçylyk hojalygynyň ekerançylykdan bölünip aýrylmagyna getiripdir. Hojalygyň täze pudagy, maldarçylyk ýüze çykypdyr. Maldarçylygyň hojalygyň aýratyn pudagyna öwrülmegi dokmaçylygyň ýüze çykmagyna we ösmegine oňaýly täsir edipdir.

Demirgazyk Türkmenistanda ýaşan neolit adamlarynyň medeniýeti Merkezi Aziýanyň uly bölegini tutan Kelteminar medeniýetine meňzeş hasaplanýar. “Kelteminar medeniýeti” adynyň gelip çykyşy Garagalpagystandaky Kelteminar kanaly bilen baglanyşyklydyr, çünki bu medeniýete degişli ýadygärlikler ilkinji gezek şol kanalyň ýakalaryndan tapylýar.

Kelteminar medeniýetiniň başlanan wagty biziň eýýamymyzdan öňki IV müňýyllygyň ahyrlaryna degişlidir. Türkmenistanda Kelteminar medeniýetine degişli ilat köp halatda suwa golaý ýerlerde wagtlaýyn düşelgelerde ýaşapdyrlar.

Kelteminarlylaryň jaýlarynyň ýokarsy gümmez görnüşinde bolup, sütünler bilen berkidilipdir. Olaryň uzynlygy 25 metrden gowrak, beýikligi 4 metre barabar hatara gurlan ymaratlardan ybarat bolupdyr. Ýaşaýyş jaýlarynyň diwarlarynyň daş tarapy gamyşdyr çybyklar bilen örtülip, ýokarsynda tüsse çykar ýaly deşik goýlupdyr. Bu uly jaýlaryň içinde birnäçe ojak ýerleşipdir.Ol ojakda hiç wagt söndürilmeýän ot ýakylypdyr.Jaýyň girelgesinden şol oda tarap gidýän däliz bolup,bu däliziň iki gyrasynda iki hatar sütün dikilipdir.Ortadaky ojagyň sag we çep tarapynda köp sanly biş-düs ojaklary bolupdyr.Tapylan durmuş zatlarynyň köpüsi-de

şol ýerden tapylypdyr.Kelteminarlylar tutuş urug jemgyýeti bolup ýaşapdyrlar.

Kelteminar medeniýetiniň düşelgeleriniň käbiri biri-birinden 300-400 metr uzaklykda ýerleşipdir. Megerem, şeýle düşelgeleriň adamlary köp gektar ýerleri eýeläp bir urugy döreden bolmaklary mümkindir.4-nji Ýanbaşgalada ýaşan adamlaryň durmuş derejesi neolit zamanyna mahsus aýratynlygy özünde jemläpdir.Olaryň kämilleşen görnüşli peýkam uçlaryndan peýdalanyp başlamaklary ýokarky aýdylanlara güwä geçýär.

Gadymy Horezmiň çäklerinde Merkezi Aziýanyň iň ajaýyp täze daş asyr oturym ýerleriniň biri 4-nji Ýanbaşgala mekany bolup, şol mekandan tapylan tapyndylar Kelteminar medeniýeti barada düşünje berýär. Kelteminarlylaryň esasy gurallary çakmakdaşyň uzynyrak ýasy böleginden we olaryň has ýuka böleklerinden ýasalypdyr. Olardan ululy-kiçili pyçaklar, naýza, peýkam uçlary, balyk tutulýan enjamlar ýasalypdyr. Ujy çiş, ýuka, ýasy ownuk daşlar, derilerdir gaýyşlary tikmek, bezeg üçin ulanylýan süňkleri, balykgulaklary deşmek süňkdir agaçdan sap ýasamak, nagyşlamak hem başga zatlar üçin ulanylypdyr.Kelteminar medeniýetiniň ýadygärlikleriniň ýaýran sebitleriniň ählisinde hojalyk işleriniň dürli görnüşleriniň utgaşmagynyň hasabyna özgeren özleşdiriji ykdysadyýet agdyklyk edipdir. Şunuň bilen birlikde-de, däp bolup galan ykdysadyýetiň käbir üýtgeşmesi hem täze görnüşli hojalygyň döräp ugrandygyna şaýatlyk edýän subutnamalaram bar. Medeniýetiň ösmegi beýleki welaýatlar bilen özara gatnaşykda bolup geçipdir. Kelteminarlylar günortadaky ekerançylyk bilen meşgullanýan taýpalardan küýzegärçilik gap-gaç önümleriniň käbir görnüşlerini, dürli bezeg jaýlaryň ýasalyş tärlerini öwrenipdirler. Külalçylyk-küýzegärçilik senedi irki döwürlerde ýurduň günortasyndaky şäherlerde has giňden ýayrapdyr.Zerewşanyň aşak akymlarynda ýaşan admlaryň orak ornuna ulanan oturma dişli pyçaklary, ýer

işlenilip bejerilende ulanylýan abzalyň agraldyjy halkasy barada-da şeýle netijä gelmek mümkin.Tutuşlygyna alanyňda, Kelteminar medeni umumylygynyň ýadygärlikleri Merkezi Aziýanyň awçylyk-balykçylyk täze daş asyrlaryny aýdyň häsiýetlendirýär. Şeýle ýagdaýda günortanyň, ilkinji nobatda bolsa Hazaryň gündogar kenaryndaky gowaklarynyň ýaşaýjylarynyň we irki ekerançylaryň Jeýtun medeniýetini ýaýradyjylaryň täsiri netijesinde öndüriji hojalyk döräp ugrapdyr.

Kelteminar medeniýetiniň soňky döwründe käbir toýundan ýasalan gaplarda reňkli gün nagyş peýda bolupdyr. Bu demirgazykly balykçylar bilen günortadaky ekerançylaryň arasynda ýakyn medeni gatnaşyklaryň bolandygyndan habar berýär. Kelteminar medeniýetiniň urug jemagatlary tebigy güýçleriň öňünde ejiz gelipdirler. Olar suwuň, awuň bol ýerinde ýaşapdyrlar. Olaryň külbeleri gurap barýan derýalaryň kenarlarynda, kölleriň ýakalarynda, gum depeleriniň üstünde gurlupdyr. Kelteminarlylar üçin balyk tutmaklyk hojalygyň esasy pudagy bolupdyr. Balyk tutmakda tordan, süňkden bejerilen garpunlardan, daş synçgylardan, çeňňeklerden giňden peýdalanypdyrlar. Kelteminarlylar esasanam, ýabany doňuz,buhara sugunyny we jerenleri,gulanlary, saýgaklary awlapdyrlar. Şonuň üçin köp dürli daş gurallaryň arasynda daşdan ýasalan peýkamlar, oklaryň uçlary köp duýar.

Hojalygyň üçünji bir pudagy ýygnaýjylyk bolupdyr. Kelteminar mekanlarynda ýabany igdäniň däneleri köp duş gelýär. Kelteminar urug jemagaty sosial ösüşde enelik urugynyň gülläp ösen döwrüni ýatladýar. Bu döwürde enelik urugynda jübüt maşgala emele gelipdir. Onuň anyk mysaly hökmünde Ýanbasgala- 4 külbesinden tapylan baş ojagyň töweregindäki 100-e ýakyn kiçiräk ojaklaryň maşgala jübütleriniň ojaklarynyň ýerleşdirilmegini ýatlamak bolar.

Amyderýanyň aşak akymynda geçirilen gözlegler wagtynda arheologlar täze daş asyry döwrüniň gonamçylygyny

tapyp öwrendiler. Täze daş asyry döwrüniň urug jemagatlarynyň sosial kämilligini öwrenmekde ýeke-täk çeşme hasaplanýan bu ýadygärlik taryh ylmynda “Tümmekkiçijik gonamçylygy” ady bilen girizildi. Bu ýadygärlik 1902-nji ýylda açyldy, arheologiki gazuw-agtaryş işleri bu ýerde 1973-1974-nji ýyllarda alnyp baryldy. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda guburlaryň 27-si açylyp öwrenildi. Guburda jaýlanan adamlar arkan ýatyrylyp baş tarapy esasan, demirgazyk-gündogara garadylyp goýlupdyr. Merhumlar her hili dessurlarda geýilýän geýim -gejimler bilen jaýlanypdyr. Tümmekkiçijik gonamçylygy özüne mahsus alamatlara we guburlarda goýulan çeşmelere görä, Türkmenistandan tapylan Kaýla gonamçylygy bilen ýaşytdaş görünýär. Diýmek, Tümmekkiçijik neolit jemgyýetinde enelik urugynyň güllän döwrüniň däp-dessurlaryny ýatladýar.

Uzboý jülgesinde gadymy adamlaryň ýüze çykarylan mekany hem şol zamana degişli bolup ,şol ýerde mekan tutan gadymy adamlaryň ýaşaýyş – durmuşy öwrenilende daşdan ýasalan, gowy ýylmanan paltajyklara duş gelindi. Bu paltajyklar edil Kelteminar mekanlarynda duş gelen paltajyklara meňzeşdirler. Demirgazyk Eýrandaky Garikamarbant gowagynyň ýokarky gatlaklarynda daşdan ýasalan edil şolara meňzeş paltajyklara duş gelindi.Bu döwürden başlap,ýasy daşlar görnüşindäki ýönekeý däne owguçlaryň deregine,ýörüte dik şekildäki , Müsür owguçlaryna meňzeş däne owguçlar ýüze çykýar.

Uzboýda ýaşaýyş üçin has amatly şertler bolupdyr. Onuň deresi gök zolak bolup, deňiz kenaryny Amyderýanyň Sarygamyşa guýýan ýeri bilen baglaşdyrypdyr. Süýji suwly howuz kenarlarynda Kelteminarlylaryň gonalgalary ýerleşipdir. Neolit döwrüniň adamlary Uzboýda VI müň ýyl mundan öň köpçülikleýin ornaşypdyrlar. Uzboýyň ugrunda gadymy mekanlar köp bolupdyr. Olar Uzboýyň aşak akymynyň boýunda we ondan demirgazyga, Amyderýanyň aşak

akymlaryna tarap yzy üzülmeýän hatar bolup gidýär. Uzboýda gülläp ösüş howanyň çyglylygynyň artmagy bilen b.e. öňki IV müňýyllygyň I ýarymynda bolup geçipdir. Biziň b. e. öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda Amyderýanyň şahalarynyň akym ugruny üýtgetmegi sebäpli Uzboýa suw akmasy kesilýär. Şeýlelik bilen gurakçylyk zerarly bu ýerleriň ýaşaýjylarynyň sany has azalýar.

Sarygamyş aýlagynyň kenarlarynda hem-de ýokary Uzboýyň boýlarynda köp sanly duralgalar açanynandan soň, olar "Ýokary Uzboý medeniýeti" diýip atlandyrylýar. Täze daş asyrlary döwründe ol sepgitde köp ilat ýaşapdyr. Aşaky Uzboýda, Aktam hanasynyň golaýynda Kelköriň demirgazyk kenaryndan, Galyňguýydan we Dikjeden Togalaga çenli, Balaýşemden Çyryşla çenli uzalyp gidýän Uzboýyň ýokary böleginden tapylan baý tapyndylar oňa şaýatlyk edýär.Düşelgeleriň ilaty aýratyn görnüşli gap-gaçlary ýasapdyrlar. Ol gap-gaçlar ullakan gyralary dik, düýbi tegelek gaplardan, ýarym şar, tutuş şar şekilli jamlardyr käselerden ybarat bolupdyr. Gaplar adatça, tolkun şekilli dik hem kese çyzykly nagyşlar bilen bezelipdir. Dehistanda, Şähryslamda, Nusaýda, Merwde, Sarahsda palçykdan kürelerde bişirip, gap-gaç ýasamak esasy hünärleriň biri bolupdyr. Olardaky egrem-bugram, arça pisintli geometrik şekiller sadaja usulda ýerine ýetirilipdir.

## 5. Öndüriji hojalygyň mundan beýläk ösmegi. Jemgyýetiň dolandyryşynyň kämilleşmegi (b.e. öňki V-III müňýyllyklar).

B.e öňki IV müňýyllykda gadymy ekerançylyk oturymly ýerler aýratyn giň ýaýrap,şol wagt Gunorta Türkmenistanda ýaşan oturymly taýpalar öz döwürlerine görä has ösen eneolit medeniýetini döredipdirler. Eneolit iki sözden "eneus"-latynça mis, "litos"-grekçe daş diýen manylary

aňladypdyr.Bu bolsa dolulygyna mis-daş asyry diýmegi aňladypdyr.Bu döwürleşdiriş boýunça daş asyry gutaryp,ilkinji metal asyry başalanýar.Emma başky döwürde metal az bolup , metaldan diňe temençe,biz ýaly ýönekeýje gurallar ýasalypdyr.Mis ýumşak bolanlygy sebäpli önümçilikde ulanmaga oňaýsyz bolupdyr.Şoňa görä-de,heniz hojalykda daş gurallaryny ulanmak dowam edipdir. Alymlar reňkli metallurgiýanyň ösmeginde dört tapgyry tapawutlandyrýarlar.

Birinji tapgyrynda adamlar diňe tebigy taýýar misi ulanypdyrlar. Adamlar ony daşyň bir görnüşi hasaplap daş gurallarynyň ýasalyş usulynda, ýagny kesmek, ýonmak, ýylmamak arkaly gural ýasapdyrlar. Nähili ýagdaýda metalyň açylandygy belli däl. Mümkin adamlary onuň gyzyl reňki gyzyklandyrandyr. Şoňa görä-de,ondan ilki diňe bezeg şaýlaryny ýasapdyrlar. Mis magdanlarynyň käbir görnüşi (meselem, malahit) örän owadan we özüne çekiji bolupdyr. Ondan ilki diňe bezeg şaýlaryny ýasap, has soňrak mis magdany hökmünde ulanyp başlapdyrlar.

Mümkin tebigy taýýar mis böleginiň tötänden oda düşüp, eräp başga görnüşe geçmegi mis metallurgiýasynyň başlangyjy bolandyr.



Toýundan ýasalan heýkeljigiň şekilleri

Ikinji tapgyrda tebigy taýýar görnüşde duş gelýän mis bölejiklerini eredip, ondan dürli zatlary ýasapdyrlar.

Üçünji tapgyrda ikinji tapgyrda ýetilen derejäniň esasynda taýýar

mis bölegini däl-de, mis magdanyny eretmegi we ondan mis metalyny alyp, gural ýasamagy ýola goýupdyrlar. Ol hojalykda metallurgiýa pudagynyň hakyky baslangyjy bolupdyr. Ol b.e. öňki V müňýyllykda bolup geçipdir.

Reňkli metallurgiýanyň ahyrky dördünji tapgyrynda bürünç mis bilen galaýynyň erginini garyp täze misden hem berk metal alyp başlapdyrlar. Mis känleri ilki başda tötänleýin açylan bolmagy mümkindir. Mis ýeriň ýokarky gatlagynda ýerleşen bolsa, onda ýeriň üsti ýap-ýaşyl bolup durýar. Mis magdanynyň alamaty gadymy adamlar tarapyndan seljerilipdir.

Eneolit zamanynda agaçdan ýasalan gurallar hem giňden peýdalanylypdyr.Ilkinji agaç kätmenleriniň ýüze çykmagy hem şol döwre degişlidir.Ekerançylykda ilkinji ulanylan iri haýwan ökuz we düýe bolupdyr.Bu döwürde maldarçylyk hojalygyň möhüm pudagyna öwrülip,ekerançylykdan bölünip aýrylypdyr.Neolit eýýamy öz ornuny eneolit eýýamyna beripdir.Ol döwür bolsa Jeýtun medeniýetinden Ànew medeniýetine geçilýän döwür bilen häsiýetlendirilýär. Jeýtun medeniýeti daş-mis asyrlaryň irki ekerançylyk medeniýetiniň toplumlarynyň mundan beýläk ösüşi üçin esas bolup hyzmat edipdir we onuň naýbaşy ýadygärligi boýunça Änew diýlip atlandyrylýar. Jeýtun we Änew medeniýetleriniň sepgidinde dowam edip gelýän maddy medeniýetiň dürli toparlarynda görnüşleriň hil taýdan çalşygy bolup geçýär. Bu bolsa täze arheologiki medeniýetiň başlanandygyny aňladýar. Änew medeniýeti öz ösüşinde birnäçe basgançaklary ýa-da döwürleri başdan geçiripdir. Günorta Türkmenistanyň gadymy ekerançylyk obalarynyň taryhyny we medeniýetini öwrenmek üçin Änew obasynyň ýanyndaky iki depe we Kakadan Günbatar tarapdaky Namazgadepe ýaly ýadygärlikleriň gazylyp agtarylmagy netijesinde tapylan taryhy tapyndylar uly ähmiýete eýedir. 1904-nji ýylda amerikan ekspedisiýasyna ýolbaşçylyk eden Karnegi uniwersitetiniň professory Rafael Pampelliniň

(8.09.1837-10.08.1923ý) Änewiň demirgazyk depesiniň aşaky gatlaklarynynda gazuw-agtaryş işlerini geçiren wagtynda tapawutlandyrylan Änew – 1A toplumy yzygiderliligi boýunça has irki hasaplanýar. Hut şeýle gazuw-agtaryş işleri mahalynda ak bugdaýyň tohumynyň tapylmagy türkmen topragynda ilkinji ekerançylyk medeniýetiniň başlanandygyna şaýatlyk edýär.Änew depelerinde Amerikan ekspedisiýasy gazuw-agtaryş işlerini geçiren mahalynda dört sany medeniýet belli edilip,şol dört medeniýete I,II,III,IV Änew medeniýeti diýlip at berlipdir.Emma şol gazylyp agtaryş işleriniň dowamy hökmünde Namazgadepede gazuw –agtaryş işleri geçirilen mahalynda tapylan materiallar esasynda Namazgadepe I,II,III,IV,V,VI boýunça döwürleşdirildi.

Taryçy alymlar tarapyndan Änew medeniýeti aşakdaky ýaly senelere bölünýär:

1. Änew I-b.e.öň V-IV müňýyllyklar
2. Änew II-b.e.öň.IV müňýyllygyň ahyrlary we III müňýyllyk tōwerekleri
3. ÄnewIII-b.e.II müňýyllyk
4. Änew IV-b.e.öň I müňýyllygyň ortalaryna çenli

Şeýlelikde,Änew medeniýetiniň ilkinji iki döwri eneolit zamanyna degişli bolup,ol takmynan, b.e. öň II-I müňýyllyklar bilen senelenýär. Ýurdumyzda eneolit döwrüne degişli ýädygärlikleriň 30-dan gowragy mälimdir. Olar esasan hem Günorta Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşendir. Şolaryň arasynda Tilkidepe, Daşlydepe, Akdepe, Owadandepe, Änew depe, Garadepe, Namazgadepe, Ýylgynlydepe, Göksüýri ýädigärlikleri we beýlekiler bar.Türkmenistanyň Günorta etraplarynda eneolit zamanynyň ýadygärlikleriniň ýerleşişi esasan, üç aralyga bölünýär:

1. Baharly etrabynyň Börme obasyndan Änewe çenli-günbatar aralyk,

2. Änewden Duşak demir ýol menziliniň ýanyndaky Ulugdepä çenli –merkezi aralyk,
3. Ulugdepeden Mäne-Çäçe ýerlerini we Tejen derýasynyň aşak akymlaryny –Göksüýri oazisini öz içine alýan-gündogar aralyk ýerlere bölünýär.

Günbatar aralykdaky ýadygärliklere Çingizdepe,Börme(Baharly etraby), Gowyçdepe, Tilkidepe (Gökdepe etraby),Täze Nusaý galasy,Owadandepe,Akdepe we Änewiň demirgazyk depesi(Ruhabat etraby) we başgalar degişlidir.Eneolit döwrüniň ýadygärlikleriniň Merkezi aralyga degişlileri hökmünde Kaka etrabynyň çäklerindäki Garadepäni, Ŷelkendepäni, Namazgadepäni, Ulugdepäni we beýlekileri görkezmek bolar.Gündogar aralykdaky ýadygärlikleriň hatarynda Altyndepe , Ŷylgynlydepe, Monjukly we Çakmaklydepäni (Kaka etraby),Hapyzdepe,Sarahs obasy (Sarahs etraby) hem-de Göksüýri oazisindäki ýadygärlikleri görkezmek bolar.

Änew medeniýeti – sebitde iň öňdebaryjy eneolit medeniýeti bolupdyr.

Bu medeniýeti öwrenmek üçin dürli ululykdaky depeler görnüşinde saklanyp galan gadymy oturymly ýerlerde gazuw-agtaryş işleri geçirilende baý taryhy materiallar tapyldy. Şol depeler çig kerpiçden salnan we soňra ýumrulan jaýlaryň galyndylaryndan emele gelipdir.Könelip ýykylan jaýlaryň harabalarynyň üstünde täze jaýlar salnypdyr.Şeýlelik bilen hem depeleriň beýikligi ep-esli derejä ýetipdir.

Änew medeniýeti öz ösüşinde birnäçe basganҫaklary ýa-da döwürleri başdan geçiripdir. Olaryň arasyndaky tapawutlar aýratynam küýzegärçilik gap-gaçlar toplumlarynda has aýdyň ýüze çykypdyr. Umuman, Änew medeniýetiniň dowam eden döwri b.e. öňki V-III – müňýyllyklara gabat gelýär.Göksüýri, Garadepe, Namazgadepe, Änew we Ýaňykent gadymky şäherleriň galyndylarydyr. Bu ýerlerde eýýäm kämilleşen ýaşaýyş jaýlary, hat-da köşkler hem bolupdyr.Onuň

şeýledigini soňraky geçirilen barlaglar doly anyklady. Änew-1 görnüşli küýzegärlik gap-gaçly gatlaklar bilen örtülendigini görkezdi. Owadandepede, Göweçdepede we Gowşudyň golaýyndaky gadymy obalykda geçirilen soňky gazuw-agtaryş işleri gatlaklaryň ýerleşişini tassykladylar, ýagny ähli ýerde Änew - 1A görnüşli gap-gaç döwükleri bolan gatlaklar Namazga-1 görnüşli gatlaklaryň aşagynda ýerleşipdir. Şeýlelik bilen Änew -1A görnüşli toplumlary Jeýtun tapyndylarynyň üstüni örtüp ýatyrlar we olaryň üstüni Namazga-1 görnüşli toplumlar örtýärler. Änew -1A görnüşli gatlaklaryň çuňlygy 3-4metre çenli baryp ýetýär. Änew 1A görnüşli ýadygärlikler toplumy günbatar,merkezi, gündogar toparlara bölünende, olaryň maddy medeniýetindäki ara tapawutlyklary mese-mälim görünýär. Ol tapawutlar köp derejede gap-gaçlarda aýdyň ýüze çykýar. Günbatar toparyna girýän ýadygärlikler üçin düşegi gyzyl bolup, üstünden goýy-goňur ýa-da gara reňkli nagyşlar häsiýetli bolsa, gündogar toparyna girýän ýadygärlikler üçin gyzylymtyl , Çakmaklydepe gadymy obaçylyga degişli. Monjuklydepäniň we Çakmaklydepäniň gurluşy öwrenildi.

Änew-IA eýýamynda ekerançylyk-maldarçylyk hojalygy Jeýtun medeniýetiniň döreden däplerini ösdüripdir. Suwarymly ekerançylyk dag etekleriniň derýajyklarynyň we çeşmeleriniň joşgun suwlaryny peýdalanmak bilen alnyp barylypdyr. Ol ýerde iki gezek medeni gatlaklaryň arasynyň ýarym metrlik toýun arkaly bölünen halatyna duş gelindi. Bu özboluşly suw joşgununyň netijesi bolmaly. Bu döwrüň obaçylyklarynyň gündogar topary doly suwly Mäneçaý we Çäçeçaý derýalarynyň töwereklerinde jemlenipdir. Çakmaklydepede esli mukdarda derek we garagaç kömrüniň tapylmagy, bu çäkleriň uly tokaýçylyk bolandygyna hem-de ilatyň suwdan kemçilik çekmändigine şaýatlyk edýär. Umuman, täze daş asyry Jeýtun medeniýetiniň yzyndan gelýän daş-mis asyrlary döwründäki Änew-1A tehnologiki täzelikleriň bir toparyny ýüze çykarypdyr. Küýzegärçilik önümçiliginde

hem täzelikler aýdyň görünýär.Änew-1A döwrüniň küýzegärçilik önümlerine, esasan, palçygyna çäge garylmagy, daş ýüzüniň örtügi gyzylymtyl-sary, gyzyl ýa-da açyk reňkli bolmagy, goýy çal ýa-da goýy goňur reňk bilen nagyş çekilen ýuka gaplar mahsusdyr.Bu döwürde ilkinji metal, ýagny misden ýasalan önümler peýda bolýar. Olara bizler, bir tarapy dörtgyraň ýiteldilen gurallar degişlidir. Mis tapyndylaryň arasynda ýek-tük iki ýüzli pyçagyň we naýza uçlarynyň bölekleri hem bar. Tehnologiki häsiýetli täzelikler bilen baglanyşykly hadysalar ünsüňi özüne çekýär. Jaý gurluşygynda gönüburçly çig kerpijiň ulanylmagy, metal işläp bejermegiň ýüze çykmagy, küýzegärçilik önümçilikde berklik beriji hökmünde samana derek çägäniň ulanylmagy, çakmakdaş önümçiligindäki täzelik, zähmet gurallaryň täze görnüşleri, küýzegärçilik ikbaşlaryň we daş kätmenleriň giň ýaýramagy ýaly hadysalar uly ösüşleriň şaýadydyr.

Ŷokardaky ösüşli täzelikleriň sebäplerini derňemekde etniki üýtgeşmeleri örän takyk görkezýän merhum jaýlamak dessurynyň maglumatlarynyň ähmiýeti uly bolup, gadymy ilatyň antropologiki häsiýetnamasy üçin maglumat berýär. Jeýtundaky guburlarda we Änew -1A döwrüniň guburlarynda merhum jaýlamak adaty birmeňzeş, ýagny ýogalanlar çaganyň enesiniň göwresindäki ýagdaýynda ýanyn,bükülen görnüşde ýatyrylypdyr. Jesediň üstüne gyzyl ohra sepipdirler. Merhum obaçylygyň çäklerinde jaýlanypdyr. Arheologiki toplumlaryň ikisinde hem merhumyň kellesini demirgazyga, demirgazyk – gündogara we demirgazyk-günbatara tarap bakdyryp jaýlamak häsiýetlidir. Emma, kellesi günorta-günbatara tarap bakdyrylyp jaýlanan merhumlar hem bar. Guburlardan alnan maglumatlaryndan çen tutsaň, Monjuklydepäniň ilatynyň antropologiki düzümi belli bir derejede Änew- 1A toplumynda duşýan ýerli däpleriň we keseden gelen täzelikleriň utgaşmagy ýaly ýagdaýlar Eýranyň we Merkezi Aziýanýn ekerançylyk medeniýetleri üçin häsiýetli bolan gündogar Orta ýer deňiz

ýewropa sypat görnüşlerine degişli edilýän kelleçanaklar bilen bir hatarda bu ýerde Günorta Hindistanyň ekwotorial ýerleriniň ilatyna mahsus drawidoid alamatlary özünde jemleýän kelleçanaklaram bar. Oturymly ekerançylyk medeniýetiniň ýuwaş-ýuwaşdan ösmegi bilen ekerançylyk, maldarçylyk jemagatlary tarapyndan täze ýerleriň özleşdirilmegi utgaşykly alnyp barlypdyr. Änew medeniýetiniň ösüşiniň indiki etapyny alamatlandyrýan Namazga I ýa-da Änew-I B döwründe Tejeniň gadymy derýa aýaklary kem-käsleýin ilatlaşýar. Ygalyň ýetmezçilik etmegi emeli suwaryşyň irki usullarynyň ösüşine we ähtimal, dag eteklerdäki çeşmelerde howdan görnüşli desgalary gurmaga itergi berendir. Bu babatda, aýratynam Tejen derýasynyň uly bolmasa-da, ýeterlik bol suwly akaba gollarynyň kenarlarynda ýerleşýän Göksüýri oazisinde amatly şertler bolupdyr. Bu ýerde ekerançylygyň özleşdirilýän döwründe derýanyň hanasynda köl daşgynlarynyň bolup geçendigi kesgitlendi. Olaryň guramagy çemenlik-batgalyk görnüşli topragyň emele gelmegi bilen utgaşykly bolup geçipdir we onuň emeli ýol bilen tizleşdirilen bolmagy hem mümkindir. Şeýlelik bilen, irki daş-mis asyrlary döwründe dag eteklerinden akýan derýajyklaryň we çeşmejikleriň kenarlarynda jemlenen hem-de Tejen derýasynyň gadymy akymyny bölekleýin öz içine alan oazis ekerançylygy emele gelipdir. Günorta Türkmenistanyň jemgyýetleriniň mysalynda azyk önümlerini öndürmegiň ygtybarly we durnukly ulgamynyň döredilmeginiň, ilatyň sanynyň artmagyna özüniň oňaýly täsirini ýetirýändigini görmek bolýar. Durmuş ýörelgesiniň üýtgemegi we ilatyň maddy üpjünçiliginiň gowulaşmagy maddy önümçiligiň ösüşindäki ikinji bir ugruna, ýagny önümçiligiň ýöriteleşmegine ýardam beripdir. Küýzegärçilik önümçiliginde aýratyn küýzegärlik küreleri peýda bolupdyr. Olaryň işe girizilmegi bu pudagyň ähli tehniki bazasyny üýtgedip gurulmagynyň başlanandygyny aňladypdyr. Daş işläp bejermeklik hem kämilleşýär. Onuň şeýledigine

mermer görnüşli hek daşyndan ýonulan dürli gaplaryň peýda bolmagy hem şaýatlyk edýär. Gaplar taýýarlanylanda küýzegärlik çarhyndan peýdalanypdyr. Burawlaryň çakmakdaşyndan ýasalan uçlary bolupdyr. Metal işläpbejermekligiň ýüze çykmagy we kämilleşmegi hasam möhümdir. Önümçilik şertleriniň durnukly bolandygyny tehnologiki anyklamalaryň netijesi görkezdi we giçki daş-mis asyrlary döwründe hemişe hereket edýän ýöriteleşdirilen ussahanalar bolupdyr. Monjuklaryň we şelpeleriň dürli çig mallardan – altyndan, kümüşden, misden, pöwrizeden, hakyk daşyndan we başgalardan ýasalmagy zergärçilikde hem şonuň ýaly ussahanalaryň bolandygyny aňladýar. Ilkinji gezek çig kerpiç ulanylyp başlanypdyr. Bu döwrüň öýleri çig kerpiçden gurlupdyr. Öýler öňküsi ýaly bir otagdan ybarat bolupdyr. Ýöne olaryň ýanynda dürli hojalyk hajatlary üçin goşmaça otaglar, ammarlar gurlupdyr.Obalar entek uly bolmandyr. Olaryň tutýan meýdany iki gektardan geçmändir.Eneolit döwrüniň aýagynda meýdany 10 gektara çenli bolan obalar döräp, olaryň gurluşy kämilleşip, köçeler peýda bolupdyr. Misden ýasalan ilkinji zatlar, bezeg şaýlary, iki tarapy hem ýiti pyçaklar, temenler ulanylyp başlapdyr. Geçirilen barlaglar olaryň tebigy taýýar misden däl-de, mis magdany eredilip alnan misden ýasalandygyny görkezdi. Ol metallurgiýanyň ösüşiniň 3-nji tapgyryna gabat gelýär. Alymlaryň çaklamasyna görä, ilkinji mis zatlary başga ýerden (mümkin Eýrandan) getirilen misden ýasapdyrlar. Galyplar entek bir taraplaýyn bolupdyr. Mis gurallarynyň ulanylyp başlamagy bilen daş gurallaryň ähmiýeti peselen-de bolsa, olar entek ulanylmagyny dowam etdiripdir. Küýze önümleri tekiz düýpli bolup, olaryň daş tarapynyň ýokary bölegi bir reňkli geometrik nagyşlar bilen bezelipdir. Palçykdan bejerilen ikbaşlar köp tapylyp,. Dokmaçylygy häsiýetlendiripdir. Daşyna nagyş çekilen aýal heýkeljikleri-de gabat gelip,olar aýal hudaýy barada gürrüň berýär. Namazga II döwri b.e.öňki IV müňýyllygyň

ortalarynda başlanypdyr . Obalaryň sany köpelip, tutýan meýdany 12 gektara çenli ýetipdir. Obalar topar-topar bolup ýerleşip, adatça olaryň ortasynda bir uly oba ýerleşipdir. Her obanyň özüne degişli umumy däne saklanýan ammary we sežde edilýän jaýy bolupdyr. Namazga II-niň başynda adamlar bir otagly jaýlarda ýaşapdyrlar. Ýöne soňabaka köp otagly öýler ýüze çykyp başlapdyr. Namazga II-ä degişli Garadepede we Göksüýri oazisinde kiçeňräk ýapjagazlar görnüşinde ilkinji suwaryş ulgamy tapylypdyr. Ol bolsa suwarymly ekerançylygyň ýüze çykandygyny görkezýär. Maldarçylykda dowardarçylyk agdyklyk edipdir. Azda-kände doňzuň süňki hem gabat gelýär. Entek öý guşlary (towuk) düýbünden bolmandyr. Mis gurallary mis magdanlaryndan eredilip alnypdyr. Ýöne indi diňe bir guýmak usuly bilen däl-de, eýsem, metaly gyzdyryp çekiçlemek arkaly hem gurallary ýasapdyrlar. Gyzdyrylan kümüşden ýasalan bezeg şaýlarynyň tapylamgy bu metallaryň özleşdirilip başlanandygyny görkezýär.Daş gurallarynyň sany barha azalypdyr. Adatça daşdan ýaý okunyň uçlary däne owguçlary ýasalypdyr. Süňkden temenleri ýasapdyrlar. Ýarym aýlaw görnüşli jamlar, uzyn okaralar, küýze önümleriniň esasy görnüşleri bolupdyr. Emma nagyşlar çylşyrymlaşyp olar köp reňkde çekilipdir. Küýze nagyşlarynda geometrik şekiller agdyklyk edýär. Küýzeleriň hili ýokary bolupdyr. Palçykdan aýallaryň we haýwanlaryň şekillerini-de ýasapdyrlar. Merhumlar ýekelikde günorta garadylyp jaýlanypdyr. Mazaryň gyralary köplenç çig kerpiçlerden örülipdir. Merhumyň ýany bilen goýlan zatlaryň esasynda jemgyýetde deňsizligiň ýüze çykyp başlandygyny aňladypdyr. Mysal üçin, bir çaganyň mazaryndan 2500 sany monjuk tapylypdyr. Olaryň içinde gyzyldan, kümüşden, gipsden ýasalanlaryda bar. Namazga III döwri eneolitiň giçki döwrüni öz içine alýar. Alymlar Namazga II bilen Namazga III araçägini häzire çenli doly anyklap bilenoklar. Ýöne, onuň gutaran wagtyny b.e. öňki 3000-2750-nji ýyllar töweregi diýip

kesgitleýärler. Namazga III döwründe şu medeniýetiň günbatar we gündogar sebitlerinde ep-esli ýerli aýratynlyklar peýda bolýar. Ol aýratynlyklar ilkinji nobatda keramika önümlerinde mese-mälim görünýär. Namazgadepe Altyndepe ýaly iri merkezler ýüze çykýar. Bu döwürde obalaryň dürli görnüşleri, ýagny uly, orta we kiçi obalar döräpdir. Mysal üçin, obalarda köp otagly öýler adaty zada öwrülýär. Olaryň arasynda 20 otagly öýler hem bolupdyr.

Çak edilşine görä, şeýle öýlerde uly maşgalalar ýaşapdyr. Ekerançylykda hem uly üstünlikler gazanylypdyr. Emeli suw howdanlary, suwaryş kanallary gurlupdyr. Şeýle howdanlaryň biriniň 1100 m inedördül meýdany we 3 metr çuňlugy bolupdyr.Şeýlelikde, ekerançylar ekin meýdanlaryny suwarmaga we ýylda oňat hasyl almaga mümkinçilik gazanypdyrlar.

Gazuw-agtaryş döwründe jylawlanan at goşulan palçykdan ýasalan tekerli arabanyň tapylmagy iş haýwanlarynyň bolandygyny görkezýär. B.e.öňki III-II müňýyllyklarda düýe hem ulanylyp başlapdyr. Metallurgiýada galyplaryň ýapyk görnüşleri ýüze çykypdyr. Şeýle galyplarda misden guýulyp ýasalan aýna, deşgiç, iňňebagjyk, bilezik we gylyç tapylypdyr. Giçki eneolitiň keramiki önümleri esasan ýarym aýlaw görnüşli jamlardan, okaralardan,ýalpak gaplardan ybarat bolupdyr. Göksüýri oazisinde küýze bişirilýän küre hem tapylypdyr. Daşdan sokulary däne owguçlary we ýer işlenýän käbir gurallary ýasapdyrlar. Daşdan möhür hem ýasapdyrlar. Möhürler şahsy eýeçiligiň ýüze çykyp başlandygyny aňladýar. Ozalkylary ýaly aýal heýkeljikleri-de ýasalypdyr. Ýöne bu döwürde sakgally erkek adamlaryň şekilleri-de gabat gelýär. Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan ekerançylykdyr maldarçylyk bilen meşgul bolan adamlar öz gündelik durmuşlarynda gabat gelýän wakalaryny ýaşaýyşda özlerine hemaýat berýän haýwanlaryň, ösümlikleriň görnüşleriniň we şekilleriniň üsti bilen beýan edipdirler.Daş asyrynyň ahyrky döwründe (b.e.

öňki V-IV müňýyllyklar) ýaşan adamlaryň esasan, ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolandyklaryny we olaryň has gadymy Şumer Akkad ýurtlarda ýaşan toparlar bilen medeni aragatnaşykda bolandyklaryna Türkmenistanyň günortasynda ýerleşen gadymy Jeýtun, Änew, Namazgadepe, Garadepe, Göksüýri ýadygärlikerinden Marguşda Togalak, Goňur galalaryndan tapylan küýze gap-çanaklaryndaky şekiller we nagyşlar şaýatlyk edýär. Owganystanyň Tylladepe diýen ýadygärliginden tapylan küýze gaplaryndaky nagyşlarda Günorta Türkmenistandaky Ulugdepäniň küýze önümleriniň nagyşlaryna meňzeşligi bar. Häzirki döwürde türkmen halysy we haly önümlerindäki nagyşlar: mysal üçin “Sygyr guýryk”, “Tazy guýruk”, “It yzy”, “öküz burun”, “Guş yzy”, “Guş-dyrnak”, “Gaz aýak” (teke gölüniň içindäki nagyş), “Dyrnak göl” we beýleki nagyşlar gadymy Änewden, Sumbar derýasynyň kenarynda ýerleşen Parhaý ýadygärliginden tapylan küýzelerde duş gelýär. Biziň zamanamyzdan öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda we III müňýyllygyň başlarynda gadymy Türkmenistanda dokmaçylygyň bolandygyna şaýatlyk edýän dokma senetleri keserler we ş.m hem köp tapyldy.

Marguş Göksüýri ýadygärliklerinde ýasalan küýze gaplarynda gabat gelýän bezeg nagyşlary häzirki zaman haly nagyş önümlerinde ylaýta-da ýüňden örülýän gülli joraplarda “gelin-barmak”, “dogajyk”, “tegbent”, “alaja” we “goçak” ýaly nagyşlar halk arasynda giňden ulanylýar. Goçak nagyşy gadymy gündogar halklarynyň gündelik durmuşynda ulanylýan we häli-şindi gabat gelýän nagyşlaryň biridir. Bu nagyş öz gadymylygy boýunça agzalan beýleki nagyşlardan has öň ýüze çykypdyr. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, çarwa taýpalarynyň durmuşynda keçe halydan öň peýda bolýar. Keçe we keçe önümlerinde goçak nagyşy has giňden ulanylypdyr. “Goçak” nagyşy dag goçunyň şahyna meňzeşdir. Häzirki günlere çenli goç şahy halk arasynda bela-beterden, gözden-

dilden goraýan zat hökmünde jaýlaryň gapylarynda asylyp goýulýar.

Gadymy Jeýtun we Änew galalaryndan tapylan küýze gaplarynda beýleki nagyşlar bilen birlikde dag etek etraplarynda dagda ösýän ösümlikleriň görnüşlerini şekillendirilipdir. Şolaryň arasynda dagdan agajynyň şekili has köp gabat gelýär. Bu şekil diňe bir küýze önümlerinde däl, eýsem gaplaryň bezeginde dürli many aňladýan adam şekilleriniň arasynda hem duş gelýär. Şolar ýaly nagyşlar Pessejikdepeden hem tapyldy.

Dagdan agajy şu günki günlerde hem türkmenleriň durmuşynda ähmiýetini saklap gelýär. Türkmen öýünde dagdan agajy doga hökmünde saklanylýar. Köplenç halatlarda dagdany çagalaryň we ýaşy gaýdyşan aýallaryň boýunlarynda görmek bolýar. Arheologiki tapyndylarda köp duş gelýän şekilleriň biri ol hem haç görnüşli nagyşdyr. Haç şekili gadymy Şumer we Akkad ýaly Mesopotamiýanyň (Tigr hem-de Ýewfrat derýalarynyň aralygy) döwletlerde ýaşan halklaryň sungatynda uly orun alan şekildir. Ol gadymy gündogar halklarynda günüň hereketini aňladýan manyny beripdir. Haç nagşy häzirki zaman türkmen halylarynda giňden ulanylýar.

Haly nagyşlarynyň arasynda “Älem” hem çuň manyly nagyşlaryň biridir. “Älem” nagyşy ýeri we asmany aňladypdyr. Älem nagyşy biziň zamanamyzdan öňki III müňýyllykda gadymy Eýranyň ýerinde dörän Elam döwletiniň ady bilen hem baglanyşdyrylýar. Yöne, bu nagyş Elam döwleti döremezinden öňem dowam edip gelen nagyşdyr. Ol gadymy Mesopotamiýada ýasalan küýze gap-çanaklarynda nagyş hökmünde ulanylypdyr. Taryhdan belli bolşy ýaly, gadymy Mesopotamiýada ýaşan halklar Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan halklar bilen medeni aragatnaşykda bolupdyrlar. Gatnaw ýollary bolsa gadymy Elamyň üstünden geçipdir. Älem nagşyna meňzeş nagyşlar biziň zamanymyzdan öňki III müňýyllyga degişli Namazga, Garadepe arheologiki

ýadygärliklerinden tapylan küýze gap-çanaklarynda köp duş gelýär.Türkmen haly önümlriniň birine “eňsi” diýilýär. Eňsi gadymy Şumer we Akkad dillerinde welaýat häkimlerini alamatlandyrýan belgi bolupdyr. Eňsi halysy häzirki günlerde gapa tutulýan tuty hökmünde dokalýar. Ençeme beýik özgerşikleriň mekany bolan , ululy-kiçili göterlişleriň galkynyşlaryň ojagy bolan, taryhy ähmiýetli medeniýetleriň merkezi bolan Türkmenistanyň dünýäniň taryhynda tutan orny türkmen halkynyň dünýä medeniýetine, ylmyna, edebiýatyna, sungatyna goşan goşandy-da çäksizdir.

Türkmen haly we haly önümlerindäki nagyşlaryň her biri taryhyň has gadym zamanlarynda, ýagny, b.e. öňki VI-V münýyllyklarda Türkmenistanyň ýerlerinde hatyň ilkinji alamatlarynyň, has takygy many aňladýan, jemgyýetiň gündelik durmuşy bilen bagly bolan bellikleriň (tagmalaryň) ýüze çykmagy bilenem baglanyşyklydyr. Haly göllerindäki ululy-kiçili belgiler, many aňladýan şekiller hemmesi türkmen hat-ýazuwynyň ilkinji başlangyjydyr, tagmalaryň ýa-da belgileriň (nagşyň) aňladan manysyny öwrenmek esasy meseleleriň biri bolup durýar.

1999-njy ýylda Änew galasynda amerikan arheology H. Fret tarapyndan göwrümi boýunça uly bolmadyk daşdan ýasalan, b.e. öňki V müňýyllyga degişli kiçijik möhür tapyldy. Alymlaryň çaklamalaryna görä, möhrüň ýüzüne oýulyp ýazylan belgiler dünýäde iň gadymy hat-ýazuw bolupdyr. Edil şu görnüşdäki belgiler häzirkizaman türkmen halylarynda we haly önümlerinde “ýabak gölçe”, “çarşak göl”, “guş dyrnak”, “gölçäniň şelpesi”, “guş ganat” ýaly nagyşdyr göller diýlip atlandyrylýar. Haly we haly önümlerindäki käbir (nagyşlar) tagmalar keçe we keçe önümlerinde hem duş gelýär.

Amerikan alymy H. Fret new galasyndan tapylan möhüriň ýüzündäki hat barada dünýäniň belli gündogary öwreiniji alymlary bilen pikir alyşyp, meňzeşlikleri boýunça ylymda heniz deňeşdirmäge başga bir şolar ýaly belgileriň

ýokdygyny anyklapdyr. Amerikan, hytaý, eýran, hindi alymlary bu möhürdäki nyşanlaryň görnüşlerini we kertikleriniň azlygygny nazara alyp bu ýazuw piktografiýa (surat şekilli) dälde, eýýäm umumy many aňladýan ýazuw diýen kesgitlemäni berýär.

Gadymy Türkmenistanda b.e. öňki VI-V müňýyllyklara degişli Jeýtun, Änew, Namazga, Garadepe, Göksüýri, Togalak, Goňur, Kelleli, Adambasan we beýleki taryhyň has irki zamanlaryna degişli bolan ýadygärlikleriň medeni gatlaklaryndan tapylan küýze gaplaryndaky many aňladýan nagyşlar şu günki türkmen hatynyň başlangyç gözbaşydyr.Gadymy Türkmenistandan neolite, eneolite degişli arheologiki tapyndylara, küýzelerdäki nagyşlara esaslanyp,sungat mekdepleriniň kemala geliş döwrüni üçe bölýärler:

Birinji döwür – täze daş asyryna (neolite) degişli. Döwrüň başlarynda ýüzleri sadaja çyzykly keramiki önümler ýüze çykyp, döwrüň ahyrynda gadymy gündogarda dürli nagyşlara çalymdaş geometriki çyzyklar bilen bezelen küýze gap-çanaklar artyp başlapdyr. Bu zamanda Türkmenistanyň ýerlerinde jaýlaryň diwarlaryna dürli tebigy reňkler bilen haýwanlary şekillendiripdirler.

Ikinji döwür – neolitiň ahyrlary eneolitiň başlaryny öz içine alypdyr. (b.e.öňki V müňýyllyk). Bu döwürde küýze gaplarynda düýbünden täze nagyşlar (Änew I A), ýagny türkmen haly nagyşlaryna çalymdaş belgiler duşýar. Ozaldan gelýän reňkleriň sany artýar we jaýlaryň diwarlaryna çekilen şekiller has goýy gyzyl, gara reňkler bilen bezelip başlanýar.

Üçünji döwür – eneolitiň ortaky we giçki döwürleri hasaplanýar (b.e.öňki IV-III müňýyllykar). Garadepe, Göksüýri, Namazga ýaly ýadygäliklerden tapylan nagyşlarda irki Şumer, Elam we Harappa sungatlarynyň käbir görnüşleriniň täsirleri duýulýar.

B.e. öňki IV müňýyllygyň aýagynda III müňýyllygyň başynda Göksüýri medeni toplumyň emele gelmegi orta gündogaryň medeniýetiniň taryhynda uly öňe gidişligi aňladypdyr. Göksüýri jemagatlary günorta tarapda Eýran Seýistanyna çenli, demirgazyk tarapda bolsa Syrderýanyň ýokarky akymlaryna çenli ýaýran medeni ösüşe özleriniň täsirini ýetiripdirler. Göksüýrüde adamlar hojalyk jaýlary bilen bile gurlan kiçijik otaglardan ybarat bolan öýlerde ýaşapdyrlar. Iýmiti palçykdan ýasalan gaplarda gönüburçly ojaklarda bişiripdirler. Gaplar gögümtik ak ýa-da gyzyl reňk bilen reňklenipdir hem-de üçburçluklaryň kese hatarlaryndan ýa-da Änewiň demirgazykdaky depesiniň aşaky gatlagynyň nagşyny ýadyňa salýan bir-birini kesip geçýän zolaklardan ybarat bolan nagyş bilen bezelipdir. Käbir halatlarda gabyň ýüzüne haýsy-da bolsa bir haýwanyň ýa-da ösümligiň şekilini çekipdirler. Şol wagt hojalyk gap-gaçlary galyň humlardan, okaralardan, ýarym tegelek ýuka käselerden golçalardan ybarat bolupdyr. Bu ýerden hem adamlaryň, haýwanlaryň toýun palçykdan ýasalan, heýkelleri tapyldy.

Daşlyjadepäniň töweregindäki takyrlarda misden we çakmak daşdan ýasalan gurallaryň böleklerine köp gabat gelinmegi şol wagtda bu ýeriň gür ilatynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Köpetdagyň eteginde ýaşan taýpalaryň medeniýeti bilen deňeşdirilende Göksüýrilileriň medeniýetinde täze özboluşly sypatlar peýda bolýar: gap-gaçlar nagyşlanyp başlanýar, atanak görnüşli şekiller we olaryň bölekleri şol nagyşlaryň esaslary bolupdyr. Şunuň ýaly nagyşlaryň we bezegleriň häzirki zaman türkmen haly we haly önümlerinde bolmagy hem ýöne ýerden däldir.

Türkmenistan gadymy ýadygärliklere iň baý ýurtlaryň biridir. Gadymy Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan adamlaryň öz goňşy ýurtlarynyň halklary bilen syýasy, ykdysady medeni gatnaşykda bolandyklaryna arheologiki tapyndylar şaýatlyk edýär. Neolit döwründe daş gurallaryny kämilleşdirmek

ýokary derejä ýetýär. Himiki barlaglaryň görkezmegine görä, metaldan ýasalan gadymy gurallar arassa misden ýasalypdyr. Gural ýasamak üçin adamzadyň ulanan iň gadymy metaly mis bolupdyr. Eneolitiň çäkleri metallurgiýa pudagynyň ösüş derejesi bilen kesgitlenýär. Metallurgiýa bolsa magdan eredip arassa metal almakdan başlanýar. Diýmek, eneolit reňkli metallyrgiýanyň taryhynyň üçünji tapgyrynda başlanypdyr. Şeýlelikde, eneolit döwri şu iki sany ajaýyp tehniki täzeligiň aralygydyr ýa-da dördünji tapgyryna çenli bolan döwrüdir. Metalyň hojalyk dolanşygna girizilmegi bilen köp sanly hojalyk we sosial özgerşikler bolup geçýär. Bu özgerşikler dürli ýerlerde dürli wagtlarda bolup geçipdir. Meselem, Gündogar Ýewropada b.e.öňki IV-II müňýyllyklarda, Zakawkaziýede we Merkezi Aziýada V-IV müňýyllyklarda bolup geçipdir. Eneolit döwründe adamzadyň iň esasy açyşlarynyň biri – tigir oýlanyp tapylypdyr. Tigiriň oýlanyp tapylmagy bilen taryhyň çarhynyň aýlanyşy tizleşipdir.Maldarçylyk has köp ösüp açyk düzlüklere çykypdyr. Ýewropanyň we Aziýanyň hemme ýerinde diýen ýaly mallaryň esasy görnüşleri bolan sygyr, goýun, at, doňuz ýaýrapdyr. Düzlük sähra taýpalarynyň sürülerinde kem-kemden dowarçylyk we gylýalçylyk agdyklyk edip başlapdyr. Kem-kemden maldarçylyk bilen meşgullanan taýpalar çarwalara öwrülipdir. Şeýlelikde, taryhda ilkinji jemgyýetçilik bölünişigi bolup geçipdir. Adamlaryň maddy durmuşynda bolup geçen özgerişler düzgünleriň hem özgermegine getiripdir. Jemgyýetde erkek adamlaryň orny artypdyr. Patrialhal urug gatnaşyklary agalyk edip başlapdyr.

Şunuň ýaly köp pudakly hojalyk Günorta Türkmenistanyň neolit obalarynyň köpüsine häsiýetlidir, olarda ekerançylyk, maldarçylyk ösüpdir, entek awçylyk hem belli bir ähmiýete eýe bolupdyr, daş işläp bejermek tehnikasy, küýzegärçilik önümçiligi, bezegleri taýýarlamak, ýaraglary, geýimleri, ojak-gaplary taýýarlamak ösüpdir. Günorta Türkmenistanyň uly ähmiýetli merkezleriniň ýene biri

Namazgadepe bolupdyr. Ol depe Merkezi Aziýada däl, eýsem, bütin Ýakyn Gündogarda belli merkezleriň biri bolupdyr.Altyndepäniň, Namazgadepäniň ýaşaýjylary Eýranyň, Hindistanyň, gadymy ilaty bilen gatnaşykda bolupdyrlar. Şeýlelik bilen, söwdanyň ösmegi netijesinde gadymy jemgyýetde, söwda işini ýerine ýetiren täze hünärmen – täjirler gatlagy döreýär. Alyş-çalyş söwda gymmatlyklaryň toplanmagyna ýardam edipdir,hazynalaryň galňamagyna jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düýpli üýtgäp, deňsizligiň ýüze çykmagyna we ahyrynda ilkidurmuş jemgyýetiniň dargap, gatlaklara bölünen jemgyýetiň dörmegine getiripdir.

Jemgyýetiň başlangyç kiçi maşgalalarynyň ornuny, has iri toparlaryň eýeländigini aýdyň görkezýän maglumatlar peýda bolýar. Mysal üçin, Namazga II döwründäki Göksüýri oazisiniň kiçeňräk obaçylygy biri-birine degişip duran 8-den 20-ä çenli aýratyn bölek jaýlardan ybarat. Bütin obaçylyk üçin umumy däne saklanylýan jaýyň we ybadathananyň umumy ýygnaklar geçirilýän jaýyň bolmagy bu ýerde ýaşan birleşmeleriň hojalyk hem-de syýasy taýdan bir göwre bolandygyny tassyklaýar.Has dogrusy, bu biri-biri bilen garyndaşlyk gatnaşyklary bolan we hojalyk işleriniň umumy bolmagy bilen baglanyşýan birnäçe kiçi maşgalalary özine birleşdirýän uly maşgala jemgyýetidir. Diňe şular ýaly uly birleşikler suwarymly ekerançylygyň daýanjy bolan suwaryş ýaplarynyň üstünlikli işlemegini üpjin edip biljekdigi gumansyzdyr.

Giçki daş-mis asyrlary döwründe bu hadysa täze arhitektura ölçeginde öz beýanyny tapdy. Garadepede, Altyndepede we Göksüýrüde köp otagly jaýlar esasy gurluşyk nusgasyna öwrülýär. Bir kiçi maşgala niýetlenen hojalyk jaýlary ýanaşýan otag bu ýerde başlangyç meýilleşdiriş birligi bolupdyr. Olarda naharhana, hojalyk howlusy, däne saklanýan jaýlar umumy bolupdyr, Göksüýride bolsa umumy ybadathanalar bolmagy öýleriň ähli ýaşaýjylarynyň ep-esli derejede bitewi bolandygyna şaýatlyk edýär. Şular ýaly öýler

döredilende bir üçegiň astynda ýaşaýan we umumy hojalyk ýöredýän birnäçe maşgaladan ybarat topara niýetlenipdir.Gazuw-agtaryş işleri geçirilen jaýlaryň gurluşygyndan çen tutsaň, şular ýaly 4-den 8-e çenli kiçi maşgalany birleşdirýän toparlar ýa-da uly maşgala jemagaty tutuş obaçylygyň esasyna öwrülipdir. Merhum jaýlamak dessuryndaky aýratynlyklar hem onuň şeýledigini görkezýär. Giçki daş-mis asyrlary döwründe Günorta Türkmenistanda 8–den 10-a çenli, käte bolsa 20-denem gowrak uly adamlaryň jesetleri ýerleşdirilen ýörite guburlardan ybarat köpçülikleýin gonamçylyklar peýda bolupdyr.Olarda jaýlananlaryň jynsyny we ýaşyny göz öňünde tutup, olaryň aýry-aýry uly maşgala toparlarynyň mazarlarydygyny çaklamak bolýar. Ylaýta-da, olarda urug kethudasynyň jaýlanmagy, jaýlananlaryň arasynda-da ýakyn garyndaşlarynyň bardygyny olaryň dişleri boýunça kesgitlenmegi ýokarda aýdylanlary tassyklaýar. Şular ýaly uly ilat köpçüliginiň ýaşaýyşyny düzgünleşdirmek üçin, ilkinji nobatda bolsa olary suwarymly ekerançylykda umumy zähmete gönükdirmek üçin haýsydyr bir ýol bilen işleýän dolandyryş guramalary, has dogrusy, ýaşulular maslahaty, şonuň ýaly-da dürli derejedäki serdarlar we din kethudalary zerurdyr. Mysal üçin giçki daş-mis asyrlary döwründe, jemgyýetiň durmuşynyň dürli taraplarynyň çylşyrymlaşan döwründe kellesine kiçeňräk gara telpejik ýa-da söweş harby “tuwalgasyny” geýen erkek adamlary suratlandyrýan toýundan edilen heýkeljikler peýda bolýar. Bu heýkeljikler ata-babalaryň şahsyýetiniň döremegi bilen baglanşygy bolan bolmagy we hojalyk hem harby ýolbaşçynyň wezipesini üstünlikli ýerine ýetirýän din kethudalaryny we serdarlary suratlandyran bolmaklary mümkindir.

Irki ekerançylyk jemgyýetiniň ýokary gurluş birligi ilatyň ekerançylykly ýerlerde ýerleşmegi we obaçylyklaryň özleriniň ikä bölünen gatlagy (iýerarhiýalygy) bolup durýar. Eger Göksüýri oazisiniň ölçegleri boýunça kiçeňräk obalary uly

maşgala birleşmäniň ýaşan ýerleri diýip hasap etmek mümkin bolsa, tas iki müňe golaý adamly, ýagny uly maşgala birleşmeleriniň onlarçasyny özünde jemleýän Göksüýri I merkezi obasy has çylşyrymly bolandygy bilen tapawutlanýar. Ähtimal, haýsydyr bir aralyk jemgyýetçilik gurluşy, meselem urug jemgyýeti bolandyr. Belki olar birigip, tutuş ekerançylyk meýdanyna eýelik edýän bir taýpany emele getirendirler. Göksüýri I obaçylygyndaky köpçülikleýin guburlary aýry-aýry uly maşgalalara degişlidir diýip hasap etmek bolar, ol ýrde merhumlaryň 4-den 7-ä çenlisi bile jaýlanypdyr we  üstlerine hüjre ýasalypdyr. Giçki daş-mis asyrlary jemgyýetiniň durmuş tapawudy (ýa-da onuň diňe emläk taýdan ýüze çykmasy) onçakly uly däldir. Mysal üçin, Garadepeden tapylan merhumyň ýanynda galdyrylan esbaplaryň düzümi boýunça guburlaryň üç toparyny tapawutlandyrmak mümkin. Olaryň birinji toparyny küýzedir gap-gaçlar salynmadyk, ikinji toparyny 1-3 sany gap salynan, üçünji toparyny bolsa, düzgün bolşy ýaly, 8 sany nagyşly gap salynan guburlar emele getirýär. Bu ýagdaýyň şol döwürdäki jemgyýetde jaýlanýanlaryň üç gatlaga bölünendigi görkezýän bolmagam mümkindir.

Eneolit döwrüniň esasy ýadygärliklerinden Garadepäni, Namazgadepäni we Göksüýrini bellemek bolar. Artyk demir ýol menzilinden 4 km demirgazykda ýerleşen üsti giň depe bolan  Garadepäniň ýaşaýjylary hem ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Garadepe irki enolit döwrüne, ýagny b. e. öňki IV asyryň ortalaryna degişli bolupdyr.Onuň umumy meýdany 15 gektardyr.Depäniň gündogar böleginiň beýikligi 11,5m,günbatar böleginiňki bolsa 8 m deňdir.B.e,öň 3000 ýyla golaý ozal ilat ýaşan Garadepäniň döwri Eýranyň we Mesopotamiýanyň häsiýetli aýratynlygy boýunça Garadepä meňzeş ýadygärliklerinden tapylan tapyndylary öwrenmek we deňeşdirmek arkaly kesgitlenildi.Garadepäniň gündogar böleginde şol wagtyň ilatly ýerleriniň köp galyndylary tapyldy.Şolaryň arasynda toýun

palçykdan oňat nagyşlanyp ýasalan gap-gaçlar möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.Garadepäniň merkezindäki otaglaryň birinden diwaryň düýbünde rejeli goýlan 14 sany nagyşly gabyň tapylmagy has-da täsindir. Gap-gaçlaryň ýüzüne çekilen suratlarda dürli-dürli haçlar,byçgy dişli çyzyklar köp duş gelýär.Bu nagyşlar bolsa Göksüýridäki,Merkezi Eýranyň gadymy medeniýetleri bolan Gissardepäniň we Sialkdepäniň gap-gaçlaryndaky nagyşlar bilen meňzeşligi bar. Emma her dürli haýwanlaryň,kähalatda adamyň hem şekillendirilmegi diňe Garadepäniň nagyşlaryna mahsus bolupdyr.Şol şekiller uly şahly dag tekeleriniň duran ýa-da ýöräp barýan şekiliniň berilmegi şekillendiriş sungatynyň ösendigine güwä geçýär. Olar ir wagtdan düýäni eldekileşdirip, ony araba goşup ýük daşamak üçin ulanypdyrlar. Garadepede toýundan ýasalan tigirjikleriň tapylmagy hem oňa güwä geçýär.

Eneolit döwrüne degişli ýadygärlikleriň biri-de häzirki Kaka etrabynyň etrap merkezinden günbatar tarapda ýerleşen Namazgadepedir. Onuň tutýan meýdany 50 gektar bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki III müňýyllygyň ortalaryndan başlap, Günorta Türkmenistandaky oturymly ýerleriň arasynda Namazgadepe, Altyndepe we başga-da birnäçe şäherler döreýär. Namazgadepe tutýan meýdany boýunça uly, köp ilatly bolan hem bolsa, ol heniz doly derejede öwrenilenok. Namazgadepäniň jaý gurluşygy, ol ýerden tapylan tapyndylar Altyndepäniňki bilen meňzeşdir. Bu ýerden tapylan heýkeljikler örän nepislik bilen ýasalypdyr.Namazgadepe bürünç asyrynda Günorta Türkmenistanyň iň uly ilatly ýerleriniň biri bolupdyr.Bütin dag etegi zolagynda ekerançylyk merkezine öwrülipdir.Muňa ozaly bilen onuň amatly tebigy şertleri ýardam edipdir.Arçynýabyň we Laýnsuwuň suwlary arkaly suwlulandyrylan Kaka sebitleri dag etegindäki zolagyň ekerançylyk etraplarynyň biridir.

Namazgadepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde bu ýerden mis bizler, temençeler, naýzanyň ujuna

oturdylan misden ýasalan çişler, her dürli ownuk bezeg şaýlary, gap-gaçlar tapyldy. Namazgadepeden tapylan köp dürli reňkler bilen haşamlanan ýukajyk gap-çanaklar ylaýta-da, gowy ýasalypdyr we has kämilleşipdir. Namazgadepeden arabanyň tigirleriniň nusgalary ýasalypdyr. Ol ýerde palçykdan we daşdan ýasalan ikbaşlaryň tapylmagy dokmaçylygyň ýüze çykandygyny görkezýär.

Eneolit zamanynyň ýadygärlikleriniň oňat öwrenilen ýerleriniň biri hem Göksüýri oazisidir. Ol häzirki Tejen şäherinden demirgazyk-gündogarda, Göksüýri demir ýol duralgasynyň töwereklerinde ýerleşýär. Bu ýerler Tejen derýasynyň aşak akymlarydyr. Eneolit döwründe suwarymly ekerançylygyň ösmegi netijesinde ilat oturymlylyga geçip başlaýar. Gadymy suwarymly ekerançylar dag derýajyklarynyň joşýan wagty onuň öňune böwet basyp, ekin meýdanlaryny çilläp suwarmak usulyny özleşdiripdirler. Eneolitiň orta döwründe diňe bir dag eteklerinde  däl, eýsem düzlüklerde ýaşan ilat hem uly bolmadyk ýaplary gazyp, özboluşly suwaryş ulgamyny döredipdirler. Göksüýri oazisindäki Mollalydepäniň golaýynda göwrümi 3500 inedördülm.  bolan emeli suw howdanynyň tapylmagy gadymy  ekerançylygyň ösendiginden habar berýär. Ýaz aýlary Tejen derýasy joşanda, ol howdan suwdan doldyrylýan eken. Gadymy ekerançylar esasan arpa we bugdaý ekipdirler. Geçirilen arheologiýa gözleg we barlag işleri Göksüýride ekerançylyk bilen meşgul bolan 9 obanyň bardygyny anyklamaga mümkinçilik berdi. Şol gadymy ekerançylyk obalary eneolit zamanynyň daş-mis asyry (eneolit) döwrüne, ýagny b. e. öňki IV müňýyllyga degişlidir. Ol ýerlerde ýaşan ilat suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolupdyr. Ägirt uly suwaryş desgalary döredilipdir,  kanallar, howdanlar gazypdyrlar. Mysal üçin, kanallaryň biriniň giňligi 3,4 m., çuňlugy bolsa 1,2 m. bolan bolsa, ikinjisiniň giňligi 5,1 m., çuňlugy 0,8 m. bolypdyr. Göksüýrili150 kanallar bilen birlikde uly suw howuzlaryny hem gurupdyrlar. Şeýle

howuzlardan biriniň ini 35 metre barabar bolup, tutýan meýdany 1 müň inedördülm., çuňlugy bolsa 3 metrden hem gowrak bolupdyr.Göksüýri I diýlip atlandyrylan obada b. e. öňki IV we III müň ýyllygyň sepgidinde orta hasapdan 1000-1200 adam ýaşapdyr diýip çaklanýar. Obanyň 8 gektar meýdanyny ýaşaýyş jaýlary tutýar. Olaryň ekin meýdany hem 50 gektara ýetipdir. Eger-de her gektardan alnan däne hasyly 20 sentnere barabar bolandyr diýip hasaplanylsa, onda ol ýerden 100 tonna barabar däne ýygnalýan eken. Bu bolsa, Göksüýriden ýygnalýan hasyl obanyň bütin ilatyny çörek bilen üpjün etmäge ýetipdir. Ýygnalan galla uly küýzelerde ýa-da çig kerpiçden ýörite salynan ahyrlarda saklanypdyr. Dänäni gylçykdan arassalanlaryndan soňra owguçlarda ýa-da sokyda owradyp ýarma edipdirler. Däne ekininiň samanyny palçyga garyp, jaýlaryň depesini suwapdyrlar. Saman şeýle-de küýze ýasamak üçin niýetlenen palçyga hem garylypdyr. Göksüýrililer meýdan sypalyndan sebet hem örüpdirler.

Göksüýride ekerançylyk we maldarçylyk bilen bir hatarda awçylyk hem dowam edipdir. Süňk galyndylaryna görä, olar tokaý we çöl haýwanlaryndan sugun, ýekegapan, keýik we gulan awlapdyrlar. Göksüýri oazisi bilen utgaşyp gidýän häzirki Oguzhan massiwiniň ýerli ilat tarapyndan “Gulanly” diýip atlandyrylmagy hem şol ýerlerden geçmişde gulan awlanandygyna güwä geçýär.

Türkmeniň amaly-haşam sungaty müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşip, biziň günlerimize gelip ýeten sungatdyr. Ilkinji ýönekeýje nagyşlar öz gözbaşyny VI-VII müň ýyl mundan ozal Jeýtun ýa-da neolit döwründen alyp gaýdýarlar. Gürrüňi edilýän döwürde elde ýasalyp, otda bişirilen toýun gaplaryň ýüzüne gara we gyzyl reňkler bilen sadaja nagyşlar çekilipdir. Ol nagyşlar göni, kese, egri çyzyklardan, ak, gara meneklerden, üçburçluklardan ybaratdyr. Olar, belki, akar suwy, ýagyş-ýagmyry, günüň nuruny suratlandyrandyrlar. Alymlaryň çaklamaklaryna görä, şol ilkinji

nagyşlardaky alamatlar gadymy elipbiý hökmünde ulanylan bolmagy mümkindir.

Türkmenistanyň ýerlerindäki gowaklardan b. e. öňki V-IV müňýýllyklara degişli monjuk görnüşindäki bezeg zatlaryň tapylmagy, şol gowaklarda ýaşan adamlaryň özlerini bezemegi gowy görendiklerini görkezýär. Monjuklar ýerli materiallardan, köplenç hem deňziň ýylman balykgulagynyň döwüklerinden ýa-da tutuş balykgulaklardan ýasalypdyr. Monjuklaryň hemmesi bir meňzeş şekilde bolup we adamlar olary boýunlaryndan asypdyrlar. Balykgulaklardan ýasalan monjuklar Kaspi kenarynyň ýakynynda ýasalypdyr. Türkmenistanyň ýerlerinden tapylan gadymy ýadygärlikleriniň biri-de daş asyrynyň "zergärçilik" ussahanasydyr. Bu ussahana Gubaseňňir burnunyň gaýaly belentliginiň düýbünden tapyldy. Gubaseňňir burnundan tapylan monjuklara meňzeş monjuklar ýüzlerçe kilometr uzaklykdan, Jeýtunyň ýanyndaky gadymy oturym ýerden hem tapyldy. Şolar ýaly monjuklar Uzboýdan, Sarygamyş ýakasyndaky gadymy mekanlardan hem tapyldy. Bu meňzeş tapyndylar bolsa, şol döwürde taýpalaryň arasynda belli-bir derejede aragatnaşyklaryň bolandygyna güwä geçýär. Şeýlelikde, bu döwürde özara taýpa gatnaşyklary bir urug jemgyýetiniň çäklerinden çykyp, uzakdaky taýpalary hem öz içine alypdyr. Eneolit döwrüne degişli dürli görnüşdäki monjuklar we asyklar, şaý-sepler gadymy mazarlardan hem tapylypdyr. Olarda daşlaryň dürli görnüşleri, şol sanda gymmat bahaly mawy, gyzyl reňkli daşlar hem bar.

Nagyş sungatynyň ösen döwri "Änew medeniýeti" döwrüne, ýagny b. e. öňki IV-III müňýyllyklara degişlidir. Çekilen nagyşlar toýundan ýasalan gaplaryň ýüzünde saklanyp galypdyr. Şekilleriň her biri aýratyn nyşan hökmünde ulanylypdyr. Türkmenistanyň çäklerinde haç, inedördül sekizburçlyk Änew medeniýeti döwründen bäri (Namazga, Göksüýri, Garadepe we beýleki ýadygärlikler) bardyr. Sekizburçluklar türkmen halylarynda we gelin-gyzlaryň

geýimlerinde nagyş hökmünde ulanylyp gelinýär. Olary “gölleriň”, “gölçeleriň”, “çemçegölleriň” umumy sudurynda, “sekizkeşdeleriň”, “sekizgoçaklaryň” we beýleki nagyşlaryň şekilinde görmek bolýar. Häzirki döwürde sekizburçluk Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň tugrasynyň şekilidir.

Maddy we ruhy medeniýetiň barha kämilleşmegi adamlaryň estetiki isleglerini hem artdyrypdyr. Palçykdan-toýundan ýasalan gap-gaçlary reňklemek, nagyşlamak, aýal-erkek adam şekillerini (heýkelleri), haýwan şekillerini gap-gaçlaryň ýüzüne gara we gyzyl reňk bilen çekmeklik şol döwre häsiýetlidir. Eneolit döwrüniň keramiki önümlerinde häzirki zaman haly nagyşlary köp duş gelýär. Diýmek, türkmen haly sungatynyň kökleri V-VI müňýyllyklara uzalyp gidýär.

Türkmenistanyň çäginde ýaşan gadymy adamlara, aýratynam eneolit döwrüniň adamlaryna mahsus zatlaryň biri haşamlanan keramikadyr. Palçykdan ýasalan gap-gaçlar her tüýsli reňkli nagyşlar bilen owadanlanýan eken. Şol keramika önümlerindäki haşamlanan nagyşlar Ýakyn Gündogaryň, Gündogar Ýewropanyň, Hytaýyň we Hindistanyň ençeme gadymy ekerançylyk medeniýetlerine mahsus bolupdyr, şoňa görä şol medeniýete “haşamlanan keramika medeniýeti” diýilýär.


Namazgadan tapylan gurallar

Garadepeden tapylan haşamly keramikanyň bir böleginde aýal heýkeliniň şekili çekilipdir. Şol suratyň iki tarapynda bolsa adam şekilleri çekilipdir. Garadepeden şeýle-de mermerden ýasalan öküz kellesiniň heýkeliniň tapylmagy hem b. e. öňki IV-III müňýyllyklarda Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan ilatyň ösen sungatynyň hem bolandygyny aňladýar.

Käbir keramika we möhür önümleriniň ýüzünde ösümlikleriň şekilleri görkezilipdir. Alymlaryň pikirine görä, ol

şekiller "ömür daragtyny" aňladypdyr. Ömür daragtynyň ilkinji agajy hurma agajy diýlip çaklanylýar. Hurma agajy, onuň miwesi türkmenleriň arasynda henize bu güne çenli dini däp-dessurlar ýerine ýetirilende ulanylyp gelinýär. Muňa oraza tutup, agyz açanlarynda hurma bilen açyp, oňa gowulygyň alamaty hökmünde garamaklary hem şaýatlyk edýär.

Gadymy ýadygärlikler öwrenilende tapylan toýun böleklerinde köp gaýtalanýan birnäçe bellikler bar. Şol bellikler hat-ýazuwyň ilkinji alamatlary bolaýmagy mümkin diýip alymlar ýazýarlar.

Günorta Türkmenistanyň ösen ekerançylyk obalarynda meýdan işleri geçirlende senenama gerek bolupdyr. Göksüýri, Ýalaňaçdepe ýadygärliklerinden tapylan keramiki adam heýkeliniň budunda 15 sany tegelek gün şekili bar. Şol ýerden tapylan başga bir heýkelde-de 15 sany oýma bellik bar. Alymlaryň pikirine görä, duş gelýän "15-lik" gadymy ekerançylaryň senenamasy bolup, 1 ýyl 15 aýdan, her aý bolsa 24 günden ybarat bolupdyr. Diýmek, 1 ýyl 360 günden ybarat bolupdyr. Şeýlelikde, iň gadymy senenama Türkmenistanyň çäklerinde VI-V müň ýyl mundan ozal ýüze çykypdyr diýip aýtmaga esas bar.

Arheologiki barlaglaryň netijesinde Gaýly gowagynyň golaýyndan, takmynan b. e. öňki IX-VIII müňýyllyga degişli gadymy mazarlygyň üsti açylýar. Bu ýerdäki tapyndylar şol döwrüň adamlarynyň ruhy medenýetini öwrenmäge, olaryň dini ynançlary barada käbir netijeleri çykarmaga mümkinçilik berýär. Bu döwrüň adamlary öz merhumlarynyň kellesini demirgazyk-günbatar tarapa goýup jaýlapdyrlar. Guburlardaky süňklerde tebigy gyzyl boýagyň (ohranyň) yzlary saklanyp galypdyr. Diýmek, adamlar öz ölülerini jaýlamazyndan öňürti, olaryň üstüne ohra sepipdirler. Şu däbi ýerine ýetirmek bilen, olar ohranyň adatdan daşary güýjüne- "başga dünýäde" merhumy "janlandyryp" biljegine ynanypdyrlar. Iň gadymy adamlar ganyň janly-jandaryň ýaşaýşynda möhüm orun

oýnaýandygyna akyl ýetirip bilipdirler. Olar ganyň gudraty onuň reňkiniň gyzyl bolmagynda diýip düşünipdirler. Gaýly gowagynyň adamlary merhumlary balykgulakdan ýasalan monjuklar bilen bezäp, olaryň ýanyna o dünýäde gerek bolar diýip, çakmak daşdan ýasalan dürli görnüşli pyçaga meňzeş gurallary goýupdyrlar. Bu zatlar Günbatar Türkmenistanda ýaşan adamlaryň "o dünýäde" ýaşaýşyň dowam edýänligi hakyndaky düşünjä eýerendiklerine güwä geçýär.

B. e. öňki V-IV müňýyllyklarda adamlaryň o dünýe hakynda ynançlary ösüpdir. Olar diňe bir diri gezip ýören adamlar hakynda däl-de, eýsem merhumlar barada hem aladalanypdyrlar. Adam ölse-de, onuň ruhy ýaşaýar, ol diri adam ýaly iýmitlenýär diýen düşünje döräpdir. Oňa merhumlaryň mazarynda içi azykly gap-gaçlaryň goýulmagy hem güwä geçýär.

Merhumy jaýlamagyň belli bir düzgüni bolupdyr. Olary ýörite gonamçylykda jaýlaman, eýsem adamlaryň ýaşan öýünde, jaýlaryň düşeginiň aşagynda jaýlapdyrlar. Şeýle etmek bilen olarda, ölen adamlaryň täzeden dünýä geler diýen umytlary bolupdyr. Şoňa görä-de, adamlar diri wagtynda ýaşan mekanlaryndan daşlaşmandyrlar. Maşgalada täze bäbegiň – çaganyň dünýä inmegi ozalky "öten adamynyň gaýdyp gelmegi" diýip düşünipdirler.

Hojalyk we medeni taýdan kem-kemden öňe gidişlik medeni we paýhas güýçleriň artmagy, has ähmiýetli medeni we çeperçilik gymmatlyklaryň döredilmegi bilen utgaşykly bolup geçipdir. Irki ekerançylyk eýýamyna mahsus täze durmuş ýörelgesi günorta Türkmenistanda baryp b.e. öňki VI müňýyllykda ornapdyr. Jeýtun jaýlarynyň gyzyl ýa-da gara reňkdäki içki bezeglere olaryň üpjünçiligini nygtamak bilen ýetip gelen özgerişleriň aýdyň şaýady bolup durandyr. Änew medeniýeti ösdügiçe abadançylyk, durmuş taýdan üpjünçilik kem-kemden ýokarlanýar. Küýze gaplaryň köpdürliligi we nagyşlanyşy artýar. Dürli görnüşdäki şaý-sepler has giň

ýaýraýar. Olary ýasamak üçin dürli-dürli metallar, ýarym gymmatly daşlar peýdalanylýar. Nagyşly gaplar çylşyrymly we köp dürli many aňladýan görnüşleri bilen tapawutlanýar. Jemgyýetiň, birleşmäniň agzasynyň doglanyndan tä ölýänçä ýanynda bolýan şol küýzegärçilik gaplary amaly sungat hökmünde estetiki taýdan terbiýe bermäge ýardam edýär, gaýtalanyp duran nagyşlaryň we şertli belgileriň düzümi özüňi alyp barmaklygyň düzgünlerini we pikirleniş ýörelgesine berkleşdirmegiň serişdeleriniň biridir. Ýazuw döremeginden öňki eýýamda habar berişiň çeperçilik görnüşleri uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Änew gap-gaçlarynyň nagyşlarynda esasy many, ilkibaşda ýönekeý tumaryň wezipesini ýerine ýetirýän şekil bolupdyr. Ondan soňky döwürlerde çylşyrymly köp basgançakly haç görnüsindäki şekiller we olaryň düzümi, estetiki täsiri we jadylyk alamatlaryny özlerinde utgaşdyrypdyrlar. Käbir halatda hajyň we beýleki şekilleriň ornuny çalyşýan haýwanlaryň şekilleri aýratyn gyzyklanma döredýär. Ol şekilleriň, esasan ýabany haýwanlara degişlidigi sebäpli, olaryň oturymly ekerançylaryň we maldarlaryň arasynda meşhurlygyny dini nukdaýnazardan sežde edilýän haýwanlar bilen baglanşyklydygy tebigy bolsa gerek.

Şeýlelik bilen, daş-mis asyrlary döwri irki ekerançylyk medeniýetiniň hemmetaraplaýyn ösüşiniň döwri bolupdyr. Netijede jemgyýetiň hil taýdan täze bir basgançaga galmagy üçin ep-esli önümçilik we medeni güýç toplanypdyr. Ony hen arheologiki toplumlarynyň ösüşiniň aýry-aýry döwürleri boýunça yzarlamak mümkin.

## 6. Altyndepe jemgyýeti dünýäniň iň gadymy siwilizasiýalarynyň biridir.

Türkmeniň beýik döwletliligi Oguz handan gaýdýar.Oguz han türkmeniň guran döwletine bäş müň ýyl

wagt geçipdir. Oguz han örän ynsanperwer akylly, paýhasly, watansöýüji, beýik şahsyýet bolupdyr. Ol mukaddesligi, adalatlylygy, adyllygy öz nesillerine wesýet edipdir.

Türkmen halky Oguz hany özüniň nesilbaşysy hasaplaýar. Ol ilkinji bolup türkmen dünýäsini açan hem-de türkmen dünýäsiniň ykbalyny öz gerdeninde çeken beýik serkerdedir. Türkmen halky Oguz hanyň pygamberdigine ynanýar we oňa hormat goýýar. Oguz hanyň şejeresi Nuh pygamberden başlanýar, onuň kakasyna Gara han diýipdirler. Belli taryhçy Ryza Nur Oguz han türkmen barada şeýle habar beripdir: “Oguz han türkmenleriň milli pygamberidir. Emma pygamberleriň arasynda onuň ady tutulmaýar. Ol diňe Torg ady bilen Ybrany (gadymy arap dilinde ýazylan) kitaplarda we Töwratda gelýär”. Ýene-de: “… Ýer ýüzüni zabt edip, bäş sany türk urugyna at beren Oguz handyr. Ol 116 ýyl hökümdarlyk edipdir. Ýöne bu ýyllaryň wagty häzirki ýyllaryň ölçeginden az bolmagy… mümkin” diýip taryhçy Ryza Nur XX asyryň başynda döreden “Umumy türk taryhynda” ýazýar.Oguzlar barasyndaky maglumatlary biz gadymy çeşmeler bolan “Oguznamalardan” we orta asyr ýazarlary Mahmyt Kaşgarlynyň, Reşit ed-Din Fazlallanyň, Ärsary Gulaly oglunyň, Abylgazy Bahadur hanyň we beýleki ýazarlaryň eserlerinden öwrenýäris. Mukaddes Ruhnama kitaplary oguz türkmenleri barada kän maglumatlary berýär. Taryhy çeşmelerde Oguz han Türkmeniň Gün hah, Aý han, Ýyldyz han, Gök han, Dag han, Deňiz han diýen ogullary bolupdyr. Her oglunyň hem dört ogly bolupdyr. Oguz han Türkmeniň şol 24 agtygyndan 24 taýpa emele gelipdir. Şolaryň her biriniň aýratyn ady we lakamy bolupdyr. Dünýäde ýaşaýan ähli türkmenler Oguz hanyň şol 24 agtygyndan gelip çykypdyrlar diýilýär.Oguz han dünýeden gaýdandan soň garry wezir Erkil hoja Gün hana öz doganlaryny, ýurduň akyldarlaryny, serdarlaryny, kethudalaryny çagyrdyp maslahat geçirýär. Bu maslahatda Oguz hanyň wesýetlerine eýerilip mundan beýläk döwleti edara

etmek üçin döwletiň kada-kanunlary işlenip düzülýär. Onda jemgyýetde özüňi alyp barmak, edep-ekram, däp-dessurlar barada kitap döretmeklik teklip edilýär. Bu kitapda şeýle diýilýär: "Eger bir, on ýa-da ýüz goýun öldürseňizem, etlerini aýdylyşy ýaly paýlasynlar. Her kim öz oglanlary bilen, nökerleri bilen iýsin". Ýazgynyň ýene bir ýerinde: "Bir kişi günä iş etse (jenaýat etse), ol kişi patyşanyň ýakyn ýa daş adamy bolsa-da, patyşa urugyndan ýa başga bir urugdan bolsa-da, hanyň temmi bermeli adamy oňa temmi berjek bolanynda oňa hanyň, patyşanyň inisi, ogly, begleriniň hiç birisi gol ýapmasyn. Eger kim-de kim jenaýatça arka çykyp: "Bu adam meni penalap gelipdir" diýip, ony temmiden, jezadan alyp galjak bolsa, şol arka duran adamyň özüni patyşanyň huzuryna getirip, depesinden gylyç inderip, iki bölüp taşlamalydyr. Goý, görene — göz, eşidene — gulak bolsun!" diýlip ýazylypdyr.

Maslahatda ähtnama kabul edilip, onuň aşagyna kethudalaryň ählisi öz atlaryny ýazyp, möhürlerini basypdyrlar. Gün hany bolsa, hökümdar saýlapdyrlar. Şol wagtlar Gün han 70 ýaşynda eken. Erkil hoja onuň baş geňeşdary we iş dolandyryjysy bolupdyr.

Bu ähtnama esasynda Oguz hanyň nebereleri birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda höküm sürüpdirler. Oguz hanyň döreden elipbiýi hem şol müňýyllyklaryň içinde hereket edipdir. Ýöne şol elipbiýiň haçan ýitip gidendigi bize mälim däl. Emma XVIII asyrda ýaşap geçen şahyr Şeýdaýynyň döreden “Gözel ýigrimi bäş” atly şygry Oguz hanyň şol ýiten elipbiýiniň waspy bolmagy mümkin.

Gadymy oguz döwleti berk kada-kanun esasynda dolandyrylypdyr. Oguz handan gaýdýan berk düzgün-nyzamlyk biziň häzirki günlerimize çenli gelip ýetipdir.

Oguz han eýýamyna degişli türkmeniň mukaddes topragynyň gadymy medeni gatlaklaryndan altyndan ýasalan öküz kellesi we köp sanly möhürler tapylypdyr. Bu döwlete degişli tapyndylar Bagabat, Altyndepe, Täkgala (Durun), Ary

jülgesi, Margiana, Köneürgenç taraplarynda hem üsti açylýar. Gadymy ýadygärliklerden tapylan tapyndylar Oguz hanyň döwletiniň taryhy ýerleşişi baradaky maglumatlar hasaplanylýar. Orta asyr döwrüne degişli “Hudadul-älem” atly taryhy eserde ol barada anyk maglumatlar hem getirilipdir. Bu eserde oguz ýurdy Köpetdagyň etegindäki Täk galadan, Nusaýdan, Änewden we Altyndepeden uzalyp, tutuş Merwi, Köneürgenji, Seýhun bilen Jeýhun arasyny öz içine alypdyr. Oguz taýpalarynyň ýaşaýan ýeriniň bir tarapy Hazardan Balha, beýleki tarapy Atail (Wolga) derýasyna çenli aralyklary tutupdyr.

Oguzlar köp pudakly hojalygy ýöredipdirler, ýagny olar maldarçylyk, ekerançylyk, küýzegärçilik, awçylyk, hünärmentçilik, söwda işleri bilen meşgullanypdyrlar.

Oguz hanyň we onuň ilatynyň ynanjy Göktaňry bolupdyr. Olar taňry diýip göge düşünipdirler ýagny, ýeke taňrylyga ynanypdyrlar.

Bürünjiň ulanylyp başlanmagy we onuň ähmiýeti. Biziň eýýamymyzdan öňki III müňýyllykda bürünjiň ýüze çykmagy bilen Türkmenistanyň ýerlerinde durmuş-ykdysady we medeni özgerişler bolup geçýär. Ýöne bu özgerişler Türkmenistanyň ähli ýerlerinde deň bolmandyr. Türkmenistanyň demirgazygynda we Uzboýda ýaşan taýpalaryň durmuşynda Kelteminar medeniýeti dowam edipdir. Kaspiniň kenarynda ýaşan taýpalar awçylyk we balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Emma Günorta Türkmenistanda, Köpetdagyň etek zolagynda ilat ekerançylyk ulgamyny kämilleşdiripdir. Zähmet gurallarynyň metaldan ýasalmagy, olaryň has kämilleşmegi, ekerançylygyň ösmegine uly täsir edipdir. Çünki metaldan ýasalan zähmet gurallary berk bolup, adamlar uzak wagtlap peýdalanypdyrlar.

B.e. öňki III-II müňýyllyklarda adamlar mis bilen galaýyny goşup,täze metal bürünç alypdyrlar.Bürünç misden özüniň berkligi boýunça tapawutlanypdyr. Alymlaryň

bellemegine görä, Günorta Türkmenistanda bürünçden ýasalan gurallar guýma usulda taýýarlanypdyr. Bürünç misden ýasalan gurallardan has berk bolupdyr. Şonuň üçin bürünç daşdan we misden ýasalan zähmet gurallaryny, ýaraglary we bezeg şaý-esbaplaryny önümçilikden gysyp çykarýar. Öndüriji güýçleriň barha artmagy bilen önümçilik ösýär. Adamlar bürünçden ýasalan önümleri öz hojalyklarynda has köp ulanyp başlapdyrlar. Hünärmentçiler bu önümleri özlerine zerur bolan önümler bilen alyş-çalyş edipdirler.

Şol döwürde adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynda hem uly özgerişlikler bolup geçýär, ýagny hojalykda erkek adamlaryň tutýan orny has artýar. Mal bakmaklyk, ekin ekmeklik, hünärmentçilik ýaly işler erkek adamlaryň gerdenine düşýär. Aýal adamlar bolsa, diňe öý hojalyyk işleri bilen meşdullanypdyrlar, ýagny biş-düş bilen, çagalary terbiýelemek ýaly işler bilen meşgul bolupdyrlar. Şeýlelik bilen Türkmenistanda enelik urugy atalyk urugy bilen çalşylypdyr. Bürünç döwrüniň häsiýetli aýratynlygy, has uly taýpa birleşikleriniň döremegidir. Olaryň goranyş berkitmeleri bolan şäherçeleri, şäherleri, dolandyryş merkezleri bolupdyr.

Irki bürünç asyryna degişli obalar ululygy boýunça dürli möçberlerde, ýagny 1 gektardan 5-10 gektara çenli, has uly obalaryň tutýan meýdany 25 gektara barabar bolupdyr. Bürünç döwrüne degişli tapyndylar Bagabat, Altyndepe, Ary jülgesi, Täkgala (Durun), Nusaý, Änew ýaly otrumly obalardan we şäherlerden tapylypdyr.

Bürünjiň ýüze çykmagy bilen zähmet gurallary kem-kemden kämilleşipdir. Adamlar magdan böleklerini dürli gurallar ýa-da uly çekiçler bilen çapyp döwüp alypdyrlar. Magdan bölekleri äpet soky daşlarynyň kömegi bilen döwlüp külke edilipdir, soňra bolsa olary eredip dürli görnüşdäki hojalyk esbaplary ýasapdyrlar. Metalyň bu görnüşinden päki, pyçak, palta, teşe, temenler, isgeneler, burawlar, göni bizler,

egremçeli bizler, byçgylar, balyk tutulýan çeňňekler ýasalypdyr.

Günorta Türkmenistanyň irki ekerançylyk eýýamynda Garadepe, Göksüýri hem Ýylgynly ýaly ajaýyp ýadygärlikleri galdyran ilaty ykdysadyýetde hem-de medeniýetde ep-esli üstünlikler gazanypdyr. Şol üstünlükleriň esasynda bu ýerde b.e. öňki III müňýyllygyň ahyrlarynda bürünç asyrlary döwrüniň ýerli Altyndepe siwilizasiýanyň adaty ösüş ýoly, ýagny ekerançylaryň irki iri obalaryndan ilkinji şäherlerine ösüp geçmegidir. Bu babatda Günorta Türkmenistan hem Gadymy Gündogaryň beýik siwilizasiýalary – Şumer hem Müsür ýaly, bütindünýä taryhynyň ösüşiniň birmeňzeş kanunalaýyk döwürlerine geçipdir.

Bu ýerde b.e. öňki III müňýyllygyň birinji ýarymyna hem ortasyna çenli bolup geçen üç sany möhüm özgerişleri bellemek bolar. Birinjiden haýwanlar arabalary çekiji güýç hökmünde ulanylyp başlanylýar. Gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylan palçykdan ýasalan dört tigirli arabalaryň şekilleri hem olaryň öň tarapynda berkidilen dünýäniň kellesi bu pikiri tassyklaýar. Dünýäni araba goşmak Günorta Türkmenistany ilaty üçin häsiýetli bolupdyr. eldekileşdirilen düýeler şol ýerleriň ilatyna b.e. öňki IV müňýyllykdan bäri belli bolupdyr. Ol jandarlaryň eldekileşdirilen merkezleriniň biriniň Köpetdagyň etegindäki etraplaryň bolaýmagy gaty ähtimaldyr. Haýwanlary arabalara goşmak adamlara agyr ýükleri uzak aralyklara äkitmäge mümkinçilik beripdir. Şol döwürde agaç kündäniň düýeleri tirkelip ýer sürülen bolmagy-da mümkin. Bularyň bary zähmet öndürijilerini ýokarlandyryp, esasan, adam güýjüne daýanýan önümçiligiň ösmegine getiripdir. Miladydan öňki III- II-müňýyllyklarda türkmen topragynyň ähli ýerinde şäherler ösüp başlaýar.Ikinji özgerişligi toýundan gap-gaçlaryň ýasalyşynda görmek mümkin. Olary ýasamak üçin küýzegärçilik çarhy peýdalanyp başlaýar. Onuň aýratynlygy ortasynda aýlanýan okuň

ýokarsyna berkidilen tegelegiň üstüne bir togta toýny goýup, ony aýlap, dürli görnüşli gaplary ýasamakdan ybaratdyr. Şeýlelikde, bir görnüşli gaplary köp mukdarda ýasamaga mümkinçilik döräpdir. Şonuň netijesinde, gapşgaçlar ozalky ýaly az mukdarda däl-de, köpçülikleýin öndürilip başlanypdyr. Bu bolsa özboluşly senagat önümçiliginiň ýüze çykmagyny aňladypdyr.

Üçünji özgerişlik metal işläp bejermek babatda ýüze çykypdyr. Günorta Türkmenistanyň irki jemgyýetleri misden her dürli zatlar ýasamagy, gyzyldan kümüşi işläp bejermegi başarypdyrlar. B.e. öňki III müňýyllygyň ortalaryndan başlap, olar her dürli erginleri, şol sanda misiň myşýak bilen garylan ergini köp ulanylyp başlanýar. Ol erginler önümlere berklik beripdir, ondan başga-da, ussalara öz ussatlyklaryny artdyrmaga, magdanlary gerek möçberde garmakda başarnyklaryny ýüze çykarmaga şert döredipdir.

Ýaşaýyş jaýlarynyň daş görnüşlerinde-de özgerişlikler bolupdyr. Jaýlar köp otagly bolup, olar ýaşamak hem hojalyk hajatlary üçin niýetlenipdir. Olaryň arasyny ini iki mert çemesi bolan darajyk köçeler bölüpdir. Ýöne olar aýry-aýry jaýlar däl-de, umumy toplumyň bir bölegi bolupdyr. Ymaratlar depäniň üstünde ýygjam gurlup, daşy diwar bilen gurşalypdyr. Şäheriň esasy girelgesi uly ymaratçylyk desgasy hökmünde gurlupdyr. Derwezeleriň umumy giňligi 15 mert çemesi bolupdyr. Ol derweze şol wagtlar uly ilatly obalygyndan ýörite önümçilikleriň jemlenen hem medeniýetiň gülläp ösýän şäher merkezine öwrülen Altyndepäniň kuwwatynyň hem abadançylygynyň alamaty bolupdyr.

Bu döwre degişli bolan Altyndepe jemgyýeti dünýäniň iň gadymy siwilizasiýalarynyň biridir.

Altyndepe häzirki Kaka etrabynyň Mäne obasynyň 3 km. gündogarynda, Köpetdag gerişleriniň günorta-gündogar tarapynda ýerleşýär. Altyndepäniň umumy tutýan meýdany 46

gektara barabar bolupdyr.Bu ýerde geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde,şäheri gurşap alan diwarlaryň ,müňlerçe ýyllaryň dowamynda biri-birini çalşyryp gelen ýaşaýyş jaý gatlaklarynyň üsti açyldy.Taryhy maglumatlara görä, uzak döwrüň dowamynda biri-birleriniň üstüne düşen ýaşaýyş jaý gatlaklary Altyndepäniň 20 metr galyňlygyndaky medeni gatlagy emele getiripdir. Altyndepede goranyş berkitmesi, ybadathana, ýaşaýyş jaýlary, hünärmentçilik kwartallary we beýleki desgalar bolupdyr.Bu ýerde alymlar tarapyndan üsti açylan Mespotamiýa ybadathanalaryna meňzeş uly desgalar,Hindistandan getirilen pil süňkleriniň ,toýundan bişirilip ýasalan elam hatyna meňzeş syrly belgiler bilen örtülen aýal heýkeljikleriniň hazynasy uly medeni merkeziň bolandygyna güwä geçýär.

**Suwarymly ekerançylygyň we hünärmentçiligiň ösüşi.** Gadymy suwarymly ekerançylar dag derýajyklarynyň joşýan wagty onuň öňune böwet basyp, ekin meýdanlaryny çilläp suwarmak usulyny özleşdiripdirler. Bürünç asyrynda diňe bir dag eteklerinde däl, eýsem düzlüklerde ýaşan ilat hem uly bolmadyk ýaplary gazyp, özboluşly suwaryş ulgamyny döredipdirler. Göksüýri oazisindäki Mollalydepäniň golaýynda göwrümi 3500 inedördülm. bolan emeli suw howdanynyň tapylmagy gadymy ekerançylygyň ösendiginden habar berýär. Ýaz aýlary Tejen derýasy joşanda, ol howdan suwdan doldyrylýan eken. Gadymy ekerançylar esasan arpa we bugdaý ekipdirler.

Geçirilen arheologiýa gözlegleriň netijesinde alymlar ekerançylyk bilen meşgul bolan obalaryň birnäçesiniň üştüni açypdyrlar Göksüýride Şol gadymy ekerançylyk obalarynyň biri-de Göksüýrülilerdir. Ol ýerde ýaşan ilat suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Ägirt uly suwaryş desgalary döredilipdir – kanallar, howdanlar gazypdyrlar. Tejen oazisinde oturan gadymy Göksüýrililer ekerançylyk bilen meşgul bolup kanallary, uly howuzlary gurupdyrlar. Şeýle

howuzlaryň içinde ini 35 metre barabar, çuňlugy 3 metrden gowrak 1 müň inedördülm. meýdany tutýan howuz bolupdyr.

Bürünç asyry döwründe ilatyň durmuşynda daşy işläp bejermeklik dowam edipdir we ilatyň durmuşynda uly orun eýeläpdir. Bu ýerlerden tapylan daşdan ýasalan köp dürli zähmet gurallary, esasan Köpetdagda duş gelýän ýerli daş jynslaryndan: hek daşyndan, çagyl daşyndan, granitden, çakmakdaşdan ýasalypdyr. Bu ýerlerde gymmat bahaly daşlardan taýýarlanan dürli bezegler, şaý-sepler hem ýokary çeperçilik bilen ýasalypdyr. Taryhy tapyndylaryň içinde garamtyl-gyzyl daşdan ýasalan ýag çyrasy has hem täsin bolupdyr. Onuň daşyna burawlanyp nagyş çekilipdir we pöwrize daşyndan gaşjagazlar goýlupdyr.

Adamlar ýumşak dag jynslaryndan monjuklary taýýarlapdyrlar. Olar daşlary uzak wagtlap ýokary gyzgynlykda (1000-1400$^{0}$C) gyzdyrypdyrlar. Netijede daşlar täzeden kristallaşyp, olaryň berkligi has hem artypdyr. Emeli zatlaryň şunuň ýaly temperaturada gyzdyrylyp taýýarlanmagy çeperçilik sungatynyň (senetçiligiň) ýokary derejede bolandygyna şaýatlyk edýär.

Küýzegärçilik çarhynyň ornaşdyrylmagy bilen küýze önümleriniň hili ýokarlanypdyr. Irki bürünç asyrlary döwründe küýze önümlerini bişirmekligiň has amatly düzgüni we küýzegärçilik desgalarynyň täze gurluşy tapylypdyr. Günbatarda we günorta-günbatarda Serdardan (Gyzylarbat) Aşgabada çenli kül reňkli çal toýundan ýasalan küýzegärlik önümleri agdyklyk edipdir. Gündogarda we günorta-gündogarda (Babadurmazdan Tejen derýasyna çenli) mele toýundan ýasalan nagyşly gap-gaçlar köp bolupdyr.

Bürünç asyrlary döwründe toýundan bişirilen küýzegärçilik önümlerinden başga-da durmuş we din bilen baglanyşykly dürli gurallar ýasalypdyr. Gazuw-barlag işleriň netijesinde tapylan tapyndylaryň arasynda ikbaşlar, arabalaryň dürli görnüşleri üçin tigirjagazlar, adamlaryň we haýwanlaryň

heýkeljikleri, möhürler, ýag çyralary bar. Esasan-da, daşdan hem toýundan ýasalan ikbaşlar we tommaýlar köp duş gelýär. Bu tapyndylar Türkmenistanyň ýerlerinde dokamaçylygyň ýüze çykandygyna şaýatlyk edýär. Ikbaşlar esasan ujy çürelip gidýän ýarym togalak hem-de sada çüri görnüşli bolupdyr. Olaryň bir böleginiň gyralary kertik-kertik edilip, egri çyzyklar bilen nagyşlanypdyr.

Bürünç döwrüniň ahyrlaryna degişli Sumbar we Parhaý gonamçylyklarynda gazuw-agtaryş işleri geçirilende, aýal mazarlarynyň ählisinden diýen ýaly ikbaşlar, temenler, jorap örmek üçin çişler, bizler, haly dokamak üçin bürünçden ýasalan keserler tapylýar. Tapyndylaryň arasynda aw ýaraglary, ownuk mallara degişli süňkler köp bolupdyr. Bu bolsa ownuk mallaryň ýüňleriniň dokmaçylykda giňden peýdalanylandygyna doly güwä geçýär. Alymlaryň pikirine görä dokmaçylyk sungaty ilki bilen maldarçylyk bilen meşgullanan ilatyň arasynda ýüze çykypdyr, soňra bolsa oturymly ekerançylyk ilatyna ýaýrapdyr. Bulardan başga-da, ol ýerlerden ululy-kiçili küýze gaplary, esasan-da jüründikli küýzeler köp tapylýar.

Bürünç asyrynda Altyndepäniň ilaty palçykdan bişirilen gaplary, ýukajyk çeper nagyşly we bezegli gap-gaçlary öndüripdirler. Olara salnan nagyşlar özüniň nepisligi bilen hem-de çylşyrymly ýerleşdirilişine görä haly göllerine meňzeş bolupdyr, şonuň üçin bu nagyşlar haly gölli nagyşlar adyny alypdyr.

Bu döwrüň gap-gaçlary ýasalanda olara ýörite taýýarlanan oňat hilli toýun, ösümlik we mineral garyndylarynyň külkesi goşulypdyr. Altyndepäniň küýzegärçilik önümlerinde gyzyl reňk örtülen gara tegmilli gap-gaçlar hem bar eken, gaplaryň daş ýüzi köplenç ýylmanan görnüşde bolupdyr. Gap-gaçlaryň käbirleri gögümtil-mele, melewşe reňkde hem bolupdyr.

Bu döwürde süňkden ýasalan önümler köp bolmandyr. Olar deri önümlerini tikmek üçin iňňe-temen, borýa örülen

öwsele ýasapdyrlar. Üýzegärlik önümlerini ýasamak üçin ulanylýan gurallar ýalpyldajylar we dürli möhürler, ilikleri egrem-bugram çyzyklar bilen nagyşlamaküçin üňk taýajyklary bolupdyr.

Altyndepede bagana, deri işlemek giňden ýaýrapdyr. Baganany we derini daşdan ýa-da mermer böleginden ýasalan gyrgyç bilen eýläpdirler. Daşdan ýasalan ýylmaýjylar bolsa, deriniň ýüzüne reňk çalmak üçin hyzmat edipdir.

Günorta Türkmenistanda metaldan ýasalan gurallaryň kämilleşmegi ekerançylygyň giňelmegine ýardam edipdir. Munuň netijesisinde zähmet öndürijiligi ösüp, önümçilikde artykmaç önümler peýda bolýar. Eger-de öň adamlar öndürilen önümlerden  köpçülikleýin peýdalanan bolsalar, indi hususy eýeçilik ýüze çykýar. Artykmaç öndürilen önümiň bir bölegi urug begleriniuň, serdarlarynyň elinde galyp, käbir adamlaryň baýlaşmagyna, ilatyň bir böleginiň bolsa olara garaşly bolup galmagyna getirýär. Hususy eýeçilik jemgyýetiň mundan beýläk-de ösmegine oňaýly täsir edipdir.

Häzir Altyndepe ýapgyt baýyrlyk bolup hiç hili ösümlik ösmeýän çöllükde ýerleşýär. Emma 4 müň ýyl mundan ozal ýagdaý başgaça bolupdyr. Içi suwdan doly hem elmydama akyp duran derýa obanyň gapdalyndan geçipdir. Gazuw işleri wagtynda ol ýerden derek we dagdan agaçlarynyň bölekleri şeýle hem ýabany doňuzlaryň we buhara keýikleriniň süňkleri tapylypdyr. Gadymy derýanyň kenarynda ol haýwanlaryň ýaşan tokaýlary ösüpdir diýen netijä gelmek bolýar.

Häzirki Çäçe  tarapdan gelen söwdagärleriň kerweni 20 m beýiklikde ýerleşen üsti ýasy, aralary gür jaýlara gözleri düşüpdir. B.e.öňki III müňýyllygyň ortalarynda gurlan we ençeme gezek bejerilen uly derweze, şeýle hem ortasynda beýikligi 20 m bolan üç gat diň dürli däpleriň berjaý edilýän ýeri bolupdyr. Ol diňiň ýanyndaky üç metrlik sekide ruhanylaryň jaýlanýan otaglary, baş ruhanynyň ýaşaýan jaýy, birnäçe beýleki gurluşyklar şeýle hem içinde dini däpleriň we

hudaýyň ýoluna gurban etmeklik berjäý edilýän içki howlular ýerleşipdir.

Şäheriň içini ini bir ýarym iki metrden uly bolmadyk köçejikler kesip geçipdir. Şäheriň belli baý adamlarynyň ýaşaýan ýerlerinde giňişleýin, göni köçeler geçipdir. Şäheriň köçeleriniň aýry-aýry ýerleri, çatryklary ol ýerde belli bir hünär bilen meşgullanýan adamalaryň ýa-da belli bir garyndaşlyk toparlarynyň ýaşamagy bilen tapawutlanýarlar. Mysal üçin,şäheriň bir böleginde demir ussalary, başga birnäçe böleklerinde bolsa küýzegärler ýaşapdyrlar. Merhumlar ýaşalýan ýerlerden uzaga äkidilmändir. Aradan çykan çagalary bolsa jaýyň içindäki diwaryň aşagynda jaýlapdyrlar. Olary bükülen ýagdaýynda kiçijik çukurlarda ýa-da gaplarda ýerleşdiripdirler. Ululary we ýetginjekleri 7-8 ýaşyndan soň ýaşaýan ýerlerinden uzakda bolmadyk ýerlerde jaýlapdyrlar. Kähalatlarda olar ýörite gurlan dörtburç jaýlarda ýerleşdirilipdir. Şäheriň aýry-aýry ýaşalýan böleklerinde dini dessurlaryň geçirilýän merkezleri ýörite ybadathanalary bolupdyr. Şeýle ybadathanalaryň iki sanysy demirden dürli zatlary ýasaýanlaryň ýaşaýan böleginde uly bolmadyk meýdançada ýerleşipdir. Olaryň jaýlaryndan magdanlary köwüp almak, owratmak şeýle hem gurallary ýiteltmeklige niýetlenen köp sanly daş esbaplary tapylýar. Ol ýanaşyk ýerleşen ybadathanalar gurluşy boýunça biri-birine meňzeşdirler. Olar birnäçe otagdan ybarat bolupdyr. Ybadathananayň daş-töweregine külüň galyň gatlagy düşelipdir. Olaryň içinden ýönekeýje adam we haýwan şekilleri heýkelijikleri tapylypdyr. Onuň ýüzi ilki daş esbaplary bilen işlenipdir. Soňra bolsa gara reňk bilen düzedilipdir. Bu kelle şol eýýamda palçykdan ýasalan aýallaryň kellesine-de meňzeş bolupdyr. Özem şol ybadathanalaryň birinde goýlan uly heýkelleriň biriniň kellesi bolmaly. Elbetde, ybadathanalaryň Altyndepäniň aýry-aýry böleklerinde birnäçe bolmagy mümkin bolup, olarda hasyllylygyň hudaýyna bagyşlanan dessuryň

geçirilmegi esasy orna eýedir. Emma şäheriň bulardan başga baş ybadathanasy hem bolupdyr.

Bu dini dessurlaryň geçirilýän merkeziniň jaýy şäheriň gündogar çetinde beýikde ýerleşip, oňat görünipdir. Gadymy gurluşykçylar onuň üç tarapyna hem kerpiç örüp, ony beýik jaýyň esasyna öwrüpdirler. Onuň bir çüňkünde üç basgançakly diň bar. Onuň daşky üst gyralary üç basgançakly çykgytlar bilen bezelen ençeme gezek täzeden gurulmalardan soň, ol diňiň beýikligi 20 m ýetipdir. Ol ýerde mukaddes ot ýakylan bolmaly. Iň bir wajyp dini däp- dessurlar berjaý edilip, asmandaky ýyldyzlara we beýleki zatlara gözegçilik edilen bolmaly.

Köplenç halatlarda çig kerpiçden salnan açyk howlulular köp adamly dessurlaryň geçirilmegi üçin ulanylypdyr. Dürli ojaklar we zat gowrulýanlar hudaý ýoluna gurban edilen mal etlerinden naharlary taýýarlamak üçin ulanylynpdyr. Saklanyp galan süňklere garap olaryň köpüsiniň ýaş guzudygyny kesgitläp bolýar.

Ruhanylaryň jaýlanýan ýeri hem ybadathananyň ýakynynda ýerleşipdir. Ýöne ol ýönekeýje mazar bolman, eýsem uly bir toplum bolupdyr.

Bu ýerde gyzyldan ýasalan öküziň, möjegiň kellesi tapylýar. Diwaryň ýakynynda seki edilip onda adamyň kelleçanagy goýlupdyr. Aýry-aýry adamlar jaýlananda olaryň kellesi göwresinden aýrylyp olara aýratyn sarpa goýlupdyr. Indiki otagda dag goýunynyň şahy goýlupdyr. Üçünji otagyň özi boş ýöne onuň ortasynda uly ojak bolupdyr. Bu ýerde ot ýakylypdyr. Onuň ýalyny bolsa ybadatnany mazardan tapawutlandyrypdyr.

Ol mazarlaryň gazylyp öwrenilmegi diňe bir ölenleriň jaýlanşyny öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem ol ybadathananyň haýsy hudaýlyga degişlidigini anyklamaga hem mümkinçilik berýär. Altyndepeden tapylan gyzyldan ýasalan öküz hudaýy aýratyn gyzyklanma döredýär. Bu ägirt haýwanyň

gözinde göwher goýlan, maňlaýynda hem ýarym aý şekilli göwher goýlupdyr. Öküziň şekili Gadymy Gündogaryň dinlerinde giňden ulanylyp asman hudaýlary bilen baglanyşdyrylýar. Aý hudaýy diýlip şahlary ýarym aýy ýatladýan gyzyl reňkli asman öküzi kabul edilipdir. Şoňa görä-de,maňlaýynda ýarym aý şekili goýlan öküziň gyzyl kellesi Altyndepäniň ýaşaýjylarynyň dini garaýyşlaryny kesgitleýär.

Bürünç asyry döwründe senetçiler metaldan, gymmat bahaly daşlardan, şirmaýydan-pil süňkünden hususy möhürleri, şaý-sepleri ýasapdyrlar. Tapylan möhürler hem Türkmenistanyň ýerlerinde hususy eýeçiligiň giň gerim alandygyna doly şaýatlyk edýär.

Altyndepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde gadymy adamlaryň fiziki keşbi we olaryň ömri barada ençeme maglumatlar toplandy. Tapylan adam süňkleriniň galyndylaryna görä, 4-5 müň ýyl mundan ozal Altyndepede ýaşan ilatyň 2/3 bölegi 35 ýaşa çenli ýaşapdyrlar. 60-70 ýaşyna ýeten adamlar gaty seýrek eken. Ilatyň aglaba köpüsi uzyn boýly, syratly adamlar eken. Erkek adamlaryň boýunyň uzynlygy ortaça 180 – 185 sm., aýallaryň boýy 170 sm. töweregi bolupdyr. Çaga ölümi juda köp bolupdyr. Alym-antropologlaryň maglumatlaryna görä, Altyndepäniň iň gülläp ösen döwründe 5000-e golaý ilaty bolupdyr, emma olaryň ortaça ýaşy 22,6 ýaşdan geçmändir.

Täze şäher özüniň önümçiligi bilen şöhratlanypdyr. Olar şäher ykdysadyýetiniň esasyny düzüpdir.Şäherliler ekerançylyk bilen hem meşgullanypdyrlar we ekerançylykdan alnan gök önümleri täzeden işlemegi öwrenipdirler.Her öýde un öndürmek üçin däne döwülýän sokular bolupdyr. Howlularda bolsa çörek bişirmeklige niýetlenen häzirki zaman türkmen tamdyryna meňzeş peçler gurlupdyr.

Her eýýamda tehnikanyň aýry-aýry gurallarynyň kämilligi umumy ösüşi kesgitläpdir. Täze eýýam taryhynda bir döwürde polat erediji senagat, onsoň himiýa, biziň

günlerimizde bolsa öňdebaryjy orny elektronika eýeleýär. Ilkinji siwilizasiýalar eýýamynda ýangyç tehnkikasynyň ösmegi esasy orun tutupdyr. Adam ilkibada ody otagy, öýi ýylatmak, nahar bişrimek üçin ulanmaklygy kämilleşdirip, önümçilikde giňden ulanylyp başlaýar.

Altyndepäniň demirgazygynda gap-gaç taýýarlamakda ulanylan peçleriň onlarçasy ýerleşipdir. Bu ýer gadymy şäheriň özboluşly senagat merkezidir. Peçleriň çylşyrymly iki bölekli düzülişi bolupdyr. Ot ýakylan ýeri iki bölekden ybarat bolup ýeriň aşagyna çuňlaşdyrylan, kähalatda üç metre çenli aşak gidýär. Peçlerde ýakylyp alnan önümleriň hiliniň yokarylygy Altyndepelileriň bu işden oňat baş çykarandyklaryny görkezýär. Ýukajyk gaplaram, şeýle hem azyk önümleriniň saklanýan galyň hem ägirt uly humalaram örän oňat ýakylypdyr. Ussalar tiz aýlanýan küýzegärleriň çarhyny ulanyp başlapdyrlar. Bu bolsa ýukajyk gaplary dürli hili taýýarlamaga mümkinçilik beripdir. Gadymy öý hojalykçy aýallaryň ygtyýarynda demirden hem daşdan edilen gaplardan başga palçykdan ýasalan gaplaryň 28 görnüşi bolupddyr. Küýzegärler öz önümlerini köp mukdarda ýasapadyrlar. Altyndepäniň diňe bir peji ýylyň dowamynda 16-20 müň gabyň taýýarlanmagyny üpjün edipdir. Şeýle peçleriň bolsa onlarçasy bolupdyr.

Küýzegärleriň arasyndan özbaşdak topar bolup heýkeltaraşlar hem döräpdir. Olar saçlary daralan, şaý-sepler bilen bezelen aýallaryň oturan heýkeljiklerini ýasapdyrlar. Şeýle hem dürli haýwanlaryň öküzleriň, düýeleriň, goýunlary, geçileriň we güjükleriň heýkeljiklerini ýasapdyrlar. Altyndepäniň gaplarynda jürnükli gaplar seýrek duş gelýär. Kümüşden dürli bezeg şaý-seplerini ýasapdyrlar.Monjuklary, bilezikleri, iňňebagjyklary, aýnalary taýýarlamakda ulanylypdyr. Demir işlemek birnäçe ýöriteleşdirilen toparlara bölünipdir. Mysal üçin bürünçden we kümüşden ýasalan çeper möhürleri taýýarlamak özbaşdak önümçilige öwrülipdir. Olar diňe bir geometrik häsiýetli zatlary ýasamak bilen çäklenmän

eýsem haýwanlaryň hem heýkellerini ýasapdyrlar. Kähaltlarda oňat işlenen göwresi bilen ýasapdyrlar. Bu iş öňki zaýalanan zatlary eretmek tehnikasynyň üsti bilen amala aşyrlypdyr. Suratkeş, heýkeltaraşlar bu zatlary çalt ereýän zatlardan,mumdan ýasapdyrlar.

Daşlardan gap ýasamaklyk hem özbaşdak önümçilige öwrülipdir. Munuň üçin ak mermer we hek daşlary ulanylypdyr. Şeýle gaplar ýörite ussanahalarda ýasalypdyr.Bu işde buraw deregine ýiti uçly daşlar ulanylypdyr. Ol ýiti daşlar peýkamlaryň uçlaryny ýada salypdyr. Mermerden owadan gaplary ýasamaga mümkinçilik beripdir.

Şäheriň ilaty garyndaşlyk gatnaşyklary, meşgul bolan kärleri boýunça toparlara, ýagny demirçi, küýzegärler ýaly toparlar bölünipdirler. Ilat durmuş ýagdaýlarynyň derejesi boýunça hem üç topara bölnüpdir. Ony olaryň ýaşaýyş jaýlarynyň ýerleşişi, göwrümi we otaglary boýunça hem bilmek bolýar. Ilatyň zähmetkeş topary şäheriň çeträklerinde ýaşapdyrlar. Olar köp otagly jaýlarda 4-6 hojalyk bolup ýaşap, umumy hojalygy ýöredipdirler. Şol köp maşgalaly hojalyklaryň hemmesiniň birek-birek bilen garyndaşlyk gatnaşyklarda bolan bolmaklary mümkin. Otaglarynyň her biriniň möçberi 6 – 10 inedördül metre barabar bolupdyr. Bu gatlaga degişli ilatyň naharhanalarydyr kömekçi hojalyklary-da umumy bolupdyr.Ilatyň has baý toparynyň guburlaryndan altyndan,kümüşeden,bürünçden ýasalan dürli şaý – sepler,ýüzükler we gymmatbaha monjuklar tapylypdyr.şol tapyndylaryň arasynda altyndan ýasalan möjek kellesi,esasanam,maňlaýyna aýyň şekili çekilen öküziň kellesi sungatyň örän ösendigine güwä geçýär.

Ilatyň ikinji topary bolan gurply şäherlileriň ýaşaýyş jaýlary 27 inedördül metre barabar bolup,ol maşgalalaryň her birine 2-3, has gurplularyna bolsa 4-5 otagly jaýlar degişli bolupdyr.Bu topara degişli bolan adamlaryň guburlaryndan köp mukdarda dürli bürünçden ýasalan ýüzükdir heýkeljikler,uly

gap-gaçlar, hakyk we pöwrize daşlaryndan ýasalan köp sanly monjuklar tapylypdyr.

Bu gatlaga degişli adamlar, esasan-da,senetçilik bilen meşgul bolupdyrlar we iki-üç hojalyk otagy bolan aýratyn jaýlarda ýaşapdyrlar.Olaryň ýaşaýyş jaýlarynyň gapdalynda ýanaşyk howluda çörek bişirilýän tegelek tamdyrlar hem ýerleşipdir.

Altyndepäniň ilatynyň üçünji toparyna "han-begleriň", şäheriň hökümdarlary degişli bolupdyr. Olaryň ýaşaýýş jaýlary şäheriň merkezinde ýerleşip, 6-9 otagdan ybarat bolupdyr. Bu jaýlaryň umumy meýdany 60-100 inedördül metre barabar eken. Olaryň däne saklaýan uly ambarlary bolupdyr, olar köplenç öý haýwanlaryny köpeldypdirler. Bu baý toparyň mazarlarynda toýun gap-gaçlardan başga-da mermerden ýonulyp ýasalan gaplar-da goýlupdyr. Guburlardan bürünçden, kümüşden, hakykdan, pöwrize daşyndan, lazuritden ýasalan aýal bezegleri ýeterlik derejede tapylypdyr. Gadymy halklaryň ýaşaýşy öwrernilende üç ýagdaý esasynda kesgitlemek bolar. Bu fiziki durmuşa medentýetiň hästýeti we olaryň däpleriniň gysgalmagy, soňra bolsa olaryň dili. Antropoligiýa barlagiaryň netijesinde mukaddes öküz şäherçesiniň adamlary ösgün adamlar bolupdyr. Erkek adamiaryň boýy 164-184 sm. ýeňi, aýallarynyň boýy 151-den 164 sm çenli bolupdyr. Kelleçanaklaryn owrenilmegi bilen şol döwürde ýaşan adamlar Ýewropa siwilizasiyasynda ýaşan adamlaryň akyly birmeňzeşdir.

Şeýlelikde Altyndepäniň siwilizasiýasyny döreden halk ýönekeý bolup, olaryn ýazuwda, gurluşykda, çeperçilik medeniýetde ösendigini görmek bolyar. Gadymy şäherde ýaşaýan halkyň ýaşy ortaça 36 bolupdyr, zenan maşgalalaryň ýaşaýşy erkeklere garaňda pes bolupdyr. Bu ýagdaýlara birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Jaýlanan adamlaryň arasynda çaga ölüminiň köp bolandygyny görmek bolýar. Çaga ölümi ýaşaýşyň 40 göterimini tutupdyr, ortaça ýaş 36 diýlip

alynmagynyň esasy sebäbi jaýlanan adamlaryň arasyndaky adamlaryň ýaşy köpüsiniň 36 ýaş bolandygyny subut etse bolar. Esasy az ölüm 23 ýaşdakylar bolupdyr. Şonuň üçin hem 50-60 ýaşa çenli ýaşan adamlaryň sanyna az gabat gelinýär. Köp ölüm hasaplamalaryň ýaş aýallaryň bolup, olaryň çaga dogranda ölmegi bilen dülşündirilýär. Gazuw agtaryş işleri geçirilende ölenleriň arasynda aýallaryň 15-17 ýaşdakylary köp gabat gelýär. Zenan maşgalalaryň zähmeti hem agyr bolupdyr. Olar çörek bilen maşgalasyny üpjün etmek üçin dänäni el bilen, el degirmeni bilen üwäpdirler. Un üwemegiň Altyndepede tapylan degirmenleriň birnäçe görnüşini görmek bolýar. 5-6 adamdan ybarat bolan maşgalany iýmit bilen 2 günlük üpjün etmek üçin dokuz sagatlap irginsiz zähmet çekmeli. Zenanlar mata dokapdyrlar we olardan geýim tikipdirler. Oňa mysal edip her öýden tapylan iňňeler bilen subut etse bolar. Şu ähli sebäpler zenanlaryň ýaşyny we owadanlygyny gysgaldypdyr. Agyr zähmet kynçylyklary elmydama bolupdyr. Biz bu zatlary hiç haçan ýatdan çykarmaly däl. Sebäbi gadymy zamanyň çeperçiligi, olaryň ussatlygy örän ýokary bolypdyr.

Altyndepede gurluşyk binalarynyň ähлisi belli bir möçberdäki gönüburçly birmeňzeş çig kerpiçden salnypdyr. Kerpiçlerde ony taýýarlan adam bellik edipdir. Bellikler hasabyň berk ýöredilmegi we her bir gurluşyk desgasyna näçeräk kerpijiň gerekdigini bilmek üçin edilipdir. Adamlar jaýlaryň diwaryny we düşegini suwapdyrlar.

Altyndepäniň düýpli binagärçilik sungaty uly toplumy bilen bellidir. Bu ýerde beýikligi 12 metre ýeten basgançakly minara bina edilipdir. Şäheriň binagärçilik gurluşygy bütin keşbi bilen Mesopotamiýanyň gurluşyklaryna gabat gelýär. Bu ýerden tapylan ybadathana şäheriň möhüm düzüm böleginiň biri bolupdyr. Elbetde, müňlerçe ýyllaryň dowamynda palçykdan binalar ýagyn-ýagmyryň täsiri astynda weýran bolupdyr. Emma haçanda bu ýerde rejeleýiş işleri geçirilende, onuň örän haşamlanyp salnandygyna gözüň ýetýär.

Altyndepäniň jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaýlary azdakände belli bir tertipde, gönüburçly çig kerpiçden salnypdyr. Ol kerpiçleriň ululygy 52 x 26 sm. möçberde bolupdyr. Şäherde köplenç halatda pyýada ýörär ýaly darajyk köçejikler, şonuň bilen birlikde araba ýörär ýaly, giňligi 1,5–2 metre barabar egrem-bugram köçeler hem bolupdyr. Şäheriň baý adamlarynyň ýaşaýan bölegindäki köçeler olara görä giňiräk we göni bolupdyr. Şäheriň goranyş diwary, derwezeleri bolupdyr. Derwezeleriň umumy giňligi 15 metre golaý bolupdyr. Munuň özi Altyndepäniň öz döwründe gülläp ösen kuwwatly şäher döwleti bolandygyny güwä geçýär.

Altyndepe şäherinden tapylan ýüzden gowrak heýkeljikleriň eginlerinde ýa-da göwsüniň gapdallarynda birnäçe bellikler ýazylypdyr. Kellä geýilýän zatlarda her dürli belgiler edilipdir. Bu dürli tebigat hadysalaryna howandarlyk edýän birnäçe hudaýlaryň umumylaşdyrylan keşbi bolmagy ahmal diýlip hasaplanylýar. Alymlaryň pikirlerine görä, egninde agaç şahalaryny ýaýyp duran zenanyň şekili ösümlik dünýäsiniň hudaýyny, köp şuglaly ýyldyz – asman hudaýyny, akar suwy alamatlandyrýan egrem-bugram çyzygyň suw hudaýyny aňladýan bolmaklary mümkindir. Bularyň ählisinden ýokarda erkek kişi-kuwwatly öküz keşbinde ýerleşdirilen şekil Aý hudaýy goýlupdyr.

Toýundan ýasalan heýkeljikleriň arasynda itleriň we goýunlaryň şekilleri-de köp duş gelýär. Araba goşulýan öküzlerdir düýeleriň, galyberse-de möjek kelleleriniň şekiljikleri örän täsin ýasalypdyr.

Tapyndylaryň arasynda altyndan ýasalan örän enaýyja öküziň maňlaýynda ýarymaý şekilli pöwrize daşy goýlupdyr. Ol Mesopotamiýada asman öküzi Aý hudaýy bilen baglanşykly bolup, beýleki hudaýlaryň arasynda oňa aýratyn hormat goýulypdyr. Täze gije-gündiziň başlanmagy säherden däl-de, asmanda, esasy hudaýyň peýda bolýan wagty agşamdan hasap edilipdir. Aý hudaýy köplenç asman öküzi görnüşinde

şekillendirilip, onuň şahlary ýarymaýy ýatladypdyr. Alymlar öküziň altyn kellesi şol ilatyň dini garaýyşlaryny aňladýar diýen netijä gelýärler.

Tapylan tapyndylaryň arasynda pil süňklerinden ýasalan üç sany taýajyk hem bar. Bu taýajyklar, buthana hyzmatçysynyň ulanan esbaby bolup, olar ýörite gurallar bilen kertilip nagyşlanypdyr.

Tapyndylaryň arasynda Mesopotamiýa ybadathanalaryna meňzeş düýpli desgalar, Hindistandan getirilen pil süňkleri, toýundan ýasalan, elam hatyny ýada salýan syrly belgili aýal heýkeljikleri bar. Bu tapyndylar alymlara ata Watanymyzyň ýerlerinde iň gadymy siwilizasiýanyň biriniň bolandygyny takyklamaga mümkinçilik berdi. Alymlaryň çaklamaklaryna görä, şol bellikler iň gadymy hat-ýazuwyň elipbiýi bolaýmagy ähtimal.

Altyndepeden Hindistandan getirilen iki belgiden ybarat möhür tapyldy, möhürdäki ýazgy “beýik hudaý” diýen manyny aňladýar. Bu ýazgylar hem Günorta Türkmenistanda siwilizasiýanyň, sowatlylygyň bolandygyna şaýatlyk edýär.Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllygyň ortalarynda goňşy obalar, şäherler bilen söwda we medeni gatnaşyklar ösüpdir. Ilatyň köpelmegi bilen, obalaryň we şäherleriň serhetleri giňäpdir. Şeýlelik-de Köpetdag eteklerinde ilat has köpelipdir. Galyberse-de, Köpetdagdan gaýdýan çeşmeler tomus aýlarynda gurap başlapdyr. Şol bir ekin meýdanlarynda ekilen ekinler ýeriň arryklanmagyna we hatardan çykmagyna getiripdir. Şeýlelikde, Namazga depe we Altyndepe ýaly iri ekerançylyk merkezler suw ýetmezçiligi sebäpli taşlanyp gaýdylypdyr. Bu ýerleriň ilaty Gündogara, suwuň bol ýerine hemişelik akýan Murgap derýasyna tarap süýşüpdirler.

Altyndepäniň medeniýeti gadymy jemgyýetiň ruhy durmuşynyň aýdyň şekilini janlandyrýar. Jaý gurluşygy indi diňe bir ownuk bähbitleriň hyzmatyna gulluk etmek bilen çäklenmän, eýsem sungatyň kemala gelip ugran aýratyn

görnüşini, binagärçiligiň belli bir meňzeşligini hem kanunlaryny peýdalanyp ugraýar. Kiçi şekilli sungatyň ösüşi-de özboluşly ugra eýe bolupdyr. Gadymy şäheriň ilatynyň ýaşan jaýlarynda-da, mazarlarynda-da adamlaryň hem haýwanlaryň toýundan bişirilip ýasalan heýkeljikleri köp gabat gelýär. Ýöne olaryň ýasalyş usuly öňkülerden tapawutlanýar. Olar haýwanat, ösümlik dünýäsinde bolçulygyň penakäri bolan zenan hudaýyň güýç-kuwwatyny aýdyň alamatlandyrypdyrlar. Zenan hudaýlar Altyndepe siwilizasiýasy döwründe-de öňki meşhurlygyny saklapdyrlar. Ol şekiljikler her öýde diýen ýaly duş gelýär. Ýöne şol döwürde ozalky uly heýkeller şertli-ýasy şekiller bilen çalşyrylypdyr. Heýkeltaraş olaryň nepisligine aýratyn üns beripdir. Heýkeljikleriň elleri gerlen, bykynlary ýasy, billeri inçe, boýunlary uzyn, gözleri uly. Iki çekgesinden hem sagrysyndan saçlar sallanyp gaýdýar. Heýkeljikleriň käbirinde kiçijik telpek, beýleki birnäçesinde bolsa täç bar. Gözleriň aýratyn uly ýasalmagy şertli mana eýedir. Gadymy Gündogarda göz bilen gulak ähli zady görýän hem eşidýän hudaýlaryň paýhasyny alamatlandyrýan beden agzalary hasaplanypdyr. Altyndepeden tapylan heýkeljikler şol täze nusga gabat gelýär. Olar medeniýetleşen jemgyýetdäki ýörelge özgerişleri bilen, ýagny, anyk zatlary howaýy pikirlenmelerdir dürli nyşanlar arkaly aňlatmak bilen baglylykda ýüze çykypdyr.

Altyndan, kümüşden hem bürünçden ýasalan zatlar çeper medeniýetiň aýratyn görnüşleri bolup durýar. Möjegiň, öküziň altyndan ýasalan kelleri we beýleki köp sanly möhürler gönüden-göni şoňa degişlidir. Ondan ozalky döwürdäkiler bilen deňeşdireniňde, möhürler özleriniň köp dürlülikleri bilen tapawutlanýar. Öň olarda geometrik nyşanlar, esasanam haçlar şekillendirilipdir. Altyndepe medeniýeti döwründe bolsa her dürli hakyky hem hyýaly jandarlaryň şekilleri peýda bolup ugraýar. Şolaryň arasynda dag umgalarynyň, ganatlaryny ýaýan ýyrtyjy guşlaryň, barslaryň şekilleri agdyklyk edýär. Şolar bilen birlikde, has çylşyrymly keşplerem peýda bolýar.Üç kelleli

aždarhanyň şekili çekilen möhri muňa mysal hökmünde görkezmek bolar.

Altyndepäniň medeniýetiniň köp taraplary onuň goňşulykdaky sebitleriň medeniýeti bilen ýakyn gatnaşykda bolandygyny görkezýär. Ol töwerekden üzňe ýagdaýda bolman, gadymy Gündogar medeniýetiniň hem siwilizasiýasynyň ulgamyna girip, beýleki ýerler bilen ýygy söwda hem medeni gatnaşyklaryny alyp barypdyr. Şeýlelikde, Altyndepäniň medeniýetinde Günorta-Günbatar, Eýran-Mesopotamiýa bilen aragatnaşygyň bolandygyna göz ýetirmek kyn däl. Bu ýagdaý aýratynam,binagärçilikde aýdyň görünýär. Altyndepedäki uly basgançakly diň Mesopotamiýadaky "zikkurat" diýlip,atlandyrylýan şol kysymly binanyň görnüşini gaýtalaýar.

Gadymy hindi siwilizasiýasy Harappa bilen Altyndepäniň gatnaşyklary aýratyn gyzyklanma döredýär. Altyndepeden tapylan möhür ýa-da şirmaýydan ýasalan zatlar şol gatnaşyklaryň bolandygyna hiç hili şübhe goýmaýar. Altyndepeli ussalaryň bürünçden hem toýundan ýasan käbir zatlarydyr gap-gaçlarynyň görnüşleri harappalylaryň nusgalaryny gaýtalaýar. Onuň howaýy aragatnaşyk däl-de, gadymy siwilizasiýalary birleşdiren söwda gatnaşyklarynyň netijesidigini tassyklamaga doly esas bar.

Gadymy şäheriň möhüm alamaty onuň merkezi hökmünde eýeleýän ornudyr. Ýörite bilim hem başarnyk talap edýän önümçilik ekerançylardan tapawutlylykda hünärmenler toparynyň ýüze çykmagyna şert döredipdir. Şol döwürde ýylylygy peýdalanmak usulynyň ösüşi umumy öňegidişligi kesgitläpdir. Hut şol üstünlikler ýöriteleşdirilen önümçlikleriň küýzegärçiligiň we metal işläp bejermegiň ösmegine getiripdir. Şäheriň demirgazyk böleginde küýzegärleriň ýörite mähellesi ýerleşipdir. Küýzegärlik küreleriň çylşyrymly iki gat desgasy kähalatda üç metr çuňluga gidipdir. Bişirmek üçin goýlan gap-gaçlaryň ýerleşýän ýerine gyzgyn howa ýörite deşikler arkaly barypdyr. Şol küreleriň gyzgynlygy örän ýokary

bolupdyr.Gadymy ussalar ondan başarnykly peýdalanmagyň hötdesinden gelipdirler. Ulyly- kiçili, ýukaly-galyňly gapgaçlaryň ählisi birkemsiz bişirilipdir. Gapgaçlar küýzegäriň tiz aýlanýan çarhynda taýýarlanypdyr. Olar hakyky hünärmenlik önümleri bolupdyr. Edil şonuň ýaly küreler Günorta Türkmenistanyň medeniýetiniň beýleki bir uly merkezi bolan Namazgadepeden tapyldy.

B.e. öňki II müňýyllygyň başlarynda gadymy siwilizasiýanyň merkezleriniň ikisi – Altyndepede we Namazgadepede kem-kemden ýaşaýyş kesilipdir. Altyndepede ilki bilen dini däp-dessurlar berjaý edilýän toplum bilen han-begleriň ýaşaýan toplumlary taşlanypdyr. Şol bir wagtyň özünde bolsa goňşularda, şol sanda Murgabyň şahalarynyň boýunda ähli babatlarda Altyndepäniň medeniýetini gaýtalaýan oturymly ýerler peýda bolup ugraýar. Türkmenistanyň arheologlarynyň Murgabyň gadymy gollarynyň birinde açan Kellelidepe diýlip atlandyrylýan uly giňişligi şeýle ýerleriň biridir.

Gadymy merkezleriň pese düşmeginiň dürli sebäpleriniň bolmagy mümkin. Ençeme müňýyllyklaryň dowamynda ekilip gelnen ýerleriň şorlamagy-da muňa sebäp bolup biljek ýagdaýlaryň biri. Her näme bolanda-da, yzygiderli ösüşiň merkezleri gündogarda – Murgabyň gadymy akymynda, Amyderýanyň orta akymynda, gadymy geografiýa Margiana hem Baktriýa diýlip atlandyrylan ýurtlarda ornaşýar. Munuň özi ösüş sazlaşygynyň ýüze çykmalarynyň biri bolup, ol meeniýetleriň gelip çykyşy hem-de tutuş taryhy ösüş üçin häsiýetlidir. Taryhda ýerli jemagatlaryň ösüşiniň tutuş bir eýýamynyň jemleýji netijesini aňladýar. Täze merkezler köp babatda Altyndepe medeniýetiniň gadymy däplerini dowam etdiripdirler. Käbir zatlarda ägirt uly özgerişlikler bolup geçýär, käbir ugurlarda demirgazykdaky, şeýle hem günortadaky goňşular bilen ýokary derejeli gatnaşyklar ýüze çykýar.

Altyndepäniň medeniyetinde Gunorta-Günbatar Eýranyň we Derýaaralygyň aragatnaşygy arhitektura aýratynlygyndaky meňzeşlikde ýüze çykýar. Altyndepäniň köp basgançakly minaralary Deryaaralykda ulanylan basgançakly zikkuratlar ady dünýä taryhynda belli bolan nusga şu ýerde hem ginden ulanylypdyr. Diwardaky gyraňly çykgydyň, diwar bilen baglanyşygyny bölüşdirmek, şeýlelikde hem üç basgançakly meýilnamalaşdyrmak usuly Derýaaralygynyň binagärliginde giňden ulanylypdyr. Ruhanylaryň mazaryndaky altyndan ýasalan mukaddes öküziň şekili şumerli ussallaryň ýasanlary bilen gabat gelýär.

Harappa diýip at alan Gadymy Hindistanyň medeniýetiniň Altyndepäniň medeniýeti bilen arabaglanyşyklydygyny taryhy maglumatlar tassyklaýar. Getirilen möhürler we piliň süňkünden ýasalan dürli zatlar: olaryň arasynda aragatnaşygyň bolandygyny görkezse,keramikadan we bürünçden ýasalan gaplaryň dürli görnüşleri, Altyndepeli senetçi ussalaryň ýasan zatlarynda Harrappynyň nusgalarynyň täsiriniň bardygyny mese-mälim görünýär.

Gadymy Hindistan we Derýaaralygy aralygyndaky uly giden giňişlikde Altyndepede siwilizasiyanyň ösüşi birmeňzeş bolmandyr. Eýranyň çäklerindäki irki şäher siwilizasiýasynyň medeni ojaklary deň ösmändir, onuň Günorta Owganystana tarap we Päkistanyň demirgazygyna tarap öz aralarynda üýtgeşmeler bolupdyr.

Altyndepe medeniýetiniň mirasy Türkmenistanyň, şeýle-de tutuş Merkezi Aziýanyň medeniýetiniň soňky ösüşine uly täsirini ýetiripdir. Çig kerpiçden salynýan binalaryň tärleri hem ülňüleri ol ýerlerde köp asyrlaryň dowamynda mäkäm ornaşyp galypdyr. Hatda zenan şekiljikleri görnüşdäki öýlerde çokunlyýan heýkeljiklerem birnäçe gezek öz görnüşlerini üýtgedipdir. Şol bir wagtda hem kem-käs arakesmeler bilen Parfiýa, Baktriýa, Horezm ýaly gadymy medenietiň dowam

eden döwründe gülläp ösüşligi başdan geçiripdir. Medeni däpler mirasdüşerlik hem yzygiderlilik alamatlary arkaly dürli döwürleri biribiri bilen pugta baglanşypdyr. Ýöne şeýle-de bolsa, Altyndepe siwilizasiýasy taryh ylmynda geljekde-de has düýpli öwrenilmeli,dogruçyl çemeleşmegi talap edýän ugur bolmagynda galýar. Şonuň üçinem ylmyň bu ugurdaky geljekde etmeli wezipeleri we işleri çäksizdir.

Ekerançylyk döwrüniň başlanmagy bilen adamlar daşky görnüşlerine uly üns berip başlapdyr, ýagny jaýlaryny bezemek ruhy medeniýetine gadymy miflerde özüniň çeper keşplerini janlandyryp, täze pikir edýän şahsyýetler we haýwanlar "Adam diňe bir çörek bilen oňmayar"' diýen sözleri, pikirleri aýdyp başladylar. Bu material dünýäde ekerançylaryň ilkinji üstünligidir. Siwilizasiýanyň başlanmagy bilen, ruhy gymmatlyklaryň ähmiýeti hem ýokarlanypdyr, olara galdyrylyp gidilen sungat ýadygärlikleri şaýatdyr. Gadymy suratkeşler we heýkeltaraşlar küýzegärçilik demir ussaçylygyna ökde bolup, olar öz durmuşyny sungata bagş edipdirler. Däne öndüriji daýhanlardan we çopanlaryň getiren girdeýjili önümi sungat toparyndaky adamlary ekledi. Dünýä medentýetinde hakyky gözelligi döredip bilýän fiziki işden başga, akylly zähmet adamlar döräp başlady.

Altyndepe siwilizasiýasy intellektual durmuşyň gadymy jemgyýetdäki açyk suratyny görkezýär.. Şol döwürdäki gurluşyklar diňe bir utilitar maksat bilen salynman, onuň arhitektura sungatyna gabat gelýän belli bir standarly bolupdyr.Düzgün boýunça çig kerpiçden gönüburçly jaýlar salynypdyr. Onuň ölçegi 52-25 sm çenli bolup, belkem bu ölçeg bilen ölçenen bolmagy mümkin.

Şeýle ölçeg şol döwürde Gündogarda giňden ýaýrapdyr. Şonuň üçin hem bu ölçeg gadymy Altyndepe şäherinde ulanylypdyr. Kertijik ulaldylmagyny derňäp görsek, serdar üçin salynjak gönüburçly jaý hem-de şol döwrüň baýlarynyň jaýlary üçin ulanylypdyr. Edil şular ýaly görnüş Altyndepede uly

minaralary gurmak üçin hem peýdalanylypdyr. Şolar ýaly minaralar mukaddes öküz şäherçesine giren ýerinde salnypdyr. Gadymy jaý gurujylar binagärlik bezegi hem ussatlyk bilen ulanypdyrlar. Altyndepäniň gurluşykçylary diwardaky garaňky çykgydy üç basgançakly şekilinde meýilnamalaşdyrypdyrlar. Sungat bilen iş salyşýan adamlar şol döwürde sungatyň özboluşly kiçi görnüşleri hem ösüpdir. Adamlaryň we haýwanlaryň keşplerini jaylaryň hem-de gadymy şäheriň mazarlarynyň üstünde görmek bolýar. Onuň ýerine ýetirilişi hem özboluşly bolupdyr. Irki ekerançylar tarapyndan uly göwrümli zenanlaryň keşpleşdirilmegi gowy görüpdirler. Olar "Ene hudaýyň"güýçli şekilini önümçilik esasynda nyşanlaşdyrylsa, haýwanlar bolsa ösümlikler dünýäsiniň alamatlary bolupdyr. Altyndepe siwilizasiýasynda zenan hudaýlarynyň şekili özüniň sadalygyny saklap galypdyr. Şolar ýaly şekiller şäherlileriň ähli jaýlarynda şekillendirilipdir. Heýkeltaraşlar ýasaýan şekiliniň nepisligine uly üns beripdirler. Şekiliň gollary gowşurylan, giň eginler biliň inçeligine getirýär. Owadan boýunda bezelen şaýlaryň ýokarsynda onuň kellesi ýerleşdirilipdir. Olaryň esasy keşbini ullakan gözleri bezäpdir. Ýüz tarapyna ýylan şekilli, saçy seçelenip dur. Şeýle hem giň saçy arkasyna dökülip dur. Käbir keşplerde onuň kellesinde telpejik, käbirinde bolsa täç geýdirilipdir. Olaryň gözlerininiň ulaldylmagy ýöne ýere däldir. Gadymy Gündogarda göz hem gulak adamyň akylly agzasy hasaplanypdyr. Altyndepedäki heýkelleri şeýle şekillendiripdirler. Umuman aýdanyňda täze görnüş bolup, şertleýin gatlakly garyşyk, irki ekerançylyk döwrüniň heýkeltaraşlygy şeýle bolupdyr. Bu jemgyýetiň siwilizasiýasynda akyl ýetirijilik üýtgeşmeler bilen arabaglanyşygy hem-de pikirlenme, birnäçe nyşanlaryň ösmegi hakyky zatlaryň alşylmagy ýüze çykýar.

Palçykdan ýasalýan şekilleriň üýtgeşik täze görnüşleri ýüze çykyp başlaýar. Olar kellä geýilýän geýimleriň we olaryň bezeglerinde täze nyşanlar ýerleşdirilýär. Bu bolsa şol döwürde

bir zenan hudaýyň keşbi bolman, birnaçe dürli hudaý zenanlarynyň keşbiniň şekillendirilişine şaýatlyk edýär hem-de şol hudaýlaryň dürli tebigy hadysalardan goranmak niýeti bilen käbirlerinde ýyldyzlaryň köpsanly şöhlesi bilen çalşyrylyp - asmanyň hudaýy, heýkeli şekilendirmek bilen ,ýagny, çüwdürlip akýan suwuň nyşany bilen -suwuň hudaýyny şekillendirlipdir.Bu umumy panteon bolup erkek adam hudaýlary, aýyň hudaýy güýçli öküziň keşbinda görkezilipdir. Ähli Gündogar ýurtlarynyň mifinde adamyny hudaý palçygyň kömegi bilen ýasapdyr hemmde oňa jadylamagyň kömegi bilen janlandyrlypdyr diýen ýeke-täk düşünje bolupdyr. Dogrudan hem palçyk gadymy Gündogaryň gurluşygynda esasy material bolup olardan ýaşaýyş jaýyny, iýmit üçin gaplar we beýleki dürli zatlary ýasapdyrlar. Palçykdan olar hydaýyň şekilini ýasap, ondan soňra oňa meňzeş hereketleri edipdirler. Altyndepedäki şekilleriň içinde zenan hudaýyny hakykat hökmünde ulanylypdyr. Onuň boýnundaky dürli bezeg şaýlary we egindäki birnäçe setirli guşaklar. Görnüşi ýaly gadymy şäheriň aýallarynyň uzyn saçlary bolupdyr. Şeylelik bilen adamlar hudaýyň özboluşly keşbini döredipdirler.

Palçykdan ýasalan heýkelleriň nyşan ulgamy Altyndepaniň ýazuw ösüşi bilen hem arabaglanşygynyň bardygyny görmek bolýar. şeýle ulgamyň ýazuwa özüniň tasiriniň bolmagy hem mümkin. Altyndepede gözleg agtaryş işleri geçirlende tapylan möhür Hindistanda ýazylan ýazgy bilen gabal gelýär. Olar iki sany nyşanlary bilen gabat gelýär. şeýle möhürler gynansagam Inda giňişliginde tapylyp, ýöne doly suratda ynanmaklyk ýagdaýy kyn. şonuň tapylan hatlary açyp görkezmek kyn. Altyndepeden tapylan bir möhrleriň harplaryny açmak ýagny "Beýik hudaý” ýa-da "Beýik hudaýparazlar” manyny aňladýar. Altyndepe şäherinde ýaşaýan halklaryň arasyndaky ulanylan möhürler (gadymy hindileriň hem mohürlerinde goşmaça haýwanlar goşulypdyr. Şeýle

hatlary okamagy başarandygy olaryň zehinlidigini subut edipdir.

Olaryň medeniýetinde ýokary çeperçilik medeni eserleri hökmünde olaryň ulanýan altyny, kümüşi hem-de bürünji bolupdyr.

Çeperçilik medeniýetinde ulanylan esasy eserleri altyndan, kümüşden we bürünçden ýasalypdyr. Köpsanly duş gelýän möhürlere seretseň, möjegiň kellesiniň şekilleri ýerleşdirilipdir. Pöwrize daşynyň aýratynlygy hökmünde öküziň kellesine aýratyn üns berilipdir.Pöwrize daşyndan ýasalan ýaşylymtyl daş gözler altyndan ýasalan heýkellere gözellik beräýrdi, Ýöne mundan öň peýdalanylýan möhürlerden düýpgöter üýtgeýärdi. Mundan ozal olary geometrik nyşan hökmünde ulanylyardy. Altyndepe şäheriniň durmuşy ösüşinde "dürli haýwanlaryň şekillerinde durmuşy we durmuşy däl şekillcr hem gabat gelýär. Olaryň arasynda köplenç toýnakly haýwanlar esasan hem dag geçisi, ganatlaryny gerip duran ýyrtyjy guşlar, pişikler maşgalasyna dcgişli wagşy haýwanlar, barslara meňzeş haywanlar şekillendirilipdir. şonuň bilen birlikde çylşyrymly obrazlar hem döreýär. şeýlelikde tapylan belli baý adamyň gabrynda iki kelleli bürgüdiň şekili tapylypdyr. şol baýlaryň ýaşan ýerlerinden hyýaly ýagdaýda ot iýiji guşlar dyrnakly, wagşy çüňkli haýwanlaryň şekilini görmek bolýar. Gadymy sungatyň möhürlerinde üç kelleli ýyrtyjynyň hem suratyny görmck bolýar,üç kelleli aždarhanyň suraty jaylanan üç ruhany erkek



Altyndan guýlan öküziň kellesi

adamyň gabryny mysal getirmek bolýar. Inçeden yzarlasaň üç kelleli azdarha gadymy Eyrana degişlidir. Altyndepäniň gadymy hyýaly döredijiligi,gadymy şäheriň özboluşlygy gadymy Eýran dini bilen baglanyşykly bolup gelýär.

Altyndepaniň ulanan möhürlerinde ýylanyň şekili öz aýratyn keşbi bilen baglydyr. Olaryň möhürlerinde belli bolşy ýaly, ýarym aý görnüşinde, ýylan şekili ýerleşdirilen möhür hem bolupdyr.

Şeýle möhürli jaýlanan adam Altyndepäniň baý adamlarynyň jaýlanan ýerlerinde tapyldy. Bu ýerde ýylan orak şekilinde ýarym aý şekillcndirilip ýarym aý goşmaça hakimligiň bardygyny bildirýär.

## 7. Türkmenistan b.e öňki II müňýyllykda

Marguş ýurdy barada öň diňe Ahemeni patyşasy Dariniň Bisütün gaýasynda ýazdyran ýazgysyndan mälim bolupdyr.Aleksandr Makedonskiniň gündogara ýörişi mahalynda özleri üçin Merkezi Aziýany açan gadymy grek taryhçylary grek dilinde aýtmak ýeňil bolar ýaly,bu ýurdy Margiana diýip atlandyryp başlapdyrlar.Orta asyrlarda arap diliniň täsiri astynda bu ýerleri Merw diýip atlandyrypdyrlar. Bu atlar Marg ýa-da Murg sözünden gelip çykyp,bu düýp söz Murgap (“Murguň suwy”)derýasynyň adynyň esasyny düzýär, Margiana ýa-da gadymy pars pahna ýazgylarynda Marguş diýlip atlandyrylýan bu gadymy ýurt günorta-gündogar Garagumyň ýarym çöllük zolagyndaky çägedir-takyrlaryň arasynda, häzirki Mary hem Baýramaly şäherleriniň demirgazyk tarapynda ,Murgap derýasynyň jülgesinde ýerleşýär. Otparazlaryň mukaddes kitaby bolan “Awestada”otparazlaryň ýerleriniň arasynda Mouri atly ýurt ýatlanylyp geçilýär. Taryhçy alymlaryň pikirine görä,bu ýer gadymy Marguşdyr.

Türkmen alymlary bu ýurdy gadymy Merw diýip

atlandyrýarlar. Gadymy Merw köp ýyllardan bäri arheologlar tarapyndan yzygiderli öwrenilýär. Birnäçe düýpli işler hem ýazyldy. Olardan professor W.I.Sarianidiniň “Marguş ýurdunyň gadymyýýeti” diýen işi aýratyn bellemäge mynasypdyr. Kitapda Marguşyň manydaş sözi hökmünde Margiana sözi ulanylypdyr we bu gadymy siwilizasiýa hakda gymmatly maglumatlar berilipdir.Bu ýerde dünýä belli alymlaryň biri W. I. Sarianidi 1972-nji ýyldan başlap birnäçe gazuw-agtaryş işlerini yzygiderli geçirdi. Geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, 2006-njy ýylyň noýabryn aýynda Aşgabatda we Maryda geçirilen “Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýasynyň täze merkezidir” atly Halkara ylmy maslahat geçirilip, onda türkmen-rus we Günbatar ýurtlaryň alymlary Mesopotamiýa, Müsür, Hindistan we Çyn-Maçyn bilen bir hatarda Gadymy Marguş dünýäniň gadymy medeniýetiniň bäşinji ojagy diýlip ykrar edildi. Häzirki döwürde gadymy Marguşdan alnan bürünç döwrüniň tapyndylary Türkmenistanyň Milli muzeýine ýerleşdirilendir.

Murgabyň mes toprakly ýerinde b. e. öňki III müňýyllygyň içinde ownuk oturymly obalar bolupdyr.Derýanyň demirgazyk çetinde, ýagny köp zähmeti talap etmeýän tarp ýerlerde ilat has hem artypdyr. Derýanyň joşan wagty bu meýdanlara suw çaýylypdyr. Bu bolsa ekin ekmegi aňsatlaşdyrypdyr. Günorta Türkmenistanyň dag etek zolagyndan: Altyndepeden, Namazgadepeden suw ýetmezçiligi sebäpli göçüp giden ilat Murgabyň gadymy akymynyň ugrunda ýerleşen Kelleli toparynyň otrumly mesgenini, ýadygärliklerini esaslandyrypdyr. Marguş ýurdunyň ilatyny Köpetdagyň eteginden hem-de Gündogar Eýrandan göçüp gelen adamlar düzüpdir. Olaryň gatyşmagynda Marguşyň ilaty kemala gelipdir. Ilatly ýerler Murgap derýasyna gapdaldan goşulýan ýaplaryň ugrunda biri-biriniň yzyndan hatar tutup Garagumyň günorta-gündogar jümmüşinde ýerleşipdir. Oturymly ýerler demirgazykda Kelleli diýen ýerden başlap, gündogarda

Tahyrbaýa çenli birnäçe gadymy irrigasion jülgeleri emele getiripdir. Ol ýerlerden Marguş ýurduna degişli 150-den gowrak gadymy mekanyň galyndylary ýüze çykaryldy.

Olaryň bu ýerlere göçüp gelendiklerine bürünç asyry döwrüne degişli günorta Türkmenistandan tapylan tapyndylaryň meňzeşligi hem doly şaýatlyk edýärler. Bu ýakynlyk diňe bir maddy, ruhy medeniýetde däl, eýsem, dini garaýyşlarda hem gabat gelýär. Köpetdagyň eteginden tapylan hasyl hudaýynyň bürünç asyryna degişli şekili bilen Gadymy Merwden tapylan toýundan ýasalan zenan hudaýynyň şekiliniň meňzeş bolmagy onuň subutnamasydyr.

B.e.öňki II müňýyllygyň başlarynda gadymy Murgabyň aşak akymlarynda 3000 inedördül km töweregi meýdanda Marguş ýa-da Margiana ýurdy ýaýylyp ýatypdyr. Bu ýerde Kelleli, Taýyp, Adambasan, Awçy, Goňur, Togalak, Ajyguýy, Tahyrbaý ýaly köp sanly oazisler bolupdyr. Bularyň gadymysy Kellelidir. B.e.öňki II müňýyllygyň başlarynda Kelleli özleşdirilipdir. II müňýyllygyň ortalarynda Goňur, Awçy, Adambasan, Ajyguýy, Taýyp oazisleri gülläp ösüpdir. Togalak we Tahyrbaý oazisleri bolsa Margiananyň giçki döwründe b.e.öňki II müňýyllygyň ahyrlaryna hemde I müňýyllygyň başlaryna degişlidir. Tahyrbaý gadymy Marguşyň iň günortadaky oazisi bolup, onuň ýerinde 15 sany oba ýerleşipdir. Tahyrbaý bürünç asyryndan demir asyra geçilýän döwre degişlidir. Bu ýerde geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde ýaşaýyş we hojalyk jaýlarynyň barlygynyň üsti açyldy. Onuň günorta böleginden tapylan tapyndylar b. e. öňki 1 müňýyllygyň ortalaryna, ýagny ahemeniler döwrüne degişlidigi aýan edildi.

Margianada adamlaryň esasy käri ekerançylyk bolupdyr. Kellelide galanyň içinde çig kerpiçden we pagsadan salnan ýaşaýyş jaýlarynyň bolandygy anyklandy. Jaýlaryň ýüzi saman suwag bilen suwalypdyr. Jaýlaryň içinde gündelik durmuşda ulanylan öý hojalyk gurallary tapyldy. Kähalatda

aýallaryň ýörite iýer -içer ýaly zat taýýralaýan howlyjyklary hem gurlupdyr. Käbir jaýlarda gyşyna gyzdyrmak üçin diwar peçleri, käbirinde bolsa ýatylýan sekiler edilipdir. Margianada ýönekeýje ýaşaýyş jaýlarynyň orta gürpünde köşkleriň, ybadathanalaryň gurulmagy emläk deňsizligininiň bolandygyna şaýatlyk edýär. Aýratyn-da, Goňur galasynda ilatyň ýerleşişi häsiýetlidir. Gadymy Goňurdepe galasy 20 ga meýdany tutupdyr. Ol Margianada iň uly gala bolupdyr. Marguşyň gadymy paýtagty häzirki Garagum etrabynyň golaýynda ýerleşýän Goňurdepe bolupdyr.Ol ýerde geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda ululygy 125-130m bolan, gönüburçluk görnüşli, töweregine kuwwatly diwar aýlanan, burçlary minaraly ymarat ýüze çykaryldy. Goňurdepe iki bölekden: demirgazyk we günorta böleklerden ybarat bolupdyr. Günorta Türkmenistandan baran adamlar akymyň demirgazyk bölegini özleşdirip, oturymly Goňur toparyny emele getiripdirler. Soňra Goňur syýasy merkeze, ýagny,gadymy Marguşyň paýtagtyna öwrülýär. Şeýlelikde, ilki demirgazyk Goňuryň ýerinde özboluşly oba döräpdir. Bu ýerde bina edilen, Merkezi Aziýada ýeke-täk ymarat saýylan hakyky köşk özüniň sazlaşykly düýbüniň tutulyşy bilen tapawutlanypdyr. Munuň özi ymaratçylygyň asyrlaryň dowamyndaky ösüşini kesgitläpdir. Gadymy Marguş binagärçiligiň özbaşdak mekdebi bolupdyr. Onuň binýadynda Mesopotamiýamiýada, Ortaýer deňzine çenli aralykda ýerleşen ösen merkezleriň binalary bilen käbir meňzeşlikler bar. Goňur galasynyň içinde uly köşk bolup, onuň öz zamanynda diwar burçlary minaralary bolan ymaratdygy anyklanyldy. Köşk köp sanly otaglardan ybarat eken. Ol otaglar biri-biri bilen insizräk dälizler arkaly birleşipdirler. Galanyň çykalgasynyň golaýynda demirçileriň, külallaryň, zergärleriň, gaýyşçylaryň we beýleki hünärmentçileriň işleýän ýeri bolup, olaryň her biri özbaşdak topar tutup oturypdyrlar. Gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Togalak galasynda hem ilatyň şeýleräk tertipde ýerleşendigi subut edildi.



Piliň şekili çekilen möhür

Goňruň köşgüniň görnüşi b. e. öňki II müňýyllykda şan-şöhraty dünýä dolan Mari (Siriýa) köşgüne meňzeş bolupdyr. Bu bolsa Goňurda matematikanyň, geometriýanyň, astronomiýanyň we beýleki ylymlaryň gazananlarynyň köpüsini özleşdiren alymlaryň, ymaratçylaryň bolandygyny aňladýar. Dolandyryş merkezi Goňur köşgünde bolup, onda patyşa häkimýeti ýerleşipdir. Bu bolsa Marguşda jemgyýetiň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň ýokary derejede bolandygyny görkezýär.

Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllygyň başynda Gadymy Marguş gülläp ösen baý ýurt bolup, ol ýerde köşkler, ybadathanalar bina edilipdir. Goňuryň demirgazygynda ýerleşen köşk beýleki köşkleriň hemmesinden uly bolupdyr. Goňurdepäniň demirgazyk tarapynda ýerleşen içki galanyň tutýan meýdany takmynan 120×150 metr bolupdyr. Galanyň käbir ýerinde gözegçilik üçin diňler gurlupdyr.

Köşgüň töwereginde hünärmenleriň, esasan hem külallaryň toparlary ýerleşipdir. Köşgüň gündogar tarapyndan otparazlyk dininiň ybadathanasy köşge birleşdirilipdir. Hökümdar we onuň ýakyn adamlary köşkden çykman ybadathana içki geçelge arkaly baryp bilipdirler.

Goňurdepäniň 200-250 metr günortasynda kiçeňräk ybadathanaly uly toplum bina edilip, onuň töwereginde ybadathanada hyzmat edýän adamlaryň jaýlary bolupdyr.

Goňurdepeden 7 metrden hem uzyn bolan küýzegärleriň küresiniň üsti açyldy. Küreleriň üýtgeşik tarapy olaryň iki sany ot ýakylýan ojagyň bolmagydyr. Bu ojaklar köp mukdarda odun salmaga, beýleki kürelerden artyk önüm öndürmäge mümkinçilik beripdir. Gadymy Goňuryň küýzegärleriniň at-abraýlary Merkezi Aziýanyň dürli ýerlerine ýaýrapdyr. Küýze önümlerine köp nagyşlar salnypdyr. Olaryň gyralarynda egrem-

bugram ýa-da tolkun şekilli ýönekeý nagyşlar hem duş gelýär. Goňurly küýzegärleriň esasy ünsi gap-gaçlaryň daşky görnüşlerini üýtgetmek bolman, eýsem, olaryň täze görnüşlerini oýlap tapmaga hem gönükdirilipdir.

Galalaryň içindäki hünärmentler toparyndan has doly öwrenileni külallaryň toparydyr. Külallar hojalykda zerur bolan küýze önümlerini galla saklanýan suw guýulýan we şuňa meňzeş gap- gaçlary ýasapdyrlar. Ol gap-gaçlar hiç hili bezegler bilen bezelmändir. Gap-çanaklaryň dini hajatlar üçin ýasalanlary-da bolupdyr. Ýöne beýleki hojalyk gap - çanaklaryndan tapawutlylykda olaryň ýokary eňregine köplenç guşlaryň süýrenijileriň we beýleki haýwanlaryň şekilleri çekilipdir. Goňur we Togalak galalaryndan tapylan küýzeleriň




ýüzünde biri-birine haýbat atýan adam şekilleri bar. Alymlaryň çaklamagyna görä, şol şekillerden marguşlylaryň dini düşünjeleri bilen baglanyşykly bolan gadymy hyýaly rowaýatlar öz beýanyny tapypdyr. Zergärleriň we demirçileriň öndürýän önümlerinden köplenç müsür piramidalaryna ýa-da gün çogup çykýan germewlere meňzeş şekiller çekilipdir. Kähallarda bolsa olar öz ýasaýan möhürlerinde ylgap barýan

towşany, içýany, her hili guşlary oýma görnüşinde şekillendiripdirler.

Margianada daşyň seýrekdigine garamazdan zergärler käbir möhürleri we dini dogalary daşdan ýasapdyrlar. Goňur we Togalak galalaryndan tapylan, daşdan ýasalan möhürleriň arasynda bezeg üçin has tämiz gelşikli ýasalanlary-da bar. Käbir daşdan ýasalan möhürleriň ýa-da gaplaryň ýüzüne ýanyp duran oduň töwereginde ýaşuly adamlaryň ýaş kiçileri üýşürip, olara eýmenç aždarhalar we beýleki ýyrtyjylar hakda gürüň berýän pursaty ussatlyk bilen suratlandyrlypdyr. Özem bu möhürleriňdir gap-çanaklaryň öz ýasalyş usullary we görnüşleri boýunça şol zamanda Siriýda hem-de Anadolyda öndürülen önümlere meňzeýär.

Togalak galasynda gazuw agtaryş işleri wagtynda galanyň günorta böleginde hojalykda peýdalanylýan önümleriň öndürilendigi subut edildi. Bu ýerde jaýlaryň düşeginden sähelçe beýik bolan sekiler edilip, şol sekilerde hem içi dermanly galyň küýzeleri, humlary ýüň matadan tikilen haltalara salyp goýupdyrlar. Ol suwuk dermanlar wagtyň geçmegi bilen küýzeleriň düýbüne çöküp gatap gidipdir. Ýöriteleşdirilen himiýa barlaghanasynda barlanyp görülmegi bilen olaryň häzirki döwürde hem saglygy goraýyşda peýdalanylýan efedrin ýagydygy anyklanyldy.

Togalak galasynda ybadathanalar toplumy gurlupdyr we dogry meýilnamalaşdyrlyp gurlan köpsanly otaglara bölünipdir. Ybadathananyň bina edilişi gadymy Margianada takyk ylymlardan arhitekturadan baş çykarýan adamlaryň bolandygyna şaýatlyk edýär. Margiananyň we Baktriýanyň gala gurluşygyndaky meňzeşlik bu halklaryň etniki golaýlygynyň alamatydyr.

Marguşda oba ilatynyň durmuşynyň ösmegi täze şäherleriň döremegine, öňki şäherleriň bolsa has kämilleşip ösmegine getiripdir. Ol ýerde birnäçe obalar döräpdir. Her obada 100-lerçe jaýlar bolupdyr. Obalaryň ösmegi şäherleriň

döremegine getiripdir. Binagärçilik ösüpdir. Jaýlar çig kerpiçden bolupdyr. Saman bilen garylan palçykdan ýörite gaplarda kerpiç guýlupdyr we esasanam,55×30×15 sm. ýa-da 45×20×10 sm.,45x25x15 sm ölçeglerde bolupdyr. Çig kerpiç esasy gurluşyk materialy bolup hyzmat edipdir. Çig kerpiçden diňe bir garamaýaklaryň kümeleri bina edilmän, eýsem, baý adamlaryň ýaşaýyş jaýlary, hökümdarlaryň köşkleri, ybadathanalar gurlupdyr.Olar öz jaýlaryny akymyň aralygynda gurupdyrlar.Bu ýagdaý ekerançylyk bilen meşgullanmaga uly ýardam edipdir.

Kerpiçden örülen diwaryň iki tarapy hem saman garylan palçyk bilen suwalypdyr. Şunuň ýaly gurluşyk materiallaryndan suwalan diwarlar aýna ýaly ýylmanylypdyr. Olaryň depesi gamyş bilen basyrylyp, laý bilen suwalypdyr, ýaşaýyş otaglarynda tüsse çykar ýaly edip ojaklar gurlupdyr. Ýaşaýyş otaglaryndan başga-da, hojalyk jaýlary, aşhanalar, gündelik azyk önümlerini goýar ýaly kiçeňräk otaglar-da gurlupdyr. Howluda mal saklamak üçin ýataklar, ammar jaýlary hem bolupdyr. Şeýle jaýlarda ýakyn garyndaşlardan bolan bir maşgala ýaşapdyrlar, bu hojalyklar olaryň hemmesiniň tagallasy bilen dolandyrylypdyr.Adatça ,şeýle oturymly ýerleriň köpüsinde daş diwarlary bolmandyr hem-de ol ýerler wagtyň geçmegi bilen giňäpdir.Jaýlaryň düşegi toprak bolup,üstünden keçe ýazypdyrlar.

Tutuş garyndaşlardan ybarat gurply hojalyklar gorag diňi, berk gurulan galada ýaşapdyrlar. Marguşda geçirilen gazuw işleriň netijesinde bir howlyda köp sanly ýaşaýyş hem hojalyk jaýlarynyň bardygy anyklanyldy. Emma garyp hojalyklaryň jaýlarynyň howlysy-da, gorag berkitmeleri-de bolmandyr.



Ýyladyjy ojak

Marguşyň gadymy hojalygynda hünärmentçilik ýokary derejede ösüpdir. Küýzegärçiligiň ösmegi bu ugur boýunça ussat adamlaryň bolandygyny görkezýär. Marguşly küýzegärler gap-gaçlardan başga-da guş, adam, haýwan görnüşli toýun heýkeljiklerini ýasapdyrlar. Olar aýal heýkellerinden başga-da erkek adamlaryň heýkellerini ýasapdyrlar. Şol heýkellerde aýal hudaýlaryny  şekillendiripdirler.Marguşly küýzegärler örän ezberlik bilen işläp,dürli görnüşli we hajatly gap-gaçlaryň müňlerçesini ussatlyk bilen taýýarlapdyrlar.Küýzegärlik senediniň gadymy ussatlary gap-gaçlary tutawaçly ýasamandyrlar,olar gündelik ulanan esbaplaryny ýönekeýje nagyşlar bilen bezäpdirler.Marguşyň küýzegärleri ýokary ussatlyk bilen tapawutlanypdyrlar we Marguşy  gadymy Gündogar dünýäsiniň özboluşly öňdebaryjy merkezleriniň birine öwrüpdirler.Olaryň önümleriniň goňşy ýerlere giňden ýaýrandygy,hatda Merkezi Aziýanyň , Gazagystanyň sähralaryna çenli çäksiz giňişlikde göçüp-gonup ýören sähraýy taýpalara hem baryp ýetendigi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ŷerli demirçi ussalar şol döwürlerde metal önümçiliginde mis we bürünç ulanypdyrlar. Ŷumşak mis görnüşlerden monjuk, iňňebagjyk, bilezik, ýüzük, gulakhalka, möhür, seýrek ýagdaýda tumar ýaly bezeg şaý-seplerini ýasamak üçin peýdalanypdyrlar.Zähmet gurallaryny we harby ýarag esbaplaryny bürünçden ýasapdyrlar.Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda demirden ýasalan ilkinji önümler peýda bolup başlaýar. Marguşly metal guýujylardyr ussalar  bürünçden palta, kätmen, isgene, päki, diş-diş tygly orak, biz, deşemaç, gap-gaç, gazan, pyçak, hanjar, naýzadyr-peýkamlar ýaly zähmet gurallar hem-de beýleki hojalyk üçin gerekli önümler ýasapdyrlar. Hojalykda ulanylýan adaty paltalardan başga-da däp-dessurlary berjaý edilende göterilýän tygy kütek, çüwdesi horazyň guýrugy görnüşdäki paltalary hem ýasapdyrlar. Şeýle görnüşli paltalary atly-abraýly, derejeli adamlar göteripdirler.Şeýle paltalaryň

dolulygyna uzynlygy 42 sm möçberde bolupdyr.Bu paltalardan başga-da dabaraly ýagdaýlaryň bezegi bolan hökümdarlaryň naýzasyny we hasasyny bezän bürünçden ýasalan tegelek görnüşli güberçek şekiller tapyldy.Goňurdaky köşkde gazuw-agtaryş işleri geçirilende bürünçden hem misden ýasalan dürli önümler tapylypdyr. Altyn we kümüş şaý-sepleriniň ussatlyk bilen ýasalmagy, zergärleriň gizlin syrlary ele alandyklaryna güwa geçýär. Goňurdaky barlanan mazarlardan altyndan ýasalan ýüzükler, bilezikler, gulakhalkalar we egmeler tapyldy. Bu bolsa ýerli han-begleriň altyndan ýasalan zatlary ulanandyklaryny görkezýär.

Ol ýerden kümüş möhürler, Şumeriň ullakan aýlawly lybasyna çolanyp, tagtda oturan zenan şekillerine meňzeş tommaýly ajaýyp iňňebagjyk hem tapylypdyr. Munuň öži ýerli zergärçilik sungatynyň belent derejä ýetendigini görkezýär. Bu tapyndylara Gadymy Marguşyň zergärçilik sungatynyň naýbaşy nusgalary diýip hasaplamak bolar.

Daşyň ýüzüni haşamlamak we möhür ýasamak sungaty Gadymy Gündogarda möhüm orna eýe bolupdyr. Oňa Marguşdan tapylan möhürler, tumarlar hem şaýatlyk edýär. Daş känleriniň golaý-goltumda bolmandygyna garamazdan, Marguşda ýokary derejede ýasalan daş önümleri ýeterlikli bolupdyr. Olar mermer daşlarynyň dürli görnüşlerini, steatit ýaly ýonmasy aňsat bolan daşlaryň köpüsini kerwen bilen Köpetdagdan getiripdirler.

Steatit daşyny möhürleri, tumarlary ýasamak üçin hem peýdalanypdyrlar. Ak mermere meňzeş daşdan uzyn güldanlar, uzynlygy 1 metrden geçýän, ýokarsyna tommaý oturdylan naýza hem ýasapdyrlar. Tommaýly naýzanyň eýesi belent derejeli adam hasaplanypdyr. Ýerli daş ýonujylar mermer görnüşli daşdan sütünleri hem ýasapdyrlar. Olaryň üsti örän ýylmanak we uzynlygy 0,5 metre barabar bolupdyr. Ol sütünleriň köpüsi ybadathanalarda we mazarlarda goýulypdyr. Olary dini däp-dessurlar berjaý edilende ulanypdyrlar. Has

täsin gymmat bahaly daşlar – gök lazurit Owganystandan (Badahşan), ýaşyl pöwrize – goňşy Eýrandan (Nişapur), açyk gyzyl reňkli hakyk bolsa Hindistandan getirilipdir.

Daşdan tumarlar tegelek, gönüburçly ýa-da inedördül şekilde bolup, sapaga düzüp boýunlaryndan asypdyrlar. Olaryň hemmesiniň iki tarapynda hem haç ýa-da haç görnüşde ýönekeý şekiller bolupdyr. Käbirleriniň ýüzüne hakyky ýa-da hyýaly guşlaryň, haýwanlaryň, adamlaryň, ýylanlaryň, içýanlaryň, ösümlikleriň suratlary haşamlap çekilipdirler. Marguşyň tumarlarynda aýratyn saklanyp galan şekilleriň biri hem rowaýat äheňli aždarhalaryň şekilidir.

Marguşdan tapylan tumarlaryň beýan edýän hyýaly wakalaryny öwrenmek arkaly, olaryň hemmesiniň duşmançylykly we hoşniýetli güýçleriň göreşine bagyşlanandygyny görmek bolýar. Ol şekilleri bir-birine gapma-garşy goýmaklyk,haýyr bilen şeriň göreşini aňladypdyr. Gadymy marguşlylar guş süňkjagazlaryndan bizleri, deşik deşýän gurallary, hatda iňňeleri hem ýasapdyrlar.

**Otparazlyk.**

Müňlerçe ýyllaryň dowamynda Günorta Türkmenistanyň gadymy ýaşaýjylary aradan çykan dogan-garyndaşlaryny öz ýaşan ýerleriniň golaýyndaky gonamçylykda jaýlapdyrlar.Bu däp b.e.öň III-II müňýyllyklaryň sepgidinden bäri saklanyp galypdyr. Marguşdaky ägirt uly ybadathanalar marguşlylaryň aň-düşünjeleriniň garaýyşlarynyň,yrym-ynançlarynyň ,däp-dessurlarynyň ýokary derejede bolandygyna şaýatlyk edýär. Şolar ýaly ybadathanalaryň biri Goňurdaky köşge ýanaşyk salnan binadyr. Ybadathananyň merkezi bölegi içki howludan ybarat bolup, onuň bir böleginde dini däp-dessurlary berjaý edilýän jaý, beýleki böleginde hojalyk jaýlary bolupdyr. Ybadathanadaky ojaklar, kül dökülýän ýörite kerpiçden salnan gutular, bu ýerde ot ybadathanasynyň bolandygyna güwä geçýär. Ot ybadathanasynyň gurluşygy we içki gala özüniň aýratynlygy bilen tapawutlanypdyr.

Marguşlylaryň adam jaýlayyş däpleriniň köp görnüşi bolupdyr. Köplenç halatda, merhumlary gapdallaýyn yatyryp, elleri, aýaklary epilen, kelleleri demirgazyga goýlan görnüşinde jaýlapdyrlar. Baý adamlary üsti güberçekli kerpiçden salnan gönüburçly gazylan mazarda jaýlapdyrlar.

Merhumlary däp boýunça şol wagta çenli taşlanyp gidilen obalaryň harabaçylyklarynda, emma, hökman obanyň golaýynda, otrumly ýerlerden has çetde gonamçylyklarda jaýlapdyrlar. Goňurdepelilerde mazaryň düýbüniň günbatar tarapyndan merhumyň içki öýüni gazýar ekenler. Merhumyň arkasyny bolsa, girelgä tarap goýup jaýlaýan ekenler. Çagalary hem adaty mazarlarda jaýlapdyrlar. Käbir çaga jesetleri ullakan gaplara (gutulara) salnyp jaýlanypdyr. Merhumy jaýlamagyň şeýle görnüşi Günorta Türkmenistanda has irki döwürlerden bäri bar eken.

Olaryň ýanynda gap-gaçlar, şahsy şaý-sepleri, iýer-içer ýaly zatlar goýlupdyr. Goňruň gonamçylygynda arheologlar kerpiçden ýasalan jaýlarda merhumlaryň ýanynda haýwanlaryň hem jaýlanan pursatlaryna duş gelipdirler. Ol ýerde guzynyň jaýlanandygy anyklandy. Goňurdepe gonamçylygynyň günorta tarapynda täsin mazaryň üstünden baryldy. Adamlaryň jaýlanan gadymy mazarlarynyň arasynda taýçanagyň mazary ýüze çykaryldy. Ol häzirki gatlakdan bir metrden sähel gowrak çuňlukda edil adamlaryň jaýlanylyşy ýaly sag egnine ýatyrylyp, başujy demirgazyga tarap gönükdirilip jaýlanypdyr. Taýçanagyň gubury bütin Ýakyn we Gündogar sebitlerde iň gadymy guburdyr. Bu bolsa häzirki arheologiýa ylmynda örän täsin açyşdyr. Otparazlaryň mukaddes “Awesta” kitaby patyşalara we gahrymanlara gurban edilýän mallaryň içinde atyň bardygyna şaýatlyk edýär. Goňurdepedäki guburlardan hem taýçanagyň süňkleriniň tapylmagy Türkmenistanda aty eldekileşdirmegiň örän irki döwre degişlidigine güwä geçýän bolsa, ikinjiden ata bolan hormat beýleki mallara garanda has ýokary bolandygyny aňladýar.

Täze arheologik açyşlar,alymlaryň otparazçylyk dininiň dörän ýeriniň Margianadygy baradaky pikirlerini doly tassyklaýar. Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllykda Marguş ýokary derejede ösen döwlet bolupdyr. Ykdysadyýet bilen ugurdaş bu ýurtda medeniýet,sungat,dini däp-dessurlar hem ösüpdir. Bu döwürde adamlar otparazçylyk dinine uýupdyrlar. Ony esaslandyryjy Zaratuştra bolupdyr. Onuň ýaşan döwri barada alymlar dürli pikirleri ýöredýärler. Iňlis professory M.Boýsuň bellemegine görä ,Zaratuştra biziň eýýamymyzdan öňki 1500-1200-nji ýyllarda ýaşapdyr. Zaratuştra ýeke-täk bir hudaýyň bardygyny, asmanda janly-jansyz ähli zatlary döredijidigini, adamlaryň şoňa tagzym etmelidiklerini wagyz edipdir. Otparazlar ilki başlarda suwa çokunýar ekenler, soňra oda çokunmak däp bolup galypdyr. Olaryň ýörüte sežde edilýän ybadathanalary bolupdyr.

Gazuw işleri geçirlende tapylan 24 sany gap-gajyň 5-si misden we bürünçden, 17-si kümüşden, 2 sanysy bolsa altyndan ýasalypdyr. Olaryň içinde iki örküçli düýäniň üstünde oturan baktriýalylaryň dabaraly ýörişini şekillendirýän goçak kümüş bulgur aýratyn tapawutlanýar. Bulguryň örän ussatlyk bilen şekillendirilendigini nazara alyp, alymlar ony gadymy döwrüň sungat mekdebiniň genji-hazynalarynyň hataryna goşýarlar. Bu bulguryň we beýleki kümüş gap-gaçlaryň ählisinde kese duran iki örküçli düýäniň keşbi, kähalatlarda bolsa ýaý şekilli üçburçlyk görünýär. Zaratuştra pygamberiň adynyň altyn düýäniň eýesi diýilmegi hem ýöne ýerden däldir

Goňurdepäniň gonamçylygyndan tapylan zatlaryň içinde şahalarynda iki sany guş oturan “dirilik agajy” şekillendirilen gaplar hem bar. Awestanyň “Ähli tohumlaryň agajy”hakyndaky hyýaly wakalaryň birinde şu agajyň şahalarynda dünýäniň ähli ösümlükleriniň tohumlarynyň jemlenendigi barada gürrüň berilýär. Rowaýata görä, “guşlar tohumlary ýygnap, asmana alyp gidipdirler, soňra tohumlaryň topraga düşýär we ýagyş ýagyp,olardan dürli ösümlikler

gögerýär,şeýdibem ýeriň ýüzünde ösümlikleriň ýaşaýşyny dowam etdirýär" diýen düşünje bolupdyr.

Goňurdepe, Togalak 1 we Togalak 21 ybadathanalarynyň gurluşygy birmeňzeş bolupdyr. Olaryň üçüsiniň-de merkezi böleginde giň howly bolupdyr. Togalak 21-den tapylan adaty keramiki gaplaryň içinde dürli suwuk jisimleri guýmak üçin ulanylan bokurdagy piljagazyň şekilini ýadyňa salýan käseler hem bolupdyr.

Şeýlelik bilen, Gadymy Marguş medeniýeti bürünç asyrynyň tamamlanmagyna garamazdan demir asyrynda hem ýaşamagyny dowam etdiripdir. Biziň eýýamymyzden öňki 900-400-nji ýyllaryň aralygynda ýaşan Ýazdepe şäheriniň ilatynyň durmuşy, olaryň kärleri muňa doly mysal bolup biler.

Otparazçylygyň mukaddes kitaby "Awestadyr". Ol kitap ýazylan wagty boýunça ilkinji orunda durýan gymmatly ýygyndylar toplumydyr. "Awesta" her haýsy orta hasapdan 500 sahypalyk ,jemi 21 kitapdan ybarat bolup arameý elipbiýinde altyn suwy çaýylan syýa bilen pergamentiň ýüzüne göçürilip ýazylypdyr. "Awestanyň" 21 kitabyndan biziň döwrümize bir kitap, beýlekilerden 180 sany bölek- büçekler gelip ýetipdir. XVIII asyrda fransuz alymy A.Dýuperron olary toplap öz diline geçirip üç tomda neşir edipdir. Soňra "Awesta" käbir beýleki ýewropa dillerine-de geçirlipdir.

XIX-XX asyrlarda "Awestany" düýpli öwrenmek boýunça birnäçe işler edilipdir. Ýöne otparazçylygyň pygamberi Zaratuştranyň şahsyýeti barada uzak wagtlap belli bir netijä gelmändir. Gadymy grek alymlary ony taryhy şahs hasaplan bolsalar antik döwrüniň alymlary şübhelenip oňa mif,ýagny, rowaýatlardaky bir akyldar hökmünde garapdyrlar. Meseläni düýpli öwrenen alymlaryň käbiri bu hakda täwekgel netijere gelipdirler. Mysal üçin E.O.Berziniň pikiriçe ,Zaratuştra b.e.öňki II asyrda ýaşap geçipdir. Zaratuştra parsça garry ýa-da Sary düýeli adam diýmekligi aňladypdyr.

Zaratuştra adamzat taryhynda haýyr bilen şeriň,ýagşylyk bilen ýamanlygyň köp asyrlyk göreşiniň netijesinde hökmany suratda haýyr işiň ýeňşine barýan hereketdigini aýdan ilkinji filosofdyr. Ol ýeke hudaýa ynanmaklygy ündäpdir. Zaratuştra dünýäde iki başlangyjyň bardygyny haýyr işiň perişdelerden, şeriň bolsa jyn-arwahlardandygyny aýdyp,adamlara birek-birek bilen hoşniýetli gatnaşykda bolmagy ündäpdir.

Zaratuştra günäden saplanmak üçin oda çokunmagy ündäpdir. Şol sebäpli türkmenleriň arasynda zorastrizm otparazçylyk dini hökmünde belli bolupdyr. Zaratuştranyň bu garaýyşlarynyň b.e ilkinji asyrlarynda ýüze çykan hristiançylygyň ylaýta-da, VII asyrda dörän yslam dininiň özüne doly siňdirmegi,şeýle akyldary dünýä inderen topragyň adamzat jemgyýetiniň ruhy medeniýetini ösdürmekde tutýan ornunyň kiçi-girim däldigi öz-özünden düşnüklidir.

Bu maglumatlar Margiana siwilizasiýasynyň adamzat taryhynda uly yz goýandygyna şaýatlyk edýär. Dünýäniň belli gündogarşynaslary şu maglumatlar esasynda ýazylyp, ABŞ-nyň “Boston GLI” gazetinde çap edilen işlerinden gadymy Margiana adamzat siwilizasiýasynyň dörän ýerleriniň biri bolupdyr diýen netijä gelipdir. Müsür, Mesopotamiýa, Hytaý, Hindistan gadymy adamzat siwilizasiýasynyň dörän ýeri hökmünde belli bolsa,olaryň hataryna Türkmenistan hem goşulýar.

**Sumbar.** Günorta-günbatar Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen Sumbar derýasynyň jülgesinde geçirilen köpýyllyk hem-de örän netijeli ylmy barlaglaryň türkmen taryhyna goşan ummasyz uly goşandy Sumbar medeniýetiniň açylmagydyr. Bu sebitiň demirgazyk bölegini Uly we Kiçi Balkan daglary hem-de Köpetdagyň günbatar şahalary, gündogar bölegini Türkmen-Horasan daglarynyň günbatar şahalary, günbatar bölegini bolsa Hazar deňziniň kenar ýakasy gurşap alýar. Sumbar derýasynyň degresi 300 inedördül.km-e



golaý meýdany tutýar we günbatarlygyna akyp, Etrek derýasyna guýup, onuň sag goşandyny emele getirýär. Çendir derýasy hem öz gezeginde Sumbar derýasyna guýup onuň çep goşandyny emele getirýär. Bu sanalyp geçilen derýalaryň hemmesiniň jülgeleri Hazar deňzine tarap açykdyr.

Sumbar medeniýetini aýratyn tapawutlandyrmak üçin, esasan, Sumbar derýasynyň orta akymynda ýerleşen Sumbar – I,II,III we Parhaý – I gadymy gonamçylyklarynyň tapyndylary esas bolup hyzmat edendir. Biri-birine ýakyn bolan Sumbar gonamçylyklary derýanyň çep kenarynda, suw derejesinden 80m-e golaý beýiklikde bolan mele toprakly depeleriň üstünde, häzirki Magtymguly şäherçesiniň demirgazyk-günbatar çetine ýakyn ýerde ýerleşipdir. Sumbar-I gonamçylygy aralary ýodaly birnäçe depeleri eýeläp, uzalyp gidýär, ondan giň jar arkaly bölünip aýrylan Sumbar-II gonamçylygy bolsa demirgazyk-günbatar ugurda ýerleşýär . Sumbar-III gonamçylygynyň çäklerinde häzirki zaman öwlüýä ýerleşýär. Parhaý-I gonamçylygy jülgäniň demirgazyk çetinde ýerleşýär.Sumbar I gonamçylygynda geçirilien arheologiki barlarlaryň netijesinde bu ýerdäki mazarlaryň 176-synyň giçki bürünç asyryna ,galan 5-siniň bolsa antik döwre degişlidigi anyklanyldy.

Sumbar medeniýetiniň gelip çykyşyny, sene çygyrlaryny hem-de onuň Merkezi Aziýanyň we Eýranyň döwürdeş hem has irki medeniýetlerinde tutýan ornuny kesgitlemek üçin Parhaý-II gonamçylygy iňňän möhüm orna eýedir. Munuň özi uzak – 3000 ýyla golaý döwri irki daş-mis

asyryndan giçki bürünç döwrüne çenli aralygy öz içine alýar. Sumbar gonamçylygyndan tapylan tapyndylaryň üýtgeşik hem bütewi toplum häsiýetde bolmagy deslapky subutnamadan ugur alyp, aýratyn arheologiki medeniýeti tapawutlandyrmaga mümkinçilik berdi.Sumbar medeniýetiniň dürli görnüşli gap-gaçlardan ybarat bolan küýzegärlik toplumy Köpetdagyň etegindäki döwürdeş küýzegärlik ýadygärliklerinden düýpli tapawutlanýar.Şol nukdaýnazardan ,Sumbar küýzegärlik önümleriniň özüni, köklerini gadymyýetden alyp gaýdýan özboluşly bir toplum diýip netije çykarmak bolar . Tapylan ýarag, dereje öwsalalarynyň, gurallarynyň we şaý-sepleriniň goňşy medeniýetlerde hem gabat gelýändigine garamazdan, olar özbaşdak medeniýete degişli nusgadyr, sebäbi şol zatlar başga hiç ýerde şonuň ýaly utgaşyklaýyn derejede gabat gelmeýär.

Aýal jaýlanan mazarlarda pyşdyl çanagynyň goýulmagy hem Sumbar medeniýetiniň merhum jaýlamak dessurynyň aýratyn alamatlarynyň biri bolup durýar, özem onuň kökleri irki daş-mis asyrlary döwründen başlanýar.

Sumbar medeniýetiniň merhum jaýlama toplumy onuň üç sany esasy goşundylary esasynda yzygiderli anyklanyldy.

Sumbar gonamçylyklarynyň merhum jaýlama desgasy, kada bolşy ýaly, süýnmek ýa-da tegelek görnüşdäki ýerzeminden ybarat bolup durýar, onuň dik hem kese girelgeleri bolup, olary demirgazyga tarap ýüzlendirmek düzgün bolup galypdyr.

Merhumyň ýanyna goýulýan her hili zatlar, jaýlananlaryň aýal-erkekligine baglylykda, toparlara bölünipdir. Erkek adamlaryň ýanynda galdyrylanlar her hili enjamlardan, derejeli zatlardan we bezeglerden ybarat bolupdyr. Aýallaryň ýanynda galdyrylanlary üç topara: enjamlara, şaý-seplere we aýal goşlaryna bölünipdir.Giçki bürünç asyrynda Sumbaryň orta akymynda ýaşan ilat öý hojalyk işleri we daşary işler bilen meşgul bolupdyrlar.

Ýaşaýyş jaýlaryny gurmak, kerpiç guýmak, odun getirmek, ýerleri ot-çöplerden we daşlardan arassalamak ýaly has agyr işler erkek adamlaryň paýyna düşüpdir. Olaryň mazarlaryndan tapylan birgiden ýarag esbaplarynyň harby maksatlara niýetlenenine garanda, aw üçin peýdalanylanlary köp bolupdyr. Çagalara seretmek, biş-düş, geýim-gejim tikmek bilen baglanyşykly öý işleri aýallaryň borjyna giripdir.

Gonamçylyklaryň ýüň egirmek – dokamak işine degişli tapyndylary köp zatdan habar berýär. Tapylan ikbaşlar munuň aýdyň mysalydyr, bular adatça aýal mazarlaryndan tapylýar. Iki ýa-da dört sany bürünç çiş düzümi iki çişiň mata dokamak üçin, dört çişiň bolsa jorap we şoňa meňzeş önümleri örmek üçin niýetlenipdir. Matany diňe bir boýamak bilen çäklenilmändir, oňa metal, daş, küýzegärlik we faýans tagmalary bilen geometriki hem-de ösümlik suratly nagyşlar hem basylypdyr. Munuň özi ony Günorta Türkmenistanyň ilaty üçin gadymy döwürlerden tä XX asyryň başyna çenli häsiýetli zat bolupdyr.



Sumbar medeniýetiniň ilaty esasan hem,aýallar gadymyýetden bäri däp bolup galan we Türkmenistanyň çäginden daşarda hem giň ýaýran halyçylyk işine juda ezber bolupdyrlar . Merkezi Aziýanyň halyçylyk işine üns beren ylmy barlagçylaryň köpüsi halynyň gelip çykyşyny çarwaçylyk ýa-da ýarym oturymly maldarçylyk durmuşy bilen baglanyşdyrypdyrlar. Sumbar-I we Parhaý-I gonamçylyklarynyň aýal jaýlanan sekiz mazaryndan keser tapylýar, onuň häzirki türkmen halyçylarynyň çitim-gyrym üçin ulanylýan keserinden hiç hili tapawudy ýok. Halyçy aýallara aýratyn hormat bilen garamaklary Sumbar medeniýetiniň ilatynyň halyçylyk kärine näderejede hormat goýandyklaryna şaýatlyk edýär.Munuň özi Köpetdag eteginiň ilatynyň küýzegärçilik önümlerinde daş-mis asyrlary döwründen bäri

ulanylyp gelinen nagyşlar bilen birlikde, I.N Hlopine haly dokamak käriniň diňe bir gadymy senetdigini görkezmän, eýsem, onuň gadym Türkmenistanyň oturymly ilatynyň däbe öwrülen käridigini hem delillendirip subut etmäge mümkinçilik berdi. Alymlar öwrenilen taryhy maglumatlara salgylanyp, Sumbar medeniýetiniň dowamlylygyny 350-400 ýyl bolupdyr diýip hasaplaýarlar.Sumbar gonamçylyklarynyň toplumlarynyň Köpetdagyň demirgazyk eteginden tapylan tapyndylar bilen deňeşdirilip görlende olardaky umumy meňzeşlik alamatlary Namazga VI döwrüniň ýadygärlikleri bilen medeni gatnaşyklaryň ýakyndan bolandygyna güwä geçýär. Bürünç asyry döwri Ýewraziýa sähralarynyň taryhynda gadymy medeniýetleriň köpüsine sähralarynyň taryhynda gadymy medeniýetleriň köpüsine, şol sanda Merkezi Aziýa medeniýetlerine hem örän güýçli täsir eden sähraly jemgyýetleriň emele gelen wagtydyr. Özleriniň baý medeniýetleri bolan çarwa tire-taýpalary, birinji nobatda, mal bakmak bilen baglanyşykly durmuş adaty arkaly bürünç asyrlary döwründe Merkezi Aziýanyň ilatynyň dürli taýpalarynyň medeni gatnaşyk hereketlerinde möhüm orny eýeläpdir. Sähraly maldarçylyk tire-taýpalarynyň giň möçberlerdäki göçüp-gonmalarynyň dowamynda dürli etniki toparlar birleşipdir, netijede bolsa taryhy sahnada täze medeni görnüşler ýüze çykypdyr.

Bürünç asyrlary döwrüniň çarwa tire-taýpalary Merkezi Aziýa ilkinji gezek b.e.öňki III müňýyllygyň ikinji ýarymynda aralaşyp başlapdyrlar. Onuň şeýledigine Zerewşan derýasynyň aşaky akymyndaky çäklerde ýerleşýän Zamanbaba medeniýetiniň ýadygärlikleri şaýatlyk edýär.

Häzirki Türkmenistanyň çäkleri giçki bürünç asyrlary döwründe demirgazyk sähra tire-taýpalarynyň göçüp-gonup ýören iň çetki günorta welaýaty bolupdyr. Bu ýerlerden tapylan köp sanly sähra toplumy görnüşli arheologik ýadygärlikler, olaryň arasynda merhum jaýlanan desgalar, küýzegärlik we

metal önümleriniň tapyndylary bar,ol bolsa maldarlaryň şu ýerleri özleşdirmäge çalşandyklaryny görkezýär.

Merkezi Aziýanyň ekerançylyk ilaty giçki bürünç asyrlary döwründe Ýewraziýa sähralyklarynyň çarwalary bilen medeni aragatnaşyklar saklapdyrlar, ony ilkinji gezek Änew depesinden tapylan toýundan eýlenip ýasalan nagyşly gaplaryň bölekleri görkezdi.

Giçki bürünç asyrlary döwründe häzirki Türkmenistanyň üstünden gadym wagtlarda sähranyň çarwa ilatynyň dürli toparlarynyň, ýagny, Srub, Andronow we Täzebagýap medeniýetli toparlarynyň, göçüp-gonan ýollary geçipdir. Şol tire-taýpalaryň göçüp-gonmalary b.e. öňki XVIII-XIII asyrlarda bolup geçýär. Bu bolsa Türkmenistanyň günortasynyň oturymly ekerançylyk medeniýetiniň tutuş Namazga VI döwrüniň seneleşdirilişine laýyk gelýär.

Merkezi Aziýa sähralardan täze ilatyň gelmegi Günorta Türkmenistanyň ekerançylyk sebitlerinde uly özgerişlikleriniň bolup geçmegine getiripdir. Merkezi Aziýa merhum jaýlamagyň ýerzemin dessuryna eýerýän tire-taýpalaryň aralaşmagyndan soň, tiz wagtda ekerançylar Murgap derýasynyň akymyny özleşdirip başlaýarlar. (Namazga V döwri). Köpetdag etegi zolagynda gadymy şäher merkezleri ýa-ha taşlanypdyr (Altyndepe), ýa-da weýran bolupdyr (Namazgadepe). Oturymly ilatyň bir bölegi bolsa dag etegi zolagyny taşlap gitmändir (Namazga VI – b.e. öňki III-II müňýyllyklar döwrüniň toplumlary).

Köpetdag eteklerinde bürünç asyrynda ilatyň köpelmegi bilen suw ýetmezçiligi başlapdyr.Bu ýagdaý täze ekerançylyk ýerleriniň özleşdirilmegine mümkinçilik bermändir we Altyndepe,Namazgadepe ýaly gülläp ösen medeni ojaklaryň boşap galmagyna getiripdir. B.e. öňki III müňýyllygyň ahyryndan başlanan gurakçylyk, bir tarapdan, suwy çäkli bolan dag etegi zolagynda ekerançylygyň pese düşmegine sebäp bolupdyr. Ikinji tarapdan bolsa, gylýal, şeýle hem iri we ownuk

mallary bakmak bilen meşgullanýan sähraly çarwa ilatyna Merkezi Aziýanyň şeýle ýagdaýa düşmegi sebäpli, ol ýerleri maldarçylyk üçin peýdalanmaga mümkinçilik berlipdir. Oba hojalyk işleriniň esasy görnüşi suwarymly ekerançylyk bolupdyr. Ekerançylar sürülen ýerlere derýa gollaryndan ýap çekip, ýerleri suwarypdyrlar. Agaç kündä goşulan öküz bilen ýer sürüpdirler, hasyly diş-diş orak bilen orupdyrlar. Olar esasan, däneli ekinleri - arpa, bugdaý, nohut we kösükli ösümlikleri ekipdiler. Jaýlaryň töwereginde bolsa, erik, garaly, üzüm ýaly miweli baglary ekipdirler.

Bürünç asyryň ahyrlarynda Günorta-Günbatar Türkmenistanda gadymy Dehistanda, Yzzatguly bilen Madawdepede, Paraw, Bamy, Börme ýaly oturymly ýerlerde adamlar çarwaçylyk hem ekerançyk bilen meşgul bolupdyrlar. Olar çylşyrymly suwaryş ulgamlary döredilipdirler. Adamlar Sumbar, Etrek derýalaryndan ini 5-7, çuňlugy 2,5 m bolan, birnäçe km-e  uzalyp gidýän iri kanallar gazypdyrlar. Olar bugdaý, arpa, noýba ýaly ekinleri ekipdirler.Yzzatguly, Madawdepe, Beňňiwan ýaly ýadygärlikler şol döwrüň iri otrumly ýerleriniň merkezi hasaplanypdyr.  Marguş diýlende häzirki Marynyň iň gadymy taryhy döwürleri göz öňüne getirmelidir. Çünki, Marguş ady onuň iň gadymy döwrüne degişli bolup, soň antiki döwürde Margiana, ondan soň bolsa Merw diýilip atlandyrylypdyr.

Birnäçe ýyllaryň dowamynda Türkmenistanda Marguş diýen gadymy ýurdyň bolandygy diňe şol zamanda dünýäniň öňdebaryjy merkezleri bolan Mesopotamiýa, Kiçi Aziýa, Hindistan ýaly ýurtlaryň gadymy medeniýetiniň göwnejaý öwrenilmegi netijesinde Türkmenistanyň çäklerinde Marguş medeniýetiniň bolandygy ýüze çykandan soň, alym W.I.Sarianidi şol ýadygärlikleri yzygiderli öwrenip başlady. Netijede, ol diňe bir ekerançylyk bilen meşgul bolan taýpa-toparlaryň ýaşan ýa-da  sadaja bina eden jaýjagazlaryny öwrenmän, eýsem, özüniň düýpliligi we belentligi bilen at alan

köşkleriň we ybadathanalaryň bolandygyny has taryhy takyklaýjy maglumatlaryň esasynda subut etdi. Marguşda ýaşan adamlaryň esasy kärleriniň ekerançylyk bolup, olaryň bugdaý, arpa ýaly ekinleri ekendiklerine Kelleli oazisinden tapylan ýadygärlikler subutnama bolup biler. Bu ýerde käbir obalaryň daşy hiç hili goranyş diwarlary bilen gurşalmadyk hem bolsa, şolaryň arasynda daş-töweregi söweş minaralary bilen berkidilen äpet gorag diwarly galalar bolandyr. Şol uly diwarlaryň aňyrsynda (galanyň içinde) ýaşaýjylaryň gönüburçly çig kerpiçden we pagsadan salynan jaýlar hem öwrenildi. Jaýlaryň ýüzleri saman suwag bilen suwalypdyr. Şeýle jaylaryň içinde ýaşaýyşa zerur bolan öý hojalyk esbaplary tapylypdyr. Käbir halatlarda ýörite aýallaryň iýmit taýýarlaýan kiçeňräk howlujyklary hem bolupdyr. Uly bolmadyk ýaşaýyş üçin mahsus bolan otaglarda howanyň sowuk wagtlary otagy gyzdyrmak üçin diwar peçleri hem edilipdir. Käbir otaglarda dynç almak ýa-da ýakmak üçin ýörite sekiler hem edilipdir. Şular ýaly ýönekeýje obalar bilen bir hatarda jemgyýetiň ýolbaşçylyk (agalyk) edýän toparlary üçin has uly, öz zamanasyna görä haýbatly köşklerdir, ymaratlar hem gurulypdyr. Gadymy Marguş hersi onlarça we ýüzlerçe obadan durýan birnäçe iri oazislerden ybarat bolupdyr. Şonuň bilen birlikde hem oazisler üçin umumy bolan Goňurdepede paýtagt ýerleşipdir. Onuň merkezinde gadymy we häzirki güne çenli doly öwrenilmedik merkezi köşk bolup, ol ýer ýurduň ähli meselelerini çözýän guramanyň hereket eden ýeri bolupdyr. Bu köşk doly öwrenilmedik hem bolsa, ýyllaryň geçmegi bilen her ýyl azda-kände gazuw barlag işlerini geçirilmegi netijesinde, ol köşgiň ululygy, diwar burçlary öz zamanyndan minaradan ybarat bolandygyny aňladýar. Köşgiň içinde köp sanly otaglar bir-biri bilen giň bolmadyk dälizler arkaly birleşipdirler. Eger-de köşk alymlarynyň çaklamalaryna görä, doly öwrenilse, onda Marguş ýurdunyň ilatynyň gündelik durmuşy meseleleriniň

ymaratlarda geçirilendigini has aýdyň göz öňüne getirmek bolardy.

Goňur, Togalak we galalaryň çykalgalarynyň golaýynda hünärmentçileriň, demirçileriň, küýzegärleriň, gaýyşçylaryň, zergärleriň we beýleki hojalykda ulanylýan önümleriň işleýän ýeriniň her biri özbaşdak toparlar bolup ýerleşipdirler. Bularyň içinde has doly öwrenileni küýzegärleriň toparydyr. Olar hojalygyň ähli görnüşine gerek bolan gap-çanaklary ýasapdyrlar. Mysal üçin, palçykdan galla saklanýan, suw saklanýan gaplar ýasapdyrlar. Alymlaryň görkezmeklerine görä, bu gap-çanaklar hiç hili reňkli bezegler bilen bezelmändir. Gadymy marguşlylaryň dini düşünjeleri bilen baglanşykly bolan gadymy rowaýatlardaky hyýaly görnüşindäki şekiller hem uly orun tutupdyr. Marguşda ýaşan zergärler we demir ussalary öz öndürýän önümleriniň köp bölegini gadymy Müsür piramidalaryna meňzedip, kä halatlarda bolsa köp gün şöhlesi çykýan germewleri aňladypdyrlar. Şeýle hem ussalar ylgap barýan towşanyň, içýanyň, guşlaryň dürli görnüşlerini öz ýasan möhürlerinde oýup şekillendiripdirler.

Marguş ýurdunda daş seýrek hem bolsa, oňa garamazdan zergärler daşdan möhürdir dini dogajyklary hem ýasapdyrlar.

Alymlar gadymy marguşlylar daşy, ýa-ha Köpetdagdan ýa-da Baktriýadan (Amyderýanyň ýokary akymy) getirendirler diýen çaklamany öňe sürýärler. Dürli daş jynslaryny bezeg, dini maksatlar üçin ýonup, has sünnäläp, görnükli möhürler ýasapdyrlar. Marguşdan tapylan käbir daşdan ýasalan möhürleriň ýa-da gaplaryň ýüzünde ýanyp duran oduň töwereginde ýaşuly adamlaryň kiçi ýaşlylary üýşüp, olara has elhenç we aýylganç aždarha ýaly süreniji haýwanlar hakynda gürrüň berýän pursatlary hem ussatlyk bilen şekillendirilipdir. Gadymy Marguşda ýasalan möhürlerdir gap-çanaklar öz ýasalyş usullary we görnüşleri boýunça Anadoly we Gresiýa

ýaly ýurtlarda şol zamanda öndürilen önümleriň ýasalyşyna meňzeýär. Diýmek, b.e.öňki II müňýyllykda Murgabyň kenar ýakalarynda ýaşan taýpalaryň käbirleriniň ata Watanlarynyň Siriýa we Anadoly bolandygy subut edilendir. Emma şol taýpalaryň näme sebäpden Siriýadan we Anadolydan Marguşa göçüp gelendikleri barada häzir doly maglumat ýok.

Togalak galasynyň günorta böleginde hojalykda peýdalanylýan önümleriň öndürilýän ýeri bolupdyr. Ol ýerde gazuw barlag işleri geçirilende, jaýlaryň günorta böleginde jaýlaryň düşeginden birnäçe sm. beýiklikde bolan sekiler (sufalar) edilip, şol ýerde hem diwara galyň hum küýzeleriniň münkingadar dokalan ýüň haltalar dolanyp, gömüp goýulandygy ýüze çykaryldy. Onuň hem küýzeleriniň düýbüne çöken organiki çökündiler ýöriteleşdirilen himiki laboratoriýalarda barlanandan soň, häzirki zaman döwrüne çenli Efedra medisinasynda peýdalanylýan neşe serişdeleriniň taýýarlanýan we saklanýan ýerdigi anyklandy.

Togalak galasynyň daşy göniburçly çig kerpiçler bilen haýat gurşalandyr. Alymlaryň kesgitlemeklerine görä, otaglaryň käbirleri dini şerap içişlige niýetlenendir. Togalak galasynda öwrenilen ybadathanalar öz gurluşlary boýunça dürli ölçegden ybaratdyr. Eger merkezi ybadathana bolsa ol göwrümi boýunça uly bolýar. Emma kçiräk oba degişli bolsa, onda onuň tutýan meýdany kiçi bolupdyr. Kä halatlarda ybadathananyň käbir otaglaryna dini gap-çanaklardan öz döwrüniň däp-dessurlary adatlary boýunça suwuklyklar sepeläpdirler.

Netijede, bu ýerde ozal dünýä ylymynda düýbünden näbelli bolan ýokary derejede ösen medeniýetli, gadymy gündogar görnüşindäki Margüş ýurdy dünýä mälim bolýar. Çünki, başda aýdyşymyz ýaly, b.e.öňki II müňýyllyklarda Marguşda ýerli binagärleriň we astranomlaryň bolandygy doly subut edildi. Marguşdan tapylan tapyndylaryň, binagärlik ymaratlarynyň gadymy Baktriýanyň, Owganystanyň gadymy çäklerinde öndürilen önümler we bina edilen galalar bilen

umumy meňzeşligi bu halklaryň belli bir derejede etniki ýakynlygyny aňladýar.

Alymlaryň pikiriçe häzirki gün Margiana türkmenleriň özboluşly medeniýetiniň kökleridigini we onuň başlangyjy şol ýerden başlanýandygy soňky ýyllarda geçirilen arheologiki gazuw barlag işleriniň netijesinde anyklandy. Müňýyllyklaryň synagyndan geçen türkmen halky öz bitewiligini saklap galdy, özüni gorady we onuň nesil sejeresi uzap gidip barýar.

Alymlar has gadymy guburlardan Türkmenistanyň häzirki adamlarynyň keşbine çalymdaş jeset galyndylaryny öwrendiler we dünýä ylmyna girizdiler. Ata-babalaryň geçmişde ösen ruhy medeniýetiniň bolandygyny hem-de durmuşa çuň ornaşdyrandygyny arheologiki maglumatlaryň esasynda subut etdiler.

Adamlaryň daş sypatyny häsiýetlendirýän antropologiýa maglumatlary adamzat nesliniň özüniň dowam eden döwrüniň ondan-oňa göçenliginiň ýeke-äk görkezijisidir. Taryhyň köp döwürlerinde halklar ägirt uly giňişliklerde ýaşap gatnaşypdyrlar.

Bu döwür, şol sanda antropologiýa baradaky esasy maglumatlary Ýakyn Gündogaryň, Orta we Günorta Aziýanyň çäklerinden alýarlar. Bu sebit b.e.öňki IV-II müňýyllyklara degişli antropologiýa tapyndylary bilen bellidir. Soňky ýarym asyr döwürde W.I.Sarianidiniň baştutanlygynda gadymy Marguş ýerinde ýurduň paýtagty bolan Goňur galasynda, Murgap derýasynyň gadymy akabasynda b.e.öňki III-II müňýyllyklarda ýaşan jemgyýetiň ösüş taryhyny üç döwre bölüp öwrenýärler.

Birinji döwür – b.e.öňki III müňýyllygyň ahyrlary.

Ikinji döwür – b.e.öňki II müňýyllygyň ortalary.

Üçünji döwür – b.e.öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda.

Gadymy gündogaryň oturymly ilatly ýerleri barada daşa ýazylan gadymy ýazgylarda gadymy Mesopotamiýanyň obalary bilen bir hatarda gadymy Marguşyň atlandyrylmagy

onuň gadymylygyna şaýatlyk edýändir. Gadymy Mesopotamiýa degişli gadymy obalaryň atlary sanalanda Marşaki atly ýurduň Elemden we Mesopotamiýadan taryhyň irki zamanlarynda bölünip garaşsyz ýurt bolandygy barada taryhy maglumatlaryň bardygyna esaslanyp Marşahi ýurdunyň Merkezi Aziýada ýerleşendigi baradaky ozalky ylmy çaklamalaryň indi täze arheologiki maglumatlara esaslanyp Goňurdaky siwilizasiýa Marguş siwilizasiýasy diýip atlandyrylýar. B.e.öňki VI-V müňýyllyklarda gadymy Mesopotamiýada bolan siwilizasiýa hem Hind derýasynyň boýunda bolan Harappa bu ikinji siwilizasiýa üçinji Altyndepe we Marguş siwilizasiýalarynyň has hem kämilleşmegine ýardam edendir.

Murgap derýasynyň ozalky akabasynyň bol suwunyň ýaýraýan ýerlerinde uzak ýyllaryň dowamynda alynyp barylan arheologiýa, gazuw-barlag işleriniň dowamynda ýüze çykarlan gadymy Margiananyň, şeýle hem oňa ýanaşyp oturan gadymy Baktriýanyň binagärçilik gurluşyklarynyň galyndylaryny has tassyklaýjy maglumatlaryň esasynda öwrenmek we beýleki sebitlerindäki bürünç zamanyna degişli kybapdaş ýadygärliklerini ylmy esasda deňeşdirip görmäge mümkinçilikler açyldy. Şu jähetden alnyp barylan ylmy barlaglar b.e.öňki II müňýyllykda özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýan Baktriýa-Margiana binagärçilik mekdebiniň bolandygy baradaky çaklamany öňe sürmäge itergi berýär. Bu mekdebiň ösüş ýollaryny yzarlap, ýokardaky aýdylan pikiri ylmy taýdan esaslandyrmaga ýeterlik maglumatlar toplandy.

Merkezi Aziýanyň bürünç eýýämine degişli ýadygärlikleriň köpüsindäki ymaratçylyk işiniň miras galan nusgalarynyň öwrenilmegi hut Baktriýa-Margiana binagärlik mekdebiniň şu sebitlerdäki gurluşyk sungatynyň gözbaşy bolup durýandygyny tassyklaýar. Bu mekdebiň adaty gurluşyk işleriniň ýol-ýörelgelerine, usullarna düýpgöter täzeçe garamak

maksadyny getirendigini we amala aşyrandygyny görmek bolýar. Bu täze ýolýörelgäniň şu sebitlerindäki soňraky taryhy eýýamlarda ymarat gurmak işlerine öz täsirini ýetirendigini yzarlamak uly kynçylyk döretmeýär.

Otparazçylyk dininiň ybadathana ymaratlaryna mahsus bolan daş-töweregi gorag diwary bilen gurşalan jaý toplumlary Margiananyň çäklerinde giňden duş gelýär. Bu görnüşdäki jaýlar binagärçileriň çaklamalaryna görä belli bir dini däp-dessurlar berjaý edilen ybadathanalarydyr. Şeýle ölçegli ymaratlaryň galyndylaryny Margiananyň Togalak I we Togalak 2, Goňur 1 köşkler toplumynyň dini ymaratlar böleginde saklamak bolýar. Soňraky taryhy döwürleriň zoroastrizm ybadathanalaryndaky şu meňzeş gurlan ölçegdäki ymaratlar töweregi goranýş diwary bilen gurşalan toplumlary özara baglanyşygy duýmaga we görmäge mumkinçilik berýär. Bu bolsa binagärçilik usullarynyň, ýörelgeleriniň dowamly täsirleriniň bolandygyny tassyklaýar. Bu ýagdaýy belli alym, gündogary öwreniji W.W.Struwe tarapyndan lingiwistik maglumatlara esaslanyp,aýdylan gadymy Margiana-otparazçylygyň dörän ýeridir diýen pikiriň hakykata ýakynlygyna goşmaça ýene bir delil bolup hyzmat edýär. Bu alym W.W.Struweniň pikirini, W.I.Sarianidi täze arheologiki maglumatlar bilen has hem berkitdi. Gadymy Margiananyň dini däp-dessurlara degişli ymaratlarynyň gönüden-göni otparazçylyk dini bilen baglanyşyklydygyny anyk kesgitledi. Bu hili özara ýakynlygy Ahameniler döwrüniň we ondan soňraky antiki döwrüň otparazçylyk dini däp-dessurlarynyň we ybadathanalarynyň meňzeş alamatlaryndan görmek bolýar.

Gadymy Margiananyň we Baktriýanyň binagärçilik ýadygärlikleriniň kesgitli geometrik ölçegleriniň gelip çykyşy bilen baglanşykly meseleleriň doly çözgüdini tapmak binagärlere henize çenli başardanok. Käbir binagärler b.e.öňki IV müňýyllyga degişli Göksüýri jülgesinden Daşlyja 3 galasynyň bina edilşinde gadymy Baktriýa binagärçiligine

çalymdaşlyk mese-mälim görünýär. Şonuň ýaly keşpde bina edilen jaýlar Mesopotamiýadaky ýadygärliklerden görmek bolýar. Goňur depede soňky ýyllarda geçirilen arheologiki işleriň netijesinde bina edilen jaýlaryň görnüşleri tegelek gara öý görnüşinde bolandygyny görmek bolýar. Şeýlelikde Margianada we Baktriýada şäher gurluşyk daşy tegelek (gara öý görnüşli) jaý gurluşygy dowam edipdir. Margianada daşy tegelek görnüşdäki belent ymaratlary bina edipdirler. Mundan başga-da gadymy Margianada galalaryň daşyna tegelek küňreler (diňler) bina edipdirler.

Otparazçylygyň dini ybadathanalary diňe bir Goňur galasynda ýa-da Togalak galalarynda öwrenilmän edil şol hili görnüşde bina edilen ybadathana gadymy Marguşyň Ajyguýy diýen ýerinden hem öwrenildi. Jaýlardaky peçler iki görnüşde birisinde diň dini maksatlary üçin çokunmak maksady bilen gurlan peç hem-de diňe nahar bişirmek üçin gurlan bir otagda iki peç gurupdyrlar. Ot ýakylýan peçleriň kä birleri otagyň merkezi böleginde gurlan bolsa, kä birleri jaýlaryň diwarynda gurulypdyr.

Gadymy Marguş siwilizasiýasynyň ösüş täsiri diňe bir günorta ýa-da gündogar Türkmenistanyň ýerindäki jemgyýetiň ösüşine täsir etmän ol Indo-ariý medeniýetiniň ösmegine hem täsir edendigini biz arheologiki maglumatlary deňeşdirmeler arkaly bilip bilýäris. Edebiýatlarda Baktriýa Margiana medeniýeti diýilmegi bu iki medeniýetiň bir taryhy döwürde, birmeňzeş ösmegi taryhda Baktriýa Margiana arheologiki toplumy diýen at bilen taryha girmegi tötänleýin däldir. Baktriýa-Margiana arheologiýa toplumynyň eden açyşlary ariý meselesini çözmek üçin gerek bolan zerur maglumatlaryň üstüni ýetirmäge mümkinçilik berdi. Başga-da bu siwilizasiýa has takygy Marguş siwilizasiýasy Baktriýanyň ösmegine we dünýä medeniýetinde görnükli orun alan ösüşdir.

B.e.öňki III müňýyllyklarda Türkmenistanyň ýerindäki siwilizasion ösüşler şol bir trayhy döwürde gadymy

gündogaryň ýerinde hem ösüş ýollaryny geçendir. Mysal üçin Hindistanyň ýerindäki Harappa gadymy siwilizasiýalaryň mekanlarydyr. XX asyryň I ýarymynda Hindistanyň Ganga derýasynyň kenarlarynda Harappa obasynyň golaýynda geçirilen arheologiki ekspedisiýalaryň maglumatlary esasynda b.e.öňki III müňýyllyklarda uly siwilizasion ösüşleriň bolandygyny anykladylar.

Harappa medeniýetiniň merkezi şäherleri Harappadan we Mohenžo-Darodan, Marguşda bolsa onuň paýtagty hasaplanýan Goňurdepe galasyndan tapylan şäher galyndylaryny özara deňeşdirsek gadymy siwilizasiýalaryň ösen şäher medeniýetiniň bolanlygyna, ikisiniňde özara ýakyn medeni gatnaşygyň hasabyna ösendigine göz ýetirmek bolýar.

Marguş we Harappa medeniýetleri döwründe ilat ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik, binagärçilik we zergärçilik bilen meşgullanypdyrlar. Ganga derýasynyň köne akymlarynda geçirilen arheologiki barlag işleriniň netijesinde ol ýerde b.e.öňki III-II müňýyllyklarda gowaça, bugdaý, noýba ýaly medeni ösümlikleri ekip ýetişdirendiklerine arheologiki tapyndylar şaýatlyk edýändir. Türkmenleriň ata-babalary dünýa Ak bugdaýyň tohumyny berendir diýmäge biz doly ygtyýarlydyrys. Çünki b.e.öň V-IV müňýyllyklara degişli Änew galasyndan tapylan ak bugdaýyň galyndysy Günorta Türkmenistanyň ýerinde ak bugdaýyň ekilşi has irki zamanlardygyny doly subut etdi.

Altyndepe şäher döwletinden (Ýaňykentden) we Goňurdepe galasyndan öwrenilen möhürler gadymy türkmenler bilen Harappa medeniýetine degişli bolan halklaryň ykdysady gatnaşykda bolandyklaryna doly güwä geçmek bolar.

2004-nji ýylyň ýazynda gadymy Goňurdepe galasyndan ozal öwrenilip başlanan köşk ybadathanasyndan tapylan gadymy hindi dilindäki ýazgyly we piliň şekili çekilen Harappa täjirleriniň öz harytlaryny möhürlän möhüriniň öwrenilmegi

gadymy Marguşyň halkynyň Hindistan ýerleri bilen söwda gatnaşýklaryny dowam etdirendiklerine doly subutnamadyr.

Türkmen çarwa taýpalarynyň birnäçesi dürli taryhy zamanlarda Hindi

ýerlerine aralaşyp, ýerli Hindi medeniýetiniň, ylmynyň we edebiýatynyň ösmegine saldamly goşant goşandyrlar. Olaryň iň bellilerinden biri türkmen Ariý taýpalarydyr.

Goňurdepe galasyndaky ýaşaýyşyň arasy üzülmän dowamly ýaşaýşyň bolandygyna öwrenilen keramiki gap-gaçlardaky nagyşlaryň Namazga V we Namazga VI medeni gatlaklaryndaky arheologiki gazuw barlag işleri doly güwä geçýändir.

Arheologiki gazuw-agtaryş barlag işleriniň netijesinde gadymy gündogaryň köp ýerlerinden Mesopotamiýadan, Müsürden we Türkmenistanyň ýerinden dörtburç görnüşli daşlardan ýasalan möhürleriň tapylmagy we öwrenilmegi şol zamanda ýokarda sanalan gadymy medeniýetleriň mekanlarynda ýaşan adamlaryň durmuşynda ýakyn ykdysady aragatnaşygyň bolandygyna şaýatlyk edýär.

Şeýlelikde, gadymy Margianadaky arheologiki tapyndylaryň netijesinde Marguşyň ösen medeniýetli, gadymy gündogardaky Mesopotamiýa ýaly ýurt bolandygyny mälim etdi. Ýarym asyr çemesi gadymy Marguşda geçirilýän gözleg işleriniň netijesinde b.e.öňki II müňýyllygyň başynda şu ýerde has ýokary medeniýetiniň özboluşly merkeziniň bolandygyny äşgär etdi. Üstesinede şu medeniýetli taýpalaryň öz ýerinde döräp, nesilden-nesile geçendiklerine Baktriýanyň, Owganystanyň demirgazygynda ýerleşen medeniýetleriň meňzeşligi olaryň arasyndaky genetiki gatnaşyklaryň bolandygyny bilmek bolýar. Ondan başga-da Baktriýanyň we Margiananyň umumy medeniýeti günorta-günbatar Eýranyň we bir tarapdan goňşy Mesopotamiýanyň medeniýetiniň täsir edendigi görünýär. Başga bir tarapdan Siriýa we Antaliýa baryp ýetýän aýdyň aragatnaşyklar äşgär edilýär, şonuň bilen birlikde

b.e.öňki II müňýyllygyň başynda Baktriýa we Margiana göçüp gelen taýpalaryň nireden gelendigini bilmeklik mümkinçiligi bardyr. Ýokarda ýatlanşy ýaly Margianadan we umuman günorta Türkmenistanyň ýerinden tapylan möhürlerdäki nagýşdyr, belgileriň meňzeşligi şol zamanlarda adamlaryň ýaşan ýerleriniň hindi siwilizasiýasy bilen gönüden-göni gatnaşýkda bolandyklaryna şaýatlyk edýär. Bu ýerlerden tegelek güberçekli, togalak we käbir başga görnüşli möhürler hem tapylýar. Olar bolsa, elbetde, hut şol ýerleriň özüne degişli möhürlerdir. Emma muňa garamazdan şol möhürlerde şekillendirilýän jandarlara we nagyşly bezeg alamatlaryna içgin nazar aýlasaň, Hind möhürleriniň äheňini görmek bolýar. Bu bolsa Hind siwilizasiýasy bilen bolan özara gatnaşygyň bolandygyna ýene-de bir gezek güwä geçýär. Bu möhürleriň nusgalary deňeşdirip görmek hem-de Hind siwilizasiýasynyň söwda gatnaşýklarynyň mazmunyna dogry düşünmek maksady bilen toplandy.

Arheologiki barlaglaryň netijesinde Hind möhürleriniň her bir aýratyn alynan toparlarynyň aýry-aýry söwdagärler toparyna degişli bolandygy kesgitlendi.

Gadymy Marguş sebitlerinde Adambasan, Taýyp, Tahirbaý, Ajyguýy, Goňur galalarynda geçirilýän we geçirilen arheologiki gazuw barlag işleriniň netijesinde Goňur galasynyň şol wagtky Marguşyň paýtagty bolandygyna doly güwä geçýär. Has dogrusy Marguş, Margiana höküminde belli gadymy döwletiň bolandygynyň maddy we çeper subutnamalaryny berdi. Özüniň täsinligi boýunça Mesopotamiýa, Müsür, Hindistan, Hytaý siwilizasiýalaryndan hiç hili pes bolmadyk bu döwletiň medeniýeti täsin özboluşly medeniýetdir. Bu günki gün bu medeniýet umumy ylmy nukdaýnazardan gadymy gündogar siwilizasiýasynyň bäşinji merkezi hökmünde ykrar edilýär.

Bu ýerde gadymy Türkmenistanyň bürünç zamanynda ýerli taýpalaryň belli bir däpleri emele gelipdir. Şolaryň

esasynda Marguşda Zoroatustranyň baştutanlygynda ilkinji dünýä dini döreýär diýsek taryhy taýdan dogry garaýyş bolar.

Goňur galasynyň köşk hem ybadathana toplumlary, altyndan, kümüşden, bürünçden, daşdan ýasalan köp sanly şekillendiriş sungatynyň eserleri, türkmen haly göllerine meňzeş dürli nagyşly, köp öwüşgünli daşlar durmuşda ulanylan zatlaryň we dürli dessurlar berjaý edilende peýdalanylan enjamlaryň toplumlary gadymy Marguşlylaryň bu medeniýetiniň beýikligini we ähmiýetini tassyklaýar.

Mysal üçin Margianada bolşy ýaly maddy subutnamalaryň köp möçberli ýeri bolan gadymy siwilizasiýalaryň zolaklarynda gadymyýetiň medeni mirasy häzirki zaman durmuşynyň düzüm bölegine öwrülýär we oňa ep-esli täsir etmäge ukyplydyr.

Soňky 30 ýylyň dowamynda Margianada geçirilen arheologiki gazuw-agtaryşlarynyň maglumatlary olaryň hakykatdan-da gadymyýetiň beýik medeni gymmatlyklary bolandygyna Mesopotamiýanyň, Müsüriň, gadymy Hindistanyň we Hytaýyň medeni gymmatlyklary bilen bir hatarda durýandygyna hem-de dünýäniň ösen medeni ojaklarynyň bäşinjisi hasap edilýändigine şaýatlyk edýär. Biziň eýýamymyzdan ozalky III müňýyllykdan başlap, gadymy türkmenler ýa-da alymlaryň atlandyryşy ýaly türkmenleriň döräp başlan döwründäki döwlet birikmeleri bolan Altyndepe, Marguş, Parfiýa, Ürgenç we beýlekiler Aziýanyň merkezinde ägirt uly sebtiň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň häsiýetini, gündogaryň we günbataryň, demirgazygyň hem-de günortanyň özara gatnaşyklarynyň ýagdaýyny ep-esli derejede kesgitledi.

Bol hasylly ýerlerde ýerleşmek bilen, gadymy türkmenleriň Margiana ýurdy Ortaýer deňzinden başlap Uzak gündogara çenli aralykda gadymy gündogar bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyr.

Mälim bolşy ýaly, silindir görnüşli möhürleriň watany Mesopotamiýadyr. Şol ýerden hem olar söwdä ýolary arkaly goňşy ýurtlaryň çäklerine ýaýrapdyr. Olaryň haýsydyr bir bölegi şeýle ýol bilen Margiana hem gelip düşendir. Ýöne möhürleriň dini rowaýatlara esaslanýan mazmuny we olarda görkezilen şekiller, kä bir haýwanlar (öküz, düýe, at) olaryň ählisiniň daşardan getirilmändigini, ýagny Marguşda taýýarlanandygynyň ähtimaldygyny aýtmaga mümkinçilik berýär. Bürünç zamanynda Mesopotamiýa bilen Hindistanyň arasyndaky uly çäklerde söwda gatnaşyklarynyň ýeterlik derejede ýokary ösüşe eýe bolandygyny hem belläp geçmek zerurdyr. Eýranyň günortasynda, Kerman ekerançylyk obasynda, Deştilug düzlüginiň günorta çetinde bürünç döwrüne degişli Şahdat ýadygärligi Hindistan bilen Mesopotamiýanyň aralygyndaky orta ýolda ýerleşen we iki medeni gymmatlygyň arasynda edilen söwdada ýük ýazdyrylyp geçilen möhüm ýer bolupdyr. Ýadygärliklerdem tapylan arheologiki tapyndylaryň ep-esli bölegi ol ýerlere Türkmenistandan gatnawyň oňat ýola goýulandygyna şaýatlyk edyär. Marguş bilen Hytaýyň arasynda gadymy zamanlarda bolan ykdysady aragatnaşyklaryň bolanlygy arheologiki maglumatlaryň esasynda doly aýan edilendir.

Huande jülgesinde nagyşly küýzegärçilik bilen häsiýetlendirilýän Ýanşao medeniýetleriniň açylmagyndan soň, Çanşu welaýatynda nagýşly küýze önümleriniň öwrenilmegi, olaryň nagyşlarynyň käbirleriniň Eneolit we bürünç döwürleriniň günorta Türkmenistandaky Änewden tapylan tapyndylara haýran galdyryjy derejede ylaýyk gelýändigini görkezdi. Änew nagyşlarynyň kä bir görnüşleriniň Hytaýyň çöllerine “aralaşmagy” Hytaý bilen günorta Türkmenistanyň medeni gymmatlyklarynyň gatnaşyklarynyň taryhyň has irki zamanlaryndan başlanandygyna şaýatlyk edýär.

B.e.öňki III müňýyllygyň ahyrynda II müňýyllygyň başlarynda Murgap derýasynyň gadymy akawasynyň ýaýraýan

ýerinde Margiana arheologiki toplumynyň emele gelmegine ýardam eden gadymy ekerançylyk taýpalarynyň göçhä-göçlügi şol dowrüň möhüm wakalarynyň biridir. Gadymy paýtagt şäher bolan Goňurdepe galasynda soňky ýyllarda öwrenilen arheologiki tapyndylar gadymy gündogar görnüşli siwilizasiýanyň bolandygyna güwä geçýär. Öwrenilen guburhanalardan tapylan seýrek duş gelýän tapyndylar dünýä sizilizasiýalarynyň ajaýyp nusgasydyr. W.I.Sarianidi we N.A.Dubowa tarapyndan öwrenilen Goňurdepe galasyndaky “köşkler toplumyndan 150 metr günortada ýerleşen bürünç eýýamyna degişli bolan gadymy mazarçylyklaryň üsti açyldy”.

Bu gadymy mazarçylygyň meýdany 240 m bolup, ol ýerde 11 sany gubur we 4 sany hudaýýoly berilýän oýtaklar öwrenildi. Mazarlar çägesow ýerde gazylyp, ýeriň üstki gatlagyndan gaty çuň bolmadyk ýagdaýda ýerleşipdir. Bu mazarlardan dördüsi gadymy döwürde talanypdyr, ikisine-de bolsa keramiki gap-gaçlar saklanypdyr.

Mazarlar ýekelikde jaýlamak üçin peýdalanypdyr. Adamyny bükülen görnüşde, sag egnine ýatyryp jaýlapdyrlar. Kellesiniň ýanynda ýa-da döşüniň üstünde keramiki gap-gaçlar goýulypdyr. Bu ýerden esasan keramiki gaplar, bürünçden we demirden ýasalan önümler tapyldy. Öwrenilen 51 sany keramiki gaplaryň diňe 14 sanysy bütin, olar dört görnüşe bölünýärler. Käseler we aýakly wazalar, kub şekilli we golça görnüşli gaplar. Küýzeler we daşy reňklenen, aşagy üçburçlyk şekilli silindir görnüşli gaplar öwrenildi. Bu atlandyrylan gap-gaçlaryň öz meňzeşlikleri boýunça b.e.öňki III müňýyllygyň ahyrlaryna degişli bolup Marguşyň beýleki oazislerden öwrenilen gap-gaçlara öz nagyşlary boýunça çalymdaşdyrlar (Namazga V, Ulug depe).

## 8.Türkmenistan b.e. öňki I müňýyllygyň I ýarymynda.

Merkezi Aziýada demir eýýamy irräk başlanan hem bolsa, onuň giňişleýin ýaýran döwri b. e. öňki X-IX asyrlara degişlidir. Bu döwürde ýerli ilat demiri eredip almaklygy başarypdyrlar. Emma demir gurallary durmuşda giňden ýaýramandyr. Ilkibaşlarda demri diňe bezeg üçin ulanypdyrlar. Soňra demirden hojalyk gurallaryny we ýaraglary ýasap başlapdyrlar. Demri almak we ony işläp bejermegiň tärlerini oýlap tapmak kyn bolupdyr. Demri eretmek űçin gűýçli gyzgynlyk gerek bolanlygy sebäpli, demri ýörite körűkli kürelerde eredipdirler. Körügiň diwarynyň galyňlygy 20 sm töweregi ,beýikligi bolsa bir metr töweregi bolupdyr. Körügiň öň diwarynyň düýbünde deşijek goýlupdyr. Şol deşikden bolsa körüge kömür salnyp ýakylypdyr. Arheologiýa nukdaýnazaryndan, şol özgerişlikler demirden ýasalan zähmet gurallarynyň ilkibaşda kem-kemden özleşdirilendigi, soňra bolsa köpçülikleýin ulanylandygy – demir asyrlary döwrüniň gelip ýetendigini aňladýar.

Merkezi Aziýada irki demir döwrüniň başlangyç senesi kesgitlenende b.e. öňki müňýyllygyň ahyry – I müňýyllygyň başy ýa-da b.e. öňki II-I müňýyllyklaryň sepgidi hakynda gürrüň edilse, taryhy jähtden dogry bolar. Şu döwrüň şertli ahyrky senesi b.e. öňki 330-njy ýyla, ýagny, Aleksandr Makedonskiniň goşunlarynyň Merkezi Aziýanyň serhetlerine gelip ýeten döwrüne laýyk gelýär.

Demriň dünýä siwilizasiýasynyň ösüşinde tutýan orny uly bolup, demiriň tapylmagy we ulanylyp başlanmagy adamzat durmuşynda hakykatdan-da uly öwrűlşik bolupdyr. Demirden ýasalan gurallar, ýaraglar örän berk bolupdyr.

Türkmenistanyň ýerlerinde irki demir asyryna degişli arheologiki ýadygärlikler köpdir. Ol ýadygärlikleri şol döwrüň ilatynyň ýerleşişi boýunça dört topara: Murgabyň aşak

akymyna, Köpetdagyň etek zolagyna, Günorta-Günbatar Türkmenistana, Amyderýanyñ orta we aşak akymlaryna bölüp bolar.

Bu ýerleriň her biriniň özűne mahsus ýadygärlikleri bardyr. Irki demir asyry Günorta-Günbatar Türkmenistanda - Madawdepe, Yzzatguly, Köpetdag eteginiñ zolagynda-Namazgadepe VI, Änew IV; Murgap oazisinde-Ýazdepe, Arabalydepe, Togalakdepe, Tahyrbaý; Amyderýanyñ orta we aşak akymlarynda Çöplidepe, Beggala (Bekgala), Täzebagýap, Guýsaý ýaly gadymy adamlaryñ mekanlary bolan ýadygärlikleri bilen hasiyetlendirilyär.

Demir asyryna degişli Günorta-Günbatar Türkmenistanyň ýerlerine taryhy edebiýatlarda gadymy Dehistan diýlip at berilýär. Bu at taryhda yz galdyran dah taýpalary bilen baglydyr. Dehistan medeniỳetine degişli ỳadygärlikler Maşat-Misserian düzlügindäki Madawdepe,Yzzatguly depelerde jemlenendir. Şeýle-de Günbatar Köpetdagyñ eteklerinde hem kiçiräk oturymly ýerler bolan Parawyň, Bamynyň, Börmäniň ýanyndaky depeler hem şol medeniýete degişlidir.

Dehistan ýerleri gadymy geografçy alymlaryň işlerinde Girkaniýa diýlip atlandyrylypdyr. Girkaniýanyň dűzűmine häzirki Hazar denziniň tutuş günorta-gündogar boýlary girýär. Taryhyň belli bir döwründe Hazary Girkan deňzi diýip hem atlandyrypdyrlar.

Ýazdepe medeniýeti doly we hemmetaraplaýyn öwrenilendir. Bu medeniýetiň taryhy XIX asyryñ ahyrynda 1885- ýylda general A.B.Komarowyñ Aşgabadyñ etegindäki Änew depelerinde ilkinji gazuw-agtaryş işleriniñ geçirmäge girişmegi bilen başlanýar. XX asyryñ başlarynda Änewiñ depelerinde amerikan ekspedisiýasy tarapyndan gazuw-agtaryş işleri geçirilip, günorta keramika gatlaklary tapyldy. Olara Änew III diýip at berildi.Ýelkendepede, Ýaşyldepede S.A.Ýerşow, Owadandepede A.A.Maruşenko işlediler. Ikinji

jahan urşundan soñ Änew IV A gatlagyñ Duşagyñ golaýynda Ulugdepe ýaly iri obada ýüze çykanlygy anyklandy , şeýle hem Duşagyñ ýanynda Ýaşyldepede gadymy obalaryň üsti açyldy we olar bölekleýin öwrenildi. Murgabyň hanasyna degişli ýadigärliklriñ açylşy we öwrenilişi taryhy has hem gysgadyr. Irki demir asyra degişli ilkinji obalar, şol sanda Ýazdepe, Arabalydepe ýaly uly obalaryň bolandygy barada XX asyryñ başynda açyş edildi, soñra Murgap jülgesi köp sanly hünärmenler tarapyndan birnäçe gezek öwrenildi.

Ýazdepedäki gazuw- agtaryş işleriniň netijesi ol ýerde bolan medeni gatlaklaryñ şu yzygiderligini anyklamaga mümkinçilik döretdi: Ýazdepe I- (b.e. çenli 900-650 asyrlar), Ýazdepe II- (b.e. çenli 500-400 asyrlar). Şonuñ bilen birlikde täze, ylaýta-da Ýelkendepeden materiallaryñ toplanmagy, dag eteklerinde has irki gatlaklaryñ bardygyny görkezdi. Bu bolsa Ýaz I toplumlaryñ başlangyçlaryny b.e. çenli II müñýyllyklaryñ ahyryna, has takygy b.e. çenli XII - VII asyrlaryna degişli etmäge mümkinçilik döredýär. Irki demir asyr zamanasynda Köpetdagyň eteginde Ýelkendepe, Ýaşyldepe ýaly täze oturymly ýerler ýüze çykypdyr. Şu oturymly ýerleriň iň ulusy Gowşut demir ýol menziliniň günorta - gündogar tarapynda ýerleşýän Yelkendepedir. Ýelkendepede gazuw-agtaryş işleri geçirilende mis we demir erginleri tapylýar. Emma demiriň ýaýramagyna garamazdan bu ýerlerden tapylan hojalyk gurallaryna degişli zatlaryň içinde däne owguçlary hem tapylypdyr. Şeýle daş sokular we olaryň daşlary demir asyrynyň obalaryndan tapylypdyr. Gadymy döwürde bolşy ýaly, demir asyrynda hem küýzegärçilik senetçiligiň esasy pudagy bolmagynda galypdyr. Gap-gaçlar görnüşleri we çeperçiligi boýunça dürli-dürli bolupdyr. Gündelik durmuşda ulanylýan ýuka küýze gap-gaçlaryň birnäce görnüşleri dürli nagyşlar bilen bezelipdir. Sarahs oazisi häzirki Tejen etrabyndan 70-80 km. Günortada, Türkmenistanyň günorta serhedinde ýerleşýär. Onuň umumy tutýan ýeri

demirgazykdan günorta 70 km günbatardan gündogara bolsa 20-25 km ýetýär. Sarahs oazisiniň içinden geçýän ýeke-täk derýa Tejen derýasydyr. Ol bütin oazisiň otrumly obalaryny suw bilen üpjün edipdir.

B. e. öňki I asyryň ortalarynda bu ýerde Köne Sarahs şäherçesi bilen birlikde Bäşdepe, Möwlekdepe, Akjadepe obalary bolupdyr. Bu döwürde Sarahs şäherçesiniň daşy laýdan galdyrylan diwaryň 1,8 m. beýikligi häzirki günlere çenli saklanyp galypdyr. Bäşdepe we Möwlekdepe otrumly obalar Tejen derýasyndan 20-25 km uzaklykda ýerleşipdirler. Möwlekdepde uzynlygy 5 km, ini 5-6 m bolan gadymy kanalyň yzlary saklanyp galypdyr.

Demir asyry zamanynda Sarahs oazisi,esasan,ekerançylyk maksatlary üçin özleşdirilipdir. Bu ýerde hem gadymy Horezmdäki we Margiýanadaky ýaly suwaryş desgalary gurlupdyr.

Taryhyň atasy Gerodot (b. E. öňki 486-425 ỳ.ỳ.) Sarahs sebitlerinde Akes derýasynyň boýunda suwaryş desgalarynyň gurluşy hakynda habar berýär. Eger-de etrapda Tejen-Geruritden başga derýanyň ýokdugyny nazara alsak, onda gürrüň Tejen derýasy hakynda barýandygyna göz ýetirmek kyn däl.

Ýelkendepe şäher görnüşli bolup, onuň iki gat halkalaýyn diwary bolupdyr. Demir asyrynda esasan gurluşykda pahsa, iri hem-de galyň çig kerpiç ulanylypdyr. Şeýle jaýlary gurmak arzan düşüpdir we olar tomusda salkyn, gyşda ýyly bolupdyr. Jaýyň diwarlary saman garylan palçyk bilen, kähalatlarda bolsa gej (alebastr) bilen suwalypdyr.

Umuman, günorta Türkmenistanda irki demir asyryñ medeniýetini öwrenmegiñ taryhy şeýle görnüşdedir. Bu anyk arheologik toplumyñ aýratynlygy biziñ esasy maglumatlarymyzyñ keramika sungatyna we az-kem obalaryñ görnüşleriniñ häsiýetnamasyna esaslanmagyndan ybaratdyr. Ol ýerde obalaryñ ýüze çykyşyny esasy üç görnüşe

bölüp bolar: 1) galaly obalar; 2) eýelän meýdany 1 gektardan köp bolmadyk iri obalar; 3) eýelän meýdany 1 gektardan az bolan kiçi obalar.Dag etek çägindäki I görnüşli ýadygärliklere Duşagyñ ýanyndaky Ulugdepe, Gowşudyñ ýanyndaky Ýelkendepe, Artygyñ ýanyndaky Ýasydepe we Gäwersiñ ýanyndaky Ýaşyldepe degişlidir. Ulugdepe dag etegindäki has iri iki obanyñ biridir. Ol ýerde irki demir asyryñ gatlaklary bardyr. Iñ ýokary depesinde gazuw-agtaryş işleri geçirilmese-de, onuñ ýapgytlarynyñ bölekleýin ýylmanmagynda 10 metr çemesi kerpiç örme tekizligi ýüze çykaryldy. Ulugdepäniñ medeni gatlaklarynyñ umumy galyñlygy birnäçe yzygiderli gatlaklara bölünendir. Olardan Ulug gatlak (has giçki) ahemeniden irki (Ýaz II) we ahemenid (Ýaz III) döwürlerine degişlidir. Ulug II irki demir asyryna (Ýaz I görnüşli) we Ulug III giçki bürünç eýýamyna degişlidir .IV–II gatlaklar tutuşlygyna Ulug II gatlaga degişlidir. Ol ýerde ýüze çykarylan jaýlar üýtgeşik uly göwrümli 60 x 25 x 10 sm. we 55 x 25 x 10 sm bolup,kerpiçden ýasalan köp otagly jaýyñ bölegine degişlidir Nagyşlar – gülgün reñk düşeginiñ ýüzünde gyzyl, ýaşylymtyl reñkler bilen ýerine ýetirlipdir. Esasan – da, dürli sazlaşykly, top ýaly edilip bellenen dörtburçluklar, üçburçlyklar, piramidalar görnüşindäki geometrik suratly gap-çanaklaryna has üýtgeşik nagyşlar häsiýetlidir. Suratly gap-çanaklaryñ has ýaýbañlanan görnüşi: düýbi ýasy daşyna çala eplenen okaralardyr. Aşhana gap-çanaklarynyñ arasynda ýönekeý tutawaçly ýa-da kese ýelmenen çyzykly gazanlara, tutawaçly çanaklara duş gelindi. Keramiki däl tapyndylaryñ arasynda daş däne gyrgyçlar, sokular, soky daşjagazlary, serdesseler bar.

Ýelkendepäniñ dag etek zolagynyñ I görnüşiniñ iri obasy A.A.Maruşenko tarapyndan hemmetaraplaýyn öwrenildi. Onuñ maglumatlaryna görä, bu ýerde ilkinji oba giçki bürünç eýýamynda döräpdir. Soñra irki demir

döwründe şäherçäniñ merkezinde diametri 130 m. çenli 6 metr beýiklikli berk kerpiç tekizligiň üstünde gala şekilli köpburçlyk gurlupdyr. Depäniñ daşyny gurşap alan galanyñ diwarlary 500 x 290 m. ölçegli, daşky öñ tarapy çukurlar bilen örtülendir. Galanyñ içki diwarlary Ýelken II döwründe salnan düýpli çak edilýän hem bolsa, ýadygärligiñ gutarnykly bezegi indiki Ýelken III şäherçäniñ has gülläp ösen döwrüne degişli diýlip pikir edilýär.

Gadymy Garaöý depe obasynyň ýadygärlikleri gündogardan günbatara tarap 300 metr we demirgazykdan gündogara tarap 200 metr uzalyp, onuñ demirgazyk böleginde obadan 3 metr ýokary bolan opurlan depäniñ galyndylary tapyldy. Gazuw – agtaryş işleri alebastr bilen suwalan giñ diwar (1 m galyñ), çig kerpiçden salnan polly birnäçe jaýlary ýüze çykardy. Bar bolan maglumatlardan çen tutsak, bu obalaryñ ählisi irki demir eýýamynda döräp, Ýaz I, II, III görnüşli materiallary özünde jemleýär. Ol döwürde ekerançylyk – maldarçylyk hojalygy ýöretmek üçin gerek bolan ähli täze ýerler özleşdirilipdir we adamlaryñ köp bölegi ol täze ýerleriñ oturymly halkyna öwrülipdir diýip pikir etmegimize degerli esaslaryñ barlygy mese – mälimdir. Biri – birine golaý ýerleşen Ulugdepe we Garaöý depe munuñ aýdyñ mysalydyr. Olar köne ýerlerde (Ulugdepe) , täze ýerleriñ (Garaöý depe) açylmagy hakynda maglumatlary açyk görkezýärler.Bu obalar bilen bir hatarda tutýan meýdany 1 gektar köp bolan ikinji görnüsli obalar hem bolupdyr. Muña mysal edip Ýasy- depäni görkezmek bolar ( meýdany 250 x 250, umumy beýikligi 6 metr ).Tutýan meýdany 2 gektardan köp, beýikligi 5 metr çemesi Ýaz I eýýamynda emele gelen we Ýaz II, III döwürlerde bölekleýin ýaşalan Daşlyjadepe hem örän gyzyklydyr. Daşly-17 we Daşly 30 (Kaka etrabynda) obaçylyklarynda giň içki howlularyň hemişelik ýa-da wagtlaýyn mal saklamak üçin

ulanylandygyny anyklandy. Olaryň içinde mal dersleriniň we samanlaryň köp sanly gatlarynyň yzy tapyldy. Biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllygyň başlarynda Gűnorta Tűrkmenistanyň ýerlerini, şol sanda Köpetdag eteklerini özleşdirmeklik gűýçli dowam etdirilipdir. Köpetdag eteklerindäki obalaryň esasy hojalygy suwarymly ekerançylyk bolup, bu ýerde bugdaý, arpa ekilipdir. Dag eteklerinde uly derýanyň bolmandygy sebäpli, ekerançylyk esasan Köpetdagdan akyp gelýän kiçeňräk derýajyklaryň we çeşmeleriň hasabyna alnyp barlypdyr. Suwuň gelýän ugrunda gaçy galdyrylyp, gatlalar gurlupdyr. Bulardan başga-da, Köpetdag eteklerinde suwaryşyň käriz usuly hem ýüze çykypdyr. Käriz özboluşly ýerasty suw geçiriji bolup, ol esasan daglyk ýerler üçin häsiýetlidir. Şeýle kärizleriň biri häzirki Duşak demir ýol menziliniň golaýyndaky Ulugdepäniň ýanynda gurlupdyr. Onuň 20 sany guýusy bolupdyr.

Garagumyñ günorta - gündogarynda Ýazdepe irki demir eýýamynda ähli Margiana ulgamynda merkezi paýtagt bolandygy şübhesizdir. Onuñ meýdany 16 gektar, beýikligi 4 metr çenli ýetipdir. Depäniñ merkezinde gala görünýär. Gala 12 metr beýiklikde, onuñ 8 metr tutuşlygyna çig kerpiçden bitirlen, tutuş emeli tekizlikden salnyp, Murgap suw akymynyñ çökündi palçyklaryndan ybarat Taryhbaý oazisinde eýýäm mälim bolan, Ýaz I döwrüniñ gatlaklary diýlip esasyly çak edilýän Taryhbaý depeden başga şol depeden gündogarda 200 m. çemesi aralykda ýerleşen, irki demir döwrüniñ materiallary bilen Taryhbaý I obasy tapyldy. Görşümiz ýaly, Margiana döwrüniñ irki bürünç döwrüni çuññur öwrenmek heniz başlangyç tapgyrdadyr. Emma şeýle-de bolsa, eýýäm häzir Günorta Türkmenistanyñ dag etek zolagyna meñzeşlikde, bu ýerde hem obanyñ üç görnüşi ýerleşip, galasyz ýadygärlikleriñ şübhesiz agdyklyk edýändigini görkezýär. Edil şonuñ ýaly-da, bu depede täze ýerlerde mesgen tutan

obalar, şeýle hem irki demir asyrynda bölekleýin ýaşan giçki bürünç asyrynyñ ýadygärlikleri goñşy bolup ýaşapdyrlar. Bularyñ ählisi beýleki maglumatlar bilen bilelikde irki demir döwrüniñ ýadygärliklrini, olaryñ ýerleşen ýerlerine garamazdan, bitewi arheologik Ýaz I görnüşli toplumyna degişli etmäge mümkinçilik döredýär. Bu bolsa keramiki gap-çanaklary seljerlende has aýdyñ ýüze çykýar.

Girkaniýanyň medeni umumylygy Günorta Türkmenistanyň beýleki welaýatlary bilen deňeşdireniňde jemgyýetçilik durmuş-ykdusady ösüşiň, takmynan, deň derejesini görkezýär. Misserian düzlüginde geçirilen arheologik barlaglar şu giň oazisiň gülläp ösmegini üpjün eden uly ýap-salmalaryň galyndylaryny ýüze çykardy. Bu ýerde bar bolan obaçylyklaryň alamaty, umuman Margianadaky we Köpetdag etegi zolagynyňky ýalydyr. Bu ýerde obaçylyklaryň esasy görnüşi, megerem, jaýlary ýygjam gurlan obaçylyklary bolandyr. Misserian düzlüginiň, Çat giňişliginiň, Sumbar jülgesiniň we Köpetdag etegi zolagynyň günbatar böleginiň aýry-aýry ýerleşýän obaçylyklarynyň köpüsini hem şeýle obaçylyklar hökmünde kesgitlemek bolar. Şonuň bilen birlikde Misserian düzlüginde 100-120 ga çenli ýeri tutýan, meýdany we beýikligi boýunça dürli-dürli belentlikleri öz içine alýan iri obaçylyklar bar. Olaryň käbirinde, mysal üçin, Yzzatgulydepede, ululy-kiçili giňişlikleri tutýan obaçylyklardan başga-da, hünärmenleriň- küýzegärleriň uly toparlarynyň bolandygy ýüze çykaryldy. Beýikligi boýunça has uly depelerde gorag galalary bolupdyr diýmek üçin esas bar. Çyklykdepe uly bolmadyk galaly dagynyk obaçylygynyň nusgasy bolup hyzmat edip biler.

Günorta- Günbatar Türkmenistanyň medeniýetiniň Günorta Türkmenistanyň beýleki ekerançylyk welaýatlarynyň medeniýeti bilen neňzeş häsiýetleri köpdür. Munuň şeýledigi ýokarda agzalyp geçilen obaçylyklaryň alamatlarynyň

meňzeşliginde, bürünçden ýasalan zähmet gurallary bilen birlikde, demir zähmet gurallarynyň hem ulanylandygynda, gurluşyk işlerinde göniburç çig kerpiçleriň peýdalanylandygynda ýüze çykýar. Ýöne şol bir wagtyň özünde durmuş medeniýetindäki tapawutlar hem mese-mälim göze ilýär. Munuň özi arheologik tapyndylarda, ozaly bilen küýzegärlik gap-gaçlarda görünýär.Irki demir asyry Günorta-Günbatar Türkmenistanda - Madawdepe, Yzzatguly, Çyglykdepe ýaly gadymy medeni ojaklary bilen bellidir. Madawdepe, Yzzatguly, Çyglykdepe ýaly gadymy medeni ojaklaryň ekerançylyk obalarynda dürli ýyllarda geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde gadymy Dehistan ýerleriniň maddy we ruhy medeniýetini häsiýetlendirýän baý maglumatlar berdi. Ol ýerde metal önümleriniň aglabasy bürünçden ýasalan zatlar bolupdyr. Emma gadymy otrumly ýerler alymlar tarapyndan öwrenilende demir bölekleri tapyldy. Şolaryň esasynda gadymy Dehistanda demir asyrynyň biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllygyň ahyrynda ýüze çykandygy anyklandy. Demir asyrynda gadymy Dehistan ilatyň köp ýaşan ýerleriniň biri bolupdyr we ekerançylyk üçin ýasalan gurallar ulanylypdyr. Bu ýerleriň uly ekerançylyk obalary bolup, ilat esasan suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolupdyr. Täze ýerleri özleşdirmek maksady bilen ilat Sumbar we Etrek derỳalarynyň suwuny peýdalanypdyrlar.

Dehistanyň bu döwrüniň iň iri ýadygärligi Madawdepe bolup, ol asyrlaryň dowamynda kem-kemden giňelipdir.Onuň medeni gatlagy 225 gektar meýdany tutupdyr.Ýaşaýyş dürli wagtlarda dowam edipdir. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, Madawdepäniň umumy meýdanynyň 50 gektarynda ýaşaýyş bolupdyr. Galan meýdanyny köçejikler, şäher-oba, hojalyk binalary, keramika we demir işlenilýän ussahanalar we ş. m. tutupdyr. Madawdepäniň medeniýeti b. e. öňki XIII asyrdan VII-VI asyrlara çenli dowam edipdir.Ilatynyň sany 7700 töweregi bolandyr diýlip çaklanylýar.Hasaplamalara

görä,ýaşalan ýeriň her gektaryna 154 adam düşüpdir.Ilatyň has selçeň ýaşan ýerlerinde adamlaryň gürlügi her gektara 80-90 adam düşüpdir.

Dehistanyň gadymy medeniýetiniň esasy aýratynlygy, küýze önümleriniň görnüşleri we olardaky reňklerdir. Küýzeleriň arasynda üç tagan aýakly ýalpak, köplenç halatlarda bolsa üsti açyk jüründikli gaplar duş gelýär. Gap-gaçlar esasan garamtyl, çal, gyzyl we ýer reňkinde bolup, olaryň hemmesi-de çarhyň kömegi bilen ýasalypdyr. Alymlar Dehistanyň Misserian düzlüginden peỳkamlaryñ bürünç uçlarynyñ, kiçiräk gylyç, aỳal şaỳ-sepleri, küỳze gap-gaçlary bişirmek üçin küreler gurlupdyr. Barlaglar häzirki Magtymguly etrabynyň golaỳynda ỳerleşỳän gonamçylykdan b. e. öňki XII-XI asyrlara degişli ikler, ikbaşlar, temenler, bürünçden ỳasalan haly dokamak üçin keserler ỳüze çykaryldy. Bu zähmet gurallary Dehistanda hünärmentçiligiň dokmaçylyk pudagynyň bolandygyna şaýatlyk edýär.Biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllygyň ortalarynda Dehistanyň gadymy medeniýetini döreden ilat bu ýerlerde ýaşamagyny bes edipdir. Adamlaryň bu ýerlerden göçüp gitmeklerine parslaryň Ahemeni döwletiniň harby ýörişleri sebäp bolupdyr.

Irki demir asyrynda Türkmenistanyň ýerlerinde gadymdan belli bolan demirden edilen zähmet gurallarynyň köp ulanylyp başlanmagy bilen ekerançylyk medeniýeti, ösűpdir. Bu döwűrde biziň ýurdumyzda şäher gurluşygy hem ösűpdir we şäher siwilizasiýasy kemala gelip başlaýar. Şeýlelikde ekerançylyk medeniýetiniň we şäher siwilizasiýasynyň ösmegi biziň ýurdumyzyň «siwilizasiýalaryň çatrygy» adyna eýe bolmagyna getiripdir.

Amyderýanyň orta akymynyň jülgesinde irki demir asyrlary döwrüniň başlaryna degişli diňe iki sany ýadygärlik bellidir. Atamyratdan (öňki Kerki) günortarakda ýerleşýän Çöplüdepeden toýundan eýlenip, küýzegärçilik aýlawynda bejerilen dürli önümleriň tapyndylary alyndy. Ikinji ýadygärlik

– Ödeýdepe Türkmenabatdan aşaklygyna derýanyň ugry boýunça 30 km-likde ýerleşýär.

Biziň eýýamymyzdan öňki II müňýyllygyň ahyrynda – I müňýyllykda Amyderỳanyñ orta akymlarynda ilat hemişelik oturymlylyga geçip, ekerançylyk bilen meşgullanyp başlapdyr. Amyderýanyň orta akymynyň günorta kenarynda b. e. öňki müňýylykdaky oturumly ýerler diňe Demirgazyk Owganystanyň ýerlerinde ýerleşendyr. Emma b. e. öňki III-II asyrlaryna degişli taryhy ýadygärlikleriň onlarçasy diňe XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda geçirilen barlaglaryň netijesinde üsti açyldy. Şeýle ýadygärlikleriň biri-de Mürzebekgaladyr. Bu şäherçäniň keramiki önümleri öndürýän hünärmenleri gyzgylt hem gara reňkdäki aşagy egriräk küýzeleri, ýasy hem ýalpak gaplary, humlary ýasapdyrlar. Bu keramiki önümler görnüşleri boýunça gadymy Merwiň önümleri bilen meňzeşlikleri bolupdyr. Amyderýanyň orta akymlaryna degişli ýadygärliklerinden Garabekewil etrabyndaky Akgalany, Hojambasdaky Şordepe, Çopandepe ýaly oturumly ýerler degişlidir.

Türkmenistanyň demirgazyk ýerleri taryhy edebiýatda Horezm diýlip atlandyrylýar. Horezm gadym wagtlardan bäri bol suwly, ösen ekerançylyk ýurdy bolupdyr. Gadymy Oks (Amyderýa) derýasynyň Sarygamyş kölüne we Uzboýyň ugry bilen Hazar (Kaspi) deňzine tarap akypdyr. Bu derýanyň ugrunda bolsa b. e. öňki I müňýyllygyň başlarynda köp sanly ekerançylyk obalary we çarwaçylyk mekanlary ýerleşipdir. Bu ýerde ýaşan ilatyñ hojalygynda ekerançylyk bilen bir hatarda, maldarçylyk hem örän uly orun eýeläpdir. Olar ownuk mallar bilen birlikde ulag üçin iri şahly mallary köpeldipdirler. Ýük çekmek üçin düýe mallary ulanypdyrlar. Sag we çep kenar Horezmiň taryhy gadym zamanlardan bäri amyderýa bilen baglanyşykly bolupdyr. Amyderýanyň joşup-daşyp, özakymlaýyn ugur bilen akýan suwy Akjaderýanyň, Aral we Sarygamyş kölleriniň ýakalaryna ýaşaýşy getiripdir. B.e. öňki

III müňýyllygyň ortalaryndan I müňýyllygyň başlaryna çenli bütin çepkenar Horezmde häzirlikçe ol döwrüň ýadygärlikleriniň üsti açylanok. Bu ýerde bürünç asyrlary döwrüniň Täzeýap medeniýetiniň ýadygärlikleri hem ýok. Ol ýerde b.e. öňki IX asyr töweregi ekerançylykda täzeden peýdalanylyp başlanypdyr.

Demir asyrlary döwrüne degişli has irki medeniýet bolan Emirabat medeniýeti sag kenarda köp duş gelýär. Ol b.e. öňki IX-VIII asyrlara degişlidir. Çep kenarda Emirabat häzirlikçe diňe bir ýerde – Gaňňa-2 ýadygärliginiň aşaky gatlagynda ýüze çykaryldy, ol hem b.e. öňki IX-VIII asyrlara degişli. Emirabat medeniýeti öz ornuny Guýsaý medeniýeti bilen çalyşýar. Ol diňe b.e. öňki VII-VI asyrlarda Amyderýanyň Sarygamyş gollarynyň ýakalarynda mälimdir. Onuň ady Guýsaýyň (Guýysaýgyr ýa-da Sakarçäge) gyrynyň adyndan gelip çykypdyr. Guýysaýgyryň etegindäki pes düzlükde uly obaçylygy ýüze çykaryldy. Bu medeniýet ilkinji gezek Horezm arheologiýa etnografik ekspedisiýasynyň alymlary tarapyndan öwrenildi. Bu medeniýet üýtgeşik, özboluşly medeniýet bolup, ol diňe demirgazyk Türkmenistan üçin mahsusdyr.Biziň eýýamymyzdan öňki VIII asyryň ahyrlarynda Horezmde Guýsaý medeniýeti ýüze çykýar. Ol medeniýetiň ýaýran ýerleri Amyderýanyň gollary – Daşoguz welaýatynyň çäkleri hasaplanýar. Guýsaý medeniýetine degişli gadymy obalarda geçirilen gazuw – agtaryş wagtynda galla saklanýan humlar, uly küýzeler hem-de daş owguçlary tapylypdyr. Guýsaýlylar maldarçylyk bilen hem meşgul bolupdyrlar. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan süňkleriň arasynda gara mallaryň we gylýallaryň süňkleri agdyklyk edýär. Maldarçylyk bilen birlikde ilat metal işläp bejermek, küýzegärçilik, süňkleri we daşlary ýylmamak, şol sanda gymmat bahaly daşlary işläp bejermek işlerini ýerine ýetiripdirler. Guýysaýlylar oturymly ýaşapdyrlar, olaryň pagsadan gurulan jaýlary bolupdyr, jaýlaryň diwarlarynda bolsa

örülen ýa-da örülmedik gamyşdyr hyşa-da ulanylypdyr. Jaýyň ortasynda pjak bolupdyr. olaryň ýerzeminleri hem bolupdyr. Guýysaýlylaryň esasy käri maldarçylyk bolupdyr. olar gara mal, dowar, iki örküçli düýe, gylýal, doňuz, eşek, it saklapdyrlar. Olaryň ekerançylyk bilenem meşgul bolandyklary mesgenleriniň oturymlylygy bilen, ol ýerde owguçlaryň hem-de däne we beýleki önümleri saklar ýaly humlaryň tapylandygy bilen subut edilýär. Dahystandan, Eýrandan getirilen gap-gaçlar hem-de Köpetdag etegindäki mesgenleriň Ýaz II medeniýetiniň gap-gaçlary, lazurit we Pöwrüze daşlaryndan ýasalan önümleriň tapyndylary daşarky gatnaşyklaryň giň ýola goýlandygyny görkezýär. Türkmenistanyň çäklerinde irki demir asyrlary häzire çenli mälim bolan üç sany medeniýetiň arasynda bolan aragatnaşyklar şeýle kesgitlenildi. Olaryň bürünç hem demir önümlerini öndürmek işi bilen tanyşdygy hem subut edildi.

Görnüşi ỳaly, Türkmenistanda b. e. öňki II müñyyllygyñ ahyryndan - I müñỳyllygyñ ortalaryna çenli döwürde, demiriň ýüze çykmagy bilen Türkmenistanda öndüriji güýçler ep-esli ösüp, ykdysadyýeti ýokary göterilipdir. Esasan hem ekerançylykda uly özgerişler bolup geçipdir. Otrumly ýerleriň köpüsinde kanallar, suw howdanlary, ulyly-kiçili ýaplar çekilipdir. Ekerançylyk meýdanlary giňeldilip, bol hasyl alnypdyr. Şeýlelikde,ekerançylyk üçin özleşdirilen ýerler hemme sebitlerde üzül-kesil köpelýär.

Uly suwaryş desgalarynyñ döredilmegi we olaryñ abat saklanmagy ep-esli ýerleriň bir häkimỳet astynda birleşmegini hem-de çylşyrymly jemgyỳetçilik işleriniñ guralmagyny talap edipdir. Şol döwürde Merkezi Aziỳanyñ dürli-dürli böleklerinde: Parfiỳada, Margiỳanada, Baktriỳada ilkinji döwletler ýüze çykyp başlaýar. Horezmde hem taỳpa birleşmeşmeleriniň döwri tamamlanyp döwlet dolandyryş ulgamy kemala gelýär.

## 9. Türkmenistan Ahemeniler döwletiniň ýaşan döwründe.

Biziň eýýamymyzdan öňki VI asyryň ortalarynda Eýranyň ýerinde Ahemeniler döwleti döräpdir. Ony esaslandyran Ahemeni diýen adam bolup, şonuň ady bilen baglylykda döwletiň ady hem Ahemeniler döwleti adyny alýar. Bu döwlet 200 ýyldan gowrak wagt ýaşapdyr. Ahemeniler döwleti gadymy Gündogaryň güýçli imperiýalarynyň biri hasaplanyp, döwleti imperiýa derejesine ýetiren Kir II (b. e. öňki 558-530 ý.ý.) bolupdyr. B.e.öňki 550-nji ýylda pars taýpalarynyň biriniň serdary Kir Midiýanyň paýtagty Ekbatany basyp alypdyr.Şondan soň öňki Midiýa garaşly welaýatlar Ahemenileriň gol astyna geçipdir. Kir Kiçi Aziýada Midiýany, soňra Wawilony eýeläp, 539-njy ýylda Merkezi Aziýany basyp almaklyga girişipdir. Ol syýasy taýdan özara bileleşikde duran Baktriýany we Margianany, şeýle hem Sogdianany (Özbegistanyň Zerewşan we Kaşkaderýa sebitleri), Horezmi boýun egdiripdir. Emma b.e.öňki 530-njy ýylda Merkezi Aziýanyň çarwa taýpalary bilen bolan söweşde pars goşunlary derbi-dagyn edilipdir. Kir hem öldürilipdir. Uly goşunyň ýeňilip, beýik serkerdäniň özüniň hem öldürilmegi döwürdeşlerini haýran edipdir. Bu hakda köp rowaýatlar, çaklamalar döräpdir. Hat-da,ol söweşde ýeňiş gazanan çarwalaryň atlary hem dürli çeşmelerde dürli görkezilipdir. Geradot olara massagetler diýse, Beros dariler (dahlar), Ktesiýa bolsa derbikler diýipdir.



Tumar şa

Ahemeni döwletiniň gündogar serhetlerini çarwa taýpalaryň çozuşlaryndan halas etmek üçin Kir massagetleri

boýun egdirmegi ýüregine düwüpdir. Massagetler san taýdan örän köp edermen, söweşiji halk bolupdyr. Şol döwür olaryň patyşasy ölüp, onuň dul galan aýaly Tumar şa patyşalyk edýän eken. Kir massagetleri aňsat boýun etmek üçin Tumar şaha öýlenmegi ýüregine düwüp sawçy iberýär. Şawçylar Tumar şany razy bolsa, Kiriň ony özüne aýal edip aljakdygyny habar beripdirler. Tumar şa "Kire aýal däl-de, meniň ýurdum gerekdir" diýip, sawçylary kowupdyr. Pirimi başa barmadyk Kir urşa taýýarlyk görüp başlaýar.

Tumar şa: "Sen bu bet päliňden el çek! Ýörüşiňi bes et-de, yzyňa gaýt. Eger-de ony etmejek bolsaň, onda biz goşunymyzy derýadan üç günlük yza çekeli welin, arkaýyn biziň ýurdumyza geç, söweşi şol ýerde başlarys. Eger-de ony islemeseň, sen üç günlük öz ýurduňa tarap yza çekil, biz seniň ýurduňda urşa girişeli" diýipdir.Kir öz goşunyny derýadan geçirip şol ýerde goş basypdyr. Söweşe ukypsyz birnäçe adamy goşda galdyryp, goşunlary bilen ýene-de derýa tarap dolanypdyr. Mekir Kir öz bolýan ýerinde köp mukdarda çakyr galdyryp yza çekilýär. Ondan habarsyz massagetler Kiriň taşlap giden ýerinde keýpihonluk edýärler. Massagetleirň nökerlerine Tumar şanyň ogly Spargapis baştutanlyk edipdir. Massaget goşunlary Kiriň dűşelgesine gelip, ol ýerdäki adamlary öldüripdirler. Soňra Kiriň ýeňiş toýuna taýýarlap goýan çakyryna gözleri düşüp, ondan içip serhoş bolýarlar. Kir bolan işlere göz ýetirip, massagetleriň birnäçesini öldüripdir we beýlekileriniň ellerini zynjyrlapdyr. Olaryň arasynda Tumar şanyň ogly Spargapis hem bar eken.

Ýagdaýdan habarly Tumar şa çapar ýollap Kire şeýle mazmunly duýduryşy gowşurypdyr: “Ganhor Kir! Sen bu namartja üstünligiňe gabarma. Siz bulanyk üzüm suwundan bolan içgiden doýup eden-etdilige endik eden halk. Mert söweşde ýan bermedik oglumy siz zährimaryň aly bilen ele saldyňyz. Indi meniň sözüme gulak goý: meniň jigerbendimi goýber we başyňyz bitinkä, ýurdumyzdan gidiň. Eger

aýdanlarymy etmeseň, gana teşne agzyňy gyrmyzy gandan gerk-gäbe dolduraryn, özüňi-de oňa durşuň bilen gark ederin. Meniň hut şeýle etjekdigime massagetleriň keramatly howandary we hudaýy bolan mukaddes Günden ant içýärin!”.

Kir Tumaryň ogluny ýesirlikden boşatmandyr. Şazada pursat arap özűni hanjaryň üstüne oklap öldűripdir. Bu ajy habary eşiden massagetler gahar-gazaba münüp, duşman goşuny bilen söweşe giripdirler. Gerodotyň ýazmagyna görä, ol iň bir elhenç çaknyşyklaryň biri bolupdyr. Köp wagtlyk söweşden soňra massaget goşunlary ýeňipdir. Pars goşunlarynyň köpüsi, şol sanda patyşa Kiriň özi hem heläk bolupdyr. Grek awtorlarynyň ýazmaklaryna görä, söweşde Kir 200 műň adam ýitiripdir.

Tumar şanyň buýrugy boýunça söweş meýdanyndan Kiriň meýdini tapypdyrlar. Şa aýal içi gandan doldurylan meşige Kiriň kellesini atyp "gana suwsadyň, gana hem gark bol !" diýenmiş. Kiriň kellesi salnan ganly tulum Kiriň öz ýurduna iberilipdir. Bu waka b. e. öňki 530-njy ýylda bolup geçipdir.

Kir ölenden soňra onuň ornuna ogly Kambis (b. e. öňki 530-522 ý.) geçipdir. Şol döwürde Merkezi Aziýa Kiriň kiçi ogly Bardiýa hökümdar edilip bellenipdir. Kambis öz dogany Bardiýany ýaşyryn öldüripdir. Müsüriň üstüne Kambisiň geçiren ýörişi wagtynda Midiýanyň Gaumata atly ruhanysy özüni Kiriň ogly Bardiýa diýip yglan edip, b.e. öňki 522-nji ýylda Eýranda häkimiýeti basyp alýar. Kambis ýörişden gyssagly yzyna gaýdýar.

Gaumata häkimiýet başynda saklanmaga synanyşyp ol, halka birnäçe egilşikleri edipdir. Emma onuň garşysyna pars begleriniň dildüwşügi guralypdyr. Dildüwşijiler toparyna Ahemenileriň neslinden bolan Dariý baştutanlyk edipdir. Biziň eýýamymyzdan öňki 522-nji ýylyň sentýabr aýynda Gaumata öldürilip, ahemeniler döwletiniň başyna 28 ýaşly Dariý I (b.e. öňki 522-486-njy ýý.) geçipdir.

Şol wagtlar ýurduň hemme ýerinde halk gozgalaňlary başlanypdyr. Mysal üçin, Midiýada ahemenilere garşy ýerli şa neslinden bolan Farwartiş gozgalaň turzupdyr. Farwartişiň hereketine Parfiýa bilen Girkaniýa hem goşulypdyr. Gozgalaň turzan Farwartişiň garşysyna Dariniň özi çykypdyr ol söweşde midiýalylary ýeňipdir, Farwartiş bolsa Ekbatanda jezalandyrylyp öldürilipdir.

Biziň eýýamymyzdan öňki 521-nji ýylyň 12-nji iýulynda häzirki Kaka etrabynyň ýerindäki Gowşut demir ýol menziliniň golaýynda ýerleşen gadymy Patigrabana galasynyň ýanynda Dariý parfiýalylary agyr ýeňlişe sezewar edipdir, şondan soň Parfiýada Ahemenileriň häkimiýeti doly dikeldilipdir. Bisütün ýazgylarynyň berýän habaryna görä, Patigrabananyň ýanynda bolan söweşde parfiýalylaryň 6500 adamsy öldürilipdir we 4200 adamsy ýesir alnypdyr.

Bisütün ýazgylarynda Ahemenilere tabyn edilen döwletleriň arasynda Parfiýa, Horezm, Sogdiana, Baktriýa görkezilipdir. Margiana bolsa Baktriýa bilen syýasy hyzmatdaş bolup,käwagt olaryň ikisiniň bir welaýat hasaplananlygy üçin aýratyn ýazylmandyr. Emma Ahemenilere garşy baş göteren ýerler beýan edilende, Margiana ilkinjileriň hatarynda ýazylypdyr. Margianadaky gozgalaň heniz Kambis dirikä başlanyp, soňra Dariý I wagtynda has güýçlenipdir. Gozgalaňa Margianaly Frada atly adam ýolbaşçylyk edipdir. Gozgalaňçylary goňşulykda gum içinde ýaşan çarwa saklar goldapdyr. Fradanyň gozgalaňy Türkmenistanyň gadymy ýazuw ýadygärliklerinde mälim bolan ilkinji halk hereketidir. Margianadaky gozgalaňy ýatyrmak üçin Baktriýanyň satrapy Dadarşişiň ýolbaşçylygyndaky uly goşun iberilipdir. Bisütün ýazgysynyň habar bermegine görä, b.e.öňki 522-nji ýylyň 10-njy dekabrynda gozgalaňçylar derbi-dagyn edilipdir, 55 müň adam öldürilip, 6500-si ýesir alynypdyr. 521-nji ýylda Parfiýadaky we beýleki welaýatlardaky gozgalaňlar basylyp ýatyrylypdyr. Emma Garagumdaky çarwa halklar boýun

egmändir. B.e.öňki 517-nji ýylda Dariý I özi saklaryň garşysyna goşun çekip ugrapdyr. Söweşde sak goşunlarynyň esli bölegi ýok edilip, olara baştutanlyk eden Skunha bolsa ýesir alnypdyr. Ýöne munuň bilen hem iş tamamlanmandyr.



Türkmen zenany söweş lybasynda

Saklardan Syrak diýen bir çopan Dariý I-iň ynamyna girmek üçin öz bedenini gök-dalak, ýüz-gözüni persala edip, onuň ýanyna gelip, Sak serdaryndan jebir çekendigini, olardan ýaňa içiniň ýanyp durandygyny, eger-de islese oňa saklaryň galan goşunlarynyň nirede gizlenýändigini görkezjekdigini aýdypdyr. Dariý I onuň sözlerine ynanyp, yzyna düşüpdir. Syrak bolsa olary suwsuz çölüň jümmüşine alyp gidipdir.Olar ýedi gn ýol ýöränlerinden soňra,uly goşun suwsuz gyrlyp başlapdyr.Syrak heläk bolupdyr.Dariý goşunlarynyň bir bölegi bilen zordan Baktriýa dolanyp barypdyr.

Ahemeni patyşalary öz tabynlygyndaky welaýatlarda ýerli medeniýeti gysyp, Pars medeniyetini ornaşdyrmaga synanyşyk edipdirler. Emma ýerli sungat däpleri ýitmän saklanypdyr. Ýöne olar belli bir derejede Ahemenileriň sungat däpleri bilen goşulyşypdyr. Has takygy iki sungat bir-birine täsir edipdir. Mysal üçin, Kir patyşa özüniň agalyk eden ýyllarynda boýun egdirilen ýurtlarynyň iň gözel binagärçilik şekillendiriş sungatyny Suzi şäherinde gurulan köşklerde ulanmaklygy buýrupdyr. Şeýlelikde, köşkleriň sütünleriniň ýokary bölegi Müsür, Mesopotamiýa, Kiçi Aziýa, Margiana üzüm hoşalarynyň şekilleri bilen bezelipdir. Persepol şäherinde Dariý I mazarynda daşyň ýuzünde gara reňk bilen çekilen äpet uly hoşalar hem Margiana üzümleriniň hoşalarydyr.

Ahemeniler döwründe haryt gatnaşyklary ösüp başlapdyr. Altyndan hem-de kümüşden pul ýasalyp dolanyşyga

goýberilipdir. Suzi şäherinde we beýleki merkezi welaýatlarda Kiçi Aziýa, Baktriýa, Hindistana barýan ýollar gurlupdyr. Täze şäherler peýda bolupdyr. Bisütün ýazgylarynda şeýle şäherleriň hatarynda Parfiýanyň hem iki şäheri Patigrabana we Wişpauzatiş ýatlanyp geçilýär. Bu döwre çenli Parfiýada eýýam kärizler bar eken. Ahemeniler käriz gurany salgytdan boşadany üçin, ýene ençeme kärizler gurlypdyr. Margianada täze oazisler döräpdir, şol oazisleriň birinde Merw şäheriniň iň gadymy özeni Erkgala peýda bolupdyr. Ol häzir opurylyp giden galalaryň örküçleriniň arasynda äpet uly aý ýaly bolup ýatyr. Erkgalada gazuw-agtaryş işleri geçirilende b.e.öňki I müňýyllygyň ortalaryna degişli gatlakdan düýbi ýalpak küýze gaplar, sapan üçin laýdan edilen göjekler tapyldy. Erkgalanyň gurluşynda ullakan süýri kerpiçler bilen harsaň-harsaň pagsalar ulanylypdyr. Galanyň merkezinde 15 metrlik beýik tekizligiň üstünde ägirt desga, häkimiň köşgi bina edilipdir. Hasaplamalara görä, şol tekizligiň gurluşygyna 3 milliona golaý çig kerpiç gidipdir. Şäheriň töweregini gurşap oturan galanyň düýbüniň ini bolsa 20 metrden hem köp bolupdyr. Şol döwürde gurluşykda täze harby inženerlik gurluşyklary pudagy döräp başlapdyr. Horezmdäki Küýzeligyr şeýle gurluşygyň aýdyň mysalydyr. Galanyň diwaryndaky süýri diňleri atyjylar üçin niýetlenilen küşt tertibinde ýerleşdirilen deşikleri bolupdyr. Ahemeniler döwletinde söwdanyň, pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi bilen demirçilik, ylaýta-da, ýarag ýasaýan ussaçylyk, zergärçilik örän düşewüntli käre öwrülipdir. Dariý I döwründe altyn teňňeler zikgelenip başlapdyr.Gerodotyň habar bermegine görä: Dariý teňňeleriň zikgelenmegi üçin mümkin boldugyça iň arassa altyny eretmeli diýip höküm edipdir.

**Bisütün ýazgysy.**

Dariý I-niň (521-486ýý) Bisütin ýazgysynyň ähmiýeti biçak uludyr. Ol Ahemeni şalarynyň miras goýup giden iň möhüm ýazuw ýadygärligidir. Ol dünýä boýunça hem iň uly

ýazuw ýadygärlikleriň biridir. . Bisutin ýazgylary Dariý I buýrugy boýunça şine şekilli hatyň dürli görnüşleri bilen gadymy pars (arameý), elam (mesopatamiýa)  hem-de akkad (wawilon) dillerinde Midiýada gaýanyň ýüzüne oýulyp ýazylypdyr. Bisutin "Baga-stana", ýagny "hudaýyň ýeri" (Ahurmazda hudaýynyň ýeri) diýen manyny anladypdyr. Soň-soňlar bu at şol töwerekde ýaşan ilat tarapyndan "bisutin" sözüne öwrülipdir. Bu gaýa ýazgylary Eýranyň Hemedan şäherinden Siriýa tarap gidýän ýoluň bir gapdalynda ýerleşýär.

Ýazgy şeýle sözler bilen başlanýar. "Men - Dariý, beýik patyşa, patyşalaryň patyşasy, Parsda, ýurtlarda patyşa, Wiştasnyň ogly, Arşamyň agtygy, Ahemenid". Ýazgylarda Dariý I öz  nesil daragtyny beýan edipdir. "Biziň urugymyzdan, menden ozal 8 patyşa bolup geçipdir. Men olaryň dokuzynjysy" diýip ýazypdyr. Ýazgylarda Dariýniň haýsy ýurtlara ýöriş edendigi, nireleri basyp alandygy, nirelerde oňa garşy gozgalaňlar bolandygy, şol gozgalaňlary haçan we nähili ýatyrandygy barada-da maglumat berilýär.

Büsütin ýazgysy miladydan öňki 521-518-nji ýyllar aralygynda Dariý I tagta çykan döwrüniň yz ýanynda onuň gazanan harby ýeňişlerini ebedileşdirmek maksady bilen gadymy Midiýanyň çäginde,häzirki Eýran Yslam respublikasynyň Kermanşa we Hemedan şäherleriniň aralygynda ýerleşen 111 metr belentlikde ýerleşen Bisütün atly çürt-kesik gaýanyň ýüzünde ýazylypdyr. Bu ýazgy ýewropaly alymlara XVII asyryň başyndan bäri belli bolupdyr. Şondan soň olar 200 ýylyň dowamynda ony okamagyň ýoluny agtaryp gelipdirler. 1802-nji ýylda bu kyn meseläniň çözgüdini tapmak nemes alymy Georg Grotefende başardypdyr. Häzirki döwürde Bisütün ýazgysy dünýäniň medeniýetli halklarynyň ählisiniň dillerinde diýen ýaly terjime edilipdir.

Käbir alymlar Bisütün ýazgysy dünýä taryhy üçin antik döwrüň grek ýazyjylarynyň ählisiniň eserleriniň berýän

maglumatlaryndan hem köp maglumat berýär diýip hasap edýärler.

Türkmenistanyň taryhy üçin hem Bisütün ýazgysynyň belli bahasy ýokdur. Onda habar berilýän miladydan öňki 521-nji ýylyň fewral aýynyň 22-de we aprel aýynyň 1-nde ahemeni goşuny bilen parfiýalylaryň şol ýylyň dekabr aýynyň 23-de Margianada bolan söweşleri barada maglumat Türkmenistanyň taryhynda duş gelýän iň gadymy takyk we anyk senelerdir.

B.e.öňki VI asyrda emele gelen Ahemeniler döwleti iki asyr ýaşapdyr. Bu döwlet dünýä taryhynda onlarça pars gatnaşyklaryny we Müsürden tä demirgazyk Günabatar Hindistana çenli bolan döwletleri we halklary birleşdiren iri döwlet bolupdyr. Ol dünýäniň uly bir böleginde dagynyk ýagdaýda ýaşan halklary we ilatlary syýasy ykdysady we medeni babatdan birleşdiren ilkinji dünýä döwleti bolupdyr. Ahemeniler döwletiniň taryhy hakykatda Orta Gündogar hem-de Merkezi Aziýa halklarynyň taryhydyr.Onuň paýtagty Persepol şäheri bolupdyr.

Parslar Günorta Eýranda mekan tutupdyrlar. Soňra tutuş Eýrany eýeläpdirler. “Awestada” olar “azat” diýlip atlandyrylýar. Taryhy däplere görä, “azatlar” ariýler bolupdyr. Ariýleriň eýelän ýurduna soňlugy bilen Eýran diýip at beripdirler. Iňňän gadymy döwürde Eýranyň parslar tarapyndan eýelenen günorta bölegi şumerler tarapyndan “Nim” (belent) diýlip atlandyrylypdyr. Akkadlar bolsa oňa “elamtu” diýip at beripdirler. Elamtu il arasynda daglyk ýurt diýmegi aňladypdyr. Elamlylar bolsa öz ýurtlaryna “hatamtu” diýlipdirler. Rowaýatlara görä, şu ýurtda birwagtlar göçüp gelip hökümdarlyk eden parslaryň abraýly maşgalalaryndan biri Ahemen b.e.öňki VIII asyryň ahyrynda we VII asyryň başlarynda öz nesilşalygynyň düýbüni tutupdyr. B.e.öňki VII asyrda onuň ogly Çişpiş pars taýpalarynyň bileleşigini düzýär. Takmynan, b.e.öňki 640-njy ýyla degişli şine hatlarda Parsumaş, ýagny pars milletiniň patyşasy hökmünde Kir I-niň

ady tutulýar. Kir I pars patyşalyklarynyň köpüsini birleşdirip döwlet döredipdir.

Bisütün ýazgylaryna görä, parslara tabyn bolan halklaryň we ýurtlaryň tertibinde Merkezi Aziýanyň birnäçe welaýatlary Margiana, Baktriýa, Horezm we Saklaryň ýerleri hem bar.

Köşk agdarlyşygy sebäpli Kambis öz dogany Bardiýany öldürip, bu wakany halkdan gizleýär. B.e.öňki 526-njy ýylda Kambis Müsüri boýun egdirmäge gidende Bardiýanyň öldürilendigi halka mälim bolýar we onuň bilen bagly her hili rowaýatlar peýda bolýar. B.e.öňki 522-nji ýylda Zarduştlaryň Gaumata diýen ruhanysy: "Men Kiriň ogly Bardiýadyryn diýip" halka ýüzlenip çykyş edýär. Garamaýak halk Kambisden ýüz öwrüp Gaumata goşulýar we ol Persiýada-da häkimiýeti ele alýar. Ony eşiden Kambis tiz Müsürden Eýrana gaýdýar. Emma käbir sebäplere görä heläk bolýar. Şondan soň Gaumata Bardiýa ady bilen özüni şa diýip yglan edýär. Bardiýa häkimiýeti ele alanda halk köpçüligine daýanmak bilen emeldarlara garşy çykypdyr. Ol ilaty üç ýyllap döwlet salgytlaryndan we harby gullukdan azat edipdir. Bu habar Merkezi Aziýa hem gelip ýetýär. Beýle ýagdaýdan närazay bolan köşk emeldarlary b.e.öňki 522-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Gaumatany öldürip, ahemeni Dariý I tagta geçirýärler. Bu habar tutuş ýurtda giň halk köpçüliginiň gozgalaň turuzmagyna sebäp boldy. Margianadaky gozgalaň heniz Kambis dirikä başlanyp, soňra Dariý I wagtynda has güýçlenipdir. Gozgalaňa Margianaly Frada atly adam ýolbaşçylyk edipdir. Gozgalaňçylary goňşulykda gum içinde ýaşan çarwa saklar goldapdyr. Fradanyň gozgalaňy Türkmenistanyň gadymy ýazuw ýadygärliklerinde mälim bolan ilkinji halk hereketidir. Margianadaky gozgalaňy ýatyrmak üçin Baktriýanyň satraby Dadarşişiň ýolbaşçylygynda uly goşun iberilipdir. Bisütün ýazgysynyň habar bermegine görä, b.e.öňki 522-nji ýylyň 10-njy dekabrynda gozgalaňçylar derbi-dagyn

edilipdir, 55 müň adam öldürilip, 6500-si ýesir alynypdyr. 521-nji ýylda Parfiýadaky we beýleki welaýatlardaky gozgalaňlar basylyp ýatyrylypdyr.

30-njy sentýabrda Margianada Fradanyň baştutanlygynda gozgalaň başlandy. Ýöne ol 10-njy dekabr güni Dariý I tarapyndan rehimsizlik bilen basylyp ýatyryldy. Dariý I-niň Bisütün ýazgylarynda Margiana gozgalaňy barada aşakdakylar ýazylypdyr: "Şa Dariý aýtdy: Marguş Margiana atly ýurt menden bölünip çykdy. Gozgalaňçylar Frada diýen Margianaly adamy özlerine ýolbaşçy etdiler. Soňra men Baktriýa satraby Dadarşişe adam iberdim. Oňa şeýle diýidm: Bar men ykrar etmeýän onuň leşgerlerini kül-peýkun et. Soňra Dadarşiş goşun bilen onuň üstüne ýöriş edip margianalaylar bilen söweşdi. Ahuramazda maňa kömek etdi. Ahuramazdanyň ýardamy bilen meniň goşunlaryny duşman güýçlerini çym-pytrak etdi. Soňra ýurt ýene-de meňki boldy".

Dadarşiş öz goşunlaryna söweşde ýesir almazlygy tabşyrypdyr. Margianada Dariý I-e garşy bolan gozgalaň Aziýa welaýatlarynda ýeke-täk däldi. Margianalylar bilen bir wagtda Parfiýada hem giň halk köpçüliginiň gozgalaňy boldy. Bu gozgalaň b.e.öňki 521-nji ýylyň tomsuna çenli dowam etdi. Dariý I döwründe oňa garşy saklar hem baş göterdiler. Bisütin ýazgylarynda Dariý I saklaryň ýurduna eden ýörişi hakynda ýazgylar saklanyp galypdyr. Olarda ýadylyşy ýaly, dariý saklary kowalap Aral deňziniň kenarlaryna çenli barypdyr. Saklaryň hökümdaryny ýesir alypdyr, başga bir Skunha atly leşgerbaşyny saklaryň özi Dariý I tabşyrypdyrlar. Şondan soň Saklaryň ýurdy Dariý I döwletiniň düzümine giren welaýatlaryň birine öwrülipdir. Bu wakalar b.e.öňki 520-518-nji ýyllarda bolup geçipdir.

B.e.öňki 522-521-nji ýyllarda bolup geçen halk gozgalaňlary Dariý I içerki syýasata üns bermäge mejbur etdi. Ol hatda köşk emeldarlarynyň hukuklaryny-da çäklendirip,ýurtda tertip-düzgünleri berkidipdir.

Geradotyň habar bermegine görä, Dariý I öz döwletini aýry-aýry welaýatlara we satraplyklara bölüp dolandyrypdyr. Her bir satraplyk her ýyl döwlet hazynasyna belli bir möçberde salgyt tölemäge mejbur edilipdir. Salgydyň mukdary adatça kümüş talan bilen ölçelipdir. Bir talan 34 gram altyna deň bolupdyr. Satraplyklardan salgyt almagyp ýeke-täk düzgüni işlenip taýýarlanypdyr. Şoňa laýyklykda Dariý I altyn darik teňňe birligini ýasadypdyr. Bir darik 8.4 gram altyna, 20 kümüş teňňä, 5.6 gram kümüşe deň bolupdyr. Altyn darikleri diňe şa,kümüş teňňeleri bolsa welaýat häkimleri hem çykaryp bilýärdi.

Satraplyga häkim-satrap ýolbaşçylyk edýärdi. Ol çäklendirilmedik häkimlik hukugyna eýe bolmak bilen onuň elinde harby we raýatlyk häkimýeti jemlenipdir. Satrap öz welaýatynyň çäklerinde kazylyk etmek we halkdan her hili salgytlary ýygnap almak, öz adyndan mis we kümüş teňňeleri çykarak hukugyna eýe bolupdyr. Adatça, satraplyga diňe Ahemeniler maşgalasyna degişli bolan parslar ýolbaşçylyk edipdirler. Satraplaryň işine hemişelik gözegçilik etmek üçin ýörite emeldarlar, habar beriji goýlupdyr. Olar şanyň ýerlerdäki "gözi" we "gulagy" bolupdyrlar.

Merkezi Aziýanyň çäkleri Ahemeniler tarapyndan ençeme satraplyga bölünip edara edilipdir. Baktriýa Margiana bilen 12 satraplykdan ybarat bolupdyr. Ol her ýyl patyşa hazynasynda 360 talant salgyt töläpdir. Parfiýa, Horezm, Sogd, Ariýa bilelikde 16 satraplykdan ybarat bolup ýylyna 300 talant salgyt töläpdirlar. Saklar we hazarlylar bolsa 15 satraplyk bolup, olar Dariý I hazynasyna 250 talant salgyt töläpdirler.

Merkezi Aziýanyň ilaty şanyň hazynasyna her ýyl töleýän belli bir mukdardaky salgytdan daşary iri döwlet gurluşyklarynda işläp bermäge hem mejbur edilpdir. Meselem, Persepoldaky şa köşgüniň gurluşygynda Suza we Ekbatandaky iri desgalaryň gurluşygynda Merkezi Aziýalylar işlemäge mejbur bolupdyrlar. Dariý I Suzuda şa köşgüniň gurluşygynda

Baktriýa,Sogdiana we Horezmden getirilen materiallar hem peýdalanylypdyr. Suzudaky şa köşgi Lidiýa we Bakltriýa altynlary bilen bezelipdir. Lazurit we Serdalit ýaly gymmatbaha daşlar Sogdianadan getirilipdir, pöwrize bolsa Horemzden getirilipdir.

Biziň eýýamymyzdan öňki IV asyryň başlarynda Ahemeniler döwleti gowşap başlapdyr. Döwlet Günortada Müsürden başlap Gündogarda Hindistana, demirgazykda bolsa Horezmden Pars aýlagyna çenli aralyklary öz içine alyp, köp sanly halklary özüne tabyn edipdir. Şol sebäpli bu döwlete goşulan halklar öz garaşsyzlyklary ugrunda göreşip başlapdyrlar. Üstesine-de Ahemeni döwletinde häkimiýet ugrunda köşk agzalalyklary başlanyp, ahemeniler döwletiniň merkezi häkimiýetini ymykly gowşadypdyr. Munuň özi satraplyklaryň dolandyryjy toparlarynda özbaşdaklyk meýilleriniň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr. Tabynlykdaky halklaryň birnäçesi döwlet gaznasyna salgyt bermesini kesipdirler. Döwlet ykdysady taýdan doly pese gaçypdyr. Şeýle ýagdaýda Makedoniýada häkimiýet başyna geçen Aleksandr Makedonskiý basybalyjylykly ýörüşe başlapdyr. Ahemeniler döwletiniň iň soňky patyşasy Dariý III b.e. öňki 334-nji ýylda 22 ýaşly Aleksandr Makedonskiniň (Isgender Zülkarneýiniň) goşunlarynyň garşysyna uruşmaga mejbur bolupdyr. Ahemeni patyşasy Artakserksiň ýurdy dolandyran ýyllarynda (b.e. öňki 404-359 ýý.) Horezm özbaşdak döwlete öwrülýär. Biziň eýýamymyzdan öňki IV asyryň ortalaryndan çarwa dah, sak we beýleki taýpalar hem ahemenileriň agalygyny ykrar etmän başlapdyrlar. Merkezi Aziýanyň uly bölegi b.e.öňki VI-IV asyrlarda Ahemenileriň golastynda bolupdyr. Diňe b.e.öňki IV asyrda merkezi häkimlik özüniň ozalky ýagdaýyny ýitirip başlady. Onuň çetki ülkelerindäki käbir welaýatlar Ahemenileriň täsirinden çykyp özbaşdak içerki we daşarky syýasat ýöretmäge başladylar. Ine, şeýle welaýatlardan biri hökmünde Horezm b.e.öňki IV asyrda taryhy meýdana

çykypdyr. Ahemenileriň agalygy döwründe Demirgazyk Türkmenistanda uly şäherlerden 20 gektar meýdany tutan Küýzeligyr galasy has oşupdir. Onuň uzynlygy 1000 metre, ortasynyň ini 400 metre ýetipdir. Şeýle-de bu ýerde meýdany 63 gektar möçberindäki Galalygyr galasy öz döwründe uly şäher gala bolupdyr. Şäherlerde ýaşan ilat küýzegärçilik, metal önümçiligi, dokmaçylyk bilen meşgullanypdyr. Olar şeýle-de ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Ekin meýdanlaryny suwarmak üçin köp sanly kanallary we ýaplary çekipdirler. Şonuň ýaly-da,gadymy Horezmiň irki şäherlerinden Köne Was,Galaly II,Akjagelin,GaňňaI,Şasenem,Diýarbekir, Kyrkmolla we beýlekiler şäher galalar ösüpdir.

Ahemeniler döwründe halkara söwda gatnaşyklary üçin amatly şertler döräpdir. Olaryň döwleti syýahatçylar we alymlar üçin açyk bolupdyr. Gadymy grek taryhçylary Gekateý, Gerodat, Demokrit we başgalar şu döwürde Gündogar ýutlaryna syýahat edipdirler we grekleri gündogar halklarynyň medeniýeti bilen tanyşdyrypdyrlar.

Ahemeniler döwletinde senenama girizilipdir. Bu senenama Müsür senenamalaryna meňzeş düzülipdir. Ol bir ýylda 12 aý, her aýda 30 gün we ýene-de 5 gün goşulup 365 günden ybarat düzülipdir. Merkezi Aziýa Parfiýa, Pars, Sogdy we Horezm ýazuwy ýaýrapdyr. Bu ýazuwlar Merkezi Aziýada we Eýranda arap hatynyň ornaşmagyna çenli saklanypdyr.

Merkezi Aziýanyň halklary bu döwrűň sungatynyň ösűşine, ajaýyp ýadygärlikleriniň döremegine öz goşantlaryny goşupdyrlar. Bisutin ýazgysynyň habar bermegine görä, Suzydaky köşgüň bezegi üçin gerek bolan altyn Baktriýadan, Sogdiýanadan, pöwrűze daşy bolsa Horezmden getirlipdir. Şeýlelik bilen, bu döwűrde Merkezi Aziýada döredilen medeni gymmatlyklar köp asyrlaryň dowamynda saklanyp galypdyrlar. Megerem, şu döwürden başlap halyçylyk kämil sungat hökmünde mälim bolupdyr. Häzirki wagtda Sankt-Peterburgdaky Ermitažda saklanýan halylar ýygyndysy bu

sungatyň iň gadymy nusgalary hasaplanýar. Olar b.e.öňki V-IV asyrlarda, ýagny Ahemeniler döwründe Günorta Türkmenistanda we Eýranda dokalypdyr. Ol halylary professor S.I. Rudenko 1947-nji ýylda daglyk Altaýyň Pazyryk diýen ýerinde gazuw-agtaryş işlerini geçirende tapypdyr. Şonuň üçin olara Pazyryk halylary diýilýär. S.I. Rudenkonyň pikiriçe, olary bu ýere söwda kerwenleri getiripdir. Pazyryk halylary häzirki türkmen halylaryna, ylaýta-da ýomut halylaryna meňzeş bolupdyr.

Pazyryk depeden halynyň nagyşlary häzirki türkmen halylarynyň göllerine gabat gelýänligi şol döwürde dokma we halyçylyk sungatynyň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär.

Bu döwrüň çeperçilik senediniň ösen derejesini "Amyderýanyň hazynasy" diýlip atlandyrylýan tapyndylar hem görkezýär. Bu hazynanyň düzüminde altyndan, kümüşden, bürünçden ýasalan dürli şaý-sepleriň jemi 180 sanysy, altyn we kümüş teňňeleriň uly toplumy bolup, Gadymy Baktriýanyň senetçileriniň ussatlyklary bu işlerde öz ornuny tapypdyr. Bu ýerde atlara tirkelen altyndan ýasalan arabajygy, adam heýkellerini, adamyň egin-eşikleriniň we ýaraglarynyň ähli aýratynlyklaryny özünde jemleýän adamyň ýasy plastinkalara çekilen şekilini, ýylanyň ýa-da tekäniň altyndan ýasalan kellejiklerini we ş.m. görmek bolýar. Türkmenistanyň ekerançylyk ýerlerinde biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllygyň başlarynda otparazçylyk dini ýaýrapdyr. Otparazçylyk done dininiň mazmuny hem-de dűzgűnleri mukaddes Awesta kitabynda beýan edilipdir. Awestada Merkezi Aziýanyň beýleki űlkeleri bilen bir hatarda Parfiýa, Margiana, Horezm we Girkaniýa agzalýar. Bu maglumatlar otparazçylyk dininiň Türkmenistanyň köp ýerlerine ýaýrandygyny görkezýär.

## 10. Türkmenistan Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi döwründe. Selewkileriň döwleti.

Aleksandr Makedonskiýniň musulman ýurtlarynda ýörgünli ady Isgender Zülkarneýindir. Oňa bu ady araplar dakypdyrlar. Aleksandr Makedoniýa ýurdundan bolandygy üçin ony Aleksandr Makedonskiý diýip atlandyrypdyrlar.

Makedoniýa Gresiýanyň demirgazyk çetinde ýerleşen kiçiräk ýurt bolupdyr. Makedoniýanyň patyşasy Filipp II (b.e. öňki 359-336 ýý.) Gresiýa ýerlerini özüne birikdiripdir. Filipp patyşanyň gowy ýaraglandyrylan hem-de tälim berlen güýçli goşuny bolupdyr. Ol b.e. öňki 337-nji ýylda Gresiýadaky Korinf kongresinde Gresiýanyň üstünden Makedoniýanyň agalygyny hukuk taýdan kanunlaşdyrypdyr.

Şol wagtdan Filipp II Ahemenilere garşy uruşa taýýarlanyp başlapdyr. Emma Filipp II oz goragçylarynyň biri tarapyndan öldürilipdir. Goşun onuň 20 ýaşly ogly Aleksandry tagta geçiripdir. Aleksandr Ahemeni döwleti bilen urşa taýynlyk görüp başlapdyr. Ol goşunyň kämilleşmegine, ylaýta-da atly goşuna üns beripdir.

Köşkde bolup geçýän agzalalyklar Ahemeni döwletini gowşadypdyr. Halk köpçüligi ahemenileriň ýowuz sütemine garşy göreş alyp barypdyr, gozgalaňlar üznüksiz ýüze çykyp durypdyr. Üstesine-de, ahemenilerde häkimlik ugrunda tagt mirasdüşerleriniň arasynda göreş dowam edipdir. Netijede b.e. öňki 336-njy ýylda ahemenileriň iň soňky patyşasy Dariý III Kodoman tagta (b.e. öňki 336-330 ýý.) çykypdyr.

Ahemenileriň şu ýagdaýynda hem grek-pers urşy başlanypdyr. Granik derýasynyň kenarynda b.e. öňki 334-nji ýylyň ýazynda grek-makedon goşunlary ilkinji söweşde parslaryň goşunyny derbi-dagyn edýärler. Biziň eýýamymyzdan öňki 331-nji ýylyň oktýabr aýynda Demirgazyk-Gündogar Derýaaralygynyň (Mesopotamiýa) Gawgameli obasynyň eteginde uly söweş başlanýar, pars

goşunlary Dariý III günäsi bilen ýene-de ýeňlişe sezewar edilýär. Dariý III söweş meýdanyny taşlap gaçyp gidýär. Aleksandr Wawilon, Suzy, Persepol şäherlerini hem basyp alýar. Bu şäherler grek-makedon goşunlary tarapyndan 7 günläp talanypdyr. Ýeňijileriň paýyna ahemeni patyşalarynyň ähli baýlygy-gaznasy düşüpdir.

Bu söweşde Dariýniň aýaly, iki gyzy Aleksandra ýesir düşüpdir.

Şondan soň Aleksandr Kiçi Aziýany, Siriýany,Palestinany we Müsüri basyp alýar.

Aleksandr Makedonskiý Dariý III yzarlap, Parfiýanyň günbatar çäklerine aralaşanda pers goşunlarynyň ýeňilmeginiň sebäpkäri hökmünde Dariý III-ni ýanyndaky ýakyn adamlary Bessiň ýolbaşçylygynda öldüripdirler .Baktriýanyň satraby Bessi bolsa “Aziýanyň patyşasy” diýip yglan edipdirler. Bess Baktriýa dolanyp barypdyr. Oňa Sogd, Ariýa (häzirki Hyrat sebitleri) hem boýun egipdir. Käbir maglumatlara görä, ol öz häkimligini Parfiýa hem ýetirjek bolup çalyşypdyr.Aleksandr Makedonskiý Dariý III jesedini patyşalara mynasyp hormatlar bilen jaýlamaklyga rugsat berip,Persiýa ugradýar.Bu ýagdaý oňa persleri öz tarapyna çekmeklikde uly bähmiýete eýe bolýar.

Aleksandr Merkezi Aziýa ýurtlaryny basyp almaga girişipdir. Basybalyşlar başda birneme parahatçylyk bilen geçipdir. Biziň eýýamymyzdan öňki 330-njy ýylyň ortalarynda Aleksandr Girkaniýany eýeleýär. Aleksandr Makedonskiniň goşunlary girkaniýanyň esasy şäheri Zadrakarta şäherine örän parahatçylykly ýagdaýda giripdirler. Girkaniýada goşuna iki hepdeläp dynç beripdir we dürli görnüşli sport ýaryşlaryny geçiripdir.Şeýdip ol täze eýelenen ýerleriň adamlaryna grek-makedonlaryň ýaşaýyş durmuş artykmaçlykarynyň bardygyny görkezmek isläpdir. Soňra Aleksandr Parfiýa tarap ýola düşüpdir. Parfiýanyň satraby Fratafern Aleksandr Makedonskiniň öňünden çykyp, oňa özüniň boýun egýändigini

mälim edipdir we Parfiýa oňa hiç hili garşylyk görkezmezden boýun bolupdyr.

B.e. öňki 330-329-njy ýylyň gyşyny Aleksandr Parfiýada geçiripdir. Onuň Parfiýada gyşlan şäheri Täze Nusaýdyr diýip çaklanylýar. Parfiýada bolan wagtynda Aleksandr ilkinji gezek başyna täç geýipdir we ýerli han-begler bilen ýakynlaşýandygyny görkezmek üçin grek lybasy bilen gatyşyk baý gündogar lybasyny geýipdir.

Biziň eýýamymyzdan öňki 329-njy ýylda Aleksandr Makedonskiý Parfiýadan Ariý satraplygyna ugrapdyr. Ariý satraby Satibarzan Aleksandryň öňünden çykyp, oňa tabyn bolupdyr. Aleksandr Satibarzany Ariýanyň satraby wezipesinde galdyrypdyr. Bu ýerde gözegçilik etmek üçin Anaksippanyň ýolbaşçylygynda 40 sany atlyny goýup gidýär. Aleksandr gidenden az wagt geçen soň Satibarzan Aride gozgalaň turzup, bu ýerde galdyrylan grek goşunyny gyrypdyr. Bu habary eşiden Aleksandr 6 müň adamdan ybarat pyýada we 600 adamdan ybarat atly goşuny Ariý satraplygyna iberýär. Söweşde Satibarzan agyr ýaralanyp wepat bolýar.

Grek goşuny Satibarzany goldan obalary we Ariniň paýtagty Artokoany weýran edipdirler, adamlaryny bolsa gyrgyna beripdir. Aleksandr Makedonskiniň ýörişleri Gűnorta Türkmenistanyň köp ýerleriniň tozmagyna sebäp bolupdyr. Aleksandr Makedonskiý Ariýada bolan wagty Gündogary howlukman,ýuwaş-ýuwaşdan basyp almaklygyň mümkidigine göz ýetirýär.Şeýlelikde ,Hindiguşyň üsti bilen geçip,Baktriýany basyp almaklyga girişýär.Aleksandryň goşuny b.e. öňki 328-nji ýylyň ýazynda Baktriýa aralaşypdyr. Muny eşiden Bess Amyderýadan geçip demirgazyga tarap çekilipdir. Şol ýerde Bessiň öňki egindeşleri ony tussag edip, Aleksandryň serkerdeleriniň birine beripdirler.Şondan soň Aleksandryň goşunlary Amyderýadan geçip,Marakanda (Samarkant) şäherine tarap hereket edip,ony eýeläpdirler. Birnäçe wagt geçenden soň, grek-makedon agalygyna garşy Ýaksardyň çep

tarapyndaky şäherlerde gozgalaň turup başlaýar. Şeýle gozgalaňlar Baktriýada, Sogdyň başga ýerlerinde hem turup, basybalyjylara uly howp salyp başlaýar. Şeýlelik bilen, Merkezi Aziýa halklarynyň grek-makedon basybalyjylaryna garşy ählumumy göreşi başlanýar.

Halk hereketleriniň iň ulusyna Sogdianaly Spitamen ýolbaşçylyk edipdir we esasy wakalar Sogdianada bolup




geçipdir. Aleksandr Makedonskiý Spitameniň üstüne gaýta-gaýta ýöriş gurapdyr. Agyr söweşler bolupdyr. Ol söweşlere Spitameniň tarapyndan massaget, dah taýpalary hem gatnaşypdyr. Çak edilişine görä, gadymy grek taryhçysy Arrianyň Baktriýada duran grek-makedon goşunlarynyň üstüne çozan “Skif atlylary” diýýänleri-de Günorta-Gündogar Türkmenistanda Margiana oazisiniň çäklerinde ýaşan maldarlar bolmaly. B Makedonskiý b.e.öňki 328-nji ýylda Marakanda gelipdir. Spitameniň gozgalaňy basylyp ýatyrylypdyr, Spitamen wepat bolupdyr. Spitameniň heläk bolmagy keseki ýurtly basybalyjylaryň doly ýeňişini we ýerli ilatyň boýun egdirilmegini aňlatmandyr. Sogdydaky ýagdaý basybalyjylar

üçin edil öňkisi ýaly howply bolmagynda galypdyr. Şonuň üçin, Aleksandr Makedonskiý b.e. önki 328-327-nji ýylyň gyşyny boýun egdirilmedik Sogdyda geçirmeli bolupdyr.

Diňe Horezm Aleksandr tarapyndan Merkezi Aziýanyň basylyp alnan döwründe öz garaşsyzlygyny saklap bilipdir. "Biziň eýýamymyzdan öňki 328-327 ýyllarda Aleksandryň Baktriýada gýşlan döwründe Horezm şasy Farasman onuň ýanyna 1500 atlysy bilen gelip, kolhlylaryň we amazonkalylaryň garşysyna bileleşik döretmegi teklip edipdir" diýip, taryhçy Arrian habar berýär. "Eger Aleksandr şol tarapa ýöriş etmekçi bolsa, horezmliler muňa azyk we ýola belet adamlary berip bilerler" diýip,Farasman aýdypdyr. Aleksandr ýöriş etmekden ýüz dönderipdir, emma Horezm we sak taýpalary bilen dostluk ylalaşygyny baglaşypdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki 327-nji ýylyň tomsunda grek-makedon goşunlary Hindiguş daglaryndan geçip, Hindistanyň garşysyna ýörişe ugrapdyrlar. Emma Hindistana ýöriş Aleksandra űstűnlik getirmändir. Şondan soňra Aleksandr Hindistanyň jümmüşine gaty aralaşman Wawilona, öňki basyp alan ýerlerine tarap yzyna öwrülipdir.

Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi 10 ýyl (b.e. öňki 334-324 ýý.) dowam edipdir. Aleksandr Makedonskiý basyp alan ýerlerinde ornaşmak üçin rehimsiz çäreler bilen bir hatarda ýerli ilatyň ýokary gatlagyny tarapyna çekmek ýaly usullary ulanypdyr. Mysal üçin, ol Gawgamelli söweşinden soň, Parfiýada saklanyp, goşunlaryna dynç berýän mahaly ilkinji gezek zynatly tikilen Gündogar lybasyny geýmegi onuň ýerli däpleri "gaýry saýmaýandygyny" alamatlandyrýardy. Rowaýata görä, ol haýsy ýurtda bolsa,şol ýerde ýerli bagşylaryda diňlär eken.Merkezi Aziýada eşiden aýdymlaryndan "Ýelpeselendi" (türkmenlerde ol "Nar agajy" ady bilen bellidir) aýdymy gulagyna has ýaranmyş. Şol sebäpden bu saz grek-makedon goşunlarynyň senasy hökmünde girizilenmiş. Spitameniň gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soňra, ýerli ilatdan

bolan ýaş ýigitlerden 30 müňüsi grek-makedon goşunlarynyň hataryna alnypdyr. Iş ýüzünde bolsa ol ýigitler ýöne esger däl, tabynlylygyň girewi hökmünde alnypdyrlar.Aleksandryň özi Baktriýanyň satraby Oksiartyň gyzy Roksana, onuň ýakyn egindeşleriniň biri Selewk Spitameniň gyzy Apama öýlenipdir. Käbir maglumatlara görä, Aleksandr Makedonskiniň Amyderýanyň boýunda toý tutup alan aýaly Roksana onuň 360-njy gyrnagy eken. B.e.öňki 327-nji ýylda ol Hindistana ýöriş edipdir. Ony eýeläp yzyna barýarka, 323-nji ýylda 33 ýaşynyň içinde Wawilonda aradan çykypdyr. Onuň zorluga daýanyp döreden döwleti dargapdyr.

Merkezi Aziýada grek-makedon agalygy döwründe Horezm, şeýle hem çarwa taýpalar bolan massagetler, dahlar, saklar öz erkinligini saklapdyr. Aleksandr Makedonskiniň ölen habaryny eşiden Baktriýada we Sogdda duran 20 müň pyýada, 3 müň atly grek-makedon goşunlary öz watanyna gaýdypdyrlar. Parfiýadaky goşun hem yzyna çagyrylypdyr.

Grek-makedon basybalyşlarynyň netijeleri**.** Aleksandr Makedonskiý Merkezi Aziýada boýun egdiren welaýatlarynda öz häkimligini berkitmekligi, heniz basybalyşlar döwründen ýerli häkimler bilen garyndaşlyk açmak bilen başlapdyr. Şonuň üçin ol ýerli baýlar bilen ýakynlaşypdyr. Mundan başga-da ol ýerli ilatdan ýaş ýigitleriň 30-müňsüni grek goşunyna alypdyr. Şeýle ýollar bilen Aleksandr ýerli han-begleri özüniň tarapyna çekip, Günorta Türkmenistanyň ýerleriniň üstünden özüniň agalygyny pugtalandyrypdyr. Emma bu harby ýörüşler ilatyň köpçülikleýin gyrylmagy we şäherleriň, obalaryň ýumrulmagy bilen tamamlanypdyr. Bu bolsa, yurda we onuň hojalyklaryna uly zeper ýetripdir. Aleksandr Makedonskiniň basybalyşlarynyň taryhy netijeleri, ilki bilen öňki agalyk edýän ahemenileriň agalygy grek-makedon agalygy bilen çalyşypdyr. Iskenderiň yzyna eýelik eden selewkileriň hökümdarlary ýurduň ykdysadyýetini dikeltmek bilen bolupdyrlar. Olar Gresiýadan, Makedoniýdan ellin ilatyny göçürip getiripdirler,

şäherleri gurupdyrlar. Sebitiň hojalyk aragatnaşyklary dikeldilip, söwda gatnaşyklary ösüp, pul dolanşygy tertibe salnypdyr.

Merkezi Aziýanyň bir bölegi bolan Sogdda, Baktriýada, Parfiýada, gerek-makedon goşunlary ýerleşdirilipdir. Emma bu ýerleriň ilaty grek-makedon agalygyndan çykmak üçin, olara garşy üznüksiz göreşe başlapdyrlar. Merkezi Aziýanyň diňe Horezm we çarwa taýpalary bolan dahlar, massagetler we saklar grek-makedon agalygyndan öz garaşsyzlygyny saklap bilipdirler.

Grekleriň esaslandyran şäherleri. Margiana Aleksandriýasy miladydan öňki IV asyryň ahyry Elladanyň diňe bir gadymy ýerlerinde däl, eýsem iň gadymy döwürlerde ellinizm Gündogaryň giňişliklerinde hem şäher-döwletleriň ellinizm döwrüne geçiş zamanasy bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki 324-nji ýylda Aleksandr Wawilon şäherini öz döwletiniň paýtagty edip alýar. Aleksandr täze basyp alan ýerlerinde hökmürowanlygyny berkitmek üçin ýerli han-begleri öz tarapyna çekmegiň zerurlygyna düşünipdir. Şol sebäpli ol öňki ýerli hökümdarlaryň, baýlaryň emläklerini we mülklerini öz ellerinde saklamaga rugsat berip, öz tarapyna çekipdir.

Aleksandr boýun egdiren ýurtlarynda öz täsirini nika gatnaşyklary arkaly berkitmäge-de çalşypdyr. Gadymy grek-rim awtorlarynyň işlerinde berilýän maglumatlara görä, Aleksandr Makedonskiý döwründe onuň ýokary mertebeli serkerdeleriniň 80-si ýerli begleriň gyzlaryna öýlenipdirler, 10 müň ýönekeý esgerler hem ýerli gyzlar bilen patyşanyň hasabyna toý tutupdyrlar. Ýerli ilatdan bolan 30 müň ýaş ýigit bolsa, girew goýlan adamlar hökminde grek-makedon goşynyna esgerlige alnypdyr.

Grek-makedon basybalyşyny has-da berkitmek maksady bilen, Aleksandr tarapyndan Merkezi Aziýada “Aleksandriýa” diýlip atlandyrlan birnäçe şäherler gurlupdyr.

Olaryň arasynda Margiana Aleksandriýasy (hazirki Baýramalynyň töwereginde) salnypdyr. Bu şäherde 20 müň pyýada we 3 müňe golaý atly goşun ýerleşdirilipdir.

Türkmenistanyň ýerlerinde Aleksandryň döwründe salnan gala-şäherleriň biri hem Gadymy Merwdäki Gäwirgaladyr. Grek taryhçysy Kwint Kursiý grek-makedon goşunlarynyň Margiýana gelen döwründe bu ýerde 6 sany gala-şäher salnandygy barada maglumat berýar. Gadymy Merwdäki 360 gektara barabar Gäwirgala ýazuw çeşmelerinde Antiohiýa ady bilen ýatlanýan antik döwrüň şäheri bolupdyr. Antiohiýa-Margiana özüniň ykdysady taýdan ösen şäherleriň biri bolup Selewkileriň gündogardaky iň iri mülkleriniň birine öwrülipdir. Şäherden Horezme, Sogda we Eýrana gidýän esasy ýollar başlanypdyr. Şäheriň göni diwarlary, dört sany derwezesi we uly köçeleri bolupdyr.

Türkmenistanyň grek-makedon döwründäki şäherlerinden we obalaryndan ellinistik häsiýetli ençeme zatlar tapyldy. Aşgabadyň ýanyndaky Köne Nusaý galasyndan tapylan zatlaryň arasynda mermer daşyndan ýasalan aýal şekili we pil süňkünden ýasalan ritonlar-bulgurlar bar. Olaryň hemmesinde hem ellin medeniýetiniň täsiri mese-mälim duýulýar. Aleksandr Makedonskiniň gündogara eden ýörişi, Türkmenistanyň antik döwrüniň medeniýetine we sungatyna täsiri uly bolupdyr.

Emma Aleksandr basyp alan ýurtlarynyň, boýun egdiren halklarynyň bütewligini saklap bilmändir. Onuň berk däldigi Aleksandr ölenden soň derrew mälim bolupdyr.

**Aleksandr Makedonskiniň döwletiniň dargamagy.**

Aleksandryň ölümi baradaky habar Aziýanyň ýerli ilatynyň gozgalaňyna getiripdir. Biziň eýýamymyzdan öňki 323-nji ýylda Aleksandr aradan çykan badyna häkimiýet onuň mirasdarlarynyň –“diodohlaryň” (mirasdüşerler) we “epigonlar” (mirasdarlaryň mirasdarlary diýmekligi aňladýar) diýlip atlandyrylýan serkerdeleriniň eline geçpdir. Olaryn

arasynda döwlete eýe bolmak üçin göreş başlanypdyr, ýoňe olaryň hiç birine-de ýokary häkimýeti eýelemek başartmandyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki 311-nji ýylda Selewkileriň we Ptolemeýleriň arasyndaky uruşyň netijesinde Aleksandryň mirasdüşer ogly Aleksandr IV häkimlik ugrunda göreşýän toparlar tarapyndan öldürilýär. Netijede,Aleksandryň serkerdeleri Filipp II,Aleksandryň nesilşalygyny we onuň merkezleşdirilen döwletini saklamaklyk pikirinden el çekýärler. Aleksandryň döwleti bolsa onuň serkerdeleriniň arasynda paýlanylyp, birnäçe özbaşdak döwletler emele gelýär. Balkan ýarym adasynda Makedoniýa, Müşürde Ptolemeýleriň, Alynky Aziýada-Siriýa we Palestina ýerlerini, Derýaaralygynyň, Eýranyň ýerlerini öz içine alan Selewkileriň döwletine, Kiçi Aziýada Pergam ýaly döwletlere bölünipdir. Taryhda bu döwletler ellin döwletleri diýlip atlandyrylýar. Sebäbi grekler özlerini ellinler diýip atlandyrypdyrlar, ellinizm sözi hem şol atdan gelip çykypdyr. Sebäbi Aleksandryň basybalyjylykly uruşlarynyň netijesinde basylyp alnan ýurtlara köp sanly makedon hem grek adamlary göçüp gelipdirler we kem-kemden ýerli halklar bilen goşulyşyp gidipdirler, olar biri-biriniň däp-dessurlaryny, medeniýetini hem kabul edipdirler. Şonuň üçin, grek medeniýeti bilen ýerli halklaryň medeniýetiniň biri-birine eden täsiri netijesinde emele gelen medeniýete ellinizm medeniýeti diýilipdir.

Aleksandr Makedonskiý bary-ýogy 33 ýasapdyr. On ýylyň içinde ol dünýäniň köp ýerlerini boýun egdiripdir. Ol parasatly Aristoteliň şägirdi bolupdyr. Ol Gresiýada ilkinji bolup sakalyny syrypdyr. Onuň edermenligi baradaky gűrrűňler uzaklara ýaýrap, şol bada rowaýata öwrülipdir. Onuň doglan gijesi Efes şäherinde, dünýäniň ýedi sany täsinliginiň biri bolan Artemida ybabathanasy otlananmyşyn diýip habar berýärler. Şol rowaýata görä, Aristotel ýaş Aleksandra älemde ýer togalagy ýaly dűnýäleriň köpdűgini aýdypdyr. Aleksandr

bu gűrrűňi eşidip: “Men olaryň ýekejesine-de eýelik edemok” diýip tukatlananmyş.

Dariý III bilen bolan birinji söweşde Aleksandr ýeňipdir. Dariý Aleksandra ýaraşygy we öz baýlygynyň ýaryny teklip edipdir. Garry serkerde Parmenion : “ Men Aleksandr bolsam razylaşardym ” diýipdir. Aleksandr bolsa “ Menem Parmenion bolan bolsam razylaşardym ” diyip jogap beripdir. ”Asmanda iki sany gün bolup bilmez: ýa boýun eg, ya-da uruş” diýip, Aleksandr ahemeni patyşasyna hat ýollapdyr.” Dariý saňňýldapdyr. Şöweşiň edil öň ýanynda ol Aleksandra ýene-de öz patyşalygynyň ýarysyny we ýene-de köp baýlyk teklip edipdir. Aleksandr oňa “Sen eýýäm özüňe degişli däl zady maňa teklip edýärsiň ” diýip aýdypdyr.

Taryhy maglumatlar, saklanyp galan rowaýatlar Aleksandr Makedonskini edermen serkerde, şeýle hem pähimli hökűmdar hökműnde häsiýetlendirýärler. Muňa onuň hindi akyldarlary bilen geçiren söhbetdeşligi mysal bolup biler. Şol duşuşykda Aleksandr akyldarlara birnäçe sorag berip, olaryň ählisine-de jogap alypdyr. Sorag: “Dünýade ölüler köpmi ýa-da diriler?” Jogap “Diriler, sebäbi ölüler indi ýok”. Sorag: “Ýermi ýa-da suw köp jandarlary ekleýär?” Jogap: “Suw, sebäbi ýeriň özi-de suwuň bir bölegi bolup durýar. ” Sorag: “Haýwanlaryň iň mekiri?” Jogap: “Entäk adama duş gelmedigi”. Sorag: “Söýgini nädip gazanmaly?” Jogap: “Iň güýçli bol, ýöne iň gorkunjy bolma.” Sorag: “Ölüm güýçlimi ýa-da ýaşaýyş.” Jogap: “Ýaşaýyş, sebäbi onda hupbat kän.”. Sorag: “Adama hacan ölmek gerek?” Jogap: “Ölüm ýaşaýyşdan ýagşyrak bolan mahaly.”

**Selewkiler döwleti.**



Selewk I Nikotar

Aleksandr Makedonskiý b.e.öň 323-nji ýylda Wawilonda aradan çykandygy baradaky habar ýyldyrym çaltlygynda bütin imperiýanyň çäklerine ýaýraýar.Bu habardan soň Merkezi

Aziýadaky  grek-makedon goşunlarynyň 20 müňden gowragy watanlaryna dolanmak üçin Sogddan we Baktriýadan çykyp gidiupdirler.Aleksandryň döwletiniň ýerlerinde üç sany esasy patyşalyk döräpdir.

1)Makedoniýa we Gresiýa

2)Ptolemeýler döwleti-munuň çäklerine Müsür,Siriýanyň günorta bölegi,Kiçi Aziýanyň birnäce ýerleri giripdir.

3)Selewkiler döwleti

Satraplaryň arasyndaky ylalaşyga görä, Aleksandr Makedonskiniň goşun serkerdesi Selewk Wawilony dolandyrmaga hukuk alypdyr.Ol ilki başlarda Wawilonyň çäklerini giňeltmek ugrunda göreş alyp barypdyr.Selewk ilki Aleksandryň goşun serkerdeleriniň biri bolan Ŷewmen bilen söweşýär.Ŷewmen öz egindeşi Antigon bilen bileleşip,Selewki ýeňipdirler.Selewk Müsüriň hökümdary Ptolemeýden kömek sorapdyr.Ptolemeýiň kömegi bilen ol Antigony Wawilondan çykarypdyr.B.e.öňki 312-nji ýylda Selewk Wawilony eýeläp, soňra Siriýany,Merkezi Aziýa ýerlerini özüne birikdirýär. Onuň guran döwleti öz ady bilen baglylykda Selewkiler döwleti adyny alypdyr. Ol ýerli halkyň kömegi bilen bütin satraplyklarda öz agalygyny dikeldýär.soňra Merkezi Aziýa ,Eýrana ýöriş edýär.Selewk Hindistanda Maurew nesilşalygyny esaslandyran Çandraguptanyň goşuny bilen hem çaknyşypdyr.Netijede, Selewk Aleksandryň Hindistandaky eýelän ýerlerini Çandragupta bagyş edipdir. Çandragupta bolsa Selewke gymmat bahaly sowgatlar bilen 300 sany söweşjeň pil beripdir. Bu bolsa Selewkiň goşunynyň güýjüni has-da artdyrypdyr.selewk b.e.öň 305/304-nji ýyllarda özüni siriýanyň patyşasy diýip yglan edýär.Soňra demirgazyk Siriýany basyp


Selewk I we onuň ogly Antioh I-niň döwrüniň teňňesi
3

alýar.B.e.öň 281-nji ýylda Kiçi Aziýanyň köp bölegini eýeläpdir.Şol ýyl Makedoniýany basyp almaga synanyşypdyr,ýöne aradan çykypdyr. Selewk I patyşalyk eden döwrüniň ilkinji ýyllarynda günorta-günbatar ýerlerini basyp alypdyr.B.e.öňki 292-nji ýylda Selewk I-niň Spitameniň gyzy Apamadan bolan ogly Antioh kakasynyň gündogar welaýatlaryna häkim bellenipdir.Ol Baktry şäherinde oturyp dolandyrypdyr diýen maglumatlar bar. Antioh I (283-261-nji ýyllar) döwründe Merkezi Aziýa ýerlerinde belli bir derejede ýokary göteriliş bolupdyr.Ol grek-makedon basybalyşlary wagtynda weýran bolan şäherler gaýtadan gurlupdyr,birnäçe täze şäherler hem dikeldilipdir.Antioh Ariýanyň paýtagty Artakoanany gaýtadan gurdurypdyr. Şol döwürde Margiýananyň merkezinde gadymy Erkgalanyň töwereginde uly şäher peýda bolupdyr. Oňa Margiýana Antiohiýasy diýilýän eken. Şäheriň daşyna äpet gala aýlanypdyr. Ol gala häzir Gäwürgala ady bilen bellidir. Uzynlygy 250 km. töweregi bolan pagsadan galdyrylan ol galanyň galyndylary Baýramaly şäheriniň demirgazyk sebitlerinde saklanyp galypdyr.


Antioh I-niň teňňesi

Gäwürgala Margianany bol hasylly ýerlere süýşýän çägeden, şol bir wagtyň özünde-de çarwa taýpalaryň çozuşlaryndan gorap saklamaga niýetlenipdir. Ol 320 gektar töwregi meýdany tutupdyr. Bu bolsa şol döwürdäki Rim şäheriniň daşyna salynan galanyň tutýan meýdanyndan hem ep-esli köpdür.

Gäwürgalanyň özi uly dörtburçluk görnüşinde gurlup, dört tarapynda hem derwezesi bar eken. Şol dört derwezeden çekilen ýollar galanyň ortasynda atanak şekilli kesişip, onuň

içini dört bölege bölüpdir. Şol bölekleriň ýerleşişini, olarda gurlan ymaratlary synlanyňda ilatyň durmuş gatlaklara bölünip ýaşandygyny kesgitlemek mümkindir.Hökümdar toparlar, gul eýeleri, täjirler öz köşklerini, kaşaň jaýlaryny beýleki ilatdan birneme üzňelikde gurupdyrlar. Şäheriň günorta tarapynda hünärmenleriň bölegi , demirgazygynda bolsa garyp-gasarlaryň külbeleri ýerleşipdir.

**Selewkiler döwletiniň durmuş-syýasy gurluşy.**

Selewkiler döwletinde salgyt ulgamy ösen bolupdyr.Daýhanlar erkin bolup, salgydy pul we nagt zatlar bilen töläpdirler.Salgytlaryň görnüşiniň köplügi,möçberiniň agyrlygy daýhanlary döwlete bakna edip goýupdyr.Esasy salgytlaryň daşyndan adamlara jan başyna düşýän salgyt hem salnypdyr. Selewkileriň goşunlary esasanam,pyýada we atly goşun bolupdyr.Merkezde olar az sanly bolup,köp bölegi ýerli satraplyklaryň gagamagyna iberilipdir.zerurlyk ýüze çykanda ýerli adamlardan hakynatutma goşun hem düzüpdirler.Patyşa hazynasynyň köp bölegi goşuna sarp edilipdir. Patyşa ähli goşunyň baş serkerdesi bolupdyr we uruş döwründe özi goşuna doly ýolbaşçylyk edipdir.Döwletiň ýerleri birnäçe welaýatlara bölünipdir,käbir maglumatlarda 72 welaýata bölünipdir.Her welaýatyň başynda satraplar durupdyr.Döwletiň ýerleri iki topara bölünipdir.Birinjisi patyşanyň ýerlerine,ikinjisi bolsa şäherlere,ýerli dinastiýalara,taýpalara degişli bolupdyr.

Selewkler döwründe ekerançylygy ösdürmekde uly işler edilipdir. Gadymy grek taryhçylarynyň ýazmagyna görä, Margianada, Baktriýada, Parfiýada şäher gurluşygyndaky işlere grekler, makedonlar, Kiçi Aziýanyň we Siriýanyň ellinileşen, ýagny grek-gündogar garyşyk medeniýetinden emele gelen şäherleriň ilaty çekilipdir. Şu döwürde Murgap derýasynyň boýunda uly suw howdany gurlupdyr.Şol suw howdany häzirki Soltanbendiň gurlan ýerlerinde bina edilipdir. Margianada, Horezmde täze kanallar çekilip, suwarymly ekerançylyk has giňelipdir. Horezmde Janbasgala, Bazargala, Galalygyr,

Goýungyrlangala diýen ýerlerden tapylan küýze gaplary,heýkeljikler bu döwürde hünärmentçiligiň hem ösendigine şaýatlyk edýär. Şol küýze gaplarda güberçekli nagyşlar bilen atly esgerler, guşlar, düýeler, keýikler örän çeper şekillendirilipdir. Baktriýada, Parfiýada, Sogdda monetalar zikgelenip başlanypdyr. Ilkibaşda ol pullar (altyn moneta-stater; kümüş monetalar-drahma, tetradrahma) biçak gymmat bahaly bolup, diňe lomaý söwda etmäge mümkinçilik beripdir. Soňra ownuk monetalar , şol sanda mis monetalar hem zikgelenip bölek-satuw söwdanyň ýola düşmegine ýardam edipdir.Ol pullaryň ýüzünde Aleksandr Makedonskiniň,Selewkiň we selewkileriň nesillerinden bolan patyşalaryň birnäçesiniň suratlary zikgelenipdir. Ahemeniler döwründe açylan ýollarda kerwen gatnawy has ýygjamlaşypdyr.Baktriýany we Hindistany Derýaaralyk hem-de Siriýa bilen baglanyşdyrýan ýol bu ýurtlaryň arasynda diňe bir haryt gatnaşyklarynyň däl, eýsem medeni gatnaşyklarynyň-da ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Selewkiler döwletinde dolandyryş ulgamda hem özgertme geçirilipdir.Antiohyň dolandyryşda geçiren özgertmelerinetijesinde Ahemeniler döwründen bäri dowam edip gelen satraplyklar ownuk dolandyryş birliklere bölünipdir.Şol bölünişik boýunça Parfiýa üç bölege bölünipdir: Parfiýan (häzirki Ahal sebitleri), Apawarktikena (Etek), Astawena (Parfiýanyň günorta taraplary). Bu özgertmeler basyp alnan ýerleri edara etmegi ýeňilleşdirmäge, şeýle hem, iri welaýatlarda selewkikleriň golastyndan çykmaga meýilleriň öňüni almaga gönükdirlipdir. Emma Parfiýanyň,Margiananyň,Baktriýanyň hojalygynyň ýokary göterilmegi,olaryň özbaşdaklyga bolan isleglerini güýçlendiripdir. Demirgazykda Horezmiň, Garagumda çarwa taýpalarynyň hiç kime boýun egmän, erkinligini saklap oturmagy Parfiýada, Baktriýada we beýleki ýerlerde syýasy özbaşdaklyga islegini has-da artdyrypdyr. Antioh II (b.e.öň

261-247ýý)döwründe Baktriýa syýasy taýdan özbaşdaklygyny alýar.Onuň hökümdary Diodot b.e. öň 250 –nji ýylda özüni patyşa diýip yglan edýär.Sogdianada bolsa Ŷewtidem özüni özbaşdak patyşa diýip yglan edýär.Ŷustiniň habar bermegine görä,b.e.öň III asyryň ortalarynda Parfiýada Andragor özüni özbaşdak patyşa diýip yglan edýär.Onuň adyndan b.e.öň IV asyryň ahyrlarynda pul hem zikgelenipdir.Andragoryň zamanynda Parfiýanyň serhetlerinde ýaşaýan dah we parn taýpalary gozgalaň edipdirler.Gozgalaňa doganlar Ärsak we Tridat ýolbaşçylyik edipdirler.Söweşleriň birinde Parfiýanyň satraby Andragor öldürilýär.Häkimiýet başyna doganlar Ärsak we Tridat geçipdirler.Bu waka b.e.öň 247-nji ýylda bolup geçipdir.Selewk patyşasy Selewk II günbatarda öz ýagdaýyny berkiden soň  gündogardaky elden gideren ýerlerini gaýtaryp almaklyk üçin ýörişe başlaýar.Ilkibaşda ol birsyhly ýeňiş gazanan hem boilsa soňabaka ýeňiş Parfiýalylaryň tarapynda bolupdyr. Parfiýalylar sak taýpalary bilen bileleşip Selewk II ýeňipdirler.Antioh III döwründe hem Parfiýa howp salypdyr.Olara garşy Parfiýa patyşasy Ärsak IIb.e.öň 209-njy ýylda goşun sürýär,ýöne ýeňlip ylalaşyk baglaşýar.Grek-Baktriýada,umuman Gündogarda  içki dawalar sebäpli Selewkiler döwleti goşap başlaýar.Selewkiler döwleti Demetriý II döwründe Siriýany hem elden gidiripdirler.Mesopatamiýada öz täsirini güýçlendiren Demetriý II Parfiýalylaryň garşysyna söweşe başlapdyr. Demetriý II söweşleriň birinde ýesir düşüpdir.B.e. 131-nji ýylda Demetriý Iiniň dogany Antioh VII Siriýada öz täsirliligini ýokarlandyrmak başardypdyr.Ol grekleriň güýjüne daýanyp Derýaaralygy basyp almaga synanşypdyr.Söweşde Antioh VII goşuny derbi-dagyn edilipdir,özi bolsa öldürilipdir.Şundan soň Selewkiler döwleti dargapdyr.

## 11. Beýik Parfiýa döwleti

B.e.öňki III asyryň ortalarynda Selewki patyşalary günbatar tarapda Ptolemeý Müsüri bilen agyr hem uzak wagtlap dowam eden göreş netijesinde Selewkiler döwleti gowşapdyr.Emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp, Merkezi Aziýadaky welaýatlaryñ hökümdarlary merkezi häkimlige barha garaşsyz bolup ugrapdyrlar. Antioh II (b.e. öňki 261-247 ýý.) döwründe, Baktriýanyñ hökümdary Diodot b.e. öňki 256-nji ýylda özüni “özbaşdak patyşa” diýip yglan edipdir. Selewkileriň döwletiniň günbatar sebitleri hem gowşap başlapdyr.

Mundan peýdalanan Parfiýanyñ satraby Andragor b. e. öňki 250-nji ýylda özbaşdak bolýar. Şol zamanda Parfiýanyñ serhetlerinde göçüp-gonup ýören dah we parn taýpalarynyñ selewkilere garşy gozgalañy başlapdyr. Şol taýpalaryñ serdarlary iki dogan Ärsak bilen Tridat selewkileriň elinden Parfiýany alyp,b.e.öň 247-nji ýylda Beýik Parfiýa döwletini döredipdirler. Serdary Ärsak “patyşa” diýlip yglan edilipdir. Parfiýa ýyl ýazgylarynda b. e. öňki 247-nji ýyldan başlap “ärsakylar asyry” başlanýar. Ärsakylar nesli Parfiýa döwletiniň ahyryna çenli dolandyrypdyrlar. Türkmen dilinde “ärsak” sözi hakyky mert, batyr, (“ar, är”) we goragçy, sakçy (“sak” “saklar”) sözlerinden ybarat bolupdyr. Türkmenlerde gujurly batyr, edermen, mert adamlara serdar atlaryny beripdirler.



Ärsak I Parfiýa halk lybasynda

Alymlaryň käbiri Garaşsyz Türkmenistanyň paýtagty Aşgabadyň adyny Parfiýa patyşalarynyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Grek geografy Isidor Harakskiniň (b.e. öňki II asyr) maglumatlarynda: “Ärsag I Asaak şäherinde patyşa

diýlip yglan edildi.  Müdümilik oduň öňünde başyna şalyk  täji geýdirildi, soňra Nusaýa baryp ornaşdy” diýen setirler bar.

Gündogar we ermeni çeşmelerinde Ärsakylary Aşkanlar diýip atlandyrypdyrlar. Ärsagyň özüne-Arşak-Aşk diýipdirler, “abat” sözi bolsa-mekan, şäher diýen manyny berýär. Aşgabat-Ärsagabat, ýagny keramatly Ärsagyň şäheri diýmeklikdir. Parfiýa döwletiniň ilkinji paýtagty Aşgabadyň golaýynda ýerleşýän Bagyr obasyndaky Nusaý şäheri bolupdyr.

GADYMY PARFIÝA DÖWLETI
(b.e. öňki III–b.e. III asyrlary)




Köp wagt geçmänkä Ärsak söweşde wepat bolýar. Tagta onuñ dogany Tridat çykypdyr. Tridat Selewk şalarynyñ, şeýle hem ýurduñ gündogar tarapynda dörän Grek – Baktriýa patyşalygynyñ harby güýjünden howatyr edip, harby taýýarlyklar görüp başlapdyr.Netijede Grek – Baktriýa patyşasy Selewik II – niñ goşunlary bilen bolan söweşlerde Parfýalylar ýeñiş gazanypdyrlar we günbatar Türkmenistany has takygy, Girkaniýany Parfýa birikdiripdirler. Artaban I (b.e.öňki 211-196 ýý.) patyşalyk

eden döwründe Parfiýa döwletiniň ýerleri giňäp has kuwwatlanypdyr, Midiýa basylyp alnypdyr. Emma b.e. öňki 209-njy ýylda Parfiýa Selewkileriň güýçli garşylygyna duçar bolupdyr. Parfiýalylar uzak wagtyň dowamynda selewkileriň garşysyna uruş alyp barmaga mejbur bolupdyrlar.

Mitridat I-niň patyşalyk eden ýyllarynda (b.e. öňki 171 - 138ýý) Parfiýa gadym dünýäniň uly döwletleriniň birine öwrülipdir. Mitridat I Selewkilere garşy ýörişe başlaýar. Parfiýalylaryň hüjümini yza serpikdirmek Selewkilere başartmandyr. Şeýlelikde, parfiýalylar selewkilerden üstün çykypdyr. Mitridat I ýolbaşçylygyndaky Parfiýa döwletine gündogar tarapda Margiana we Baktriýadan uly bolmadyk 2 sany satraplyk (Maşat bilen Hyradyň aralygy) birikdirilipdir. Günbatarda bolsa Midiýa ýerlerini eýeläpdirler. Mitridat I patyşalygy Mesopotamiýa ýerlerine hem ýetipdir. B.e. öňki 141-nji ýylda ol Wawilonyň patyşasy diýlip yglan edilipdir. Mitridat I "beýik" diýen dereje berlipdir. Mitridat I öz ýagdaýyny pugtalandyryp Parfiýa döwletini arşa çykarmak maksady bilen döwletiň paýtagtyny Gekatompilden Ekbatana geçirýär. Şeýlelikde, Parfiýa Orta we Ýakyn Gundogaryň ägirt uly döwletine öwrülipdir.

B.e. öňki 130-129-njy ýyllarda Mitridatyň ogly Fraat II (b.e. öňki 138-129/8-nji ýý.) sak taýpalary bilen selewkilere garşy göreşe başlapdyr. Eger-de ýeňiş gazansa, harby oljadan berjekdigini aýdypdyr. Saklar bir bada parfiýalylaryň çakylygyna gelmändirler. Emma Parfiýalylar selewkilerden üstün çykandan soň saklar olardan olja talap edipdirler. Frat patyşa olja bermekden boýun towlapdyr. Saklar gahar edip parfiýalylaryň şäherlerini talapdyrlar. Pitneçi saklara garşy göreşde patyşa Fraat II heläk bolupdyr. Parfiýalylar sak taýpalaryna bir welaýaty bölüp bermäge mejbur bolupdyr. Ol welaýat taryhda "Sakystan (Seýistan)" ady bilen bellidir.

Mitridat II (b.e. öňki 124-87-nji ýý.) ýurdy dolandyran döwri, Parfiýa iň güýçli döwlete öwrülipdir. Mitridat II

“patyşalaryň patyşasy” ady alypdyr. Ol Parfiýa goşunynda özgeriş geşiripdir, agyr ýaraglanan atly goşuny giňden ulanyp başlapdyr. Atlylaryň endamy şelpeli sowut bilen örtülipdir. Olaryň kellelerine gupba şekilli tuwalga geýdirilipdir. Atlaryň göwresi hem şelpelerden örülen torlar bilen örtülipdir. Atlaryň demir maňlaýlyklary bolypdyr. Hut şeýle esbaply bedewlere atlanan esgerler bilen parfiýalylar ýörüş edipdir. Mitridat II sak taýplaryny boýun egdiripdir. Sakystan (Seýistan) Parfiýa birikdirilýär. Mitridat II döwründe Parfiýa döwletine Ermenistanyň bir bölegi goşulýar. Mitridat II döwründe häzirki Eýranyň we Mesopotamiýanyň ýerleri hem bir döwlete birikdirilipdir. Mitridat II döwründe parfiýalylar Rimiň gündogar serhetlerine baryp ýetýärler. Rim hökümdary Korneliý Sulla Parfiýa bilen şertnama baglaşýar. Şertnama görä bu döwletleriň serhedi Ýewfrat derýasy diýlip ykrar edilipdir. Parfiýa Rim we Hytaý bilen hem diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar. Şeýlelikde, Mitridat II dünýä taryhynda gündogarda Hytaý bilen günbatarda Rim bilen gatnaşyk eden ilkinji hökümdarlaryň biri bolupdyr.

Parfiýa döwletiniň ösüşini iň ýokary derejä ýetiren patyşa Orod II (b.e. öňki I asyr) döwründe paýtagt ýene üýtgäpdir. Döwletiň paýtagty has aňryk Tigr derýasynyň çep kenaryndaky Ktesifon şäherine geçirilýär.Günbatarda Parfiýanyň dürli döwürde üç sany paýtagt şäherleriniň (Gekatompil, Ekbatan, Ktesifon) bolmagy, döwletiň syýasy durmuşynda günbataryň uly ähmiýete eýe bolandygyny aňladýar. Parfiýa patyşalary günbatarda rimliler bilen serhedini berkitmäge we ermeni ýerlerini eýelemeklige aýratyn ähmiýet beripdirler. Bu ýagdaý Parfiýanyň ösüşini haýalladypdyr we kem-kemden onuň gündogar sebitleiniň peselmegine getiripdir.

Parfiýa öz döwründe dünýäniň iň güýçli döwletleriniň, günbatarda Rim imperiýasynyň, gündogarda Kuşan döwletiniň gazaply bäsdeşi bolupdyr. B.e. öňki 65-nji ýylda Parfiýanyň Rim bilen ilkinji çaknyşygy bolup geçýär. Bu çaknyşyk uzaga

çeken parfiýa-rim urşunyň başyny başlapdyr. Bu iki döwletiň güýçli goşunlarynyň barlygyna garamazdan, netijesiz tamamlanypdyr.

Parfiýa patyşasy Orod I (b.e. öňki 55-38/37 ýý.) dolandyran döwründe Parfiýa-Rim gatnaşyklary has ýitileşýär. B.e. öňki 53-nji ýylyň 9-njy maýynda Karry şäheriniň golaýynda (häzir Türkiýäniň Harran şäheri) Rim serkerdesi Krass bilen Parfiýa serkerdesi Süreniň arasynda uly söweş bolup geçýär. Parfiýa bilen Rimiň arasyndaky çaknyşyk taryhda Karry söweşi ady bilen bellidir. Bu söweş barada gadymy grek awtory Plutarh (b.e. 45-127 ýý.) öz ýazgylarynda jikme-jik beýan edipdir. Rim serkerdesi Mark Krassyň goşuny 42 000 adamdan ybarat bolupdyr. Parfiýa patyşasy Orod I Krassa dawany parahatçylykly ýol bilen çözmegi teklip edipdir. Krassyň birnäçe serkerdeleri hem bu ýörişiň guralmagyna garşy çykypdyrlar. Emma Krass diňe öz diýenini tutupdyr. Ermeni patyşasy Artabaz bolsa Krassy goldajakdygyny aýdypdyr we Ermenistanyň üsti bilen Parfiýa çozmagy yrypdyr. Artabaz oňa goşun kömegini berjekdigini hem aýdypdyr.

Söweşe parfiýalylar hem ykjam taýýarlanypdyrlar. Parfiýalylar rimliler bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan gaçyp, ilkibada surnukdyryjy gaça uruş alyp barypdyr. Parfiýa şasy Orod I öz goşunyny ikä bölýär. Goşunyň bir topary Ermenistana tarap ýöriş edýär. Beýleki topary bolsa rim goşunynyň garşysyna çykypdyr. Parfiýa serkerdesi Süren batyrlygy, edermenligi we zehinliligi bilen öz döwürdeşleriniň arasynda meşhur bolupdyr. Parfiýa goşunynyň esasy bölegi demir sowut geýinen atly goşundan ybarat bolupdyr. Demir tordan örülen sowutlar söweş atlarynyň-da bedenini örtüpdir. Merwli ýarag ussalary tarapyndan ýasalan Parfiýa harby esbaplary özleriniň ýokary hilliligi bilen grek we Rim ýazyjylaryny haýran galdyrypdyr. Olar parfiýalylaryň ýyndam we çydamly atlaryny was edipdirler.

Rim goşuny üç bölege bölünipdir. Merkezi bölegine Mark Krassyň özi ýolbaşçylyk edipdir. Söweş gazaply bolupdyr. Rimlileriň garşysyna parfiýalylar agyr ýaraglanan atlylaryny çykarypdyrlar. Atlylaryň galan bölegi bolsa söweş nyzamyna düzülmezden duşmanyň daşyna halkalaýyn aýlanypdyrlar. Dar ýere gabalan rimliler biri-biri bilen çakyşyp, duşman tarapyndan urlan zarba çydam edip bilmän heläk bolupdyrlar. Parfiýalylar uly ýeňiş gazanypdyrlar. Krassyň özi hem öldürilipdir.

Karrynyň etegindäki söweşde rimlileriň goşuny derbi-dagyn edilipdir, 10 müňüsi ýesir alnypdyr we Margiana welaýatyna äkidilipdir. Ýesirler şol ýerde onlarça ýylyň dowamynda dürli işlerde işledilipdir.

Bu ýeňişden soň imperiýanyň serhetleri günbatara tarap süýşüpdir. Emma soňra halkara ýagdaýy sebäpli parfiýalylar rimliler bilen kyrk ýyllyk (b.e. 122-162 ýý.) “hoşniýetli” ýaraşyk hem baglaşypdyrlar.

Biziň eýýamymyzdan öňki 30-njy ýyllardan başlap Parfiýa gowşap başlaýar. Parfiýanyň bir bölegi Kuşanlar döwletiniň eline geçýär. Biziň eýýamymyzyň I-II asyrlarynda Parfiýa döwlet syýasatynda birnäçe netijeli çäreler işlenilip düzülipdir. Döwletiň gündogar çäklerinde Merkezi Aziýa çarwalarynyň tolgunşyklary ýüze çykypdyr. Köp ýerlerde gozgalaňlar turupdyr. Ol gozgalaňlary basyp ýatyrmak parfiýalylara ýeňil düşmändir. Şeýle hem Parfiýa günbatarda Rim imperiýasyna garşy birnäçe gezek urşa giripdir. Şol bir wagtyň özünde çarwa sak taýpalary hem öz çozuşlaryny dowam etdiripdir.

Daşary syýasatynyň uly üstünlikleri netijesinde Parfiýa – Hytaý diplomatik gatnaşyklary ýola goýlupdyr. Şeýle gatnaşyk Hytaý hem Parfiýa üçin-de örän ähmiýetli bolupdyr. Sebäbi Kuşan döwleti Hytaýyň Merkezi Aziýa we Gazagystan serhetlerine howp salypdyr.

Hytaý çeşmelerinde Parfiýanyň ady “Ansi” diýlip atlandyrylypdyr. Şol çeşmelerde Ansi (Parfiýa) 100-den gowrak ulyly-kiçili şäherli, örän uly ýerleri eýelän beýik döwlet hasaplanypdyr.

B.e. öňki 32-nji ýylda hytaý syýahatçylary Parfiýa ýurduna gelipdirler. Parfiýa döwleti bilen Hytaýyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar biziň eýýamymyzyň II asyryndan başlanypdyr. 107-nji ýylda Hytaý ilçisi ilkinji gezek Parfiýa gelipdir. Oňa belent mertebeli myhman hökmünde uly hezzet-hormat edipdirler.

Ilçini Parfiýa döwletiniň serhedinde 20 müň goşun bilen garşylapdyrlar we ony Parfiýanyň paýtagt şäheriniň biri bolan Gekatompil şäherine çenli ugradypdyrlar. Hytaý ilçisi öz ýurduna gaýdanda, ondan Hytaý patyşasyna sowgat iberipdirler. Sowgatlaryň arasynda düýeguş ýumurtgasynyň bolmagy has-da täsin bolupdyr.

Hytaý ilçileri Parfiýa ýurdundan üzüm we ýorunja tohumyny äkidipdirler. Hytaýdan Parfiýa ýurduna ýüpek, polat ýaly birnäçe zatlar getirilipdir.

Emma b.e. I asyrynyň ahyrlarynda II asyryň başlarynda Parfiýa döwleti  gowşap onyň welaýatlary özbaşdaklyk ugrunda hereket edip başlapdyrlar.Ilki bilen Margiana özbaşdaklygyny yglan edipdir.Döwletiň çäklerinde emele gelen ýagdaýy düzetmäge Parfiýanyň güýji ýetmändir. Merkezleşen döwlet pese düşüpdir. Parsyň hökümdary,Sasanylaryň neslinden bolan Ardaşir bu ýagdaýdan peýdalanyp, birnäçe ýerleri basyp alypdyr. Ardaşiriň Parfiýa garşy ýörişlerindäki söweşleriň iň soňkysy Midiýa ýerlerinde 224-nji ýylda bolup geçýär. Söweşde Parfiýa döwletiniň iň soňky patyşasy Artaban V öldürilýär. Şeýlelikde, Parfiýa döwleti synýar we döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

Parfiýalylar günbatarda Eýrany tutuşlygyna, Wawilony, Mesopotamiýany, gündogarda bolsa Päkistanyň häzirki ýerlerine çenli bolan ýerleri özlerine birikdiripdirler. Emma

şeýle giň ýurtlary dolandyrmagyň öz içki kynçylyklary bolupdyr. Parfiýanyň çäklerinde köp sanly grek şäherleri bolupdyr. Ol şäherleriň ilaty Selewkiler döwründäki artykmaç hukuklaryny we ýeňillilkerini ýitirmek islemändirler. Olar garşylyk görkezipdirler. Ençeme ýyla çeken göreşden soňra, diňe biziň eýýamymyzyň I asyrynyň ortalarynda ellinistik döwletiň syýasy täsiri ýok edilýär. Parfiýa döwleti administratiw taýdan birnäçe kiçiräk patyşalyklara (welaýatlara), olaram öz nobatynda has kiçi böleklere-satraplyklara (etraplara) bölnüpdir. Taryhçy Plininiň bellemegine görä, biziň eýýamymyzyň I asyrynyň ortalarynda Parfiýa 18 patyşalykdan ybarat bolupdyr. Olary ärsakylar nesilşalygynyň wekilleri dolandyrypdyrlar. Täze tabyn edilen ýerler köplenç häkimlik ediji nesilşalygyň ýa-da beýleki taýpa wekilleriniň garamagyna berlipdir. Bu bolsa döwletiň syýasy bütewiligine zyýan ýetiripdir. Munuň özi Parfiýanyň içki gowşaklygynyň esasy sebäpleriniň biri bolupdyr.

Parfiýanyň ilatynyň hojalygy köp pudakly bolupdyr. Ilat ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik, söwda, awçylyk we hojalygyň beýleki pudaklary bilen meşgullanypdyr. Parfiýaly ekerançylar bugdaý, arpa, jöwen we süle ýaly dänelik ekinleri, künji we pagta ýaly tehniki ekinler ekipdirler. Biziň eýýamymyzdan öňki II asyryň ahyrlaryndaky Hytaý ýazuw çeşmelerinde bellenişine görä, parfiýalylar şaly ekýän eken. Gök-bakja önümleri bilen bir hatarda miweli baglar-da ýetişdirilipdir. Üzüm parfiýalylaryň iň köp ekýän miweli baglarynyň biri bolupdyr. Ony Parfiýada, Margianada, Sumbarda ösdürip ýetişdiripdirler. Parfiýa döwründe Günorta-Gündogar we Günbatar Türkmenistanda ekerançylygy ösdürmäge şert döredýän uly irrigasion kanallar, suw desgalary gurlupdyr. Olar esasan hem Maşat-Misserian düzlüginde, Etrek derýasynyň boýlarynda köp eken.

Parfiýa döwrüniň ilaty maldarçylykda iri şahly we gara mallary idetmäge uly üns beripdirler. Ol mallar ilatyň ete,

süýde, gök önümlere bolan esasy islegini kanagatlandyrypdyr. Parfiýalylar düýedarçylyk we gylýalçylyk bilen-de meşgullanypdyr. Dünýä belli ahal–teke atlarynyñ ata-babalary Parfýa topragyndan gözbaş alypdyr. Parfýalylarda harby söweşler wagtynda ýörite atly goşunyň bolandygy, Parfýa patyşalarynyň hoşniýetli gatnaşykda bolan döwletleriniň patyşalaryny hormatlamak bilen ak aty sowgat berendikleri barada taryhy maglumatlar bar.Bu bolsa türkmen bedewine şol döwürlerde hem aýratyn ähmiýet berlendigine güwä geçýär. Düýeler, gylýallar, atlar şol döwrüň adamlarynyň esasy ulag serişdeleri eken.

B.e. öňki II-I asyrlarda Parfiýa döwleti ykdysady taýdan ýokary derejede ösüpdir.Bu ýagdaý şäherleriň san taýdan köpelmegine itergi beripdir. Köne şäherleriň ilaty köpelip, täze şäherler peýda bolýar. Bu döwürde şäherleriň daşyna diwar çekilipdir, diňler gurlupdyr. Gazuw-agtaryş işleri şäherleriň berkidilmeginde parfiýalylaryň ýokary derejä ýetendikleri mälim boldy. Şäherleriň söwda ýollarynda bolmagy, söwdanyň ösmeginde uly ähmiýeti bolupdyr.

Parfiýa döwletiniň ilkinji paýtagty Aşgabadyň günbatarsynda, Bagyr obasynda ýerleşýän Nusaý galasy bolupdyr. Bu ýerde aralary bir-birinden uzak bolmadyk iki sany Köne we Täze Nusaý diýlip atlandyrylýan galalar bar. Hakykatda bolsa, Täze Nusaý galasy Köne Nusaý galasynyň düýbi tutulmazdan müň ýyldan hem gowrak öň oturymly ekerançylyk obasy ýerleşipdir. Emma bu galada ýaşaýyş XVII-XVIII asyrlarda hem dowam edipdir. Şoňa görä-de oňa Täze Nusaý diýipdirler.

Köne Nusaý galasynda Ärsakylaryň köşk galasy bolup, onda döwlet diwany, ybadathana, hazyna, patyşalaryň maşgalalarynyň, şeýle hem köşge ýakyn adamlaryň ýaşaýyş jaýlary ýerleşipdir. Täze Nusaý esasan şäher ilatynyň ýaşan ýeri bolup, onda ýaşaýyş jaýlary bilen birlikde jemgyýetçilik ymaratlary hem bolupdyr.

Köne Nusaý galasynda gazuw-agtaryş – ylmy-barlag işleri XX asyryň 30-njy ýyllarynda başlanyp 40-njy ýyllaryň ahyrynda hem dowam etdirilipdir. Köne Nusaý galasyny öwrenmekde akademik M.E.Massonyň uly hyzmatlary bardyr.

Günorta Türkmenistanyň ýerleriniň üstünden uly gatnawly söwda ýollary geçip, halkara ähmiýetine eýe bolupdyr. “Beýik ýüpek ýoly” adyna eýe bolan ol ýollar Hytaýyň, Hindistanyň, Ýewropanyň arasyndaky halkara söwdasy bilen baglanyşykly bolan haryt ýükli kerwenleriň gatnawlaryny amala aşyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Gazuw-agtaryş geçirilende, pil süňkünden ýasalan önümleriň, ak daşdan ýasalan Müsür gap-gaçlarynyň, Siriýada, Rimde öndürilen aýnalaryň, dürli ýurtlarda zikgelenen teňňeler tapyldy. Parfiýa täjirleri hem gymmat bahaly metallardan, pil süňkünden, reňkli daşlardan ýasalan çeperçilik önümlerini daşary ýurtlara çykarypdyrlar.

Ýazuw çeşmelerindäki maglumatlara görä, parfiýalylarda haly dokamak we deri eýlemek hem giňden ýaýrapdyr. Parfiýa halylary Rimde hem belli bolupdyr.

Şu günki türkmen halylarynyñ nagyşlarynyñ görnüşi bilen Parfiýa binagärliginiň nagyşlarynda bar bolan umumy meňzeşlik ýazuw çeşmelerindäki maglumatlary tassyk edýär.Parfiýalylaryň hojalygynda hünärmentçilik we söwda uly orun tutupdyr. Küýzegärçilik, toýundan gap-çanak, hatda nepis sungat önümlerini ýasamak ösüpdir. Peýdaly metallary gazyp almak parfiýalylaryň döwründe giň gerime eýe bolupdyr. Olar Horasan mermerini, Nişapur pöwrizesini, dag hrustalyny we beýleki gymmat bahaly daşlary gazyp alypdyrlar. Margiana demirine Rimde-de ýokary baha berilipdir.

Aşgabadyň eteginde ýerleşýän Nusaý galasynyň Parfiýa döwrüne degişli ýadygärlikleriniň 2007-nji ýylda UNESKO-nyň Bütündünýä mirasynyň sanawyna goşulmagy Nusaýyň umumyadamzat gymmatlyklarynyň hazynasydygyna güwä geçýär.Öz döwründe 15 ga meýdany tutýan Köne

Nusaýyň 43 sany diňi bolupdyr. Galanyň düýbüniň galyňlygy 3 metre golaý uzynlygy bolsa 7 km ýetipdir. Onuň arasynda ençeme otagly, dabara-toý otaglary , ybadathanalary, gulluk otaglary bolan uly köşk bolupdyr. Köne Nusaýyň gurluşygy Mitridat I patyşalyk eden döwründe amala aşyrylypdyr. Şonuň üçin hem onuň hormatyna Mitridatokert (Mitridatkirt) – “Mitridat şäheri” diýlip at berilipdir. Şäher daş aýlawy boýunça ýygy ýerleşen, gurluşy boýunça gönüburçly küňreler bilen berkidilen galadywarly bolupdyr. Nusaýyň köşgüniň diwarlary çig kerpiçden galyň salnypdyr, onuň myhman kabul edýän uly zaly çig kerpiçden salynan sütünler bilen bölünipdir. Sütünleriň arasynda tekjeler ýasalyp, olarda palçykdan edilip reňklenen heýkeljikler goýlupdyr. Nusaýda diň şekilli ybadathana hem salnypdyr. Onuň düýbi 20 x 20 metre, beýikligi 8 m ýetirlipdir. Ol cig kerpiçden tegelek görnüşde salnypdyr. Ybadathanada mukaddes ot ýakypdyrlar.

Parfiýä döwrüniň iri şäherleriniň biri hem Margiana bolupdyr. Ellinizm döwründe bu ýerde şäheriň daşyna uly gala salnypdyr. Şäherden gündogarda garawul nokatlarynyň ikisi, günortada dördüsi gurlupdyr. Margiana iki bölek gurluşly ösdürilipdir. Erkgala onuň esasy özeni bolupdyr, ondan günortada bolsa täze şäher Antiohaýa emele gelipdir. Onuň Erkgalasynda we Gäwürgalasynda uly galanyň gurluşyk işleri alnyp barlypdyr. Bu döwürde selewkileriň patyşasy Antioh I tarapyndan gurdurylan Gäwürgalanyň tutýan meýdany 350 gektar bolupdyr, onuň diwarlarynyň galyňlygy 16 metre ýetipdir. Diwarda 100-den gowrak gönüburçly diňler hem salnypdyr. Bu harby inženerçilik çäreleri şäheriň howpsyzlygyny üpjün etmäge ýardam beripdir. Şäheriň demirgazyk-gündogar çetinde bürünç we demir işläp bejerýän ussahanalar işläpdir. Merwde dürli ýaraglar, şol sanda dünýä meşhur merw poladyndan ýaraglar ýasalypdyr, eşikler taýýarlanypdyr. Erkgalanyň köşgünde ok-ýarag we harby gulluga gerekli zatlar saklanylýan ambar bolup, süňkleri işläp

bejerýän, ýaýlary we bezegleri ýasaýan ussahanalar hem bolupdyr. Şeýlelikde, b.e.öňki I we b. e. I asyrlarynda Gäwürgala Merw oazisiniň merkezi bolan ägirt uly şähere öwrülipdir.

Gäwürgaladaky arheologik tapyndylaryň arasynda gara reňk bilen küýze bölekleriniň ýüzüne ýazylan parfian hatlary hem bar. Olar ilatyň arasynda sowatly adamlaryň bolandygyna güwä geçýär. Ol döwrüň uly galalaryndan biri Çilburç galasydyr. Çilburç "kyrk diňli gala" diýen manyny aňladýar. Gala biziň eýýamymyzyň I-II asyrlarynda bina edilipdir.

Gadymy Merwiň Parfiýa döwrüne degişli obalarynyň biri hem Durnaly galadyr. Durnaly galasyndaky atyşhanalaryň 500 töwerekleri bolupdyr. Munuň özi galany goramaklyga köp adamyň gatnaşandygyny, hatda eli ýaý tutan ähli erkek adamlaryň söweşe gatnaşandyklarny görkezýär. Umuman, Parfiýa patyşalary b. e. I-III asyrlarynda köp sanly täze galalary gurupdyrlar, köneleri bolsa döwrüň talabyna görä timarlanyp giňeldilipdir.

Antiohiýa şäheriniň demirgazyk-gündogar çetinde bürünç we demir işläp bejerýän ussahanalar işläpdir. Bu ýerde dürli ýaraglar, şol sanda dünýä meşhur merw poladyndan ýaraglar ýasalypdyr, eşikler taýýarlanypdyr. Erkgalanyň köşgünde ok-ýarag we harby gulluga gerekli zatlar saklanylýan ambar bolup, süňkleri işläp bejerýän, ýaýlary we bezegleri ýasaýan ussahanalar işläpdir. Şeýlelikde, b.e.öňki I we b. e. I asyrlarynda Gäwürgala Merw oazisiniň merkezi bolan ägirt uly şähere öwrülipdir.

Täze Nusaý galasyndan hem Parfiýa döwrüniň ýaşaýşyny we durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme binalaryň we beýleki maddy ýadygärlikleriň üsti açyldy. Bu ýerden tapylan, Parfiýa döwrüne degişli ybadathana birnäçe otagdan ybarat bolupdyr. Ybadathananyň sütünleri agaçdan bolup, häzirki zaman eýwanly jaýlara çalymdaş bolupdyr. Täze

Nusaýdan däne ambary, ýüzi hatly küýze döwükleri, parfiýa pullary, başga-da birnäçe zatlar tapyldy.

Nusaýdan tapylan şirmaýadan haşamlanyp ýasalan bulgurlar – ritonlar, heýkeller, parfiýa şalarynyň şekilleri, şa aýal Rodogunanyň daşa siňen merdemsi keşbi, zikgelenen altyn teňňeler, ösen nakgaşlyk öz döwründe Parfiýa-Nusaý medeniýetiniň örän ösendiginden habar berýär. Ritonlaryň käbirleri köşkde geçirilýän meýlisler üçin has uly- 2, 2,5 litr ölçeginde hem ýasalypdyr. Häzire çenli dünýäniň dürli künjeginden tapylan ritonlaryň arasynda öz görnüşiniň kämilligi we sünnälenen çeper bezegi boýunça Köne Nusaý ritonlarynyň deňi-taýy ýokdur. Bu bolsa olary dünýä sungatynyň iňňän ajaýyp nusgalarynyň hataryna goşýar.

Geçirilen arheologiki barlaglar, diňe Ahal welaýatyndan Parfiýa döwrüne degişli gadymy mekanlaryň 30-dan gowragynyň bardygyny görkezdi. Olardan Hysrowgalany, Ýelken depäni (Kaka etrabynda), Garrykäriz (Gökdepe etrabynda), Sarahs galasyny we başgalary ýatlamak bolar.

Parfiýa biziň eýýamymyzdan öňki II-I asyrlarda Gündogaryň medeni taýdan ösen döwletleriniň biri bolupdur. Parfiýa döwletiniň paýtagty Nusaý bolsa, öz döwrüniň medeni ojagyna öwrülipdir. Onda onlarça döwlet edaralary, dini ymaratlar, harby- hojalyk jaýlary patyşa köşgi bolupdyr. Ol özüňiň medeniýetini gadymy Grek we Rim sungatynyň esasynda sazlaşykly ösdüripdir. Nusaý galasy b. e. öňki III asyryň ahyryndan täze eýýamyň II asyryna çenli Parfiýa imperiýasyň möhüm ilatly ýerleriň biri bolupdyr. Köne Nusaý galasyndan tapylan birnäçe binagärlik ymaratlarynyñ galyndylarynda mermer daşyndan ýonulyp ýasalan, b.e.öňki III - II asyrlara degişli aýal hudaýynyñ heýkeli, pil süñkinden ýasalan şah görnüşli ritonlar, ritonlar saklanan jaýlar, bürgüdiñ altyn çaýylan heýkeli, giñ eşikde şekillendirilen parfýaly zenanynyñ heýkeli, altyn çaýylan aýal kelleli guş heýkeli we beýleki tapyndylar Parfiýa döwletiniñ ösen sungaty

barada ýeterlik maglumatlar berýär. Parfiýa medeniýetine has çalymdaş Mansurdepeden tapylan aýal we erkek adamlarynyñ gara reñk bilen küýze böleklerine çekilmegi we beýleki kä bir sungat önümleriniñ hemmesi diýen ýaly ýerli önümlerdigini görkezýär. Muňa garamazdan,Parfýa sungatynda grek sungatynyñ käbir alamatlarynyň bolmagy tötänden däldir. Islendik ýurtda harby ýörişler üçin halkyñ ähli gatlagyndan goşun toplanýar. Olaryñ içinde senetçi, küýzegär, zergär, binagär ussalar, suratçy, dokmaçy we başgalar bolupdyrlar.Rimli senetçi ýesirler öz ussatlyklaryny sungata siňdiripdirler we grek sungaty ýerli Parfiýa sungatyna ,Parfiýa sungaty bolsa grek sungatyna täsirini ýetiripdir. Parfiýada grek (ellin) medeniýeti hem-de ýerli medeniýet biri-biri bilen utgaşyp, biri-biriniň ösmegine täsir edipdir. Onuň şeýledigini geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan ajaýyp binalar we sungat ýadygärlikleri görkezýär. Parfiýa medeniýeti ellin medeniýetiniň we sungatynyň iň oňat däplerini özüne siňdirip gülläp ösüpdir emma, ýerli däp-dessurlar ýaşaýyş durmuşynda esasy orny eýeläpdir.

**Parfiýanyň sungaty.**

Türkmenistan ir zamanlardan başlap medenýetiň gülläp ösen mekany bolupdyr. Dürli döwürlerde geçirlen gazuw-agtaryş, arheologiki barlaglaryň maglumatlary muňa şaýatlyk edýär. Günorta Türkmenistanyň ýerleri öz döwründe, dünýä medeniýetiniň taryhynda uly meşhurlyga eýe bolan Parfiýa siwilizasiýasynyň ýüze çykmagynda we ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Parfiýa biziň eýýamymyzdan öňki II-I asyrlarda Gündogaryň medeni taýdan ösen döwletleriniň biri bolupdur. Parfiýa döwletiniň paýtagty Nusaý bolsa, öz döwrüniň medeniýet ojagyna öwrülipdir. Onda onlarça döwlet edaralary, dini ymaratlar, harby- hojalyk jaýlary patyşa köşgi bolupdyr. Ol özüňiň medeniýetini gadymy Grek we Rim sungatynyň esasynda sazlaşykly ösdüripdir. Nusaý galasy b. e. öňki III

asyryň ahyryndan täze eýýamyň II asyryna çenli Parfiýa imperiýasyň möhüm ilatly ýerleriň biri bolupdyr.

Täze Nusaý galasyndan hem Parfiýa döwrüniň ýaşaýşyny we durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme binalaryň we beýleki maddy ýadygärlikleriň üsti açyldy. Bu ýerden tapylan, Parfiýa döwrüne degişli ybadathana birnäçe otagdan ybarat bolupdyr. Ybadathananyň sütünleri agaçdan bolup, häzirki zaman eýwanly jaýlara çalymdaş bolupdyr. Täze Nusaýdan däne ambary, ýüzi hatly küýze döwükleri, parfiýa pullary, başga-da birnäçe zatlar tapyldy.

Nusaýdan tapylan şirmaýadan haşamlanyp ýasalan bulgurlar – ritonlar, heýkeller, parfiýa şalarynyň şekilleri, şa aýal Rodogunanyň daşa siňen merdemsi keşbi, zikgelenen altyn teňňeler, ösen nakgaşlyk öz döwründe Parfiýa-Nusaý medeniýetiniň örän ösendiginden habar berýär. Ritonlaryň käbirleri köşkde geçirilýän meýlisler üçin has uly- 2, 2,5 litr ölçeginde hem ýasalypdyr. Häzire çenli dünýäniň dürli künjeginden tapylan ritonlaryň arasynda öz görnüşiniň kämilligi we sünnälenen çeper bezegi boýunça Köne Nusaý ritonlarynyň deňi-taýy ýokdur. Bu bolsa olary dünýä sungatynyň iňňän ajaýyp nusgalarynyň hataryna goşýar.

Geçirilen arheologiki barlaglar, diňe Ahal welaýatyndan Parfiýa döwrüne degişli gadymy mekanlaryň 30-dan köprägініň bardygyny görkezdi. Olardan Hysrowgalany, Ýelken depäni (Kaka etrabynda), Garrykäriz (Gökdepe etrabynda), Sarahs galasyny we başgalary ýatlamak bolar.

Parfiýanyň hat-ýazuwy. Parfiýa döwletiniň medeniýetiniň möhüm ýadygärlikleriniň biri hem hat-ýazuwyň ýüze çykmagydyr. Muňä gadymy Hytaý ýyl ýazgylary hem şaýatlyk edýär. Parfiýa patyşalarynyň ýörite hat ýazuw işleri bilen meşgullanýan adamlary –mürzeleri bolupdyr. Parfiýa döwletiniň haty elipbiý dolulygyna bize gelip ýetmändir. Onuň nusgalary ilkinji gezek 1948-nji ýylda Täze Nusaýyň hökümdarynyň köşginiň diwarynyň teýinden tapyldy. Biziň

eýýamymyzdan öňki II-I asyrlara degişli dokumentleriň umumy sany 2,5 müň çemesidir. Taryhy edebiýatlarda bu hatlara “Nusaý arhiwi” ýa-da “Nusaý hazynalary” diýilýär. Gazuw-barlag işleri Köne Nusaý galasyndan hem ýüzi hatly küýze bölekleriniň 2700-den gowragynyň üstüni açdy. Şol hatlar gadymy eýran-arameý dilinde ýazylypdyr. Hatlaryň mazmuny salgyt häsiýetli bolupdyr.

Ärsaky patyşalarynyň döwletinde bütin imperiýa üçin ýeke-täk dil bolmandyr. Parfiýa döwletine girýän ýerlerde ýaşaýan dürli halklaryň köp dilleriniň bolmagyna garamazdan agalyk süruji orny parfiýa dili eýeläpdir.

Parfiýada Mitridat I döwründen başlap milli pul çykarylyp başlanypdyr. Pullar kümüşden zikgelenipdir. Pul birligine “drahma” diýlipdir. Puldaky ýazgylar grek we ýerli Parfiýa hatynda ýazylypdyr.

Gadymy döwürde Nusaýda çeper edebiýat hem gülläp ösüpdir. Bu döwürde “Zarer hakda dessan”, “Hurma agajy we geçi” ýaly edebi eserler bilen birlikde taryhy mazmuna baý “Wis we Ramin” atly poýema hem döredilipdir.

**Dini ynançlar.**

Parfiýalylaryň dini düşünjeleri birmeňzeş däl. Irki döwürlerde ilatyň durmuşynda atyň we Günüň keramaty güýçli saýylypdyr Aýal hudaýlarynyň – hudaý-enäniň täsiri halkyň durmuşynda uly oruna eýe bolupdyr. Dini ynançlara görä, ata-babalaryň ruhuna uýmak güýçli bolupdyr. Serkerdeleriň guburnyň üstüne jaý gurmak däbi durmuşa ornaşypdyr. Dini ybadatlary berjaý etmek üçin dürli jaýlar, ybadathanalar salnypdyr. Soňra kem-kemden zoroastraçylyk - otparazlyk esasy dini düşünjä öwrülipdir. Gündogarda esasy dini ynançlaryň biri oda çokynmak bolupdyr. “Awesta” kitaby otparazçylygyň mukaddes kitaby bolupdyr. Parfiýa patyşalygynyň ýerlerinde birnäçe zoroastraçylyk ybadathanasy salnypdyr. Şeýle-de otparazçylygyň senenamasy ýazylyp durmuşda ulanlypdyr.

**Ellinizmiň Merkezi Aziýa halklarynyň medeniýetine eden täsiri.**

Gadymy grek medeniýeti ylymda “ellin medeniýeti” diýlip atlandyrylýar. Sebäbi grekler özüne ellinler diýipdirler. Şonuň üçin XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Ýewropa alymlary bu dörän täze medeniýete ellinizm medeniýeti diýip at beripdirler.

Parfiýada grek (ellin) medeniýeti hem-de ýerli medeniýet biri-biri bilen utgaşyp, biri-biriniň ösmegine täsir edipdir. Onuň şeýledigini geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan ajaýyp binalar we sungat ýadygärlikleri-de aýdyň görkezýär.

Grek-makedon goşunlarynyň Merkezi Aziýany eýelemeginiň netijesinde bu çäklere aralaşan grekler, Gündogar halklarynyň medeniýetine belli bir derejede öz täsirini ýetiripdirler. Ýerli ilat grekleriň dilini, däp-dessurlaryny, adatlaryny kabul edipdirler. Şonuň ýaly-da grekler hem ýerli halklaryň medeniýetini, däp-dessurlaryny kabul edipdirler. Grekleriň medeniýeti binagärçilik, heýkeltaraşlyk, şekillendiriş sungatyna täsiri uly bolupdyr. Onuň şeýle bolandygyny Köne nusaý galasynda geçirilen gazuw barlag işleriniň netijesinde Patyşa köşgünden tapylan adam heýkelleri subut edýärler.

Parfiýa medeniýeti ellin medeniýetiniň we sungatynyň iň oňat däplerini özüne siňdirip gülläp ösüpdir. Emma, Parfiýa medeniýetinde ýerli däp-dessurlar ýaşaýyş durmuşynda esasy orny eýeläpdir.

Parfiýa döwletinde köp taýpalar we halklar ýaşapdyr,bu ýagdaý olaryň dini düşünjeleriniň dürli bolmagyna getiripdir. Döwletiň esasy dini otparazçylyk dini bolupdyr,şonuň bilen bir wagtda hristiançylyk we buddizm dinleri hem ýaýrapdyr. Köne Nusaý galasyndan tapylan tegelek otparazlaryñ ybadathanasynyñ gurluşynyň togalak görnüşi türkmeniñ gara öý gurluşyna çalymdaş bolupdyr. Gadymy Margianada buddizm dininiñ wekilleri we olaryñ tarapdarlary öz ybadathanalaryny guran bolsalar, hristianlar Margianada we

Haweranda (Kaka etraby) öz ybadathanalaryny bina edipdirler. Parfiýalylaryň dini düşünjeleri birmeňzeş däl. Irki döwürlerde ilatyň durmuşynda atyň we Günüň keramaty güýçli saýylypdyr .Aýal hudaýlarynyň-hudaý-enäniň täsiri halkyň durmuşynda uly orna eýe bolupdyr. Dini ynançlara görä, ata-babalaryň ruhuna uýmak ynanjy güýçli bolupdyr. Serkerdeleriň guburynyň üstüne jaý gurmak däbi durmuşa ornaşypdyr. Dini ybadatlary berjaý etmek üçin dürli jaýlar, ybadathanalar salnypdyr. Soňra kem-kemden zoroastrizm-otparazlyk esasy dini düşünjä öwrülipdir. “Awesta” kitaby otparazçylygyň mukaddes kitaby bolupdyr. Parfiýa patyşalygynyň ýerlerinde birnäçe otparazçylyk ybadathanasy salnypdyr.

**Beýik ýüpek ýoly.**

Adamzat jemgyýeti döräli bäri, onuň ösüşi hiç wagt aragatnaşyksyz bolmandyr. Adamlaryň urug jemgyýetleriniň, taýpalaryň, ýurtlaryň, halklaryň we olary ykdysady we syýasy taýdan birleşdiren ýurtlaryň arasynda hemişe aragatnaşyk

BEÝIK ÝÜPEK ÝOLY




bolupdyr.Biz gadymy döwür taryhymyza nazar aýlasak, adamzat jemgyýetiniň bürünç zamanyndan başlap, käbir

ýurtlarda ondan hem ep-esli ozal aragatnaşygyň peýda bolandygyny bilýäris. Olaryň peýda bolmagyna taýpalaryň, halklaryň we döwletleriň arasyndaky gatnaşyklardan gelip çykýan ykdysady, etnik, syýasy we medeni islegler sebäp bolupdyr. Taryhda b.e. öňki VI-IV asyrlarda Eýran Ahemenitleriniň soltanlygy döwründe onuň çäklerinden "şa ýolunyň" geçendigini bilýäris. Emma ondan hem ozal Ýakyn we Orta Gündogarda Badahşan lazuritine bolan isleg "Lazurit ýolunyň" peýda bolmagyna getiripdir. Badahşanyň lazuriti Mesopotamiýa we Müsür patyşalarynyň köşklerini, ybadathanalaryny bezäpdir, gelin-gyzlar üçin dürli şaý-sepleri ýasamakda giňden peýdalanylypdyr. Şeýle Gadymy ýollardan biri Günbatar bilen Gündogary birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda biri-birine baglaşdyryp gelen Ýüpek ýoludyr.

"Beýik ýüpek ýoly" Hytaýy Alynky Aziýa we Ýewropa bilen baglanyşdyrýan söwda kerwen ýoludyr. Hytaýyň daşary ýurtlara çykarýan harytlary diňe ýüpek matadan ybarat bolman, eýsem çaý, farfor, bezeg üçin boýag, kagyz önümleri çykarypdyr. Bu harytlar Ýewropanyň bazarlarynda geçginli eken. Ýöne Hytaýyň esasy harytlarynyň ýüpekdigini nazara alyp bu söwda ýoluna "Beýik ýüpek ýoly" diýip at beripdirler. Hytaý harytlary ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda Parfiýa döwletiniň üstünden geçýän söwda ýollary arkaly grek-rim dünýäsine äkidilipdir.

Bu söwda ýolunyň başlangyjy Hytaý täjiri, syýahatçysy Sžan Szýanyň ady bilen baglanşykly bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki II asyrda ol Merkezi Aziýa syýahat edipdir. Şol asyryň 50-40-njy ýyllarynda Hytaý Gündogar Türküstany basyp alypdyr. Şondan soňra Hytaý bilen Merkezi Aziýanyň söwda, medeni gatnaşyklary barha ösüpdir. Hytaý söwdagärleri Merkezi Aziýadan owadan ýyndam atlary, ýorunja, üzüm we pagta tohumlaryny äkidipdirler. Hytaý täjirleriniň esasy harytlary ýüpek bolupdyr. Şol döwürde ýüpek

matanyň taýýarlanyşynyň syry ýewropalylara belli bolmandyr. Hytaýlylar bolsa ony örän gizlin saklapdyrlar.

Taryhçy alymlaryň ýazmaklaryna görä, hytaýlylar mundan 5 müň ýyl ozal ýüpek gurçugyndan ýüpek almagyň usulyny tapypdyrlar. Rowata görä, ilkinji ýüpegiň alynmagy imperator aýal Si Ling-Çi tarapyndan üsti açylypdyr. Ol çaý içip otyrka käsesine agaçdan ýüpek gurçugynyň pilesi gaçypdyr. Haçan-da, ol käseden çykarjak bolup piläni çekende, pileden ýüpek sapagy çözülip başlapdyr we ilkinji gezek ýüpek sapagy alnypdyr.

Hytaý täjirleri öz harytlaryny Merkezi Aziýanyň bazarly şäherleri bolan Samarkantda, Buharada, Amulda, Horezmde, Merwde we beýleki şäherlerde ýerleşdiripdirler. Adatça hytaýly täjirler Merwden günorta-günbatara Nişapura (Eýrana) ertipdirler, Ýerli täjirler bolsa, harytlary Siriýa, ondan aňryk gämilere ýükläp Müsüre, Wizantiýa, Italiýa ýetiripdirler.

TÜRKMENISTAN BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNDA




Hytaýlylar ýüpegi öndürmekligiň usulyny köp asyrlap gizläp saklan bolsalar-da, Merkezi Aziýa we Ortaýer deňziniň

kenarýaka ýurtlaryna ýüpekçilik dürli ýollar bilen ýaýrapdyr. Taryhy ýazuw çeşmeleriniň şaýatlyk etmegine görä, b. e. VI asyrynyň 50-nji ýyllarynda Wizantiýanyň imperatory Ýustinian I dolandyran ýyllarynda Wizantiýa syýahatçylary Hytaýdan öz hasalarynyň içini köwüp, ýüpek gurçuklarynyň tohumyny gizlinlikde Wizantiýa getiripdirler. Şondan soň ýüpek Wizantiýada hem öndürilip başlanypdyr.

Beýik ýüpek ýolunyň birnäçe şahalary bolup, olar dünýäniň dürli künjegine uzapdyr. Olaryň biri Owganystanyň üsti bilen Hindistana giden bolsa, beýlekisi Wolga derýasynyň üsti bilen Gündogar Ýewropa ýurtlaryna gidipdir. Ýüpek ýolunyň şahalary bilen Hytaýyň, Hindistanyň we Merkezi Aziýanyň harytlary Kiýew, Nowgorod, Moskwa ýaly gadymy rus şäherlerine hem ýetipdir. Şeýlelik bilen, Beýik ýüpek ýoly halkara söwda gatnaşyklarynyň ösmeginde,halklaryň ýakynlaşmagynda ýüpek ýoly möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Biziň eýýamymyzyň I-II asyrlarynda Ŷüpek ýolunyň ugrunda uly we kuwwatly Parfiýa döwleti ýerleşipdir. Söwda ýolunyň Parfiýanyň üstünden geçmegi Rim bilen Hytaýyň aralygynda Parfiýa döwletiniň kerwen ýollarynyň üstünden agalyk etmegine oňaýly şert döredipdir..

Parfiýa täjirleri diňe bir Hytaý harytlaryny satyn almak ýa-da ony günbatar ýurtlaryna äkitmek bilen meşgul bolman, eýsem öz harytlaryny hem satypdyrlar. Parfiýa täjirleri öz harytlaryny Siriýaly, Gresiýaly, Rimli we beýleki Ýewropaly täjirlere satýan ekenler. Parfiýa kerwenleri günbatarda Siriýa, Ermenistana, Palestina we Müsüre çenli baryp ýetipdirler. Bu döwürde Türkmenistanyň ýerlerindäki beýleki şäherler hem söwda ýolunyň ugrunda ýerleşip uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

Pekin uniwersitetiniň professory Şan Ýuz In nesilşalygyna degişli şäherlerde geçirilen arheologiki gazuw-barlag işleri netijesinde tapylan pyşdyl gapaklaryna çyzylan iýeroglifler ýazylan tapyndylary öwrendi. Netijede, şol tapyndylarda “ýüpek”, “tut agajy” ýaly sözleriň ýazylandygyny

anykladylar. Hytaý ýyl ýazgylarynyň birinde Fu Gi atly hünärmeniň b.e.öňki 3400-nji ýylda saz gurallaryny ýasap, onuň tarlaryny ýüpekden edenligi hakynda hem maglumat bar. Ýabany ýüpek gurçugy häzire çenli Hytaýyň Şandun we Hanan welaýatlarynda duş gelýär. Hytaý daýhanlary tut agaçlaryndan her ýyl ýabany gurçuklaryň pilelerini ýygnap özleri üçin egin-eşik tikipdirler. Ýabany ýüpek gurçugynyň pilelerinden taýýarlanan ýüpegiň hili, eldekileşdirilen gurçugyň pilesiniň hilinden berk we çydamly bolupdyr. Hytaýda ýüpekçiligiň has giň ýaýran ýeri Şandun welaýatydyr. Gadymy Hytaýda Sian şäherinden günbatarda ýerleşen Şan Si welaýaty ýüpek ýolunyň başlanýan ýeri hasaplanýar. Grek ýazarlarynyň berýän maglumatlaryna görä, Hytaý ýüpegi demirgazyk Gara deňiz kenarlarynda we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda b.e. öňki V asyrda peýda bolupdyr. Arheologiki gazuw barlag işleri netijesinde ýüpekçilik Merkezi Aziýanyň Günorta welaýatlarynda bürünç zamanynda (b.e.öňki II müňýyllykda) hem bolupdyr. "Ýüpek ýoly" Hytaýyň gadymy merkezi Siandan başlanyp Dunhuana gelýär. Dunhuanda ol ikä bölünýär. Ýüpek ýolunyň günorta-günbatar şahasy Takla-Makan çöli arkaly Hotana, ondan Ýarkende gelip Pamir dagynyň jülgeleri bilen Baktriýa gelýär. Balhda bolsa ýol üç şaha: onuň günbatar şahasy Merwe, günorta şahasy Hindistana, demirgazyk şahasy bolsa Termeziň üsti bilen Samarkanda tarap gidipdir. Samarkantdan günbatara Buhara, ondan Warahşa arkaly Faraba, ondan hem Amula barypdyr. Amuldan Merwe we Amyderýanyň ugry bilen Ürgenç tarapa gidipdir. Taryhy maglumatlar esasynda, Merwde şol zamanlarda halkyň ynanan dinleriniň biri otparazlar we budda dinleri bolupdyr. Gadymy ýüpek ýoly Merwe çenli köp şäherleri geçip, ýagny "Lazurit ýolunyň", "şa ýolunyň" üsti bilen Merwden günbatara tarap uly kerwen ýoly Hytaý, Hindistan, Orta we ýakyn gündogary hatda Orta ýer deňiziniň kenarlary bilen birikdiripdir. Taryhy ýazuw çeşmelerine we arheologiki tapyndylara esaslanyp, Merwden

günbatara tarap gidýän Ýüpek ýoly Parfiýa döwletiniň Nusaý şäheri arkaly Eýranyň Hemedan şäherine baryp ýetipdir we olardan geçip Mesopotamiýanyň Ktesifon we Bagdat şäherlerine barypdyr. Ondan Tigr derýasynyň sag kenary boýunça demirgazyga gidip Antiohiýa arkaly Damaska, ondan Tir we Nuddus şäherleri arkaly Müsüre geçipdir. Merwden çykan kerwen demirgazyk Kaspi boýunça demirgazyk Kawkaza, soňra Gara deňiziň demirgazygyndan Konstantinopola baryp, Bosfor we Dardenal arkaly Orta ýer deňizine geçip, Wizantiýanyň şäherlerine baryp ýetipdir. Hytaý imperatory ýüpek ýoly arkaly günbatardaky döwletler bilen söwda we diplomatiki gatnaşyklaryýola goýupdyr. Olar öz ilçilerini uly sowgat bilen Merkezi Aziýa, Eýrana, Mesipotamiýa we Kiçi Aziýa döwletlerine iberipdirler. Meselem Hytaý syýahatçysy Gan In 97-nji ýylda Pars aýlagyna çenli barypdyr. Makidoniýaly Maý Tisian bolsa, 100-nji ýylda Lançmoda çenli baryp ýetipdir. Emma, Merkezi Aziýalylar hem-de Eýranlylar hiç-haçan Hytaý bilen Wizantiýa ýa-da Hytaý bilen Ýakyn Gündogar döwletleriniň arasynda gös-göni söwda gatnaşyklarynyň bolmagyna razy bolmandyrlar. Çünki bu hereketiň “aňyrsynda” iňňän uly ykdysady syýasat ýatyrdy. III asyrdan başlap Eýranyň we Merkezi Aziýanyň arasynda ýüpek ýoly ugrundaky göreş ýitileşipdir.Merkezi Aziýa arkaly Hytaýdan günbatara tarap gidýän söwda kerwen ýollary hemişe Sogdylaryň elinde bolupdyr. Han dinastiýasy döwründe şu nefrit ýoly arkaly gündogar Türküstana köp ýüpek matalar baryp başlapdyr. Hytaý üçin bu ýoly ele almak ykdysady taýdan zerur bolupdyr. Demirgazyk-günbatar ýüpek ýoly diňe bir ykdysady ähmiýete eýe bolman, belki ol dini, medeni mirasyň gazananlaryny ýatladýan döwletleriň arasyndaky diplomatik gatnaşyklary üpjün edýän ýol bolup durýardy. Meselem, Hindistanyň budda dininiň ýol bilen Hytaýa Merkezi Aziýa arkaly gelipdir. IV-VIII asyrlarda Hytaýyň daşky dünýä bilen söwda gatnaşyklary

giňelýär. Şu zamanda Hytaýda buddizm dini giňden ýaýraýar. Merkezi Aziýanyň maddy we ruhy gymmatlyklary giň gerimde Hytaýa barýar. Hytaýda irki feodalçylyk döwründe ýüpekçilik örän ösüpdir, Hytaý imperatotlary türki atlylaryna ýüpek parçalaryndan görnüşde aýlyk beripdir. Soň şol parçalar Sogdyň üsti bilen Merkezi Aziýa ýaýrapdyr. Ýüpek ýoly söwdasynda atlar aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr. Atyň bahasyda edil ýüpegiň bahasy ýaly gaty gymmat bolupdyr. Ýüpek ýolunda Merkezi Aziýa günbatar bilen gündogaryň arasynda aralykçy bolup hyzmat etdi.Netijede, Merkezi Aziýada köpçülikleýin göçhä-göçlük güýçlenip, türk etnik elementleriniň uly-uly toparlary peýda bolupdyr we olaryň Merkezi Aziýanyň içki etraplaryna Merwe, Horezme aralaşmagy çaltlaşypdyr. Ýerli Eýran diller toparynyň dünýäsinde türki dilli halklaryň sany köpelip, X-XI türk diliniň täsiri güýçlenipdir. III asyrdan başlap ýüpekçiligiň merkezi demirgazyk-günbatara-gündogar Türkmenistana geçipdir. Ondan Fergana jülgesine, Sogda, Eýrana we Wizantiýa ýaýrapdyr. Söwda işlerine sähra ilaty hem örän işjeň gatnaşypdyr.

Söwdanyň ösmegi pul dolanşygynyň ösmegine alyp barýar. Muny Dariý I (522-486 aa. b.e.ö) pul özgertmelerinde görmek bolýar. Ahemeni zikgeleri bilen bir hatarda pul dolanşygynda Ortaýer deňzi tarapdan söwda arkaly grekleriň hem teňňeleri ýaýrapdyr. Şeýle-de, ýerli häkimler tarapyndan hem teňneler goýberilipdir.

Aleksandr Makedonskiniň ýörişleriniň netijesinde söwdanyň ýokary galmagy üçin aýratyn hem giň mümkinçilikler açyldy, ýurtlaryň we welaýatlaryň arasynda has ýakyn aragatnaşyklar ýola goýuldy. Geografik açyşlar we gözlegler, ýollaryň kämilleşdirmegi, gämiçiligiň ösdürilmegi aýratyn uly ähmiýete eýe boldy. Ummasyz çäklerde ýeke-täk pul ulgamynyň ýöredilmegi söwdanyň ösmegine eep-esli derejede ýardam etdi.

Mälim bolşy ýaly, gadymy Merwiň baş bazary tutuş şäheri dörde diýen ýaly bölüp, demirgazykdan günorta we gündogardan günbatara geçýän esasy ýollaryň ugrunda yerleşipdirler. Bazarlaryň hyzmatyny Gäwürgalanyň demirgazyk-günbatarynda we günorta-günbatarynda ýerleşen medeni gatlagy bolmadyk açyklykdaky tekiz ýerler ýerine ýetiren bolsa gerek. Hünärmentçilik önümçiligi gadymy Merwde aýratyn jemlenipdirler. Olar baş gala bolan Erkgalanyň daşyndaky egremçede, demirgazyk bölege ýakyn ýerlerde toplum tutup otyrlar.

Söwdanyň ösmegi şäherleriň, obalardaky hünärmençiliginiň ösmegine, şeýle-de özlerine bolan islegi artdyrmakdan ötri, durmuşa we zatlara bolan garaýyşlarynda ellinistik kadalara eýerip ýaşaýan barly toparyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edipdir. Mälim bolşy ýaly, şol döwür täjirleriniň, iň bir girdejili ugry çakyrçylaryň önümleriniň söwdasy bolupdyr. Çakyr önümçiliginiň haryt önümlerini bermesiniň sebäbi, Merkezi Aziýa ýerleriniň hemmesinde üzüm ösdürilip ýetişdirilipdir. Gündogaryň birnäçe ýurtlarynda bolsa, meselem, Hindistanda üzüm hoşalary ösüp bilmändir, şonuň üçin hem çakyr ol ýere Hindistanyň demirgazygynda ýerleşýän ýurtlardan eltilipdir. Günorta Türkmenistanda üzümçilik giňden ösüpdir. Çakyr üç nesliň dowamynda gaplarda saklanypdyr we ol giňden ýaýran haryt önümleriniň biri bolupdyr. Onuň işjeň peýdalanylmagy ellinizm durmuş keşbiniň wagyz edilmegine getiripdir. Arameý hatynyň bir görnüşinde ýazylan parfiýan tekstli humlaryň bölekleri Köne Nusaýdan tapylan meşhur tapyndylaryň biridir. Olardan çakyr ýygnalyşynyň hasaby boýunça 43 resminama çap edildi.

Içerki we daşarky söwdanyň soňraky ösüşleri we pul dolanşygy Parfiýa döwletiniň taryhynyň b.e.ö 250-nji ýyldan biziň zamanamyzyň 224-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Esasy ýerleri Günorta Türkmenistanyň Dehistan, Parfiýena,

Apawartikena we Margiana welaýatlary bolan Parfiýa döwletiniň medeniýetiniň we ykdysadyýetiniň ösüş taryhy barada aýdanymyzda şu döwürde ahemeniler döwründe dörän köne şäherleriň ösüşi we täzeleriniň peýda bolmagy duýulýar. Özem, Parfiýa şäherleriniň meýdany uly – 100 gektardan 300 gektara çenli bolupdyr. Olar çig kerpiçlerden salnan kuwwatly diwarlar bilen gurşalypdyr we iç ýüzünden arkalar bilen berkidipdirler. Daşky diwarlary bolmadyk birnäçe şäherleriň we oturylýan ýerleriň galyndylary bellidir, ýöne olaryň hersinde gowy berklenen arkalar saklanypdyr. Şäherleriň çäklerinde söwda-hünärmençilik  we hemme jemgyýetçilik durmuşy jemlenen bolupdyr.

Parfiýa döwleti möhüm söwda ýoluna agalyk etmek bilen, ondaky hereketiň howpsyzlygyny saklamaga we ony hemme çäreler arkaly abadanlaşdyrmaga hem uly ünsi beripdirler. Esasy ýollarda düzgün-tertip saklanypdyr, gurak ýerlerde kerwenler üçin ýörite guýular gurnalypdyr, uly duralgalarda kerwensaraýlar salnypdyr. Howatyrly ýerlerden kerwenleri ýörite atly sakçylar alyp çykypdyrlar, täjirler bolsa ýol maglumatlaryndan peýdalanyp bilipdirler. Şolar ýaly maglumatlardan biri Isidor Haraksiniň “Ŷol kitaby” ady bilen bellidir. Onda örän jikme-jiklik bilen ýol ugra duş gelýän şäherler, ýerler we duralgalar, ýörite guralan düşelgeleri bilen Günorta Türkmenistanyň üstünden geçýän ýoluň beýany berlipdir.

Halkara ýollary bilen bagly bolan daşarky söwda parfiýalylar üçin möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Parfiýalylar b.e. öňki II asyryň ortalarynda Wawilony eýeläp, Hindistana gidýän  söwda ýoluna doly gözegçilik edipdirler.

Söwdanyň zerurlygy Siriýa çöllüginiň kükreginde döwletiň araçy şäheri bolan şäheriň döremegine getiripdir. Ne rimlilere, ne-de parfiýanlara dahylly bolan bu şäheriň ýaşaýjylary aralyk söwda işlerini iki tarapda-da işjeňlik bilen alyp barypdyrlar. Baý täjirler agyr kerwenleri besläp, olary

çölüň üsti bilen Gündogara – Parfiýa şäherlerine ýollapdyrlar. Günbatara bolsa, baý deňiz ýaka Siriýa şäherlerine ugur alýan kerwenler gidipdirler. Ondan aňyrlygyna hem harytlar deňizden aşyrylyp, Gadymy Rimiň şäherlerine we obalaryna ýetirilipdir. Şeýle täjirleriň ellerinde toplanan aşa köp baýlyk hem ajaýyp şäheriň döremegine sebäp bolupdyr. Parfiýa döwleti tarapyndan gözegçilik edilýän halkara söwda ýollary boýunça her dürli harytlar gatnadylypdyr.

Olaryň içinde gön, demir, dürli ysly atyrlar, her dürli melhemler, gymmatbaha daşlar, senetçileriň seýrek önümleri we aýratyn hem gymmat bahalanýan hytaý ýüpekleri bolupdyr. Olar, ep-esli derejede, gadymy Rimiň gul eýeçilik gatlagy üçin niýetlenen zynat önümleri bolupdyr. Prineý, Rim döwletleriniň gündogar söwdasyny 100 million sesterside bahalandyrmak bilen: "…biziň bolelinligimiz we aýallarymyz neneňsi gymmata durýardy" diýip, kinaýa bilen belläpdir.

Hytaý ýüpegine aýratyn isleg bildiripdir. Rimde her dürli ýüpek matalar ýörgünli bolupdyr. Ýüpegi parfiýalylar hem ulanypdyrlar, hususan-da, söweş baýdaklaryny etmek üçin ýüpek ulanylypdyr. Hytaý ýüpeginiň "Ýüpek ýoly" boýunça söwdasy b.e.öňki II asyryň ahyrynda başlanýar. Muňa, köp babatda, Çjan Szýanyň hytaý imperatorynyň tabşyrygy boýunça geçirilen ilkinji syýahaty sebäp bolupdyr.Syrderýanyň, Amyderýanyň boýlarynda we Parfiýada ýaşaýan halklar bilen Hytaýyň arasynda söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak hakdaky teklipler gyzgyn garşylanypdyr.

Halkara ugurlar boýunça söwda dolanşygynda Parfiýanyň öz önümleri uly ähmiýete eýe bolupdyr. Parfiýalylaryň halkara söwdasyna giňden gatnaşandygyny Parfiýanyň kümüş teňňeleriniň dürli ýerlerden tapylmagam tassyklaýar.Ferganadan we Gündogar Türkmenistandan tapylan şol tapyndylar, megerem, harytlaryň meşhur "Ýüpek ýoly" boýunça hereket edendigine,şeýle teňňeleriň orta Wolgadan tapylmagy, parfiýaly täjirleriň Wolganyň kenarlarynda oturan

halklar bilen hem söwda aragatnaşyklaryny edendiklerini görkezýär.

Parfiýa teňňeleri aýratyn hem Kawkazda köp tapyldy. Ol biziň zamanamyzyň ilkinji asyrlarynda Arşakylariň kiçi şahasy tarapyndan dolandyrylypdyr. Parfiýa teňňeleriniň Gündogar Gara deňiz ýaklalarynda ýörgünliligini nazara tutup, Rim hünärmenleri şu ýerler üçin agramy parfiýan drahmanlaryna deň bolan ýörite kümüş teňňelerini zikgeläpdirler.

Geçýän harytlaryň belli bir bölegi Parfiýanyň aralyk merkezlerinde ýerläpdirler. Mysal üçin., Nusaýyň patyşa hazynasyndan tapylan köpsanly we her dürli gymmatbahaly zatlaryň agramy bölegi satyn alnan harytlara degişlidir. Şol zatlaryň içinde Hindi ummanynyň balykgulaklary, Müsüriň alebastrdan ýasalan gapllary, rimlileriň we siriýalylaryň ýasan aýnalary bar. Gadymy Merwiň antik gatlaklaryndan daşary gelen materilallardan öndürilen önümler tapyldy, oňa gadymy Horezmiň Soltanyzdag diýlen dagyndan alynýan pöwrizeden ýasalan monjuklary degişli etmek bolar. Gadymy Merwe degişli Hytaýdan tapylan, hindi boýaglary bilen boýalan tapyndylary Merwiň Hytaý we Hindistan bilen eden söwda gatnaşyklaryna şaýatlyk edýär. Biziň eramyzyň ilkinji asyrlarynda Parfiýanyň bu möhüm halkara söwda ýollaryndaky şol wagtky agalygyny kem-käsleýin ýitiripdir. Bu bir tarapdan günorta ýolda deňiz söwdasynyň ösmegi bilen, ikinji tarapdan hem halkara söwdasynda güýçli garşydaş bolan kuwwatly Kuşan döwletiniň döremeginiň söwda eden täsiri bilen bolupdyr.

Köne Nusaýdan tapylan tapyndylar söwda işleriniň juda giňden alynyp barlanlygyna we harytlaryň uly toplumlarynyň iberilýänligine şaýatlyk edýärler.

Bullalar (möhür görnüşi) bişirilmedik, ýüplük geçirmek üçin deşijekli çaklaňja laý tokgasyndan ybarat bolupdyr, onuň ýüzünde möhüriň şekili bar. Şular ýaly tapyndylar ýurdumyzyň

beýleki sebitlerinde-de duş gelýär. Antik döwrüne degişli bolan bu möhürler, taryhçylaryň pikirine görä, uly ölçegli söwda işleriniň bolanlygynyň subutnamalarydyr. Belki-de, Köne Nusaýdaky dörtgyraň jaýdan tapylan mönürler hem harytlaryň uly toplumyny möhürlemek üçin hyzmat edendir?! Içerki söwdanyň taryhyny öwrenmek üçin tapylýan teňňeleriň, şeýle-de pul aýlanyşygynyň meseleleriniň öwrenilmeginiň uly ähmiýeti bardyr. GTAKE-niň işleriniň otuz ýyllyk döwri Parfiýa numizmitikasy boýunça birgiden maglumatlary berdi. Olar şol döwürlerdäki Günorta Türkmenistanýn ykdysady durmuşynyň käbir meselelerine şöhle saçmaga ýardam etdiler. Parfiýanlaryň pul birligi antik ülňülerine esaslandyrylandyr.Pul aýlanyşygynyň esasyny kümüş – tetradrahmalar we drahmalar tutupdyr. Ýöne, şaý pullaryň ornuny tutan mis teňňeler hem giňden peýdalanylypdyr.

Gadymy Nusaýyň dörtburç öýünden tapylan bullalar harytlaryň uly toplumyny möhürlemek üçin hyzmat eden bomagy mümkin, bu-da eksport-import häsiýetli ösen lomaý söwdanyň şaýady bolup biler.

Biziň eramyzyň III-IV asyrlarynda şäher ýaşaýşynyň çalt pese gaçmagy hünärmentçiligiň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getiripdir. Şäherleriň we hünärmentçlik önümçiliginiň pese gaçmagy netijesinde beýleki ýurtlar bilen gatnaşyklar, megerem, çalt kemelen bolmaly. Ýöne söwda ýaşamagyny dowam etdiripdir, aýratynam, içerki we daşarky sähralar bilen söwda edilipdir. Hytaý bilen söwda ýaşamagyny dowam edipdir, onuň üçin ugur bolup “Beýik Ýüpek ýoly” hyzmat edipdir. Bu ýoluň dowam etmegi, şu ýolda ýerleşen welaýtalary halkara söwda gatnaşyklaryna çekipdir, bu hem öz gezeginde aýratyn hünärmentçilikleriň ösüşine getiripdir we şu iri söwda magistralynda ýerleşen şäherleriň ykdysady galkynyşynyň sebäbi bolup bilerdi. Eftalylaryň döwletiniň düzüminde bolmak bilen Günorta Türkmenistan döwürleýin, bir tarapdan Wizantiýa we Eýran, beýleki tarapdan Hytaý we

Hindistan aralygyndaky ýagdaýy eýeläpdir. Eftalylaryň elinde "Ýüpek ýolunyň" bir bölegi bolupdyr we şonuň ücin olaryň söwda işleri tranzit häsiýetini göteripdirler, onda şäherleriň ilaty araçylylar roluny oýnapdyr.

Ýüpekden başga bu ýoldan beýleki harytlar hem daşalypdyr. Aýna, naz-nygmatlar, gymmat bahaly daşlar, deriler, kosmetiki harytlar, şeýle-de Merwde taýýarlanan ýeňil matalar satylypdyr. Hünärmentçilik önümçiligi özüniň ýokary derejesine ýetdi we sasany Eýranyň maddy medeniýetiniň ýadygärlikleri şol döwrüň hünärmenleriniň ýokary ussatlyklarynyň birnäçe nusgalaryny berdiler. Şa Hysrow Perweziň eýeçilik eden beýik hazynalarynyň hatarynda bahasy ýokary ussatlykda suratlandyrýan haly bolupdyr, ony tebigatyň janlanyş göz öňüne getirmegini döretmek üçin gyşyna köşgüň kabul ediş otagyna ýazypdyrlar. Eýrandan Hytaýa "Ýüpek ýoly" boýunça oba hojalyk önümlerini-de çykarypdyrlar: şerap, gök önümler, hozlar we ş.m. Şäherde hünärmentçilik öz alyjylaryny hünärmenleriň öz ellerinden we araçy söwdagärleriň üsti bilen alnan önümleri beripdir. Şäher hünärmentçilikleri bilen bir hatarda, şa ussahanalary hem belli bir orun eýeläpdir.

## 12. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti.

Hunlar barada ilkinji gezek Hytaý çeşmelerinde b.e.öň 1784-nji ýylda ýatlanylypdyr.Ondan soňra b.e.öň 822-nji we 304-nji ýyllara degişlidir.Hunlar tutuşlygyna Hytaýyň demirgazyk günbataryndaky giň sähradan tä Sibire çenli aralykda ummasyz uly ýerleri eýeläpdirler. Hunlar Oguz han aradan çykandan soň, ýerine patyşa bolan uly ogly Gün hanyň nesilleridir. Ýewropada hunlara "gunlar" diýilmegi şonuň üçindir. Gun we hun sözleri "gün" sözündendir. Gunlar (hunlar) diýmek "Güne çokunýan halk", ýagny otparazlar

diýmekdir. Olaryň baş Hudaýy Göktaňry bolupdyr. Hunlar köp taýpalardan ybarat bolup,bu agzalan döwre çenli üç sany uly taýpa bileleşigini emele getiripdirler. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti we onuň edenli hökümdary Mete han hakynda dürli ýurtlaryň taryhçylary köp sanly ýazgylary galdyrypdyrlar. Hun döwleti bilen goňşuçylykda ýerleşen Hytaý taryhçylarynyň ýazgylary beýleki taryhy çeşmelerden has ygtybarlylygy bilen tapawutlanýar.Sebäbi Hun döwletiniň taryhyny bar bolan köp sanly ýoýulmalara garamazdan, dine hytaý çeşmeleri doly we yzygiderli beýan edýär. Hytaý taryhy çeşmeleri Mete hanyň ýaşlyk ýyllary barada az maglumat berýärler. Ol Hun hökümdary Duman Beýigiň iki oglunyň ulusy bolupdyr. Duman Beýigiň hökümdarlyk eden döwründe ol Hun döwleti bilen gonşuçylykda ýerleşen Ýuwejilerin döwletiniň köşgünde gulluk edipdir. Şazada Metäniň ýuwejilerin köşgünde gullukda bolýan wagty iki goňşy döwletiň arasynda özara dawa döräpdir we Duman Beýigiň Ýuwejileriň döwletiniň üstüne ýöriş etmegi Metäniň janyny howp astynda goýupdyr.Bu kyn ýagdaýda oňa ýyndam atlaryň birine münüp, bu ýurtdan gaçmak başardypdyr. Duman Beýik oglunyň edermenligine buýsanyp, oňa bir tümeni, ýagny 10 müň öýli ilaty dolandyrmaga beripdir. Kakasy Duman Beýik ölenden soň Mete han b.e.öň 209-njy ýylda özüni «Şanýuý»ýagny, «Beýikleriň beýigi» diýip yglan edipdir. Hunlaryň öz ýurduny, topragyny, watanyny söýüşleriniň soňky nesillere nusgalyk häsiýetli gürrüňleri ýazuw çeşmelerinde saklanyp galypdyr. Olaryň birinde şeýle diýilýär:

Bir gün goňşy döwlet bolan Dunhunyň hökümdarynyň (dunhu-häzirki mongollaryň ata-babalary) wekilleri gelip Hun patyşasyndan öz münýän atyny dunhu hanyna bermegini sorapdyrlar. Mete han bu meseläni öz wezir-wekilleri bilen maslahatlaşypdyr. Hun patyşasy Mete dunhularyň dilegini paýhaslylyk bilen çözüp,şeýle diýipdir:

-At diýeniň bir haýwandyr, goňşy bolsa goňşy bolar- diýip sowukganlylyk edipdir. Türkmenler aýtmyşlaýyn „Kyýamat güni goňşydan“ diýen halk paýhasyna eýerip, öz münýän atyny dunhulara berip goýberipdir. Beýle ýagdaýa maslahata gatnaşanlaryň hersi özüçe düşünipdir. Käbirleri Mete hany-patyşany gorkaklykda aýyplasa, başga birnäçeleri bu hereketde Mete hanyň eli açyklygyny-sahylygyny görüpdirler. Birnäçe adamlar bolsa öz pikirlerini daşyna çykaryp bilmän „haý näbileýin-dä, bu gün öz münýän saýlama bedewiňi berip goýberseň, ertir gelip ýassykdaşyňy dilän hem tapylar“-diýip içlerini hümledipdirler. Her niçik bolsa-da han-han, patyşa-patyşa bolýar. Ol öz gepini gögerdipdir.

Dunhu hökümdary hunlara salan dileginiň ýeňil däldigini bilýän eken. Şoňa görä-de, bu dilegiň bitäýjegine gaty bir ynam hem etmändir. Ýöne her näme-de bolsa hunlaryň „agyzlaryny ysgap görmegi“ makul bilipdir. Haçan-da hunlara




giden wekil eýerli-esbaply han atyny idip gelenden soňra dunhu hökümdary eselip başlapdyr. „Görýän welin hunlar bizden heder etmän duranoklar öýdýän“-diýip gedemlik bilen

ýylgyrypdyr. Aradan birnäçe gün geçenden soňra dunhu hökümdarlarynyň wekili Mete hanyň dergähinde ýene-de peýda bolupdyr. Ol Mete handan öz aýallarynyň biriniň goňşy dunhu hana berilmegini haýyş edipdir. Hun hany bu gezek hem ozalkysy ýaly wezir-wekilleri bilen maslahatlaşypdyr. Bu gezek edilýän dilege üzül-kesil garşy çykylypdyr. „Dunhularyň dişinde et galdy. Heý-de bir han atyna eýe bolanyňdan soňra, indi han aýalyna dawa edip bolarmy-diýip dergazap bolanlar az bolmandyr. Olar bizden zat dilänoklar, bizi göreş meýdanyna çagyrýarlar-diýip gylyjyna ýapyşanlar hem bolupdyr.

Emma hunlaryň hany öz wekillerini köşeşdiripdir we aýal tapylar, emma goňşy tapylmaz, goňşy üçin bir aýal näme-diýip aýallarynyň birini berip goýberipdir.

Dilegi ýerde galmadyk dunhu hökümdary „Hunlar men näme dilesem berjekler, maňa berip ýaranyp bilse kaýyl”-diýip öz ýanyndan göwün ýüwürdipdir hem-de üçünji gezek öz wekilini hun paryşasynyň huzuryna iberipdir. Bu gezek ol başga dileg edipdir. Ýagny, iki goňşy döwletiň arasyndaky, emma yunlara degişli ýerleri, mal bakmak üçin öri meýdany edilip dunhulara berilmegini sorapdyr. Mete han öňküleri ýaly goňşy ýurduň hökümdarynyň haýyşy bilen tanyşypdyr. Öňki garşy çykyşlary ýer almandan soňra, bu gezek wezir-wekilleriň hemmesi “naýbaşy bedewi, aýalyňy bereniňden soňra, boş ýatan meýdan näme. Gerek bolsa alsynlar”-diýip biragyzdan seslenipdirler.

Emma hun hökümdary Mete hanyň pikiri ýene-de wezir-wekilleriniňkä çapraz gelipdir. “Ýer döwletiň esasydyr. Ýeri kesekä bermek watanyňa dönüklik etmek bilen birdir. Kimde-kim, ýeri başga döwlete bermegiň tarapyny çalsa, ol meniň ganym duşmanymdyr”-diýip ýeri goňşulara bermeli diýenleriň hemmesine ölüm jezasyny beripdir.Şundan soň Mete han dunhularyň üstüne goşun çekipdir we olary derbi-dagyn edipdir. Netijede uly ýerler gün-günden güýçlenýän oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň düzümine goşulypdyr.

Şundan soň Hun döwleti güýçlenip onuň düzümine ownuklyirili 26 döwlet birleşdirilipdir. Mete han merkezleşdirilen döwleti döretmek, merkezi häkimiýeti berkitmek maksady bilen, döwletiň dolandyryş ulgamynda özgerişleri geçiripdir. Mete han bütin ýurdy 84 welaýata bölüpdir. Olaryň başynda öz diýen adamlaryny goýyp, ägirt uly döwleti bir merkezden dolandyrypdyr. Bu döwletiň bir tarapy Hazardan tä Hindi ummanyna, beýleki tarapy bolsa Gimalaý daglaryndan Sibire çenli ýerleri öz içine alypdyr.

Mete han oguzlaryň ähli 24 taýpasyny bir ýere jemläpdir we onuň goşunynyň sany hytaý taryhçysy Syma Sýanyň (b.e.öň. 145-90) ýazmagyna görä 300000 ýetipdir. Şeýle uly ýerleri öz içine alan we kuwwatly goşuny bolan bu ýurdy hytaýlylar öz ýurtlary bilen deneşdiripdir. Hun döwletiniň kuwwatlanýan döwri Hytaýda raýatlyk urşy dowam edipdir we b.e.öň 202-nji ýylda bu uruş gutarypdyr. Raýatlyk urşunda ýeňiş gazanan Lýu Ban Hytaýda Han imperiýasyny we nesilşalygyny esaslandyrypdyr. Ol "Gaoszu tagt" adyny alyp imperator bolupdyr.

Han imperatory Gaoszu özi bilen goňşyçylykda güýçli Hun döwletiniň bolmagyny islemändir. Bu bolsa iki döwletiniň arasynda uruş hereketleriniň başlamagyna getiripdir. B.e.öň 200-nji ýylyň gyşynda Pinçen şäheriniň golaýyndaky Baýdyn obasynyň ýanynda iki goşun duşuşypdyr. Mete han öz atlylaryny dört bölege bölüpdir we Han goşunlarynyň daşyny gabapdyr. Syma Sýanyn ýazmagyna görä, daşy gabalan Hytaý goşunlarynyň sany 320 müň, Mete hanyň atlylarynyň sany bolsa 400 müň bolupdyr. Emma belli rus taryhçysy L.N.Gumilýowyň hasaplamalaryna görä hun goşunlarynyň sany 20-40-müňden geçmändir.

Gaoszunyň haýyşlaryndan soň Mete han hytaý goşunlarynyň daşyndan gabawy aýrypdyr. Şundan soň Hun döwleti bilen Han imperiýasynyň arasynda parahatçylyk we garyndaşlyk şertnamasyna gol çekilipdir. Şertnama boýunça

Gaoszunyň gyzlarynyň biri Mete hana aýal edilip berilipdir we ol Han imperatoryndan ummasyz köp sowgatlary alypdyr. Mete hanyň döwründe hunlar bütewi bir oguz-türkmen milleti bolup ol 24 sany taýpadan ybarat bolupdyr. Her taýpanyn hokumdary bolup, olar şanýuýyň egindeşleri bolupdyr.

Mete hanyň döwründe hunlarda 3 tanymal urug bolup, olar Huan, Sýuýbu, Lan diýlip atlandyrylypdyr. Huan köne oguz sözi bolup, ol «okuz», «Sýuýbu», «Sube» bolsa «Ülke» manylary aňladýar. Hun döwletindäki ähli wezipeler şu üç uguryň wekilleriniň arasynda bölüşdirilipdir, sebäbi şanýuý özüne aýal edinip dine şu ugurlardan bolan gyzlary almaly bolupdyr. Döwletdäki ähli wezipeler nesilden-nesle geçipdir.

Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletinde başga-da şeýle wezipeler we derejeler bolupdyr. 1)Gündogar we Günbatar Toky begi, 2)Gündogar we Günbatar begi, 3)Gündogar we Günbatar beýik serkerdesi 4)Gündogar we Günbatar duýuýy, 5)Gündogar we Günbatar Danhu, 6)Gündogar we Günbatar Gutlugy. Hunlarda dana adamlar “toky” diýlip atlandyrylypdyr we tagtyň mirasdary Gündogar Toky begi wezipesini eýeläpdir. Wezipeleriň we derejeleriň öňünde «Gündogar we Günbatar» sözleriniň getirilmeginiň sebäbi, bu döwlet iki ganata – sag (Günbatar) we çep (Gündogar) ganatlara bölünipdir.

Hunlaryň döwründe oguz-türkmenleriniň özboluşly kanunlary bolupdyr. Hytaýly taryhçylaryň ýazmagyna görä «olaryň kanynlary ýeňil we ulanmak üçin amatly» bolupdyr. Agyr jenaýatlar edilende ölüm jezasy berilipdir. Oguz-türkmenlerinde ogurlyk aýratyn bir ýigrenilýen jenaýat bolup, ogryny diňe bir emläklerinden däl, eýsem maşgalasyndan hem jyda düşürilipdir. Mete hanyň döwründe hunlarda adatdan başga-da döwlet kanunlary hem ýüze çykypdyr. Harby düzgün –nyzamy bozanlara, gulluk etmekden boýun gaçyrýanlara ölüm jezasy berilipdir. Uruş-sögüş, adam öldürmek, ogurlyk we başga-da käbir jenaýatly hereketleriň

bolandygyna garamazdan, hunlarda bütin ýurt boýunça bendileriň sany sähelçe bolupdyr. Tussaglar köplenç halatlarda 10 günden artyk saklanmandyr. Şeýle etmek bilen olar bendileri ekläp-saklamak, wagtlaýyn hem bolsa olar üçin ýaşaýyş jaý aladasyndan dynjak bolupdyrlar. Hunlarda zyndana salmagyň ýoklugyny iki hili ýagdaý bilen düşündirýärler. Birinjiden olarda tertip-düzgün örän berk bolupdyr. Şoňa görä-de jeza çäreleri haýal etmän şol bada berlipdir. Olar çarwa ýaşaýşynda bolmak bilen bir ýerden başga ýerlere öri meýdanlaryna-ýaýlalara gidenlerinde jenaýatçyny ýanlaryna göterip ýörmändirler. Şeýlekide, olar jenaýatçyny ekläp-saklamak ýaly artykmaç çykdajyly we hysyrdyly işlerden halas bolupdyrlar.

Hun jemgyýetinde jenaýatçylyga garşy örän berk çäreler görlüpdir. Käbir hukuk kada-kanunlary işlenip düzülipdir, olaryň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegine berk gözegçilik edilipdir. Eger-de kimde-kim, hiç bir sebäpsiz ýa-da başgaça aýdylanda birine nähak hanjaryny gynyndan çykaryp çenese, şol adama ölüm jezasy berlipdir. Ogrulyga baş goşan adam maşgaladan mahrum edilipdir. Ýeňil jenaýat üçin birnäçe gezek taýak urmak bilen çäklenilipdir. Emma agyr jenaýat üçin ölüm çäreleri giňden ulanylypdyr. Hunlarda harby tertip-düzgün örän berk bolupdyr. Ony bozan her bir adama ölüm howpy abanypdyr. Bu meselede hökümdar Mete has tapawutlanypdyr. Ol bir gezek dunhu (mongol) ýurduna ýöriş etmekçi bolanda döwletiň harby çagyryşyna gijä galyp gelenleriň barysynyň kellesini almaga biýruk beripdir. Hun hökümdary Mete goşuna berk harby tälim beripdir we goşunyň özüne wepalydygyna göz ýetirýänçä tälim bermegini togtatmandyr. Eger-de kimde-kim harby tälimden boýun towlasa, onuň jany howp astynda eken. Hökümdarlar öz goşunlaryny juda kyn şertlerde synapdyr. Şol kyn synagdan geçip bilýändigi ýa-da geçip bilmeýändigi esasynda goşuna baha berer eken we şoňa görä-de netije çykarypdyr.

Umuman,bu ugurdan işlenip düzülen kanunlar Mete hanyň döwründe Hun jemgyýetiniň bitewileşmegine, güýçli goşunyň emele gelmegine we şularyň netijesinde bolsa Hun döwletiniň Aziýada kuwwatly döwlete öwrülmegine getiripdir.

Hunlarda gulçulyk bolupdyr, ýöne Aziýa üçin häsiýetli bolan bergidarlyk gulçulygy bolmandyr. Hun öz ýurdunda hiç haçan gula öwrülmändir.Gullar esasan ýesir düşen kese ýerliler bolupdyr. Gullar esasan hojalyk işlerinde ulanylyp, olaryň ýagdaýy beýleki ýurtlardaky gullarynkydan gowy bolupdyr.

Mete hanyň geçiren özgertmeleri oguz-türkmenleriň patriarhal jemgyýetini kämilleşdiripdir we harbylaşdyrylan Hun döwletiniň kemala gelmegine ýardam edipdir. Her bir hun kişisi esger bolupdyr. Esgeriň özüniň serkerdesi bolup, ol oňa doly suratda boýun egipdir. Mete hanyň geçiren özgertmelerinden ählumumy harby borçlyk, öz serkerdäňe gürrüňsiz boýun bolmak we derejeleriň girizilmekligi, aýratyn hem ýere döwletiň esasy binýady hökmünde garamaklyk taýpalaryň bir ýere jemlenmekligine gürrüňsiz mümkinçilik beripdir.

Bu bolsa tire-taýpa gurluşynyň dargamagyna päsgel beripdir we bu gurluşyň birnäçe asyrlap dowam etmegine ýardam edipdir.

Ýönekeý hun söweşiji bolup doglupdyr we ömrüniň ahyryna çenli şol derejede-de saklanypdyr. Onuň esgerligi ony ähli kynçylyklardan mäkäm gorapdyr, erkin adam bolup galmagyny kepillendiripdir. Parahatçylyk döwri ýönekeý esger öz mallarynyň yzynda gezipdir, harby türgenleşik bilen meşgullanypdyr we dynç alypdyr. Hytaýly taryhçylar hunlarda esgerler «şadyýan ýaşaýarlar» diýip belläpdirler. Şol sebäpden hem araçäk ýerlerde ýaşaýan hytaýlylar häli-şindi erkinlikde ýaşaýan hunlaryň arasyna gaçyp gidipdirler.

Hytaýlylar hun goşunynyň umumy sanynyň 300 müňe barabardygyny belläpdirler. Bu bolsa hunlaryň şol döwürdäki umumy sanynyň 1,5 mln. töweregi bolandygyny anladýar.

Hunlaryň goşunynyň esasyny atlylar düzüpdir. Esasy ýaraglary bolsa ýaý bolupdyr. Hunlaryň örän okgunly hereket edýen atly goşunynyň öňünde duşmanyň ne pyýada ne-de agyr ýaraglandyrylan atly goşuny durup bilipdir. Hun goşunynyň esasy söweş tilsimi garşydaşyny tapdan düşürmek bolupdyr.

Oguz-türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň taryhyny ýazan alymlar «Hunlary kowmak ýeňil, ýeňmek kyn, derbi-dagyn etmek bolsa asla mümkin däl» diýip ýazypdyrlar. Taryhçylaryň hun goşuny hakyndaky ýazan bu pikirleri türkmen taryhynyň ähli döwürleri üçin häsiýetlidir.

Mete hanyň döwründe Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletinde halk döwlete salgyt tölemändir. Erkin ilat salgyt tölemäge razy bolmandyr,üstesine-de salgyt tölemeklige öz erkinligine päsgelçilik hökmünde garapdyrlar. Hun döwletine salgytlar olara boýun egdirilen taýpalardan we halklardan ýygnalypdyr ýa-da uruşlar döwri alnan oljalar döwlet serişdeleriniň esasyny duzüpdir.

Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň özboluşly jemgyýetçilik gurluşy bolupdyr. Mete hanyň döwründe hun jemgyýeti atalyk däplerine esaslanypdyr. Ýagny, ogul ene kowmuna däl-de ata kowmuna degişli bolupdyr. Uly agasynyň dul galan gelni hunlarda ýüwürjisine dakylypdyr. Hun jemgyýetiniň aýratyn taraplarynyň biri-de urugyň, kowmuň, nesli ähli agzalary biri-biri üçin jogap beripdirler. Urugyň ýa-da maşgala agzalarynyň eden jenaýaty üçin olaryň ählisi jogap beripdirler. Bu bolsa hun jemgyýetiniň berk we uzak wagtlap dowam etmeginiň möhüm şertleriniň biri bolupdyr.

Hunlarda tire-taýpa serdary şol tire-taýpanyň bähbitlerini araýan özboluşly wekil bolup, ol tire-taýpasynyň doly goldawyna daýanypdyr. Şol sebäpden hem ägirt uly imperiýada şanýuý hem uly goldawdan hemem uly abraýdan peýdalanypdyr. Çünki şanýuý golasty halklar üçin hökümdar, hunlaryň özleri üçin bolsa ata bolupdyr. Bu-da hun döwletiniň

uzak ýyllaryň dowamynda saklanyp galmagynyň möhüm şertleriniň biri.

Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň kemala gelmeginde onuň kuwwatly döwlete öwrülmeginde we şol döwrüň türkmen jemgyýetine laýyk gelýän gurluşynyň kemala gelmeginde Mete hanyň ägirt uly hyzmaty bardyr. Mete han tarapyndan döredilen gurluş urug gatnaşyklaryny berkidipdir we ol gurluş ylmy dilde «gerontokratiýa» – urugyň ýaşulysynyň häkimiýeti diýlip atlandyrylýar. Elbetde, urugyň ösen ulgamynda urugdaky şahslaryň ýaşynyň ulylygy kän bir hasaba alynmandyr. Urug begzadalary ähli häkimiýeti öz ellerine almak bilen halk maslahatyny, urug serdarlarynyň ýygnagy bilen çalşyrypdyrlar. Halk maslahaty Hun döwletiniň taryhyna degişli maglumatlaryň arasynda duş gelmeýär, oňa derek urug serdarlarynyň we begzadalarynyň ýygnagy ýylda iki gezek yzygiderli geçirilipdir. Şol sebäpden hem Hun döwletiniň taryhyny öwrenen alymlar ony urug imperiýasy diýip atlandyrypdyrlar. Emma şeýle çylşyrymly we täsin gurluşy döretmek ýeňil iş bolmandyr. Munuň üçin şeýle döwleti esaslandyryjynyň diňe bir asylzada gelip çykyşynyň bolmaklygy zerur bolman, eýsem şeýle adamda ägirt uly harby zehiniň bolmagy hem hökman bolupdyr. Hut şu sypatlary hem döwleti esaslandyryjy Mete handa görmek bolýar. Hut onuň ägirt uly başarnygy we erki bilen kuwwatly döwlet döräpdir. Mete han aýratyn hem döwletde tertip-düzgüniň berjaý edilmegini gazanypdyr. Şu düzgüne garşy gidýänlere berk çäre görüpdir. Bu bolsa hun žemgyýetinde ula hormat goýmak däbiniň harby düzgün-nyzamlylyk bilen has hem berkemegine getiripdir. Şol sebäpden hem Hun döwletiniň mundan beýläkki taryhynda tertip-düzgün bozulma hadysalary hakynda bir ýerde-de ýatlanylyp geçilmeýär.

Çingiz han döwrüniň döwlet işgärleri Ýelýuý Çusaý «At münüp döwlet döretmek bolar, ýöne at münüp döwleti dolandyryp bolmaz» diýip aýdypdyr. Şu pähime Mete han

Çingiz hanyň döwründen müň ýyldanam öň düşünipdir. Mete hanyň ogly Gök han hem bu meselede atasynyň ýoluna eýeripdir.

Mete han edenli hökümdar, başarjaň serkerde bolsa-da goňşy döwletler-esasan hem Hytaý döwleti bilen parahatçylykly gatnaşyklary alyp barmaga çalşypdyr. Muňa mukaddes Ruhnamada ýerleşdirilen Mete hanyň Hýao Wene ýazan haty hem şaýatlyk edýär.

Öz hökümdarlyk eden ýyllyrynda şeýle syýasatyň ýöredilmegi Mete hana Aziýanyň ägirt uly giňişliklerinde parahatçylygy we asudalygy kemala getirmäge mümkinçilik beripdir. Şeýle syýasatyň netijesinde halklaryň arasynda söwda we medeni gatnaşyklar başlanypdyr. Mete hanyň döwründen birneme soňrak Gündogar bilen Günbataryň arasynda «Beýik ýüpek ýoly» diýip atlandyrylan uly söwda ýoly açylypdyr. Şu ýoluň açylmagynda we soňra gülläp ösmeginde Mete hanyň uly hyzmaty bardyr. Sebäbi Hytaý bilen Günbatar ýurtlarynyň arasynda Mete han tarapyndan döredilen merkezleşdirilen asuda türkmen döwleti ýerleşipdir.

B.e.öň 209-nji ýyl oguz-türkmenleri üçin iň bir jogapkärli sene bolupdyr. Sebäbi onuň ykbaly çözülipdir. Eger-de Mete hanyň başarjaňlygy we akyl-paýhasy bolmadyk bolsa hunlar öz güýçlerini gürrüňsiz tire-taýpa onşuksyzlygyna we uruşlaryna sarp ederdiler. Şonuň üçin hem Mete hanyň geçiren özgertmeleri oguz-türkmenlerini galkyndyrypdyr we ägirt uly imperiýanyň kemala gelmegine getiripdir. Mete han b.e.öň 174-nji ýylda aradan çykypdyr. Onuň amal eden işleri 300 ýyllap dowam edipdir we nesillerinden hiç kim Mete han bilen bäsleşip bilmändir. Soňra onuň döwletini ogly Gök han dolandyrypdyr. Biziň eramyzyň 48-nji ýylynda hunlar günorta we demirgazyk orda diýilýän iki topara bölünipdirler. Şol iki topar biri-birleri bilen bäsleşip we heder edip Hytaýa ýakynlaşyp ondan goldaw almakçy bolupdyrlar. Günortadaky orda (şanýuý) syýasy tarapdan güýçli bolupdyr. Sebäbi

Hytaýyň baý gatlaklary ozaldan gelýän goňşuçylyk däbi boýunça olary goldapdyrlar. Bu ýagdaý demirgazyk hun ordasyny biynjalyk edipdir. Olar hem Hytaýa ýakynlaşmak üçin käbir çäreleri durmuşa geçiripdirler. B.e. 51-52-nji ýyllarynda Hytaýdan alan harby ýesirlerini boşadypdyrlar hem-de gepleşik geçirmek maksady bilen öz wekillerini Hytaýa iberipdirler. Emma Hytaý olara ynam etmändir we demirgazyk hun toparynyň teklibinden ýüz öwrüpdir. 55-nji we 62-nji ýyllarda olar täzeden Hytaýa wekillerini ýollapdyrlar. Emma ol netije bermändir. Şoňa görä-de 62-nji ýylda demirgazyk hun ordasy Hytaýa garşy uruş yglan edipdir. Şondan soňra Hytaý imperatory Mindi olar bilen parahatçylyk baradaky gepleşige girişipdir. Bu ýagdaý bolsa hunlaryň günortaky ordalarynda närazylyk döredipdir. Şeýlelikde, hunlaryň iki topara bölünmekleri diňe bir olaryň öz aralarynda däl-de, eýsem Hytaý bilen bolan gatnaşyklarynda hem kynçylyklar döredipdir. Her ordanyň başynda duran, ozalkylar ýaly, Şanýuý diýlip atlandyrylsa-da, olaryň b.e.öňki II-I asyrlardaky hun ýaranlygyndaky bütewiligi ýaly syýasy güýçleri bolmandyr.

Demirgazyk Hun ordasy telim gezek ýeňlişe sezewar bolupdyr. B.e. 91-nji ýylynda demirgaüyk hun ordasynyň hökümdary nirädir bir ýere gaçyp gidipdir. Eýesiz galan 100 müň öýli hunlar ýa-ha günortaky orda birleşipdirler, ýa-da beýleki hytaý taýpalaryna siňip gidipdirler. Şondan soňra olar özlerini sýanbi-ýagny Günbatar Manjuriýanyň we Gündogar Mongoliýanyň ýerli ilaty diýip atlandyrypdyrlar. L.N.Gumilýow sýanbileri mongol dilli taýpa diýip görkezýär.

Özara uruşlar sebäpli Hunlar telim bölege bölünip, başga taýpalaryň arasyna siňip giden bolsalar-da, olaryň harby endikleri ýitip gitmändir. Gaýtam, birleşen taýpalarynyň harby şöhratyny artdyrypdyr.

B.e. başlarynda hunlaryň uly topary Alynky Aziýanyň üsti bilen Ýewropa Balkan ýurtlaryna aralaşypdyrlar. Dogrusy, olar Merkezi Aziýadan günbatarlygyna süýşenlerinde Kaspi we

Aral sebitlerinde köp wagtlap ýaşapdyrlar. Hut şol döwürde köp sanly hun taýpalarynyň türkleşmegi-türkmenleşmegi has çaltlaşypdyr. Hunlar günbatara süýşdikleriçe olaryň düzümine täze taýpalar barha köp goşulypdyrlar. Olardan bulgarlaryň, sewirleriň (suwarlar), sarmatlaryň atlary tutulýar.

Hunlar günbatarda täze ýerleri basyp alypdyrlar. Emma ýeňiş hemişe hunlaryň tarapynda bolupdyr diýmek bolmaz. Frakiýanyň imperatory Feodosiý hunlara berk zarba urupdyr. Olardan köp adam gula öwrülipdir, birnäçe topary bolsa dürli ýurtlar siňip gidipdirler. Hunlaryň uly bölegi Gara deňziniň demirgazyk sebitlerine göçse, başga birnäçe maşgalalar Wizantiýa döwletiniň dürli uluslarynda mekan tutupdyrlar. Emma V asyryň I ýarymynda hun taýpalary Attilanyň (Atail) ýolbaşçylygynda (433-453 ýyllar) syýasy sahnada peýda bolýarlar. Hunlar indi öz federasiýasyny-döwletini döredipdirler. Hun hökümdary Attilanyň abraýy örän ýokary bolupdyr. Onuň edermenliginiň, akyl-paýhaslylygynyň Isgender Zülkarnaýn we Ýiliý Sezar ýaly dünýä genileri bilen bir hatarda goýulmagy oňa güwä geçýär. Gunlar günbatarda täze ýerleri basyp alypdyrlar. Emma Frakiýanyň hökümdary Feodosiý olara berk zarba urupdyr. Olardan köp adam gula öwrülipdir. Gunlaryň uly bölegi Gara deňziniň demirgazyk sebitlerinde Wizantiýa döwletiniň dürli uluslarynda mekan tutupdyrlar. Emma V asyryň I ýarymynda gun taýpalary Atyllanyň (Atail) ýolbaşçylygynda (433-453 ýyllar) syýasy sahnada täzeden peýda bolýarlar. Gunlar şol döwürde güýçli döwleti döredipdirler.

Atyllanyň adynyň çeşmelerde Atilla görnüşinde duş gelip, onuň ata we illi (öz ili bolan, il eýesi) sözleriniň özara goşulyşmagy netijesinde emele gelip, “iliň atasy” diýen manyny aňladýar.

Atylla ene-atasyndan ir jyda düşýär. Şol döwürlerde hökümdarlar şertnama baglaşyp, şertnamanyň şertleriniň doly we dogry ýerine ýetirilmegi üçin biri-biri bilen guda-garyndaş

bolar ekenler ýa-da biri beýlekisiniň çagasyny öz ýanynda saklar eken. Şol adata eýerilip, hökümdaryň ogly Atylla ýaşlykda Rimde ýaşamaly bolupdyr. Ol ýerde bolan wagty rimlileriň döwlet dolandyryşyny, harby tilsimlerini öwrenipdir. Rim serkerdesiniň ogly Aesiý hem gunlaryňkyda ýesirlikde bolmaly bolupdyr. Atylla bilen Aesiý oňat gatnaşykda bolupdyrlar. Atylla latyn, Aesiý bolsa gun dilini öwrenipdir.

Atyllanyň şahsy batyrlygy, salyhatlylygy, adyllygy we köpçülige ýolbaşçylyk ukyby aşa ýokary bolupdyr. Onuň ogullarynyň ulusynyň adynyň Deňizek, ortanjysynyň Ellek, körpe oglunyň ady Yrnak bolupdyr.

430-njy ýyllaryň başlarynda Gun hökümdary aradan çykandan soň, onuň ogullary Bleda we Atylla ýurtda häkimlik etmäge başlaýarlar. Baş hökümdar Bleda saýylsa-da, ähli döwlet işlerine, şol sanda goşuna-da Atylla ýolbaşçylyk edipdir. Olaryň bilelikdäki hökümdarlygy Bleda aradan çykýança, 444-nji ýyla çenli dowam edipdir.

Özlerine esasy mekan edip häzirki Wengriýanyň topraklaryny saýlap alan gunlaryň hökümdary Atylla ýüzünde başy täçli (jygaly) bürgüdiň şekili bolan baýdagyny parladyp, gysga wagtyň üçinde Ýewropa döwletlerine degişli 70-den gowrak şäheri özüne tabyn etmegi başarypdyr. Sofiýa we beýleki şäherleri eýeläp, Bolgarystany özüne birikdirýär. Günbatar-Günorta Russiýa hem onuň häkimini kabul edipdir. Atylla özüne boýun egen ýurtlarda gullary azatlyga çykaryp, halklaryň deňhukuklydygyny jar edipdir. Şol sebäpli oňa tabyn bolan halklaryň we taýpalaryň sany barha köpelipdir. German taýpalary, ilkinji nobatda, Gündogar gotlar Atyllany öz hökümdarlary hasaplapdyrlar. Tanymal got serkerdeleri onuň köşgüniň öňünde sakçylyk edipdirler.

V asyrda hunlar “Ak hunlar” ady bilen günorta Aziýa-Hindistana aralaşypdyrlar. Şol ýurtda 455-458-nji ýyllarda “Ak hunlar” Gupta döwleti bilen çaknyşypdyrlar. Birbada guptalylar ýeňiş gazanan hem bolsalar, köp wagt geçmänkä ak hunlar

Gündogar (Peşewar) sebitlerine aralaşyp Kuşan hökümdarynyň ygtyýaryny elden alypdyrlar. 470-nji ýylda ak hunlar Hindistandaky Isgender guptanyň demirgazyk we Jeýhun-Amyderýa sebitlerinde eýran şasy Firuz bilen çaknyşýarlar. Ýeňiş ak hunlaryň peýdasyna bolupdyr. Eýran şasy hunlara garaşly döwlet hökmünde salgyt tölemäge borçly edilipdir.

Mälim boluşy ýaly hun döwletine giren taýpalaryň düzümi dürli-dürli bolupdyr. Şoňa görä-de belli gündogarşynas N.W.Pigulewskaýa, kidarylar barada gürrüň açanda “Kidarylar ak hunlaryň ordalaryndan (toparlaryndan) nökerlerindendir” diýip teswirleýär. “Serkerdeleriniň ady Kidary bolany sebäpli olara Kidarylar diýilipdir” diýip ýazýar.

Fransuz alymy R.Girişmanyň tassyklamasyny hem ünsden düşürmeli däl. Onuň pikiriçe egtalylaryň pullarynyň ýüzünde hökümdar Akunyň ady bolupdyr. Belki hunlara “Ak hunlar” diýilmegi hökümdar Akunyň ady bilen baglanyşyklydyr.

Hun taýpalarynyň atlary bilen manydaş atlar beýleki ýurtlarda we taýpalarda duş gelýär. Wizantiýada eftalylara “Ak hunlar” diýip düşünipdirler. Hindistanda hunlara boluşy ýaly-hunlar diýlen bolsa, Hytaýyň käbir çeşmelerinde olar “Badi-baýda” diýen at bilen duş gelýär. Soňky sözüň manysy “ak-di” diýmekdir. “Di” sözüniň manysy bolsa, halkdyr. Şu aýdylanlary nazara alsaň „ak-di“-ak gunlar“ diýen many aňladýan bolaýmagy mümkin diýip L.N.Gumilýow ýazýar. Umuman aýdanymyzda hunlaryň täze tire taýpalar bilen goşulyp-garyşmaklary tä b.e. V asyryna çenli dowam edipdir.

Bilşimiz ýaly,Hytaý döwleti biziň eramyzdan öňki IV-III asyrlarda içki gapma-garşylyklar zerarly gowşapdyr. Biziň eramyzdan öňki III asyrda Çžou nesilşalygy agdarylyp, döwlet başyna täze nesilşalyk gelýär. Şu aralykda oguz taýpalary üçin amatly şertler döreýär. Hytaý çeşmesiniň berýän maglumatlaryna görä oguzlar Žungariýany, Türküstany, Mawerennahry ýagny Syrderýa bilen Amyderýanyň aralygyny

boýun egdirip, biziň eramyzdan öňki 202-nji ýylda Beýik Hytaý diwarynyň üsti bilen Hytaýa aralaşypdyrlar. Bu döwürde oguzlaryň döwleti-de gowşaýar. Munuň birnäçe sebäpleri bar. Birinjiden, her bir taýpa begleriniň merkezden bölünip aýrylyp özbaşdak dolandyrmaga ymtylyşy güýçlenýär. Ikinjiden, goňşy Hytaý döwletinde oguz taýpa begleriniň agzyny alartmaga gönükdirilen syýasat güýçlenýär. Hytaý döwleti özüniň demirgazygynda ýerleşýän güýçli oguz döwletinden howatyrlanypdyr.ýardy. “Oguznamalarda” ýazylyşyna görä, Hytaý döwleti oguzlara paç tölemäge hem mejbur bolupdyr. Şonuň üçin ol oguz taýpa begleriniň özbaşdaklyga bolan ymtylyşyny goldapdyr. Hatda, taýpa beglerine gymmatly para-peşgeşini hem gysganmandyr. Käbirlerine bolsa oguz döwletiniň hanlygyny hem wada beripdir. Şeýle ýagdaýda gowşan ägirt uly oguz imperiýasy irili-kiçili hanlyklara bölünip başlaýar. Meselem, biziň eramyzdan öňki IV asyrdan, biziň eramyzyň I asyryna çenli Merkezi Aziýada rowaç alan Kangýuý ýa-da kaňlylar döwleti. Biziň eramyzyň III asyrynyň ahyrlarynda Tobos hanlygy döreýär. Biziň eramyzyň II asyrynyň dowamynda 12 tireden düzülen Tele taýpasy oguz imperiýasyndan çykyp, özbaşdak bolýar. Olar biziň eramyzyň IV asyrynda Žungariýa göçüp baryp, Günbatar Mongoliýanyň ähli ýerine ýaýraýar, biziň eramyzyň 338-nji ýylynda Tobos hanlygy tarapyndan boýun egdirilýär. Bu hanlyk oguzlaryň imperiýasynyň gowşan döwründe döräpdir. Tele taýpasynyň nesilleri häzirki ýakutlar, telengitler we uýgurlardyr. Şeýlelikde, biziň eramyzyň III asyrynyň dowamynda oguz imperiýasy dargaýar. Birnäçe iri oguz taýpalary bolsa günbatara häzirki gazak sährasyna, Müňgyşlaga, Uzboýa, Merkezi Aziýa, Wolga boýlaryna, demirgazyk Kawkaza, Gara deňziniň demirgazygyndaky giň sähra süýşýärler. Meselem, bulgarlar, awarlar (jabarlar, ýaparlar), gypjaklaryň esasy bölegi, hazarlar, peçenegleriň esasy bölegi, hunlaryň bir bölegi III asyrda Wolgadan geçip, IV asyrda Günbatar Ýewropa

aralaşýarlar. Bu iri taýpalar bir wagtyň özünde hun adyny göteripdirler. Gündogarda (watanda) galan hunlaryň (oguzlaryň) arasynda täze tire-taýpa birleşikleri emele gelip başlaýar.

## 13.Demirgazyk Türkmenistan antik eýýamda

Parfiýa zamanynda Günorta Türkmenistan barada şu aýdylanlar bilen çäklenip, indi Türkmenistanyň demirgazyk we gündogar etraplaryndaky ýagdaýa ser salalyň. Şol döwürde demirgazykda Horezm, gündogarda Kuşan (b.e. I-IV asyrlary) döwletleri gülläp ösüpdir. Parfiýada bolşy ýaly, bu döwletlerde hem köp sanly şäherler gurlupdyr, senetçilige giň gerim berilipdir. Horezmde Galalygyr, Goýungyrlangala we beýleki şäherlerde bu döwürde hem ýaşaýyş bar eken.

Gandymgala, Maňňyrgala, Toprakgala, Köne Was (Daşogzuň 65 km. demirgazygynda) ýaly täze şäherler döräpdir. Häzirki güne çenli ady türkmenleriň dilinden düşmän




gelýän Şasenem galasy, Akjagelin galasy hem şol döwürde

gurlupdyr. Dowdan, Çermenýap kanallarynyň ugrunda uly ýer massiwleri açylypdyr, täze Könewas, Maňňyr kanallary gurlupdyr. Hünärmentçilikde külalçylyk (keramika) ýokary derejä ýetipdir. Gap-gaçlary aýakly tegelekde galyplamagyň, ýagny olara galypda daş görnüş bermegiň tehnikasy özleşdirilipdir. Şeýle usulda ýuka daşly, sypaýy gap-gaçlar ýasalyp, olar gyzyl, goňur, käbirleri bolsa gara reňkli nagyşlar bilen bezelipdir. Häzir Moskwanyň taryh muzeýinde we Sankt-Peterburgyň antropologiýa we etnografiýa muzeýinde Horezmiň gadymy külalçylyk önümleriniň tutuş toplumy saklanýar. Olar örän ussat külalçylaryň elinden çykypdyr, ýasalyşynda, bezelişinde kemi ýok. Köp ýyllaryň dowamynda Horezm arheologik-etnografiýa ekspedisiýasyna ýolbaşçylyk eden we “Gadymy Horezm” (Moskwa, 1948) diýen düýpli monografiýany ýazan akademik S.P. Tolstowyň pikiriçe, şol ezber elli külallaryň gullar bolan bolmagy-da mümkindir.

Horezmde otparazçylyk dinine uýlupdyr. Otparazlaryň däbine görä, ölen adamyny jaýlamaýar ekenler. Jeset etden-gandan arassalanyp diňe süňki galan soň, ony bişirilen palçykdan ýa-da daşdan ýasalan süňk gaplarda-ossuarilerde goýupdyrlar. Horezmliler “Awestada” tarypy ýetirlen ekerançylygyň we hasyllylygyň hudaýy Anahita çokunypdyrlar. Bu aýal hudaýyň keşbi 30 gunduzyň derisinden tikilen päkize geýimde, maňlaýy altyn egmeli, gulakhalkaly, boýny dür monjukly göz öňune getirilipdir. Horezmden tapylan terrakota heýkellerde Anahita hut şeýle görnüşde şekillendirilipdir. Ýeri gelende aýtsak, gunduz palto, altyn egmedir,gulakhalka, dür monjuklar häzirem türkmen zenanlarynyň iň arzyly zynatlarydyr.

Horezm ylmy-barlaglary netijesinde, şol döwürde Horezmiň Türkmenistanyň ähli sebitleri bilen söwda aragatnaşygyny saklandygy subut edildi. Garagumyň üstünden geçýän kerwen ýollary bu topragy Murgabyň aşak akymlary, Ahal, Etek, Etrek sebitleri bilen baglanyşdyran bolsa, derýa

ýoly Amul, Kerki töwerekleri bilen baglanyşdyrypdyr. Sebäbi, şu ady tutulan ýerleriň hemmesinden Horezm külalçylygyna mahsus gap-gaçlar ýuze çykaryldy.

B.e. I asyrynda Horezmi Kuşan döwleti basyp alypdyr. III asyrda Horezm ýene-de özbaşdaklyk gazanypdyr. Ýurtda merkezleşdirilen döwlet has pugtalanypdyr. Serhet ýakalarynda berkitmeler gurlupdyr. Oazisi daşky çozuşlardan goramak üçin güýçli goşun saklanypdyr. Amyderýanyň sag kenaryndaky Toprakgalada geçirilen gazuw-agtaryş işleri Horezm binagärçiliginiň ajaýyp nusgalaryny ýüze çykardy. Horezm şasynyň köşgünde giň zallardyr otaglar bolup, olaryň diwarlary dürli reňkli suratlar, nagyşalar bilen bezelipdir. Ol suratlarda zenan maşgalalaryň ýüzleri, arfa çalyp duran aýalyň keşbi has ussatlyk bilen şekillendirilipdir. Toprakgaladan ýokary çeperçilik derejesinde ýasalan aýal heýkelleri-de tapyldy. Çak edilişine görä, olar Horezm şalarynyň aýallarynyň heýkelleri bolupdyr. Olaryň özleriniň şekilleri bolsa Horezmde zikgelenen monetalaryň ýüz tarapynda görkezilipdir.

Toprakgaladan şa köşgüniň arhiwiniň galyndylary hem tapyldy. Şol resminamalara esaslanyp, gadymy Horezmiň arameý elipbiýine golaý, emma öz ýazuwynyň bolandygyny aýdyp bolar. Bu bolsa Horezm siwilizasiýanyň öz ýerli däplerini dowam etdirip örän ýokary derejä ýetendiginiň alamatydyr. Emma bir bellemeli zat, Horezm medeniýetiniň dünýeden bihabar, diňe öz çygyrlarynda çäklenip kemala gelen medeniýet däldir. Oňa-da ellinizm täsirini özüne siňdiren hindi medeniýetiniň täsiri ýetipdir. Bu ýerden Horezm medeniýetine ýat bolan maýmyn şekilleriniň, grek-budda utgaşykda ýasalan aýal heýkelleriniň tapylmagy onuň aýdyň şaýadydyr. Ol täsir Horezm medeniýetine Kuşan medeniýetiniň üsti bilen geçipdir.

**Kaňly-arabaçylar döwleti**.

Biziň eramyzdan öň VIII-VII asyrlarda oguzlaryň arasynda köp taýpa birleşikleri döräp başlaýar. Her bir tire-taýpanyň umumy oguz adyndan başga-da kärlerine, ýerleşýän

ýerlerine, gylyk-häsiýetlerine gabat gelýän öz atlary bolupdyr. Meselem, Kaňlylar-araba ýasaýanlar, bulgarlar-çerimçilik edýänler, gön ýasaýanlar, gypjaklar-agaçdan gaýyk ýasaýanlar, garlyklar-mekany garly bolan taýpa, hazarlar, halaçlar, bijeneler we başgalardyr. Emma olar özleriniň oguzdyklaryny, aňyrsynyň üç sany oguz birleşikleridigini ýatlaryndan çykarmandyrlar. Agzalan döwürde dörän taýpa birleşikleriniň birnäçesi biziň eramyzdan öň VII-VI asyrlarda günbatara süýşüpdirler. Şeýlelikde, günbatara süýşenler diňe noguz (oguz-aşguz) adyny göterýän oguzlar-hunlar bolman, kaňlylaryň hem bir bölegi günbatara süýşüpdirler. Kaňlylar birnäçe tire-taýpalary birleşdirip iri birleşme döredipdir. Olar eýýäm şol döwürde dil, däp-dessur umumylygy bolan etniki halky döredipdirler. Kaňlylaryň jemgyýetçilik gurluşy beýleki taýpa birleşiklerine seredende has ösen derejede bolup, olarda merkezleşen syýasy gurluşyň hemme alamatlary döräpdir. Biziň eramyzdan öň olaryň esasy bölegi (120 müň öýli) günbatara süýşüp, Horezmi, Uzboýuň ýokary akymyny, Merkezi Aziýanyň ep-esli bölegini eýeläp döwletlerini gurupdyrlar.

XIX asyrda ýaşap geçen türkmen şahyry Aryf arabaçylar bilen kaňlylaryň arasynda hiç hili tapawut goýmazdan, olaryň ikisiniňem bir atanyň ogullaryndan-Oguz hanyň agryklaryndan önendiklerini teswirleýär:

Kiçi agtygydyr ol Oguz hanyň,
Soňky ady sorsaň, erur arabaçy,
Her bir işde seni kuwşeş kylgujy.

Ýokarda getirilen maglumatlardan belli bolşuna görä, geçmiş aňyrlarymyzyň iň gadymy döwletleriniň biri Kangýuý, Arabaçy we Kaňly döwleti diýen üç dürli, emma biri-birine bapdaş atlardan dünýä möçberinde has ýörgünlisi, “kangýuý”döwleti sözüne syrygypdyr. Ine şu sebäbe görä-de, gürrüňini edýän döwrümizde hunlaryň oguzlar bilen gatnaşyklaryna bir mysal hökmünde gadymy Horezmiň

rowaçlanmagy,ýagny Kangýuý döwletiniň mysalynda aldyk. Sebäbi ýokarda-da belleýşimiz ýaly, kaňlylar hem oguzlardyr, şeýle-de Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti döwründe özbaşdak döwletlerini döredip hunlar bilen dürli taraplaýyn gatnaşyklary alyp baran taýpalardyr.

Gadymy Hytaý sene ýazuwlaryna –“Hanlar öýüniň uly nesliniň taryhy” we “Hanlar öýüniň kiçi nesliniň taryhy” ýaly gadymyýet taryhy çeşmelerini düýpli öwrenen L.N.Gumilýow we N.Ý.Biçurin ýaly gündogarşynas alymlaryň berýän maglumatlaryndan çen tutsak, biziň ýyl hasabymyzdan öňki VIII asyryň aýaklarynda, VII asyryň başlarynda kem-kemden günbatara süýşen kaňly ýa-da arabaçy il-ulusy 120 müň öýlüden ybarat eken.

Uruglardyr tireler arasynda ilkibaşda gelnen ylalaşyga görä, her bir öý ýa-da maşgala ykjam ýaraglanan, söweş tälimi ykjam berlen bir atly nökeri Kangýuý döwletiniň ýaragly güýçleriniň hataryna goşmaga borçly edilipdir. Çylşyrymly harby ýagdaý ýa-da uly möçberli ýörişleri guramak zerurlygy dörän halatlarynda , Arabaçylar döwleti birkemsiz ýaraglanan, örän ezber söweş tälimi berlen 120 müň atly nökeriň başyny jemläp, jeň meýdanyna çykarmagyň hötdesinden gelipdir. Şol gadymy döwürde şeýle möçberdäki goşun örän uly güýç bolupdyr, Kangýuý döwleti oňa daýanyp, Orta Aziýanyň ähli demigazyk-günbatar bölegini özüne doly garaşly edipdir.

Arabaçylaryň goşun güýçleri, wagtal-wagtal Hazaryň gündogar kenaryny syrmak bilen, Uraldyr Don derýalarynyň aralygynda peýda bolupdyr. Ondan günorta tarapa ýüzlenip, Derbent dag geçelgesinden aşmak arkaly, Kawkazdyr Zakawkazýäniň çäklerine aralaşypdyr. Şu wakalaryň döwründe arabaçy atşynaslaryň Horezm topragynda ösdürip ýetişdiren garabaýyr bedewleriniň tohumy Kawkazdyr Zakawkazýä ýurtlaryna ýaýrapdyr.

N.Ý.Biçuriniň sözlerine görä, kaňlylaryň esgerleri günbatar ýurtlara ýörişleriniň barşynda başa düşen agyr

kynçylyklardan ebeteýini tapyp baş çykarmagyň, gözsüz batyrlygyň seýrek duş gelýän nusgalaryny görkezipdirler, baran ýerleriniň ilatynyň belli bir möçberini, aýratynam elleri senede ýugrulan hünärli adamlary ýesir edip, Horezme sürüpdirler. Horezmde olar maşgalalary bilen aýry-aýry obalarda ýerleşdirilipdir. Netijede, kaňlylar döwletinde ululy-kiçili gullaryň obalary döredilip, ol Orta Gündogaryň iň kuwwatly gul eýeçilik döwletleriniň birine öwrülipdir.

Kaňly-arabaçy döwletiniň çäkleri günorta-gündogara Fergana çenli, günortada Ýueýji döwletine çenli, günbatar-demirgazygy Aral deňzine çenli, günbatar-günortada Uzboýuň orta akymyna çenli aralygy öz içine alypdyr. Merkezi Kyýat şäheri bolup, ol Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşipdir. S.P.Tolstowyň aýtmagyna görä, Kaňly-arabaçy döwletiniň, esasy ornaşan ýurdy Horezm bolupdyr. Aralyň etegindäki halk pagsa jaýlarda ýaşapdyrlar. Onuň çäklerinde köp obalyk bolupdyr. Kaňlylar tekepbir, edermen bolupdyrlar. Biziň eramyzyň 270-nji ýylynda daşary ýurtlara öz ilçilerini iberipdirler. Kaňlylaryň döwletini hytaýlylar Kangýuý diýip atlandyrypdyrlar.

Kaňly (arabaly) diýilýän many berýär. Sebäbi gadymy hytaý dilinde “gýuý” sözi araba diýmekdir. “Kaň” oguz sözi bolup, ýörände arabanyň tigiriniň sesini aňladypdyr. Oguzlarda arabanyň ady bolmansoň, onuň tigriniň sesi arabanyň adyna öwrülipdir.

Reşideddiniň, Abulgazynyň işlerinde, uýgur elipbiýindäki “Oguznamada”, belli bir derejede Mahmyt Kaşgarynyň sözlüginde kaňly, gypjak, garlyk, halaç taýpalarynyň nähili ýol bilen emele gelendigi, olaryň atlarynyň manysy barada maglumat berilýär. Biziň pikirimize görä, bu detallar taryhy hakykat bilen bagly bolany uçin, wakanyň süňňüne ymykly siňdirilipdir we ol ähli nusgalarda hem saklanypdyr.Rowaýatlaryň birinde şeýle diýilýär: Oguzhan öz goşunlary bilen ýörüşe gidýär, birnäçe ýerleri basyp alýar.

Ummasyz oljanyň eýesi bolýar. Esgerler şol oljalary atlara, öküzlere ýüküläp daşasa, goşunyň içinde bir paýhasly adam araba ýasap, beýlekileri haýran edýar. Oguzhan onuň pähimine uly baha berip, arabanyň tekerleriniň "kaň, kaň" edip seslenýändigini hem göz öňünde tutup oňa "kaňly" diýip at goýýar. "Kaňly" diýmek gadymy türki dilde "arabaly" diýmegi aňladypdyr. Kaňly kowmy şu adamdan önüp-ösüpdir. Görşümiz ýaly, kaňlylaryň taryhy örän gadymydyr. Biziň eýýamymyzdan ozalky birinji asyrdan eýýamymyzyň birinji asyryna çenli Merkezi Aziýada rowaçlyk alan Kaňly-arabaçy döwleti hem şu kaňlylar bilen baglydyr. Hytaý çeşmelerine görä, biziň eýýamymyzdan öňki üçünji asyrda kaňlylaryň ýazylyşy boýunça kese bolup, dik ýazylýan hytaý harpyndan tapawutly bolan elipbiýi bar eken. BIziň pikirimizçe, türkmen dilinde gabat gelýän "arabaçy" etnoniminiň şu kaňlylar bilen baglanyşygy bolmagy gaty ähtimal. Sebäbi dilimizdäki käbir etniki atlar juda gadymky etniki toparlara direýär. Belki, dana atanyň "Oguznamasynda" "Bahadyr arabaçy" diýlip häsiýetlendirilýänler aslynda şu kaňlylardyr.

Soňabaka "kaňly" sözi iri tire-taýpa birleşiginiň adyna dakylypdyr. Kaňlylaryň döwleti biziň eramyzdan öň IV asyrdan biziň eramyzyň III asyry aralygynda rowaç alan döwletdir. Hytaý taryhçylarynyň aýtmagyna görä olar 120 müň hojalyk bolup, 120 müň goşuny bilen baran ýerlerini basyp alyp ornaşypdyrlar. Goşuna her hojalyk bir adam beripdir. Olar uruşgan bolupdyrlar, çalasyn, okgunly hereket edipdirler. Oguzlaryň-hunlaryň atly atyjy goşunyna, şol döwürde taý gelen bolmandyr. Olar Sogdianany, Baktriýany, Horezmi özlerine boýun egdiripdirler. Hytaý imperatorlary olary boýun egdirmek maksady bilen 150 ýyllap üznüksiz uruş alyp barypdyrlar, emma tutan maksatlary başa barmandyr.

Kaňlylaryň döwleti güýçli döwlete öwrülipdir. Kaňly döwletinde irrigasiýa işleri döredilip, suwaryş işleri giň gerime eýe bolupdyr. Alymlaryň aýtmaklaryna görä,Amyderýanyň

aşaky akymynda derýanyň iki kenarynda hem suwaryş desgalaryny gurup, ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Şol döwürde Amyderýanyň esasy böleginiň Kaspi deňzine guýandygy sebäpli onuň aşaky akymyna Uzboýuň demirgazygy hem giripdir. Suw gurluşyk desgalaryna Şasenem galasynyň töweregindäki Çermenýap suwaryş ulgamy, Diýarbekir (Ýarbekir) şäheri we onuň töweregindäki ekerançylyk meýdanlary mysal bolup biler. Çermenýap suwaryş kanalynyň uzynlygy 2,6 kilometr bolup, ini 50-70 metre ýetipdir. Şeýle kanaly gurmak üçin 130-180 müň kubometr toprak çykarmaly bolup, şol möçberdäki işi 1,5 müň adamyň 30-40 günlük zähmetini talap edipdir.

Kaňly döwletiniň halky maldarçylyk bilen hem meşgul bolupdyr. Oňa ylmy-arheologiýa barlaglar netijesinde tapylan goýunlaryň, geçileriň, gara mallaryň (öküzleriň, sygyrlaryň), ýabylaryň, düýeleriň süňkleri şaýatlyk edýär. Gurluşykda hem uly üstünlikler gazanylypdyr. Öz döwrüniň uly şäherleri gurlupdyr. Kaňly döwletindäki ymaratlar uly-uly çig kerpiçlerden we pagsadan köp otagly ýaşaýyş jaýlardan hem başga, şäherlerde, obalarda berkitme diwarlary, äpet inedördül minaralary, köşkleri, metjitleri gurulypdyr. Otaglaryň, dalanlaryň (koridor) diwarlaryna owadan nagyşlar çekipdirler.

Kaňly döwletinde senetçilik, ussaçylyk hem ösüpdir. Oňat hilli toýun palçyklardan gap-çanaklary, küýzeleri ýasapdyrlar. Bürünçden zähmet gurallary, ýaraglar, pullar ýasalypdyr. Biziň eramyzdan öň II asyrda Kaňly-arabaçy döwletiniň puly döredilipdir. Pullary bürünç,misiň we galaýynyň ergininden zikgelenipdir.Ony almak üçin ýokary gyzgynlyk berýän peçleri, körükleri ýasamaly bolupdyrlar. Şeýle yssylygy her bir agaçdan,odundan alyp bolmaýar. Ony köplenç sazakdan edilen emeli kömürden almak bolýar. Diýmek, kaňlylar sazakdan kömür ýasamagy hem başarypdyrlar. Bu çylşyrymly, hysyrdyly iş belli bir derejede bilimli we hasabyň sada görnüşini bilmegi talap edýär. Ondan

başga-da demir ussaçylygy hem ösüpdir. Ony eretmek, gural, ýarag ýasamak has ýokary yssy berýän peçleri, körükleri we ýangyçlary (odunlary) talap edýär. Sebäbi demir bürünçden hem berk we gatydyr. Olardan köplenç ekerançylyga zerur gurallary, paltalary, pilleri, kätmenleri, azalyň uçlaryny we ş.m-leri ýasapdyrlar. 120 müň adamdan ybarat goşuny sowut (uruş geýimi), aýpalta, naýza, galkan, şeşper we şular ýaly ýarag-esbaplary bilen üpjün etmek ussaçylygyň giňelmegini, ýaraglaryň kämilleşmegini talap edipdir.

Atlaryna laýyklykda, arabaçy agaç ussalary araba ýasamaklyga aýratyn ezber bolupdyrlar. Ekerançylyk tagallalaryny berjaý etmegiň möhüm zerurlyklary bolan azaldyr malalary ýasamaga olar ýaşlykdan endik edipdirler. Ekerançylyga zerur paltadyr pil, kätmendir orak ýaly zähmet gurallarynyň saplaryny ýasamak bilen hem, olary ykjam saplamagam agaç ussalarynyň käriniň bir ugry eken. Şol bir wagtyň özünde agaç ussalary neçjarçylyga-da ýöriteleşip, gapydyr penjire, tekjelerdir sandyklar ýaly önümleri öndüripdirler. Goňşylykda ýaşan oguz ilatynyň isleglerini nazarda tutup, agaç ussalary öýüň, tärimleridir uklary, tüýnügi ýaly esasy agaç böleklerinem ýasapdyrlar.

Kaňlylar döwletiniň hökmürowanlyk eden zamanlarynda Demirgazyk Türkmenistanyň-gadymy Horezmiň tebigaty gaty mylaýym hem-de çygly bolup, häzirkisinden mese-mälim tapawutlanypdyr. Şeýle tebigy şertlerde süýümlik ösümliklerden diňe bir kendir süýümini berip biljek kenep önümçiligini ösdürip ýetişdirmek mümkin bolupdyr. Bu ösümlik kaňlylarda dokmaçylygyň esasy çig mal bazasy bolup hyzmat eden.

Dokmaçylyk arabaçylarda esasan aýal-gyzlaryň el hünäri bolup, goly çeper erkana zenanlaram, gul-gyrnaklaram bu senet bilen gümra bolupdyrlar.

Her bir gul maşgalasynda sadaja dokma enjamlary bolup, olarda gyrnaklar maşgalasynyň agzalaryna geýimlik

üçin kendir-kenepden dürli-dürli galyňlykdaky matalary dokapdyrlar.

Kenep ösümliginiň süýümlerini arpa suwuna ýatyryp, mäkäm petlemek arkaly, olara çeýeden gaýymlyk bermek esasynda inçe egrilen ýüplüklerden dokalan her hili reňkdäki matalar Kaňly döwletiniň ilatynyň erkana adamlarynyň agramly bölegini, goşunynyň ýönekeý esgerlerini geýim bilen üpjün etmäge gönükdirilipdir.

Arabaçylaryň ezber elli, ussat dokmaçylary jemgyýetiň ýokary gatlagynyň wekillerini-patyşadyr hanlary, begleri hem-de olaryň maşgala agzalary üçin zynatly, nepis lybaslary taýýarlamakda ownuk mallaryň ýüňünden, düýe ýüňünden ykjam saýmak, petlemek, inçe egirmek arkaly, örän syk dokalan, her dürli reňk siňdirilen beüemen matalary hem öndüripdirler.

Tikinçilik hem ösüpdir.

Deriden teletin ýasamaklyk (çerimçilik, gönçülik) hem ösüpdir. Deriden begler, baýlar, hanlar üçin ädik, köwüş, esgerlere kürte, ädik, balak tikipdirler, atlara uýan, ýapjalar ýasapdyrlar. Öküziň derisinden edilen geýimler esgerleri okdan, naýzadan aman saklamaga kömek edipdir. Olar oky, naýzany aňsatlyk bilen geçirmändir hem-de hilini ýitirmän uzak saklanypdyr. Agyr goşun köp teletini talap edipdir. Olardan başga-da ýuka derilerden hat ýazmak, hasap ýöretmek, permanlar bermek üçin kagyz ýasapdyrlar. Bu işler bular bilen ýörite meşgul bolýan adamlar toparyny talap edipdir. Kaňly döwletinde reňk ýasamaklyk hem ösüpdir. Ussalar dürli reňkleri ýasapdyrlar. Reňk ýasamaklyk aňsat düşmändir. Dürli minerallardan (daşlardan) reňk almaklyk, sada bolsa-da bilimi talap edipdir. Kaňlylar jaýlaryň içlerini, matalary dürli reňk bilen bezäpdirler, dürli reňkli palaslary, keçeleri, gap-çanaklary, küýzeleri we ş.m öndüripdirler. Şeýle-de agaç ussaçylygy ösüpdir. Agaçdan arabalary, piliň, oragyň, kätmeniň saplaryny, azallary ýasapdyrlar. Bu hojalyk gurallary

ekerançylyga zerur gerek bolupdyr. Arabalar agyr işleri ýeňilleşdiripdir. Olar gurluşyk materiallaryny, däne we bakja önümlerini daşamak üçin oňaýly bolupdyr. Olar bilen toýun palçyklary daşapdyrlar. Şäher ýerlerinde olar giňden ulanylypdyr. Köşkleri, ybadathanalary salmak üçin şäheriň daşyndan palçyk, agaç, gamyş, ýeken we başga gurluşyk materiallaryny getiripdirler. Arabalara öküzler goşulypdyr. Ol atdan, ýabydan güýçli, äwmezek, jaýdar hereket edýän maldyr. Öküzler ekerançylykda hem giňden ulanylan maldyr. Ony goşa goşup we ýer sürüpdirler, döwege goşupdyrlar. Ýabylar oba, şäher aralygynda münmek üçin ulanylyp, atlar goşuna zerur gerek bolupdyr. Kaňlylaryň öňden esasy käri araba ýasamak bolandan soň olar arabalylar adyny alypdyrlar.

Kaňlylar döwletiniň güýçlidigine, medeniýetiniň ösendigine diňe bir ýokarda görkezilen ylmy-arheologiýa barlaglaryň netijeleri şaýatlyk etmän, eýsem Goýungyrlan we Ýanbaş galalaryndaky arheologiýa tapyndylary hem şaýatlyk edýär. Olar biziň eramyzdan öň IV asyrdan, biziň eramyzyň IV asyry aralygyna degişlidir. Ýanbaş gala pagsadan beýik berk diwarlar bilen gurşalyp, gönüburçluk görnüşinde salnypdyr. Onda esasy üns gala girýän derwezä berlip, onuň sütünleri örän galyň bolupdyr. Olar bäş gezek öwrüm berlip, diwarlaryň içinden ok atylýan nişler ýasalypdyr. Tutuş diwarlaryň içinden içi ýarym aýa meňzeş öwrümlerde nişeler bejerilipdir. Şäheriň daşky gurluşy duşmana berk gaýtawul bermäge niýetlenilipdir. Şäheriň ortasyndan geçýän uly köçe şäheri ikä bölüp, derwezä keseligine salnypdyr. Onuň aýagujy “Oduň öýüne” (buthana) baryp direýär. Buthanada ot mydama ýanyp durupdyr. Ol otparazlyk dininiň ybadathanasy bolupdyr. Esasy köçäniň iki tarapynda ýaşaýyş jaýlary ýerleşipdir. Köp otagly jaýlar salnypdyr. Her bir jaý bir meňzeş göwrümde salnyp, köp otagly bolupdyr. Otaglaryň göwrümleri bir meňzeş deň bolupdyr.

Goýungyrlan gala biziň eramyzdan öň IV asyrdan biziň eramyzyň IV asyrlary arasyna degişli bolup, gurluşy boýunça

täsin salnypdyr. Gönüburçly inedördül görnüşde salnan galanyň ortasynda tegelek silindre meňzeş ymarat salnyp, diametri 42 metr, silindriň daşky diametri 87,5 metre barabardyr. Şäheriň töweregindäki diwarlaryň burçlarynda goranmak üçin diňler bolupdyr.

Kaňlylaryň döwletiniň merkeziniň Kyýat şäheridigini ýokarda aýdypdyk. Ol kyýan sözüniň arapça aýdylyşydyr. Derýanyň ugrunyň üýtgemegi netijesinde merkez hökmünde Gürgenç (häzirki Köneürgenç) döreýär. Kyýat sözi diňe bir merkezi aňlatman, ol sähel üýtgedilen görnüşde gadymy hunlaryň esasy taýpasynyň (koýanyň, kyýanyň) adydyr. Kaňly-arabaçlar döwletininiň bir ösen döwri Hamjyrdyň patyşalyk eden ýyllaryna degişlidir. Bu adam ady arap ýazgysynda "Hamjird" görnüşinde ýazylypdyr.

B.e.öňki III asyrda Syrderýanyň orta akymlarynda selewkilere garşy göreşiň netijesinde ýarym oturymly kaňlylaryň döwleti döräpdir.Bu döwlet b.e.V asyrynyň ortalaryna çenli ýaşap,Merkezi Aziýanyň ,şol sanda türkmenleriň taryhynda uly ähmiýete eýe bolupdyr.Demirgazyk türkmen ýerleri b.e.öňki I asyrdan tä b.e.I asyryna çenli aralykda kaňly-arabaçylaryň döwletiniň çetki serhetýaka ýerleri hökmünde onuň düzümine giripdir.Bu döwlet gündogarda Fergana,günortada Parfiýa we Baktriýa bilen serhetdeş bolupdyr. Gadymy rowaýatlara görä, Kaňlylaryň güýçli patyşasy Hamşirt bolupdyr. Arabaçylaryň hökümdary Hamşirdiň uly şahsyýet bolandygyna halk arasynda saklanyp galan rowaýatlar hem tassyk edýär. Hemşirtgiriň hökümdarlyk eden ýyllarynda Hytaý hökümdary arabaçylar döwletini özüne tabyn etmek üçin, Kaňlylaryň garşysyna günorta-gündogar tarapdan birnäçe gezek ýöriş edipdir. Kaňlylaryň goşuny öz patyşasy Hamşirdiň baştutanlygynda ilki bilen Horezmde Goýungyrlan berkitmesiniň golaýynda uly söweş alyp barypdyrlar. Soň bolsa arabaçylara beýleki goňşy çarwa taýpalarynyň şeýle-de alanly ýaýçylarynyň kömege gelmegi

bilen hytaý goşunlarynyň yzygider çozuşlaryny derbi-dagyn edip, Kaňlylar ýeňiş gazanypdyrlar. Horezmiň antik döwri barada hytaý çeşmeleriniň maglumatyny Tabariniň, Ferdewsiniň şeýle-de Awestanyň berýän maglumatlary bilen deňeşdirmek arkaly gelip çykyan netijä görä, b.e.öňki IV asyrlardan b.e.öňki I asyrlaryna çenli aralykda Horezm çarwa taýpalarynyň Kaňly birleşiginiň täsirine düşüpdir diýlip çaklanylýar. Horezmiň taryhyndaky bu aralyk Kaňlylar döwri diýip atlandyrylýar. Bu barada Hytaý, Hindi çeşmelerinde hem agzalyp geçilýär. Ol çeşmelerde Merkezi Aziýanyň demirgazygynda ýerleşen haýsydyr bir ullakan döwlet (birleşik) barada ýatlanylýar hem “Kangýuý” diýlip atlandyrylýar. “Kangha” hem Horezm döwletleri barada Awesta-da duşýar. Gadymy Pars ýazgylarynda we gadymy Grek-Rum taryhçylarynyň işinde bolsa Horezm diýlip ýatlanylýar. Halk rowaýatlaryna görä, Horezm hökümdarlarynyň nesilleriniň ylahy pederi gahryman Siýawuş bolupdyr.Onuň biten işleri halk arasynda rowaýata görä Horezm bilen,Ferdewsiniň “Şanamasynda” bolsa Kaňlylar bilen baglanşykly bolupdyr.

Hiç bir çeşmelerde bu barada gönüden göni aýdylmasa-da, ýazgynyň many taýdan gutarnykly netijesi arkaly Kanga-Kangýu-Horezm diýilende bir bütewi döwletiň göz-öňünde tutulýandygy taryhy taýdan mälim edildi.

Alym H. Ŷusubowyň kesgitlemegine görä ,b.e. öňki IV asyryň ahyrlaryndaky II asyryň başyna çenli aralykda Horezmiň taryhynda bolup geçen wakalar barada ýazuw çeşmelerde anyk maglumatlar saklanmandyr. Hat-da, teňňe pul hem gabat gelenok,Horezm hökümdarlarynyň atlary hem ýatlanmaýar. Diňe “Farasman” diýen biriniň ady belli. Olam käbir maglumatlara görä ýa serkerde ýa syýasatçy bolan bolmaly. Galalygyr II, Hatyp (Gäwür III), Gaňňaly III – IV, Könebas şäherleridir galalarynyň iň soňkydan başgalary ýangyn zerarly taryhy dikeltmäge maglumat saklanmandyr. Soňky ýyllarda Maňgyşlykda Gaňňagyrgalada, Diýarbekirde,

Şasenemde (Wezirde), Guýsaýgalada, Galajykbabada, Kürengalada we beýleki käbir galalarda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde, b.e.öňki IV asyrda gadymy Horezmiň demirgazyk-günbatarynda ýaşan taýpalaryň we halklaryň syýasy we ykdysady taýdan ösüşiniň ýokary bolandygy bu maglumatlar esasynda delillendirilýär. Kaňlylaryň soňky döwürleri barada Kyrkmolla galasynda geçirilen gazuw-barlag işleriň netijesinde, galanyň aşaky medeni gatlaklary barada esasanam, Kaňlylaryň maddy medeniýetiniň aýratynlyklary barada belli alym S.P.Tolstowyň we H.Ŷusupowyň işlerinde käbir maglumatlar bar.

Irki döwürde hunlaryň esasy bölegi üç sany taýpa birleşigini emele getiripdir. Şolaryň birinji esasy taýpasy Kyýan (koýan) adyny göteripdir. Diýmek,kaňlylar hem kyýan (koýan) taýpasyndan (ilinden) bölünip gaýdypdyrlar. Kaňlylaryň däp-dessurlary, sungaty türkmenleriň arasynda dowam etdirilipdir. Olaryň döwletiniň merkeziniň ady adam atlaryna goýlupdyr. Meselem, XIX asyryň birinji ýarymynda ýaşan Kaspiý türkmenleriniň hany Kyýat handyr. Ol adyň sähel üýtgedilen görnüşi Kyýas adam ady hökmünde heniz hem türkmenleriň arasynda duş gelýär. Olaryň döwleti hem biziň eramyzyň III asyrynda ýykylypdyr. Şeýle-de bolsa olar Uzboýuň, Horezmiň, Baktriýanyň we Sogdiananyň medeniýetinde, dilinde, sungatynda öçmäz yz galdyrypdyrlar. Kaňlylaryň döwleti ýykylandan soň, olaryň esasy bölegi Horezmde, Uzboýda galyp, bir bölegi Balkana, Dehistana süýşüpdir diýip çaklanylýar. Takmynan, biziň eramyzyň VI-VIII asyrlarynda Dehistanda güýçli döwlet gurupdyrlar. VII-VIII asyrlarda arap basybalyjylaryna garşy üznüksiz göreş alyp barypdyrlar. Kaňlylaryň iň soňky hany Türk sulu garrap tapdan düşýänçä bu göreşe ýolbaşçylyk edipdir. Garran döwründe ol araplara ýesir düşüp, arap hökümdary Nasyr tarapyndan öldürilipdir. Alynky Aziýa ir döwürde baran aşguzlar kaňlylara etniki (dil, medeniýet, däp-dessur we ş.m.) tarapdan has ýakyn

taýpa soýuzy bolup, olar Gürgende, Etrekde, Dehistanda ýaşapdyrlar. Aşguzlaryň we kaňlylaryň arasynda biziň eramyzdan öň IV-III asyrlardan başlap aragatnaşyk bolupdyr. Olar VI-VIII asyrlarda kaňlylaryň döwletiniň hasabyna giripdir. Türklerden has öň Alynky we Kiçi Aziýany türkmenleşdirmekde oguz taýpalary bolan kaňlylar, gypjaklar, garlyklar, halaçlar uly ähmiýete eýe bolupdyrlar-diýip, W.A.Gordlewskiý belläpdir.

B.e.öňki I müňýyllygyň başlarynda Merkezi Aziýanyň ýerlerinde,esasanam, Gazagystanyň günortasynda, Amyderýanyň aşaky akymlarynda, Uzboý ýerlerinde iki sany uly çarwa birleşmeleri usunlaryň we kaňlylylaryň taryhy döwürlerine degişli gonamçylyklaryň 500-den gowragy alymlar S.P.Tolstow we K.A.Akyşew, S.S.Çernikow, H.Ŷusubow tarapyndan anyklanyldy we käbirleri belli bir derejede öwrenildi. Bu taryhy döwürde bu iki döwletleriň syýasy we ykdysady taýdan gülläp ösen döwürleri bolýar. Olaryň bina eden galalary, ekerançylygy ösdürmek üçin guran ýa-da rejelän suw desgalary, esasan hem arabaçylara we usunlara degişli adam guburlaryndan öwrenilen harby ýaraglar, gymmat bahaly daşlardan ýasalan bezeg şaý-sepleri, guburlaryň ölçegleriniň uly bolmagy, olaryň has beýikligi b.e.öňki I müňýyllygyň ahyrlarynda bu ýurtlaryň şan-şöhratynyň has ýokary bolandygyna şaýatlyk edýär. Alymlaryň tassyklamagyna görä,Kaňlylaryň döwlet gurluşy irki gulçylyk döwletiniň sada görnüşidir. Basyp alan ýurtlarynyň halklaryna ýolbaşçy edip, Kaňly beglerinden ýa-da merkeze gulluk edýän ýerli taýpa serdarlarynda goýupdyrlar. Önümçilikden girýän girdeýjiniň köp bölegini döwlet dolandyryjy adamlara ugradyp, galan bölegini ýerli ýolbaşçylar peýdalanypdyrlar. Merkeze gelýän baýlyklaryň bir bölegi goşuna, goşun serdarlaryna, köşk emeldarlaryna hem-de patyşanyň hazynasyna giripdir.

Merkezi Aziýanyň gul eýeçilik jemgyýetiniň şertlerinde emele gelen Kaňly-arabaçy döwletinde ýokary geňeş möhüm

orun alypdyr. Döwlet geňeşinde taýpa başlyklary, harby serkerdeler işeňňir gatnaşyp, möhüm döwlet ähmiýetli meseleleri çözüpdirler. Patyşa häkimiýeti aksakgallaryň maslahaty bilen pikirdeş iş ýöredipdirler. Ilkinji Han nesilşalygynyň taryhynda b.e.öňki II asyrda Kaňly-arabaçy patyşasynyň öz aksakgallary bilen maslahatlaşandygy barada maglumat bar.  Bu ýagdaý bolsa harby demokratiýa ýörelgeleriniň esasynda emele gelen döwlet gurluşy alamatlandyrypdyr. Kaňly-arabaçy  döwletine degişli ýerler bir näçe welaýatlara bölünipdir. Olary dolandyran adamlara Ŷabgu diýip atlandyrylypdyr. Kaňly-arabaçy  hökümdarlary ýurdy Ŷabgulara daýanyp dolandyrypdyrlar. Olar däp boluşy ýaly, döwlet ýolbaşçylaryna ýakyn bolan adamlardan, iri taýpa serdarlaryndan bellenipdir. Kaňly-arabaçy  döwletine garaşly welaýatlary dolandyrmak işi ýerli häkimleriň elinde bolup, olar merkezi häkimiýete salgyt töläp durupdyrlar.B.e.öňki III-II asyrlar gadymy Horezm ýerlerinde Arabaçylar döwletiniň iň bir rowaçlanan döwri hasaplanýar. Selewiklerden Parfiýanyň bölünip aýrylmagy we Parfiýalylaryň Kaňlylara harby kömegini bermegi Kaňlylaryň rowaçlanmagyna uly itergi berýär. Galalygyr, Goýungyrlan we Günerli galalaryndan öwrenilen oba we şäher galyndylary şol ýerlerde ulanylan jaýlarda urug jemgyýetleriniň ýaşandyklaryna, hünärmençilikde Egdigala, Melegöz, Akýaýla ýerlerinden tapylan keramiki önümler bilen şol zamanda Köpetdag eteklerindäki  gadymy ýadygärliklerden öwrenilen keramiki önümlerde meňzeşlikleriň bolmagy  olaryň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň ösendigine güwä geçýär. B.e. I-III asyrlarynda Kaňlylaryň üstünden “Beýik ýüpek ýolunyň”  geçmegi ,olar üçin  Ýewropa çykalga bolup hyzmat edipdir. “Ŷüpek ýolunyň” ähmiýeti uly bolupdyr. Bu söwda ýoly arkaly Orta Azýa halklary Hytaý, Hindistan, Eýran, Müsür, Alynky Aziýa we Ŷewropa bilen gadymy döwürlerde söwda we syýasy gatnaşyklar has hem giňelýär.

Söwda we medeni gatnaşyklaryň ýokary galandygyny b.e.öňki II-I we b.e. I-IV asyrlaryna degişli arheologiki tapyndylar tassyklaýar.

Ŷedikurgandan b.e.öňki I – b.e. II asyryna degişli misden ýasalan aýna tapylypdyr. Alym B.A.Litwinskiniň pikirine görä, bu aýna Margiýanada b.e.öňki II asyrlardaöndürilipdir. Bu görnüşdäki aýna Merkezi Aziýa we Hindistana hat-da,Wolga boýlaryna hem ýaýrapdyr. Bu bolsa Kaňlylaryň şol wagtky Merkezi Aziýanyň ähli ýurtlary bilen medeni,söwda gatnaşyklaryny ýola goýandyklaryna güwä geçýär.

Horezm,Sogd we Daşkent oazisi Arabaçylar döwletiniň esasy ykdysady ýerleri bolupdyr.Arabaçylar Amyderýanyň aşak akymynyň iki kenarynda hem çylşyrymly suwaryş desgalary-bentleri gaçylary galdyrypdyrlar, ululy-kiçili kanallary, ýaplary çekipdirler. Derýanyň suwuny rejeli peýdalanypdyrlar. Şeýlelikde bu ýerlerde suwarymly ekerançylyk giň gerime eýe bolupdyr. Welaýatyň ilaty arpa hem-de mekgejöwen, şaly ýaly tehniki ekinleri ekipdir, üzüm, bakja ekinleriniň meýdanyny giňeldipdirler. Arabaçylar döwletiniň döwründe demirgazyk türkmen ýerleriniň ykdysady durmuşynda maldarçylyga uly orun berlipdir. Dowarlary, gara mallary köpeltmek bilen ilat gylýalçylygy, düýedarçylygy ösdürmäge hem uly üns beripdir. B.e. I asyryň başlarynda jemgyýetde ozaldan dowam edip gelýän ekerançylyk we maldarçylykdan başga hojalygyň üçünji görnüşi senetçilik we hünärmentçilik özbaşdak hünär bolup ýüze çykypdyr.Iri şahly mallar uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ekerançylar öküzleriň yzyna künde tirkäp ýer agdarsalar, çöldäki we daglardaky çarwalar öz goşlaryny ýüklemek üçin gylýallary peydalanypdyrlar. Jemgyýetde hojalygyň dördünji bir görnüşi, haýwanlaryň derisinden geýim-eşik tikmek, süňklerinden ýarag hem bezeg şaý-seplerini ýasamak, harby maksatlar üçin ujy ýiti naýzalary, pyçak, gylyç görnüşli ýaraglary ýasapdyrlar. Durmuşa metalyň

doly ornaşmagy ozaldan dowam edip gelýän daşdan ýasalan zähmet hem ýarag gurallarynyň ähmiýetini pese gaçyrypdyr.

Ekerançylykdan has uzakda ýaşaýan çarwalarda hojalygyň ýekebara görnüşi dowam edipdir. Sähraýy çarwa taýpalary belli bir derejede oturymly ekerançy taýpalara ykdysady we syýasy taýdan bagly bolupdyr. Merkezi Aziýanyň günbatar-demirgazygyndaky çarwa taýpalaryň, halkyýetleriň we halklaryň ykdysady gatnaşyklary bir gyradeň bolmanlygy üçin olaryň käbirleri jemgyýetçilik gurluşlary boýunça döwlet derejesinde bolan hem bolsalar olaryň sosial gurluşynda entek enelik we atalyk uruglaryna häsiýetli käbir alamatlar saklanyp galypdyr. Mysal üçin arabaçylaryň hat-da Parfiýalylaryň jemgyýetinde nika bilen bagly bolan urug gatnaşyklarynyň saklanyp galandygyna güwä geçmek bolar.

Kaňly döwletinde senetçilik, ussaçylyk,küýzegärçilk hem ösüpdir., Oňat hilli toýun palçykdan gap-çanaklary ýasapdyrlar. Arabaçy zergärler bürünçden, köplenç halatlarda ýüzüne altyn çaýylan kümüş we mis böleklerinden örän täsin şaý-sepleri ýasapdyrlar.

Arabaçylar araba ýasamaklyga aýratyn ezber bolupdyrlar, azaldyr malalary ýasamaga olar ýaşlykdan endik edipdirler. Ekerançylyga zerur pil, kätmendir orak ýaly zähmet gurallarynyň saplaryny ýasamak hem, agaç ussalarynyň käri bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde agaç ussalary gapy, penjire, tekje, sandyk ýaly önümleri öndüripdirler. Gadymy Horezmiň ýerlerinden öwrenilen Kelteminar medeniýetine degişli ýadygärliklerden Akýaýla, Igdigala, Kerwensaraý, Talhatanata, Sarygamyş, Guýsaý ýerlerinden alymlar H.Ŷusubow, B.Waýnberg tarapyndan agaçdan ýasalan gap-gaçlar, olaryň ýüzündäki dürli geometriki nagyşlar, atlaryna ylaýyk ýasalan araba tapyldy.

Dokmaçylyk arabaçylarda esasan aýallaryň el hünäri bolupdyr. Arabaçylaryň ussat dokmaçylary jemgyýetiň ýokary gatlagynyň wekilleri bolan patyşanyň, han-begleriň maşgala

agzalary üçin zynatly, nepis lybaslary taýýarlamakda ownuk mallaryň ýüňünden, her dürli reňk siňdirilen owadan matalary öndüripdirler. Arabaçylaryň aýal-gyzlary arassa ýüňden ýüzüne dürli nagyşlar salnan keçeleri basyp bişirmeklige aýratyn üns beripdirler. Ösümlikleriň dürli görnüşlerinden kenep ýaly ösümliklerden mata dokamaklyk üçin süýümler alypdyrlar. Kendir ösümliginden diňe bir geýim-gejim üçin sapak alman,eýsem haly we haly önümlerini dokamak üçin hem sapak alypdyrlar. Türkmen taryhynda "Arabaçylaryň halysy" diýen at alan halyçylyk dünýä sungatynda uly meşhurlyga eýe bolandyr. Horezmiň ýerlerindäki arheologiki ýadygärliklerden öwrenilen dokma enjamlary şol zamandaky dokmaçynyň durmuşda giň gerim alandygynyň subutnamasydyr. Kenep ösümliginiň süýümlerini arpa suwyna ýatyryp, olara çeýeden gaýymlyk bermek esasynda inçe egrilen ýüplüklerden dokalan her hili reňkdäki matalar arabaçylaryň ilatynyň aglaba bölegini geýimini üpjün etmäge niýetlenipdir. Arabaçylaryň ussat dokmaçylary jemgyýetiň ýokara gatlagynyň wekillerini – patyşadyr han-beglerini we olaryň maşgalalaryny türkmen halylary we haly önümleri bilen üpjün edipdirler. Arabaçylaryň haly we haly önümlerini dokamaklary Kaňlylaryň döwlet bolan zamanynda döremän, ol gadymy Horezm döwletiniň "Uly Horezm" diýip atlandyrylan zamanynda hem dokalandygyna Uzboý, Sarygamyş sebitlerindäki b.e.öňki V-IV müň ýyllyklara degişli keramiki önümlerdäki nagyşlardan aňlamak bolýar. Türkmen Kaňlylarynyň haly we haly önümlerindäki nagyşlary b.e.öňki V müňýyllyklarda gadymy gündogaryň (Şumer, Akkat, Wawilonýa) Mesopotamiýanyň we Türkmenistanyň günorta we demirgazyk sebitlerinde dörän hatyň ilkinji alamatlary ýagny many aňladýan jemgyýetiň gündelik durmuşy bilen bagly bolan belgiler kabul edilipdir. Olara ylymda "piktografiýa" ýagny, many aňladýan şekiller diýlipdir. B.e.öňki III-II müň ýyllyklarda gadymy Horezmiň ýerinde öwrenilen zenan heýkelleriniň birinde ýokarda ýatlaýşymyz

ýaly şol tegelek töweregiň özünde jemleýän on bäş aý bolup, her aýda-da 24 gün bolan, diýmek Türkmenistanyň ýerindäki çarwa taýpalaryňda senenamasynyň bolandygynyň subutnamasydyr. Kaňlylara degişli keramiki önümlerde “X” harpynyň şekili hem gabat gelýär. Ol günüň hereketini aňladypdyr. Arabaçylaryň halysyndaky nagyşlar jemgyýetiň gündelik durmuşy bilen bagly bolupdyr. Kaňlylaryň aýal-gyzlary arassa ýüňden, ýüzüne dürli nagyşlar salynan keçeleri hem basyp bişiripdirler. Olaryň şol gadym zamanada keçäniň ýüzüne goçuň şahy görnüşli nagyşa demirgazyk türkmen taýpalarynda “Akburun”, “Gaňrakgoç” diýen ýaly nagyşlary diňe bir keçä dälde hala hem salypdyrlar. Arabaçylaryň halylarynda “ýylanbaş”, “pişikdyrnak”, balygy atladýan “Trina” diýip atlandyrylýan täsin nagyşlar şu günki güne çenli Daşoguz sebitlerinde halyda we haly önümlerinde ulanylýar.

Demirgazyk Türkmenistanyň ýerlerinde Arabaçylar döwleti döwrüniň maddy medeniýetini häsiýetlendirýän ýadygärlikleriň birnäçesi bar. Amyderýanyň aşak akymlarynda oturymly obalar köp bolupdyr.Geçirilen barlag işlerin berýän maglumatlaryna görä, Horezmiň Şasenem,Guýsaý ýerleri Arabaçylar zamanynda uzynlygy 50 km meýdany birleşdiripdir.Çermenýap kanalynyň boýunda Şasenem diýen gadymy şäher,Galalygyr I we Galalygyr II atly galalar döräpdir.Arabaçylar döwrüniň kanallary öňki döwürdäkilerned dar,10-15 m giňlikde,emma çuň bolupdyr.Suwy tygşytly peýdalanak maksady bilen kanallaryň ugrunda gatlalar gurlupdyr.Täze suwaryş desgalary Könewas,Maňňyr kanallarynyň ulanylyp başlanmagy ekerançylygyň ösmegine oňaýly täsir edipdir. Kaňlylar zamanynda uly şäherleriň biri bolan Ű́rgenje suw getirip, şalygy abat saklamak maksady bilen häzirki Daşoguzyň köp bölegini suw bilen üpjün eden Şabat ady bilen belli bolan uly suw hanasy gazylypdyr.

Gaňňagala atly uly gala hem şu döwre degişli bolupdyr. Kaňly-arabaçylar döwletiniň Goýungyrylan we Ýanbaş

galalaryndan tapylan tapyndylar bu ýerde medeniýetiň ösendiginden habar berýär. Bu galalar-şäherler b.e. öňki IV asyrdan b.e. IV asyra çenli ýaşan şäherlerdir. Şäher berk we beýik diwarlar bilen gurşalyp salnypdyr. Goýungyrylan galanyň ortasynda tegelek ymarat salnyp, onuň diametri 42 metr, daşky diametri 87,5 metre barabar bolupdyr. Şäheriň diwarlarynyň burçlarynda bolsa goranmak üçin diň salnypdyr. Soňky ýyllarda H.Ŷusubow taryhyndan demirgazyk Türkmenistanyň ýerlerindäki Arabaçylar zamanasyna degişli ýadygärlikler has düýpli öwrenilýär. Gandymgala, Germenýap, Kyrkgyz we beýlekiler arheologiki ýadygärliklerinden Kaňlylar medeniýetine degişli köp maglumatlar öwrenilýär. Şol gadymy galalar tutýan meýadany boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Uly Guldursungala, Bazargala öz tutýan meýdany boýunça 15 ga bolsa Janbasgala, Gurşungala 1,5-3 ga meýdany bolupdyr. Alym E.E.Enirozin atlandyrylan galalaryň öz döwründe nähili ähmiýetiniň bolandygyny hojalyk jaýlary, dini ymaratly ammarmy ýa-da harby esgerleriň ýarag ýasalýan ýerleriniň bolandygyny kesgitleýji netije çykarýar. Janbasgaladan we Toprakgaladan öwrenilen ýüzi hatly küýze bölekleri (ostrakonlar) hatyň ýazylyşy boýunça Parfiýa zamanyna degişli Nusaý galasyndan öwrenilen hat bilen meňzeşligini we manydaşlyklaryny alymlar I.M.Dýakonow we W.A.Lifşis tarapyndan kesgitlenildi. Antik zamanyna degişli Kaňlylaryň binagärligi bilen şol bir zamanda Köpetdag etegindäki ýadygärlikleriň bütewi bir umumylygyň barlygyny alym W.N.Plinko hem belläpdi.Horezmiň Kaňly zamanyna degişli ýadygärliklerindäki keramiki önümleriň daşky görnüşleriniň şol zamanda günorta Türkmenistanyň Köpetdag etegindäki Parfiýa zamanyna degişli keramiki nagyşlaryň biri-birine çalymdaşlyklaryň saklanmagy olaryň arasyndaky syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklaryň dowam edendigininiň subutnamasydyr. Gadymy Horezm ýadygärliklerinden Kaňlylara degişli arheologiki

ýadygärlikleriň arasynda öz döwründe Kaňlylar döwletiniň merkezi şäheri bolup hyzmat eden Koýgyrylgan galadyr. Bu gadymy merkezi galanyň medeni gatlaklary b.e.öňki V asyrlardan başlap b.e. I asyrlaryna çenli Merkezi Aziýada gündogar bilen demirgazyk-günbatary birikdirýän esasy şäherleriň biri bolandyr. Bu gadymy gala S.P.Tolstow tarapyndan 1951-1957-nji ýyllar aralygynda gazuw barlag işleriniň netijesinde öwrenildi.Gadymy Horezmdäki Janbasgalanyň beýikligi 10-11 metre çenli beýik çig kerpiçden örülen iki gat goranyş diwarly, diwaryň ini 1-1,30 metr bolupdyr.Galanyň daşky diwary dört tarapyndan hem iç ýüzünden duşmana ok-ýaý atmak üçin üç burçlyk görnüşli deşikler bilen üpjün edilipdir. Galanyň ortasyndan geçýän uly köçe ony iki bölege bölýär. Her bir böleginde 200-den gowrak bir biriniň içinden geçýän otaglar S.P. Tolstowyň çaklamasyna görä, bu ilkidurmuş jemgyýetiniň käbir alamatlarynyň saklanandygynyň alamatydyr. Şol merkezi uly köçäniň ahyrynda jemgyýetiň oda çokunan ybadathanasynyň galyndysy bar. Kaňly Horezm döwletiniň maddy medeniýeti barada maglumat berýän S.P.Tolstow tarapyndan öwrenilen Goýun-gyrlangala b.e. öňki III asyra we b.e. I asyryna degişli bolup,galanyň saklanan beýikligi 8 metre barabardyr. Jaýyň aşaky gatynyň diwarlary, günüň ýagtysy düşer ýaly edilen äpişgeleriň yzlary saklanyp galypdyr.

Taryhyň soňky eýýamlarynda Gorkut ata, Görogly zamanlarynda-da Türkmenistanyň ýerinde “Beýik ýüpek ýolunyň” geçmegi hem dünýäniň çar künjegi bilen aragatnaşygy saklamagy, dürli medeniýetleriň gazananlaryny özüne siňdirmegi we öz medeniýetini dünýä ýaýratmagy taryhy wakadyr. Türkmen haly gölündäki ulyly-kiçili belgiler, many aňladýan şekiller bularyň hemmesi alymlaryň çaklamalaryna görä türkmen hatynyň ilkinji başlangyjydyr. Diýmek haly sungaty arabaçylarda-da beýik nesilbaşymyz Oguz han döwründe has takygy b.e.öňki III müň ýyllykda ösüşiň ýokary

derejesine ýetipdir. Türkmen halky öz taryhyny, medeniýetiniň köklerini sungatyny ölmez-ýitmez eserlere, hala, senetçilik, keramika önümlere, şaý-seplere, daşdan, demirden kümüşden zumrat ýaly daşlardan ýasalan önümlere haly we haly önümlerine çekip türkmen hatynyň ilkinji alamatlaryny biziň günlerimize ýetiripdir. Horezmiň Derýalyk, Şasenem, Kyrkgyz galalaryndan tapylan zenan heýkellerinde 15 sany günüň şöhlesini aňladýan tegelek halkalaryň gyralarynda çyzyjaklar bolup olar aýa-güne ynanýan çarwalaryň köpüsinden esasy nagyş hökmünde arabaçylaryň halylarynyň we keçeleriniň gyralaryna nagyş hökmünde girizipdirler.

Demirgazyk Türkmenistanyň gadymy ilatynyň öz haty-ýazuwy bolupdyr. Bu ýerlerden b. e. öňki III-II asyrlara degişli ýazgylar tapyldy, bu ýazgylara “Arabaçylaryň haty” diýlip at berlipdir. Ol hat ýazylyşy boýunça kese bolup, dik ýazylýan Hytaý hatyndan tapawutlanýan elipbiýde ýazylan eken. Bu hata “Arabaçylaryň haty” diýilmeginiň sebäbi onuň arabaçylar döwrüne degişli galadan tapylanlygy üçindir. Şol döwre degişli Toprakgala köşgünden özboluşly köşk arhiwi-de tapyldy. Eýlenen mal derisine (pergament) we agajyň gabygyna ýazylan bu hat arameý hatyna ýakyn bolupdyr.

Goýungyrylan şäheriň içinden tapylan alebastrdan ýasalan köp sanly hudaýjyklaryň heýkelleriniň käbirleri adam boýy bilen barabar bolupdyr. Bu gala arabaçylaryň hudaýlarynyň butlarynyň ýygnalan ýeri bolupdyr. Şeýle-de bu galada onlarça adamlaryň süňki, merhumyň nikaplary saklanýan otaglar hem bar eken. Olar ýörüte ýasalan daş gutylarda saklanypdyr. Alymlaryň pikirine görä arabaçylarda merhum adamynyň meýdini ýakmak däbi bolupdyr, şol sebäpli hem galanyň merkezinde adam jaýlanýan ýörüte ymarat salypdyrlar.

Arabaçylar döwletiniň ilatynyň dini düşünjelerine görä, asman baş hudaý hasaplanypdyr. Adamlar baş hudaýyň perzentleri hökmünde güne, aýa hem-de ýyldyzlara sežde

edipdirler. Arabaçylar tümlügi ýa-da garaňkylygy howply, eýmendiriji hadysa hasaplap, gün şöhlesiniň jahany ýagtyltmagyna çakdanaşa begenip, ýaňy dogup gelýän güne sežde edipdirler.

Arabaçylar aýa sežde edip, ondan durmuşyň oňat bolmagyny dilemek arkaly delalat isläpdirler. Arabaçylar ýyldyzlaryň keramatyna-da bil baglap, olara sežde edipdirler. Olar käbir ýyldyzlara janly häsiýet hem beripdirler. Ýedigen ýyldyzy arabaçylaryň düşünjesine görä, haýyr-sogap işiniň dörän mekany hasaplanypdyr. Ülker ýyldyzy bolsa adamzadyň ilki dörän mekany hökmünde arabaçy ilatynyň uludan-kiçisiniň aňyna siňipdir. Arabaçylyryň döwrüne degişli şahly öküziň kellesine meňzedilip ýasalan gazanyň aşagyna goýulýan diregler hem tapyldy. Şol döwrüň adamlary öküziň başyna gorag güýjüne eýe bolan we bagtsyzlyklardan gorap saklaýan ylahy güýç hökmünde ynanypdyrlar.

Gadym Horezm şäheriniň ýakynyndan käbir galalarda adamlar bu ýerde gurbanlyk beripdirler. Goýun eýeleri ýylda iki gezek her baharda we güýzde sadaka beripdirler. Halk arasynda çopanyň taýagy hem uly rol oýnapdyr. Olar ony mukaddes hasaplapdyrlar. Rowaýatlara görä eger bir mal kesellese garry çopana aýdypdyrlar. Çopan taýak nesilden nesile geçip gelipdir. Ony zyňmak, depelemek gadagan bolupdyr. Çopana uly hormat goýulypdyr, hemme kişiler çopan bolup bilmändir. Çarwaçylyk bilen meşgullanyp gelýän ýarym oturymly halklarynda çopanlara bagyşlap toý-baýramlar geçirilipdir. Çopan ata çopanlaryň piri bolsa, Zeňňi baba gara mallaryň piri hasaplanypdyr. Türkmenistanyň hemme ýerlerinde şonuň ady bilen atlandyrylan mazar bar. Bu halk gadymdan oda-güne çokunypdyrlar. Arabaçylar döwletinde wagtyň geçmegi bilen köp hudaýlylyk dini garaýyşlar kem-kemden ýitip, VI asyrda ýeke-täk hudaýa uýmagy ündeýän dini taglymat ornaşyp, otparazçylyk dini ýeke-täk agalyk ediji dine öwrülipdir. B.e.öňki VI-I asyrlarda Merkezi Aziýanyň köp

ýerlerinde şonuň birlikde Zaratustra taglymatyna görä, jesedi ýere gömmek ýa-da oda ýakmak gadagan edilipdir. Şoňa görä-de,

Horezmli arabaçylaryň merhum jaýlaýyş dessury Awestanyň ündeýän dessuryna laýyklykda, etden arassalanan süňkler ýörite palçykdan ýa-da daşdan ýasalan gutularyň içinde saklapdyrlar. Arabaçylar jesedi jaýlamak üçin dürli görnüşdäki gutulary (ossuarilary) ýasapdyrlar. Jesedi gaba salansoňlar, onuň ýanyna erkek kişi bolsa gylyç, pyçak, aýal bolsa şaý-sepler goýulypdyr.

**Afrigiler döwleti.**

Demirgazyk Türkmenistanda çarwa taýpalaryň gozgalaňlary sebäpli I asyrdan başlap ýagdaý çylşyrymlaşypdyr. IV asyrda bolsa, taryhda “halklaryň beýik göçüşi” ady bilen belli bolan çarwa taýpalaryň (gunlaryň) köpçülikleýin göçi başlapdyr. Çarwa taýpalar (alanlar, gunlar) Amyderýanyň aşak akymlaryndaky oturymly, ekerançylyk bilen meşgullanan ilatyň durmuş ýagdaýyna hem uly täsir edipdirler. Çarwa taýpalaryň barha güýçlenýän hereketi demirgazyk Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan ilatyň olara garşy birleşmegine getiripdir. Afrigiler döwleti IV asyryň başlarynda emele gelipdir, has takygy 304-nji ýylda Afrig diýen patyşanyň tagta geçmegi bilen täze Afrigiler döwleti döräpdir. Bu döwletiň başynda Afrigiler neberesinden bolan Horezmşa durupdyr.

Horezmde afrigiler nesilşalygy arap basybalyjylary gelýänçä, tä 712-nji ýyla çenli dowleti dolandyrypdyr. Afrigileriň agalygy döwründe öňki uly galalar berkidilip, täze geçirilen suwaryş ulgamlarynyň-kanallaryň ugurlarynda onlarça kiçi galalar gurlupdyr. Ol ilatyň has giň ýerlere ýaýramagyna we oturymly durmuşa geçip ekerançylyga aýratyn ähmiýet bermegine getiripdir. Ekerançylygyň giňemegi senetçiligiň ösmegine oňaýly täsir edipdir, çünki bu sebitde senetçilik bilen meşgullanýan ilat az bolmandyr.

Gündogaryň belli alymy Abu Reýhan Biruny ( XI asyr) “Horezmliler ýyl hasabyny Afrigden we onuň nesillerinden başlap ýöredipdirler” diýip ýazypdyr. Ol şeýle hem Afrigiler döwletinde hökümdarlyk eden şalaryň 22-siniň atlaryny agzap geçipdir. Bu maglumatlar Afrigiler döwletiniň Merkezi Aziýada uly ähmiýete eýe bolandyklaryny görkezýär.

Afrigiler zamanynda gul eýeçilik düzgüni pese düşüpdir we feodalçylyk gatnaşyklarynyň ilkinji alamatlary ýüze çykypdyr. B.e. III-IV asyrlarynda Horezmde çarwa taýpalarynyň zor salmagy netijesinde ekerançylyk meýdanlary kemelipdir, käbir ýerlerde ýaşaýyş kesilip şäherler weýran bolupdyr. Kerwen ýollarynyň howpy artýanlygy sebäpli ykdysady we söwda gatnaşyklary bozulypdyr. VI asyryň ahyrynda Amyderýanyň sag kenaryndaky Toprakgala, Eresgala we Dumangala ýaly şäherleriň taşlanmagy hem çarwa taýpalaryň çozuşlary bilen baglanşykly bolupdyr. Şunuň ýaly galagoply ýagdaýda penalanmak üçin, diwarlary örän galyň we beýik galalar gurmaly bolupdyr. Şol eýýamyň has gadymy ýadygärliklerinden Gabatgala, Pilgala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr şu görnüşde gurlan galalardyr. Gabatgala, Pilgala bolsa töweregi birnäçe diwar çekilen, ýokarsy diňli gurlan uly galalar bolupdyrlar. Emma VI asyrdan başlap Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr ýaly galalar, şäherler hem boşap galýar.

VI asyrda suwaryş ulgamynyň kemelmegine, Köne Was, Maňňyrgala, Gaňňagyrgala ýaly ençeme şäherleriň boşap galmagyna garamazdan, feodal jemgyýetine mahsus bolan iri suwaryş kanallarynyň boýunda köşk ymaratlary peýda bolupdyr. Şol köşkleriň eýeleri Afrigiler döwletinde aýratyn artykmaç hukuklardan peýdalanypdyrlar. Köşk eýeleri ýere-suwa agalyk etmek bilen daýhanlaryň ekin meýdanlaryna suw göýberilişine gözegçilik edipdirler. Şeýlelik bilen Afrigiler döwletinde jemgyýetiň täze gatlaklary bolan iri ýer eýeleri emele gelipdir. Iri ýer eýeleriniň galalarynyň töwereginde bolsa, daýhan hojalyklary ýerleşipdir.

VI asyrda Bürgütgala kanalynyň boýunda şu görnüşli köşk-galalardan 13-si dagy bolupdyr. Afrigiler döwletiniň paýtagty ilkibaşda Kät kanalynyň boýunda ýerleşen Toprakgala, soňra bolsa Kät şäheri döräpdir.

Afrigiler zamanynda Horezmiň hojalygy esasan ekerançylyga esaslanypdyr. V-VI asyrlarda ekerançylyk meýdanlary ep-esli kemelenem bolsa, VII-VIII asyrlarda ýene-de ekerançylyk giňelýär. Suwaryş desgalary kämilleşýär. Ene ýaplar (kanallar) öňki döwürdäkä garanyňda has dar, emma çuň gazylypdyr. Suwaryş desgalary birnäçe şahalara bölünipdir. Geçirilen bu çäreler suwy we adamlaryň zähmetini tygşytlamaga şert döredipdir. Däneli ekinlerden arpa, bugdaý, gabykly ekinlerden mäş we noýba, bakja ekinlerden gawun, garpyz, käşir, hyýar ýaly ekinler ekilipdir. Bu döwürde ilatyň esasy köpçüligi ekerançylyk bilen meşgul bolan orta asyr şäherleri emele gelipdir.

Ekerançylyk bilen meşgullanýan ilatyň haryt öndürijiligi köp babatda çarwalaryň bazarlarynyň islegine bagly bolupdyr. Çarwaçylyk etraplarynda aýratyn ekerançylyk sebitlerini döredip, tohumlyk hem-de ot-iýmlik ekinler köp mukdarda ekilipdir. Küýzegärçilik, gap-gaçlary ýasamak işi hem giň gerim alypdyr we täze hünärmenler gatlagynyň ýüze çykmagyna getiripdir. Bu döwürde Horezmiň ekerançylyk obalary Merkezi Aziýanyň beýleki welaýatlaryndan tapawutlylykda, biri-birine degişip oturan ýaşaýyş jaýlary däl-de, biri-birinden aralary üzňe, aýry-aýry melleklerde gurlan jaýlar bolupdyr.

Bu ýerlerde geçirilen gazuw-agtaryş işleri Afrigiler döwrüniň köp sanly el degirmenlerini ýüze çykardy. Bu bolsa afrigileriň hojalygynda ekerançylygyň esasy orny eýeländigine güwä geçýär. Maldarçylyk hem ilatyň hojalygynda esasy orny tutupdyr. Afrigiler düýeleri, gylýalary, eşekleri işçi güýji we ulag serişdesi hökmünde peýdalanypdyrlar.

Afrigiler döwletinde oba hojalygy bilen birlikde senetçilik we hünärmentçilik hem ösüpdir. Ýöne III-IV asyrlarda gap-gaçlaryň öndürilişi has pese bolupdyr. Ýylmanyp ýasalan gap-gaçlaryň öndürilişem hili peselipdir. Gaplaryň görnüşleri, olara çekilýän nagyşlar ýönekey bolupdyr.

Mellek ýerlerindäki ýaşaýyş jaýlaryndan dokmaçylygy häsiýetlendirýän ýüň petdeleri, sapak, ikbaş, mata, geýim we palas bölekleri ýaly zatlaryň tapylmagy hünärmentçiligiň dürli görnüşleriniň bolandygyna güwä geçýärler.

III-IV asyrlarda Horezm patyşalygynyň oturan ýeri Toprakgalada we biziň eýýamymyzdan öňki IV-III asyrlara degişli gadymy Goýungyrlan galada gazuw-agtaryş işleri geçirilen mahaly deriniň we agajyň ýüzüne ýazylan hatlaryň tapylmagy Afrigilerde hat-ýazuwyň ýüze çykandygyna görkezýär.

Tapylan zatlaryň arasynda hudaý zenanlaryň palçykdan ýasalan heýkeljikleri bilen birlikde irki antik döwre degişli küýzeler bar. Bu küýze gaplaryň ýüzünde rowaýaty gahrymanlaryň görkezen edermenliklerini beýan edýän parçalar ýerleşdirilipdir.

Olaryň içinde atyň şekili çekilen küýzeden riton (bulgury) ajaýyp sungat eseri bolupdyr. Toprakgaladan tapylan heýkellerde Horezmde hiç wagt bolmadyk, diňe hindilere mahsus bolan pilleriň, şahburunlaryň, maýmynlaryň şekilleri hem bar. Bu tapyndylar Horezmiň çeper sungatyna goňşy halklaryň sungatynyň, ilki bilen hem hindi halkynyň täsiriniň ýetendigini görkezýär.

Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri VII asyryň ahyrlarynda VIII asyryň başlarynda içki gapma-garşylyklaryň ýitileşen ojagyna öwrülipdir. Azat daýhanlar özleriniň erkinligini gorap saklamak üçin, feodal-begleriň garşysyna baş göteripdirler. Ýurtda salgytlaryň agyrlygyndan ejir çeken şäherlileriň garyp-pukaralaryň gozgalaňlary güýçlenipdir. Horezmdäki çylşyrymly hem dartgynly ýagdaýdan howatyr

eden horezmşasynyň özi araplara kömek sorap ýüz tutupdyr. Bu haýyş boýunça arap serkerdesi Kuteýba uly goşun bilen 712-nji ýylda Horezme gelýär. Ol daýhanlaryň, şäherlileriň gozgalaňyny basyp ýatyrypdyr. Netijede bolsa, araplaryň agalygy Horezmde hem berkarar bolmagyna getiripdir.

## 14. Günorta –Gündogar Türkmenistan Grek-Baktriýa we Kuşan döwletleriniň düzüminde

Baktriýa welaýaty Selewkiler döwletiniň günorta-gündogar çetki mülkleriniň biri bolupdyr we häzirki Owganystanyň çäklerinde ýerleşipdir.Bu mülkiň ýokary agalyk ediji gatlagyny grek-makedon han-begleri düzüpdir.B.e.öňki III asyryň ortalarynda olar Baktriýanyň satrapy Diodotyň baştutanlygynda selewkileriň agalygynyň garşysyna aýaga galypdyrlar.Bu gozgalaň şowly bolupdyr we netijede Baktriýa özbaşdak döwlet bolupdyr.Täze döredilen döwletiň hökümdarlygyna öňki satrap Diodot geçipdir.Bu döwletiň agalyk ediji gatlagyny grek-makedon han-begleriniň düzendiklerine görä,ol Grek-Baktriýa döwleti ady bilen taryha girendir.Selewki hökümdarlary Baktriýany elden gidermek islemändirler. Şondan soň selewkileriň şasy Antioh III Grek-Baktriýa patyşalygyny tabyn etmek üçin onuň çäklerine aralaşyp başlapdyr. Selewkileriň goşuny Ariý (Tejen) derýasyndan uzakda bolmadyk şäheriň (Köne Sarahsyň) golaýyna ýetende onuň öňünden Grek-Baktriýa patyşasy Ŷewtidemiň ýolbaçylygyndaky 10 müň adamdan ybarat atly goşun çykýar.Şeýlelikde, iki goşunyň arasynda gazaply söweş bolupdyr. Söweş Ŷewtidemiň goşunynyň ýeňilmegi bilen tamamlandy.Ŷewtidem az sanly atly goşuny bilen zordan ýurduň paýtagty Bähdi (häzirki Balh) şäherine atypdyr.Antioh III Ŷewtidemiň yzyndan kowup,Bähdi şäherini gabaýar.Iki ýyla çeken netijesiz gabawdan soň b.e.öňki 206-njy ýylda

Ŷewtidemiň teklibi boýunça ýaraşyk şertnama baglanyşylýar.Şertnama boýunça Antioh III Ŷewtidemiň kanuny taýdan baknalygy gazanan hem bolsa ol Grek-Baktriýa patyşalygynyň döränligini ykrar etmäge mejbur bolýar.Tizara Rim imperiýasynyň we Parfiýanyň garşysyna üznüksiz alnyp barylan söweşler netijesinde selewkiler dowleti ymykly gowşaýar hem-de Grek-Baktiýa patyşalygy üçin ullakan howp bolmagyny bes edýär.

Ŷewtidemiň we onuň ogly Demetriniň hökümdarlyk eden ýyllarynda Grek-Baktriýa patyşalygy örän güýçlenip hem-de öz çäklerini giňeldipdir.Ol Owganystanyň çäklerinden daşarda Amyderýanyň akymlaryny,Günorta-Gündogar Türkmenistanyň häzirki Lebap welaýatynyň çäklerini hem eýeläpdirler.Her näçe güýçlense-de b.e.öňki II asyryň ortalarynda Grek-Baktriýa patyşalygynyň syýasy durmuşynda uly üýtgeşmeler bolupdyr.Özara oňşuksyzlyklar, uruşlar zerarly ýaňy özbaşdaklygyny gazanan döwlet ençeme ownuk döwletlere bölünipdir.Bu ýagdaý Grek-Baktriýa patyşalygynyň demirgazygyndan gelen çarwa ýueýji taýpalary üçin şol ownuk patyşalyklary biri-biriniň yzyndan basyp almagynaamatly şert döredipdir.Şeýlelikde b.e.öňki 140-130-nji ýyllar aralygynda Grek-Baktriýa patyşalygy ýaşamagyny doly bes edipdir.Ŷüz ýyldan sähelçe gowrak döwri öz içine alan Grek-Baktriýa patyşalygy Merkezi Aziýanyň antik döwrünuň taryhynda öçmejek yz galdyrypdyr.Ol döwlet şol döwürlerde kämil derejä ýeten grek medeniýetiniň we sungatynyň Gündogar ýurtlarynda ýaýranmagyna bu ýerde grekleşen özboluşly sungatyň gülläp ösmegine amatly şert sungatynda hem saklanyp galypdyr. Soňky ýyllarda geçirilen arheologik barlaglar Lebap welaýatynyň Hojambaz,Halaç,Kerki,Çarşaňňy etrabynyň çäklerinde b.e.öňki III asyryň ikinji II asyryň birinji ýarymynda ýaşan ilatyň Grek-Baktriýa patyşalygynyň düzüminde bolandygyny anyklanyldy.Häzirki Çarşaňňy etrabynyň territoryasyndaky Mürzebeggalanyň ýerleşen ýerinde

meýdany 4 ga barabar şäher görnüşli ilatly punkt bolupdyr.Megerem,Mürzebeggala şol döwürde Günorta-Gündogar Türkmenistanyň Grek-Baktriýa patyşalygynyň düzümine giren ýerleriniň,ýagny Atamyrat (öňki Kerki)oazisiniň merkezi bolup hyzmat edendir.Onuň medeni gatlaklaryndan tapylan däne üwelýän owguçlar,keramiki konus görnüşli möhürler,mata dokamakda ulanylan gurallaryň bölekleri,ýalaňaç aýal hudaýynyň heýkeljikleri muny doly görkezýär.

Günorta-Gündogar Türkmenistanyň Grek-Baktriýa patyşalygynyň düzimine giren ýerleriniň ilaty däneli ekinleri ekmeklik,üzümçilik,bagçylyk bilen bir hatarda maldarçylygada üns beripdirler.Şol döwürde kýze önümleri ýasamak has kämilleşipdir.Uly küýzeler (humlar)elde,beýleki küze önümleri küýze çarhynda taýýarlanypdyr.Küýze önümlerine nagyş çekilmändir.Bu döwürde galalaryň ýaşaýyş jaýlaryň gurluşgynda pagsa bilen bir hatarda inedördül görnüşli çig kerpiçler hem giňden ulanylyp başlapdyr

**Beýik Kuşan döwleti.**

Ŷueýji taýpalary Grek-Baktriýa döwletini basyp alanyndan soň onuň ilkibaşda merkezleşdirilen döwleti bolmandyr.Olar basyp alan ýerlerinde bäş sany hanlyk (Guýşuan, Ansi, Gaofu, Pudu we Gibin) döredilipdir. B.e.başlarynda hanlyklaryň arasynda Guýşuanyň täsiri has güýçlenipdir.Onda Geraý hanyň döwründe pul hem zikgelenipdir.Geraý hanyň ogly (käbir maglumatlara görä agtygy) Kujula Kadfiz ýueýjileriň bäş hanlygyny birleşdirmegi başarypdyr. Şeýlelikde ol,,Uly hökümdar,, diýip yglan edilipdir we Kuşan döwletini esaslandyrypdyr. Bu döwleti esaslandyryjylar grek-baktriýa döwletine gutarnykly zarba uran çarwa taýpalarynyň nesilleri bolupdyr. Gadymy Baktriýa topragynda dörän Kuşan döwleti biziň eýýamymyzyň I-IV asyrlarynda döräp,Owganystany, Demirgazyk Hindistany öz içine alypdyr. Onuň merkezi ilki Kabul sebitlerine, soňra

bolsa demirgazyk Hindistana (häzirki Päkistana) Peşewara geçirilipdir. Kuşanlylaryň dili baktriýa dili, dini bolsa buddaçylyk bolupdyr. Döwletiň Kuşan ady “Guýşuan ”sözünden bolupdyr. Ŷueýji taýpalary ilki Hytaý sebitlerinde ýaşap,soň Gazagystanyň we Merkezi Aziýanyň üsti bilen Owganystana aralaşypdyrlar. Kuşan döwleti öz gülläp ösen döwründe, ýagny I asyryň ahyry – III asyryň başlarynda Merkezi Aziýanyň , Owganystanyň, Päkistanyň, Demirgazyk Hindistanyň köp ýerlerini,şol sanda Horezmi we Türkmenistanyň häzirki Lebap welaýatyny öz içine alypdyr.Kadfiz I döwründe Kuşan döwletiniň çäkleri giňlen hem bolsa ,güýçli döwlet derejesine ýetip bilmändir.Munuň şeýledigini Kadfiz I döwründe döwletiň özbaşdak pul birliginiň bolmandygy ,kuşanlylaryň Rim, Parfiýa ,Grek-baktriýa pul nusgalaryny peýdalanandyklary-da tassyklaýar.



Kuşan esgerleri

Kuşan döwletiniň ilkinji patyşasy Kudzul Kadfiz (Kudfiz I) 85 ýaşynda aradan çykandan soňra, onuň ogly Wima Kadfiz (Kadfiz II) patyşa bolupdyr. Ol döwleti 30 ýyl töweregi dolandyrypdyr. Munuň döwründe Kuşan döwletiniň ýerleri has giňäp, Hindistanyň jümmüşine hem aralaşypdyrlar. Onuň edara eden döwründe Kuşan döwletiniň öz altyn we mis puly zikge edilipdir we pul özgertmesi geçirilipdir. Altyn pul uly söwda-hojalyk hasaplaşygy,esasanam,daşary söwda işlerinde ulanylypdyr.Altyn pul dinaryň hümmetinde (8 gram) bolup,olar 2 dinar,1/4 hem-de ½ dinar birliginde goýberilipdir.Bu ýerde ozal Grek-baktriýa patyşalarynyň örän seýrek çykarýan altyn

puly bolaýmasa,öň Kuşan döwletinde munuň ýaly köp altyn pul-zikge bolmandyr.Kadfiz II ýurduň giň çäklerini dolandyrmak üçin ,ýurduň içki döwlet gurluşýnda hem birnäçe özgertmeler geçiripdir.aýry-aýry welaýatlarda satrap dolandyryş ulgamy girizilipdir.Beýle giň çakleri diňe bir merkezden dolandyrmak kyn bolanlygy sebäpli satrap başlyklaryna öz pullaryny zikge etmeklige çenli giň hukuk berlipdir.Pullaryň ýüzünde hindi-grek,hindi-sak,hindi-parfiýa hatlary ýazylypdyr.

Kuşan döwletiniň gülläp ösen döwri patyşa Kanişkanyň döwleti dolandyran (b.e. 78-123 ý.) ýyllary bolupdyr. Kanişka döwründe Kuşan imperiýasynyň ýerleri Hindistandan Aral deňzine çenli giňelipdir. Ol “şalaryň şasy” diýen belent ada eýe bolupdyr. Şol zamanda Kuşan döwletiniň paýtagty Peşawara geçirilipdir. Häzir dünýäniň muzeýlerinde Kanişkanyň adyndan zikge edilen altyn pullaryň 200 töweregi bar.

Patyşa Kanişka döwründe Türkmenistanyň günorta-gündogar etraplary, Amyderýanyň ýokary we orta akymlary Kuşan döwletiniň düzüminde bolupdyr. Atamyrat-Türkmenabat aralygyndaky arheologiki ýadygärliklerde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Kuşan döwrüne degişli keramika önümleriň, heýkelleriň we pullaryň ençemesi tapyldy.

Kuşanlaryň agalyk eden döwründe Amyderýanyň orta akymlaryndaky Kerki, Beşir, Mürzebek we Köýten gadymy ekerançylyk oazisleri özleşdirilipdir. Beşir we Esenmeňli galalary Kuşan döwrüniň şäher görnüşli obalary bolupdyrlar. Dawdanyň tebigi şahalarynda Gandymgala, Maňňyrgala, Toprakgala (Amyderýanyň çep kenarynda) Akjagelin, şeýle-de Aýbugur gala, Köne was, Gaňňyrgala gadymy şäherleri emele gelýär.

Amyderýanyň kenar ýakasyndaky gadymy şäherlerden we obalardan  Kuşan patyşalarynyň mis pullarynyň birnäçesi tapyldy.

Arheologik maglumatlara görä, biziň eýýamymyzyň başlarynda Amul şäheriniň ( häzirki Türkmenabat) düýbi tutulypdyr. Amul şäherininiň adynyň gelip çykyşy barada hiç hili maglumat ýok. Kuşan döwründe Amuldan Hindistana, Horezme we Gündogar Ýewropa ýurtalaryna söwda ýolary gidýär eken. Amulyň Kuşan döwletiniň düzüminde bolan döwründe, ýagny b.e. I-IV asyrlarynda daşyndaky şähristan bilen bilelikde umumy meýdany 150-175 gektar bolupdyr, onuň daşynda bolsa köp sanly gurulan jaýlar, bagly bakjaly mülkler ýaýylyp ýatypdyr. Amulda hünärmentçilik giň gerime eýe bolupdyr. Amul "Beýik ýüpek ýolunyň"ugrunda ýerleşip onuň ilaty halkara söwdasyna işjeň gatnaşypdyr. Amul şäheri diňe bir Hytaýdan gelýän söwdagärleriň harytlaryny ýerleşdirýän şäher bolman, eýsem Hytaý söwdagärleri ýerli hünärmenleriň öndürýän önümlerini hem satyn alyp başaga ýurtlara äkidipdirler. Şeýlelikde, söwda gatnaşyklaryň ösmegi Amul şäheriniň ykdysady taýdan ösmegine getiripdir.

Şol döwürde Rim imperiýasynyň söwdasy Parfiýanyň, Kuşanlylaryň üstünden geçipdir. Bulara esasy söwda ýoly bolup "Beýik ýüpek ýoly" hyzmat edipdir. Emma Parfiýa döwletiniň üstünden geçýänligi sebäpli olar parfiýalylara salgyt töläpdirler. Şonuň üçin öňki eýýamyň ahyrlarynda Müsür bilen Hindistanyň arasynda birnäçe deňiz ýollary özleşdirilipdir. Hindistana kenepden dokalan matalar, tikilen geýimler, ýakymly ysly atyrlar, çüýşe, çyra önümleri äkidilipdir. Kuşanlylar Hytaý bilen söwda gatnaşyklary ýola goýupdyrlar. Bu bolsa Kuşanlylaryň dünýä söwdasyna goşulmaklaryna we has baýlaşmaklaryna getiripdir. Hytaýdan Merkezi Aziýa ýüpekden başga-da ,ýüz görülýän aýnalar, bezeg öňümleri getirilipdir.

Günorta-Gündogar Türkmenistanyň ilaty biziň eýýamymyzyň başlarynda esasan suwarymly ekerançylyk bilen meşgullanypdyr. Olar arpa, bugdaý ösdürip ýetişdiripdirler. Üzümçilik hem ilatyň dürmuşynda möhüm rol oýnapdyr. Bu

ýerlerde ýaşaýan ilat ekerançylyk işleri üçin kanal gazypdyr. Kanallar onçakly uly bolmandyr olaryň her biri 1-2 obany suw bilen üpjün edipdir. Şeýlelikde, suwarylýan ýerleriň meýdany ep-esli giňelýär.

Demirgazyk-gündogar Türkmenistanyň Kuşan imperiýasynyň düzüminde bolan döwründen başlap, ol ýerleriň ilatynyň ykdysady we medeni durmuşynda uly öne gidişlikler bolupdyr. Oňa amatly ýerleriň köp mukdarda özleşdirilmegi, ekerançylygyň ösmegine amatly şertleri döredipdir. Biziň eýýamymyzyň II asyrynda ilat esasan Beşir, Kerki, Mürzebeg we Köýtendag oazislerinde ýaşapdyr. Beşir oazisiň ýerlerinde 7 sany ilatly galalar ýerleşipdir. Şolaryň ikisinde, häzirki Esenmeňli we Beşir galalarynyň ýerleşen ýerlerinde uly şäher görnüşli gala bolupdyr.



Sasany-Kuşan hazynasy, II-IV asyrlar

Kerki oazisinde jemi 5 sany ilatly ýerler bolupdyr. Olaryň üçüsi Kerki geçelgesiniň golaýynda ýerleşipdir. Mürzebeg oazisi Kuşan döwründe-de uly hem-de gür ilatly ýer bolupdyr. Bu döwürde onuň düzüminde 17 sany oba bolupdyr.. Köýtendag oazisinde 5 sany ilatly oba bolupdyr.

Biziň eýýamymyzyň I asyrynda häzirki Owganystanyň ýerlerinde dörän Beýik Kuşanlar döwleti Türkmenistanyň demirgazyk etraplaryny, Horezm ýerlerini basyp alypdyrlar. Horezm Kuşanlylaryň golastyndan diňe III asyrda çykyp, özbaşdaklygyny gazanyp bilipdir.

Kuşanlar döwründe gadymy horezmlileriň sosial durmuşynda uly özgerişlikler bolup geçýär. Öňki wagtlardan

tapawutlylykda kiçi galalar, howly görnüşli jaýlar peýda bolýar. Şeýlelikde,Horezmde öňki uly urug jemgyýeti dargap, oba-goňşuçylyk jemagatyna ösüp geçip başlapdyr. Öň ganybir garyndaşlaryň urug-tire jemagaty jemgyýetiň esasy sosial guramasy bolan bolsa, indi onuň ornuna goňşy maşgalalaryň hojalyk-harby bähbitler esasynda dörän birleşmesi gelýär. Oňa taryhda "oba (goňşuçylyk) jemagaty" diýilýär. Şeýle jemagatda barly gatlagyň sosial-ykdysady babatda esasy ähmiýete eýe bolandygy gumansyzdyr. Kuşan şalygynyň döwründe özboluşly şäher medeniýeti özüniň gülläp ösüşiniň ýokary derejesine ýetipdir. Döwletiň çäkleri giňelensoň täze berkidilen galalar peýda bolýar Cermenýabyň we Könehowzuň suwarymly ýerleriniň meýdanlary giňelýär, maldarçylyk ösýär, bular bilen birlikde söwda hem ösüpdir, oňa hünärmentçiligiň ýörüteleşmegi (küýzegärçilik, zergärçilik) itergi beripdir. Toprakgaladan III asyra degişli tapylan arheologik tapyndylar gadymy Horezm topragynyň sosial-ykdysady, medeni taýdan ösendigine güwä geçýärler.

Horezmiň gadymy ilatynyň öz haty bolupdyr. Biziň eýýamymyzdan öňki I asyra degişli Toprakgala (Garagalpagystan) köşgünden özboluşly köşk arhiwi tapyldy. Köşgüň otaglaryndan 100-den gowrak golýazmalaryň galyndylary tapylýar. Alymlar şol galyndylary Horezm patyşalygynyň arhiw şekilli kitaphanasynyň galyndylary diýip hasaplaýarlar. Eýlenen mal derisine (pergament) we agajyň gabygyna ýazylan bu hat arameý hatyna ýakyn bolupdyr. Beýik Kuşanlar şäher gurluşygyna, senetçilige örän uly üns beripdir. Imperiýada köp sanly täze şäherler döräpdir. Päkistanly alymlar A. Dani bilen F. Hanyň ýazmagyna görä, mysal üçin, Peşewar jülgesindäki häzirki wagtdaky şäherleriň sany Kuşanlar döwründäkiden azdyr. Kuşan şäherlerinde «şäher häkimi» bar eken. Şäher häkimine uç sany ýokary kazy garaşly edilipdir. Şäher dört bölege bölünip, her bölegiň öz «etrap» serenjam berijisi bolupdyr. Bular özboluşly «şäher geňeşini» emele

getiripdir. Şäher häkimleri senetçileriň işini ugrukdyryp, täjirlere, söwdanyň ösüşine gözegçilik edipdirler.

Beýik Kuşanlar döwletinde şäherler haryt önümçiliginiň merkezine öwrülipdir. Aňyýet taýdan jemgyýete täsir etmek babatda-da şuny aýdyp bolar. Sebäbi ybadathanalaryň hemmesi diýen ýaly şäherlerde jemlenipdir. Şol sebäpli ýurtdaky özboluşly ulgamda – şäher – oba – göçme çarwalar şäherler ösüşiň ähli ugurlarynda baştutanlyk roluna eýe bolupdyr. Netijede, heniz hiç ýerde görülmedik geň, has takygy halkara häsiýetli şäher medeniýeti döräpdir. Akademik B.A. Litwinskiniň pikiriçe, olar gadymy dünýäniň ösen medeniýetleriniň dördüsiniň, ýagny,Merkezi Aziýa, ellinizm, Rim, Hindi medeniýetleriniň bir bitewilikde çykyş edip başlamagynda emele gelen netijedir. Şeýle netijäniň döremeginde halkara söwdasynyň ägirt uly ähmiýeti bolupdyr.

Mälim bolşy ýaly, Rim imperiýasyny Kuşanlar hem-de Hindistan bilen baglanyşdyrmakda “Beýik Ýüpek ýoly” esasy ugur bolup hyzmat edipdir. Emma ol tutuşlygyna Parfiýa imperiýasynyň üstünden geçýänligi sebäpli şonuň talaplaryny berjaý etmeli bolupdyr. Şonuň üçin, eýýam b.e.öňki döwrüň ahyrlarynda deňiz ýollary gözlenip başlanypdy. Müsür bilen Hindistanyň arasynda birnäçe ugur özleşdirilipdir. Şol zamanlarda Müsür Rim imperiýasynyň bir welaýaty bolup, onuň Gyzyl deňiz kenarlarynda iki sany port şäheri (Mios-Gormos, Berenika) bar eken. Şol portlar arkaly-da Rim özi üçin Gündogara «derweze açypdyr». Strabon b.e.öňki I asyryň 20-nji ýyllary hakda gürrüň berip, Müsür-Hindistan deňiz ýolunyň gatnawy barada şeýle maglumat aýdypdyr: şol döwürde her ýylda diňe bir Mios-Gormos portundan köp ýük göteriji söwda gämileriniň 120-si Hindistana tarap rowana bolupdyr.

Hindistana äkidilýän harytlaryň arasynda kenepden dokalan matalar, şeýle matalardan tikilen geýimler, ýakymly ysly zatlar, çüýşe-faýans önümleri uly orun tutupdyr. Kuşan döwrüne degişli Baktriýadan aslynda Müsürden gelip çykan

faýans önümleri (küýze şekilli asmalyklar, tumarlar, monjuklar, hudaýlaryň heýkelleri) köp tapyldy. Şol önümler bilen bir hatarda Müsürden altyndan we kümüşden ýasalan gap-gaçlar, grek hem-de Müsür hudaýlarynyň bürünç heýkelleri, grek hyýaly ertekilerinden sahnalary şekillendirýän suratlar iberilipdir. Ol täjirleriň bärik gelip alýan harytlaram şeýleräk harytlar eken: her dürli gymmat bahaly daşlar, ýakymly ysly zatlar, ýaglar, reňkler, pil süňki, hytaý ýüpegi we ş.m. Antik döwrüniň alymlarynyň maglumatlaryna görä, b.e. I-III asyrlarynda Rim imperiýasyna Hindistandan, Baktriýadan, Girkaniýadan ilçiler baryp durupdyr. Beýik Kuşanlylyaryň döwletiniň medeni taýdan Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri üçin uly ähmiýeti bolupdyr. Horezmde şol wagtlar köp sanly şäherler we oturymly obalar bolupdir.Olardan has giň öwrenileni Toprakgala şäheridir. Şäheriň daşy çig kerpiçden galdyrylyp, berkidilipdir. Onuň köp ýerinde duşmandan goranmak üçin diňler salnypdyr, ýaý atmak üçin ýörüte deşikler goýulypdyr. Şäheriň ortarasyndan göni köçe geçirilip, onuň iki tarapynda ýaşaýyş jaýlar hatara gurlupdyr. Galanyň içinde uly iki gatdan ybarat horezm şalarynyň köşgi ýerleşipdir. Köşgüň merkezini taraplary 80 m bolan meýdança tutýar. Bu ýerden 280 kw. m tomaşa-meýlis geçirilýän “patyşalaryň uly otagy” ýerleşipdir. Onuň diwarlarynyň eteginde patyşalaryň, patyşalaryň aýallarynyň, begzadalaryň heýkelleriniň toplumy ýerleşdirilip. Diwaryň ýüzine bütin boýy bilen köp sanly suratlar çekilipdir. Bu köşkden şeýle-de ýarag ýasalýan ussahana we ýarag saklanýan ýörüte otaglaryň üsti açyldy.

Kuşan döwrüniň ýerli medeniýetde hindi dünýäsiniň ellinizm alamatlary, grek-buddizm mazmunly aýal heýkelleri, Horezm üçin ýat bolan maýmynlaryň suratlary sungata täze alamatlaryň aralaşandygyny görkezýär. Gazuw-barlag işleriniň geçirilmegi netijesinde Horezm şalarynyň hem köşkleriniň üsti açylypdyr. Köşgüň ägirt uly otaglary diwar haşamlary bilen, biri-biriniň üstünden geçýän garamtyl-sary çyzmyklardan,

tegelek nagyşlardan we düýedaban ýapraklarynyň suratyndan ybarat nagyşlar bilen bezelipdir. Günorta-Gündogar Türkmenistanyň ilaty b.e başlarynda esasan suwarymly ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar.Olar arpa,bugdaý ösdürip ýetişdiripdirler.Űzümçilik hem ilatyň ýaşaýşynda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.Maldarçylykda ownuk we iri şahly mallary köpeldipdirler.Iri oturymly ýerleriň ilatynyň bir bölegi hünärmentçilik bilen meşgullanypdyrlar.Küýzegärçilik senedi ösüpdir. Küýzegärler dürli görnüşli küýze önümlerini, bulgurlary, golçalary, humlary, käseleri, okaralary, aýal hudaýlaryny hem-de erkek adamlaryň heýkeljiklerini öndüripdirler. Küýze önümlerini ýörite peçlerde bişiripdirler.Hünärmentler demirden bir tarapy ýiteldilen pyçaklary ,ýer gazmaklyga niýetlenen gurallary ,süňkden iňňeleri ýasapdyrlar.Bu döwürde däne üwemek üçin daşdan ýasalan owguçlardan peýdalanan bolsalar, eýýäm III-IV asyrlarda degirmen daşyny ulanyp başlapdyrlar.

Biziň eýýamymyzyň başlaryna degişli ýädigärliklerden köp mukdarda ikbaşlaryň hem-de dokmaçylygyň käbir gurallarynyň tapylmagy, şol döwürde Amyderýanyň orta akymlarynda ýaşan ilatyň dokmaçylyk bilen-de meşgul bolandygyna güwä geçýär. Adamlar gurluşykda, esasan hem uly ymaratlary guranda bişen kerpiçleri peýdalanypdyrlar. Kerpiçler palçyk bilen, kähalatda alebastr bilen örülipdir.

Küýzegärçilik senedi ösüpdir. Küýzegärler dürli görnüşli küýze önümlerini: bulgurlary, golçalary, humlary, käseleri, okaralary, aýal hudaýlaryň hem-de erkek adamlaryň heýkeljikerini öndüripdirler. Küýze önümlerini ýörüte peçlerde bişiripdirler. Ilat biziň eýýamymyzyň başlarynda däne üwemek üçin daşdan ýäsalan owguçlardan peýdalanan bolsa, eýýäm III-IV asyrlarda degirmen daşyny ulanyp başlapdyr.

Günorta-Gündogar Türkmenistanyň Kuşän döwrüne degişli ýädigärliklerden tapylan heýkeljiklerde ýewropa pisint aýallaryň keşbi şekillendirilipdir. Heýkeljikleriň köpüsi şol

döwürdäki ýerli aýal hudaýlaryň şekilini aňladypdyr. Görnüşi ýaly, biziň eýýamymyzyň başlarynda ýerli aýallara kelle ýalaňaç gezmek gadagan edilmändir. Aýallaryň saçlary gysga bolup, ýeňsesine timar berlip daralypdyr, kähalatda saçlar ortasyndan açylyp, iki tarapa örülipdir. Aýallar köplenç ökjesini ýapyp duran uzyn köýnek geýipdirler. Olar gymmat bahaly metallardan, daşlardan hem-de süňklerden ýasalan şaý-sepleri dakynypdyrlar.Tegelek aý görnüşli, gülýaka meňzeş bezeg şaýlaryny dakynmak hem ýörgünli häsiýete eýe bolupdyr. Kuşan döwründen başlap buddizm Türkmenistanyň günorta-gündogar ertaplarynda ýeterlik derejede yz galdyrypdyr. Aýal heýkeljikleriniň dürli görnüşde bolmagy Günorta-Gündogar Türkmenistanyň ilatynda I-IV asyrlarda köphudaýlylygyň bolandygyny görkezýär.Onuň sebabini Kuşan patyşalarynyň belli bir diniň tarapyny tutman döwletiň içindäki dinleriň ählisiniň parahat ýaşamagyny üpjün etmeklige çalyşandyklary bilen düşündirip bolar.Kuşan teňňeleriniň käbiriniň ýüzünde Buddanyň hem şiwanyň şekilleri bilen bir hatarda grek hudaýlary Geliosyň we Gefesiň,otparazçylygyň hudaýlary Mitranyň we Wertragnanyň şekilleriniň ýerleşdirilmegi bu aýdylanlary doly tassyklaýar. Buddizm Merwe hem ýaýrapdyr. B. e. 148-nji ýylynda Merwe Hytaýdan Loýan diýen adam gelip budda kitabyny doly An - Parfiýa dilinden Hytaý diline terjime edipdir. Hytaý halky şondan soň buddizmyň taglymatlary bilen tanyşypdyrlar we bu dini kabul edipdir. Gazuw-barlag işleriniň netijesinde gadymy Gäwürgaladan b.e. I-II asyrlara degişli budda ybadathanasy we Budda hudaýynyň ägirt uly (beýikligi 0,75 m. ýetýän) kelle heýkeliniň üsti açyldy. Ybadathana köp asyrlaryň geçmegi bilen weýran bolupdyr. Onda diňe iki sany sütün we buddanyň duran ýerindäki belentlige çykmak üçin salynan basgançaklar saklanyp galypdyr. Budda dininiň gelmegi bilen ýerli halkyň durmuş ýoly üýtgäpdir, din köp zatlara öz täsirini ýetripdir. IV asyryň içinde bu ýerde ýaşaýan ilatyň durmuşynda uly etniki

özgeriş başlanypdyr. Şol özgerişler gadymy Horezm topragyny öz içine alypdyr we özgerişler çarwa taýpalaryň hüjümleriniň başlamagy bilen hem bagly boludyr. Demirgazyk Türkmenistana ýer yurt üçin çarwa taýpalaryň hüjümi has hem güýçli bolupdyr. Horezm ýerlerine aralaşan we ornaşan çarwa alanlaryň we gunlaryň täsiri has güýçli bolupdyr.

Ýurtda bolup geçen durmuşy ýagdaýlar, ýerli ilatyň syýasy taýdan birleşmegi üçin, häkimiýet başyna täze – ýerli afrigiler taýpasynyň gelmegine şert döredipdir.

Demirgazyk Türkmenistanyň ilatynyň sosial-ykdysady durmuşynda öňe gidişlikler, ösüşler mese-mälim duýlupdyr. Emma hünärmentçilikde, esasan hem küýzegärçilikde durgunlyk ýüze çykypdyr. Öňki hünärmentçileriň köpüsiniň ekerançylyga geçmegine getiripdir. Şeýlelik bilen küýzegärçilik önümçiliginiň doly pese gaçmagyna sebäp bolupdyr. Kuşanlar döwründe ylym, aýratyn hem astronomiýa, şekillendiriş sungaty ösüpdir.

Gadymy horezmliler umuman,otparazçylyk dinine uýupdyrlar. Bu ynanja görä, gadymy horezmliler şäheriň-galanyň içinde merhumy jaýlar ýaly ýörite jaý edilipdir. Olarda jaýlamak däbi häzirki günlerimizdäki däpden bütinleý tapawutlanypdyr. Horezmliler merhumyň jesedini däl-de, diňe onuň süňklerini jaýlapdyrlar. Onuň üçin jesetgap ýasalypdyr. Jesetgaplar her hili görnüşde daşdan-da, alebastr bilen suwalan adaty palçykdan-da taýýarlanypdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki IV-biziň eýýamymyzyň I asyrlarynda heýkel görnüşli ýörite jeset salynýan gaplar ýasalypdyr. Jesetgaplar erkek adam şekilinde-de, aýal adam şekilinde-de edilipdir. Sungat önümi bolan bu jesetgaplar, daşyndan seretseň, hakyky heýkel görnüşde bolupdyr. Elbetde, heýkel görnüşli jesetgaplarda kimleriň süňkiniň ýerleşdirilenini aýtmak kyn, alymlar olary kesgitläp bilenoklar.

Erkek adam şekilindäki heýkelleriň käbirindäki edilen sakgallar öz görnüşi boýunça häzirki adamlaryň sakgallaryna

meňzeş bolupdyr. Gadymy horezmlilerde meýit ýakmak däbide bolupdyr diýip, alymlar çaklaýarlar. Arheologlaryň Goýungyrlan galadan tapan keramiki maskalary, heýkelgaplary, şol ýerlerdäki ot yzlary gadymy ilatyň meýidi ýakandygyny, soňam onuň külüni ýörite gaba salynandygyny aýtmaga esas berýär. Mümkin, şeýle däpden soňra merhumyň süňklerini ýakman, olary ýörite heýkellere ýygnap goýmak däbi dörändir, jeset gaplardaky saklanýan süňkler şony aňladýar.

Gadymy şäher-galalarda merhumlary iň soňky ýoluna ugradýan ýörite ybadathana hem bolupdyr. Demirgazyk Türkmenistanyň Kuşan döwletiniň düzümine girmegi netijesinde öňki däp-dessurlar üýtgäpdir. Bu ýagdaý kuşanlar döwründe täze diniň ýaýramagy netijesinde ýüze çykypdyr. Olar buddalara sežde etmeklik bilen bagly bolupdyr.

**Oguz taýpalary.**

Türkmen taryhynyň ummanyna aralaşdygyňça, türkmeniň ähli ruhy baýlygy, milli dap-dessurlary, adat-ýörelgeleri, hat-da adam, il-ýurt, oba-kent atlaryna çenli giden taryhdygyna Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen gadymýetiniň düýpli öwrenmekliginiň netijesinde doly göz ýetirmeklik mümkin boldy. Has takygy, bu mümkinçilik diňe türkmeniň taryhy däl, tutuş türki halkynyň taryhyndan habar berýär. Türki halklaryň bary diýen ýaly bir kökden, Oguz han neberesinden gaýdýar. Mahmyt Kaşgarlynyň müň ýyl ozal aýdan: “Oguzlar – türkmendir”, diýen sözünden ugur alsaň, onda ähli türki halklaryň taryhy türkmeniň taryhyndan göz baş alyp, bir daragtyň dürli pudaklary bolup, şaha- şaha ýaýrap gidýär. Oguz han atamyzyň alty ogly, 24 agtygy bolan. Onuň ogullary Gün han, Aý han, Ŷyldyz han, Gök han, Dag han, Deňiz han öz nesilleri, olardan ýaýrap gidýän kowumlary bilen sarsmaz döwletleri, uly imperiýalary gurup, dünýäniň ägirt uly bölegine eýelik eden. Mysal üçin, Deňiz hanyň dört ogly bolan, onuň iň kiçisi Kynyk Seljuk türkmenleriniň nesil şalygydyr.

Gadymýetden başlap Göksüýri jülgesinde ýaşan ari taýpalary, saklar, hunlar, Altyndepe – şäher döwleti, marguşlylar, dahlar, kaňly-arabaçylar, massagetler, eftalylar we beýleki türkmen taýpalarynyň ýaşamadyk ýerleri ýök diýen ýalydyr. Dünýäniň iň uly bölegi Aziýa ýerleri bolsa, şol ýerleriň hemme ýerinde diýen ýaly türkmenler ulyorun tutupdyrlar, özlerem toplum-toplum bolup ýasapdyrlar, şonuň üçinem Aziýanyň islendik ýerine barsaň, türkmeniň şöhratly taryhynyň yzlaryny görmek bolýar. Gadymy Garadepeden, Namazgadan, Marguşdan taryhyň dürli zamanlaryna degişli keramiki gap-gaçlardaky nagyşlara üns berseň bu ruhy çeşmeler türkmeniň aňynda ähli türki halklaryň taryhyny öz kalbynda saklandygyna göz ýetirmek bolýar. Dünýäniň dürli künjeklerinde ýaşan türki taýpalaryň ruhy çeşmelerine üns berseň, türkmeniň aňynda, ruhunda ähli türki halklaryň taryhyny, özeneniniň ruhy ahwallarynyň türkmeniň özünde saklandygyna we nesilden-nesle geçiren halkdygyna doly göz ýetirmek bolýar. Dünýäniň dürli künjeklerinde ýasan çarwadyr ekerançy türki taýpalaryň özen-köki şu türkmen topragyna alyp gelýär. Biziň şu işimizdäki atlandyrylýan ululy-kiçili taýpalaryň ählisiniň maddy-medeni we ruhy baýlyklarynda şu günki türkmene mahsus bolan alamatlaryň köpüsiniň gaýtalanmagydyr. Gadymýyetde b.e.önki III-II müňýyllyklarda Ahal-Arkaç ýerlerinde ýaşan taýpalaryň esasy merkezi häzirki halk arasynda atlandyrylyşy ýaly Täze Nusaý galasy bolupdyr. XIX-XX asyrlaryň başlarynda Zakaspi welaýatlarynda bolan Ŷewropa syýahatçylary Ahal-Arkaç ýerlerini “Aziýanyň oňurgasy” diýip atlandyrypdyrlar. Şol taryhy döwürlerde Altyndepe Ŷaňykent bolsa, Oguzkent-Yzgant ýerlerinde Arsak, Par-sak taýpalarynyň esasy mesgeni bolanlygyny göz öňünde getirmek bolar. Ikinji bir tarapdan “Arkaç” manysynda hem ulanylýar ýa-da Arkaç – Ahalyň arkasy diýen manyny hem berip biler. Gadymy Hytaýyň Han dinastiýasy döwrüniň taryhçylary Hun – türkmenleri barada ýazan ýazgylarynda Hun

taýpalarynyň sosial gurluşy barada şeyle ýazgy ýadygärliklerini ýazyp galdyrypdyrlar: “Olaryň kanunlary ýeňil we ulanmak üçin amatly bolupdyr.” diýmeklerinde türkmençilik alamatlary görünýär.

Türkmen özüniň gözbaşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýan gadymy medeniýete, şöhratly geçmişe örän baý, şeýle hem Galkynyşlar eýýamyny başdan geçirýän ýurtdygyny, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň her bir taryhy çykyşlarynda nygtap-nygtap aýdýar. Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygynyň on dokuz ýylynyň içinde ýer ýüzünde gülläp ösen ýurtlaryň birine öwrülmekde we durmuş şertlerini gowulandyrmakda ägirt uly netijeler gazanyldy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanda geçirilýän halkara ylmy maslahatlaryna gatnaşyjylara iberýän gutlag sözlerinde şeýle diýýär: „Biz ata-babalarymyzyň dünýä siwilizasiýasyna we adamzat medeniýetiniň genji hazynasyna goşan ägirt goşantlaryny hem unutmaýarys“. Türkmen topragy diňe bir arheologiki ýadygärliklerden öwrenilýän ajaýyp halylary, sungat eseri derejesindaki bezeg şaý-sepleri bilen şöhratlanmak bilen çäklenmän, biziň ata-watanymyz dürli taryhy döwürleriň ençeme nesilleriniň akyl-paýhasyny, kalbyny eýelän keramiki gap-gaçlardaky nagyşlary hem adamzat taryhynda uly ösüşlere eýe bolandyr. Aňyrsy Oguz han türkmenlerden gaýdýan türkmen halky Gündogarda Hindistan, günbatarda Ortaýer deňzi aralygynda döredilen dünýä gymmatlyklaryna dürli ugurlarda saldamly goşandyny goşmak bilen, öz ata-baba ýerinde Jeýtun, Änew, Altyndepe şäher-döwleti, Marguş, ilkinji milli Parfiýa türkmen döwletlerini we Seljuk şalyklaryny hem-de, Köneürgenç türkmen döwletini – jemi 70-den gowrak döwlet döredendir. Gündogarda Hytaý, günortada Hindistan, günbatarda Gresiýa, Müsür, Rim aralygynda emele gelen Beýik ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Türkmenistan dünýä siwilizasiýasynyň bir gadymy ojaklarynyň arasynda özboluşly

köprüdir. Bir ýarym müň ýylyň dowamynda Türkmenistanyň üstünden geçen Beýik ýüpek ýoly Nusaý, Abywert, Merw, Dehistan, Köneürgenç, Amul ýaly şäherler dürli halklaryň medeniýetleriniň özara baýlaşmagynda, kämilleşmeginde, maddy we medeni – ruhy gymmatlyklaryň alyş-çalyş edilmeginde uly ýardam beren, döwrüň gülläp ösen uly ylmy we medeni merkezlerine öwrülipdir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Täze Galkynyşlar eýýamynda baý taryhy-medeni mirasymyzy, arhitektura we arheologiki ýadygärliklerimizi geljekki nesiller üçin gorap saklamak, täzeden dikeltmek, düýpli öwrenmek we dünýä jemgýetçiligine ýetirmekligiň zerurlygyny özüniň her bir taryhy çykyşlarynda belläp geçýär.

Merkezi Aziýanyň şol sanda Türkmenistanyň ýerindäki oturymly we sähraýy çarwa taýpalarynyň bir-birleri bilen ykdysady, etniki gatnaşyklarynyň durnuklaşmagy uly Horezmiň düzümindäki taýpalaryň syýasy tarapdan berkleşmegine getiripdir. B.e.öňki I müň ýyllygyň ortalarynda Türkmenistanyň köp ýerlerinde oturymly hojalyklaryň san taýdan köpelendigini we ekerançylyk meýdanlarynyň artanlygyna b.e.öňki I müň ýyllygyň II ýarymynda bina edilen suw desgalary hem şaýatlyk edýändir. Amyderýänyň aşaky akymlarynda ozal ulanylan, soň dürli taryhy sebäplere görä taşlanan suw akabalary Uzboý ýerlerinde dikeldilip başlanandygyna S.P.Tolstowyň, B.W.Andreýanow we türkmen alymy H.Ýusubowyň soňky ýyllarda geçiren arheologiki işleri şaýatlyk edýändir. B.e.öňki VII-VI asyrlarda gadymy Marguşyň çäklerinde has takygy, Merwiň Tahyrbaý, Goňur galalaryndaky suwarymly ekerançylyk üçin gurlan suw kanallarynyň galyndylarynyň arheologlar tarapyndan öwrenilmegidir. Ahemeni patyşasy Kir diňe bir Türkmenistanyň sähraýy taýpalaryna azar bermek bilen çäklenmän, Baktriýa hem yzygidrli howp salyp durupdyr. Şol wagtky asly Midiýaly Baktriýa patyşasy Astiag Ahemeni

patyşasy Kiriň öz ogludygyny äşgär edenden soň Ahemeniler bilen Baktriýanyň aragatnaşygy üzül-kesil gowulanýar. Emma, onuň tersine Kir indi Amyderýanyň çep kenaryndaky saklaryň üstüne howp salyp,Sak patyşasy Amorgany ýesir alýarlar. Taryhçy Ktesiniň berýän maglumatlaryna görä, Saklar bir dälde birnäçe sak ownuk toparlaryndan bolup olar özlerini derýanyň sag hem çep kenaryndaky saklar diýip atlandyrypdyrlýar. Ahemeni patyşasy Dariý I döwründe Amyderýanyň boýundaky saklar boýun egdirlen bolsa, edil yz ýanyndan ikinji bir Ahemeni patyşasy Kserks döwründe Kaspiniň gündogar kenar ýakalarynda ýaşan dagly taýpalaryny boýun egdiripdirler. Ahemenileriň taryhyndan belli bolşy ýaly, Türkmenistanyň ýeri Ahemeniler zamanynda halka salynýan salgytlaryñ ýygnamaklygy merkezleşdirmek üçin bir näçe satraplara bölüpdirler. Şolaryň başynda hem diňe Ahemenili adamlar bellenipdirler. XVI satraplyga Girkaniýanyñ gündogar kenar ýakalaryndaky dahlar giripdirler. B.e.öňki V-IV asyrlarda, Horezm Ahemenilerden özbaşdaklyk gazanýar we özlerine goňşy saklary hem Ahemeni zulmundan azat edýärler. B.e.öňki V asyrda Alynky Aziýanyň ýerlerinde ýaşan ähli taýpalary Grek taryhçylary skifler diýip hem atlandyrypdyrlar. Edil şol zamanda sak taýpalary üç şäha bölünipdirler: Haumawari saklary, Tigrahauda saklary hem-de Taradaraýa saklara bölünipdir.

Şonuň ýaly hem grek taryhçylary massagetleri, saklary bir etniki topar hasaplap, köp ýerlerde massagetler saklar diýip atlandyrylýar. Hat-da, Bisütün ýazgysynda hem diňe saklar atlandyrylýar, şol bir wagtda saklar diýip:

1. Haumawari saklary Geredotyň tassyklamasyna görä, bu saklar dine maldarçylyk bilen meşgul bolmak bilen Türkmenistanyň günorta raýonlary, Owganystan, Hindistan ýerlerinde ýaşapdyrlar.
2. Tigrahauda saklary çür telpekliler, saklaryň bu topary

esasan atçylyk bilen Köpetdag eteklerinde meşgul bolupdyrlar.

3. Tiaý - Tara - Daraýýa saklary, taryh ylmynda bulary "derýanyň aňyrsyndaky" has takygy, Amyderýanyň sag kenarynda ýaşan saklar diýip atlandyrypdyrlar. Belli gündogary öwreniji alym W.W.Struwe bu saklar barada şeýle kesgitleme berýär. "Orta Aziýa iki derýalygynyň aralygynda ýaşamak bilen esasy kärleri maldarçylyk bolupdyr. Bular Baktriýa bilen Margiýananyň aralygyndaky çöllükde ýaşamak, esasan,maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Massaget patyşasy Tumar şa hem ýatlanýar. Käbir taryhçylaryň garaýşyna salgylansaň, onda sak- massaget etniki tarapdan has ýakyn bolup bir halkyýet iki çarwa toparlary bolan bolmagy ähtimaldyr, çünki arheologiki nukdaýnazardan hem bular biri-birinden kän bir tapawut etmeýän arheologiki medeniýetdir. Yöne saklar massagetlere garanyňda has irki taryhy zamanlarda hem ýatlanýar. Saklar Ahemeniler döwletinden has ozal gadymy Midiýa (Eýranyň ýerinde Elamdan soňky dörän döwlet) döwleti bilen uzaga çeken köp ýyllyk uruşlar alyp barypdyr. Haçanda, Ahemeniler döwleti döränden son Kiriň baştutanlygynda sak patyşasy Amorgiň arasyndaky b.e.öňki 546-njy ýyldaky söweşde saklar öz ýerleriniň köp bölegini häzirki Köpetdag eteklerini ellerinden gidirýärler. Netijede, Ahemenilere salgyt töläýän ýene-de bir 15-nji satrap döredilýär. Bu sak satrabynyň baştutany hem Ahemenili bolýar. Şonuň üçünem saklaryň ýaş oglanlaryndan Ahemenileriň goşunyna atly hem pyýada esgerler salgyt höküminde uberlipdir. Mysal edip: b.e.öňki 490-njy ýylda Ahemeni patyşasy Kserksiň baştutanlygynda Greklere garşy bolan uruşda saklaryň görkezen gahrymançylygyny demirgazyk Eýranda ýerleşen Ahemenileriň Merkezi şäherleriniň biri bolan b.e.öňki V asyra degişli Persepoldaky Jemşit şanyň köşgüniň ýüzüne çekilen sak atlysynyň

şekillerinden görmek bolýar. Saklaryň edermenlikleri barada b.e.öňki 518-nji ýylda gadymy Margianada Ahemeni patyşasy Dariý 1 zulumyna çydap bilmän türkmen taryhynda bolan ilkinji gezek halk gozgalaňynda, asly sakly çopan Syrak, gozgalaňçylara garşy gelen Ahemeni goşunyna ýol görkeziji bolup olary bilgeşleýin suwsyz çöl-beýewanyna alyp gidip özüniň halkyny duşmandan gorajak bolmagy, öz janyny gaýgyrman bitiren batyrçylygy barada hem ýeterlik taryhy maglumatlar bar.

Isgender Zülkarneýin hem Merkezi Aziýa çarwalaryndan onda-da Saklardan heder edendigini Selewikler patyşasy Selewik I Nikatoranyň gadymy Margiananyň daşyna goranyş diwaryny (berkitmesini) bina etdirmegi sak, massaget, dah, ariý, parfian, horezmli çarwa taýpalaryndan goranmaklyk maksady bilen 235 km uzynlykda diwar salypdyr. Saklaryň sosial we syýasy gurluşlary barada doly maglymat bolmasa-da, olarda aýal adamlaryň jemgyýetdäki ornunyň ýokary bolandygy Zarina, Spatitra, Tumar ýaly zenanlaryň döwleti dolandyrandygy bilen mälimdir.

B.e.öňki II asyra degişli Hytaý ýazgylaryndan ugur alsaň, Oks derýasynyň sag kenarlarynda ýaşan Kanga - Kaňly - Kangýu taýpasynyň ata-babalary saklardan gaýdýandygyny nygtaýarlar.

Ahemeni patyşasy Kserks döwrüne degişli dag gaýalaryna şine şekilli hat bilen ýazylan ýazgylardan dahlaryň atlandyrylyşyna alymlar massagetleriň birleşmesine girýän taýpadyr toparlaryň in ulusy dahlardygyny belleýärler. B.e.öňki VII-V asyrlara degişli gadymy grek, Rim taryhçylary sak we massagetler birleşmesi barada ýeterlik bolmasa-da, käbir anyk maglumatlar berýärler.

B.e. I müň ýyllygynyň ortalarynda Amyderýanyň aşaky akymlarynda Sarygamvş sebitlerinde Sakarawaklar olara Sakhaumawarka-diýlip atlandyrylan taýpalar ýaşan bolsa, Çärjew - Buhara aralygynda saklaryň ýene bir topary ýaşapdyr.

Etrek derýasynyň boýlarynda dah taýpalary ýaşap bir bütewi birleşme emele getiripdirler. Massagetleriň jemgyýetçilik gurluşlarynda aýal adamlaryň orny ýokary bolandygyna olardaky nika gatnaşyklaryndan görmek bolýar. Oguznamada beýan edilişine görä eger ýigit öýlenjek bolsa onda şol öýlenjek gyzyny güýç synanşygynda ýeňmeli ekeni, ýa-da at çapyşykda gyz gaçýar oglan kowalap gyzyň yzyndan ýetmeli ekeni, şu hili şertler hem Massagetlerde jemgyýetçilik gurluşy heniz enelik urugynyň derejesinde bolandygyna subutnamadyr. Yene-de bir ýatlamaly zat sak gelin-gyzlary duşmana ýaý atmakda, at çapmakda, toparyň üstüne howp abananda öz ýan ýoldaşlary bilen bile ata münüp duşmana garşy göreşipdirler.

Ahemeni patyşa Kir b.e.öňki 530-njy ýylda Müsüriň üstüne ýöriş etmezden öň özüniň demirgazyk gündogar serhetlerini Merkezi Aziýanyň şol sanda Türkmenistanyň ýerindäki sähraýy taýpalardan saklardan, dahlardan, girkanlardan, ariýlerden, massagetlerden goramak üçin olary boýun egdirip şol wagtgy Ahemenilere boýun bolup salgyt töleýän XV satraba birikdirmek maksady bilen serhet ýaka ýerlerinde goranmak üçin berkitmeler gurdurýar. Patyşa Kiriň bu harby ýörişi massagetleriň, dahlaryň peýdasyna gutarandygyny Eýrandaky Persepol ýazgylaryndan M.A.Dandamaýewiň okan ýazgylaryndan görmek bolýar.

Isgender Zulkarneýin Hindistana çozmazdan ozal öz goşunynyň öňünde şeýle söz sözleýär: " Biziň nirä ýetendigimizi we nirede durandygymyzy siz pikirleniň,. Bu ýerde näçe ýurdy özüne tabyn eden, ady şöhraty dünýä ýaň salan, näçe şäherleri gurduran şazada zenan Semeramidiň gelip duran ýerine geldik" diýmeginden Isgender Zulkarneýniň çarwalardan heder edýändigini aňlamak bolýar. Şazada Semeramid Assiriýa goşunyna ýolbaşçylyk etmek bilen Massaget şazadasy Tumar bilen hiç wagt harby dawalary bolmandyr. Semeramid Arahosiniň golaýynda Kofen atly şäher gurdurypdyr. Bu şäher Kofen Owganystanyň demirgazyk

günbatarynda ýerleşmek bilen massagetlere garşy hereket etmekde esasy girelge bolupdyr. Has dogrusy Kofen şäheri massagetlerden daş bolmandyr massagetleriñ dürli taryhy döwürlerde Hindistan ýerleri bilen goňşyçylykda ýasandyklarynyň bir alamatydyr. Käbir taryhçylaryň garaýşyna görä gadymy Hindi ýerleri Hind derýasyndan başlanypdyr, Şonuň üçin hem Arahosida we Kofen şäherinde ýaşan massagetler Hind ýerleri bilen goňşyçylykda bolan bolmagy ähtimaldyr.

B.e. öňki IV asyryň ahyrlarynda ýaşan Megasfeniň berýän maglumatlaryna görä Isgender Zulkarneýin Eýran, Owganystan, Hind ýerlerinde özüne tabyn eden ýerlerinde Assiriýaly Semeramidiň saldyran şäherleriniň ýanynda ýa-da şonuň ýerinde täze şäher gurdurypdyr.Alym I.W.Pýankowyň çözgüdine görä, Massagetler Arahozida ýaşamk bilen Hindilere goňşy bolupdyr diýmegi dogry bolmagy ähtimaldyr. Yöne haýsy hem bolsa az wagtlyk belli bir taryhy döwürde bolandyr. Çünki,massagetleriň ata-baba ýerleri demirgazyk Türkmenistan Uzboý ýakalarydyr.

Massagetlere degişli gadymy Horezmden öwrenilen Çirik-rabat-galadan öwrenilen arheologiki tapyndylaryň esasynda olaryň hojalygynda esasan hem maldarçylygyň bolandygyna we olarda atçylygyň, iki örküçli düýeleriň köpeldilendigini öwrenilen haýwan süňklerinden bilmek bolýar. Massagetleriň derýa ýakasynda ýaşan toparlarynyň esasy kärleri balykçylyk bolupdyr. Massagetleriň jaý gurluşynda ulanan çig kerpiçleriniň ölçegi 30x30x9 sm., 50x50x10 sm. bolup edil şol zamanda şu hili ölçegde bina edilen jaýlar günorta Türkmenistanyň Margiýana we Köpetdag eteklerinde gabat gelýändir. Massagetleriň bir ýerde köp mekan tutup oturmandyklaryna olara degişli arheologiki ýadygärliklerdäki medeni gatlaklaryň saklanan galyňlyklarynyň 70 sm. ýokary däldigi olaryň göçme taýpalar bolandygyna şaýatlyk edýändir. Arheologiki ýadygärliklerden öwrenilen

keramiki önümlerdäki nagyşlar we olaryň daşky görnüşiniň has ýylmanak bolmagy, öý hojalygynda aýal adamlaryň ornunyň ýokarydygyna şaýatlyk edýär. Massagetleriň jemgyýetçilik gurluşy dine bir onuň irki taryhy döwürlerinde enelik urugynyň käbir däpleri saklanman hat-da, b.e.öňki II-I asyrlarda hem durmuşda aýal adamlaryň ornunyň ýokary bolandygyny arheologiki maglumatlardan bilýäris.

Gadymy pars şine şekilli hatlarynda "Marguş ýurdy" diýip ýatlanýan hem bolsa, ol taryhyň has gadymy zamanlarda b.e.öňki III müňýyllyklarda has kämilleşen otparazlar dininiň doly beýanyny özünde jemleýän mukaddes "Awesta" dini ýygyndylar kitabynda käbir dil diolektiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutulanda "Mouru" diýip atlandyrylýar. Eger-de biz arheologiki maglumatlara ýüzlensek, onda Murgabyň ýokary akymlarynda Tagtabazar jülgelerinde taryhyň has gadymy, ýagny orta daş (Mezolit) Nuh Pygamberiň zamanyna degişli arheologiki tapyndylary alymlar H.Ýusubow, A.M.Mandelştam tarapyndan öwrenilendir.

Ikinji bir taryhy döwür bu Murgabyň aşaky akymlarynda häzirki Marguş diýip atlandyrylýan bolsa, üçünji bir taryhy eýýam Murgabyň Orta akymlaryndaky orta asyr Merwidir. Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap alym W.I.Sarianidiniň geçirýän ýadawsyz gazuw-barlag işleri netijesinde Marguşdan dünýä ýaň salýan taryhy nukdaýdan has gymmatly maglumatlar dünýä ylmyna girizildi. Türkmenistanyň ýerlerinde bolan siwilizasion ösüşler diňe bir Merkezi Aziýanyň däl-de tutuş ýakyn we orta gündogaryň gadymy sungatynyň ösüşlerine itergi berdi.

Ýene bir täsin zatlaryň biri b.e.öňki III müňýyllyklarda Marguşda ýaşan adamlaryň esasy ynanan dini ynançlary otparazçylyga mahsus bolan gadymy binagärçilikde köp-köp täsin ösüşleriň bolandygyny, onda-da Marguşyň Zaratustranyň mekany bolandygyny alym W.Sarianidi doly subut etdi. Marguşlylaryň zähmetsöýerligi netijesinde ýerli adamlar bu

bereketli toprakdan bol hasyl alyp, göçüp gelenlere bol-elin ýaşamaga şert döredipdirler.

Ýerli sungatyň ösmegi wagtyň geçmegi bilen kärine ezber ussalaryň: gadymy demiri, süňki we daşy işläp bejerýän ussalaryň we zergärleriň döremegine getiripdir. Marguşlylar Murgap derýasynyň akymlarynyň kenarlarynda ýaşamak üçin uly bolmadyk hünärleri boýunça ýaşaýyş obalaryny döredipdirler. Wagtyň geçmegi bilen şol hünärmenler köşkdir, ybadathanalary gurmaga girişipdirler. B.e.öňki III müňýyllygyň soňky asyrlarynda Murgap derýasynyň aşak akymynyň demirgazygynda birnäçe özbaşdak suwaryş desgaly kelleli oazisi kemala gelipdir.W.Sarianidiniň kesgitleýşi ýaly, Kelleli oazisiniň özleşdirilmegi bilen Marguş ýurdunyň esasy şäheri bolan Goňurdepe gurlup başlanýar. Öwrenilen arheologiki maglumatlar şäherlileriň diňe bir hanyň köşgüne üns bermän, onuň töweregindäki ýerleşýän ymaratlara we desgalara hem han köşgüniň owadan görünmegi üçin uly üns berendiklerini tassyklaýar.

Marguşyň Goňurdepe, Togalak, Adambasan we Ajyguýy diýen ýerlerinden alymlar tarapyndan birnäçe müňläp gadymy adamlaryň mazarlaryndan taryhy gymmatlyklar bilen bir hatarda b.e.öňki III müňýyllyklara degişli adam kelleçanaklary öwrenildi we şu günki güne çenli öwrenilýär. Antropologlaryň kesgitlemelerine görä, olar “dolifessofal görnüşinde” diýen netijä gelýärler.

Gadymy Marguş köp ýyllardan bäri arheologlar tarapyndan yzygiderli öwrenilýär. Birnäçe düýpli işler ýazyldy. Ol ugurdan W.I.Sarianidi “Marguş ýurdunyň gadymyýeti”, “Marguş (Murgap derýasynyň köne hanasyndaky gadymy gündogar şalygy, “Goňur” diýen işi aýratyn belläp geçmäge mynasypdyr). Kitapda Marguşyň sinonimi hökmünde Margiana söz ulanylypdyr we bu gadymy siwilizasiýa hakynda gymmatly maglumatlar berýändir. B.e.öňki II müňýyllygyň başlarynda gadymy Murgabyň aşaky akymlarynda 3000 kw. km. töweregi

meýdanda Marguş ýa-da Margiana ýurdy bolupdyr. Bu ýerde Kelleli, Taýyp, Awçy, Togalak, Tahyrbaý ýaly 150-denem gowrak obalaryň üsti açyldy we belli bir derejede öwrenildi. Marguş oazisiniň iň gadymysy Kellelidir. B.e.öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda bu ýerde gündogar Änew taýpalary peýda bolupdyr we oazisi özleşdirmäge synanşypdyrlar. Şondan birnäçe müňýyl has takygy b.e. 2000 müňýyllygynda Kelleli täzeden özleşdirilip başlanýar . Şol müňýyllygyň ortalarynda Awçy, Ajyguýy, Goňur oazisleri gülläp ösüpdir. Sanalan gadymy obalardaky ýaşaýyş üçin mahsus bolan pagsa jaýlaryň içki diwarlary saman suwag bilen suwalypdyr. Jaýlaryň içinde gündelik durmüşda ulanylýan öý-hojalyk gurallary tapyldy. Kä halatlarda aýallaryň ýörite iýer-içer ýaly zatlar taýýarlaýan howlujyklary hem gurlupdyr. Käbir jaýlarda gyşyna gyzdyrmak üçin diwar peçleri, käsinde bolsa ýatylýan sekiler edilipdir. Häzir Goňurdepe atlandyrylýan gadymy gala 20 ga meýdany tutupdyr. Ol Margianada iň uly gala bolupdyr. Şol sebäpli ol ýurdyň paytagty bolandyr. Şäheriň içinde diňe bir otparazlar ybadathanasy bolman suwa çokunýan adamlar üçin ýörite suw howdany bina edilipdir. Galanyň içinde uly köşk bolup, onuň öz zamanynda diwar burçlary minaraly ymaratdygy anyklanyldy. Köşk köp sanly otaglardan ybarat eken. Gap-çanaklaryň dürli hajatlar üçin ýasalanlary bolupdyr. Marguş, Goňur we Togalak galalaryndan öwrenilen küýzeleriň ýüzünde biri-birine haýbat atýan adam şekilleri-de bar. Zergärçiligiň we demirçiligiň öndürýän önümlerinde köplenç Müsür piramidalaryna ýa-da gün çogup çykýan germewlere meňzeş şekiller çekilipdir. Kä halatlarda bolsa öz ýasan möhürlerinde towşany, içýany, her hili guşlary oýma görnüşinde şekillendiripdirler.

Margianada daşyň seýrekligine garamazdan, zergärler käbir möhürler we dini dogalary daşdan ýasapdyrlar. Marguşlylar daşy Köpetdagdan we Köýtendaglaryndan alypdyrlar. Goňur we Togalak galalaryndan tapylan daşdan

ýasalan möhürleriň arasynda gös-göni bezeg üçin has tämiz, gelşikli ýasalanlary-da bar. Käbir daşdan ýasalan möhürleriň ýa-da gaplaryň ýüzlerinde ýanyp duran oduň töwereginde ýaşuly adamlaryň ýaş-kiçileri üýşürip olara eýmenç aždarhalar we beýleki ýyrtyjylar hakynda gürrüň berýän pursatlary ussatlyk bilen suratlandyrylypdyr. Özem bu möhürlerdir, gap-çanaklar özi ýasalyp ussalary we görnüşleri boýunça şol zamanda Marguşlylaryň gadymy gündogar ýurtlary bilen arabaglanşykda bolandygyna subutnamadyr. B.e.öňki IV müňýyllykda Kiçi Aziýa halklarynyň Türkmenistanyň ýerinde ýaşaýan halklar bilen medeni-ykdysady gatnaşyklarynyň şaýatnamasydyr.

Gadymy Marguşda ata-babalaryň gadymdan saklanan we nesilden-nesile geçiren ruhy medeniýetinde we maddy medeniýetindäki köp sanly milli alamatlarynyň biziň günlerimize çenli saklanyp galmagy hem türkmeniň gadymylygynyň bir alamatydyr. Mundan başga-da b.e.öňki III müňýyllyklaryň ahyrlarynda, II müňýyllygyň başarynda Ýaňykentde (Altyndepe) tebigatyň gurakçylygy sebäpli Ariý türkmen taýpalarynyň belli bir böleginiň Marguş türkmenleriniň ýerlerine göçüp barmaklary Oguz türkmenleriniň şol zamanlarda ikinji bir merkezini döredipdir. Netijede, Ýaňykent (Altyndepe), Goňur (Marguş) Oguz türkmen döwletleriniň ruhy we medeni gymmatlyklarynyň goşuluşmagy netijesinde Marguş siwilizasiýasy gadymy gündogaryň taryhyna Hytaýdan, Hindistandan, Müsürden, Mesopotamiýadan soň bäşinji siwilizasiýa bolup taryha giripdir. Gadymy Merwiň ýaşy barada edebiýatlarda şeýle diýilýär: “... Mary dört müň ýyl mundan ozal gülläp ösen, türkmenleriň ata-baba topragynyň ösen merkezi şäheri bolupdyr”.

## 15. Türkmenistan III-VII asyrlarda. Sasanylar döwleti

B.e.III asyrynyň başlaryna çenli Parfiýa döwleti yzygiderli uruşlar, içki gapma-garşylyklar netijesinde gowşapdyr.Taryhy maglumatlara görä,şol döwürde pars-eýran ýerleri 240 hökümdarlyga bölünip,hersi özbaşdak dolandyrylypdyr. Olar öz pullaryny çykarypdyrlar.Ärsakylar döwründe Parsda Bazrangidler nesilşalygy dolandyrypdyr.Olaryň iň soňky patyşasy Goçihr bolupdyr.Parsyň paýtagty Istahr şäheri bolupdyr.Pars birnäçe kiçi böleklere bölünipdir.Şeýle satraplyklaryň birine ýolbaşçylyk eden, sasanylar nesilşalygyndan bolan Papak 208-nji ýylda patyşa Goçihrany öldürip häkimiýeti ele alýar.222-nji ýylda Papak aradan çykansoň onuň ogly Ardaşir goňşy welaýatlar bolan Kermany,Huzistany we başgalary basyp alýar.Soňra uly goşun toplap,Parfiýa patyşasy Artaban V garşy urşa başlaýarlar.Aýgytlaýjy söweş 224-nji ýylda Midiýada Ormizda düzlüginde bolup geçýär.Bu söweşde Ardaşir Parfiýa goşunlaryny derbi-dagyn edýär.Taryhy maglumatlara görä, Ardaşir Artaban V ýesir alyp öldüripdir. Ardaşir häkimiýeti ele alansoň Oňki dagynyk Parfiýanyň ýerine merkezleşen Sasanylar döwleti emele gelýär. Ardaşir I 226-njy ýylda “patyşalaryň patyşasy”diýen at berilýär.Döwletiň paýtagty Tigr derýasynyň boýundaky iki şäher Ktesifon-Selewkiýa bolýar. Istahr şäheri döwletiň ikinji paýtagty bolýar.Şeýlelikde Ardaşiriň öňünde özbaşdaklygyny alan ýa-da ýarym patyşalyklary bir ýere jemlemek meselesi ör boýuna galýar.Döwletiň çäklerinde Arsakylar hökümdarlygyny goldaýan satraplyklar hem az bolmandyr. Artaban V ogly Artabaz öz kakasynyň tagtyny yzyna gaýdyp almaklyga synanyşypdyr.Ony birnäçe satraplyklar goldapdyr.Muňa onuň öz adyndan 227-nji ýyla çenli pul çykarmagy subutnamadyr.Ermenistany dolandyran kiçi Arsakylar

hökümdarlygynyň patyşasy Hosrow Sasanylar döwletine garşy bileleşik döredip, uly howp salypdyr.Olar uly Ärsakylar hökümdarlygyny eýelemäge mümkinçilik döredi diýip hasap edipdirler.Bu bileleşige demirgazyk Mesopatamiýanyň birnäçe şäherleri ,Midiýa goşulypdyr.Hosrowa skif taýpalary,Rim we Kuşan patyşalary kömek beripdir.Bu göreşde Gündogar Parfiýa satraplygyna uly orun degişli bolupdyr.Hosrow Margianany,Girkaniýany,Horezmi,Sakystany öz tarapyna çekmek üçin birnäçe ilçi iberipdir.Ŷöne bu satraplyklar Sasanylara garşy göreşmekden boýun gaçyrypdyrlar. Bu barada "Ermenistanyň taryhynda"Moiseý Horenskiniň maglumatlarynda aýdylýar.Sasanylara garşy dörän bileleşik 227-229-njy ýyllarda başa barmadyk uruşlar alyp barypdyrlar.Soňra Rim we Kuşan goşunlary yzyna çagyrylypdyr.Çarwa skifler hem söweş meýdanyny taşlap gidipdirler.Bileleşigiň bu ýeňlişinden soň Ardaşiriň öňünde özüne garşy duran we bitaraplygy saklan döwletleri öz häkimiýetine birleşdirmek meselesi durupdyr.Taryhçy At-Tabarynyň işinde we Şapur I üç dilde ýazdyran "Kaabe zoroastra"diýen işinde Türkmenistanyň ýerleri barada maglumatlar bar. Tabary şeýle ýazypdyr:"Ardaşir Sawadan ýene-de Stahra,ol ýerden hem Sakystana,soňra Gorgana,Abarşahr,Merw,Balh we Horezmi,Horosanyň gyraky araçäklerini basyp alyp ýene-de Merwe geldi.ol köp adamlary gyrgyna berip,olaryň kellelerini Anahita metjidine iberdi.Ol Merwden Parsa gelip Gorgda ýerleşdi.Ol dürli ýurtlardan(Kuşandan Türküstandan we başga ýerlerden ) ilçiler gelip özleriniň boýun egýändiklerini aýdýarlar"-diýip habar berýär. "Kaabe Zoroastrada" Şapur I Penjaba çenli ýetipdir diýip ýazylýar. Sasanylaryň resminamalarynda Ardaşir Merw patyşasy, Ardaşir Kermanyň patyşasy, Ardaşir Sakystanyň patyşasy diýip berilýär. Şu maglumatlardan çen tutsak, Ardaşiriň patyşalyk eden döwründe Sasanylar döwletiniň düzümine Merw, Kerman, Abarşahr Sakystan giren bolmaly.

Girkaniýa-bu döwüde öz awtonomiýasyny ýitirip, gönüden-göni patyşalaryň patyşasy tarapyndan dolandyrylypdyr.

Ardaşir Merwi, Balhy, Sarahsy basyp alan hem bolsa, bu öz ýarym garaşsyzlygyny saklap galypdyrlar. Bu ýerler diňe Şapur I(242-272ý.ý) döwründe doly boýun egdirilipdir. Merwde 260-275-nji ýyllarda Şazada Narse, 275-283-nji ýyllarda Şapur I agtygy Worahran dolandyrypdyr.

Şapur I ýazdyran"Kaabe zorastra" ýazgylarynda basyp alan ýerleriniň atlary tutulýar. Bu ýazgylar hem Behistun(Bisütün) ýazgylary ýaly gaýanyň ýüzüne ýazylypdyr.

B.e.öňki IV asyryň başlarynda Kuşan imperiýasynyň dargamagy netijesinde Merkezi Aziýada esasy orun eftalylara degişli bolupdyr. Bu hionit-eftalylaryň birleşmesine özleriniň gelip çykyşy we dili boýunça dürli-dürli taýpalar bolan bolmaga çemeli. Taryhy çeşmelerde olara Ak gunlar(hunlar), hionitler, nadaritler, eftaliler, heptal, tetal, iýeda, haýtal atlary berilýär.

Bu taýpalara degişli başga ýazuw ýadygärlikleri galmandyr. Diňe teňňeleriň ýüzündäki ýazgylar diýäýmeseň, bu hili çeşmeler esasynda taýpanyň ýa-da halkyň diliniň nähili bolandygany aýtmak kyn. Hytaý çeşmeleri olaryň dili türki dillerden üýtgeşik diýip habar berýär. Köp alymlar Tohar hatlaryndan diýse, beýlekileri bu birleşmä türki dilli taýpalarda we Eýran dilli taýpalar hem giripdir diýýärler. IV asyrda eftalylar Sasanylaryň, Eýranyň garşysyna urşa başlaýar. Olaryň territoriýasy Hazar deňzinden başlap, Amyderýa çenli, Amyderýanyň aňyrsyndaky welaýatlar, häzirki Owganystanyň birnäçe welaýatlary giripdir. Bu döwletiň paýtagty kä çaklamalara görä Peýkent(Buhara bilen Amyderýanyň arasyndaky şäher) şäheri, başga çaklamalara görä, Balh şäheri, käbir çaklamalara görä, Badahşan şäheri bolupdyr.

Eftalylar döwleti döränden soň Sasanylar Türkmenistanyň gündogar çäkleriniň üstünde üznüksiz

uruşlary alyp barypdyrlar. B.e.öňki V asyrda hem ol uruşlar dowam edipdir. Eftalylar Eýranyň merkezi welaýatlaryna hem aralaşypdyrlar(şol döwürde Sasanylar günbatarda Rim bilen hem söweş alyp barýardylar). V asyryň II ýarymynda şa Bahram Gur(421-438ý.ý) öz döwletiniň gündogar sebtinde eftalylara garşy uruş alyp barmaklyga mejbur bolýar. Bahram Guruň goşunlary Kuşmeýhanyň ýanynda (Baýramalydan 30-km demirgazygynda Kişman depäniň ýanynda) bolan söweşde ýeňiş gazanypdyrlar. Şol wakadan soňra Iýezdigerd II (498-457ý.ý)Balkan sebitlerinde hionitleri ýeňipdir we Çol diýen şäherde  hionitleriň patyşasy öldürilipdir. Hionitleriň patyşasy öldürilip köp olja alypdyrlar. Hionitler we Sasanylar Hazar ýakasynyň medeni welaýatlarynyň söwda üçin ähmiýetli bolan ýerlerini eýelemek ugrunda söweşipdirler. Hazar deňziniň kenaryny öz elinde saklamak üçin, Iýezdigerd II şol ýerde “Şähristany Iýezdigerd” galansyny saldyrypdyr. Ŷöne Iýezdigerd II ýerli taýpalaryň garşylygyny basyp ýatyryp bilmändir. Iýezdigerd II ogly Peroz(459-484ý.ý) hem olara garşy urşa başlapdyr.B.e.V-VI asyrlarda sasanylar etregiň boýunda Köpetdagyň eteklerinde Murgap jülgelerinde eftalitllerden goranmak üçin birnçe galalary gurupdyrlar.Eýranyň merkezi welaýatlarynda eftalitleriň ýoluny baglamaklyk üçin jan edip Peroz Gürgen deresinden demirgazyk tarapa uzynlygy 300-km bolan diwar saldyrypdyr.Sasanylar döwltleriniň demirgazyk gündogar serhetlerini goramak üçin V asyrda Mary sebitinde ermeni we gurzin (gürji) topralarynyň harby oturymly ýerlerinde ybarat edip goranyş berkitmesini döredipdirSasany patyşasy Peroz eftalylaryň güýçlenmeginden howatyrlanp olara garşy urşa başlaýar.Netijede Perozyň özi eftalitleriň eline ýesir düşýär we Wizantiýadan kömek soraýar.Wezamtiýa imperatory Zenon uly hun töläp ony boşadýar.Şertnama görä araçäk şäheri talkany eftalitlere berip Bahram Gur döwründäki şertnama laýyklykda

ykrar edilen diňden geçmezligi ant edýär.Peroz ikinji gezek Wizantiýa ilçisiniň ugratmaklygynda ýöreiş edýär.

(Wizantiýa uruş üçin altyn pul beripdir) Peroz özini şertnama bozmaklykda aýyplamasynlar diýip Talkan şäheriniň ýanynda gurulan araçäk diňini birnäçe pile sýýredip özem yzyndan goşun sürdüripdir.Ŷöne bu ýöriş hem şowsuz tamamlanýar.Ikinji gezek hem ýesir düşýär Siriýa çeşmeleriniň maglumatlaryna görä Peroz 30-eşegi kümüş pullaryna ýükläp getirmeli bolýar.20-eşek ýükden artyk tapyp bilmän ýaş ogly Kawady girew goýup gidýär.Iki ýylyň içinde eftalylara agyr ýük töläpdir ,adamlary agyr salgyt tölemäge mejbur edipdir.

Tölemeli salgydy töläp Peroz eftlylar bilen gowy gatnaşykda edip görkezjek bolup ýalandan ýakynlaşan bolýar.Eftaylar patyşsay Wahşunwara özüniň aýal doganyny durmuşa çýkarmaklygy teklip edýär.Ol öz doganyna derek başga birini iberip aldapdyr.Wahunwar bolsa eftalylaryň haýyşy boýunça gelen harby jansyzlary öldüripdir,birnäçesini maýyp edipdir.Peroz 484ý.Wizantiýanyň kömegi bilen üçinji gezek goşun bilen gabawa düşýär we öldürilýär.Eftalylar Eýrana agyr salgytlar salýarlar we Merwi eýeleýärler.Soň Eftalylar Kabul jülgesini,Penjaby Kaşgary Hotany eýeleýärler.Olar Kuşan imperiýasy ýaly, Merkezi Aziýany Eýranyň gündogar bölegini Hindistanyň demirgazyk bölegini gündogar Türkmenistany bir döwlete birikdirýär.Perozyň ogly Kawadyň döwründe hem Sasanylar Eftalylara salgyt töläpdir.Ol döwürde Sasany bilen Eftalynyň gatnaşygy parahatçylykly ýagdaýda bolupdyr.Mümkin bu gatnaşyk Kwadyň Eftalileriň arasynda ulalanlygydyr.502-nji ýylda Kawad Eftalylar bilen Wizantiýa gaşy ýöriş gurnapdyrlar.Eftalylaryň gadymy Karra şäherini gabamaga gatnaşýarlar we olara ýesir düşen häkimini baý paç alyp boşadypdyrlar.Kawadyň ogly Hosraw 1 Anuşirwanyň döwründe (531-579ý) hem Sasanylar ilkibaşda Eftalylara salgyt töläpdir.

Döwlet dolandyryş ulgamy. Sasanylar döwletiniň başynda patyşa oturypdyr, onuň çäklendirilmedik häkimiýeti bolupdyr. Hemme meseleler patyşanyň erk-islegine görä çözülipdir. Sasanylar döwletinde wezir ýurduň ýerine ýetiriji hökümdary bolupdyr. Emma wezirde doly ygtyýarlylyk bolmandyr. Sasanylarde maliýe-dolandyryş işine uly üns berlipdir. Döwletde Baş salgytçynyň wezipesi döredilipdir. Bu ulgam döwletiň girdejileri we çykdajylary barada patyşa hasabat beripdir. Döwlet resminamalaryny düzgünleşdirmek üçin diwan (kanselýariýa), arhiw hem-de köp sanly möhürler bölümi hem döredilipdir.

Patyşanyň dilden görkezmeleri mürzeler tarapyndan ýörite depdere ýazylyp, şol bir wagtyň özünde patyşanyň hut

öz kätibi (hadym) tarapyndan "buýruklar depderi" ýoredilipdir. Resminamalar jikme-jik doldurylyp möhür bilen kepillendirlipdir.

Patyşanyň we döwletiň dürli möhürleri bolup, olaryň her haýsynyň öz ulanylmaly ýeri bolupdyr. Mysal üçin, gündelik hatlara basylýan möhürler bilen birlikde gizlin ýa-da diplomatik hatlara basylýan möhürler biri-birinden tapawutly bolupdyr. Döwleti esaslandyran Ardaşiriň dört möhüri bolup, olaryň ýüzünde ulanylýan ugurlaryna laýyklykda ýazgylary bar eken. Harby buýruklar üçin bolan möhüriň ýüzünde-"durnuklylyk", salgyt, maliýe we gurluşyk üçin buýruklar möhürinde-"tassyklanan", poçta üçin-"howlukmaç", sud işleri üçin bolan möhürde-"adalatlylyk" diýen ýazgylar bolupdyr.

Sasanylar döwletinde birnäçe harby özgertmeler hem geçirilipdir. Olarda erkin adamlardan ybarat bolan atly goşun döredilipdir. Hysrow patyşa öz döwründe ol goşuny gös-göni özüne tabyn edipdir. Orta gürpdäki ýer eýelerini bolsa at, ýarag bilen üpjün edipdir. Ýurtda ýeke-täk we baş harby serkerde wezipesi ýatyrylyp, onuň ýerine dört sany harby bölüm döredilipdir. Şol harby bölümler döwletiň dört tarapyndan gözegçilik etmeli bolupdyrlar. Ol goşunlaryň başynda

durýanlara spahbed diýlipdir, onuň emir diýen manysy bolupdyr. Demirgazykdaky spahbed Midiýa we Häzirbegjan (Azerbaýjan) ýerlerine, günbatarky spahbed Yrak, günortadaky Pars we Huzystan welaýatyna, gündogarky spahbed Horasan goşunlaryna baştutanlyk etmeli bolupdyrlar.

Sasanylar agalyk edip başlan döwürlerinde häzirki türkmen ýerleriniň durmuş-ykdysady we medeni ösüş derejesi pese gaçypdyr. Yzygiderli uruşlar, keseki ýurtly basybalyjylaryň weýrançylygy şäherleriň ýykylmagyna, obalaryň tozmagyna getiripdir. Ikinjiden Köpetdagdan inýän çeşme suwlary hem azalypdyr. Nusaý ýaly şäherler taşlanyp, Garagumyň etegindäki ekerançylyk zonalary hem çöllüge öwrülipdir. Netijede bolsa öňki ekerançylar ýene-de çarwaçylyga ýüz urupdyrlar.

Emma wagtyň geçmegi bilen Köpetdagyň eteklerinde taşlanan köne ekerançylyk ýerleri, VI asyryň başyndan başlap, ýene-de ekilip başlanýar. Aşgabat şäheriniň demirgazyk-günbatar tarapynda täze ilatly ýerler ýüze çykyp başlaýar. Öň ýumrulan Nusaý şäheri hem dikeldilýär. Bu ýerde puluň zikkelenmegi şäheriň şol wagt söwda we senetçilik merkezine öwrülendigine şaýatlyk edýär.

Şeýle-de Merw oazisinde suwaryş desgalaryny kämilleşdirmek we suwdan peýdalanmak boýunça birnäçe çäreler durmuşa geçirilipdir. Murgap derýasynda bent gurup, suwy geregiçe bölüpdirler. Suwaryş desgalary döwletiň garamagynda bolupdyr. Derýanyň bendine we suwaryş ýaplaryň gatlalaryna eýeçilik edýän ýörite wezipeli adam durupdyr. Onuň ygtyýarynda 400 töweregi adam bolup, olar suwaryş desgalaryna gözegçilik edipdirler, gurluşyk materiallaryny taýýarlapdyrlar.

Dag eteklerindäki ýerlerde, açyk suwuň gytlygy zerarly ýerasty suwlardan-kärizlerden peýdalanypdyrlar. Käriz özboluşly ýerasty ýap bolup, ol ýer astyndan geçirilýän akarlar bilen birleşdirilip, hatar-hatar guýulardan ybarat bolupdyr.

Kärizleriň gorp atyp ýykylmazlygy üçin, guýularyň aralary aşakdan agaçlar bilen, kä ýerde daş bilen berkidilipdir. Kärizleri gazýan we timarlaýan ýörite ussalar bolupdyr.

Umuman irki orta asyrlarda (IV-VIII) Etrek derýasynyň aşak akymlary-Maşat-Misrian düzlügi, Köpetdag etekleri, Sarahs we Merw oazisi demirgazyk Horasanyň ýerleri ýurduň esasy ekerançylyk welaýatlary bolupdyr. Arpa, bugdaý, jöwen, şaly, noýba ýaly dänelik ekinler bilen birlikde pagta we künji ýaly tehniki ekinler köpçülikleýin ýaýran ekinler bolupdyr. Maşat-Misrian oazisinde gawun, garpyz, käşir, şeýle hem üzüm, alma, armyt, şepdaly ýaly dürli miweli agaçlar ösdürilip ýetişdirilipdir. Merw oazisi Horasanyň esasy pagtaçylyk welaýaty bolupdyr. Pagta çig mal görnüşinde-de, işlenilip taýýarlanan mata görnüşinde-de daşary söwda-da möhüm orun eýeläpdir. Merwde we Maşat-Misrian oazisinde pileçilik we ýüpek mata dokamaklyk hem bolupdyr. Şeýlelikde, Türkmenistanyň günorta we günbatar welaýatlary dürli görnüşli dänelik we tehniki ekinleriň, miweli agaçlaryň ösdürilip ýetişdirilýän ýerlerine öwrülipdir.

V asyrda abdallar sasanylaryň garşysyna göreşi dowam etdiripdirler. Olar hat-da, Eýranyň merkezi welaýatlaryna hem aralaşypdyrlar. Şonda şa Bahram Gur (420-437ý.ý.) abdallaryň barha artýan güýjünden howatyrlanyp, öz döwletiniň gündogar serhetlerinde abdallaryň garşysyna uruş alyp barypdyr. Bahram Guruň goşunlary Kuşmeýhanyň ýanynda (Baýramalydan 30 km. demirgazykda) Mary şäheriniň golaýynda bolan söweşde abdallardan üstün çykypdyrlar. Soňra Ýezdigerd II (438-457 ýý.) hem Balkan sebitinde abdallary ýeňipdir.

Ýezdigerdiň ogly Peroz (459-484 ý.ý.) döwründe sasanylar bilen abdallaryň arasyndaky göreş has-da güýçlenipdir. Abdallaryň garşysyna Perozyň alyp baran urşy ilki başda oňa üstünlik getiren hem bolsa, soňra uruş abdallaryň peýdasyna üýtgäpdir we Peroz ýesir düşüpdir. Ol köp

mukdarda hun töläp, öz döwletiniň serhedinden geçmezlige söz berip halas bolupdyr.

Birnäçe wagt geçenden soň Peroz ýene urşa başlaýar. Bu sapar hem ýeňlip ýesir düşýär we 30 gatyr ýüklenen teňňe berip ýesirlikden boşaýar, ogluny bolsa abdallara girew goýýar. Emma urşuň täzeden başlanmagyna ýene-de Perozyň özi sebäp bolupdyr. Taryhy maglumatlara görä, ol serhet diňini 50 pile süýredip öňe süýşürmegi buýrupdyr. 484-nji ýylda Gorgo şäheriniň (Murgap bilen Amyderýanyň aralygynda) ýanynda aýgytly söweş bolupdyr. Peroz öz goşunlarynyň köp bölegi bilen birlikde heläk bolupdyr. Şu agyr ýeňlişden soň Sasany döwleti uzak wagtlap abdallara paç tölemäge boýun bolupdyr. Perozyň ogly Kawadyň döwründe (488-531 ý.ý.) hem sasanylar abdallara salgyt töläpdirler. Ol döwürde bularyň gatnaşygy parahatçylykly ýagdaýda bolupdyr. Emma Hosrow I Anuşirwanyň döwründe (531-579 ý.ý.) ilkibaşda sasanylar abdallara kümüş pul bilen salgyt tölän hem bolsalar, VI asyryň ortalarynda Abdallaryň döwletiniň gowşamagyndan peýdalanyp, olara paç bermegini bes edipdirler. Üstesine-de abdallar basym Merkezi Aziýanyň ep-esli bölegini öz häkimligine birleşdiren Göktürkmenleriň döwleti bilen çaknyşmaly bolupdyrlar.

VI asyr Merkezi Aziýa üçin ykdysady we medeni taýdan ösüşleriň döwri bolupdyr. Şäherler ulalyp, ekerançylyk, senetçilik we söwda ösüpdir. Sogdiýanada bu döwürde başarjaň söwdagärler höküm sürüpdir. Olar Hytaý bilen Ortaýer deňziniň aralygynda gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyrlar. Munuň üçin olar gadymy söwda ýollaryny peýdalanypdyrlar. Emma söwda işlerine ilki žužanlaryň, soňam abdallaryň talaňçylykly çozuşlary uly päsgelçilik döredipdir. Bumyn hanyň žužanlary, Istemi hanyň hem abdallary derbi-dagyn etmekleri Sogdiýananyň işewür adamlaryna söwda işlerini alyp barmaga ýene-de giň mümkinçilikleri açypdyr.

Merkezi Aziýadaky ýeňişlerden soň, bütin Merkezi Aziýa Göktürkmenleriň döwletiniň aýrylmaz bir bölegine, sogdiýanalylar bolsa Istemi hanyň wepaly we işewür raýatlaryna öwrülipdirler.

Demirgazyk Hytaýdaky patyşalyklary, şeýle hem Merkezi Aziýany eýelemek bilen göktürkmenler diňe bir harby-syýasy taýdan däl, eýsem ykdysady babatda-da kuwwatly imperiýa öwrülipdir. Üstesine-de, "Beýik ýüpek ýoly" Göktürkmen döwletiniň üstünden geçipdir.

Beýik ýüpek ýolunyň esasy harydy Hytaýdan yzygyderli çig ýüpek we ýüpek matalar gelip durupdyr. Alyslardan gelýän bu haryda Wizantiýada-da isleg örän ýokary bolupdyr. Emma Wizantiýa gelýän "Beýik ýüpek ýoly" Eýranyň üstünden geçýärdi. Özüniň esasy bäsdeşi we garşydaşy hasaplaýan Sasany hökümdarlary Wizantiýany harby taýdan, hemem ykdysady taýdan güýçden gaçyrmak isleýärdiler. Şonuň üçin Eýran tarapy Hytaýdan gelýän bu harydyň bahasyny has galdyrypdyr we Wizantiýadan mümkin boldugyça köp altyn pul almaga çalşypdyr.

Merkezi Aziýadan Eýrana, ondan aňryk Wizantiýa äkidilip satylýan ýüpekden başga-da Göktürkmen hökümdary Istemi handa we göktürkmen begzadalarynda bu harydyň ummasyz köp mukdary jemlenipdir. Sebäbi hytaý tarapy her ýylda göktürkmenlere müňlerçe top ýüpek matasyny we ýüpegiň özüni salgyt hökmünde töläpdirler. Sogdilar Istemi handan bu baýlyklary satyp bermäge özlerine rugsat bermegini sorapdyrlar. Istemi han muňa göwünjeňlik bilen rugsat beripdir. Gysga wagtyň içinde Eýrany ýüpekden dolduran sogdiýanaly ezber söwdagärler täze bazarlary gözläpdirler. Şeýlelikde, olar ýüpegi Eýranyň üsti bilen Wizantiýa satmagy meýilleşdiripdirler.

Istemi hanyň Sasanylara ugradan ilçilei bu meseläni çözüp bilmändirler. Üstesine-de, ikinji gezek iberilen ilçiler

izina gaýdyp gelmändirler. Maglumatlara görä olar zäherlenip öldürilipdir.

Sasanylaryň bu hereketi iki dostlukly döwletiň arasyny bozupdyr. Istemi han urşa taýýarlanyp başlapdyr. Şol bir wagtda Istemi han Wizantiýanyň imperatory Ýustin II bilen gatnaşyklary ýola goýupdyr. Netijede 568-nji ýylda Göktürkmen döwletiniň we Wizantiýanyň arasynda hoşniýetli goňşuçylyk we harby ýaranlyk hakynda ikitaraplaýyn şertnama baglaşylypdyr. Şondan soň Istemi han sasanylara garşy ýörişe başlapdyr. Anuşirwan Adylyň göktürkmenler bilen urşasy gelmändir. Ol Istemi hanyň güýç-kuwwatyndan we halkara abraýyndan çekinipdir.

Sasanylar bilen göktürkmenleriň arasynda uruş hereketleri başlaýar. Uruşa ýüpek söwdasyndan başga-da, salgyt meselesi hem sebäp bolupdyr. Istemi han Sasanylaryň abdallara tölenen salgydyň göktürkmenlere berilmegini talap edipdir. Anuşirwan Adyl salgyt tölemekden boýun gaçyrypdyr. Şondan soň Istemi hanyň goşunlary Etrek derýasyndan geçip, Gürgene giripdir. Uruş hereketleri ýaýbaňlanypdyr. Ýöne akyl-paýhas uruşdan üstün çykypdyr we 569-njy ýylda uruş hereketleri togtadylypdyr. 571-nji ýylda göltürkmenler bilen sasanylaryň arasynda parahatçylykly şertnama baglaşylypdyr.

Sasany döwleti Anuşirwan Adylyň aradan çykmagy bilen gowşap başlapdyr. 579-njy ýylda sasanylaryň şalar-şasy Anuşirwan Adyl wepat bolýar, onuň ýerine ogly, Istemi hanyň bolsa agtygy (gyzynyň ogly) Hormizd IV Eýranda şa tagtyna göterilipdir. Nusgawy şahyr Ferdöwsi Hormizdiň adalatly patyşalyk etmekde kakasy Anuşirwan Adyldanam ozdurandygyny belleýär. Hormuzd IV din meselesinde-de adalatlylyk ýol-ýörelgelerine eýeripdir. Ol Sasanylar döwletiniň ilatynyň ep-esli bölegini tutýan hristianlara, ýahudylara we butparazlara-da garaşyk edipdir, olaryň Eýranyň resmi dini bolan otparazçylygyň wekilleri tarapyndan yzarlanmagyna ýol bermändir. Şonuň üçin hem otparaz ruhanylary Hormuzda

nägilelik bildiripdirler. Netijede bolsa, Hormuzdyň ykbaly pajygaly gutarypdyr. Halka uly eglişikleri edýänligi, başyna giden begzadalara dözümli daraýanlygy, şeýle hem keseki (göktürkmen) gatanjynyň bolandygy üçin köşk adamlarynyň bir bölegi, ony ýigrenipdirler.

590-njy ýylda Hormuzdyň aýalynyň iki erkek dogany Bindoý bilen Bistam Hormuzdyň garşysyna dildüwşük gurnap, tagtdan agdarýarlar. Hormuzdyň gözüni oýup, zyndana taşlapdyrlar we ol ýalňyzlykda ejir çekip ölüpdir. Döwletde tagt üstünde başlanan göreş bilen birlikde, VII asyryň 30-njy ýyllaryndaqn başlap Eýranyň köp welaýatlary merkezleşen hökümete tabynlykdan çykypdyrlar. Emma Sasany patyşalarynyň iň soňkysy Ýezdigert III (632-651 ý.) ýurdy täzeden birleşdiripdir, ýöne ol uzaga çekmändir. Ýurtda iri ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň ösüp başlamagy bolsa merkezi hökümeti has hem gowşadýar. Ýurtda emele gelen dagynyklyk, araplaryň çozuşy bu döwletiň ykbalyny çözüpdir. Şasany patyşasy Ýezdigert III arap çozuşlarynyň öňünde durup bilmändir we Merwe gaçyp barýar we şol ýerde hem ol öldürilýär. Onuň ölmegi bilen Sasanylar döwleti hem ýykylýar.

Baýramaly etrabynyň Merw daýhan birleşiginiň golaýyndan ýüzüne dürli şekiller çekilen hum tapyldy. Humuň düýbi ýasy, göwresi gitdigiçe giňelýän görnüşde, tutawaçlarynyň ýokarsy togalak göjek şekilli şarjagazalar bilen bezelipdir. Şuňa meňzeş küýze gaplary şol döwürde Mesopotamiýada hem ýasalypdyr.

Humyň daş ýüzüne çekilen şekillerde Merw hökümdarynyň durmuşyndan dört görnüşi beýan eýdär. olaryň iň möhümi toý-meýlis sahnasy. Gymmat bahaly lybaslarda hokümdar we onuň aýaly ložalarda bir-birine seredip otyrlar. Olaryň öňünde pessejik stoljygyň üstünde täç ýatyr. Meýlis bagyň içinde geçýär. Hökümdaryň elinde içi üzümli jam bar. Onuň aýalynyň yzynda hyzmatkär dur. Gündogar sungatynda ýörgünli däbe görä, hýzmatkär bu sahnanyň esasy

gahrymanlaryndan kiçi görnüşde şekillendirilipdir. Hyzmatkäriň gollary döşünde gowşurylgy, özüniň «hapa» demi bilen hökümdary we onuň aýalyny bimaza etmezlik üçin, onuň agzy mata bilen örtülen. Ol häzirki zaman türkmen aýallarynyň ýaşmagyna çalym edýär.

Ikinji sahna hökümdaryň aw awlaýan pursatyny şekillendirýär. Ýuwaşjadan ýöräp barýan bezelen gara atyň üstünde hökümdar awa barýar. Ol ýaýy atmakçy bolup çeken wagty sag elini çäkmeniniň ýeňinden çykarypdyr. Ýaý biçak uly, ony çekmek üçin köp güýç gerek. Hökümdaryň aty öňki parfiýa atlaryna meňzänok. At gysgadan gelen ýogyn boýunly, özem semiz. Belki, hudožnik şekili owadanlamak maksady bilen şeýle edendir. Awçynyň öňünde gonup oturan sülgüniň we gaçyp barýan keýigiň şekilleri çekilipdir. Humyň beýleki tarapynda gam-gussa batyp çäkmene dolanyp ýatan hassa şekillendirilipdir. Hasrat çekýän iki aýal oňa elini uzadýar. Hassanyň başujunda eli dermanly käseli tebip dur. Emma tebibiň emi kömek etmändir. Dört sany hyzmatkär hassanyň jesedini gymmat baha parçalara dolap soňky ýoluna ugradýar. Bu sýužetleriň hemmesi-de örän ussatlyk bilen çekilipdir. Merw humy öz aňladýan manysy boýunça-da, çeperçiligi boýunça-da sasanylar zamanyna degişli Mrkezi Aziýadan tapylan iň täsin tapyndylaryň biridir.

Merw daýhan birleşiginiň golaýyndan Sasanylar döwrüne degişli ossuariýalar, gemmalar hem tapyldy. Ossuariýalaryň biriniň üsti gümmeze çalymdaş örtülip, onuň gapysynda çüňkünde nämedir bir gurçuk  görnüşli zady saklap duran bürgüt şekillendirlipdir. Daşyna şeýle haýbatly şekiller çekilen ossuariýalar Horezmdäki Toprakgaladanam tapyldy. Olar barly adamlaryň süňklerini salyp goýmaga niýetlenipdir. Merwiň Göbekli depesinden, Çilburçdan, Gäwürgaladan, Uzboýdan, Amyderýanyň orta akymlaryndan, Maşat-Misseriandan gemmalaryň ýüze golaýý tapyldy. Bu ýüzi ýylmanyp ýa-da oýulyp hat ýazylan ýa bolmasa nagyşlar bilen

haşamlanan daşlaryň hemmesi sasanylar dinastiýasyny esaslandyran Ardaşiri we onuň oruntutarlaryny wasp etmäge bagyşlanypdyr. Olar örän sünnälenip ýasalypdyr. Ýöne kim ýasapdyr? Erkin senetçilermi ýa-da gullar? Bu hakda gemmalar hiç zat aýtmaýarlar. Olaryň çeperçilik derejisinde gadymy Orta Aziýa, pars, hindi, ellinizm sungat däpleriniň goşulyşan yzlaryny görmek kyn däldir.

Gemmalar gadymy sungatyň bir möhüm şahasy hökmünde öwrenilmäge degişlidir. Şol bir wagtyň özünde gemmalaryň gündelik durmuşda ulanmak üçin möhür hökmünde ýasalanlary-da az däl. Türkmenistanyň sasanylar döwrüne degişli ýadygärliklerinden köp sanly möhürler (Göbekliden 500-e golaý, Artygyň golaýýndaky Akdepeden 30-a golaý) tapyldy. Olar ylym üçin biçak gymmatlydyr. Beýle diýildigi gadymy Türkmenistanyň sungatynyň ösüşinde mirasdarlyk saklanypdyr diýildigidir. Şol başda çekilip başlanan haýwandyr ösümlik şekilleri sungat eýeleriniň soňky nesilleriniň hem üns merkezinden düşmändir. Has takygy, ellinizm ýa mbolmasa beýleki ösen medeniýetler ýerli medeniýete täsir edenem bolsa onuň düýp özenini üýtgedip bilmändir. Mysal üçin, möhürlerde bir örküçli arwananyň ýa-da ak maýanyň, dynç alyp ýatan dag goçunyň, ýyldyza seredip duran adamyň şekili, bägül, atyň üstünde adam, ördegiň şekili, bir möhüriň ýüzünde iki adamyň (aýal-erkegiň) keşbi şekillendirilipdir. Şeýle hem möhürleriň arasynda ýolbarsyň, öküziň, sygyryň, keýigiň, guşyň, ösümlikleriň şekilleriniň çekilenleri-de bar. Bularyň hemmesi ata-babalaryň ýerli tebigy şertlere mahsus şekilleridir. Ýene bir gezek gaýtalap aýtsak, olaryň ýasalyş usullarynda dürli sungat däpleriniň täsiri duýulsa-da, ýerli sungatyň baş obýekti ýa-da üns merkezindäki esasy zatlar üýtgemän galypdyr.

Gadymy Merwde gazuw-agtaryş işleri geçirilende dürli görnüşli we sýužetli terrakota heýkeljikleriniň hem onlarçasy tapyldy. Olardan 14-si dürli haýwanlaryň, galanlary bolsa erkek

hem aýal adamlaryň heýkelleridir. Haýwan heýkelleriniň käbirinde haýwanyň üstüne gap-gaç ýüklenipdir. Heýkelleriň palçygy gowy eýlenip göwnejaý bişirilipdir. Reňki sarymtyl. Gabyň iç ýüzüne we haýwanyň göwresiniň daşyna angob (ýokary hilli palçyk bilen timarlap syrçalamak) çalnypdyr. Gap çalt aýlanýan çarhda ýasalypdyr, ýöne çarhyň aýlanyşy tekiz bolmandyr, çünki gabyň daş we iç ýüzüdäki yzlar üzlem-saplamrak şekiller emele getiripdir. Haýwanyň öz şekilem şu ussahanada ýasalan bolmagy ähtimal. Emma heýkel döwükden galan bir bölek bolany üçin onuň haýsy haýwanyň şekilidigini seljermek kyn. Ýöne onuň atyň heýkeli bolmagy mümkindir, çünki onda atyň ýalyna meňzeş bir şekil saklanypdyr. Gabyň düýbünde onuň atyň arkasyna berkidilen ýerine seplemek üçin palçyk çalnypdyr. Şol ýerde ussanyň barmagynyň yzy hem saklanyp galypdyr.

Erkek adamyň heýkelinde ol örboýuna dur. Egninde uzyn köýnegi bolup, iki ýeňi dyzyna ýetipdir. Iki eli bilen bolsa uzyn gnňi gylyjyň sapyndan tutup dur. Onuň bolup durşy hökümdaryň keşbini şekillendirýär. Hökümdaryň gelşikli ýüzünde tüňňiräk burny, pezzik murty agzyny kiçi görkezýär, sakgaly köseräk bolsa-da uzyn, gür saçy bar, maňlaýyndan gymmat bahaly daşlardan ýasalan maňlaýlyk asylypdyr. Bu Margiýanada ýasalan erkek adamlaryň heýkelleri üçin häsiýetli şekildir. Ol b.e.öňki IV asyra degişlidir, çünki şol zamanda heýkeller sasanylaryň resmi keşbine berk laýyklykda ýasalypdyr. Şuňa meňzeş heýkeller Kerkiden (häzirki Atamyrat şäherinden) hem tapyldy. Sasanylar döwletiniñ dili parfiýa we orta pars dili bolupdyr. Döwlet dini zarostrizm . Sasanitleriñ döwlet başyna gelmigi bilen ellinistik medeniýet doly çetleşdirilýär.Ösen Parfiýa medeniýeti kem-kemden dargaýar.Sol döwrüñ sungat eserleri bilen birlikde görnükli edebi eserleri hem ýok edilýär. Şol döwürlerde şäherler hen pese gaçýar.Turkmenistanyñ territoriýasynda Merwde IV-V

asyrlarda tutuş kwartallar taşlanyp galýar, ýagyş suwlary batga jaýlary ýumyryp aññyt uly depelere öwrülipdir.

Awesta: bu gadymy diniñ esasy ýörelgeleri, düzginleri beýan edilen kitapdyr. Kitabyñ iñ irki yazylan döwri b.e öñ II müñýyllyklara aralaşýar. Sasanylar döwründe arameý ( gadymy eýran ) hatlary bilen üsti ýetirilipdir.Awestada Margiýananyñ ady tutulýar. Dorän ýeri hem Margiýana bolaýmagy mümkindir. Awesta 21 kitapdan ýada bölümden ybarat bolupdyr. Rowaýatlara görä Awesta kitaby Zaratuştra dirikä 30 müñ öküziñ derisine zer altyn bilen ýazylanmyş. Aleksandr Makedoniýaly Eýrany basyp alyp, merkezi şäher Persepoly otlanda ol hem ýananmyş.

Ahuramazada-Ahraman ýagşylygyñ we şeriñ hudaýlary hasaplanýar.

Maniheýçilik: görnükli ýazyjy, hudožnik we alym täze dini taglymaty döredijі Mani ibn Patik 216 ý 14-nji aprelde Wawilonda dogulýar. Ejesi Merýem Parfiýaly bolup, Arşakitler bilen garyndaş bolupdyr. Kakasy Patik Hemedanly bolup ol hem Arşanitler maşgalasyndan bilen garyndaş bolupdyr. Onuñ gulagyna üýtgeşik ses eşidilýär. Soñ ol Hindistana,Turana, Wawilona, Midiýa aýlanyp öz dini taglymatyny ýaýradýar.Ol Şapur I bilen hem tanyşýar. 261 ý Müsürde bolýar, ol ýerde hem öz dinini ýaýradýar. Ol Şapur I ogly Ormizda I döwründe 272-273 ýylda hem dinini ündäp gezýär. Tagta Şapur I başga ogly Bahram I ( 273-76ý.ý ) ýerly ruhanylar Manynyñ taglymatyny ýazgarýarlar we Bahram I hem oña garşy goýýarlar. Bahram I Manini 276 ýylda zyndana taşlaýar. Mani ol ýerde jebir çekip ölýär.

Mazdakçylyk: Mazdak ruhany gatlagyndan bolupdyr.Ol agalyk edijі gatlaga garşy göreşe köpçiligi çagyrýar.

Aňyýeti: deñlik, zatlary paýlamak. Ol agyr ýaşaýan giñ köpçuligi özüne çekipdir. Daýhan gozgalañlary tutaşyp başlapdyr.Hak begleriñ ep-esli toparynyñ emlägi ellerinden

alynyp daýhanlara paýlanypdyr. Mazdakitleriñ hereketiniñ iñ osen döwri Kawad patyşanyñ dolandyran ýyllaryna gabat gelýar.Kawad gozgalañçylara dane ambarynyñ agyzlaryny açyp beripdir. Kawadyñ özi hem bu hereketi bir bada goldapdyr.Ýerli ruhanylar dildüwişip goşun toplap, patyşa Kawady 496 ý tagtdan düşüripdirler.Ol Eftalylara gidipdir. Soñ 499 ý Eftalylaryň kömegi bilen tagta geçýär. 529-njy ýylda Mazdak we onuñ egindeşleri öldürilýär.Bu hereket Merkezi Aziýa ,Azerbeýjana ýaýraýar. Onuň taglymatlary astynda soñ- soňlar hem birnäçe gozgalañlar bolup geçýär.

**Hristiýan dini: buddizm.**

B.e I asyrda zoroastrizm dini ösen hem bolsa Türkmenistanyñ çäklerinde hristiýançylyk we buddizm hem ýaýrandyr. Hristiýançylyk b.e başlarynda Ortaýer deñziniñ kenarlarynda döräpdir we b.e. I-II asyrlarynda kemala gelip , Rim imperýasynyñ çäklerine ,goňşy welaýatlara giňden ýaýrapdyr.

Sasanylar döwletiniñ düzümine girenden soñ, Merwde uly gurluşyklar ýaýbaňlanýar. Şol döwrüñ esasy aýratynlyklarynyñ biri sasany dolandyrjylaryñ düýpli dine garaýşlaryñ birmeñzeş bolanlygyndan ybaratdyr. Ykrar edilen döwlet dini bilen bir wagtda buddizm hem döwam edipdir. Gäwürgala şäherjiginde gazuw-agtaryş işleri geçirlen mahalynda basgançakly budda san garymynyñ üsti açyldy. Basgançaklara giñ ,esasan merdiwan barýar, şol merdiwanyñ iki tarapynda buddanyñ reñklenip edilen örän uly heýkeli goýlupdyr, gazuw işleri geçirilen mahalynda, şol heýkeljikleriñ biriniñ kellesi tapyldy. Şol kelläniñ ýanynda sasany adamlarynyñ durmuşyndan ylma açyş beren , owadan ýasalan güldan hem bar. Güldanyñ içinde 5-6 aýyñ budda golýazmalary bar . Merwde gazuw işleri geçirilen mahalynda buddanyñ şekilleriniñ birnäçesini öz içine alýan ýygyndylary tapyldy. Buddanyñ , onuñ şägirtleriniň altyn çaýylan çekilleri we golýazmalar ýurdumyzyň medeniýetiniň galyndylarydyr.

Hionitler bilen eftalylaryň birleşmegi we olaryň ýaşan ýerleri. Merkezi Aziýanyň çäklerinde Kuşan imperiýasy dargansoň, taryhda hionitler we abdallar (eftalylar) ady bilen belli bolan taýpalar peýda bolup başlapdyrlar. Biziň eýýamymyzyň IV asyrynda Sasany döwletiniň garşysyna Merkezi Aziýa taýpa birleşikleriniň göreşi örän güýçlenipdir. Bu taýpa birleşigine hionitler, abdallar, soňra bolsa kidarlylar giripdirler. Gadymy ýazuw çeşmelerinde olar dürli atlar bilen gabat gelýärler. Olar Rim we Wizantiýa çeşmelerinde “ak gunlar”, “hionitler”, “kidarlylar”, “eftalylar”, kähalatlarda bolsa “abdallar” diýlip atlandyrylypdyr. Bularyň arasyndaky “abdallar” diýen at türkmen taýpalary çowdurlaryň we saryklaryň urug toparlanyşyklarynyň adynda saklanypdyr. Taryhy çeşmelerde “eftalitler” diýilip hionitleriň döwlet birleşiginde hökum süren dinastiýa at berlipdir. Wizantiýaly VI asyryň awtory Feofan “Eftalylar diýen at patyşa Eftalynyň adyndan galypdyr” diýip ýazýar.

Taryhy çeşmelerde hionitleriň we abdallaryň V-VI asyrlardaky durmuşy, däp-dessury baradaky maglumatlar saklanyp galypdyr. Olaryň esasy bölegi oturymly ilat bolup, ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Çeşmelerde abdallarda iň owunjak zatlaryň ogurlygy üçin hem ölüm jezasynyň beriliýändigi barada maglumatlar saklanypdyr.

V asyryň II ýarymynda abdallaryň garaşsyz döwleti gutarnykly suratda emele gelipdir. Bu döwlet Kaspi deňziniň gündogar kenaryny, Türkmenistanyň çöllük sähralaryny, Amyderýa boýundaky birnäçe welaýatlary, Murgap hem Tejen derýalarynyň ýokary akymlaryny (häzirki demirgazyk Owganystan) öz içine alypdyr. Şeýle hem abdallar Maryny, Sogdy, Gündogar Eýranyň welaýatlaryny, Hindistanyň demirgazyk bölegini eýeläpdirler. Taryhy maglumatlara görä eftalylar döwletiniň paýtagty Peýkent şäheri (Buhara bilen Amyderýanyň aralygynda), başga maglumatlara görä – Balh şäheri bolupdyr hem diýilýär.

Abdallar döwleti, bir tarapdan Wizantiýa we Eýran, beýleki tarapdan Hytaý we Hindistan arasynda amatly ýagdaýda ýerleşipdir. Hytaý bilen Alynky Aziýanyň arasyndaky "Ýüpek ýolunyň" bir bölegi olaryň elinde eken. Abdallaryň oturymly ilaty Hytaý bilen Wizantiýanyň arasyndaky söwda-da köplenç alyp-satar hökmünde hereket edipdir. Alyp-satylýan zatlaryň arasynda ýüpekden başga-da aýna, gymmat bahaly daşlar, mata, hususan-da Merwde dokalýan matalar bolupdyr.

Abdallar döwletinde söwdanyň ösmegi bilen bu ýurtda manat dolanyşygy ösüpdir. Abdallaryň söwda dolanyşygynda Eýranda ulanylan pehlewi hatly sasany manatlary bolupdyr. Olarda sasany şasynyň ady görkezilen ýazgylardan başga-da goşmaça abdal ýazgylary hem duşýar. Emma bu çeşmeleriň esasynda taýpanyň ýa-da halkyň diliniň nähili bolandygyny takyk kesgitlemek kyn. Hytaý çeşmelerinde eftalylaryň dili türki dilden üýtgeşik diýip habar berýär. Soňraky barlaglar eftaly ýazgylaryny tohar hatlaryndan gelip çykandygyny tekrarlaýarlar.

Biziň eýýamymyzyň IV-VI asylarynda dürli halklardan dörän Eftalylar döwletinde köp sanly dini garaýyşlar bolupdyr. Zoroastrizm dini bilen birlikde Sasany Eýranynda yzarlanan maniheýçilik dini Merkezi Aziýa, şol sanda Eftalylara-da ýaýrapdyr. Merkezi Aziýada zoroastrizm dini ýerli dini garaýyşlar bilen goşulypdyr. Mysal üçin, IV asyrda Nowruz gününde zoroasrizm dinine ynanýanlar ir bilen Syýawuşyň mazaryna horaz öldüripdirler.

Dünýä dinleriniň biri bolan buddizm dini hem eftalylaryň arasyna ýaýrapdyr. Sebäbi buddaçylar olary yzarlamandyrlar, buthanalaryna degmändirler. Eftaly hökümdarynyň köşgünde gyzyl bilen bezelen budda budhanasy hem bolupdyr. Eftalylar buddaçy bolmandyrlar, olar göge we oda çokunypdyrlar. Her gün irden olar güne sežde edip onsoň nahar edinipdirler. Eftalylaryň içinde hristiançylyk dininiň

nestoriançylyk ugry hem ýaýrapdyr. Umuman,Eftalylarda buddizm, hristiançylyk we maniheýçilik dinleriniň hemmesi ýaýrapdyr.

B.e. IV asyrynda hionitleriň we abdallaryň taýpa birleşigi bolup geçenden soň, olarda içki gapma-garşylyklar ýitileşýär. Şonuň üçin agalyk edýän gatlak üçin berk döwlet häkimiýetiniň zerurlygy ýüze çykypdyr. IV asyrda bolsa merkezleşen Eftalylar döwleti emele gelipdir. Bu döwletiň düzümine häzirki Türkmenistanyň ýerleriniň Kaspi deňzinden başlap Amyderýa çenli, Amyderýanyň aňyrsyndaky welaýatlar we häzirki Owganystanyň birnäçe ýerleri giripdir. Taryhy çeşmelkeriň berýän maglumatlaryna görä, eftalylaryň hökümdarlary Kuşanlar bilen baryndaş bolupdyrlar.

IV asyrda Kuşan döwleti dargansoň, Amyderýanyň çep kenaryndaky birnäçe ýerler Sasany döwletine birikdirilipdir. Emma IV asyryň ortalarynda Merkezi Aziýa halklary sasanylara garşy göreşip, olary Amyderýa boýnundan kowup çykarýarlar. Şol waglartda Sasany döwletiniň demirgazyk serhetlerine abdallar, hionitler aralaşyp olara uly howp salyp başlapdyrlar.

Abdallaryň häkimiýeti astynda birleşen taýpalaryň IV-VI asyrlara degişli arheologik ýadygärlikleri, Günbatar Türkmenistanda Etrek derýasynyň demirgazyk tarapynda Dehistan ýerlerinde ýerleşipdir. Kaspi ýakasyndaky sähralarda abdallaryň oturymly ýerleri we ýer eýeleriniň galalary ýüze çykarylypdyr. Bu döwürde abdallar döwletine giren taýpalarda gatlaklar emele gelip başlapdyr. Şol ýerde söwda we senetçilik merkezleri bolan Gökjük, Şawdyz, Hanlydepe ýaly şäherler ýerleşipdir.

Hionitler we abdallar birleşiginiň düzümine giren taýpalaryň taryhy ýadygärlikleri Daşoguz welaýatynyň çäklerinden hem tapyldy. Köne Was we Gaňňagala diýen gadymy şäherleriň ýokarky gatlaklary şol ýadygärliklerdendir.

V-VI asyrlarda Sasanylar döwletiniň demirgazyk serhedinde yzygiderli uruşlar bolupdyr. Sebäbi sasanylar Etregiň boýunda, Köpetdagyň eteklerinde we Murgap jülgesinde ençeme galalary, beýleki gorag desgalaryny gurmaga mejbur bolupdyrlar.

Abdallaryň çozuşlaryndan goranmak üçin Peroz Gürgen derýasyndan demirgazyk tarapda 300 km. golaý uzynlykda diwar saldyrypdyr. Şeýle hem Sasanylar döwletiniň demirgazyk-gündogar serhetlerini goramak üçin Mary sebitinde berkitmeler döredilipdir.

Abdallar bilen sasanylaryň arasynda halkara söwda ýollaryna eýelik etmek üçin, esasan hem Kaspi deňiz kenaryny eýelemek ugrunda birsyhly göreş dowam edipdir. Kaspi deňziniň kenaryny öz elinde saklamak üçin Ýezdigert II şol ýerde “Ýezdigerdiň Şähristany” galasyny gurdurypdyr, emma onuň goşuny ýerli taýpalar bilen köp wagtlap göreşmeli bolupdyr.

V asyrda abdallar sasanylaryň garşysyna göreşi dowam etdiripdirler. Olar hat-da Eýranyň merkezi welaýatlaryna hem aralaşypdyrlar. Şonda şa Bahram Gur (420-437ý.ý.) abdallaryň barha artýan güýjünden howatyrlanyp, öz döwletiniň gündogar serhetlerinde abdallaryň garşysyna uruş alyp barypdyr. Bahram Guruň goşunlary Kuşmeýhanyň ýanynda (Baýramalydan 30 km. demirgazykda) Mary şäheriniň golaýynda bolan söweşde abdallardan üstün çykypdyrlar. Soňra Ýezdigerd II (438-457 ýý.) hem Balkan sebitinde abdallary ýeňipdir.

Ýezdigerdiň ogly Peroz (459-484 ý.ý.) döwründe sasanylar bilen abdallaryň arasyndaky göreş has-da güýçlenipdir. Abdallaryň garşysyna Perozyň alyp baran urşy ilki başda oňa üstünlik getiren hem bolsa, soňra uruş abdallaryň peýdasyna üýtgäpdir we Peroz ýesir düşüpdir. Ol köp mukdarda hun töläp, öz döwletiniň serhedinden geçmezlige söz berip halas bolupdyr.

Birnäçe wagt geçenden soň Peroz ýene urşa başlaýar. Bu sapar hem ýeňlip ýesir düşýär we 30 gatyr ýüklenen teňňe berip ýesirlikden boşaýar, ogluny bolsa abdallara girew goýýar. Emma urşuň täzeden başlanmagyna ýene-de Perozyň özi sebäp bolupdyr. Taryhy maglumatlara görä, ol serhet diňini 50 pile süýredip öňe süýşürmegi buýrupdyr. 484-nji ýylda Gorgo şäheriniň (Murgap bilen Amyderýanyň aralygynda) ýanynda aýgytly söweş bolupdyr. Peroz öz goşunlarynyň köp bölegi bilen birlikde heläk bolupdyr. Şu agyr ýeňlişden soň Sasany döwleti uzak wagtlap abdallara paç tölemäge boýun bolupdyr. Perozyň ogly Kawadyň döwründe (488-531 ý.ý.) hem sasanylar abdallara salgyt töläpdirler. Ol döwürde bularyň gatnaşygy parahatçylykly ýagdaýda bolupdyr. Emma Hosrow I Anuşirwanyň döwründe (531-579 ý.ý.) ilkibaşda sasanylar abdallara kümüş pul bilen salgyt tölän hem bolsalar, VI asyryň ortalarynda Abdallaryň döwletiniň gowşamagyndan peýdalanyp, olara paç bermegini bes edipdirler. Üstesine-de abdallar basym Merkezi Aziýanyň ep-esli bölegini öz häkimligine birleşdiren Göktürkmenleriň döwleti bilen çaknyşmaly bolupdyrlar.

Göktürkmenler döwleti sasanylar bilen bile hereket edip, abdallara aýgytly zarba urupdyrlar. Netijede 563-567-nji ýyllar aralygynda abdallar döwleti doly syndyrylypdyr. Şa Hosrow I gündogarda Amyderýa çenli ägirt uly ýerleri basyp alypdyr. Emma Kaspi ýakasyndaky taýpalar Sasanylardan garaşsyz bolup galypdyrlar, ýöne Göktürkmenler döwletiniň häkimlerine belli bir derejede tabyn bolupdyrlar.

Eftalylaryň daş görnüşiniň beýan edilişi ,olaryň görnüşiniň ýewropeoid häsiýetlidigini, gunlara we beýleki türk taýpalaryna mahsus bolan mongoloid taýpadan gaty tapawutlanýandygyny görkezýärler. Eftaly patyşalarynyň manatlarynda galan suratlaryndan hem mongoloid görnüşiniň alamatlary ýok. Şonuň bilen birlikde Prokopinyň sözlerine görä , eftalitlere mahsus ýene bir häsiýetli

sypata üns bermek zerurdyr: olaryň berkarar bolan kanunlara esaslandyrylan döwlet gurluşy bolupdyr, şonuň bilen olar jemgyýetçilik ösüşiniň has pes derejesinde bolan gun taýpalaryndan tapawutlanypdyrlar. Eftalylara “gunlar” diýip adyň berlendiginiň sebäbi belki hem, olaryň bir wagt gunlaryň taýpa birleşmesine girendikleridir. Hat ýüzündäki taryhy çeşmeleriň berýän habarlary eftalylarda synpy garşylyklarynyň ýitileşmeginiň ep-esli derejä ýetendigini görkezýär. Emma eftalylar köpçüliginiň arasynda heniz ilkidurmuş-jemgyýetçilik gurluşynyň galyndylary hem saklanypdyr. Hytaý çeşmeleri eftalylarda ogurlyk üçin gazaply jeza bermek düzgünniň bolandygyny habar berýär . Ogurlanan zadyň mukdaryna garamazdan her bir ogurlyk üçin ogra kellesini kesmek arkaly ölüm jezasy berlipdir, şunda ogurlanan emlägiň bahasy hem on esse edilip töledilyän eken. Şu gazaply jezalar eftalylarda ilatyň emläk boýunça gatlaklara bölünişiniň eýýäm ep-esli derejä ýetendigini we ýokary synpy gatlaklaryň wekilleriniň öz baýlyklaryny saklamak hakynda örän alada edendiklerini görkezýär.

Patyşanyň häkimýeti adamdan adama miras boýunça geçmän garyndaşlarynyň arasyndaky iň ukyplysyna geçýän ekeni . Bu bolsa urug taýpa gatnaşyklarynyň galyndylarynyň saklanandygyny görkezýär. Eftalylar jemgyyetiniň synpy garşylyklarynyň ösendigini biz olaryň öli jaýlamak dessurlarynyň beýanynda hem görýäris. Hytaý çeşmeleri baý nebereleriň ölüleri daşdan ýasalan tabytlarda , garyplaryň ölüleri bolsa, ýerden gazylan mazarlarda jaýlanýar ekeni, şonda ölen adam degişli zatlar hem şol öli bilen birlikde mazara salynýar ekeni diýip habar berilýär. Biziň eramyzyň VI asyrynyň Wizantiýaly taryhçysy Prokopiniň eserinde biz eftaly jemgiýetiniň ýokary gatlaklarynda gadymy däpden saklanyp galan galyndylar hakyndaky gürrüňi görýäris. “Olaryň arasyndaky iň baý

adamlar özlerine 20 adama çenli we mundan –da köpräk dost tutunýarlar. Dostlary hemişe olar bilen birlikde iýýärler, içýärler, olaryň baýlygyny pasýlaşýärlar , şol baýlyga umumy hakly bolup duýarlar . Dost tutunan adam ölen mahalynda bolsa , kanun boýunça onuň dostlary-da şonuň bilen birlikde tabyda diriligine salynmaly ekeni ”.

Taryhçy Ammian Marsellin işlerinde Rim imperiýasynyň Sasany Eyranyna garşy urşan hionitleriň birleşmesi hökmünde Eýran goşunyna gatnaşan mahalynda, hionitleriň patyşasynyň söweşde öldürilen oglunyň jaýlanşy hakynda habar berilýär. Öldürleniň meýdi bilen sekiniň üstünde goýlupdyr, şol sekiniň töwereginde bolsa ölen adamlaryň suratlary ýerleşdirilen. 10 sany tekje goýuşdyrylypdyr we bu suratlar oňat çekilenligi üçin olar ölen adamlara bütinleý meňzeş ekeni . 10 günläp hemme adamlar şagalaňlyk gurapdyrlar we ýas aýdymlaryny aýdypdyrlar. Şondan soň öleniň meýdi töweregindäki suratlar bilen birlikde oda ýakylypdyr, süňkleri bolsa kümüş gaba salynypdyr. Şu getirilen maglumatlar eftalylaraň jemgyýetinde köneden galan galyndylara garamazdan, eýýäm synpy gatlagyň ýokary gatlagyň saýlanyp çykandygyny görkezýär. Kaspi ýakasyndaky sähralarda berkidilen oturym ýerlerde başga-da ýer eýeleri bolan han-begleriň aýry-aýry wekilleriniň berkidilen galalary hem köp bolupdyr. Şol galalaryň töweregine diňli diwarlar çekilipdir, çekilen diwarlaryň içinde ýaşaýyş jaýlary bolupdyr. Ilat oturan ýerleriň şu esasy iki görnüşiniň–daýhanlaryň oturymly ýerleriniň we ýer eýeleriniň galalarynyň bolmagy Kaspi ýakasynda ýaşan eftalylar döwletine giren taýpalaryň arasynda synplara bölünşigiň ep-esli derejä ýetendigini görkezýär. Şol ýerde söwda we senetçilik käriniň merkezleri bolan şäherler hem bolupdyr. (Gökjük, Şawdyz, Hanly depe diýen we başga gadymy şäherler.) Şu şäherleriň ýanynda, şolar bilen edil sepişiklilikde, şol şäheriň goranmasy bolup galan

galalar ýerleşipdir. Hionitler we eftalitler birleşikleriň düzümine giren arheologik ýadygärlikleri Daşoguz welaýatynyň ýerlerinden hem tapyldy. Köne Was we Gaňňagala diýen gadymy şäherleriň ýokary gatlaklary şol ýadygärliklerdendir. Şu gadymy şäheriň ilaty suwaryş üçin Amyderýanyň şahalaraýndan suw alan kanallary ulanyp, ekerançylyk hojalygyny alyp barypdyr. Tapylan arheologiki tapyndylara garanyňda şol ýeriň ilaty maldarçylyk bilen hem meşgul bolupdyr.Eftalylaryň esasy köpçüligi ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolupdyr. Hytaý çeşmesiniň berýän habaryna görä, eftalylaryň ýabylary we düýeleri köp bolupdyr. Ulag hökmünde ulanylýan öý haýwanlarynyň köp bolmagy bir ýerden başga ýere gidip ýörmegiň eftalylaryň durmuşynda uly orun tutandygyny görkezýär. Çarwa durmuş alyp baran ilatyň bir böleginde bir ýerden başga ýere göçmeklik ýygy bolupdyr; beýleki tarapdan eftalitlerde kerwenli söwda hem ýörgünli bolupdyr.

Eftalitlerde söwda giň ýaýrapdyr. Eftalylar döwleti bir tarapdan, Wizantiýa we Eýran, beýleki tarapdan, Hytaý we Hindistanyň arasynda aralyk ýagdaýda bolupdyr. Hytaý bilen ilerki Aziýanyň arasyndaky ýüpek söwdasy üçin ulanylan kerwen ýoly bolan ýokarda agazalan “Ýüpek ýolunyň” bir bölegi eftalitleriň elinde bolupdyr. Eftalylaryň söwdasy köplenç üstaşyr söwda häsiýetine eýe bolupdyr. Oturymly ilat Hytaý bilen Wizantiýanyň arasyndaky söwdada alyp-satar hökmünde hereket edipdir. Söwdada alnyp barylýan zatlaryň arasynda ýüpekden başga-da aýna, nahara atylýan zatlar, gymmat bahaly daşlar, merjen daşlary, görk üçin ýüze çalynýan zatlar we belli bir mukdarda mata hususan-da Marynyň ýuka matalary bolupdyr.Feofan Wizantiýalynyň berýän habaryna görä, ozal sasanylaryňky bolan we ýüpek söwdasy üçin ulanylan gämi duralagalary hem eftalitleriň elinde bolupdyr. Şol gämi duralgalary Kaspi deňziniň gündogar kenarynda bolan bolmaga çemeli. Eftalylar döwletinde söwda mynasybetli manat

dolanşygy giň ýaýrapdyr. Eftalylaryň hut öz zikgesi bolan manatlardan başdga-da sasani manatlary hem dolanşykda bolupdyr. Manatlary zikge etmek üçin eftalylar Merkezi Aziýanyň gündogar bölegine ýaýran we hindi hatynyň birneme üýtgeşdirileni bolup duran tohar hatyny ulanypdyrlar. Eftalylaryň arasynda dolanşykda bolan käbir sasany matalarynyň ýüzünde Eýranda ulanylan pehlewi haty bilen ýazylan we Eýran şasynyň ady görkezilen ýazgylardan başga-da goşmaça eftaly ýazgylary hem bar. Hytaý çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, Kidarany (Sidolony) tizlikde hionitler ýeňip, ony Demirgazyk Hindistana alyp gitmäge mejbur edipdirler. Şol ýerde ýene birnäçe wagtlap döwlet dowam edipdir we onuň başyna Kidaranyň ogly durupdur. Hionitler ilki başda sasanileriň ýokary häkimiýetini ykrar edipdirler. Şa Şapur II Rim imperiýasyna garşy özüniň urşyna gatnaşmaga hionitleriň patyşasyny mejbur edipdir. Taryhçy Ammian Marsellin 359-njy ýylda Amida şäheri şäheri (Siriýada) gabalan mahaly bolan söweş hereketleri hakynda habar berýär. Şol hereketlere sasani Eýrany bilen bilelikde hionitler hem gatnaşypdyrlar. Şa Şapur II sasani matalarynyň nusgasy bolup durýan we ýüzi eftolit ýazgyly manatlar saklanyp galypdyr. Şol ýazgy R. Girşmanyň okaýşyna görä, “Hionitleriň patyşasy eftal” diýen ýazgydyr. B.e. V asyrynda hionitler sasanileriň garşysyna göreşi dowam etdiripdirler. Şonda olat hatd-da Eýranyň merkezi welaýatlaryna hem aralasyp bilipdirller. V asyryň ikinji çärýeginde şa Warahran V (Bahram Gur) hionitleriň barha artyp barýan güýjünden hoaatyr edip öz döwletiniň gündogar serhetlerinde olaryň garşysy6na uruş alyp barypdyr. Warahran V-niň goşunlary Kuşmeý hanyň ýanynda Baýramalydan 30 km. Demirgazyk tarapda bolan häzirki Kişman depe diýen gadymy şäheriň ýanynda Mary şäherinden 1 günlik ýolda bolan söweşde ýeňiş gazanypdyrler. Soňra hionitleriň patyşasy öldürilipdir we ägirt kän olja alypdyr. Hionit patyşasynyň ýesir alnan aýala Ganzakdaky ot

ybadathanasynda hyzmatçy edilip ulanmak üçin iberilipdir. Şondan soňra Iezdgert II (438-457-nji ýyllar) Balkan sebitinde hionitleri ýeňipdir. Şonda Çolşäherinde hionitleriň patyşasynyň özüni hem öldüripdir. Barlaýjylaryň käbirleriniň pikirine görä, “Çol” diýen soň şäheriň ady bolman, şol ýerde ýaşan taýpanyň ady bolupdyr we şol wagt ol sebite şu taýpanyň ady berilipdir. “Çol” diýen sözüň manysyny, belki hem, türki dillerden düşündirmek bolar, häzirki zaman türkmen dilinde “çöl” diýen sož, belki, şol sözdendir. V asyryň ortalarynda eftalylar döwleti Kaspi deňziniň gündogar kenaryny, Türkmenistan çöllerini, Amyderýanyň boýundaky welaýatlary, Murgap we Tejen derýalarynyň ýokary akymlaryndaky, häzirki demirgazyk Owganystany öz içine alypdyr. Eftalylar mundan başga-da Maryny, Sogdy, Gündogar Eýranyň welaýatlaryny , Gündogar Türküstany we Hindistanyň demirgazyk bölegini eýeläpdirler.

**Göktürkmenler döwleti.**

Oguz-orhon ýazuwy baý geçmişi bolan halkymyzyň ,Merkezi Aziýada we Gazagystanyň çäklerinde ýaşan türki halklaryň taryhyny öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly mirasdyr. Oguz-orhon ýazuwy barada köp ýyllaryň dowamynda ençeme ylmy işler ýazyldy. Emma gynansagam şolaryň hiç birinde-de şol ýazuwy oguz-türkmen halkynyň döredenligi barada aýdylmady. Oguz-orhon ýazuwynda beýan edilýän goktürkmenleriň taryhyna degişli maglumatlaryň üstünde köp alymlar işlediler. Bu barada XX asyrda ep-esli mukdardaky işler neşirem edildi. Ýöne şol işleriň köpüsinde çykarylan netijeler, edilen jemlemeler bilen ylalaşmak juda kyn. Türki we mongol dilli halklaryň taryhy boýunça belli alym L.N. Gumilew köp eserleri döreden awtor. Emma hunlaryň we göktürkmenleriň taryhyna degişli işlerinde ol bu halklaryň taryhynyň tükmen halkynyň köp asyrlyk taryhynyň bir döwürleridigini bir ýerde-de agzamaýar. Göktürkmenleriň döwleti döwründe şöhratly ata-babalarymyz tarapyndan döredilen tükeniksiz genji-hazyna bolan oguz-orhon ýazuwy

barada, onuň ýaýran ýerleri hakynda ilkinji gezek XVII asyryň ahyrlaryna degişli maglumatlarda aýdylýar. Ýöne bu ýazuwy öwrenmäge ilkinji synanşyk XVII asyryň 20-30-njy ýyllarynda ruslara ýesir düşüp, Sibirde ýaşan şwed serkerdesi F.I. Stralenberg tarapyndan edilipdir. Özüniň 1730-njy ýylda Stokgolmda neşir edilen kitabynda ol oguz-orhon ýazuwyna degişli hatlary görkezipdir. Ýöne Stralenberge bu haty okamak, onuň haýsy halkyň mirasydygyny anyklamak başartmandyr.

XIX asyryň dowamynda oguz-orhon ýazuwynyň ýaýran ýerleri, onuň esasy ýadygärlikleri kesgitlenilipdir we ony okamaklyga ençeme gezek netijesiz synanşyklar edilipdir. Oguz-orhon ýazuwyndan fin milletiniň taryhynyň gözlän finlýandiýaly alym J. Aspeliň birnäçe ýyllaryň dowamynda bu ýazuwa degişli harplary öwrenmek bilen, onuň 38-40 sany harpdan-nyşandan durýandygyny anyklapdyr.

Oguz-orhon ýazuwynyň türki dilli milletleriň diline degişli bolaýmagynyň mümkinligi hakyndaky çaklamalary öňe süren rus alymy N.M. Ýadrinsew bolupdyr. 1889-njy ýylda Russiýanyň Geografiýa jemgyýetiniň Gündogar-Sibir bölümi tarapyndan N.M. Ýadrinsewiň baştutanlygynda oguz-orhon ýazuwy öwrenmek maksady bilen ýörite ylmy ekspedisiýa guralýar. N.M. Ýadrinsew Tola we Orhon derýalarynyň boýlarynda şu ýazuwa degişli ençeme ýadygärlikleri, şol sanda soňra dünýä belli ýadygärliklere öwrülen Külteginiň we Bilge hanyň hatyrasyna daşyň ýüzüne ýazylan ýazuw ýadygärliklerini açypdyr. N.M. Ýadrinsew tarapyndan ýüze çykarylan bu ýazgylar ýerleşen ýerleriniň ady boýunça soňra «Orhon-Ýeniseý ýazuwy» diýen ada eýe bolupdyr. N.M. Ýadrinsew aýratyn hem Külteginiň ýadygärligine uly üns beripdir. Sebäbi Kültegine degişli daşyň arka ýüzünde hytaýça ýazgylar hem bar eken. Soňra şol hytaýça ýazgynyň okalmagy we terjime edilmegi oguz-orhon ýazuwynyň diliniň türkmençedigini türki dilde gelýän bir halka degişlidigini kesgitlemäge mümkinçilik beripdir.

Netijede ençeme ýyllaryň dowamynda Ýeneseý, Orhon, Selenga, Tola derýalarynyň boýlaryndy ýüze çykarylan oguz-orhon ýazuwyna degişli ýadygärlikler dilçiler we soňra bolsa taryhçylar tarapyndan uly gyzyklynma bilen öwrenilip başlanýar. Oguz-orhon ýazuwyny öwrenmäge belli türkşynas W.W. Radlow we zehinli dilçi we taryhçy daniýaly alym W. Tomsen girişipdirler. 1893-nji ýylyň dekabr aýynyň 15-inde Daniýanyň Patyşalyk Ylymlar akademiýasynyň ýygnagynda W. Tomsen Oguz-orhon ýazuwynyň elipbiýi we ony okamagyň usullary dogrusynda çykyş edýär. W. Tomsen bilen bir wagtda oguz-orhon ýazuwyny okamaklyga W.W. Radlow hem girişipdir. Ol W. Tomseniň elipbiýini peýdalanmak bilen Koltegine degişli ýazgyny okapdyr we 1894-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 19-ynda Russiýa YA-nyň ýygnagynda bu barada çykyş edipdir. Şeýlelikde, bizin ata-babalarymyzyň gadymy geçmişi barada uly taryhy açyşlar edilipdir. Emma uzak ýyllaryň dowamynda biziň halkymyza degişli şol gymmatly mirasyň türkmenleriňkidigi ykrar edilmän galypdyr.

Üstünden 1400 ýyl töweregi geçen şol ýazuw ýadygärlikleri okanyňda, şunça asyrlaryň dowamynda dilimiziň sähelçe özgerendigini, köp-köp sözleriň şol gadymyýetdeki ýaly görnüşde şu güne çenli dilimizde saklanyp gelendigine göz ýetirýäris. Türkmen halkynyň taryhy geçmişi barada möhüm çeşme bolan oguz-orhon ýazuwy esasan meşhur göktürkmen hanlarynyň ruhuna bagyşlanyp ýazylan mazar daşlarynyň üstünde saklanyp, biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Diýmek, oguz-orhon ýazuwynyň halkymyz üçin onuň diňe bir daşyň ýüzüne ýazylandygy bilen däl, eýsem bu ýazuwyň halkymyzyň taryhynda öçmejek yz galdyran meşhur hanlarymyzyň ruhuna bagyşlanyp, olaryň guburynyň üstüne galdyrylan daşlaryň ýüzüne ýazylandygy üçin hem aýratyn mukaddesdir. 1970-nji ýylda bu ýazuw ýadygärliginiň tapylan ýerinde gazuw-agtaryş işleri geçirildi we ýadygärligiň üç bölek daşdan ybaratdygy anyklanyldy.Ŷadygärlik çölüň içindäki

kiçiräk depäniň üstünde ýerleşip,70 sm ýokary saýlanyp durupdyr.Onuň döwlen bölekleriniň birinjisiniň boýy 70 sm,ikinjisiniň boýy 90 sm,üçünjisiniňki bolsa 75 sm uzynlykda bolupdyr.Şol üç bölegi ýerleşdireniňde ,olaryň umumy boýy 2m.35 sm bolupdyr.Ŷadygärligiň hemme tarapynyň meňzeş bolmanlygy üçin,ondaky ýazgylaryň ýerleşişi hem birmeňzeş däl.Ŷadygärlikdäki 30 setirde 600-e golaý söz bar.Ol sözler Oguz-orhon ýazuwynyň 3000 belgisinden ybarat bolupdyr. Göktürkmenleriň döwletiniň taryhy boýunça möhüm çeşmelere öwrülen bu ýazuw ýadygärlikleriň iň ähmiýetlileri Kolteginiň, Bilge hanyň, Gutlug hanyň, Tonýukugyň we başgalaryň hatyrasyna dikeldilen daşlaryň ýüzüne ýazylan ýazgylardyr. Bu ýazgylarda türkmen halkynyň şöhratly geçmişiniň uly bir döwri beýan edilýär. Aýratyn bellemeli zatlaryň biri-de bu ýazgylardaky wakalary, seneleri we adam atlaryny şol döwrüň we giçki döwürleriň jikme-jik hytaý taryhy maglumatlary doly tassyk edýär. Bu bolsa oguz-orhon ýazgylarynyň ähmiýetini has hem artdyrýar. Bu ýazgylaryň şeýle çeşmeşynaslyk ähmiýetiniň bolmagy olary Göktürkmenleriň döwletiniň taryhyna degişli birinji derejeli maglumatlaryň hataryna goşmaga mümkinçilik berýär. Alymlaryň tassyklamagyna görä, oguz-orhon ýazuwyna degişli ýazgylaryň içinde aýratyn gymmatlyklary Koltegin bilen Bilge hanyň hatyrasyna ýazylan ýazgylardyr. Bu ýazgylarda ady tutulan hanlaryň döwründe türkmen halkynyň galkynyşy, bu galkynyşlarda bu iki meşhur türkmen hanlarynyň hyzmaty hakynda gysgadan düşnükli gürrüň berilýär. Daşa ýazylan şol mukaddes taryhy ýazgylar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Arslan (Tabak) hanyň (572-581 ý.ý.),
2. Gutlug (Ilteriş) hanyň (682-693 ý.ý.),
3. Gutlug hanyň, Gapagan hanyň (693-716 ý.ý.) we Bilge hanyň maslahatçysy bolan Tonýukugyn (647-726 ý.ý.),

4. Şöhratly ýagyçy (serkerde) Külteginiň (685-731 ý.ý.),
5. Bilge hanyň (716-734 ý.ý.) we başgalaryň guburlarynyň üstüne galdyrylan mukaddes daşlaryň ýüzündäki ýazgylardyr.

Daşa ýazylyn taryhymyzyň iň irki ýazuw ýadygärligi Arslan hanyň mazaryndaky ýazgylardyr. Ýüzüne göktürkmenleriň taryhy ýazylan Arslan hanyň başujundaky daş taryh ylmynda «Bugut daşy» ady bilen bellidir. Arslan han tagt ady bolup, onuň çyn ady Tabak handyr. Bu hanyň ady dürli taryhy edebiýatlarda Tobo, Taspar görnüşlerde-de kän duşýar. Arslan han Göktürkmenleriň döwletini döreden Bumyň hanyň (552 ý.) Gara handan (552-553 ý.ý.) we Mugan handan (553-572 ý.ý.) soňky üçünji ogly bolupdyr. Bu hanyň döwründe Göktürkmenleriň döwleti kuwwatly imperiýa öwrülip, dünýäde onuň bilen besleşip biljek bir döwletem bolmandyr. «Bugut daşynyň» ýüzünde göktürkmenleriň döreýşi bilen baglanşykly rowaýat, Bumyň handan gelýän göktürkmenleriň syýasy taryhy we onda Arslan hanyň bitiren beýik işleri görkezilipdir. Guwandyrýan zatlaryň biri-de «Bugut daşanyň» ýokarsynda türkmen ruhunyň ikinji eýýýamynyň onany bolan möjegiň buýsançly şekiliniň ýerleşdirilmegidir. Göktürkmenleriň taryhyna degişli ýazuw we taryhy ýadygärlikleriň biri-de Gutlug Ilteriş hanyň hatyrasyna onuň inisi Gapagan han tarapyndan galdyrylan mazar daşydyr. Taryh ylmynda bu ýadygärlik ýerleşýän ýeriniň adyna görä «Ongin ýadygärligi» diýlip hem atlandyrylýar. Ýadygärligiň ýüzündäki ýazgylara görä, Gutlug han «ýylan ýylynda» aradan çykypdyr. Bu bolsa, W.W. Radlowyň hasaplamalaryna görä 693-nji ýyla gabat gelýär. Eýýäm, bellenilip geçilişi ýaly «Ongin ýadygärligi» göktürkmenleriň taryhynda öçmejek yz galdyran doganlar Bilge han bilen Külteginiň ata-enesi Ilteriş han bilen Ilbilge hatynyň

hatyrasyna dikeldilipdir. Bu ýadygärlikdäki ýazgylar iň köne oguz-orhon ýazgylaryna degişli bolsa-da, ol alymlar tarapyndan gowşyk öwrenilipdir. Onuň hem esasy sebäbi ýazgylar daşyň ýüzüne ýazylanam bolsa, asyrlaryň dowamynda zaýalanypdyr. W.W. Radlow ýadygärligiň ýüzündäki ýazgy setirleriniň içinde ýekeje-de doly sözlemiň galmandygyny, bu bolsa ýadygärlikdäki taryhy teksti dikeltmekde uly pesgulçilik döredýändigini ýazypdyr. Ýöne getirilen ýüzleý ylmy barlaglar Gapagan hanyň öz agasy Gutlug hanyň doly terjimehalyny we göktürkmenleriň gysgaça taryhyny beýan edýändigini takyklapdyrlar. Ýadygärlik toplumynyň umumy meýdany 80x40 m bolup, ol Gündogardan Günbatarlygyna uzalypdyr, onuň daşyna bolsa çukur we suwalyp agardylan pagsa diwar bilen aýlaw edilipdir. Pagsa diwaryň üsti çerepisa bilen örtülip, diwaram, çukuram edil ýadygärlige girilýän derwezäniň agzynda gutarypdyr. Bu bolsa ýadygärligiň içine girmäge mümkinçilik beripdir. Derwezäniň sag we çep tarapynda biri-birine bakdyrylyp goýulan, mermerden edilen iki sany goçuň heýkeli ýerleşdirilipdir. Pagsadan edilen howlynyň içinde mermerden edilen pyşdylyň üstünde (pyşdyl hytaýlylarda bakylygyň simwoly hasaplanylypdyr) Költeginiň hatyrasyna galdyrylan ýüzi ýazgyly şol meşhur daş ýerleşipdir. Gynançly ýeri, Külteginiň ýadygärlikler toplumy asyrlaryň dowymynda harabalyga öwrülipdir. Ýöne ýadygärlikler toplumynyň galyndylary L. Ýisle ýadygärligiň mysaly rekonstruksiýasyny dikeltmek başardypdyr. Onuň pikirine görä, ýüzi ýazgyly daş çerepisa bilen örtülen powilonyň içinde ýerleşip, powilonyň diwary suwalypdyr we agardylypdyr. Pawilondan aňyrlygyna ýol gidip, ol ybadathana barypdyr. Ýoluň iki gapdalynda bolsa edil hormat garawulyndaky ýaly Költeginiň egindeşleriniň we hyzmatkärleniň hakyk ölçegdäki orboýuna duran heýkelleri ýerleşdirilipdir. Ybadathana dörtgyraň görnüşinde bolup,

onuň meýdany 10,25x10,25 m barabar bolupdyr. Onuň agardylan diwarlarynda Külteginiň gatnaşan söweşlerinden suratlar ýerleşdirilipdir. Ybadathananyň üsti hem çerepisa bilen örtülipdir. Onuň içinde bolsa Külteginiň we onuň aýalynyň heýkelleri oturdylypdyr. Ýadygärlikler toplumynyň töwereginden L. Ýisl Külteginiň we onuň aýalynyň heýkelini kellelerini tapmak başardypdyr. Külteginiň kellesine üstünde bürgüde meňzeş guşun şekiljigi oturdylan agaç pudagynyň (wenok) halkasy geýdirilipdir.

Ýadygärlikler toplumyň töwereginde 169 sany adam boýurak daş gazyklar (balbal) uzyn hatar bolup ýerleşipdir. Balballar Külteginiň söweşlerde öldüren ýagylarynyň umumy sanyny görkezipdir. Şu ýerde häzirki döwürde ginişleýin ulanylýan «duşman» sözüniň ýerine «ýagy» sözüni ýöne ýere getirmedik. Çünki daşyň ýüzüne ýazylan taryhymyzda «duşman», «serkerde» sözleri dine «ýagy» we «ýagyçy» görnüşlerinde berilýär. Käbir balballarda gödek çekilen adam sypatlaryny, guşagyň we elin şekillerini görmek bolýar. L.Ýislin pikirine görä, balballaryň sany has köp bolupdyr, ýöne wagtyň geçmegi bilen olaryň ep-esli bölegi zaýalanyp, ýok bolupdyr. Külteginiň ýadygärligi Orhon derýasynyň boýunda hytaý imperatory Sýuanszun tarapyndan iberilen hytaýly ussalar tarapyndan ýörite gurulypdyr. Bu ýadygärlikden 1 km töwerek aradaşlykda bolsa Bilge hanyň ýadygärligi ýerleşipdir. Ýöne Bilge hanyň ýadygärligindäki ýazgylar gowy saklanmandyr. Kültegininem, Bilge hanynam ýadygärliklerine ýazgy eden Ýolly han (734-739 ý.ý.) bolupdyr. Külteginiň ýadygärliginiň gurulan wagty barada şeýle ýazgy bar: «biziň ýyly, ýedinji aý, ýeti ýigrimi gün (ýigrimi ýedinji gün)». Bu sene ýadygärligiň 732-nji ýylda gurlandygyndan habar berýär. Bu seneni ýadygärlikdäki hytaý dilli ýazgylar hem tassyk edýär.

Külteginiň ýadygärligindäki ýazgylar

göktürkmenleriň 550-718-nji ýyllar aralygyndaky taryhy barada yzygiderli maglumatlar berýär. Bu ýazgylar goşgy görnüşinde ýazylypdyr. Ýazgylary eden Ýolly han bolsa-da Kültegin baradaky gürrüňler Bilge hanyň dilinden berilipdir. Şonuň üçin hem ýazgy setirleriniň arasynda Bilge hanyň «inim Kültegin» diýen sözleri häli-şindi gabat gelýär. Kültegin baradaky ýazgylary okanynda türkmeniň ata bolan söýgüsiniň gadymdan gelýendigine göz ýetirýärsin. Ýolly han Külteginiň söweşlerde münen atlarynyň atlaryny birin-birin agzapdyr: Baýyrgalaryň ak aty, Başgy, Şalçy, Azman, Ogsuz…

Külteginiň hatyrasyna ýazylan ýazgylar göktürkmenleriň taryhyna 50 ýyllyk baknalyk dowrunin tarhy barada başga-da kop maglumatlary berýärler. Bu ýazgylarda şol döwrüň türkmen jemgyýetiniň durmuş toparlary, Hytaý bilen alnyp barylan söwda gatnaşyklary, göktürkmenleriň uruş hereketlerini alyp baran beýleki ýurtlary hakynda hem köp maglumatlar berilýär. Mysal üçin, göktürkmenleriň raýaty bolan baýyrgalaryň duşmançylykly hereketi Kültegin tarapyndan «Ulug Erkin ýagy boldy» diýlip hesiýetlendirilýär. Ýa-da bolmasa «Ediz buduny anda öldi», «Izgil buduny ýok boldy» - diýip göktürkmenleriň edizlere we izgillere garşy alyp baran uruşlarynyň nähili netijeleri berendigini anyk beýan edipdir.

Bilge hanyň hatyrasyna bina edilen ybadathanany hem hytaý imperatory Sýuanszunyň buýrugy boýunça hytaýly ussalar gurupdyr we onuň diwarynda Bilge hanyň ömri we eden işleri barada hytaý dilinde ýazgylar edilipdir. Bilge hanyň mirasdüşeri Ýolly han eýýem belläp geçişimiz ýaly, kakasynyň ruhuna bagyşlap daş dikipdir we onuň ýüzünde edil hytaýlylaryň edişi ýaly göktürkmen halkynyň döreýşi we onuň adamzat taryhyndaky orny, Bilge hanyň ömri we bitiren bimöçber işleri barada gymmatly maglumatlary ýerleşdirmegi başarypdyr. Bu ýazgylarda 700-nji ýyllarda 16-17 ýaşlaryndaky

Bilge hanyň (ol döwürler Mogilýan şat diýlip atlandyrylypdyr) tangutlara garşy guralan ýörişe we 709-njy ýylda çikleri boýun egdirmäge gatnaşyşy, 714-nji ýylda Beşbalykdan yzy çekilişleri, 715-nji ýylda dokuztatarlar bilen bolan söweşe, 716-njy ýylda uýgurlary boýun egdirmäge gatnaşyşy, onuň 717-nji ýylda tatablaryň we garlyklaryň üstünden gazanylan ýeňişdäki we 720-nji ýylda Lýançžouyn eteginde hytaý goşunlaryny derbi-dagyn etmekdäki hyzmatyny, 721-722-nji we 733-nji ýyllarda kidanlara we tatablara garşy täze guralan ýörişlerde we söweşlerde tapawutlanyşy barada gyzykly gürrüňler berilýär. Bilge han hakyndaky ýazgylar bu meşhur hanyň ömrüniň ahyrky günlerine çenli bolan wakalary öz içine alypdyr.

Bumyn han güýçlenipdir. Sebäbi onuň žužanlar bilen söweşip biljek goşunam, ýakyndan goldaw berjek ýaranam bolupdyr. Duşmany öjükdirmek maksady bilen Bumyn han žužan hany Anahuanyň üstüne sawçy iberipdir we onuň gyzyny diläpdir. Sebäbi hanyň gyzyna öýlenmeklik sähra kanunyna görä Bumyny Anahuan bilen deňleşdirjekdi. 552-nji ýylyň gyşynda Bumyn han goşunlaryny žužanlaryň üstüne sürüpdir we gan döküşlikli söweşlerde olary derbi-dagyn edipdir. Bu söweşde teleler hem göktürkmenler bilen egin-egine berip söweşipdirler. Ýeňlen Anahuan özüni öldüripdir, ogly Ýanloçen ýurduny taşlap gaçypdyr. Žužanlaryň döwleti ýykylyp, onuň ýerleri Bumyn hanyň eline geçipdir. Şeýlelikde dünýä taryhynda ýene-de bir türkmen döwleti-Göktürkmenleriň döwleti döräpdir. Döwleti esaslandyran Bumyn hana halk “Il han” adyny-ýagny “ döwletiň hany” adyny dakypdyr. Şonuň ücin hem göktürkmenleriniň taryhyna degişli giçki döwrün çeşmelikde ol ``Il han`` diýlip atlandyrylýar. Özbaşdak türkmen döwletini döretmek işinde Bumyn hana onuň merdana inisi Istemi han (hytaýça-Şetemi) ýakyndan ýardam edipdir we agasynyň alyp baran ähli söweşlerine gatnaşypdyr we özüni şöhratly serkerde hökmünde tanadypdyr. Oguz-orhon ýazgylarynda Bumyn han bilen Istemi hanyň atlarynyň bir

ýerde gelmegi hem ýöne ýerden däl. Sebäbi göktürkmenler bularyň ikisini hem özleriniň nesilbaşylary hasap edipdirler. Ilhanlyga göterilen Bumyn hany egindeşleri ak atkeçä mündirip günüň aýlanyşy ýaly dokuz gezek aýlapdyrlar we her aýlawda onuň öňünde baş egip, tagzym edipdirler. Şundan soň ony çapylýan atlaryň birine mündürip, boýnuny ýüpek ýaglyk bilen mäkäm daňypdyrlar. Soňra ýaglygy gowşadyp ondan ``näçe ýyl han bolup berersiň`` diýip sorapdyrlar. Bu däpler göktürkmenleriň taryhynda han saýlananda, berjaý edilmeli hokman bolan dessur hökmünde ýaşapdyr. Türkmenlerde han saýlananda ak atkeçäniň üstüne müdürilmegi ýaňy-ýakynlara çenli dowam edip gelipdir. Bumyn han Oguz handan gelýän ýol-ýörelgeleri dikeldipdir. Dolandyryşda nesilbaşymyz Oguz handan görelde alypdyr. Bumyn han uly we kiçi wezipeli jemi 20 adamdan durýan döwlet edarasyny döredipdir. Olardan ýokary wezipeleri şat, tegin, silik we başgalar bolupdyr. Bumyn hanyň döreden Gök türkmenler döwletiniň baýdagynda möjegiň kellesiniň altyndan edilen şekili ýerleşdirilipdir. Hanyň özüni ``Börüler`` (``möjek``) diýlip atlandyrylan janpenalar gorapdyr. Bumyn hanyň girizen kanunlaryna görä, jenaýatyň iň ýamany topalaň, dönüklik, adam öldürmeklik, ahlaksyzlyk, we kesekiniň atyny ogurlamak bolup, jenaýatkärlere ölüm jezasy berilipdir. Günbatar bilen Gündogaryň arasynda Göktürkmenleriň döwleti döränden we uly giňişliklerde asudalyk höküm sürüp başlanyndan soň Bumyn han ``Beýik ýüpek ýoly`` dikeltmäge girişipdir. Elbetde, ol bu işi amala aşyrmaga ýetişmändir, ýöne onuň edenli ogullary bu ýoly tiz dikeldipdirler. Göktürkmenleriň döwletini esaslandyran Bumyn han 552-nji ýylda aradan çykypdyr.

Istemi han Göktürkmenleriň döwletiniň syýasy taýdan jebis bolmagy ugrynda aladalanypdyr. Agasy Bumyn han ölenden soň oguzlar köne däbi boýunça hökümdar bolmaga hukugy bolsa-da (häkimiýet türkmenlerde nesilşalygynyň iň ýaşulusyna miras galyp bilipdir), ilhan bolmaga razylyk

bermändir.Şonuň üçin hem döwletiň VII asyrda Gündogar we Günbatar Göktürkmen döwletlerine bolünmegi soňky nesilleriň hökümdarlygy döwründe bolup geçipdir.

Göktürkmenleriň döwletiniň serhetleriniňgiňeilp,Sasany ýerlerinde golaýlaşmagy Anuşirwan Adylyň ünsüni özüne çekipdir we Istemi han bilen ýakynlaşmagyň ýollaryny agtarypdyr. 554-nji Anuşirwan Adyl Itemi hana ilçi iberipdir. Sasany ilçisi Istemi han bilen ýaranlyk hakynda şertnama baglaşypdyr. Ýaranlyk şertnamasy baglanşylandan soň Anuşirwan Adyl Istemi hanyň gyzyna öýlenipdir. 555-nji ýylda Anuşirwan Adylyň Istemi hanyň gyzyndan ogly bolupdyr. Ol Hormizd IV ady bilen şa tagtynyň mirasdüşeri diýip yglan edilipdir.

Eftalylar diňe bir Göktürkmenleriň däl, Sasanylaryňam duşmanydy. Eftalylaryň çozuşlaryna döz gelip bolmän, ýaranlyk şertnamasynyň baglanşylmagy we garyndaşlyk gatnaşyklarynyň açylmagy Anuşirwan Adylyň ýagdaýyny ýeňilleşdiripdir. Eftalylar Göktürkmenleriň duşmany jujanlaryň ýaranydy. Haçan-da Bumun han jujanlary derbi-dagyn edende Merkezi Aziyada agalyk edýän eftalylar Hytaýyň Günbatar Weý döwleti Bumyn hanyň ýaranydy, üstesine-de Günbatar Weý patyşasy Ýuýwan Taýyň gyzy Bumyn hanyň aýalydy. Şonuň üçin hem ol eftalylaryň ýaranlyk hakyndaky tekliperini ret edipdir. Netijede, dürli taraplardan daşy gabalan eftalylar kyn ýagdaýa düşüpdir. Bularyň üstesine-de, eftalylar özaralarynda oňuşmandyrlar.

560-njy ýylda eftalylar bilen Göktürkmenleriň arasynda uruş hereketleri başlapdyr. Uruşa-da Gatfaryň özi sebäp bolupdyr, Ol Istemi han bilen Anuşirwan Adylyň ýakynlaşmagyndan heder edipdir we iki döwletiň özara gatnaşyklaryna päsgel bermäge jan edipdir. Sogdiýanýň üsti bilen Sasanylaryň paýtagty Ktesifona (häzirki Bagdat şäheriniň töwerekleri) barýan Göktürkmen ilçileri Gatfaryň görkezmesi bilen öldürilipdir. Ilçilerden diňe bir adama gaçyp sypmak

başardypdyr we ol Istemi hana bolan pajygaly waka barada habar beripdir. Emele gelen ýagdaýda uruş hereketleri gutulgysyzdy. Istemi han özüniň ähli güýçlerini bir ýere jemläpdir we eftalylara garşy urşa häzirlenipdir. Göktürkmenleriň goşunlaryna eftalylaryň öňki ýaranlary hotanlylar hem goşulypdyr.

Anuşirwan Adyl Istemiden öňürdipdir we 562-nji ýylda eftalylara agyr zarba urupdyr. Ýöne munuň bilen uruş gutarmandyr. Sebäbi agyr ýeňlişe sezewar bolsa-da Gatfara esasy güýçlerini saklap galmaklyk başardypdyr.

Gowy taýyarlyk işlerini geçireninden soň Istemi han goşunlaryny eftalylaryň esasy güýçleriniň jemlenen ýeri bolan Sogdiýananyň üstüne sürüpdir we ýüzüniň ugruna Çaçy (Daşkendi) eýeläpdir. Istemi hanyň goşunlary Çyrçyk derýasyndan geçip Samarkandyň golaýyndaky Maýmurg galasynda jemlenipdir. Eftalylaryň goşunlary bolsa Buharanyň etegindedi. Ýöne Gatfar Göktürkmenleriň atly gösşunyň öňünde durup bilmejekdigine göz ýetirip Nesefe (Garşy) tarap yza çekilipdir. Şeýlelikde Nesefiň eteginde Istemi han bilen Gatfaryň goşunlarynyň arasynda gandöküşikli söweş başlaýar.

Ferdöwsiniň ýazmagyna görä, göktürkmenleriň hüjümleri döwründe eftalylardan ejir çeken sogdianalylar köp göz ýaş döküpdirler. Ýöne eftalylar üçin söweş etmek islemändirler. Nesewiň etegindäki söweş sekiz günläp dowam edipdir we ol eftalylaryň doly derbi-dagyn edilmegi bilen tamamalnypdyr we Eftalylaryň aman galanlary Gaftary tagtdan agdarypdyrlar. Çaganiýanýn häkimi Fagonişi patyşa saýlapdyrlar we ony Anuşirwan Adyla ýapja bolmaga mejbur edipdirler. Şeýleleikde Merkezi Aziýada ýarag güýji we zalymlyk bilen agalygy ýola goýlan eftalylar derbi-dagyn edilipdir.

VI asyr Merkezi Aziýa üçin ykdysady we medeni taýdan ösüşleriň döwri bolupdyr. Şäherler ulalyp, ekerançylyk, senetçilik we söwda ösüpdir. Sogdiananyň ilaty bu döwürler

ussat we başarjaň söwdagärler – araçylar bolupdyrlar. Ol Hytaý bilen Ortaýer deňziniň aralygynda gyzgalaňly söwda işlerini ýola goýupdyrlar. Munuň üçin gadymy söwda ýollaryny peýdalanypdyrlar. Emma söwda işlerine ilki žužanlaryň şoňam eftalylaryň talaňçylykly agalygy uly päsgelçilik döredipdir. Bumyn hanyň žužanlary, Istemi hanyň hem eftalylary derbi-dagyn etmekleri Sogdiananyň işewür halkyna söwda işlerinde ýene-de giň mümkinçilikleri açypdyr. Sebäbi göktürkmenler Hytaý bilen Rumystanyň (Wizantiýanyň) aralygyndaky ähli ýerleri birleşdirip söwda işleri üçin ajaýyp mümkinçilikleri döredipdirler.

Merkezi Aziýadaky ýeňibalyşlardan soň, bütin Merkezi Aziýa Göktürkmenleriň döwletiniň aýrylmaz bir bölegine, sogdianalylar bolsa Istemi hanyň wepaly we işewür raýatlaryna öwrülipdirler. Şeýle raýatlaryň bolmaklygy hanyň özi üçin hem, Göktürkmen döwleti üçin hem bähbitli.

Demirgazyk Hytaýdaky patyşalyklary, şeýle hem Merkezi Aziýany eýelemek bilen göktürkmenler diňe bir harby-syýasy taýdan däl, eýsem ykdysady babatda0da kuwwatly imperiýa öwrülipdir. Sebäbi Gündogary Günbatar bilen birleşdirýän "Beýik ýüpek ýoly" gaýtadan pajaralap ösüp ugrapdyr. Üstesine-de bu ýol Göktürkmen döwletiniň üstünden geçýärdi.

"Beýik ýüpek ýolunda" örän gyzgalaňly söwda alynyp barylýardy. Hytaýlylar Eýrandan öz patyşa aýallary üçin gyt we gymmat haryt hasaplanylýan sürmedir wesme alypdyrlar. Türkmen halylary hem örän gymmat şonuň bilen bir hatarda uly isleg bildirilýän haryt hasaplanýardy. Gymmat bahaly daşlara bolan islegler hem Hytaýda ýokary bolupdyr. Ýöne söwda ýolunyň esasy harydy Hytaýdan gelýän ýüpek we ýüpek matasydy.

Alyslardan gelýän bu haryda Wizantiýada isleg örän ýokary bolupdyr. Köşküň we begzadalaryň isleglerinden başga-da ýurduň imperatorlary ýüpegi walýuta-altyn pul hökmünde-

de giňişleýin ulanypdyrlar. Wizantiýanyň hökümdarlary Günbatar Ýewropanyň ýarym wagşy haklaryndan düzülen hakyna tutma goşunlarynyň esgerlerine pul deregine köplenç ýüpek beripdirler. Emma Wizantiýa gelýän “Beýik ýüpek ýoly” Eýranyň üstünden geçýärdi. Bu döwleti özüniň esasy bäsdeşi we garşydaşy hasaplaýan sasanylar Wizantiýany hem harby taýdan, hemem ykdysady taýdan güýçden gaçyrmak isleýärdiler. Dogry, Wizantiýa hytaý ýüpegini başga bir ýol bilen – Hazar we Gara deňizleriniň demirgazyk kenarlarynyň üsti bilenem äkdip boljakdy. Ýöne ol ýerlerde parahatçylyk we asudalyk ýokdy. Söwda kerwenleri häli-şindi ol ýerleriň döwlet gurluşyny görmedik, ýarym çarwa ilaty tarapyndan talaňçylyga sezewar edilýärdi.

Eýran tarapy Hytaýdan gelýän bu harydyň bahasyny çökder galdyrypdyr we Wizantiýadan mümkin boldugyça köp altyn pul alyp, ony harby-ykdysady taýdan gowşatmaga çalşypdyr. Muňa garamazdan ýüek Eýranyň üsti bilen näçe gymmat bahadan alynsa-da, ol Wizantiýa üçin barybir bähbitlidi. Çünki Günbatar Ýewropanyň ýarym wagşy dowletjikleriniň hökümdarlary hytaý ýüpegine höwes bilen satyn alypdyrlar, onuň üçin serişde gaýgyrmandyrlar. Şonuň üçin hem sasanylar Wizantiýa ýüpegi ýokary nyrhdan satmak bilen bir hatarda, satylýan ýüpegiň mukdarynam çürt-kesik azaldýardylar. Elbet-de, Wizantiýa beýle ýagdaý bilen ylalaşmak islemeýärdi we ol ýüpek söwdasy üçin has amatly ýollary gözleýärdi.

Merkezi Aziýadan Eýrana onuň üstaşyry Wizantiýa äkidilip satylýan ýüpekden başga-da Istemi hanyň özünde we göktürkmen begzadalarynda bu harydyň ummasyz köp mukdary jemlenipdi. Sebäbi hytaý tarapy göktürkmenlere müňlerçe top ýüpek matasyny we ýüpegiň özüni salgyt hökmünde töleýärdi. Şonuň üçin hem göktürkmenler munça artyk ýüpegi näme etjeklerini bilmändirler. Sogdianalylar Istemi handan bu baýlyklary satyp bermäge özlerine rugsat

bermegini soarpadyrlar. Hemişe at üstünde gezip ýören, söwda endikleri bolmadyk halkyň hökümdary Istemi han muňa göwünjeňlik bilen rugsat beripdir. Gysga wagtyň içinde ezber söwdegärler bolan sogdianalylar Eýrany ýüpekden dolduryp, täze bazarlary agtarypdyrlar. Olar indi ýüpegi Eýranyň üsti bilen Wizantiýa satmagyň arzuwyndadylar. Sogdianalylar maksatlaryny öz hanlary Isteme ýanzydypdyrlar we bu işiň döwlet üçin hem, raýatlar üçin hem bähbitli boljakdygyny aýdypdyrlar.

Istemi han sogdianaly Maniýahy Eýrana – Anuşirwan Adylyňka ilçi edip ugradypdyr. Maniýah sasany patyşasyna Eýranyň üsti bilen ýüpegi Wizantiýa satmak isleýändiklerini, şeýle hem bu özara bähbitli işe Anuşirwan Adylyň öziniňem goşulmagyny teklip edipdir. Elbetde, sasany hökümeti muňa razylyk bermändir. Sebäbi ýüpegiň Wizantiýa barmagy onuň harby-ykdysady, onuň esasynda bolsa döwletiň syýasy kuwwatynyň ýokarlanjakdygy ikiuçsyzdy.

Anuşirwan Adyl Istemi hanyň ilçisi bilen bolan duşuşykda ýüpegiň diňe bir Wizantiýa däl, eýsem öz ýurdunyň içinde-de satylmagyna garşydygyny ýanzydypdyr. Çünki göktürkmenlerden ýüpegiň satyn alynmagy Anuşirwan Adyla işjeň daşary syýasat ýöretmek üçin zerur bolan altyn pullaryň keseki döwlete gitmegine getirjekdi. Üstesine-de ýurduň ilatynyň satynalyjylyk mümkinçililklerem pesdi. Anuşirwan Adyl Istemi hanyň ilçisinin ýüpek söwdasyny ýola goýmak hakyndaky tekiplerine garşy bolmaga-da çekinipdir. Çünki şonuň bu hereketi iki döwletiň özara gatnaşyklaryna zeper ýetirmegi mümkindi. Emele gelen ýagdaýdan Anuşirwan Adyl özboluşly çykalga tapypdyr. Onuň täze maslahatçysy hilegär Kutulfyň teklibi bilen Maniýahyň öz ýany bilen getiren ýüpeginiň bahasy tölenilip, sasanylar tarapyndan satyn alynypdyr. Ýöne şol ýüpek ilçilariň gözüniň alynda, bir ýere üýşürip otlanylypdyr. Şanyň we köşk adamlarynyň bu hereketi sasanylaryň Göktürkmenler bilen ýüpek söwdasyny etmek

islemeýändigini şeýle hem ýüpegi Eýrandan üstaşyr geçirmägede ýol bermejekdigini aňladypdyr.

Sasanylaryň bu hereketinden nägile bolan Maniýah we onuň ilçiler topary baryp Istemi hana arz edipdirler. Emele gelen ýagdaýy düzgünleşdirmek maksady bilen Istemi han Ktesifona göktürkmen beglerinden düzülen täze ilçileri iberipdir. Ýöne olara-da bu meseläni çözmek başartmandyr. Üstesine-de ilçiler öz ýurtlaryna gaýdyp gelmändirler. Menandryň ýazmagyna görä, Istemi hanyň ilçileri şanyň weziri Kutulfyň maslahaty bilen zäherlenip öldürilipdir.

Sasanylar tarapynyň bu hereketi iki dostukly döwletiň arasyny bozupdyr. Istemi han urşa taýýarlanyp uhgrapdyr. We şunuň bilen bir wagtda-da 568-nji ýylda Wizantiýanyň paýtagty Konstantinopola (häzirki Stambul) ýene-de Maniýahy ilçi edip ugradypdyr. Maniýanyn ilçiler toparynda birnäçe göktürkmen begleri hem bar eken. Menandryň belleýşi ýaly, ilçileriň elinde Istemi hanyň adyndan Wizantiýanyň imperatory Ýustin II-ä iberilen “skif (oguz) dilinde” we “skif (oguz) hatynda” ýazylan ynanç haty hem bar eken. Şeýle hem ilçiler Rum imperatoryna ýüpekden edilen köp sanly sowgat-serpaýlary hem getiripdirler.

Sasanylaryň döredip biläýjek päsgelçikleri göz öňünde tutup ilçiler Wizantiýa Hazar we Gara deňizleriniň demirgazyk kenarlary bilen Konstantinopola gelipdirlar. Istemi hanyň ilçileri Ýustin II tarapyndan uly dabara bilen garşylanypdyr. Ilçileriň getiren hatyny Ýustin terjimeçileriň kömegi bilen okapdyr we Göktürkmenleriň döwleti onuň hökümdary Istemi hanyň şahsyýet bilen içgin gyzyklanypdyr. Imperator ilçilerden eftalylaryň we awarlaryň nähili boýun egdirilendiklerine uly gyzyklanma bilen sorapdyr. Ilçiler Ýustine eftalylaryňam, awarlaryňam doly derbi-dagyn edilendiklerini we mundan beýläk olar döwletara gatnaşyklaryna päsgel berip bilmezler diýip ynandyrypdyrlar. Köşkde geçirilen duşuşyklaryň netijesinde Ýustin Istemi hanyň harby-ykdysady we syýasy kuwwatyna doly göz ýetiripdir. Netijede 568-nji ýylda

Göktürkmenleriň döwletiniň we Wizantiýanyň arasynda hoşniýetli goňşüçylyk we harby ýaranlyk ahakynda ikitaraplaýyn şertnama baglaşylypdyr. Istemi hanyň ilçileri Konstantinopolda bolanlarynda şäheriň köçeleriniň, onuň gözel ýerlerine aýlanyp göripdirler.Bu täsin şäheriň ajaýyp ymaratlaryna geňgalyjylyk bilen tomaşa edipdirler. Ýustin II göktürkmenler bilen ýaranlygyň alamaty hökmünde 568-nji ýylyň awgust aýynda yzyna dolanan Maniýahyň ýanyna öz ilçisini, Wizantiýanyň Gündogar şäherleriniň strategi Zemarh Kilikiýalyny goşup Göktürkmenleriňkä ygradypdyr.

Istemi han bilen rumly ilçini öz paýtagty Akdagda gowy garşylapdyr we Wizantiýa bilen ýaranlygyň alamaty hökmünde Zemarha  sasanylara garşy uruşda öz ýanynda bolmagy teklip edipdir. Menandr Istemi hanyň gyrgyz milletinden bolan bir gyrnagy Zemarha sowgat berendigini belleýär. Zemarh we onuň egindeşleri göktürkmenleriň ýurduna gelenlerinde bu döwletiň hakykatdan hem kuwwatlydygyna, onuň hökümdary Istemi hanyň beýik bir şahsyýetdigine doly göz ýetiripdirler. Istemi hanyň adamlary Zemarha demirden edilen her-hili önümleri görkezipdirler we eger-de Rum tarapy isleg bildirse, Wizantiýanýn bazarlaryna çykarmaga mümkinçilikleriniň bardygyny aýdypdyrlar. Zemarh göktürkmenleriň ýöne bir sähralarda gezip ýören çarwa halk bolman, ähli zatdan baş çykarýan, şäherli-galaly ösen bir halkdygyna göz ýetiripdir. Grekleriň bu zatlara azda-kände ynamsyzlyk edýändiklerini duýan göktürkmenler olara magdan alynýan känlerinem görkezipdirler. Zemarhyň we onuň ýanyndaky ilçi grekleriň geň galýandyklaryny gören begler şindi Bumyn hana çenli göktürkmenleriň jujanlara demir salgydyny töländiklerini aýdypdyrlar.

Istemi hanyň hökümdarlygyndaky welaýatlaryň we halklaryň häkimleri Zemarhyň yzyna dolanandygyny we onuň bilen göktürkmen begleriniň Wizantiýanyň paýtagtyna ugrandyklaryny eşidip, olar hem öz adamlaryny Rumystana

ibermek isläpdirler. Emma Istemi han öz raýatlaryndan diňe wepaly sogdianalylara we köneürgençlilere (horezmliler) Wizantiýa gitmäge we onuň bilen söwda etmäge rugsat beripdir. Bu mysal hemişe Göktürkmen döwletiniň harby-ykdysady we syýasy bähbitlerinden ugur alandygyna şaýatlyk edýär.

Ýustin II ilçisi gideninden soň sasanylar bilen göktürkmenleriň arasynda uruş hereketleri başlaýar. Urşa ýüpek söwdasyndan başga-da salgyt meselesi hem sebäp bolupdyr. Öňler eftalylaryň agalygy döwründe sasanylar olara salgyt töleýärdiler. Indi Istemi han şol eftalylara tölenen salgydyň göktürkmenlere berilmegini sasany hökümdaryndan talap edipdir. Anuşirwan Adyl salgyt derýasyndan geçip Gürgene giripdir. Uruş hereketleri ýaýbaňlanypdyr. Ýöne akyl-paýhas uruşdan üstin çykypdyr we 569-njy ýylda uruş hereketleri togtadylypdyr. 572-nji ýylda göktürkmenler bilen sasanylaryň arasynda parahatçylykly şertnama baglaşylypdyr.

Wizantiýa bilen dostlukly gatnaşyklaryň dowam edýän döwründe Istemi han Günbatarda täze-täze ýerleri eýelemekligi dowam etdiripdir. 567-571-nji ýyllarda göktürkmen goşunlary Uraly, Itil, (Wolga) boýlaryny, bütin demirgazyk Kawkazy we Gara deňizinin demirgazyk kenarlaryndaky ähli ýerleri öz hökümdarlygyna geçirip ,Wizantiýa bilen araçäge – Bosfora çykypdyr. Bu bolsa Istemi hana Wizantiýa bilen gatnaşyklaryň islendik görnüşini şol sanda ýüpek söwdasyny hem päsgelçiliksiz amala aşyrmaga mümkinçilik beripdir. Göktürkmenlere boýun egmän gaçyp ýören awarlar bolsa has Günbatara gitmäge mejbur bolupdyr. Şu ýyllarda Wizantiýa hem Göktürkmenleriň döwleti bilen arada dowam edýän dostlukly gatnaşyklara uly sarpa goýupdyr we dürli ýyllarda Anangastyň, Ýwtihiniň, Walentiniň, Irodionyň, Pawel Kilikiýalynyň we ikinji gezek Walentinin ýolbaşçylygynda yzly-yzyna Istemi hanyňka ilçiler iberip durupdyrlar. Istemi hanyň döwründe göktürkmen halkynýn ýaşaýyş-durmuş şertleri

gowulanypdyr. Il-gün bolelin durmuşda ýaşapdyr. Göktürkmen halkynyň we beg-töreleriniň gowy durmuşda ýaşandyklaryny grek taryhçylary häli-şindi nygtapdyrlar. Grek ilçileriň sözlerine esaslanyp, Menandr Istemi hanyň köşk durmuşyny şeýle beýan edipdir: "…olar grek ilçileri naharlandylar we uzakly gün şol çadyrda meýlis bilen geçirdiler. Çadyr dürli reňkli ýüpek matadan edilipdir. Ertesi gün olary (grekleri) ýüpek matadan edilen başga bir gözel çadyra geçirdiler. Ol ýerde aktyndan edilen dürli görnüşli tabakdyr gaplar bardy. Dizawul (Istemi) altyndan ýasalan oturgyçda oturdy. Çadyryň ortasynda altyndan edilen dürli görnüşdäki kündükler we gaplar altyn çelekler durdy. Olar ýene-de meýlis guradylar we gepleşik geçirip soňra dagadylar. Ertesi gün olar başga bir uly zala (otaga) geçdilar. Otagyň içindäki sütünleriň daşyna altyn çaýylandy. Şeýle hem otagyň içinde aýaklary tawus guşuň şekilindäki altyndan ýasalan kürsiler durdy. Bosagadan tä otagyň törine çenli uzynlygyna altyn arabajyklar goýulyp olaryň üsti altyn kümüşden ýasalan gaplardan, sebetlerden, dört aýakly dürli görnüşdäki jandarlaryň şekillerinden dolydy. Özem olaryň çeperçiligi bizde bar bolan şeýle zatlardan ýokary bolmasa, pes däldi."

Onuň özüniň başarjaň serkerde we inçe syýasatçy bolşy ýaly, Istemi hanyň ogullary hem döwrüniň edenli we tanymal adamlary bolup ýetişipdirler. Şol döwrüň dünýä taryhy (hytaý, sasany, grek) Istemi hanyň iki oglunyň adyny getirýärler. Olaryň iň görnüklisi Göktürkmenleriň döwletiniň Merkezi Aziýadaky ýerleriniň hekimi 'Tarduş han" unwanly (titully) Buga han (lakamy Gara Çor) bolupdyr. Istemi hanyň ikinji ogly Tamgan han (grek çeşmelerinde Türksanf) bolsa Itil boýlarynyň Uralyň we demirgazyk Kawkazdaky ýerleriniň hökümdary bolupdyr. Şol döwürde abdallar Merkezi Aziýanyň ep-esli bölegini öz häkimligine birleşdiren Göktürkmenleriň döwleti bilen çaknyşmaly bolupdyrlar.

Göktürkmenler döwleti sasanylar bilen bile hereket edip, abdallara aýgytly zarba urupdyrlar. Netijede 563-567-nji ýyllar aralygynda abdallar döwleti doly syndyrylypdyr. Şa Hosrow I Gündogarda Amyderýa çenli ägirt uly ýerleri basyp alypdyr. Emma Kaspi ýakasyndaky taýpalar sasanylardan azat bolsalar-da, Göktürkmenler döwletiniň häkimligine belli bir derejede tabyn bolupdyrlar.

575-nji ýylda Wizantiýanyň imperatory Ýustin II, 576-njy ýylda bolsa merdana hökümdar Istemi han aradan çykypdyr. Şundan soň iki goňşy döwletiň özara gatnaşyklaryna sowuklyk aralaşyp ugraýar. Ýustiniň ogly Tiweriý göktürkmenleriň zarbasyndan gaçyp ýören awarlar bilen şertnama baglaşýar. Tiweriniň bu hereketi atasynyň ornuna Göktürkmenleriň döwletiniň Günbatar ganatynyň hökümdarlygyna gelen Tamgan hanyň uly nägileligini döredýär. Anuşirwan Adylyň ogly, Istemi hanyň bolsa agtygy (gyzynyň ogly) Hormizd IV Eýranda şa tagtyna göterilipdir. Ferdöwsi Hormizdiň adalatly patyşalyk etmekde kakasy Anuşirwan Adyldanam ozdurandygyny belleýär. Emma Hormizdiň ykbaly pajygaly gutarypdyr. Halka uly egilişikleri edýänligi, başyna giden begzadalara dözümli garaýanlygy şeýle hem keseki ýagny,göktürkmen gatanjynyň bolanlygy üçin köşk adamlarynyň bir bölegi, aýratyn hem aýalynyň garyndaşlary ony ýigrenipdirler. Olar Hormizdiň ogly ýaşajyk Hosrowy şa tagtya çykarmagyň we onuň arkasyndan ýurtdaky dolandyryşy öz ellerine almagyň ýollaryny gözläpdirler.

590-njy ýylda Hormizdiň aýalynyň iki erkek dogany Bindoý bilen Bistam Hormizdiň garşysyna dildüwşik gurnaýarlar. Sebäbi Sasany şalar – şasynyň garşysyna onuň bäş serkerdesi Ermenistanyň we Azerbaýjanyň häkimi Behram Çübin topalaň turuzypdyr. Bindoý bilen Bistamyň ýolbaşçylygyndaky dildüwüşijiler Bahram Çüginiň topalaňyndan peýdalanypdyrlar. We şanyň otagyna kürsäp girip, Hormizdi tagtdan agdarypdyrlar. Biçäre Hormizdiň

gözüni oýup, zyndana taşlapdyrlar we ol ýalňyzlykda, ejir çekip ölüpdir. Umuman alanyňda Istemi han türkmen halkymyzyň bäş müňýyllyk şöhratly taryhynda öçmejek yz galdyran beýik şahsyýet bolupdyr. Ol türkmeniň ykbaly üçin iňňän möhüm taryhy pursatlarynyň döwründe öz mähriban iline baştutanlyk edipdir. Ol döwürler bolsa halkymyzyň ykbalynyň çözülýän pursatlarynyň biridi. Çünki göktürkmenleriň batyrlygyň we güýjüniň garşysyny hilegär daşary syýasaty we para-peşgeş hereket edýärdi. Şeýle hem goňşy döwletleriň gowy türgenleşdirilen we kämil ýaraglary bilen üpjin edilen hakyna tutma goşunlarynyň söweşjeňligi uruşlar wagtynda sähraly çapyksuwarlar bolan göktürkmen atlylarynyňkydan pes däldi. Ýöne muňa garamazdan göktürkmenlilerde we olaryň merdana han beglerinde Hytaýyň, Sasanylar döwletiniň we Wizantiýanýn hilegär syýasatynda, olaryň hakyna tutma goşunlaryndakam güýçli bir gymmatlyk-mukaddeslik bardy. Ol gymmatlyk-mukaddeslik bolsa Watan üçin, hak iş ugrynda gözsüz batyrlyk bilen çäksiz watansöýüjilikdi. Göktürkmneleriň gahrymançylykly taryhyny öwrene daşary ýurt alymlary şol döwürde biziň gadymy ata-balarymyzyň güýçli döwleti gurup bilendiklerini haýran galmak bilen ýazypdyrlar. Olar şeýle kämil gurnalan we gýçli syýasatlary bolan Hytaý, Sasany döwleti we Wizantiýa ýaly döwletler bilen syýasy we ykdysady gatnaşyklary alyp baran Göktürkmenleriň döwletiniň 200 ýyldan soň ýykylandygy geň däldi. Bu döwletiň şunça ýyllap ýaşap bilendigi geňdir.- diýip belläpdirler.

VII asyryň 80-nji ýyllarynda uzaga çeken göreşlerden soň göktürkmenler öz garaşsyzlygyny dikeltmegi başarýarlar. VIII asyryň başlarynda bolsa bu ýurt ýene-de kuwwatly döwlete öwrülýär. 630-680-nji ýyllarda göktürkmenler Hytaý döwletine salgyt töläpdirler. Şonuň üçin hem 679-njy ýylda Göktürkmenler Hytaý agalygyna garşy uly gozgalaň turuzýarlar. Bu gozgalaňa belli göktürkmen hanlary we begleri baştutanlyk edipdirler. Emma Hytaý goşunlary 681-nji ýylda

gozgalaňçylary derbi-dagyn edipdirler. Gozgalaňyň ýolbaşçylary bolsa Hytaýa äkidilip öldürilipdir. Ýöne munuň bilen gozgalaň ýatmandyr. Wepat bolan serkerdeleriň ornuna täzeleri döräpdir. Gozgalaňyň sebäpleri barada Hytaý çeşmelerinde hiç zat aýdylmaýar. Ýöne göktürkmenleriň öz taryhy bu gozgalaňyň sebäbini düşündiripdir. Bu barada meşhur göktürkmen serkerdesi Költeginiň (hytaýça Kýue-dele) mazar daşynda – şeýle setirler getirilýär: ``Tabgaç budunyna (Hytaý halkyna) beglik ugry ogluň gul boldy, silik (arassa) gyz ogluň güň (gyrnak) boldy``. Ýa-da ``Ellig ýyl işik – güýjük bermiş`` - diýip, göktürkmenleriň Hytaý imperatorlary üçin 50 ýyllap (630-680 ý.ý.) iş-güýç sarp edendikleri beýan edilipdir. Diýmek, gozgalaňyň baş sebäbi keseki agalygyndan dynmak bolupdyr.

682-nji ýylda Göktürkmenleriň han neslinden bolan Gutlug han (Hytaý çeşmelerinde ``Gudulu``) ähli gozgalaňçylary bir ýere jemläp aýgytly hereketlere girişýär. Hytaý goşunlaryna garşy uruşlarda yzly-yzyna ýeňiş gazanyp, Göktürkmenleriň döwletini dikeldýär. Gutlug han şindi Mugan han (553-572 ý.ý.) döwründe Göktürkmenleriň döwletiniň düzümine giren ähli ýerleri gaýtadan birikdirmäge çalyşypdyr. Şonuň üçin hem Gutlug han göktürkmenelriň taryhynda Ilteriş han ady bilen bellidir. Gysga döwrüň içinde Gutlug han berk döwlet düzgünini girizipdir. Ol Hytaý tälimini alan adamlary, hususan-da göktürkmenleriň taryhynda uly işleri bitiren wezir Toňýukugy öz ýanyna çekipdir. Gutlug hanyň Toňýukugy öz tarapyna çekmeginiň sebäbi, ol garşydaş tarapyň gowşak we artykmaç taraplaryny gowy bilipdir. Toňýukuga Gutlug han ``Boýla baga tarhan`` -Döwlet maslahatçysy wezipesini beripdir.

682-683-nji ýyllaryň uruş hereketlerinde Gutlug han bütin Beýik Hytaý diwarlarynyň ugrundaky berkitmeleri derbi-dagyn edipdir. Şeýleleikde Gutlug Ilteriş hana ýykylan Göktürkmen döwletini dikeltmek we kuwwatly döwleti

döretmek başardypdyr. Ol 693-nji ýylda aradan çykypdyr. Hanlyga Gutlugyň inisi Moçür göterilipdir. Dyzmaçlygy we ýowuzlygy üçin ony Gapagan han diýip atlandyrypdyrlar. Gapagan hanyň (693-716 ý.ý.) döwründe-de Göktürkmen döwleti ulalypdyr. Ýöne Gapagan han aňyrdan gelýän köp däpleri bozupdyr. Öňler häkimiyet däp boýunça agasyndan – inisine, ondanam ýene-de agasynyň ogluna geçýär eken. Gapagan han hem hanlygy öz agasy Gutlugdan miras alypdyr. Gelejekde hanlyk Gapagandan Gutlugyň ogly Mogulýan hana (geljekki Bilge hana) geçmelidi. Emma Gapagan han ``Kiçi han`` unwanyny (titul) döredip, ony öz ogluna wesýet edipdir. Tagtyň hakyky mirasdary Mogulýany bolsa tarduşlaryň häkimi (şat) edip ugradypdyr.

703-nji ýyla çenli Gapagan han döwleti berkidipdir. Hytaý bilen parahatçylykly şertnama baglaşypdyr. Ýöne bu şertnamadan Hytaý patyşasy peýdalanmagy başarypdyr. Diplomatiýanyň ýardamy bilen göktürkmenleriň ýapjalaryny öz tarapyna çekipdir. Netijede göktürkmenler bilen garyndaş uýgurlar, türgeşler, gyrgyzlar döwletden bölünip Hytaýyň raýatlaryna öwrülipdirler. Hytaýyň bu hereketleri Gapagan hany gazaplandyrypdyr we 706-njy ýylda goşunlaryny Hytaýyň demirgazygyna sürüpdir. Huanhe deryasynyň boýundaky Minşa şäheriniň ýakynda bolan söweşde göktürkmenler uly ýeňiş gazanypdyrlar. Söweşde Gutlug hanyň ogullary Mogilýan şat bilen Költegin aýratyn tapawutlanypdyrlar. Ilteriş han Göktürkmen döwletiniň ozalky şan-şöhratyny ýaňadan dikeldilýär, ýurdy tertip-düzgüne salyp, 690-njy ýylda bolsa dünýäden ötýär. Onuň yzynda iki sany ýaşajyk ogullary - Mogilýan we Kültegin galýar. Oglanlar ýaş bolandyklary sebäpli olaryň daýysy Gapagan patyşa bolýar. Gapagan 716-njy ýylda dünýäden ötensoň Ilterişiň uly ogly Mogilýan - Bilge (“Bilge” “akylly,” “bilimli” diýmekdir) lakamy bilen 33 ýaşynda, 716 ýylda Göktürkmen döwletiniň beýik hany bolýar.

Bilge hanyň dolandyran döwründe onuň kiçi dogany Kültegin döwletiň goşunynyň baş serkerdesi wezipesini alyp barypdyr.Tagtyň mirasdary Gutlug Ilteriş hanyň uly ogly Mogilýan şat «Bilge han» tagt ady bilen hanlyga göterilipdir.Taryhy çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä Bilge han («Parasatly han» manysynda ) «göwni açyk, dostluga sarpa goýýan» adam bolupdyr. Bilge han häkimeti öz eline alan soň Gapagan hanyň döwründäki ähli döwlet işgärleriniň Toňýukukdan başgasyny ýok edipdir. Toňýukuk Bilge hanyň gaýyn atasy bolupdyr, şeýle hem ol örän pähim-paýhasly we tejribeli döwlet işgäridi. Üstesine-de Toňýukuk Bilge hanyň kakasynyň hem maslahatçysy bolupdy. Şu zatlary nazarda tutup Bilge han Toňýukugy özüne baş maslahatçy (boýla baga tarhan) edip alypdyr.

Bilge hanyň öňünde duran baş wezipe Gapagan han döwründe bulaşan döwletiň içerisini düzgüne salmalydy döwletden bölünip aýrylan raýatlary we ýapjalary yzyna getirmelidi.Bu bolsa Hytaý bilen uruşlara getirjekdi. Bilge han goşunlaryny Beýik Hytaý diwarlaryna tarap sürmegi ýüregine düwýär. Muny aňan parasatly Toňýukuk «Beýtmeli däl. Hytaý patyşasy söweşjeň, halky asuda, ýyl hasylly, bu amatly pursat däl. Üstesine-de biz goşunymyzy täzelikde jemledik, ony entäk gozgamaly däl» diýip maslahat berýär. Şeýle hem Gapagan hanyň zabun syýasatyndan ejir çekip, dürli taraplara giden raýatlar, Hytaýyň tarapyna geçen käbir ýapjalar ýuwaş-ýuwaşdan yzlaryna dolanyp başlapdylar.

Gin-şu goşunlaryny şäherden çykaryp, Bilge hanyň goşunlarynyň üstüne sürüpdir. Emma aýylganç aňzakly sowuk hytaýly esgerlere ýalaňaç elleri bilen ýaý çekmäge mümkinçilik bermändir. Şeýleleikde hytaý goşunlary uly ýeňlişe sezewar edilipdir.

Bilge hanyň alyp baran üstünlikli söweş hereketleriniň netijesinde Göktürkmenleriň döwleti ýene-de öňki araçäklerinde dikeldilipdir. 721-nji ýylda Hytaý köşk adamlary

patyşadan Bilge hana çakylyk ibermegi maslahat beripdirler. Sebäbi Bilge han öz adamlary bilen hytaý köşgüne gelende, olary tussag edip boljakdy. Bilge han çakylygy alypdyr, ýöne özi Hytaýa gitmändirde ýerine  köşk adamlaryndan birini iberipdir. Han ilçisi Meýluçžo Bilge hanyň adyndan hoşniýetli gatnaşyklary we garyndaşlygy teklip edipdir. Hytaý imperatowy Sýuan Szun (712-755 ý.ý.) hem Bilge han bilen şertnama baglaşmak isläpdir. Emma onuň maslahatçylary Sýuan Szuny göktürkmenleriň garşysyna küşgürmäge jan edipdirler. Bu barada ``Tan nesil şalygynyň taryhy`` eserinde şeýle maglumat berýär: ``Göktürkmenler hoşniýetli gatnaşyklary teklip etseler-de, olaryň wepadarygyna ynanmak kyn. Olaryň hany raýatlary bilen gowy gatnaşykda, özem ynsansöýüji, onuň gullukçylaryndan Költegin hakyky serkerde, Toňýukuk bolsa edermen we garradygyça paýhaslanýar. Agzalýan garşydaşlarymyzyň üçüsem häzir agzybir``. Parahatçylykly şertnama baglaşylmasa-da Bilge han Hytaý bilen gowy gatnaşyklary saklapdyr. Ýogsam Tibetiň hany Bilge hana hat ýollap, Hytaýa çozmagy teklibem edipdir, emma Bilge han ol teklibi kabul etmändir. Tibet hanynyň hatyny bolsa Sýuan Szuna iberipdir. Sýuan Szun Bilge hanyň bu hereketine minnetdarlyk bildiripdir we onuň ilçisi Meýluçžony hezzetläpdir. Sýuan Szun serhetýaka serkerdelere we häkimlere serhetde bazarlary açmaga rugsat beripdir. Şunuň netijesinde Göktürkmenler bilen Hytaýyň arasynda gyzgalaňly söwda başlapdyr. Bu bolsa iki goňşy halkyň arasynda ysnyşykly gatnaşyklaryň emele gelmegine, halklaryň durmuş ýagdaýynyň gowulaşmagyna oňyn täsir edipdir. Ýöne hytaýly köşk adamlary patyşa Sýuan Szuna gep bermekligi bes etmändirler we ony göktürkmenlere garşy hereketlere iteklemäge jan edipdir. Bilge hanyň ýöreden ilhalar içeri we dostlukly daşary syýasatynyň netijesinde birnäçe ýylyň dowamynda Göktürkmenleriň döwletinde asudalyk we abadançylyk höküm sürüpdir. Daşary syýasatda bolsa ol Hytaý bilen deňhukukly

gatnaşyklary alyp barmaga çalşypdyr. 731-nji ýylda Bilge hanyň inisi şöhratly serkerde (Göktürkmenleriň döwründe serkerde ``Ýagyçy`` diýlip atlandyrylypdyr) Kültegin aradan çykypdyr. Külteginiň aradan çykmagy Bilge hany kyn güne salypdyr. Sebäbi indi parasatly Toňýukugam, edermen Külteginem ýokdy. Haçan-da Külteginiň ýadygärligi gurulyp gutaranda ``Bilge han bu ýadygärligi görüp, çuň gussa batdy`` diýip ``Tan nesil şalygynyň taryhy `` eserinde aýdylýar.

Bu wakalardan soň Bilge han Çanana ilçi iberipdir we Sýuan Szundan garyndaşlyk açylmagyny iň soňky gezek talap edipdir. Hytaý patyşasy ahyrsoňy öz gyzlarynyň birini Bilge hana bermäge razylyk beripdir we ondan toý sähediniň anyklanmagyny sorapdyr. Emma Hytaý köşk adamlaryna satylan, Bilge hanyň köşk işgäri Meýluçžo 734-nji ýylda hany zäherläpdir. Ölüp barýan Bilge han dönük Meýluçžony (bu dönügiň ady hytaý çeşmelerinde şeýle getirilýär. Dönükligi üçin oguz-orhon ýazgylarynda onuň hakyky oguz ady görkezilmeýär.) jezalandyryp öldüripdir. Hytaý köşk adamlaram, Sýuan Szunam Bilge hanyň ölendigini eşidip, ýeňillik bilen dem alypdyrlar, sebäbi uly giňişliklerde Hytaýyň Bilge handan başga bäsdeşi bolmandyr. Hytaýly ussalar Sýuan Szunyň buýrugy boýunça Orhon derýasynyn boýunda Külteginiň yadygärliginiň golaýynda, Kültegininkä görä kiçiräk ýadygärlik gurupdyrlar, ýadygärligiň arka ýüzünde bolsa hytaý dilinde Bilge hanyň ömri we eden işleri barada ýazgy edilipdir. Külteginiň we Bilge hanyň ýadygärlikleri 1889-njy ýylda rus alymy N.M. Ýadrinsew tarapyndan ýüze çykaryldy. Bilge han ölenden soň onuň ogly Ýolly tegin (hytaý çeşmelerinde Ižan han) köşk adamlarynyň biragyzdan goldamagynda tagta çykypdyr. Ýolly han (734-739 ý.ý.) ýazyjy we taryhçy bolupdyr. Ol Külteginiň we Bilge hanyň mazarynda dikeldilen daşyň ýüzünde oguz-türkmen dilinde uly ýazgylary galdyryp giden beýik şahşyýet bolupdyr. Ýolly hanyň öz kakasy Bilge hanyň başujynda, onuň eden işleri barada ýazan uly

ýazgylarynyň arasynda şeýle setirler aýratyn ünsi özüne çekýär.Bilge han aýdypdyr: ``Ölüp barýan halka jan berdim, ýalaňaç halky geýindirdim, garyp halky baýatdym, az sanly halky köpeltdim.`` Bilge han köpmüňýyllyk taryhymyzda hakykatdan hem şeýle işleri amal eden gerçek bolupdyr.

Göktürkmenler döwletiniň gülläp ösen döwri Bilge hanyň döwrüdir. Bilge han 684- nji ýylda eneden bolup 51 ýaşynda dünýäden ötüpdir.Göktürkmen döwletiniň iň soňky hany Ozmyş han bolupdyr. Onuň patyşalyk eden wagtynda döwlet has hem gowşaýar we 745-nji ýylda garlyk hem uýgur taýpalary tarapyndan basylyp alynýar. Oguz-orhon ýazgylary syýasy wakalardan başga-da göktürkmen jemgyýetiniň dürli ugurlaryna degişli başga-da örän köp maglumatlary berýär. Olarda dürli durmuş taraplarynyň atlary, adam atlary, döwlet derejeleri, garyndaşlyk gatnaşyklary we başgalar barada kösanly maglumatlary görmek bolýar. Oguz-orhon ýazgylarynda **ogul, gyz, ini, gelin, aba, apa** (apa-aýal dogan manysynda), **oge** (ene) ýaly sözler häli-şindi duşýar. Bu atlar henize bu güne çenli türkmen durmuşynda giňden ulanylýar. Ýa-da bolmasa **«güni»** düşünjesi ýany-ýakynlara çenli türkmen durmuşynda ýaşap geldi. **Ýagy, gul, kişi, er, garyndaş, atdaş, arkadaş, baý, urug** ýaly sözler şol wagtlar hem bar eken. Gadymy mirasymyz bolan oguz-orhon ýazgylary göktürkmenleriň döwlet gurluşy barada-da gymmatly çeşme bolup durýar. Ýazgylaryň şaýatlyk etmegine görä, göktürkmenlerde «döwlet» sözi **«il»** diýip, döwlet baştutany bolsa **«Il han»** ýa-da **«han»** diýlip atlandyrylypdyr. Gulluk basgançaklarynda döwlet baştutanyndan soňra han tarapyndan bellenilýän ýa**bgu** we **şat** durupdyr. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň döwründe bolşy ýaly göktürkmenleriň döwleti hem çep we sag gola bölünipdir. Şol gollara bolsa hanyň neslinden bolan **teginler** – şazadalar dolandyryjy edilip bellenilipdir. Göktürkmenleriň döwletinde **«tarhan», «buýruk», «tutuk»** diýip atlandyrylan wezipeler bolup, bu

wezipeleri köşk adamlary ýerine ýetiripdirler. Olar hanyn ýerlerdäki dolandyryjylary bolupdyrlar. Şu ýerde biziň üçin dünuksizrägi **«tutuk»** bolup durýar. Ýone bu sözüň aslynda türkmeniň «tutmak» sözüniň durandygyny göz öňüne tutsak, onda bu söz hem düşnükli mana eýe bolýar ýagny tutuklar kiçeňräk tire-taýpalaryň baştutanlarydyr. Göktürkmenleriň döwletinde köp ýaýran dereje – wezipeleriň biri-de **«begler»** bolup durýar. Begler Göktürkmenleriň döwletiniň jemgyýetçilik – syýasy durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Ady agzalan wezipeler we derejeler **«budun»** diýlip atlandyrylan göktürkmen halkyny dolandyrypdyrlar. Oguz-orhon ýazuwy türkmen halkynyň gadamy ýyl hasaby barada hem gymmatly maglumatlary berýär. Muňa şol ýazgylarda häli-şindi duşýan seneler şaýatlyk edýär. Gyzykly ýeri halkyň içinde häli-häzire çenli ulanylyp gelinýän towşan ýyly, balyk ýyly we ş.m. ýyl atlary şol döwürler hem ulanylypdyr. Aýdanlarymyzy Költeginiň ýazgylarynda agzalan **«biziň ýylyň, dokuzynjy aý…»** diýen maglumat hem tassyk edýär. Oguz-orhon ýazgylaryny okanynda gownejaý, oýlanylyp düzülen sözlemler we söz düzümleri köp duş gelýär we olar häzirki zaman türkmen söz düzümlerinden käbir tapawut hem etmeýär: **«Özi ýanyldy** (ýenildi), **hany olti, buduny gün – gul boldy»** . **«Inim ýedi, oglum üç, gyzym üç erdi». «Gyzymy kylynsyz** (galynsyz) **birdim»** we başgalar.

Sasanylar döwründe gurlan köşk-galalaryň harabaçylyklarynyň onlarçasy Aşgabadyň günbatar we gündogarynda bar.

Murgap oazisinde Merw şäheri Sasany döwründe hem uly şäher bolupdyr, ol Horasanyň administratiw merkezine we welaýat häkiminiň (marzbanyň) mesgenine öwrülipdir. Şäheriň tutýan meýdany ep-esli giňelipdir ( Gäwürgala). Murgap oazisinde kerwensaraýlar, köpçülikleýin ulanylmaga niýetlenilen beýleki jaýlar, şäher görnüşli ençeme täze uly obalar - Topdepe, Torgaýdepe, Garadepe we beýlekiler ýüze

çykypdyr. Täze şäherler senetçiligiň merkezlerine öwrülipdir. Olarda metal önümlerini ýasamak bilen meşgullanýan senetçileriň aýry-aýry kwartallary bolupdyr. Şeýlelikde, Türkmenistanyň ýerlerinde öndüriji güýçler ep-esli derejede ösüpdir.

Bu döwre degişli ýadygärlikleriň arasynda VI-VII asyrlara degişli Uly Gyzgala Gäwürgalanyň günbatar tarapynda emeli galdyrylan beýik depäniň üstünde gurulypdyr. Onuň ägirt diwarlary sütünler bilen bezelipdir. Galanyň ýykylan ýagdaýyndaky beýikligi 15 metre barabardyr. Bu köşk iki gatdan, köp otagdan ybarat bolupdyr. Köşgüň ikinji gatyna asma köpriniň kömegi bilen daş ýüzünden girilipdir. Diwarda penjire bolmandyr, ok atyjylar üçin kä ýerlerinde ýörüte deşikler goýlupdyr.

Merwde Uly Gyzgalanyň golaýynda Kiçi Gyzgala ýa-da Ýigitgala hem salynypdyr, emma ol ondan kän kiçi eken. Ölçegi boýunça taraplary 11-12 ýarym metr sütün bolupdyr. Köşkleriň ikisem bir nesilşalygyň häkimlerine degişli bolupdyr. Saklanyp galan diwaryň beýikligi 8-10 metre barabar eken. Günorta Türkmenistanyň ýerleri öz döwründe dünýä medeniýetiniň taryhynda aýratyn orny eýelän Parfiýa medeniýetiniň ýüze çykmagynda we ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Parfiýada ýerli medeniýet ellin (grek-rim) medeniýeti bilen utgaşyp, biri-biriniň ösmegine täsir edipdir. Onuň şeýledigine geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan ajaýyp binagärçilik we sungat ýadygärlikleri-de aýdyň şaýatlyk edýär.

Parfiýa zamanynda günorta Türkmenistanyň binagärçilik sungaty ýokary ösüşe ýetipdir. Esasy gurluşyk materiallary bolup eýlenen palçyk we çig kerpiç hyzmat edipdir. Agaç, bişen kerpiç, daş, gips hem ulanylypdyr. Nusaýda parfiýaly ymaratçy ussalaryň salan kaşan jaýlarynyň galyndylary saklanypdyr. Köne Nusaýdaky önüm saklanýan inedördül jaýyň eýwany sütünlenip daşyna howly salnypdyr.

Bu howlynyň her tarapyndan sütünli edilip salnan üç sany otag ýerleşdirilipdir.

Köne Nusaýyň günorta böleginde köşk-ybadathana jaýlarynyň ägirt uly toplumy bolupdyr. Şol ýerde 400 inedördül metr meýdany tutýan uly maslahat geçirilýän jaýyň üsti açyldy. Bu jaý iki gat edilip salnypdyr, şonuň ikinji gatynda palçykdan ýasalan heýkeller goýlupdyr. Jaýyň toplumy ýaşaýyş jaýlarynyň we hojalyk jaýlarynyň bir toparyny, sütünli içki howlujyklary, kaşaň ybadathana diňini, şol diňiň töweregine aýlanan dälizleri we uzynlygy 17 m. bolan ybadathanany öz içine alýar. Bu ybadathanada bolsa grek hudaýlaryň şekili goýlupdyr.

Parfiýa heýkeltaraşlyk sungatyndan häzirki döwre çenli saklanyp galanlary, dürli nusgalarda we dürli usullarda ýasalypdyr. Olar: daşdan ýonulyp, metaldan guýulyp we keramikadan-gyzyl palçykdan ýasalan heýkellerden ybaratdyr. Köşkleriň we ybadathanalaryň içini bezemek üçin adam boýundan hem has uly görnüşde palçyk toýundan heýkeller ýasalypdyr.

Margianada hem hudaýlaryň, adamlaryň we haýwanlaryň şekilleri gyzyl palçykdan örän çeperçilik bilen, kiçijik görnüşde ýasalyp ýokary kämillige ýetipdir. Parfiýalylarda daş ýonup, owunjak zatlary ýasap bezeg, doga, şahsy möhür edip ulanýar ekenler. Köne Nusaýdan şular ýaly möhürleriň birnäçesi tapyldy. Olaryň ýüzünde bolsa patyşanyň täç geýip oturan suratlary, awa çykyşlary, dürli-dürli hudaýlaryň, haýwanlaryň suratlary bolupdyr. Patyşalaryň şekilleri Ärsakileriň manatlarynda goýulypdyr. Bu şekilleri Parfiýa nakgaşlary çekipdirler.

Arheologlar Köne we Täze Nusaýdan, Margianadan milli türkmen medeniýetimiziň gözbaşyna degişli onlarça sungat önümlerini topladylar. Şolaryň arasynda Parfiýaly aýallaryň we erkekleriň eşiklerine dakylýan dürli görnüşdäki altyn hem-de kümüş tumarlar bar.

Täze Nusaý galasyndan hem Parfiýa döwrüniň ýaşaýşyny we durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme binagärçilik desgalary tapyldy. Olaryň içinde birnäçe otagdan ybarat ybadathana hem bar eken. Ybadathananyň sütünleri agaçdan bolup, häzirki zaman eýwanly jaýlara çalymdaş bolupdyr. Eýwanyň diwarlary dürli reňkler bilen bezelipdir. Bu tapyndylar ellinizm döwründe Türkmenistanyň ýerlerinde binagärçilik we şekillendiriş sungatynyň ýokary derejede ösendigini görkezýär. Amul şäheri Amyderýanyň orta akymynda ýerleşipdir.Onuň harabaçylygy häzirki Türkmenabat şäheriniň ünorta tarapynda ýerleşýär.Amulda kone eýýam bilen täze eýýamyde ilkinji ilat peýda bolupdyr.Amulyň tebigy-geografik taýdan ýerleşişi bu ýerde ilatyň köpelmegine,oturymlaşmaklaryna oňaýly täsir edipdir.Dehistan Günorta-günbatar Türkmenistanyň uly ykdysady ,söwda,medeni merkezleriniň biri bolupdyr.Şäheriň umumy meýdany 200 gektara barabar bolupdyr.Şäher goranyş diwarlarynyň iki gaty bilen gurşalypdyr.Şäher diwarynyň töwereginden tapylan küýze bölekleri gadymyýetden habar berýärler.

Özüniň dörän ilkinji ýyllaryndan başlap, Sasany döwletiniň çäklerinde kitaphanalar işläpdir. Olaryň ýüze çykmagynda, ýaşamagynda sasany şalarynyň köpüsiniň ylma, medeniýete howandarlyk etmekleri uly ähmiýeti bolupdyr. Ilkinji nobatda, bu meselede Sasany döwletini esaslandyran Ardaşir I (224-241) tapawutlanypdyr. Sasanylaryň döreden kitaphanalarynda saklanýan esasy kitaplar Ardaşir I Hindistana, Hytaýa, Gresiýa ýaly ýurtlara ýörite iberen adamlarynyň, ylmyň dürli pudaklaryna degişli getirden kitaplary saklanypdyr.

Ardaşir I ogly Şapur I (241-272) hem ylma, bilime, medeniýete howandarlyk etmekde atasyndan kem durmandyr. Ol Awestanyň beýanlaryny tertipleşdirmek, göçürmek boýunça atasynyň başlan işini dowam etdiripdir.

III-IV asyrlarda Türkmenistanda (Merwde) maniheýçilik we hristiançylyk dinleriniň ýaýramagy bilen, şol taglymatlaryň ybadathana kitaphanalary ýüze çykypdyr. Emma Merwiň yslam döwründäki meşhur kitaphanalaryndan mongollar döwründe nam-nyşan galmaýşy ýaly, olardan hem yz-toz galmandyr. Sasanylar döwletinde köşk kitaphanasynyň işländigi barada Beýik Hysrow I (529-579) döwürdeşi, Wizantiýaly taryhçy Agafiý anyk maglumatlary berýär. Ol barada görnükli gündogar şynasçy rus alymy W.W. Bartold şeýle ýazýar: “Ahemeniler döwrüniň tersine, sasanylar eýýamynda bu ýurduň köşk kitaphanasynda taryhy kitaplaryň saklanandygy iki uçsyzdyr. Olar bilen Siriýaly terjimeçi Sergiý tanyşypdyr we onuň toplan maglumatlaryna VI asyryň Wizantiýaly taryhçysy Agafiý hem salgylanypdyr”.

Iň soňky Sasany patyşasy Ýezdigert III (632-651) hökümdarlyk eden döwründe hem köşk kitaphanasynyň işländigi barada maglumatlar bar. Ýezdigert III araplaryň yzarlamalaryndan gaçyp 651-nji ýylda Merwe gelipdir. Şonda ol bu şähere pehlewi (ortapars) dilinde ýazylan golýazmalaryň tutuş kitaphanasyny öz ýany bilen getiripdir. Soňra bu kitaplar orta asyr Merwde ýüze çykan meşhur kitaphanalaryň esasyny tutupdyr. Pehlewi golýazmalary Merwde IX asyryň başynda halyf Mamun ibn ar-Raşidiň 813-817-nji ýyllarda bu şäherde oturyp, arap halyfatlygyna hökümdarlyk eden döwrüne çenli saklanyp galypdyr. Halk rowaýatlaryna görä, Horezm hökümdarlarynyň nesilleriniň ylahy pederi gahryman Siýawuş bolupdyr.Onuň biten işleri halk arasynda rowaýata görä Horezm bilen,Ferdewsiniň “Şanamasynda” bolsa Kaňlylar bilen baglanşykly bolupdyr.

Bu döwürde türkmen halkynyň ösen saz sungaty-da bolupdyr. VI-VII asyrlarda ýaşan, asly Merwli meşhur sazandalaryň biri Barbut Merwezi bolupdyr. Barbudyň aslynyň Merwden bolandygyny köp sanly taryhy çeşmelerden başga-da

onuň Merwezi diýen lakamy hem tassyklaýar. Meşhur sazanda Nusaýda doglupdyr.

Sazandanyň çagalyk we ýetginjeklik ýyllary Merwde geçipdir. Şu ýerde-de ol saz çalmagy öwrenipdir, aýdymçy hem sazanda hökmünde kämillige ýetişipdir. Ol 590-njy ýyldan 627-nji (628) ýyla çenli şalyk süren Hysrow II Perweziň köşgünde 618-nji ýyldan baş sazanda bolup, bütin Gündogarda meşhurlyk gazanypdyr. Ol Hysrow şanyň köşgüne diňe bir özüniň berbet atly saz guralyny däl, eýsem saz çalmagyň ussatlyk mekdebiniň hem düýbüni tutupdyr.

Barbut hakyndaky rowaýatlaryň köpüsi orta asyrlara degişli edebiýatlarda giňden berilipdir. Olarda hepdedäki, aýdaky we ýyldaky günleriň sanyna laýyklykda ýedi sany "şa aýdymlaryny" öz içine alýan eserler toplumy barada berilýär. Bu esrde 30 sany sazy we 360 sany aýdymy döredenligi barada maglumatlar bar. Eserdäki berilýän maglumatlarda gahrymançylyk, dini-rowaýaty temalara, her-hili däp-dessurlara, senenama baýramçylyklaryna degişli habarlar berlipdir.

Otparazçylyk dini. "Awesta"**.** Parfiýa döwletinde köp sanly taýpalaryň halklaryň ýaşandygy sebäpli olaryň dini düşünjeleri birmeňzeş bolmandyr. Irki döwürlerde ilatyň durmuşynda atyň we Günüň keramaty güýçli saýylypdyr. Aýal hudaýlarynyň, hudaý enäniň täsiri halkyň durmuşynda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Ellinizm döwrüniň dolandyryjy toparlary grek hudaýlaryna-da uýupdyrlar. Dini ybadatlary berjaý etmek üçin dürli jaýlary, ybadathanalary salypdyrlar. Serkerdeleriň guburynyň üstüne jaý gurmak däbi durmuşa ornaşypdyr. Umuman, Türkmenistanyň ýerinde ýaşan ilat yslam dininden ozal bu ýerlere ýaýran we döwlet tarapyndan goldanan zoroastrizm, buddizm, hristiýançylyk dinleriniň taglymatlaryna ynanyp öz däp-dessurlaryny ýerine ýetirip oda, buddalara çokunypdyrlar. Käbir ýerlerinde bolsa hristiançylygyň taglymatlaryny hem wagyz edipdirler.

Biziň eýýamymyzyň II-III asyrlarynda buddanyň wagyzçylary Merkezi Aziýa esasan hem gündogar Türkmenistana köpçülikleýin aralaşypdyrlar. Olar şol ýerde ýaşan ilatyň arasynda Buddany wagyz-nesihat edipdirler. Kuşan döwründen başlap buddizm Türkmenistanyň günorta-gündogar etraplaryna ýaýrapdyr we ilatyň durmuşynda ýeterlik derejede yz galdyrypdyr. Gadymy Merwiň Gäwürgalasyndan budda ybadathanasy we Budda hudaýynyň şekiliniň tapylmagy bu diniň täsiriniň uly bolandygyna şaýatlyk edýär. Hristiançylyk dini bolsa Parfiýa döwründe aralaşyp başlapdyr. Sasanylar döwründe bolsa hristiançylygyň Merkezi Aziýadaky merkezleriniň biri Merw bolup, bu şäherde az wagtlyk hristian mitropoliti hem oturypdyr.

Gadymy Türkmenistanyň çäklerinde şunuň ýaly dürli dinlere uýmakalryna garamazdan, ilatyň köpçüligi otparazçylyk dinine uýupdyr. Esasy dini ynançlar şuňa laýyklykda alnyp barlypdyr.

Otparazçylyk dini Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanda ýaşan gadymy halklaryň arasynda-da giňden ýaýrapdyr. Bu dine uýmaklyk tä araplaryň Türkmenistana aralaşmagyna çenli dowam edipdir. Bu diniň ady onuň pygamberi Zaratuştranyň ady bilen baglanşyklydyr. Otparazlyk dininiň dini taglymaty keramatly “Awesta” kitabynda beýan edilipdir. “Awestada” ähli zatlar biri-birine gapma-garşylykly iki topara: oňat we erbet zatlara bölünipdir. Otparazçylyk dini hakykat bilen ýalanyň, haýyr bilen şeriň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasynda üznüksiz göreş gidýär diýen düşünjäni wagyz edipdir.

Otparazçylyk dininiň ilkinji dörän ýeri Margiana hasaplanýar. Zaratuştranyň wagyzlarynda adamlar, oda çokunyň, otdan çyra ýasap, o dünýä baryp bolýar diýipmiş. XX asyryň ikinji ýarymynda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde, köne Murgabyň aşaky akymyndan otparazçylyk

dininiň dörän ýeriniň Margianadygyny subut edýän maddy maglumatlar tapyldy.

Otparazçylykda ýokary hudaýdan soň ot, suw, ýer, howa iň “keramatly” zatlar hasaplanypdyr. Bu dini garaýyşda oda keramat hökmünde garalmagy adamzat jemgyýetiniň ýaşaýşynda oduň uly ähmiýete eýe bolandygyny görkezýär.

Sasanylar döwründe ýurdumyzyň ilatynyň dini ynançlary köp görnüşli bolupdyr. Bu döwürde oda sežde etmek bilen baglanyşykly bolan otparazçylyk döwlet dini diýlip yglan edilipdir.

Ýazuw çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä Merw Horasanda otparazçylygyň daýanç şäheri hasaplanypdyr. Sasanylar döwründe Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan ilatyň köpüsi otparazçylyk dinine uýupdyrlar. Muny, birinjiden Artyk obasynyň golaýyndaky Akdepeden, Babadurmazyň ýanynda dag eteginden tapylan ot ybadathanalarynyň galyndylary tassyklasa, ikinjiden, otdan bökmek däbi häli-häzire çenli türkmenleriň arasynda saklanyp galmagy hem subut edýär.

Sasanylaryň agalygynyň başlarynda hristiançylyk dini hem ýaýrap başlapdyr. IV asyryň başlarynda Merwde hristiançylyk ýepiskoplygy (buthanada dini serenjam beriji) bolupdyr. 420-nji ýylda Merw ýepiskoplygy mitropolitlyga (hristian buthanasynyň merkezi) öwrülýär. Şeýlelik bilen az wagtlyk bolsa-da, sasanylar döwründe Merw hristian dininiň hakyky merkezi şäherleriniň birine öwrülipdir. Merwli ruhanylar Fýodor hem-de Ilýa dini jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilen birnäçe dini kitaplary ýazypdyrlar. VI asyrda Merwli hristianlaryň täsiri netijesinde abdallaryň bir bölegi hem hristiançylyk dinini kabul edipdir. Şol asyrda Abiwertde hem hristiançylyk ýepiskoplygy bolupdyr.

VI-VII asyrlarda Merkezi Aziýada agalyk ediji otparazçylyk dini bilen hristiançylyk dininiň käbir akymlary “eretik” mekdepleri bäsdeşlik edip ugraýarlar. Olara nestorianlar diýilip, V-VI asyrlarda olar Wizantiýadan

köpçülikleýin sürgün edilipdirler. Nestorianlar grek-rim awtorlarynyň filosofik eserlerini pehlewi diline terjime edip, Sasanylar döwletinde tebigy ylymlarynyň ýaýramagyna uly hemaýat edipdirler.

Sasanylaryň agalygy döwründe Günorta Türkmenistanyň çäklerine budda dini-de ýaýrapdyr. Merw Merkezi Aziýadaky budda medeniýetiniň hem uly merkezleriniň biri hasaplanypdyr. Gäwürgaladan tapylan iki sany budda ybadathanasynyň içinde keramatly hasaplanýan ýeriň-basgançagynyň, buddanyň ägirt uly kelle heýkeliniň tapylmagy hem subut edýärler. Şeýle-de V-VI asyrlara degişli buddaçylaryň dini golýazmalarynyň, ýüz tarapy suratly küýzäniň tapylmagy hem Merwde budda dininiň ýaýranlygyndan habar berýär.

**Türkmenistanyň taryhy boýunça esasy seneler.**

**Paleolit döwri** – iň gadymy döwürden b.e.öňki XI müňýyllyklar.
**Mezolit döwri** - b. e. öň. XI-VII müň ýyllygyň I ýarymy .
**Neolit döwri** - b. e. öň. VII müň ýyllygyň II ýarymy -V müňýyllygyň I ýarymy.
**Eneolit döwri** - b. e. öň. - V müň ýyllygyň II ýarymy –IV müň ýyllygyň ahyry.
**Bürünç asyry** - b. e. öň. III-II müň ýyllyklar.
**Demir asyry** – b.e. öň. II müň ýyllygyň ahyry I müňýyllyklar
**Ahemeniler döwleti** - b. e. öň. VI-IV asyrlar.
**Patyşa Kir II dolandyran ýyllary b. e. öň. 558-530 ýý.**
**Patyşa KirII Ekbatany basyp a**lmagy-b.e.öň 550ý
**Grek taryhçysy Gerodot** - b. e. öň. 486-425 ýý.
**Kir II Tomirisden ýenilmegi** - b. e. öň. 530-njy ýyl.
**Dariý I edara eden ýyllary** - b. e. öň. 522 - 486 ýý.
**Patigrabana galasynyň ýanynda Dariniň Parfiýalylar bilen söweşmegi**-b.e.öň 521 ý
**Margianada Ahemenilere garşy turan gozgalaň** - b. e. öň. - 522 ý.
**Dariý I Bisütün ýazgysyny ýazdyrmagy**-b.e.öň 521-518ýy aralygy
**Ahemenileriň soňky patyşasy Dariý III Kodomon tagta geçýär**-b.e.öň 336ý
**Gawgameli söweşi**- b.e.öň 331ý,ýazynda
**Aleksandr Makedonskiniň patyşalyk eden ýyllary** - b. e. öň. 336 - 323 ýý.
**Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörüş eden ýyllary**- b.e.öň. 334- 325 ýý.
**Selewek I edara eden döwri** - b. e. öň. 312 - 283 ýý.
**Antioh I – Selewk döwletiniň gündogar sebitlerine hökümdar bolan**
**ýyllary**- b. e. öň. - 283 - 281 ýý.

**Antiýohyň Selewk döwletini dolandyran döwri** b. e. öň 281 - 261 ýý.
**Parfiýa döwletiniň dörän ýyly** - b. e. öň. 247 ýyl.
**Parfiýa patyşasy Mitridat I patyşalyk eden ýyllary**- b. e. öň. 171-138 ýý.
**Parfiýa patyşasy Mitridat I Wawilonyň patyşasy diýip yglan edilmegi**-b.e.öň 141ý
**Parfiýa patyşasy Mitridat I ogly Fraat II dolandyran ýyllary**-b.e.öň 138-128ýý
**Parfiýa patyşasy Mitridat II patyşalyk eden ýyllary**-b.e.öň 123-87ýy
**Hytaý ilçisiniň Parfiýa gelmegi** – b. e. öň. 107-nji ýyl.
**Karry söweşi**-b.e.öň 53ý.9-njy maýy
**Parfiýa döwletiniň synmagy**-224ý
**Kuşan döwleti** - b. e. I-IV asyrlary.
**Afrigiler döwletiniň döremegi**-304 ý
**Afrigiler döwletiniň araplar tarapyndan basylyp alynmagy**-712ý
**Kuşan patyşasy Kanişkanyň dolandyran ýyllary** - b. e. 78 - 123 ýý.
**Mete hanyň – patyşalyk eden ýyllary** - b. e. öň. 209 - 174 ýý.
**Sasanylar döwleti** - III-VII asyrlar.
**Ardaşir I "patyşalaryň patyşasy "diýip yglan edilmegi**-226ý
**Bahram Guruň Sasanylar döwletini dolandyran döwri**-421-438ýý
**Kuşmeýhanyň ýanynda sasany-eftaly urşy**-484ý
**Ŷezdigerd II Sasanylar döwletini dolandyran ýyllary**-459-484ýy
**Sasany patyşasy Anuşirwan Adylyň aradan çykmagy**-579ý
**Sasanylar döwletiniň soňky patyşasy Ŷezdigert III dolandyran döwri**-632-651ýy

**Afrigiler döwleti** -304-712ýý
**Eftaliler** - V-VI asyrlar.
**Göktürkmenler döwleti -** 552ý-745ý
**Göktürkmenler döwletiniň hökümdary Istemi hanyň aradan çykmagy**-576ý **Göktürkmenler döwletiniň hökümdary Gapagan hanyň dolandyran ýyllary**-693-716ýý

## Peýdalynan edebiýatlar


1. Berdimuhamedow Gurbanguly.Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Eserler ýygyndysy.Tom 1. – Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Eserler ýygyndysy.Tom 2. – Aşgabat, 2009.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. –Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. –Aşgabat, 2007.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurnaguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. –Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. – Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň Beýik Galkynyş eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. –Aşgabat, 2009.

12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. –Aşgabat, 2009.
13. Täze galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy. – 2007-nji ýyl. – Aşgabat, 2008.
14. Täze galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy. – 2008-nji ýyl. – Aşgabat, 2009.
15. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi. //Watan, 2007, 31 Mart.
16. “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany. // Türkmenistan, 2007, 16 fewral.
17. Türkmenistanyň Bilim hakyndaky Kanuny. // Türkmenistan, 2009. 20 awgust.
18. “Bilim – terbiýeçilik edralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň karary. //Türkmenistan, 2007, 5 mart.
19. //Türkmenistan. 2009. 13 iýun.
20. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – Aşgabat, 2007-2009.
21. Türkmenistanyň mejlisiniň hasabat sanawy. – Aşgabat, 2007-2009.
22. Türkmenistanyň taryhy boýunça hrestomatiýa. – Aşgabat, 1992.
23. Türkmen taryhynda döwlet meselesi. (Gadymyýet we orta asyrlar). –Stambul 1998.
24. Atagarryýew Ý. Türkmenleriň etniki taryhynyň etaplary. Türkmen halkynyň gelip çykyşynyň, dünýä ýaýraýşynyň we onuň döwletiniň taryhynyň problemalary. –Aşgabat, 1993.
25. Atanyýazow S. Şejere (Türkmeniň nesil daragty). – Aşgabat, 1992.

26. Ballyýew A. Türkmen halkynyň iň gadymy we gadymy taryhyndan maglumatlar, okuwçylar, talyplar üçin gollanma. –Çärjew, 1993.
27. Bäşimowa N. Gadymy Margiananyň Oguzhan türkmen eýýämindäki medeni gatnaşyklar. Türkmenistan. halkara maslahaty. –Mary, 2006.
28. Kuraýewa G. Gadymy Margiananyň çeperçilik medeniýeti. Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýalarynyň täze merkezidir. –Aşgabat, 2006.
29. Meredow A., Ahally S. Türkmen klassyk edebiýatynyň sözlügi. –Aşgabat, 1988.
30. Morgan L. “Gadymy jemgyýet”. Türkmenistanyň taryhy. kitap 1. –Aşgabat, 1957.
31. Myradowa S. Halyçylyk we el işleriniň sözlügi. –Aşgabat, 1967.
32. Sarianidi W.I. Iň gadymy Merw. –M., 1992.
33. Ýusubow H. Gadymy Horezmiň ýüregi. –Aşgabat, 1995.
34. Atagarryýew Ý. Hionit-eftalit birleşigi haçan we nirede bolan? //Mugallymlar gazeti,Aşgabat.1991. 13 dekabr.
35. Annaorazow J. “Ne tütjardyr borjy segsen...” // Edebiýat we sungat, 2004, 25 fewral. aýynyň 25-i.
36. Batyrow A. Möhüm geosyýasy çatrykda. // Türkmenistan, 1998, 25 iýul.
37. Rahmanow G. Türkmen halky nähili döräpdir. //Miras. №1.
38. Ýazberdiýew A. Türkmen kitabynyň taryhyndan oçerkler //Edebiýat we sungat. 1994. 2 dekabr.
39. Parpolla A. Baktriýa-Mergiýan komleksi we ariýa meselesi. Gadymy Margiýana. 2006.
40. Ataýew J. Nurly türkmensiň. Edebiýat we sungat 2007, aprel 13, 20.
41. Türkmenistan SSSR-nyň taryhy. Tom I. kitap I. Aşgabat 1956.

42. Abulgazy Bahadyr han. Türkmenleriň nesil daragty. Aşgabat. 1991.
43. Bekmyradow A. Andalyp hem oguznamaçylyk däbi. Aşgabat, 1987.
44. Görogly. Türkmen halk eposy. Aşgabat, 1980. 577 s.
45. Myradowa S. Halyçylyk we el işleriniň sözlügi. Aşgabat, 1967.
46. Gorkut ata. Gadymy türkmen eposy. Aşgabat. 1990.
47. Annaorazow J. Mete han //Edebiýat we sungat, 2002. 19 iýul.
48. Rahmanow G. Kaňlylaryň döwründe.//Türkmenistan, 1995. 6 dekabr.
49. Bekmyradow A. Andalyp hem oguznamaçylyk däbi. Aşgabat, 1987.
50. Ballyýew A. Türkmen halkynyň iň gadymy we gadymy taryhyndan. Çärjew, 1993.
51. Gündogdyýew O. Aşgabat – keramatly Ärsagyň şäheri. Aşgabat, 2005.
52. Durdyýew M..B. Nusaý Parfiýa döwletiniň paýtagty. Aşgabat 1992.
53. Ferdowsi. Şanama . tom – 1.
54. Ŷusubow H. Köneürgenjiň ady barada kelam agyz. “Edebiýat we sungat” gazýeti. 1992, 03 iýul.
55. Ŷusubow H. Kyrkmollagalasy. Türkmenistan, 1995, 2 fewral.
56. Masson W.M. Irki synpy jemgyýetiň bosagasynda. B.e.öňki I müňýyllygyň birinji üç böleginde Orta Aziýanyň günorta oazisleri. Orta Aziýa daş we bürünç döwürlerinde. Moskwa-Leningrad. 1966.
57. Petrow A. Gadymy ýüpek ýoly nähili döräpdir? // Türkmeniň ýüpek ýoly, 1999, 24 oktýabr.
58. Batyrow A. Möhüm geosyýasy çatrykda. // Türkmenistan, 1998, 17 iýul.
59. Ataýew J. Şahy ýüpegiň mekany. // Diýar, 2002, № 5.

60. Hanmyradow G. Sarahs-kerwen ýollarynyň çatrygynda. Aşgabat, 2004.
61. Atagarryýew Ý., Annanepesow M. Türkmenistanyň taryhyndan materiallar. Aşgabat, 1995.
62. Atagarryýew Ý, Hojanyýazow T. Türkmenistan “Beýik Ýüpek ýolunyň” ugrunda. Aşgabat, 1990.
63. Gubaýew A., Kubasow S. “ Beýik Ýüpek ýolunyň” gadymy döwürlerdäki we irki orta asyrdaky esasy ugurlary. // Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1972, № 2.
64. Atagarryýew Ýe. Dehistan –Maşatmisseriýan ýüpek ýolundaky bir şäher. // Türkcan, 1994, № 8.
65. Atagarryýew Ý., Annanepesow M. Türkmenistanyň taryhyndan materiallar. (Gadymy eýýamdan X asyr aralygy). Aşgabat, 1995.
66. Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1970, № 1.
67. Gawrilow M.W. Köneürgenç geçmişiň we şu günüň sahypalary. Daşoguz, 1993.
68. Atagarryýew Ý., Hojanyýazow T. Türkmenistan “Beýik ýüpek ýolunyň ugrunda”. Aşgabat, 1990.
69. Masson W.M. Murgap deltasyndaky giçki bürünç we irki demir döwrüniň oturymly ýerleri. KSIIMK, 64 1956.
70. Turaýew B.A. Gadymy Gündogaryň taryhy, tom II , Leningrad, 1963.
71. “Awesta” barada türkmen taryhynda ilkinji gezek türkmen alymy Almaz Ýazberdiýew düýpli kitap ýazan alymdyr.
72. Ýazberdiýew A. Awesta (Widwdat)-döwlere garşy kanun) Žur. Türkmen arhiwi. 2007. Ýörite neşir. Aşgabat 2007.
73. Dubowa N.A. türkmen halkynyň kemala gelmegi baradaky antropologik maglumatlar. Türkmen halkynyň gelip çykyşynyň, dünýä ýaýraýşynyň we

onuň döwletiniň taryhnyň problemlary. Aşgabat. 1993.
74. Atanyýazow S. Türkmen halkynyň tire-taýpa we ýer-ýurt atlarynda gadymy saklardan galan yzlar hakynda türkmenhalkynyň gelip çykyşynyň dünýä ýaýraýşynyň we onuň döwletiniň taryhynyň problemalary. Aşgabat 1993.
75. Hanmyradow G.N, R.Ç.Kalaýew. Pamyk türkmenleri Türkmenistanda arheologiýa we etnologiýa: täze barlaglar we aktual problemalar dokladlaryň gysgaça mazmuny. Aşgabat 1998.
76. Gubaýew A, G.G.Durdyýewa. türkmen haly sungatyndaky käbir nagyşlaryň gadymylygy barada. Žur. Türkmenistanyň ýadygärlikleri. 1989.
77. Ödemyradow B. Altyndepe i Margiana: Swýazi, hronologiýa, proishoždeniýa, Aşgabat 1993.
78. Sarianidi W.I Gadymy Merw.M.1992.
79. Dubowa N.A. Antropologiki maglumatlar esasynda Goňur depäniň ilaty barada gadymy Margiana dünýä siwilizasiýasynyň täze merkezidir. Aşgabat 2006.
80. Sarianidi W.I. Türkmenistan gadymy gündogar siwilizasiýasynyň merkezi Aziýa ojagy. Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýanyň täze merkezidir. Mary 2006.
81. Ýazbediýew A. Türkmen kitabynyñ taryhy. Aşgabat 1991.
82. Dubowa N.A. Antropologiýa maglumatlaryň esasynda Goňur depäniň ilaty barada. Gadymy Marguş dünýäniň siwilizasiýasynyň täze merkezidir. Mary. 2006.
83. Sarianidi W.I. Marguş-Türkmenistan. Aşgabat. 2002.
84. Арриан «индия » вестник древни истории №2 –М., 1940
85. Всемирная история. М. П. Грязнов –М., 1955.

86. Wseobşaýa istoriýa arhitektury. T. № 1, M., 1970. s. 362-363.
87. Городища Топрак кала. ТРХАЕЕ. Том XII. –М., 1961.
88. Древнетюрский словарь. –Л., 1969.
89. История Узбекского народа. –Т., 1956.
90. История народов Узбекистана. Т.1. –Т., 1992.
91. История древного мира. Рестоматия. –М., 1970.
92. Istoriýa tadjikskogo naroda. t.I, M ., 1965 s. 216
93. Istoriýa Turkmenskoý SSR. t.I, Aşgabad, 1957.
94. Истории народов Узбекистана. т.I. Ташкент. 1950. с. 132-133.
95. Исторический журнал эскадры графа Вайновича. М. 1809.
96. Материалы по истории туркмен и Туркмении. –М-Л., 1939.
97. Мифологически словарь. –М., 1991.
98. Новые исследование на поселение Джейтун. –Ашхабад, 1992.
99. Хрестоматия по истории Туркменистана. –Ашхабад, 1991.
100. Очерки истории СССР – Первобытно – общинный страй и древнейшие государство на территории ТССР. М. 1956.
101. Atagarryýew Ý. Materialnaýa kultura Şahr – Islama. Asgabat – 1978.
102. Абаев В.И. Антидэвовская надпись Ксеркса. Иранские языкы. –М-Л., 1945.
103. Антонова К.А. Бонград-Левин Г.М. Котовский Г.Г. История Индии. –М.,1979.
104. Андронов М.С. Язык Брагун. –М., 1971.
105. Акишев К.А. Саки Азиатскиеи Скифы Европейские (общее и особенное в культуре). –Алма-ата, 1973.

106. Акишев К.А., Кушаев Г.А. Древняя культура саков и усуней домны реки или. –Алма-ата, 1963.
107. Артамонов М.И. Кимерийцы и скифы. –Л., 1974.
108. Бартольд В.В. Сочинение. т.5 М., 1968
109. Бартольд В.В. Сочинения. т.2. ч.1. –М.,1963.
110. Баженов Л.В. Древние авторы о средней Азии. Хрестоматия. –М.
111. Белова Л.К. К вопросу о месте асимметриного наконечника в арудийних комплесах каменного века. – УЗБ. Антсер. N6. 1989.
112. Бердиев О. Чопан-депе памятник неолитической Джейтунской культуры. Неолитические поселение и средневековые города. Ашхабад, 1971.
113. Бернштам А.Н. Очерк истории гуннов. –Л., 1951.
114. Бернштам А.Н. Труды Семиречинской экспедиции Таласская домн, материалы по Казакской ССР, том. –Алма-ата, 1950.
115. Бернштам А.Н. История археологические очерки центрального Тяншаня и Памир- Алая. МИА СССР, №26. –Л, 1952.
116. Бернштам А.Н. Очерки исстории гуннов. –Л.,1951.
117. Берзин Е.О. Чему учил Заратуштра? //Атеистическик чтение. Вып.14.-М.:Политиздат, 1985.
118. Блинов А. Партнерство. Труды института этнографии АН. СССР, новая серия, том II М. – Л., 1947.
119. Бонград-Левин Г.М. Арийское и неарийское в древней Индии. –Л., 1988.
120. Бонград Левин. Г.М., Левин И.Х. Карапская цивилизиция и Арийская проблема. жур. Советская этнография. 1962. № 1.

121. Бичурин И.Й. Собрание с ведений о народах, обытавших в Средней Азии в древние времена.М. 1950, ч.3.
122. Бламрамберг И.Ф. статическое обозрени Персии. Зап. РГО, КН. ЦГУ. Спб. 1853.
123. Боде К. Очеркм туркменской земли и Юго восточного побережя Каспийского моря. отд. изд.
124. Вайнберг Б. И. Куюсайская культура ренне – железного века при Сарыкамышеской дельте Амударья. У.С.А. 75.
125. Вайнберг. Б.И. Памятники Кусайской культуры. Качевники на границах Хорезма труды Хорезмской экспедиции. Тр. Экпедиции. –М., 1979.
126. Вязигин С.А. Эфталиты. История Туркменской ССР. т.1.
127. Вамбери А. серет. А.Губаев. Археология Туркменистана. Ашхабад. 1989. стр. 20.
128. Гафуров Б.Г. Таджики. Древнейщая, древнея и средневековая история. –М., 1972.
129. Гинзбург. В.В. Трафимова. Т. А. Палеонтропология Средней Азии. – М., 1972.
130. Губаев А. Раскрываются тайны замка Ак-тепе. – Ашхабад, 1981.
131. Гундогдыев О.А. Прошлое туркмен. –М., 1998.
132. Гурбанов А. Эфталиты. –С-Пб., 2006.
133. Грязнов М.П. Северный Казакстан в эпоху ранных кочевников. КСИИМК, вып. 61, –М., 1956.
134. Грязнов М.П. Древние культуры Алтай. Материалы по изучению Сибири вып. 2. –Новосибирск, 1930.
135. Грязнов М.П. Усунские магильники на территории Киргизской ССР. ВДИ., 1938 N3.
136. Граков Б.Н., Мелюкова А.И. Об этнических и культурных различеях в степных и лесостепных областях европейской части СССР в скифское

время. сб. “Вопросы Скифа Сарматской археологии”. –М. 1954.
137. Гафуров Б.Г., Сибукидский Д.И. Александр Македонский и Восток. – М., 1980.
138. Гиппократ. О воздухе, водах и местностях. Перевод с греческого В.И.Руднева, М., 1936.
139. Григорев В.В. О скивском народе Саках СПБ 1871 стр 119, В.В.Струве “Восстание в Маргиане при Дария”.
140. Гумилев Л.Н. История народа Хунны. –М., 2002.
141. Гумилев Л.Н Хунну. –М., 1960.
142. Гордлевский В.А Государство Сельджукидов. М.-Л. 1941.
143. Дандамаев М.А., В.Г.Луконин. Культура и экономика Древнего Ирана. М. 1980.
144. Дандамаев М.А. Политическая история Ахеменидской державы. –М. 1985.
145. Дамдамаев М.А. Клинописные данные об ариях. Политическая история Ахеменидской державы. –М., 1985.
146. Дикшит С.К. В ведение в археологии. –М., 1951.
147. Дильс Т. Античная техника. М- Л. 1934 стр 95 см. Б. А. Литвинского.
148. Дубова Н.А. Население эпохи бронзы Южного Туркменистана. (Полевые исследования). Института этнологии и антропологии. –М., 2004.
149. Дурдыев М.Б. Туркмены (Поиски предков туркменского народа и его исторической прародины). –Ашхабад, 1991.
150. Дьяконов М.М., Мандельштам А.М. Средняя Азия III-V вв. очерки Истории СССР. –М., 1958.
151. Дьяконов М.М. Очерки истории Древнего Ирана. – М., 1961.

152. Дьяконов И.М. Рецензи на работа. В.М.Массона. ВДИ. 1960. №3.
153. Дьяконов И.М. История Мидии. –М.-Л., 1956.
154. Дьяконов И. М. Восточны Иран до Кира. История Иранского государство и культуры. М. 1971. стр. 86.
155. Ильясов Дж. Некоторые замечания к проблеме происхождение эфталитов. Трансохиана. История и культура. –Ташкент-Москва, 2004.
156. Илин Г.Ф., И.М. Дьяконов. Индия Средная Азия и Иран в первой половине I тысячелетия до н.э. (Арийская проблема). –М., 1982.
157. Карпов Г.И. Очерки по истории туркмении и туркменского народа.
158. Коробкова Г., Крижевская Л., Мондельшман А. К вопросу о неолите Прикаспия., Археология и этнография Средней Азии. –М., 1968.
159. Коробкова Г. Культуры Средней Азии эпохи мезолита и неолита. Проблемы археологии Средней Азии. – Л., 1968.
160. Коробкова Г. Проблема культур и локальных вариантов в мезолите и неолите Средней Азии. КСИА.122.1970.
161. Коростовцев М.А. Письма и язык Египта (докторская диссертация).
162. Крюкова В.Ю. Зороастризм – Иран. –С-Пб., 2005.
163. Лаптев В.В. Раннефеодальные государства Закавказья и Средней Азии в IV-IX вв. –Л., 1963.
164. Лисицина Г. Основные этапы истории земледелия на юге Среднем и Ближнем Востоке. КСИА, 122.1970.
165. Лисицина Г.Н. Орошаемое земледелье Энилиолита на юге Туркмении. М. И. А. 1965. № 128.
166. Лисицина Г.Н. Становление и развития орошаемого земледелья в южной Туркмении. –М., 1978.

167. Ливишин В.А. Авеста предусловия. Авеста первой. Столбин-Коменский И.М. 1990.
168. Литвинский Б.А., Окладников А.П., Ранов В.А. Древности Кайран-Кумов. –Душанбе, 1962.
169. Литвинский Б.А. Древние кочевники “Крыша мира”. –М., 1972.
170. Литвинский Б.А., Пянков И.В. Военные дело у народов Средней Азии в VI-V вв. до н.э. seret: Массон В.М. Расцвет и упадок культуры земледельцев юга-запада в. Кн. “Средняя Азия в эпоху камня и бронза”. –М-Л., 1966.
171. Литвинский Б.А. Археологические открытия в Таджигистане за годы Советской власти и некоторые проблемы древней истории Средней Азии ВДИ, №4, 1967.
172. Литвинский А. Б. Саки которые Согдом в зборные памяти М. С. Андреева. –Сталинабат, 1960.
173. Максимов Э.С. Древности Маргуша (Адам басан). итоги раскопки. 1984.
174. Массон В.М. Понятие культуры в археологической систематике. Сб. Каменний век Средней Азии и Казахстана. – Ташкент, 1972.
175. Массон В.М. О культе женского божества у анауских племен. КСИИМК вып. 73
176. Массон В.М. Древнеземледельчиские племена Южного Туркменистана и их связи с Ираном и Индией ВДИ N1 его же изучение энеолит и бронзового века Средней Азии. Советская Археология. –М., 1957. N4.
177. Массон В.М. Древнеземледельческая племеной южного 12 Туркменистан и их связи с Иранам и Индии. ВДИ. 1954. №4.
178. Массон В.М. Первобытный общинный строй на территории Туркмении (Энеолит бронзовый век и

эпоха раннего железа. Труды ЮТАКЭ. Том VII. – Ашхабад, 1956.
179. Массон В.М., Рамадин В.А. История Афганистана. Том 1. –М., 1964.
180. Массон. В.М. Изучение энэоилита и бронзового века Среднии Азии «Советское археология» М. 1957 № 4.
181. Массон В.М. Древнеземлельческая культура Маргианы. Материалы и иследования по археологическим СССР №73 М 1959.
182. Массон В.М. Средняя Азия и Иран в III тысячелетии до н.э. КСИА № 98. –М., 1964.
183. Массон В.М. Еше раз о Геродотовой реке Акес. Эллинистический ближный Восток. Византия и Иран. –М., 1967.
184. Массон. В.М. Средная Азия и древний Восток. –М., 1964.
185. Массон В.М., Адыков К. Древности Теджен – Мургапского междурелья. Известия АН ТССР. 1960. № 2.
186. Маммедов М. Древняя архитектура Бантрии и Маргианы. –Ашхабад. 2003.
187. Мандельштам А.М. О некаторых вапросах сложения таджикской народности в стеднеазиатском междуречье. СА. 1954. вып. XX.
188. Мандельштам А.М. Памятники эпохи бронзы в южном Таджикистане «материалы иследования по археологии СССР». № 145. –Л., 1968.
189. Маршак Б.И. К вопросу о восточных противниках Ирана в V в. Страны и народы Востока.вып.Х. – М.,1971.
190. Медведев Е.М. Очерки истории Индии до XIII в. – М., 1990.

191. Неразик Е.Е. Предки таджикского народа в IV-V вв. н.э. //История таджикского народа. т.1. –М., 1963.
192. Окладников А.П. Проблемы древнейших культурных и этнических связей Средней Азии и Сибири. Каменний век Средней Азии. – М., 1972.
193. Окладников А. Древнейшее прошлое Туркменистана (древние охотники и собиратели в стпях и пустынях Туркменистана. Институт истории Археологики и этнографии. –Ашхабад, 1956.
194. Окладников А. Пещера Джебел – памятник древней культуры Прикаспийских племен Туркмении . Труды ЮТАКЭ. Т. VII. –Ашхабад, 1956.
195. Пьянков И.В. Массагеты соседи Индийцев. Средняя Азия в древности и средновековье. –М., 1977.
196. Пьянков И.В. “Саки” (содержание понятия) Известия АН Таджикской ССР, отделение обш. Наук (53), –Душанбе, 1968.
197. Сарианиди Д. О великом лазуритовом пути на древнем востоке. КСИА 98. 1964.
198. Сарианиди В.И. Древности страны Маргуш. –Ашхабад, 1990.
199. Сарианиди В.И. Древнейший Мерв. –М. 1992.
200. Сарианиди В.И. Хапуз депе как памятик эпохи бронза КСИА. АНСССР, вып 93. –М., 1959.
201. Сарианиди В.И. Раскопки жилих комплексов на энэолитическом поселении Геоксюр. КСИИМК. Вып. 76. 1959.
202. Струве В.В. Арийская проблема. С.Э. №6-7. 1947.
203. Струве В.В. “Родина Зороастризма” сборник. Средняя Азия и Иран.
204. Струве В.В. “Восстание В Маргиане при Дария” Материалы Южно Туркменстанской

археологической комплексной экспедиции в.ы.п. I. – Ашхабад, 1949.
205. Струве В.В. Восстание в Маргиане. материалы ЮТАКЭ. Вып. –Ашхабад, 1957.
206. Семенов А. А. Два новых исторических документа эпохи Дария Гистасна. –Ташкент 1928 г. Бюлл, САГУ, в 17.
207. Толстов С.П. По следам древнехорезмийской цивилизации. –М-Л., 1948.
208. Тревер К.В. Эфталитское государство (V-VI вв.) История народов Узбекистана. т.1. –Т., 1950.
209. Трофимова. Т.А. Черепа из погребений Куюсайской культуры в могильников туммек кичижик и тарим – гая кочевники на границах Хорезма. –М., 1979.
210. Фрай Р. Наследие Ирана. –М., 1972.
211. Хлопин И.Н. Индоиранцы: Земледельцы или скотоводы? (исходный вопрос Арийской проблемы). Вопросы истории №10. 1970.
212. Хлопин И. Н. Дашлиджа депеи этнолитические земледельцы южного Туркменистана тр. ЮТАКЭ том X. –Ашхабад, 1961.
213. Хлопин И.Н. Геоксюрская группа эноилтических поселений. –Л., 1964.
214. Юсубов. Х. Курганы Могильников Тарим – гая кочевники на гроницах Хорезма. Труды Х.А.Е.Е. том. 10. МИЩ. 79
215. Юсубов Х. Древности Узбоя. Ук.соч.
216. Великие открытие в старой делте Мургаба. // Нейтральный Туркменистан, 2001, 22 октябрь.
217. Массон В.М. Эфталитское обьединение и период политической раздробленности. //
218. Сарианиди В.И. Печати-амулети Мургабского стилья. // Советская археология. 1976. N 1.; Нейтральный Туркменистан. 2001, 22 октябрь.

219. Сарианиди В.И. В поисках страны Маргуш. // Туркменистан сегодня. 1992, N5.
220. Хлопин И.Н. Новая гиротеза о прородине ариев. Журн. Памятники Туркменистана. № 2 1990.
221. Хлопин И.Н. Новая гиротеза о прородине ариев. Журн. Памятники Туркменистана. № 2 1990.
222. Гундогдыев О. Этногенетические и лингвистические связи древных тохаров (дахов) и туркмен.// Diller dünýäsi. 1994, N 2.
223. Ершов С.А. Итоги тер.лет. журн.Туркменеведение. 1931.№7-9.
224. Кошгорий Махмуд. Девону луготитт турк. 1 том. Тошкент, 1960.
225. Кошеленко Г.А. Культура Парфии. М., 1966.
226. Кошеленко В.А. Родина Парфии. М., 1977.
227. Литвиниски А.Б. Саки которые Согдом в зборные памяти.
228. Ломакин - генерал. Осмотр развалин древнего города Мешеди-Миссириан. Изв.Кавказ. отд.РГО.т.5.
229. Маргулан А.Х., Акишев К.А., Оразбаев А.Н. Древняя культура центрального Казакстана. Алма-ата, 1966.
230. Максимова А. Г.Гургани Сакского времени магилника Джубан Торе. Алма- ата 1960.
231. Массон М. Народы и облсти южного Туркменистана. В.Д.И. № 2, 1950.
232. Массон М.Е. В ЮТАКЭ. Изв.АН.СССР.Сиф.т.7.№2.1960.
233. Массон М.Е., Пугаченкова Г.А. Парфьянские ритоны Нисы. Тр.ЮТАКЕ, t. IV. – Ашхабад, 1959.
234. Массон М.Е. Народы и области Южной части Туркменистана в составе парфиянского государства. Тр. ЮТАКЕ. т. V. Ашхабад. 1955.

235. Массон М.Е., Г.А.Пугаченкова. Оттиски парфиянских печатей из Нисы. ВДИ. 1954. №4.
236. Массон М.Е. Краткая хроника полевых работ.
237. Массон М.Е. Фрагмент из истории распространения в древности шелкопряда. Bombix mori, Belek S.Ý́.Malowu. –Фрунзе, 1946.
238. Массон М.Е. Народы и области Южной части Туркмеристана в составе парфиянского государства. Труды ЮТАКЭ том V, Ашхабад 1955.
239. Массон М.Е., Пугаченкова Г.А. Оттиски парфиянских печатей из Нисы, ВДИ, 1954, №4,.
240. Массон М.Е. Краткая хроника полевых работ ЮТАКЕ. Труды ЮТАКЕ, том , Ашхабад, 1955.
241. Массон М.Е. Новые данные по древней истории Мерва. ВДИ, 1951, V 4.
242. Массон М.Е. Новые археологичекие данные по истории рабовладельческого общесва на территории Южного Туркменистан. ВДИ, 1953. №1.
243. Массон М.Е. Краткая хроника полевых работ.
244. Массон М.Е. Народы и области южной части Туркменистана.
245. Марущенко А.А. Хосров-Кала. Труды Института истории, археологии и этнографии АН ТССР, том II, Ашхабад, 1956.
246. Массон В.М. Памятники культуры Архаического Дахистана в Юго-западной туркмении. ТР.ЮТАКЭ. том.7. Ашхабад. 1956.
247. Массон В.М. Памятники культуры археологического Дахистана в юго западной туркмении . тр. ЮТАКЕ. Т. VIII Ашхабад. 1956.
248. Массон В.М. Эфталитское обьединение и период политической раздробленности. М. 1964. т.1.
249. Массон В.М. Древнеземледельческая культура Маргианы. с. 40-41.Gerodot. XV.

250. Массон М.Н. Городища Нисы в селении Багир и их изучение. Тр. ЮТАКЭ. т.1. Ашхабад. 1949.
251. Мережин Л.И. К характеристике керамических печей периода рабовладения из раннего срденевековья в Мервском оазисе, труды ЮТАКЕ, том XV, Ашгабат, 1962.
252. Марущенко А.А. Хосров-Кала. Труды института истории, археологии и этнографии АН ТССР. т.II.Ашхабад. 1956.
253. Мошкова В.Г. Ковры народов Средней Азии конца XIX-начала XX в. Ташкент. 1970.
254. Муравьев Н.Н. Путишестив ие в туркмению и Хыву в 1919-1820г. 1822.
255. Ошанин Л.В.Антропологический состав туркменских племен и этногенез туркменского народа. Труды ЮТАКЕ, т 9. Ашхабад, 1959.
256. Пьянков И.В. Массагеты соседы Индийцев. Средняя Азия в древности и средневековье. – М., 1977.
257. Пигудевская Н.В. Сирийские источники по истории народов СССР. М-Л. 1941.
258. Равлски Д. С. Очерки идеологии Скифо-Сакских племень. М. 1977.
259. Руденко С.И. Культура хуннов и Ноинулинские курганы. Л. 1962.
260. Сергеенко М. Е. Поход Александра. М. – Л. 1962.
261. Страбон. География в 17 книгах. М.
262. Сулейманов О. Определение берега. Алма-Ата. 1979.
263. Струвэ В.В. Похот Дария 1 на Саков-Массагетов. ИАН СССР. том-2, N°3.
264. Струвэ В.В. Восстание в Маргиане при Дари I. Материалы ЮТАКЭ. Вып. 1. – Ашхабад, 1949.
265. Сарианиди В.И. Маргуш. Туркменистан. – Ашхабад, 2002.

266. Стебницский П.П. От чего путешествии в закаспийском Крае в 1873. Изв. Кавказ.отд. РГО.ч.2. Тифлис.1872.
267. Толстов С.П. По древним дельтом Окса и Яксарта. М., 1962.
268. Толстов С.П. По следам древнего Хорезмской цивилизации. – М.-Л., 1948.
269. Трофимова Т.А. Саки Приаралья (Карнологически очерк) полявые исследования Хорезмской экспедиции. вып. 6, М., 1963.
270. Булгаков П.Г. Из арабских источников о Мерве. Тр. ЮТАКЭ. Ашхабад: Изд-во АН ТССР, 1963.
271. Вязигин С.А. Стена Антиоха Сотер вкруг древней Маргианы. Тр. ЮТАКЭ. 1949.
272. Гундогдыев О. Конь и конница у туркмен. – Ашхабад, 1996.
273. Гумилев Л.Н. Эфталиты – горцы или степняки? Вестник древней истории. М. 1967. №3.
274. Дьяконов И.М., Массон М.Е., Ливщиц В.А. Парфиянские документы из Нисы. Материалы ЮТАКЭ. Вып.2. Ашхабад. 1950.
275. Дьяконов М.М. Очерки истории древнего Ирана. Москва. 1961.
276. Дьяконов М.М., Ливший В.А. Парфианское царское хозяйство в Нисе до н.э. WDI. 1960. №2.
277. Кошеленко Г.А. О фронтальности Парфьянской искусстве. Историко-археологический сборник в чест А.В.Арсиховского. – М., 1962
278. Кошеленко Г.А. Культура Парфии. – М., 1966.
279. Кошеленко Г.А. Родина парфьян. – М, 1977.
280. Курбанов А. Эфталиты. Санк-Петербург. 2006.
281. Нрозик Э.Э. Сульские релищи в Хорезме. I-14 ww. 1976.

282. Пилипко В.Х. Каракумские древности. Вып. – 2. – Ашхабад, 1982.
283. Пугаченкова Г.А. Пити развития архитектуры Южного Туркменистана поры рабовладения и феодализма. Тр.ЮТАКЭ, т-VI. – М., 1958.
284. Пугаченкова Г.А. Искусства Туркменистана. 1967.
285. Пугаченкова Г.А. Коропластика древнего Мерва. Тр.ГТАКЭ. т. XI. – Ашхабад, 1962.
286. Ташходзаев. Разер городской стеины Гяаур-калы. Тр. ЮТАКЭ. т. XXI. Ашхабад. 1963.
287. Тер-Мкртичян Л.Х. Армянские источники о Средней Азии V-VI вв. М. 1979.
288. Шуази О. История архитектуры. Т-I. –М., 1955.
289. Ремпель Л.И. Терракоты Мерва и глиньяные статуи Нисы. Тр.ГТАКЭ. т.1. – Ашхабад, 1949.
290. Раилвич Б. Эллинизм и его историческая рол. –М.-Л., 1960.
291. Юсупов Х. Древности Узбоя. – Ашхабад, 1986.
292. Юсупов Х. Узбой в античный время в сфере новой археологических данных. Изв. АНТЕСР. 1976, №6.
293. Юсупов Х. Новые сведения о древних Кочевниках Узбоя. ВКН. Новой археологическое открытие в Туркменистане. – Ашхабад, 1982.
294. Хвостов М. История восточной торговли греко-римского Египта (332г. до R.H.-284 g.po. R.H. ).Казан. 1907.
295. Ринард Хинниг. Неведомые земли. т.II. –М., 1661.
296. Виноградов В.В. Бирюза, первобытная мода, этногенез… СЕ. 1972. №5.
297. Федерович Е.Х. Иследование древних тканей из раскопок ЮТАКЭ в старом Мерве, труды
298. Мережин Л.И. К характеристике керамических печей периода рабовладения из раннего

средeневековья в Мервском оазисе. Тр. ЮТАКЭ. т.XV. Ашхабад. 1962.
299. Кошеленко Г.А. Монетное дело Парфии при Митридоте I. Нумизматика и эпиграфика. т. X.Москва. 1972.
300. Оразов О. Археологические и архитектурные памятники Серахского оазиса. Ашхабад. 1973.
301. Росляков А.А. Мелкие археологические памьятники окрестностей Ашхабада. Тр. ЮТАКЭ. т.V.
302. Пигулевская Н. Византия на тучях в Индию. Москва-Ленинград. 1951.
303. Дал.Ш. История Византийской империи. 1948.
304. Пугилевская Н.В. Города Ирана в раннем средневековье. Москва-Ленинград. 1956.
305. Пугилевская Н.В. Арабу и границ Византии и Ирана в IV-VI вв. М-Л. 1964.
306. Гумилев Л.Н. Эфталиты и их соседы в IV в. Жур. ВДИ. 1959. №1.
307. Ртвеладзе А. Великий шелковый путь. Энциклопедический справочник. Ташкент, 1999.
308. Оразов О. Археологические архитектурные памятники Серахского оазися. Ашхабад, 1973.
309. Пугаченкова Г.А. Пути развития архитектуры Южного Туркменистана поры рабовладения и феодализима. М., 1958.
310. История таджикского народа. Том 1 Москва 1963
311. Раилвич Б. Эллинизм и его историческая рол. Москма- Лелинград, 1960.
312. С.А. Вязигин. Стена Антиоха Сотер вкруг древней Маргианы, Труды ЮТАКЭ . 1 1949 .
313. Усманов З.И. Новые данные к археологической стратиграфии Эрк-Калы. Т.XIV. Ашхабад, 1969.
314. Ташходзаев . Разер городской стеиы Гяаур-калы. Турды . ЮТАКЕ . том XXI, Ашхабад, 1963.

315. Пугаченкова Г.А. Пути развития архитектуры Южного Туркменистана поры рабовладения и феодализма, Труды ЮТАКЭ том VI, Москва 1958.
316. Пигулевская Н.В. Ближний Восток Византия словян. Ленинград 1976.
317. Усманова З.И. Раскопки мастерской ремесленника парфианского времени на городищце Гяур – кала. Труды ЮТАКЭ том V, –М., 1961.
318. Дьяконов М.М. Очерки истории древнего Ирана. – М., 1961.
319. Дресвянская Г.Я. “Овалъный” дом христианской община в Старом Мерве. Труды ЮТАКЭ. Т. XV. Ашхабад ,1974.
320. Хвостов М. История восточной торговли греко-римского Египта (332г. do Р.Х..-284 г. по. Р.Х.). – Казан, 1907.
321. Виноградов В.В. Бирюза, первобытная мода, этногенез... СЕ, 1972, №5.
322. Федорович Е.Х. Иследование древних тканей из раскопок ЮТАКЕ в старом Мерве, труды ЮТАКЕ, том XIV, Ашгабат, 1969.
323. Казиев С.М., Бабаев И.А. Раскопки Кабалы, АО, 1968, Москва, 1969.
324. Ходжаниязов Т. Денежные обращение в период великих Селджуков.
325. Алиев Играр. К итерпретасии парагров 1, 3, 4 и 5 IV главы XI книги “География” Страбона, ВДИ, 1975, №3.
326. Кошеленко Г.А. Некоторые вопросы истории ранней Парфии, ВДИ, 1968, №1.
327. Кошеленко Г.А. Монетное дело Парфии при Митридоте I. Нумизматика и эпиграфика, том X, Москва, 1972.

328. Оразов О. Археологические и архитектурные памятники Серахского оазиса, Ашгабат, 1973.
329. Кошеленко Г.А. Монетное дело Парфии при Митридоте I. Нумизматика и эпиграфика, том X, Москва, 1972.
330. Росляков А.А. Мелкие археологические памьятники окрестностей Ашгабада. Труды ЮТАКЕ, том V, Ашгабат, 1955.
331. Дал Ш. История Византийской империи. 1948.
332. Пигулевская Н. Византия на тучях в Индию. Москва – Ленинград, 1951.
333. Пугулевская Н.В. Арабы у границ Византии и Ирана в IV-VI вв. –M.-L., 1964.
334. Никитин А.Б. Среднеперсидские надписи из буддийского святилища в Старом мерве. Вестник древней истории, 1992, № I.
335. Абурейхан Бируны. Памятники минувщих поколей.
336. Граков Б. Пережитики матриархату у Сарматов. ВДИ, 1947, N3.
337. Артамонов М.И. Вопросы историй скифов в Советской науки. ВДИ. 1947, N3.
338. Бернштам А.Н. Среднеазиатская древность и его изучения за 30 лет. ВДИ. 1947, N3.
339. Гундогдыев О. Прошлые туркмен. – М., 1998.
340. Толстов С.П., Ливесис В.А. Датырование надписи на Хорезмских оссуариях с городиша Ток-кала. –С-Э., 1964. N2
341. Рапапорт Я.А. История религии древнего Хорезма. –М.,1971.
342. Юсупов Х. Курганы магилников Тарыхм-кая II и III, кочевники на границах Хорезма. –М.,1979.
343. Толстов С.П. Варварские племена Периферии античного Хорезма по новейшим археологическим данным. –M.-L., 1959.

344. Вайнберк Б. Кюсайская культура ранножелезного века в при Сарыкамышеской Делте Амударья. Сб. Успехи Средней Азиатской археологии. Вып.3., 1975.
345. Массон В.М. Изучение эпохи раннего железа на территории южного Туркменистана. Туркменистан в эпоху раннежелезного века. – Ашхабад, 1984.
346. Ошанин Л.В. Антропологический состав туркменских племенах и этногенез туркменского народа. Тр.ЮТАКЭ. т.9. – Ашхабад, 1968.
347. Одемырадов Б. Алтындепе и Маргиана: Связи, хронология, присхождения. – Ашхабад, 1993.
348. Губаев А. Археология Туркменистана. – Ашхабад, 1989.
349. Массон В.М. Еще раз Городотывые реки Акес эллинический ближний Восток Визинтия и Иран. – М., 1967.
350. Санкалия Х.Д. Некоторый связи между энолитом Инамгаона в Махараштре и Алтындепе Южной Туркмении. Древние культуры Средней Азии и Индии. –М., 1984.
351. Грантовский Э.А. Ранная история Иранский племен периодны Азий. –М., 1970.
352. Массон В.М. Энеолит СССР.
353. Будагов Р.А. История слов в истрии общество. М.1971.
354. Маркарян Э.С. Оконцепцый локальных цивилизации. Ереван. 1952.
355. Мерегелов М.Л. О методологическом значений понятие «цивилизация». Жур. Вопросы философия. М. 1978 №8
356. Пикулёвская Н.В. Сирийский источники по истории народов СССР. –М., 1948.

357. Тревер К.В. Кангха, Фергана, Тохаристан (II в.д.н.э. – I в.н.э.) История Узбекской ССР.т.1. кн.1. Ташкент. 1955.
358. Тревер К.В. Проблема Греко-Бактрийского искусства. М-Л. 1939.
359. Хрестоматия по истории Туркменистана. – Ашхабад, 1991.
360. Сарианиди В.И. Маргуш, Древневосточное царства в старой дельти Мургаба. Ашхабад. 2002.
361. Маммедов М. Преемственность архитектурно-планировичных традиции в зодчестве Маргианы.
362. Орански И. М. Введение в Иранскую филологию М. 1960.
363. Грантовский Э.А. Из истории восточно иранских племен на границах Индии. КСИНА. Вып. 61. М. 1963.
364. Дандамаев М.А. “Политическая история Ахеменидской державы” М.1965.

# Mazmuny


| | | |
|---|---|---|
| | Giriş | 7-12 |
| 1. | Türkmenistanyň taryhynyň iň gadymy we gadymy döwri | 12-17 |
| 2. | Gadymy döwrde Türkmenistanyň tebigy şertleri we adamlaryň ilkinji ýaýrawy | 17-48 |
| 3. | Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan irki iýmit çöpleýjiler we awçylar | 48-57 |
| 4. | Türkmenistanda öndüriji hojalygyň ýüze çykmagy. Türkmenistan gadymy ekerançylyk medeniýetiniň ojagydyr | 57-69 |
| 5. | Öndüriji hojalygyň mundan beýläk ösmegi. Jemgyýetiň dolandyryşynyň kämilleşmegi (b.e. öňki V-III müňýyllyklar) | 69-96 |
| 6. | Altyndepe jemgyýeti dünýäniň iň gadymy siwilizasiýalarynyň biridir | 96-124 |
| 7. | Türkmenistan b .e öňki II müňýyllykda | 124-157 |
| 8. | Türkmenistan b.e. öňki I müňýyllygyň I ýarymynda | 158-170 |
| 9. | Türkmenistan Ahemeniler döwletiniň ýaşan döwründe | 171-184 |
| 10. | Türkmenistan Aleksandr Makedoniýalynyň (Isgender Zülkarneýiniň) Gündogara ýörüşi döwründe. Selewkileriň döwleti | 185-199 |
| 11. | Türkmenleriň Beýik Parfiýa döwleti | 200-229 |
| 12. | Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti | 229-245 |
| 13. | Demirgazyk Türkmenistan antik eýýamda | 245-273 |
| 14. | Günorta -Gündogar Türkmenistan Grek-Baktriýa we Kuşan döwletleriniň düzüminde | 273-298 |
| 15. | Türkmenistan III-VII asyrlarda | 299-360 |

| | | |
|---|---|---|
| 16. | Türkmenistanyň taryhy boýunça esasy seneler | 361-363 |
| 17. | Peýdalanylan edebiýatlar | 364-388 |